**A. Rahmanow**

# BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASY WE ONUŇ ULGAMY

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2014

UOK 327 + 378
A 18

**Rahmanow A.**

A 18 **Birleşen Milletler Guramasy we onuň ulgamy.** Ýokary okuw mekdepleriniň halkara gatnaşyklary we diplomatiýa, halkara hukugy, halkara ykdysady gatnaşyklary, halkara žurnalistikasy, taryh, syýasaty öwreniş hünärleriniň talyplary üçin okuw kitaby. – A: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.

«Birleşen Milletler Guramasy we onuň ulgamy» okuw kitabynda diplomatiýanyň köptaraply forumy hökmünde BMG-niň, onuň ulgamyna girýän halkara guramalaryň, şeýle hem döwletleriň halkara guramalaryň ýanyndaky wekilhanalarynyň döreýşine, gurluşyna, ýörelgelerine we işiniň usullaryna, maksatnamalaryna, olaryň häzirki zaman halkara gatnaşyklarynyň ulgamynda tutýan ornuna seredilip geçilýär. Şeýle hem kitapda köptaraplaýyn diplomatiýanyň, şol sanda onuň täsirli guraly hökmünde maslahat diplomatiýasy giňişleýin beýan edilýär, BMG-niň ulgamynyň halkara guramalary bilen Türkmenistanyň hyzmatdaşlygynyň esasy ugurlary, görnüşleri, göwrümi we ähmiýeti açylyp görkezilýär.

Okuw kitaby «Birleşen Milletler Guramasy we onuň ulgamy» dersini öwrenýän ýokary okuw mekdepleriniň talyplary, şeýle hem mugallymlar we aspirantlar üçin niýetlenilýär.

TDKP № 64, 2014 KBK 66.4(0)ýa73

© A.Rahmanow, 2014.



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

## TÜRKMENISTANYŇ
## DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Döwletleriň we iri halkara guramalaryň global möçberde parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmekligiň hatyrasyna barha ysnyşykly özara gatnaşyklary ösdürmekleri häzirki zaman dünýä ösüşiniň häsiýetli aýratynlyklaryndan biri bolup durýar. Bitarap Türkmenistanyň howpsuzlygynyň toplumlaýyn we ygtybarly ulgamyny üpjün etmek, onuň garaşsyzlygyny, özygtyýarlylygyny we çäkleriniň bitewiligini gorap saklamak hem-de berkitmek türkmen döwletiniň häzirki wagtda ulgamlaýyn häsiýete eýe bolan daşary syýasy işleriniň iň esasy maksatlarydyr. Türkmenistan şeýle hem berk we uzak möhletli parahatçylygy, strategiki durnuklylygy we howpsuzlygy halkara hukugynyň hem-de BMG-niň Düzgünnamasynyň umumylykda ykrar edilen kadalary esasynda üpjün etmekde halkara bileleşiginiň tagallalaryna işjeň ýardam berýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2013–2017-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynyň işlenip düzülmegi we onuň Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe yzygiderli durmuşa geçirilmegi halkara giňişliginde ýurdumyzyň parahatçylyk söýüjilikli ugrunyň ösüşinde hil taýdan täze döwür boldy. Netijede, ýurdumyzyň daşary syýasaty barha köptaraply, toplumlaýyn häsiýete eýe boldy, daşky dünýä bilen gatnaşyklar hem ikitaraplaýyn hem köptaraplaýyn esasda yzygiderli we sazlaşykly ösdürilýär.

Häzirki wagta çenli Türkmenistan dünýäniň 131 döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy, iri we abraýly halkara guramalaryň 44-siniň agzasy boldy. Olaryň geografiýasy Aziýa yklymynyň ähli döwletlerini, Ýewropa döwletleriniň köpüsini, şeýle hem Amerikanyň we Afrikanyň iri döwletlerini öz içine alýar.

Daşary ýurtlarda Türkmenistanyň 37 diplomatik wekilhanalary we konsullyk edaralary hereket edýär. Şeýle hem, Türkmenistanyň il-

çileri şol bir wagtda 13 ýurtda döwletimiziň ilçisi hökmünde wekilçilik edýärler. Mundan başga-da, 25 sany halkara guramalaryň, şol sanda Birleşen Milletler Guramasynyň (Nýu-Ýork ş. we Ženewa ş.), Ýewropada Howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk boýunça guramasynyň (Wena ş.), Yslam hyzmatdaşlygy guramasynyň (Er – Riýard ş.), Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň (Minsk ş.), Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasynyň (Tähran ş.), ýanynda Türkmenistanyň wekilleri bellenildi we işleýärler. Şol bir wagtyň özünde Türkmenistanda daşary yurt döwletleriniň ilçihanalarynyň, konsullyk edaralarynyň, şeýle hem halkara guramalarynyň wekilhanalarynyň 50-ä golaýy hereket edýärler.

Halkara gatnaşyklarynyň häzirki zaman ulgamynda Birleşen Milletler Guramasyna möhüm orun degişlidir. BMG diňe bir döwletleriň özlerini tolgundyrýan ol ýa-da başga meseleler boýunça öz garaýyşlaryny beýan etmäge mümkinçilik berýän münber däldir. BMG şeýle hem ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmegiň esasy we çalşyp bolmajak mehanizmidir, ýüze çykýan dawalary we gapma-garşylyklary çözmekde iň ýokary halkara derejedir, BMG-niň Düzgünnamasy bolsa – XXI asyryň dünýä düzgünleriniň binýady bolmalydyr. Başgaça aýdylanda, häzirki döwürde BMG diňe bir iň wekilçilikli halkara düzümi bolman, eýsem ol şeýle hem global gatnaşyklaryň häzirki zaman ulgamynyň esasy daýanjydyr, dünýä giňişliginde parahatçylygy we bähbitleriň deňagramlylygyny saklamagyň, howpsuzlygyň durnuklylygynyň kepili bolup durýandyr. Bitarap Türkmenistan tarapyndan alnyp barylýan içerki we daşary syýasat BMG-niň ileri tutulýan maksatlaryna we wezipelerine laýyk gelýär, şonuň üçin hem dünýäde iň uly we abraýly bu halkara hökümetara guramasy Türkmenistanyň esasy hyzmatdaşy bolup durýar.

Soňky ýyllarda Türkmenistanyň BMG, onuň ulgamynyň halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy has-da işjeňleşdi, ýylsaýyn geljegi uly bolan täze ugurlaryň peýda bolmagy bilen hyzmatdaşlygyň çägi hem giňedi. Netijede, ýurdumyzyň BMG we onuň ýöriteleşdirilen düzümleri bilen özara hyzmatdaşlygy howpsuzlyk meselelerinden başlap demokratik institutlary ösdürmäge çenli, daşky gurşawy goramak meselelerinden başlap gender syýasatyna çenli, hakykatda, ähli möhüm ugurlary gurşap aldy.

Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlygy sebitde howpsuzlygy we durnuklylygy saklamaga, ony

durnukly ösdürmegiň maksatnamalaýyn wezipelerini amala aşyrmaga gönükdirilen täze netijeli çemeleşmeleri işläp taýýarlamaga ýardam berýär. Soňky ýyllarda Türkmenistanyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlislerinde köpsanly möhüm daşary syýasy döredijilikli başlangyçlary öňe sürmegi we olaryň dünýä bileleşigi tarapyndan doly ykrar edilmegi, şeýle hem iş ýüzünde şol başlangyçlaryň amala aşyrylmagy munuň aýdyň subutnamasy bolup durýar. Şol bir wagtyň özünde, Türkmenistanyň BMG we onuň ulgamy bilen hyzmatdaşlygy müňýyllygyň Ösüş maksatlaryny gazanmagyň milli meýilnamalaryny durmuşa geçirmek boýunça Türkmenistanyň hökümetiniň tagallalaryna hem giňden ýardam edýär. «BMG bilen hyzmatdaşlyk, onuň parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmek boýunça tagallalaryna gatnaşmak Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. BMG bilen gatnaşyk etmek biziň döwletimize özüniň bitaraplyk derejesini sebitleýin we ählumumy howpsuzlygyň möhüm şerti hökmünde durmuşa geçirmäge, içerki ösüşiň meselelerini üstünlikli çözmäge mümkinçilik berýär» diýip, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow «Bitaraplyk we öňüni alyş diplomatiýasy: parahatçylygyň we howpsuzlygyň esaslary» atly halkara maslahatynda (Aşgabat, 2012-nji ýylyň 11-nji dekabry) eden çykyşynda aýtdy.

Häzirki zaman halkara gatnaşyklarynda BMG-niň we onuň ulgamyna girýän guramalaryň rolunyň yzygiderli ýokarlanmagy, Türkmenistanyň geljekde hem şol abraýly halkara guramalary bilen doly möçberli, köp taraply hyzmatdaşlygy giňeltmegi we çuňlaşdyrmagy dowam etdirmekligi maksat edinmegi ýurdumyzyň diplomatik gullugynyň, şol sanda geljekki türkmen diplomatlarynyň hünär taýýarlygyny köptaraplaýyn diplomatiýa, ozaly bilen bolsa BMG-niň ulgamynyň ugry boýunça hem hemişe kämilleşdirilmegini talap edýär. Bu ýerde gürrüň, hususanda, geljekki türkmen diplomatlarynyň BMG-niň we onuň ulgamyna girýän guramalaryň, döwletleriň halkara guramalaryň ýanyndaky hemişelik wekilhanalarynyň gurluşyny, ýörelgelerini we işiniň usullaryny jikme-jik bilmelidikleri, umuman, köptaraplaýyn diplomatiýanyň aýratynlyklaryny, usullaryny we tärlerini gowy ele almalydyklary barada barýar.

Şu günki gün Birleşen Milletler Guramasy, onuň kömekçi we ýöriteleşdirilen edaralary, beýleki halkara guramalary bilen gönüden-göni hyzmatdaşlyga ýurdumyzyň ministrlikleri, pudak edaralary hem barha işjeň çekilýär we bu hyzmatdaşlyk ulgamlaýyn esasda amala aşyrylýar. Şeýle şertlerde, BMG-ni we onuň ulgamyny gowy bilmeklik şol döwlet edaralarynyň işgärleri üçin hem möhüm ähmiýete eýe bolup durýar.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde eden çykyşynda (2012-nji ýylyň 10-njy dekabry) halkara gatnaşyklarynyň çalt ösýän häzirki döwründe ýurdumyzyň diplomatik gullugynyň hiline we täsirliligine aýratyn talaplar bildirdi, döwletimiziň milli bähbitleriniň doly üpjün edilmeginiň, ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn esasda alnyp barylýan özara bähbitli hyzmatdaşlyga täzeçe çemeleşmeleri işe girizmekligiň örän möhüm bolup durýandygyna ünsi çekdi, şeýle hem Türkmenistanyň hemişe BMG-niň öz üstüne alýan wezipeleriniň we öňünde goýýan maksatlarynyň derejesinde bolmalydygyny aýratyn belläp geçdi.

BMG bilen hyzmatdaşlygyň strategik häsiýete eýe bolup durýandygyny ýene bir gezek nygtamak bilen, 2013-nji ýylyň 12-nji iýulynda Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde eden çykyşynda hormatly Prezidentimiz Daşary işler ministrliginiň Birleşen Milletler Guramasy we beýleki halkara guramalary bilen giň hyzmatdaşlyk etmäge gönükdirilen, çeýe hem-de özara bähbitlere esaslanýan strategiýany döretmegiň zerur bolup durýandygyny aýtdy.

Şu jähtden, häzirki döwrüň talaplaryna laýyklykda we «Birleşen Milletler Guramasy we onuň ulgamy» atly dersiň okuw maksatnamasynyň esasynda ýazylan bu okuw kitaby türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebiniň mugallymlarynyň we geljekki diplomatlaryň hünär taýýarlygynyň has-da ýokary täsirliliginiň üpjün edilmegine, şeýle hem iş ýüzünde köptaraplaýyn diplomatiýa bilen meşgul bolýan adamlara BMG we onuň ulgamy barada zerur bolan bilimleriň berilmegine saldamly ýardam etmekligi maksat edinýär.

«Birleşen Milletler Guramasy we onuň ulgamy» okuw kitabynda döwletleriň arasynda köptaraplaýyn gatnaşyklary sazlamak-

lyga borçly bolan ilkinji halkara hökümetara guramalaryň (HHG) döreýşi we ösüşi, şeýle hem ilkinji köptaraplaýyn syýasy hökümetara gurama bolan Milletler Ligasynyň döreýşi we işi beýan edilýär, onuň halkara parahatçylygy üpjün etmekdäki roluna baha berilýär. Köptaraplaýyn diplomatiýanyň tasirli guraly hökmünde halkara maslahatlaryň, häzirki zaman halkara hökümetara guramalarynyň, köptaraplaýyn diplomatiýanyň, şeýle hem BMG-niň, onuň kömekçi we ýöriteleşdirilen edaralarynyň esasy meselelerine, olaryň halkara gatnaşyklaryň häzirki zaman ulgamyndaky roluna we ornuna seredilip geçilýär. Türkmenistanyň BMG, onuň ulgamyna girýän halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygynyň esasy ugurlary, görnüşleri, mazmuny, göwrümi, täsirliligi we ähmiýeti açylyp görkezilýär. Has takygy, okuw kitabynyň esasy maksady – talyplary häzirki zaman halkara gatnaşyklarynda möhüm rol oýnaýan BMG-niň ulgamy bilen tanyş etmek, onuň wezipesi bolsa talyplara BMG-niň ulgamyna girýän halkara guramalaryň işine gatnaşmak, döwletimiziň halkara guramalaryň ýanyndaky hemişelik wekilhanalarynda we iri halkara guramalaryň sekretariatlarynda işlemek üçin zerur bolan bilimleri we endikleri bermekden ybaratdyr.

«Birleşen Milletler Guramasy we onuň ulgamy» atly şu okuw kitaby BMG we onuň ulgamyna girýän halkara guramalary, BMG we onuň ulgamy bilen Türkmenistanyň hyzmatdaşlygy, umuman ýurdumyzyň köptaraplaýyn diplomatiýasynyň meseleleri bilen baglanyşykly türkmen dilinde ýazylan ilkinji okuw kitabydyr. Kitabyň predmetini saýlap almakda, onda goýlan meseleleri seljermekde we olara baha bermekde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň daşary syýasatynyň we halkara gatnaşyklarynyň meseleleri boýunça türkmen döwletiniň daşary syýasatynyň binýadyny emele getirýän, kitabyň nazary-usuly esasy bolup durýan maksatnamalaýyn eden çykyşlaryndan, Permanlaryndan, Kararlaryndan, interwýularyndan ugur alyndy.

Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi tarapyndan 2000-nji ýylda çap edilen «Bitarap Türkmenistan we halkara guramalary» atly resminamalar ýygyndysy, daşary syýasat işiniň netijeleri boýunça TDIM-niň ýyllyk metbugat habarlary, Türkmenistanyň DIM-niň «Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy» žurnalynda

Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyga esaslanýan daşary syýasatynyň we giň gerim bilen ösýän halkara hyzmatdaşlygynyň baş ugurlarynyň iş ýüzünde üstünlikli amala aşyrylyşyny açyp görkezýän, ýurdumyzda bolup geçýän halkara ähmiýetli wakalara döwürleýin syn berýän, türkmen diplomatiýasynyň parahatçylyk söýüjilikli ýörelgelerini, häzirki zamanyň sebit we giň halkara meselelerini ylmy-tejribe taýdan beýan edýän materiallaryndan peýdalanyldy.

Kitapda Türkmenistanyň bitaraplyk syýasatynyň we halkara gatnaşyklarynyň nazaryýetiniň we amalyýetiniň ösdürilmegine öz goşandyny goşan «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy: parahatçylygyň, howpsuzlygyň we ösüşiň hatyrasyna hyzmatdaşlyk», (Aşgabat, 2010-njy ýylyň 11-nji dekabry), «Bitaraplyk we öňüni alyş diplomatiýasy: parahatçylygyň we howpsuzlygyň esaslary» (Aşgabat, 2012-nji ýylyň 11-nji dekabry) atly halkara maslahatlaryň materiallary hem peýdalanyldy.

Şeýle-de, Birleşen Milletler Guramasynyň we onuň ulgamyna girýän halkara guramalaryň işini has doly açyp görkezmek maksady bilen, BMG-niň neşirleri, şeýle hem käbir daşary ýurtly alymlar tarapyndan neşir edilen habar beriji edebiýatdan hem peýdalanyldy. Kitapda seredilýän meseleler bilen baglylykda Türkmenistanyň gündelik metbugatynda berilýän maglumatlar hem giňden ulanyldy. Okuw kitabynyň hiliniň ýokarlanmagyna öz ömrüni halkara gatnaşyklaryň, daşary syýasatyň we diplomatiýanyň meselelerini ylmy taýdan işlemeklige we amaly diplomatiýa bagyşlan diplomat - alym awtoryň baý şahsy tejribesi hem oňaýly täsir etdi.

Kitabyň gurluşy ondaky okuw materialynyň gowy özleşdirilmegi üçin zerur bolan mümkinçiligi berýär. Munuň üçin, hususan-da, bölümleriň her paragrafynyň yzynda berkidiji soraglar, kitabyň yzynda bolsa BMG-niň ýöriteleşdirilen agentlikleri, kömekçi edaralary, ýöriteleşdirilen edaralary boýunça tablissalar, şeýle hem gysgaça sözlük berildi. Umumylaşdyryjy sapaklarda paragraflardaky berkidiji soraglardan peýdalanmak hem maslahat berilýär.

Mundan başga hem, kitapda halkara guramalaryň, olaryň esasy edaralarynyň atlarynyň, diplomatiýa bilen bagly adalgalaryň we düşünjeleriň iňlis dilinde berilmegi hem talyplaryň hünär boýunça

dil bilimleriniň kämilleşmegine, olaryň dersi gowy özleşdirmeklerine ýardam eder. Ünsi çekmek maksady bilen temalardaky düşünjeleriň, adalgalaryň aşagy tolkun çyzyk bilen çyzylyp görkezildi.

Birleşen Milletler Guramasynyň we onuň ulgamynyň meselelerine bagyşlanan bu okuw kitaby diňe bir öz okuwynyň we işiniň ugry boýunça halkara guramalary, köptaraplaýyn diplomatiýany öwrenýänler üçin däl, eýsem halkara gatnaşyklarynyň meseleleri bilen gyzyklanýan giň okyjylar köpçüligi üçin hem belli bir derejede peýdaly bolar.

# I bap
# HALKARA HÖKÜMETARA GURAMALARYŇ DÖREMEGINIŇ WE ÖSMEGINIŇ GYSGAÇA TARYHY

## § 1. Halkara hökümetara guramalaryň döremeginiň we kämilleşmeginiň esasy döwürleri

Halkara hökümetara guramalar özleriniň häzirki görnüşlerine we mazmunyna eýe bolmak üçin uzak ýol geçipdirler. Şonuň üçin hem, häzirki zaman halkara hökümetara guramalaryna mümkin boldugyça has dolurak häsiýetnama bermäge geçmezimizden ozal, şol guramalaryň döremeginiň we ösmeginiň taryhyna gysgaça nazar aýlalyň.

Taryhy çeşmeler halkara hökümetara guramalaryň emele gelmeginiň başlangyç döwrüniň uzak geçmişde bolandygyna şaýatlyk edýär. **Baryp gadym zamanlarda, hususan-da, gul eýeçiligi döwründe häzirki hökümetara guramalaryň, şol sanda şeýle guramalaryň işi hökmünde köptaraplaýyn diplomatiýanyň ilkinji ýönekeý başlangyçlary, ilkinji nusgalary döräp ugrapdyr.**

Hususan-da, Gadymy Gresiýada şäher-döwletler biziň eýýamymyza çenli bolan döwrüň VIII asyrynda döräpdir we olar öz aralarynda birleşmeleri döredipdirler*. Şunlukda, şol ýerde ilkinji halkara birleşmeler b.e. öňki VI asyryň başynda döredilipdir. Şol halkara birleşmeleriň arasynda ozaly bilen harby-syýasy we dini-syýasy maksatlary yzarlan birleşmeler agdyklyk edipdir.

Mysal üçin, harby-syýasy häsiýeti bolan Lakedemon simmahiýasy, ýagny birleşigi, Peloponnes şäherleriniň we jemgyýetleriniň birleşmesi bolup, ol b.e.ö. VI asyryň ikinji ýarymynda döräpdir. Lakedemon simmahiýasynyň ýokary edarasy bolup umumy birleşik ýygnagy çykyş edipdir we ol ýylda bir gezek çagyrylypdyr. Birleşigiň düzümine giren ähli şäherleriň ululygyna-kiçiligine we ähmiýetine seretmezden, hersiniň bir sesi bolupdyr. Kararlar sesleriň köplügi bilen kabul edilipdir.

---

* Biziň eýýamymyzdan öňki VIII-IV asyrlar Gadymy Gresiýanyň we şäher-döwletleriň (polisleriň) klassiki döwri hasaplanýar. «Polis» sözi grekçe şäher-döwletini aňladýar we ol antik dünýäde (Gadymy Gresiýada, Gadymy Rimde) şäheriň özünden we onuň ýakynyndaky çäklerden durupdyr.

Grek şäherleriniň başga bir uly birleşigi Afiny ýa-da Delos simmahiýasy bolupdyr. Bu simmahiýa b.e.ö. 478–477-nji ýyllarda grek-pars uruşlary wagtynda parslar bilen uruşmak üçin harby-deňiz birleşigi hökmünde döredilipdir. Delos simmahiýasy Lakedemon simmahiýasyndan özüniň käbir sypatlary bilen tapawutlanypdyr, hususan-da, onuň düzümine giren ýaranlar Delosdaky jemgyýetçilik gaznasyna aýratyn töleg tölemeli bolupdyrlar. Wagtyň geçmegi bilen Delos simmahiýasy Afiny döwletine öwrülipdir.

Mundan hem başga, Gadymy Gresiýada tire-taýpalaryň we şäherleriň dini-syýasy birleşikleri hem bolupdyr we olar amfiktioniýalar diýlip atlandyrylypdyr. Amfiktioniýalar ilki başda diňe dini maksatlar, ýagny baýramçylyklary geçirmek, sadaka bermek, ybadathanany we onuň emlägini goramak, şeýle hem mukaddes däpdessurlary bozýanlara temmi bermek üçin döredilipdir, ýöne wagtyň geçmegi bilen şol amfiktioniýalar halkara dini-syýasy birleşmelere öwrülipdirler.

Amfiktioniýanyň ýokary edarasy umumy ýygnak bolupdyr we ol her ýylda iki gezek, ýagny ýazda we güýzde çagyrylypdyr. Umumy ýygnagyň karary ähli amfiktionlar üçin hökmany bolupdyr. Ýygnak tarapyndan bellenen adamlar ähli işlere ýolbaşçylyk edipdirler. Amfiktioniýalylaryň arasynda iň bellisi bolan we oňa orta Gresiýada we Gresiýanyň Gündogarynda ýerleşýän 12 sany jemgyýet giren Delfiýa amfiktioniýasynyň elinde hem dünýewi, hem-de ruhy häkimiýet jemlenipdir. Delfiýanyň ruhanylary hudaýyň erkini öňünden mälim edijiler hasaplanypdyrlar we olar uruşlary yglan edipdirler we olary togtadypdyrlar, amfiktioniýalaryň ýolbaşçylaryny wezipä belläpdirler we olary wezipelerinden düşüripdirler. Ähli syýasy ylalaşyklar gönüden-göni ýa-da gytaklaýyn delfiýanyň din boýunça hyzmatkärleri tarapyndan tassyklanypdyr, şeýle hem olar dawaly meselelere düşündiriş beripdirler.

Gadymy Gresiýanyň şäher-döwletleriniň köptaraplaýyn diplomatiýasynyň tejribesinden görnüşi ýaly, simmahiýalarda we amfiktioniýalarda hakykatdan-da häzirki zaman halkara guramalaryna mahsus bolan käbir alamatlar bolupdyr. Mysal üçin, şol birleşikler hemişelik esasda hereket edipdirler, olaryň ýokary edaralary bolupdyr,

birleşikleriň agzalarynyň hersiniň bir sesi bolupdyr, kararlar bolsa sesleriň köplüginde kabul edilipdir. Şeýle hem şol birleşikleriň öz döwründe grek şäher-döwletlerini ýakynlaşdyrmakda oýnan oňaýly roluny inkär edip bolmaz. Şol bir wagtyň özünde şeýle birleşmelere halkara guramalar däl-de, eýsem geljekki halkara guramalaryň nusgasy hökmünde seredip bolar.

**Ilkinji halkara ykdysady we gümrük birleşmeleriniň peýda bolmagy halkara guramalaryň döremeginden öňki taryhy döwür bolupdyr.** XIII-XVII asyrlaryň arasynda täjirleriň bileleşigi bolan Ganza ýa-da Ganze (bu gadymy got sözi bolup, ol daşary ýurtlarda söwda bilen meşgul bolan german täjirleriniň birleşigini aňladýar) söwda birleşigi Baltika deňzinde, Demirgazyk deňziniň bir böleginde we Demirgazyk Ýewropanyň aglaba köp böleginde söwda ilkinjiligini elinde saklapdyr. Hususan-da, bu birleşigiň Gibraltardan Nowgoroda çenli aralyklarda bolan portlarda öz söwda we harby floty, daşary ýurt edaralary bolupdyr. German gümrük birleşmesi XIX asyryň başynda döräpdir we ol öz aralarynda gümrük päsgelçilikleri aradan aýyrmak we ş. m. maksatlar bilen birleşen ençeme nemes döwletleriniň birleşigi bolupdyr. Ýöne şol birleşmeler hem halkara hökümetara guramasyna mahsus bolmaly sypatlaryň ählisini özünde doly jemläp bilmändir.

Şol bir wagtyň özünde şol halkara birleşmeleriň döredilmeginiň tejribesiniň ilkinji halkara hökümetara guramasy döredilende, has takygy, 1804-nji ýylda Germaniýa bilen Fransiýanyň arasynda baglaşylan ylalaşygyň esasynda döredilen we soňra 1815-nji ýylyň Wena kongresi tarapyndan resmi taýdan esaslandyrylan Reýn derýasy boýunça gämi gatnawy hakynda Merkezi komissiýa döredilende peýdalanylan bolmagy gaty ahmaldyr.

Reýn derýasy boýunça Merkezi komissiýanyň taryhy we soňky işi barada aýdylanda, onda şol komissiýanyň döredilmegi üçin zerur bolan şertler baryp XVII asyryň başlarynda döräpdir. Merkezi komissiýa resmi taýdan döredilenden soň, ol Reýn derýasy boýunça gämi gatnawy bilen bagly bolan meseleler boýunça Wena kongresiniň jemleýji baş resminamasynyň kararlarynyň amala aşyrylyşyna gözegçilik edipdir. Awstriýa, Beýik Britaniýa, Fransiýa, Niderlandlar ýaly ençeme döwletler bolsa komissiýanyň ilkinji agzalary bolupdyrlar.

Komissiýanyň ylalaşylan maksatlary, iş ygtyýarlylygy, hemişelik gözegçi edarasy, iş tertibi we ş.m. bolupdyr. Şol bir wagtyň özünde Reýn boýunça gämi gatnawyny düzgünleşdirmegiň kadalaryna degişli bolan ýeke-täk syýasatyň işlenip düzülmegine agza-döwletleriň arasynda hemişe ýüze çykýan gapma-garşylyklar päsgel beripdir. Ýöne muňa seretmezden, Reýn boýunça Merkezi komissiýanyň hökümetara guramalaryň döremeginde belli bir döwür bolandygyny häzirki wagtda hiç kim inkär etmeýär.

**Ilkinji halkara hökümetara guramalaryň döremegine köptaraplaýyn diplomatiýanyň serişdesi hökmünde takmynan XVII asyryň ortalarynda ýüze çykyp başlan halkara maslahatlar (conferences) uly täsir edipdirler.** Köptaralaýyn maslahatlaryň halkara giňişliginde has irräk peýda bolmagyna seretmezden, olaryň sany diňe XIX asyryň ikinji ýarymyndan başlap has çaltlykda ösüp başlapdyr. Mysal üçin, ilkinji halkara maslahaty hasaplanylýan 1648-nji ýylyň Westfal kongresinden 1840-njy ýyla çenli bolan aralykda – takmynan 200 ýylyň dowamynda, bary-ýogy birnäçe halkara maslahatlar geçirilen bolsa, onda diňe bir 1890–1900-nji ýyllarda, ýagny on ýylyň içinde şeýle maslahatlaryň 649-sy geçirilipdir. Şol maslahatlarda döwletler dürli ylalaşyklar baglaşypdyrlar, ol ýa-da başga guramany döretmek baradaky şertnama gol çekipdirler. Şertnama şol bir wagtyň özünde Guramanyň Düzgünnamasy bolup hem hyzmat edipdir. Köptaraplaýyn maslahatlarda toplanan tejribe soňra halkara guramalar tarapyndan peýdalanylypdyr, has-da baýlaşdyrylypdyr.

Şu ýerde XVII asyrdan XIX asyryň ikinji ýarymyna çenli halkara maslahatlaryň arasynda kongresleriň we konferensiýalaryň tapawutlandyrylandygyny hem belläp geçmek gerek. Döwlet we hökümet ýolbaşçylarynyň gatnaşan halkara maslahatlary, adatça, *kongres diýlip* atlandyrylypdyr we olarda parahatçylyk şertnamalary baglaşmak göz öňünde tutulypdyr. Başgaça aýdanymyzda, şeýle maslahatlar döwletleriň hökümdarlarynyň kongresleri bolupdyr we olar döwletleriň arasynda uruşdan soňky gatnaşyklary tertibe salmak maksady bilen çagyrylypdyr. Muňa mysal edip, Otuz ýyllyk urşuň soňuna çykan 1648-nji ýylyň *Westfal kongresini*, Napoleon I bilen Ýewropa döwletleriniň bileleşikleriniň uruşlaryny tamamlan, Şweýsariýanyň

hemişelik bitaraplygyny jar eden 1814–1815-nji ýyllaryň *Wena kongresini*, 1853–1856-njy ýyllardaky Krym urşuny tamamlan 1856-njy ýylyň *Pariž kongresini* we başgalary görkezmek bolar. Ýöne eýýäm XIX asyryň aýaklaryndan başlap «kongres» adalgasy takmynan ulanyşykdan galdyrylypdyr we döwletara maslahatlaryň tejribesine «halkara konferensiýasy», ýagny «halkara maslahaty» ýaly adalgalar barha giňden girizilipdir.

XIX asyryň 30–40-njy ýyllarynda Günbatar Ýewropanyň ýurtlarynda bazar ykdysadyýeti barha uly üstünlikler gazanyp başlaýar. Mysal üçin, Angliýanyň ykdysadyýeti üçin ulagyň, demir ýoluň ösmegi örän uly ähmiýete eýe bolupdyr. Germaniýanyň senagat taýdan ösüşi bolsa XIX asyryň 30-njy ýyllarynyň ikinji ýarymyndan başlap has-da çaltlaşypdyr. Bu ýurtda ilkinji demir ýol 1835-nji ýylda açylypdyr. **Şunlukda, ykdysady, ylmy-tehniki ösüş XIX asyryň ikinji ýarymynda dünýä bileleşiginiň ösüşinde täze döwür bolan we halkara administratiw birleşmeler diýlip atlandyrylan ilkinji halkara hökümetara köptaraplaýyn guramalaryň döräp başlamagyna getiripdir.**

Şol guramalaryň döremeginiň bir-birini ret edýän iki sany sebäbiniň bolandygyny hem nygtap geçeliň. Olaryň *birinji* sebäbi buržuaz-demokratik rewolýusiýalaryň netijesinde dörän we milli garaşsyzlyga ymtylan özbaşdak döwletler, *ikinjisi* bolsa döwletleriň özara garaşlylygyny we özara baglanyşygyny döreden ylmy-tehniki rewolýusiýanyň gazananlary bolupdyr. Taryhdan mälim bolşy ýaly, buržuaz-demokratik rewolýusiýalary döwründe Ýewropa ýurtlarynyň köpüsinde halkyň we döwletiň özbaşdaklygynyň aýrylmazlygynyň we mizemezliginiň şygary örän möhüm bolupdyr. Täze dolandyryjy synp öz agalygyny güýçli, garaşsyz döwletiň kömegi bilen berkleşdirmäge ymtylypdyr. Şol bir wagtyň özünde bazar gatnaşyklarynyň ösmegi ylmy-tehniki ösüşiň şol sanda önümçilik gurallarynyň çäginde hem çaltlaşdyrylmagyny höweslendiripdir. Öz gezeginde, ylmy-tehniki ösüş Ýewropanyň ähli ösen ýurtlarynyň ykdysadyýetine goşulyşma ýagdaýlaryň aralaşmagyna we milletleriň bir-biri bilen hemme taraplaýyn aragatnaşyklarynyň ýola goýulmagyna getiripdir. Özbaşdak döwletiň çäginde ösmek islegi we munuň beýleki özbaşdak döwletler

bilen giň hyzmatdaşlygy ýola goýmazdan mümkin bolmazlygy halkara hökümetara guramalar ýaly döwletara gatnaşyklaryň görnüşiniň peýda bolmagyna getiripdir.

Şeýlelikde, XIX asyryň ikinji ýarymynda Halkara sanitar konwensiýasy (1853 ý.), Ýer ölçemek boýunça Halkara birleşigi (1864 ý.), Bütindünýä telegraf birleşigi (1865 ý.) (1932-nji ýylda ol Halkara elektroaragatnaşyk birleşigi diýlip atlandyryldy), Bütindünýä poçta birleşigi (1874 ý.), Ölçegleriň we agramlaryň Halkara býurosy (1875 ý.), Senagat eýeçiligini goramak boýunça Halkara birleşigi (1886 ý.), Edebi we çeper eýeçiligi goramak üçin Halkara birleşigi (1886 ý.), Gümrük nyrhlaryny çap etmek boýunça Halkara birleşigi (1890 ý.), Demir ýol ýük gatnawlarynyň Halkara birleşigi (1890 ý.) ýaly ýöriteleşdirilen halkara guramalar döredilipdir.

Şol bir wagtyň özünde XIX asyrda halkara hökümetara guramalar şeýle bir çalt ösüp bilmändirler. Mysal üçin, XIX asyryň aýagynda dünýäde şeýle guramalaryň sany 10-dan sähel geçipdir. Muňa esasy päsgel beren zat, ol hem Günbatar döwletleriniň arasynda ykdysady we syýasy agalyk ugrundaky göreşiň gidişinde ýüze çykan gapma-garşylyklar bolupdyr. Her niçik-de bolsa, **«köptaraplaýyn diplomatiýa» adalgasynyň hem ilkinji halkara hökümetara guramalarynyň dörän hut XIX asyryň ikinji ýarymynda peýda bolmagynyň ýöne ýerden bolmandygy aýdyňdyr.**

Ilkinji halkara hökümetara guramalaryň öz wezipelerini üstünlikli ýerine ýetirmekleri döwürleýin konferensiýalaryň, ýagny maslahatlaryň yzygiderli geçirilip durulmagyny talap edipdir. Biziň ýokarda getiren delillerimiz XIX asyryň ikinji ýarymynda şeýle maslahatlaryň sanynyň artandygyna şaýatlyk edýär. Şunlukda, şol maslahatlarda seredilen meseleleriň tematikasy hem barha giňelipdir, olarda ykdysady meselelerden hem başga syýasy, halkara meseleler hem barha uly orun tutup başlapdyr. Bu ýagdaý bolsa maslahat diplomatiýasynyň rolunyň artýanlygyndan habar beripdir. Muňa mysal hökmünde 1899-njy ýylyň 6-njy maýyndan 17-nji iýul aralygynda Gaagada (Niderlandlar) Russiýanyň teklibi bilen çagyrylan uruş we parahatçylyk meseleleriniň çözülmeginde aýratyn ähmiýete eýe bolan ilkinji parahatçylyk maslahatyna gysgaça seredip geçeliň.

Bu maslahat ýaragsyzlanmak meselesi boýunça köptaraplaýyn diplomatiýanyň ilkinji tejribesi bolupdyr. 1898-nji ýylyň awgust aýynda maslahatyň guramaçylary tarapyndan dünýäniň döwletleriniň hökümetlerine nota ýollanyp, onda ýaraglanyşygy haýdatmagyň jemgyýete ykdysady, maliýe we ahlak täsiriniň gözgyny jemi jemlenipdir hem-de bu meseläni öwrenmek üçin halkara maslahatynyň çagyrylmagy teklip edilipdir. Şunlukda, bu forumyň işine 27 döwlet, şol sanda Russiýa, Beýik Britaniýa, ABŞ, Germaniýa, Fransiýa, Italiýa, Skandinaw ýurtlary, Ýaponiýa gatnaşypdyr. Maslahat halkara çaknyşmalary parahatçylykly ýollar bilen çözmek barada; Gury ýer urşunyň kanunlary we däpleri barada; Deňiz urşunda ýaralananlar we keselliler baradaky Ženewa konwensiýasynyň (1864) başlangyçlaryny ulanmak barada 3 sany konwensiýa kabul edipdir. Şeýle hem, maslahatda harby hereketleri alyp barmaklygyň serişdeleriniň çäklendirilmegine degişli 3 sany jarnama kabul edilipdir.

Şol bir wagtyň özünde, 1899-njy ýylyň Gaaga parahatçylyk maslahatynda ýaragsyzlanmak boýunça ylalaşygy gazanmaklygyň başartmandygyny belläp geçeliň. Ýöne muňa seretmezden, bu maslahatyň çagyrylmagynyň özi halkara gatnaşyklaryna täze döwrüň aralaşýandygyndan habar beripdir, **sebäbi şol maslahatda birinji gezek ýaragsyzlanmak meselesi parahatçylygy üpjün etmek meselesi bilen baglaşdyrylypdyr. Şeýle hem, Gaaga maslahaty köptaraplaýyn diplomatiýanyň esasynda ýaragsyzlanmak baradaky meseläniň çözülmegine tarap edilen ilkinji synanyşyk bolupdyr.**

Ilkinji halkara hökümetara guramalaryň esasy sypatlary barada gürrüň edilende, onda ozaly bilen şol guramalaryň öz taryhyny gadymdan alyp gaýdýandyklaryna seretmezden, olaryň öz durnukly guramaçylyk alamatlaryny diňe XIX asyryň başyndan edinip başlandyklaryny belläp geçmek gerek. Hut şol döwürden başlap HHG-niň esasy edaralary döwürleýin çagyrylan maslahatlar ýa-da kongresler boldular. Şol kongreslere we maslahatlara bolsa agza döwletleriň ählisi gatnaşypdyr we olar guramanyň işiniň ähli meseleleri boýunça umumy syýasaty amala aşyrypdyrlar. Maslahatlaryň arasyndaky arakesmelerde guramanyň syýasatyny alyp barmak üçin Ýerine ýetiriji edara – agza döwletleriň belli bir sanyndan ybarat bo-

lan guramanyň geňeşi döredilipdir. Administratiw wezipeleri ýerine ýetirýän baş sekretar (ýa-da baş direktor) tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän Sekretariat hem esasy edaralara degişli bolupdyr. Ençeme halkara hökümetara guramalarda halkara kazyýetler, ýagny ýuridiki häsiýetli jedelli meseleleri çözmek üçin arbitraž edaralar bolupdyr. Elbetde, ilkinji HHG-niň administrasiýasy we diwany örän çäkli bolupdyr. Mysal üçin, Bütindünýä poçta birleşigi bir ýolbaşçydan we alty sany işgärden ybarat bolupdyr.

Ilkinji halkara hökümetara guramalaryň atlaryndan hem mälim bolşy ýaly, olaryň döredilmegi ykdysady ösüş bilen bagly bolupdyr we olaryň işleriniň çägi anyk ykdysady we ylmy-tehniki meseleleri öz içine alypdyr. Wezipeleri diňe maglumat ýygnamakdan we ony ýaýratmakdan ýa-da maliýe meseleleri utgaşdyrmakdan ybarat bolan guramalar hem bolupdyr. Ykdysady ösüş ahyrky netijede halkara hukugyň ösüşini hem kesgitläpdir. Esasynda halkara ylalaşygy ýatan şol halkara guramalar özlerine ähli döwletleriň girmegi üçin açyk bolupdyr. Esaslandyryjy resminamalaryň işlenip düzülmegine gatnaşmadyk döwletler hem soňra şol resminamalara goşulyp bilipdirler. Syýasy, ykdysady, durmuş jähtden umumy ygtyýarlyklary bolan guramalar XIX asyrda halkara giňişliginde entek bolmandyr.

Halkara raýatlar gullugynyň institutynyň döredilmegi hem halkara hökümetara guramalaryň döremegi bilen baglydyr. Raýatlar gullugynyň syýasy we hukuk tebigaty, wezipeleri esasy däp bolan diplomatik gullukdan düýpli tapawutlanypdyr. HHG-niň döredilmeginiň we işiniň ilkinji döwründe Sekretariatlaryň gullukçylaryny bellemek işi babatda guramanyň ýerleşen döwleti tarapyndan alnyp barlypdyr. Şol gullukçylaryň ýagdaýynyň hukuk taýdan tertibe salynmagy gurama we şol döwlet tarapyndan işlenip düzülen ýörite düzgünnamalarda jemlenipdir. Çäkli ýöriteleşdiriliş, gatnaşyjylaryň juda köp bolmadyk toparyndan, döwletleriň birmeňzeş syýasy düzümi şol döwürde ilkinji halkara hökümetara guramalaryň işgärleriniň diwanyny belli bir derejede ýeňillik bilen jemlemäge mümkinçilik beripdir. HHG-niň maddy serişdeleri agza döwletleriň agzalyk töleglerinden ybarat bolupdyr.

Ilkinji halkara hökümetara guramalarda karar kabul etmegiň tertibi barada gürrüň edilende, onda şeýle guramalarda karar kabul et-

mekde pikirdeşlik düzgüninden peýdalanylandygyny belläp geçmek gerek. Ses bermekligiň şol usulyna laýyklykda kararyň kabul edilmegi üçin sesleriň köplügi ýeterlik bolupdyr we ses berişlikde meselä garşy ses berenler ýa-da ses bermekden saklananlar hasaba alynmandyr. HHG-lar tarapyndan kabul edilen kararlar barada aýdylanda bolsa, onda şol kararlar ýa guramanyň çäginde taýýarlanylan we agza döwletlere tassyklamak üçin berlen halkara şertnamalar, ýa-da döwletara hyzmatdaşlygynyň ol ýa-da başga çäginde belli hereketleriň edilmegini teklip edýän rezolýusiýalar bolupdyrlar.

**XIX asyrda milletleriň biri-birinden garaşlylygy diňe bir maddy önümçilikde däl, eýsem ruhy babatda hem güýçlenipdir.** Netijede, dünýä medeniýetiniň ösüşiniň umumy häsiýetli sypaty hökmünde halkara medeni alyş-çalyşlar hem gyşarnyksyz ösüp başlapdyr. Şol döwürde ilkinji halkara kongresler çagyrylypdyr, ilkinji halkara sergiler guralypdyr, terjime edilen neşirleriň, şeýle hem daşary ýurt dillerini öwrenýän adamlaryň sany artypdyr. Şunlukda, dünýä taryhynyň has ir döwürlerinde ýüze çykan beýik medeni gymmatlyklaryň alyş-çalşygy XIX asyrda aýratyn güýç bilen ýaýbaňlanypdyr.

Biziň ilkinji halkara hökümetara guramalaryň işini seljermegimiz şol guramalaryň ygtyýarlyklarynyň diňe ýöriteleşdirilen meseleleri ara alyp maslahatlaşmak bilen çäklendirilendigini, olarda agza döwletleriň syýasatyna, umuman halkara gatnaşyklara täsir etmekligiň uly mümkinçilikleriň bolmandygyny görkezdi. Ýöne muňa seretmezden, olar halkara guramalaryň ähli alamatlaryny özlerinde jemläpdirler, ýagny olar döwletleriň arasynda halkara ylalaşygyň esasynda döredilipdir, olaryň hemişelik edaralary, ştab-jaýlary bolupdyr, agzalary bolsa döwletlerden ybarat bolupdyr. **Şunlukda, ilkinji halkara hökümetara guramalaryň halkara gatnaşyklarynda düýpli yz galdyrandyklary, olaryň işiniň bolsa döwletara hyzmatdaşlygyň tejribesini esli baýlaşdyrandygy gürrüňsizdir.**

Biziň halkara hökümetara guramalaryň emele gelmek we kämilleşmek meselesine Ýewropa ýurtlarynyň mysalynda gysgaça seredip geçmegimiz, elbetde, dünýäniň beýleki böleklerinde, hususan-da, Aziýada, dürli döwürlerde diplomatiýanyň, ilkinji halkara birleşmeleriň bolmandygyny aňlatmaýar. Bir tarapdan, taryh

diplomatiýanyň urugçylyk jemgyýetiniň döremegi, taýpalaryň ýüze çykmagy, harytlaryň ilkinji alyş-çalyş edilip başlanmagy we başga ençeme meseleler bilen baglylykda dörändigine aýdyň şaýatlyk edýär. Beýleki tarapdan bolsa, halkara gatnaşyklaryň, şol sanda diplomatiýanyň taryhy ozaly bilen adamzat siwilizasiýasynyň merkezleriniň emele gelmegi bilen gönüden-göni bagly bolup durýar. Şu jähtden, taryh Müsüriň, Hindistanyň, Hytaýyň we käbir beýleki ýurtlaryň Gadymy Gündogaryň ilkinji döwletleri, gadymy siwilizasiýalaryň ilkinji ýurtlary bolup durýandyklary, olaryň dünýä medeniýetiniň ösüşine uly goşant goşandyklary barada aýdyň şaýatlyk edýär. Diýmek, ozaly bilen şol ýurtlaryň halkara durmuşynyň merkezleri bolandyklary we şunlukda, biri-biri bilen belli bir derejede durnukly aragatnaşyklary saklandyklary düşnüklidir. Muny ozaly bilen, hut şol döwletleriň gadymda ösen diplomatiýasynyň bolanlygy baradaky deliller hem subut edýär.

Mysal üçin, b. e. öňki XV asyrda Müsür diplomatik sungatyň kadalary boýunça häzirki zaman halkara şertnamalaryna gaty meňzeş bolan halkara şertnamalary baglaşypdyr we bu ýagdaý baryp şol döwürde Müsür diplomatiýasynyň ýeten ýokary derejesinden habar berýär. Hindistanda baryp b.e. öňki I müňýyllykda halkara hukugynyň we diplomatiýanyň başlangyçlary sungat hökmünde goýlupdyr. Gadymy Hytaýyň diplomatiýasy barada aýdanymyzda bolsa, onda ol eýýäm şol döwürde diplomatik gullugynyň täsirli ulgamyny işläp düzüpdir.

Mesopotamiýa we Müsür, Hindistan we Hytaý ýaly Türkmenistan hem gadymy siwilizasiýalaryň iň uly merkezleriniň biridir. Deliller eýýäm b.e. öňki III müňýyllykdan başlap Altyn depäniň, Marguşyň, Parfiýanyň, Gürgenjiň we türkmenleriň ata-babalarynyň beýleki döwlet birleşmeleriniň esli derejede Gündogaryň syýasy, ykdysady we medeni durmuşynyň häsiýetini, Gündogaryň we Günbataryň, Demirgazygyň we Günortanyň özara gatnaşyklarynyň derejesini kesgitländiklerini subut edýärler.

Ähli zamanlarda Türkmenistan Aziýa bilen Ýewropanyň çatrygynda ýerleşipdir, onuň çäginiň üsti bilen söwda-ykdysady ýollar, şeýle hem Hytaýy Rim bilen baglaşdyran, siwilizasiýalaryň we döwürleriň arabaglanyşygyny üpjün eden «Beýik Ýüpek ýoly» geçip-

dir. XIX asyryň ajaýyp türkmen şahyry Saib öz ülkesini «Dünýäniň ýedi ýolunyň çatrygy» – diýip atlandyrypdyr. Görnükli gündogarşynas akademik W.W. Bartold bolsa parfiýalylaryň – türkmenleriň ata-babalarynyň (skif-saklar, massagetler, dahlar, alanlar, sarmatlar we başgalar hem türkmenleriň ata-babalary hasaplanylýar) Hytaý bilen Rim imperiýasynyň arasynda amatly araçyllyk roluny saklandyklaryny belleýär. Dünýä taryhynda uly yz galdyran Beýik Parfiýa döwleti (b.e. öňki 247 – b.e. 226-njy ýyllary) Uzak Gündogaryň beýik döwleti (Hytaý), şeýle hem Günbataryň beýik döwleti (Rim imperiýasy) bilen ýakyn syýasy-diplomatik aragatnaşygy alyp baran ilkinji döwlet bolupdyr.

Elbetde, türkmen taryhynyň dürli döwürlerinde onuň diplomatik tärleriniň, usullarynyň, şeýle hem gatnaşyklarynyň göwrüminiň hem birmeňzeş deň bolmandygy aýdyňdyr. Özüniň «Türkmen diplomatiýasynyň taryhyndan» atly kitapçasynda belli taryhçy Ö. Gündogdyýew bu barada şeýle ýazýar: «Türkmen taryhynyň iň irki döwürlerinde diplomatik gatnaşyklar diňe ýakyndaky ýurtlar bilen bolup, ol wagtlaýyn häsiýete eýe bolupdyr. Diplomatiýanyň soň çylşyrymlaşmagy we kämilleşmegi türkmen döwletleriniň ösüşi bilen baglanyşykly bolup geçipdir. Orta asyrlaryň irki döwürlerine çenli türkmenler dürli diplomatiki usullary we amallary ulanmak bilen, belli diplomatik tejribe toplapdyrlar. Gadymy türkmen diplomatiýasy *bir tarapdan* öz aralarynda we başga dilde gepleýän goňşulary bilen aragatnaşyk saklaýan türki halklaryň däp-dessurlaryndan, *beýleki bir tarapdan* bolsa, Hytaýyň, Rimiň, Gresiýanyň, Wizantiýanyň, Eýranyň we dünýäniň beýleki döwletleriniň halkara tejribesinden peýdalanypdyr… Orta asyr türkmen döwletleriniň ösmegi we berkemegi bilen, daşary syýasat işleri has-da janlanypdyr. Diňe goňşy döwletler bilen aragatnaşyklar giňelmän, eýsem uzakdaky döwletler bilen hem aragatnaşyklar ýola goýlupdyr. Türkmenler diplomatik gatnaşyklaryň täze görnüşlerini ele alypdyrlar».

Ýöne bu aýry-aýry guwandyryjy delillere seretmezden, bu mesele boýunça bar bolan maglumatlaryň üzlem-saplamlygy sebäpli, biz häzirlikçe türkmen taryhynyň gadymy we ondan soňky döwürlerdäki diplomatik iş, aýratyn hem köptaraplaýyn diplomatiýanyň ilkinji

nusgalary hökmünde halkara birleşmeler barada köp zat bilmeýäris. Şonuň üçin hem geljekde türkmen diplomatiýasynyň sowet döwründen (1917-1991 ýý.) öňki zamanlardaky ýagdaýynyň ähli taryhy delilleriň esasynda ylmy taýdan çuňňur öwrenilmegi Türkmenistanyň gadymy dünýädäki, orta asyrlardaky, şeýle hem täze döwürdäki diplomatiýasyna, şol sanda onuň köptaraplaýyn diplomatiýasyna hem doly göz ýetirmäge mümkinçilik berer.

**Soraglar:**

1. Halkara hökümetara guramalaryň emele gelmeginiň başlangyç döwri barada näme bilýärsiňiz?
2. Gadymy Gresiýadaky ilkinji halkara birleşmeleriň arasynda nähili birleşmeler agdyklyk edipdir?
3. Ilkinji halkara birleşmelerde häzirki zaman halkara guramalara mahsus bolan nähili alamatlar bolupdyr?
4. Ilkinji halkara ykdysady we gümrük birleşmeleri barada näme bilýärsiňiz?
5. Ilkinji halkara hökümetara gurama haçan döredildi?
6. Ilkinji HHG-niň döremeginde ilkinji halkara maslahatlar nähili rol oýnapdyr?
7. Ilkinji HHG-niň döräp başlamagynyň esasy sebäplerini nämelerde görýärsiňiz?
8. Ilkinji parahatçylyk maslahaty barada näme bilýärsiňiz?
9. Ilkinji HHG-niň halkara gatnaşyklaryndaky ähmiýeti barada näme aýdyp bilersiňiz?

## § 2. Köptaraplaýyn diplomatiýanyň serişdeleri hökmünde Milletler Ligasynyň döredilmegi

XX asyryň başy köp döwletleriň asuda ösüşiniň soňuny aňlatdy. Bazar gatnaşyklarynyň ösüşiniň başky döwrüne mahsus bolan gapma-garşylyklar, has takygy, Günbatar döwletleriň iki birleşiginiň – german-awstriýa bileleşiginiň we Antantanyň arasynda täsir ediş çägi, çig malyň çeşmeleri, dünýä agalygy ugrundaky göreşiň gidişinde gapma-garşylyklaryň juda ýitileşmegi Birinji jahan urşunyň (1914–1918 ýý.) döremegine getirdi. Urşuň turmagynda esasy roly özüne güýç toplan we öz peýdasyna dünýäni täzeden bölmeklige ymtylan Germaniýa oýnady.

Bu dünýä urşuna umumy ilaty 1,5 milliard adam bolan (ýer togalagynyň ilatynyň 87 göterimi) 38 döwlet gatnaşdy. Uruşda hereket eden goşunlaryň sany 29 million adamdan geçdi, oňa toplananlaryň sany bolsa 74 million adam boldy. Birinji jahan urşunda urşa gatnaşan ýurtlaryň adam ýitgileri ýogalanlardan 10 million adama we ýaralananlardan 20 milliondan gowrak adama deň boldy.

Birinji jahan urşy şeýle hem diňe bir halkara guramalaryň ösüşini togtatman, eýsem olaryň köpüsiniň dargamagyna getirdi. Şol bir wagtyň özünde hem bu urşuň getiren aýylganç betbagtlyklary halkara bileleşigine uruşlary çäklendirmek we halkara parahatçylygyny üpjün etmek üçin serişdeleriň hökmanydygyny görkezdi. Şu nukdaýnazardan, urşuň gidişinde we uruşdan soňky döwürde bolup geçen wakalar diplomatiýanyň ösüşinde sepgit boldular. Mysal üçin, 1917-nji ýylyň 26-njy oktýabrynda Sowet hökümeti özüniň ilkinji daşarysyýasy resminamasyny – Parahatçylyk baradaky Dekreti (kanuny) jar etdi. Dünýäniň ähli halklaryna we ýurtlaryna gönükdirilen bu Dekret dünýä taryhynda ilkinji gezek urşy adamzadyň garşysyna edilýän iň uly jenaýat diýip yglan etdi, adalatsyz uruşlaryň bes edilmegi üçin, ýer ýüzünde parahatçylygyň berkarar edilmegi üçin aýgytly göreşiň ýaýbaňlandyrylmagyna çagyrdy. Şeýle hem Sowet hökümeti özüniň şol resminamasynda garaşlylyk şertnamalary we gizlin diplomatiýany ýatyrýandygyny we ähli gepleşikleri doly açyklykda alyp barmaga aýgytly maksadynyň bardygyny mälim etdi. Şunlukda, Dekretiň halkara gatnaşyklaryň tejribesine täze syýasy we halkara-hukuk ideýalary ornaşdyrmaga ýardam edendigi düşnüklidir.

Birinji jahan urşundan soň adamzat siwilizasiýasyny weýran ediji dünýä uruşlaryndan azat etmek maksady bilen, halkara hökümetara guramalaryň, ozaly bilen bolsa HHG-niň taryhynda aýratyn orun eýelän Milletler Ligasy (League of Nations) ýaly ilkinji köptaraplaýyn, gönüden-göni syýasy häsiýetli guramanyň döredilmegi üçin zerur bolan şertler peýda boldy. Milletler Ligasynyň Düzgünnamasy 1919-njy ýylyň 18-nji ýanwaryndan 1920-nji ýylyň 21-nji ýanwary aralykda arakesmeler bilen geçirilen Pariž parahatçylyk maslahaty tarapyndan döredilen ýörite Topar tarapyndan işlenip düzüldi. Birinji jahan urşy we onuň tamamlanmagy bilen baglanyşykly 1919-njy ýylyň Wersal

parahatçylyk şertnamasynyň aýrylmaz bölegi hökmünde 1919-njy ýylyň 28-nji aprelinde kabul edilen bu Düzgünnama boýunça Milletler Ligasyny esaslandyryjy bolup 44 döwlet çykyş etdi. Şol döwletleriň 31-si, şol sanda Awstraliýa, Belgiýa, Boliwiýa, Braziliýa, Beýik Britaniýa, Gonduras, Gresiýa, Hindistan, Italiýa, Kanada, Hytaý, Kuba, Liberiýa, Nikaragua, Peru, Polşa, Portugaliýa, Rumyniýa, Amerikanyň Birleşen Ştatlary, Ekwador, Ýugoslawiýa, Çehoslowakiýa, Fransiýa Birinji jahan urşuna Antantanyň tarapyndan gatnaşdylar. Sanawdan görnuşi ýaly, 1917-1918-nji ýyllarda ABŞ hem Birinji jahan urşuna Antantanyň tarapynda bolup gatnaşdy. Ýöne 1919-njy ýylda ABŞ-nyň Senatynyň Wersal parahatçylyk şertnamasyny ratifisirlemäge we Milletler Ligasynda ABŞ-nyň agzalygyna garşy ses bermeginiň netijesinde (şol wagt ABŞ-nyň Senatynda respublikaçylar agdyklyk edýärdi) ABŞ Milletler Ligasynyň Düzgünnamasyny tassyklamady we şunlukda, olar bu gurama agza bolup girmediler.

13 döwletden ybarat bolan ikinji topar (Argentina, Wenesuela, Daniýa, Eýran, Ispaniýa, Kolumbiýa, Niderlandlar, Norwegiýa, Paragwaý, Salwador, Çili, Şwesiýa, Şweýsariýa) Birinji dünýä urşuna gatnaşmady, bu mesele babatda şol ýurtlar bitaraplygy sakladylar (1932-nji ýyla çenli 55 döwlet Milletler Ligasynyň agzasy boldy).

Milletler Ligasynyň esasy edaralary guramanyň ähli agzalarynyň wekilleriniň Ýygnagy (Assambleýa) we Milletler Ligasynyň Geňeşi boldular. Geňeşiň hemişelik agzalary hökmünde oňa Beýik Britaniýa, Fransiýa, Italiýa we Ýaponiýa girdi. Şeýle hem, Geňeşiň her ýyl çalşylyp duran 4 sany wagtlaýyn agzasy boldy. Soňra Geňeşiň hemişelik däl agzalarynyň sany 13 döwlete çenli köpeldildi.

Milletler Ligasynyň ýene bir edarasy - ol hem baş sekretaryň ýolbaşçylygyndaky hemişelik Sekretariat boldy. Assambleýanyň we Geňeşiň düzgünleriniň tertibi meselesinden özge ähli meseleler boýunça kararlar biragyzdan kabul edildi. Milletler Ligasynyň ýyllyk býujeti 6 million dollar boldy.

Milletler Ligasynyň ýanynda özbaşdak guramalaryň hukuklarynda halkara bitarap kazyýetiň hemişelik Palatasy, Halkara zähmet guramasy we başga garamalar boldy. Milletler Ligasynyň esasy edaralary (ştab-jaýy) Ženewada (Şweýsariýa) ýerleşdi.

Milletler Ligasynyň Düzgünnamasyna laýyklykda, bu halkara hökümetara guramanyň esasy maksady ählumumy parahatçylygy üpjün etmek we döwletleriň ählumumy hyzmatdaşlygyna ýardam etmek boldy. Ýöne Düzgünnamanyň girişinde ýazylan onuň maksatlarynyň aglaba köpüsi ençeme sebäplere görä durmuşa geçmän galdy.

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň öňki Prezidenti Kelwin Kulij (1925) munuň sebäbini ABŞ-nyň we öňki SSSR-iň turuwbaşdan Milletler Ligasyna agza bolup girmändiklerinde görüpdir. ABŞ-nyň Döwlet departamentiniň Halkara maglumat maksatnamalary boýunça edarasy tarapyndan 2008-nji ýylda çap edilen «ABŞ-nyň taryhy» atly kitapda ol hut şol sebäbe görä «Milletler Ligasy gowşak gurama bolmagynda galdy» – diýip ýazýar.

Milletler Ligasynyň maksatlarynyň köpüsiniň durmuşa geçmän galmagynyň sebäpleriniň esasylaryndan biri, ol hem Milletler Ligasynyň Düzgünnamasynyň ençeme halatlarda bu guramanyň işiniň maksadalaýyk guralmagyna we alnyp barylmagyna degerli ýardam etmänligidir. Düzgünnama Wersal parahatçylyk şertnamasynyň aýrylmaz bölegi bolup durýardy we şunlukda, ol öz işinde Birinji jahan urşunda ýeňen we ýeňlen taraplaryň arasynda dörän gapma-garşylykly gatnaşyklaryndan ugur alýardy. Netijede, Düzgünnama tarapyndan döredilen köpçülikleýin howpsuzlyk mehanizmi kämil bolmady.

Hususan-da, Milletler Ligasynyň Düzgünnamasy adalatlylyga we wyždana esaslanan halkara gatnaşyklary goldamak maksadyndan gelip çykan hem bolsa, ol agressiw uruş alyp barmagy gadagan etmedi, üstesine-de, şeýle uruşlary gürrüňsiz ýazgarmady. Düzgünnamanyň düzgünlerini bozup uruş turuzan döwletiň garşysyna harby sanksiýalaryň, ýagny jezalandyryş çäreleriň ulanylmagy Liganyň agzalary babatda hökmany häsiýete eýe bolmady. Milletler Ligasynda güýç bilen täsir etmegiň hem hususy serişdesi bolmady. Başgaça aýdylanda, bu Guramanyň ygtyýarlygynda öň kabul edilen halkara ylalaşyklary berjaý etmäge, ol ýa-da beýleki faşistik döwleti mejbur etmäge ukyply harby kontingentler bolmady. Milletler Ligasynyň halkara dawalary parahatçylykly ýollar bilen çözmekligi üpjün etmek ýaly öz düzgünnamalaýyn wezipesini ýerine ýetirmek boýunça işi hem şowsuz gutardy.

Mysal üçin, 1931-nji ýylda Ýaponiýa Hytaýyň üstüne çozdy we 1933-nji ýylda onuň demirgazyk-gündogar bölegini, has takygy, Mançžuriýa welaýatyny basyp aldy. Ýöne munuň üçin Milletler Ligasy Ýaponiýanyň garşysyna ýeterlik sanksiýalary girizmedi we ony diňe Ligadan çykarmak bilen çäklendi.

Faşistik döwletleriň halkara möçberinde uly garşylyga sezewar edilmezlikleri olara özleriniň uruşparaz syýasatyny açykdan-açyk alyp barmaga mümkinçilik berdi. 1935-nji ýylyň 2-nji oktýabrynda faşistik Italiýanyň ýaragly güýçleri garaşsyz döwlet bolan Efiopiýa çozup girdiler we italiýa-efiopiýa urşy başlandy. ABŞ-nyň hökümeti bitaraplyk baradaky kanuna salgylanmak bilen, 1935-nji ýylyň 5-nji oktýabrynda uruşýan taraplara amerikan ýaragyny satmaklygy gadagan edýändigi barada habar ýaýratdy. Bu ýagdaý ozaly bilen özüniň ösen harby senagaty bolmadyk Efiopiýa oňaýsyz täsir etdi. Beýik Britaniýa hem bu meselede goşulmazlyk syýasatyny alyp bardy. Şol döwürde özüniň Efiopiýa bilen diplomatik gatnaşyklarynyň bolmandygyna seretmezden, SSSR efiop halkynyň hukuklarynyň goragy we özbaşdaklygy ugrunda aýgytly çykyş etdi, italýan agressiýasynyň bütin dowamynda Sowet Soýuzy agressoryň garşysyna hereketleri birleşdirmäge, faşistik Italiýanyň garşysyna täsirli çäreleriň görülmegine çagyrdy.

Efiop goşunlarynyň gahrymançylykly garşylyk görkezmeklerine seretmezden, 1936-njy ýylyň 5-nji maýynda italýan goşunlary Addis-Abeba girdiler. Şol ýylyň 9-njy maýynda bolsa Rimde italýan imperiýasynyň döredilendigi jar edildi. 1936-njy ýylyň 1-nji iýunynda Mussolininiň hökümeti Efiopiýadan, Eritreýadan we Italýan Somalisinden ybarat bolan «Italýan Gündogar Afrikasy» atly kolonial ýeriň döredilendigini jar etdi.

Garaşsyz döwlet bolan Efiopiýanyň garşysyna italýan agressiýasy bilen baglylykda 1935-nji ýylyň 7-nji oktýabrynda Milletler Ligasy Italiýany agressor hökmünde ykrar etdi, soňra bolsa onuň garşysyna ykdysady we maliýe gadagançylyklary girizmek barada karar kabul etdi. Ýöne şol gadagançylyklar ýarpy-ýalta häsiýete eýe boldy, has takygy, şol gadagançylyklar öz içine nebiti, kömri we polady almady. Munuň hem üstesine, 1936-njy ýylyň 4-nji iýulynda Milletler Ligasy şol gadagançylyklary ulanmakdan mundan beýläk ýüz öwürmek barada karar kabul etdi.

1936-njy ýylyň 16-njy fewralynda Ispaniýada parlament saýlawlary bolup, olarda Halk fronty üstün çykdy. 1936-njy ýylyň 17--18-nji iýulynda Germaniýanyň we Italiýanyň faşistik hökümetleriniň işjeň goldaw bermegi bilen Ispaniýada reaksion serkerdeleriň topary Halk fronty hökümetiniň garşysyna harby gozgalaň turuzdy. Respublikan hökümetini agdarmak we ýurtda general Frankonyň faşistik düzgünini berkarar etmek maksady bilen, Germaniýa we Italiýa pitneçilere uly ykdysady we harby kömek berdi, hususan-da, üç ýylyň içinde Ispaniýa 300 müň italýan we nemes esgerleri we serkerdesi ugradyldy.

Öňki Sowet Soýuzy Ispaniýadaky faşistik interwensiýany berk ýazgarmak bilen çykyş etdi. Şol bir wagtyň özünde hem ol ispan halkyna we onuň kanuny hökümetine dürli kömek we goldaw berdi: Ispaniýa esli ýarag we harby tehnikasy ýollandy, respublikançylara karz pul berildi. Bu meselede esasy günbatar döwletleriň tutan ugry şeýle boldy: 1937-nji ýylda Angliýa Frankonyň hökümetini hakykatda goldady. 1938-nji ýylda fransuz hökümeti fransiýa-ispan serhedini doly ýapdy, ABŞ-nyň kongresi bolsa respublikan Ispaniýa ýarag satmak bilen bagly bolan gadagançylygy ýatyrmak baradaky teklibi ret etdi.

Şunlukda, respublikan Ispaniýa özi üçin amatly bolmadyk birnäçe içeri we daşary syýasy ýagdaýlaryň hereketiniň netijesinde ýykyldy. Interwensiýa, şeýle hem interwentler tarapyndan Ispaniýanyň deňiz kenarynyň gabaw edilmegi ispan respublikaçylarynyň ýeňilmegini öňünden kesgitlän daşarysyýasy ýagdaý boldy. Respublikan hökümet Milletler Ligasyndan onuň Düzgünnamasynyň 16-njy maddasyna laýyklykda agressora garşy köpçülikleýin hereketleri ulanmaklygy talap etdi, ýöne şol talap Milletler Ligasy tarapyndan kanagatlandyrylmady.

1938-nji ýylda Germaniýa Awstriýany zorluk bilen özüne birleşdirdi. 1938-nji ýylyň 29-30-njy sentýabrynda Germaniýanyň, Beýik Britaniýanyň, Fransiýanyň we Italiýanyň arasynda Mýunhen ylalaşygy baglaşyldy we şol ylalaşyga laýyklykda Çehoslowakiýa öz çäginiň bölegini Germaniýa, Wengriýa we Polşa bermäge mejbur edildi. Sudet welaýaty Germaniýa berildi.

Hytaýyň garşysyna Ýaponiýanyň agressiýasyndan, Efiopiýanyň garşysyna italýan agressiýasyndan, Germaniýanyň Reýn zolagyny

täzeden harbylaşdyrmagy bilen baglylykda Germaniýa tarapyndan Wersal şertnamasynyň we Lokarno (1925) şertnamalarynyň bozulmagyndan (1936), Ispaniýadaky italýan-german interwensiýasyndan, Awstriýanyň basylyp alynmagyndan başga-da 1931–1939-njy ýyllarda Milletler Ligasynda ençeme möhüm meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Ýöne Milletler Ligasy bu meseleler boýunça ýekejede täsirli karar kabul edip bilmedi, bu bolsa Liganyň şeýle meseleleri çözmeklige ukypsyzdygyny görkezdi.

Milletler Ligasynyň Düzgünnamasynda ýaragsyzlanmak pikiri ilkinji gezek halkara-hukuk taýdan ykrar edildi. 1932-nji ýylda Liganyň howandarlygynda ýaragsyzlanmak boýunça Ähliumumy maslahat hem geçirildi, ýöne ol hiç hili düýpli oňaýly netije bermedi.

Milletler Ligasynyň Düzgünnamasy bu guramanyň esasy edaralary bolan Assambleýanyň we Geňeşiň ygtyýarlyklaryny hem açyk kesgitlemedi, şeýle hem ol diňe bir halkara döwletara guramalary däl, eýsem hökümete degişli bolmadyk guramalary hem gönüden-göni Milletler Ligasynyň tabynlygynda goýdy. Liganyň şol guramalary özbaşdaklykdan mahrum etmäge bolan synanyşyklary, elbetde, başa barmady.

Diňe bir Geňeş däl, eýsem Assambleýa tarapyndan hem syýasy karar çykarylanda, ähli agza döwletleriň hökmany pikirdeş bolmalydygy baradaky talap hem Liganyň Düzgünnamasynyň düýpli ýetmezçiligi boldy. Liganyň islendik agzasynyň (dawa edýän taraplardan özgeleriniň) Assambleýada we Geňeşde weto hukugy bardy we şunlukda, bu ýagdaý karar kabul edilmegi ýatyryp bilýärdi. Şeýle hem Liganyň Düzgünnamasy tarapyndan bellenilen mandat ulgamy baknalygy pugtalandyrdy.

Milletler Ligasy halkara hukugyny koda, ýagny şertli belgiler ulgamyna salmaklyga synanyşdy. 1927-nji ýylda Milletler Ligasynyň Assambleýasy kodlaşdyrmak boýunça Birinji maslahaty çagyrmak hakynda rezolýusiýany kabul etdi, onuň maksady bolsa «halkara hukugyny onuň progressiw ösüşinde kodlaşdyrmakdan» ybarat boldy. Ýöne şol synanyşyklar 1930-njy ýylyň mart we aprel aýlarynda çagyrylan maslahatda şowsuz tamamlandy.

Şol döwür dürli meseleler boýunça ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn esasda ençeme ylalaşyklaryň kabul edilmegi bilen häsiýetlen-

dirildi. Şu jähtden Milletler Ligasynyň Düzgünnamasy şertnamalaryň Liganyň Sekretariatynda hasaba alynmagynyň hökmanydygyny göz öňünde tutdy. Şeýle hem onda hasaba alynmadyk şertnamanyň ýuridiki güýjüniň ýokdygy bellenildi. Şunlukda, Sekretariatda hasaba alnan halkara şertnamalaryň çap edilmegi Milletler Ligasynyň hyzmaty boldy.

Wersal parahatçylyk şertnamasynyň we Wersal ulgamynyň beýleki şertnamalarynyň häsiýetli alamatlarynyň biri, ol hem olaryň Sowet hökümetine garşy häsiýeti boldy. Bu ulgam Sowet Russiýasy oňa gatnaşmazdan, onuň kanuny bähbitlerini hasaba alynmazdan döredilipdi we esli derejede ol dünýäde ilkinji sosialistik döwletiň garşysyna gönükdirilipdi. Eýýäm baryp 1919-1920-nji ýyllaryň Pariž parahatçylyk maslahatynda Antanta ýurtlary Germaniýa Sowet hökümetine garşy syýasatyň bolup biläýjek serişdesi hökmünde seredipdiler. Bir söz bilen aýdylanda, Milletler Ligasynyň hereket eden ilkinji ýyllary onuň işi Sowet döwletiniň garşysyna açyk duşmançylykly häsiýete eýe boldy: 1919-1921-nji ýyllarda Milletler Ligasy Sowet hökümetiniň garşysyna imperialistik interwensiýa guramagyň merkezleriniň birine öwrüldi.

1933-nji ýylda Germaniýada Gitleriň ýolbaşçylygynda faşistik diktatura berkarar boldy. Şol 1933-nji ýylyň 14-nji oktýabrynda täze urşa taýýarlanmak we halkara gözegçiliginden halas bolmak maksady bilen, Germaniýa ýaragsyzlanmak boýunça maslahatdan gitdi, Milletler Ligasyndan çykdy. Şeýle hem 1937-nji ýylda Italiýanyň Milletler Ligasyndan çykmagy bilen şol ýurtlar tarapyndan parahatçylygyň garşysyna bolan howp artdy.

Faşizm howpunyň güýçlenmegi ençeme döwletleriň hökümetlerini SSSR bilen Milletler Ligasynyň çäklerinde hyzmatdaşlyk etmäge itekledi. Has takygy, 1934-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda Fransiýanyň başlangyjy bilen Milletler Ligasynyň 30 agza döwleti SSSR-iň Milletler Ligasyna girmegini ondan haýyş etdiler.

Sowet hökümeti Ikinji jahan urşunyň turmagyna päsgel bermek maksady bilen, ähli mümkinçiliklerden peýdalanmagyň möhümliginden ugur aldy we şol teklibi kabul etmeli diýen karara geldi. 1934-nji ýylyň 18-nji sentýabrynda Milletler Ligasynyň Assambleýasy SSSR-i Liga kabul etmek we oňa Milletler Ligasynyň Geňeşiniň hemişelik

agzasynyň ornuny bermek barada karar kabul etdi. Şol bir wagtyň özünde Sowet hökümeti SSSR Milletler Ligasyna kabul edilmezinden öň bu guramanyň agzalary tarapyndan onda kabul edilen kararlar we şertnamalar boýunça öz üstüne jogapkärçilik almaýandygyny duýdurdy.

Milletler Ligasynyň doly hukukly agzasy hökmünde bu gurama girmek we onuň Geňeşiniň hemişelik agzasy bolmak bilen, Sowet Soýuzy dünýä syýasatynyň möhüm meselelerini ara alyp maslahatlaşmaga gatnaşdy. Şeýle hem, ol Milletler Ligasynyň pugtalandyrylmagyny we onuň täsirliliginiň ýokarlandyrylmagyny maksat edip, parahatçylyk we howpsuzlyk ugrunda yzygiderli we tutanýerli göreş alyp bardy. Ýöne günbatar döwletleriniň diňe öz hususy bähbitlerini üpjün etmeklige gönükdirilen, agressiýany beýleki ýurtlaryň, ozaly bilen bolsa Sowet Soýuzynyň garşysyna gönükdirmek syýasaty sowet tekliepleriniň durmuşa geçirilmegine päsgel berdi.

Şol bir wagtyň özünde, Sowet Soýuzy hem öz halkara borçnamalaryny ýerine ýetirmekde görelde bolup bilmedi. Hususan-da, 1939-njy ýylyň 23-nji awgustynda Germaniýa bilen SSSR-iň arasynda (Germaniýanyň teklibi boýunça) birek-biregiň üstüne çozmazlyk baradaky Pakta gol çekildi. Pakt Germaniýanyň gatnaşmagyndaky uruşda SSSR-iň bitaraplygyny göz öňünde tutdy. Şol sowet-german resminamasynyň ýany bilen bolsa Ýewropany paýlaşmak barada gizlin ylalaşyga gol çekildi. 1939-njy ýylyň 31-nji awgustynda SSSR-iň Ýokary Soweti birek-biregiň üstüne çozmazlyk baradaky Germaniýa bilen baglaşylan Şertnamany ratifisirledi.

1939-njy ýylyň güýzünde şol gizlin ylalaşygyň çäginde Sowet Soýuzy Finlýandiýadan onuň SSSR bilen arasyndaky döwlet serhedini ençeme kilometr yza çekmegi talap etdi. Bu talabyň kanagatlandyrylmazlygy 1939-njy ýylyň 29-njy noýabrynda SSSR-iň Finlýandiýa bilen diplomatik gatnaşyklaryny kesmeginiň we onuň Finlýandiýa garşy urşa başlamagynyň sebäbi boldy. 1939-njy ýylyň 30-njy noýabryndan 1940-njy ýylyň 12-nji martyna çenli aralykda bolan şol urşuň netijesinde Finlýandiýanyň ençeme ýerleri SSSR-iň çägine goşuldy. Has takygy, 1940-njy ýylyň 12-nji martynda sowet-fin urşuny tamamlan Moskwa parahatçylyk şertnamasyna gol çekilmegi bilen Finlýan-

diýa SSSR-e tutuş Kareliýa çatrygyny bermeli boldy. 1939-1940-njy ýyllarda Finlýandiýanyň garşysyna turzan urşy üçin bolsa SSSR Milletler Ligasynyň Geňeşiniň karary bilen 1939-njy ýylyň 14-nji dekabrynda bu Guramadan çykaryldy.

Resmi taýdan Milletler Ligasy 1946-njy ýylda, Birleşen Milletler Guramasy döredilenden soň ýatyrylan hem bolsa, ol baryp 1939--njy ýylyň aýagynda öz işini doly diýen ýaly bes edipdi.

Şeýlelikde, Milletler Ligasy özüniň hereket eden döwründe köp halatlarda täsirli bolmasa-da, möhüm halkara meseleleri bilelikde çözmegiň belli bir tejribesini toplady. Şol bir wagtyň özünde hem Liga täze jahan urşunyň turmagynyň önüni alyp bilmedi, halkara parahatçylygy üpjün etmek ýaly öz esasy wezipesini ýerine ýetirmäge ukypsyz boldy. Netijede, dünýäni täzeden paýlaşmak maksady bilen, faşistik Germaniýa, faşistik Italiýa we militaristik Ýaponiýa tarapyndan turuzylan Birinji jahan urşy bilen deňeşdirilende özüniň möçberi, gatnaşyjylaryň sany, maddy zyýany we adam pidalary boýunça has agdyk gelen Ikinji jahan urşy (1939–1945 ýý.) başlandy.

**Soraglar:**

1. Birinji jahan urşunyň döremeginiň sebäplerini nämede görýärsiňiz?
2. Diplomatiýanyň ösüşinde sepgit bolan wakalar barada name bilýärsiňiz?
3. Milletler Ligasy näçe we haýsy döwletler tarapyndan esaslandyryldy?
4. Liganyň esasy edaralary barada näme bilýärsiňiz?
5. Milletler Ligasynyň esasy maksady nämeden ybarat boldy?
6. Milletler Ligasynyň esasy maksatlarynyň durmuşa geçirilmän galmagynyň sebäplerini nämede görýärsiňiz?
7. Liganyň halkara hukugyny şertli belgiler ulgamyna salmak boýunça işi nähili tamamlandy?
8. Wersal parahatçylyk şertnamasynyň häsiýetli alamatlaryndan biri näme boldy?
9. 1939-njy ýylyň 29-njy noýabrynda SSSR-iň Finlýandiýa bilen diplomatik gatnaşyklaryny kesmeginiň sebäbini nämede görýärsiňiz?
10. SSSR Milletler Ligasynyň agzasy hökmünde özüniň halkara borçnamalaryny ýerine ýetirmekde beýleki döwletlere görelde bolup bildimi?
11. Milletler Ligasynyň ähmiýeti barada näme aýdyp bilersiňiz?

## II bap
## HALKARA MASLAHATLAR

### §1. Halkara maslahatlar – köptaraplaýyn diplomatiýanyň täsirli serişdesidir

Halkara maslahatlar syýasy, ykdysady we başga meseleleri çözmek maksady bilen çagyrylýar. Ençeme wagtlardan bäri döwletara tejribesinde ulanylýan *halkara maslahat* instituty köptaraplaýyn diplomatiýanyň serişdelerine, gurallaryna degişlidir.

Käbir awtorlar halkara gatnaşyklaryň instituty hökmünde halkara maslahatlaryň gepleşiklerden ösüp çykandyklaryny tassyklaýarlar. Şol bir wagtyň özünde gepleşikler köp halatlarda «diplomatiýa» düşünjesiniň manydaşy hökmünde hem ulanylýar. Mysal üçin, iňlis diplomaty we ýazyjysy, diplomatiýanyň nazaryýetiniň klassygy Garold Nikolson diplomatiýany halkara gatnaşyklaryny gepleşikler arkaly alyp barmak diýip hasap edipdir.

Umuman, gepleşikler – munuň özi döwletleriň arasyndaky meseleleri çözmegiň esasy usulydyr. Wagtyň geçmegi we häkimleriň we patyşalaryň gurultaýlary, hökümdarlaryň kongresleri we diplomatik kongresler ýaly köptaraplaýyn gatnaşyklaryň görnüşleriniň üsti bilen gepleşikler **halkara maslahat** düşünjesine geçipdir. Şu manyda olar köptaraplaýyn diplomatiýanyň esasy usullaryndan biri bolup durýarlar, şol bir wagtyň özünde hem gepleşikler ikitaraplaýyn diplomatiýanyň möhüm serişdesi bolup galmagyny dowam etdirýärler.

Biz ýokarda halkara hukugynyň we halkara gatnaşyklaryň instituty hökmünde halkara maslahatlaryň XVII asyryň ortalarynda ýüze çykyp başlandyklaryny, XIX asyryň ikinji ýarymyndan bolsa olaryň has çaltlykda ösüp başlandyklaryny nygtap geçipdik. Soňky ýyllarda dünýäde her ýylda ýüzden gowrak iri halkara maslahatlar çagyrylýar. Bilermenleriň pikirine görä, XXI asyryň ortalarynda her ýylda takmynan 50 müň halkara maslahatlary geçiriler.

Halkara maslahatlar olara gatnaşýan subýektleriň statusy boýunça **hökümetara we hökümete degişli däl maslahatlara bölünýärler.** Hökümetara maslahatlaryň gatnaşyjylary döwletlerdir ýa-da başga-

ça aýdylanda, özlerine berilýän ygtyýarlyklaryň çäklerinde döwletiň adyndan çykyş edýän olaryň resmi wekilleridir. Şeýle wekiller maslahatda döwletiň resmi garaýyşlaryndan ugur alýarlar. Şonuň üçin halkara hökümetara guramalar ýaly, hökümetara maslahatlaryny hem halkara hukugynyň döwletler tarapyndan döredilýän subýektleri (ikinji derejeli) hasap edip bolar. Ýöne halkara guramalardan tapawutlylykda, maslahatlar halkara hukugynyň wagtlaýyn subýektleridir (Şu ýerde, ýuridiki edebiýatda halkara maslahatyň halkara guramasy däldigi sebäpli, halkara maslahatynyň halkara hukugynyň subýekti bolup bilmeýändigi baradaky pikiriň ýöredilýändigini hem belläp geçmek gerek.)

Hökümete degişli däl maslahatlaryň gatnaşyjylary dürli ýurtlardan bolan jemgyýetçilik guramalarydyr, birleşiklerdir, assosiasiýalardyr ýa-da aýry-aýry şahslardyr. Halkara hukugynyň gönüden-göni diňe döwletara maslahatlaryň işini tertibe salýandygy sebäpli, mundan beýläk biz «halkara maslahatlar» adalgasyny diňe hökümetara häsiýetli maslahatlary aňlatmak üçin ulanarys.

Muny kitabyň birinji babynda hem belläp geçişimiz ýaly, **halkara maslahatlar taryhy nukdaýnazardan halkara guramalaryň esasyny goýandyr. Aslyýetinde, halkara guramalar hemişelik esasda hereket edýän halkara maslahatlarydyr, soňkularyň bolsa kä halatlarda, wagtyň geçmegi bilen, halkara guramalara öwrülýändigini tejribe görkezýär.** Hususan-da, 1975-nji ýylda öz işine başlan Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk boýunça Maslahatyň 1994-nji ýylda Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasy ýaly halkara guramasyna ösüp geçmegi munuň aýdyň mysalydyr.

***Gatnaşyjylaryň topary boýunça*** **hökümetara maslahatlar** ***köptaraplaýyn*** (olara dünýäniň köp döwletleri çagyrylýar we muňa mysal edip 1993-nji ýylda Wenada bolup geçen adam hukuklary boýunça Bütindünýä maslahatyny görkezmek bolar), **sebitleýin** (sebitleýin maslahatlara belli sebitiň döwletleri gatnaşýarlar), **ýerli ýa-da sebitçeleýin** maslahatlara bölünýärler.

***Özleriniň maksatlaryna laýyklykda*** **maslahatlar** ***diplomatik*** **we** ***diplomatik däl maslahatlara*** **bölünýär.** Diplomatik maslahatlarda halkara şertnamanyň teksti kabul edilýär, diplomatik däl maslahatlar bolsa köp halatlarda ylmy-tehniki häsiýete eýe bolýar. Halkara

gurultaý, kongres we ş.m. halkara maslahat hasaplanylýar we olara azyndan üç wekiliýet gatnaşýar.

Maslahatlaryň dowamlylygy bir gün, birnäçe hepde bolup biler. Käbir maslahatlar mejlisleýin görnüşde geçirilýär we onda olar birnäçe ýyla çekýär. Mysal üçin, BMG-niň deňiz hukugy boýunça Maslahaty 1973-nji ýylda öz işine başlapdy we ol 1982-nji ýyla çenli dowam edipdi.

**Şunlukda, *halkara hökümetara maslahat* – munuň özi döwletleriň adyndan çykyş edýän resmi wekilleriň ýygnagydyr. Şeýle ýygnak halkara hukugynyň hemmeler tarapyndan ykrar edilen ýörelgelerine laýyk gelýän belli maksatlara ýetmek üçin çäklendirilen möhlet bilen çagyrylýar we ol köptaraplaýyn diplomatiýanyň möhüm serişdesi bolup durýar.**

**Soraglar:**

1. Halkara gatnaşyklarynyň instituty hökmünde halkara maslahatlaryň gepleşiklerden ösüp çykandyklary baradaky pikire nähili seredýärsiňiz?
2. Halkara maslahat näme?
3. Halkara maslahatlar olara gatnaşýan subýektleriň statusy boýunça nähili maslahatlara bölünýärler?
4. Halkara maslahatlar halkara hukugynyň subýektleri hasaplanyp bilnermi?

## §2. Halkara maslahaty çagyrmak we oňa taýýarlyk

Halkara maslahaty çagyrmak baradaky teklip bilen bir ýa-da birnäçe döwlet, ýa-da halkara gurama çykyş edip bilýär. Soňky onýyllyklarda halkara maslahatlaryň iň möhümleri BMG-niň, onuň ýöriteleşdirilen edaralarynyň we beýleki halkara guramalaryň teklibi boýunça we olaryň howandarlygynda geçirilýär. Hususan-da, özüniň Düzgünnamasynyň 55-nji maddasyna laýyklykda BMG ykdysady, durmuş, saglygy goraýyş we başga çäklerde halkara meseleleriň çözgüdine, medeniýet we bilim babatda halkara hyzmatdaşlyga ýardam edýär. Ol şeýle hem adamlaryň jynsyna, diline we dinine seretmezden, adam hukuklarynyň we esasy azatlyklarynyň hormatlanylmagyna we berjaý edilmegine kömek edýär. Mysal üçin, 1990-njy ýyldan bäri Bütindünýä iýmit meseleleri boýunça Halkara maslahat (1992 ý., Rim), daşky gurşaw we durnukly

ösüş boýunça BMG-niň Maslahaty ( 1992 ý., Rio-de-Žaneýro), adam hukuklary boýunça Bütindünýä maslahaty (1993 ý., Wena), ösüşi maliýeleşdirmek boýunça Halkara maslahat (2002 ý., Monterreý), Bütindünýä azyk maslahaty (2008 ý., Rim) ýaly 30-a golaý iri we uly ähmiýetli bütindünýä maslahatlary geçirildi. Şu jähtden, Merkezi Aziýa sebitinde we Hazar basseýninde ýaragsyzlanmak meselesine bagyşlanan wekilçilikli halkara maslahatyň 2010-njy ýylyň iýunynda Aşgabatda, Türkmenistanyň teklibi boýunça BMG-niň howandarlygynda geçirilendigini hem nygtap geçeliň.

Iş ýüzünde maslahaty guramak boýunça şeýle teklip maslahaty çagyrmaklygyň zerurlygy esaslandyrylan sirkulýar notanyň ýollanmagynda ýüze çykýar. Şol notada maslahatyň maksady kesgitlenilýär, ony geçirmekligiň wagty we ýeri, onuň başlangyç gün tertibi barada teklipler berilýär. Eger halkara şertnamany kabul etmek maksady bilen diplomatik maslahaty geçirmeklik teklip edilýän bolsa, onda köp halatlarda notanyň ýanyna şertnamanyň taslamasy we oňa düşündiriş haty goşulýar.

Görelde makullanan halatynda *halkara taýýarlyk komiteti* döredilýär. Komitet maslahatyň geçiriljek ýeri, möhleti, ony maliýeleşdirmegiň çeşmesi ýaly guramaçylyk meselelerini çözýär, maslahatyň düzgünleriniň tertibiniň taslamasyny taýýarlaýar. Eger maslahat halkara guramanyň howandarlygynda guralýan bolsa, onda taýýarlyk komitetiniň wezipesini şol guramanyň *sekretariaty* ýerine ýetirýär.

*Maslahatyň geçirilýän ýeri* ony özünde geçirmek teklibi bilen çykyş eden we maslahat bilen bagly esasy maliýe çykdajylary öz üstüne alýan ýurduň merkezi ýa-da onuň başga şäheri, köp halatlarda bolsa halkara guramanyň ştab-jaýy ýerleşýän şäheri bolup biler. Soňky ýagdaýda maslahaty geçirmek boýunça çykdajylar esli azalýar, sebäbi munuň üçin guramanyň jaýy, şeýle hem maslahata hyzmat etmek üçin onuň işgärlerinden peýdalanylýar.

*Maslahaty geçirmek bilen bagly çykdajylary* halkara gurama, şeýle hem maslahata gatnaşýan agza döwletler bilelikde öz üstüne alyp bilerler. Wekiliýetleriň çykdajylaryny olaryň öz döwletleri çekýärler.

Maslahata gatnaşýan her bir döwlet öz *wekiliýetiniň sanawyny* düzýär, onuň düzümine bolsa *wekiliýetiň ýolbaşçysy*, onuň *orunbasar-*

*lary, agzalary, geňeşçiler, bilermenler,* şeýle hem *tehniki we hyzmat ediji işgärler* girýär. Eger maslahata bir adam – wekiliýetiň ýolbaşçysy gelýän bolsa, ol şonda-da wekiliýet atlandyrylýar. Wekiliýetiň düzümi ýörite nota bilen kabul edýän ýurduň daşary işler ministrligine, ýa--da halkara guramanyň ýokary wezipeli adamsyna ýetirilýär. Adatça wekiliýetleriň baştutanlary edilip wezipeleri umuman şol bir derejede bolan adamlar bellenilýär. Döwletleriň we hökümet baştutanlarynyň derejesinde geçirilýän maslahatlar has hem möhümdir.

Maslahata gatnaşmak üçin wekiliýetler döwlet baştutanynyň, hökümet baştutanynyň, daşary işler ministriniň ýa-da başga bir ministrligiň ýolbaşçysynyň adyndan ýörite wekilçilik, ygtyýarlyk bilen üpjün edilýär. *Wekilçiligiň derejesi* maslahatyň wezipesi bilen bagly bolýar. Döwlet we hökümet baştutanlary, daşary işler ministrleri maslahatyň işine ýörite wekilçiligi bolmazdan gatnaşyp bilýärler.

Wekilçilikde wekiliýetiň düzümi we onuň ygtyýarlyklary görkezilýär. Şol ygtyýarlyklar maslahata gatnaşmaklyga, resminamalar kabul edilýän wagtynda olara ses bermeklige, çykyş etmeklige, teklip girizmeklige, kabul edilýän resminamalara gol çekmeklige bolan hukuklardan ybaratdyr.

Wekiliýeti maslahata taýýarlamak örän möhüm ähmiýete eýe bolup durýar. Döwletiň degişli edaralary wekiliýet üçin görkezmeleri tassyklaýarlar, bilermenler bolsa olaryň durmuşa geçirilmegi üçin özünde resminamalary, materiallary we maglumatlary jemleýän dosýeni, çykyşlaryň, maslahatlarda işlenip taýýarlanylýan resminamalara çapraz garaýyşlaryň taslamalaryny we ş.m. taýýarlaýarlar.

**Soraglar:**

1. Halkara maslahatlaryny çagyrmak baradaky teklip bilen kim çykyş edýär?
2. Taýýarlyk komiteti nähili meseleler bilen meşgul bolýar?
3. Wekiliýetiň düzümi ýörite nota bilen haýsy edara ugradylýar?
4. Maslahata gatnaşmak üçin wekiliýetler kimiň adyndan ýörite wekilçilik bilen üpjün edilýär?

## §3. Halkara maslahatyň işiniň tertibi

Halkara maslahatyny geçirmek boýunça işiň tertibi - munuň özi maslahatyň işini alyp barmagyň, şol sanda maslahata ýolbaşçylyk etmegiň, kararlary kabul etmegiň, maslahata gatnaşyjylaryň hukuklarynyň we borçlarynyň we käbir başga meseleleriň tertibidir.

Esaslandyryjy şertnamasy we düzgünnamasy bolan halkara guramalardan tapawutlylykda halkara maslahatlarynyň düzgünleriniň tertibi olar üçin ýeke-täk düzgüne salyjy resminama bolup durýar.

Özbaşdak subýektler bolmak bilen, halkara maslahatlar öz hususy *düzgünleriniň tertibini* maslahatyň işiniň başynda resmi taýdan kabul edýärler. Şol bir wagtyň özünde halkara maslahatlar üçin haýsy hem bolsa bir ýeke-täk düzgünleriň tertibiniň häzirlikçe işlenip düzülmändigini hem belläp geçmek gerek.

Häzir bar bolan düzgünleriň tertibine laýyklykda, mysal üçin, eger maslahat halkara guramasynyň howandarlygynda geçirilmeýän bolsa we haçan oňa başlyklyk etmek baradaky mesele diplomatik gepleşikleriň predmeti bolan ýagdaýynda, onda köp halatlarda *maslahatyň başlygy* edilip kabul edýän ýurduň wekili saýlanýar ýa-da aýlanyşyk esasynda başlygyň borjuny maslahata gatnaşýan döwletleriň wekiliýetleriniň ýolbaşçylary nobat bilen ýerine ýetirýärler; maslahatyň jemleýji resminamasynda ýa-da ýörite rezolýusiýasynda kabul edýän ýurduň hökümetine we halkyna olaryň maslahaty geçirmekde döreden gowy şertleri üçin hoşallyk bildirilýär.

*Maslahatyň beýleki wezipeli adamlary* (başlygyň orunbasary, komitetleriň başlyklary we ş.m.) wekiliýetleriň düzüminden saýlanýar. Sekretariat, adatça, baş sekretardan we maslahata hyzmat edýän işgärlerden durýar.

*Düzgünleriň tertibi* – munuň özi ýuridiki resminama bolmak bilen, ol halkara maslahatyň içerki hukugyna degişlidir, sebäbi Tertip maslahata gatnaşýan wekiliýetleriň adyndan kabul edilýär. Halkara maslahatyň düzgünleriniň tertibi şertli şu aşakdakylary, ýagny: maslahatyň gün tertibiniň tassyklanylmagyny, maslahatyň ýolbaşçy edaralarynyň saýlawlaryny, maslahatyň kömekçi edaralarynyň döredilmegini, maslahatyň sekretariatynyň döredilmegini we onuň borçlaryny kesgitlemegiň tertibini; maslahatyň işine başlamagy üçin zerur

bolan sesleriň sanynyň bellenilmegini, başlygyň ygtyýarlyklaryny, çykyşlaryň nobatlylygyny, teklipleri we düzedişleri girizmegiň, synçylaryň gatnaşmagynyň tertibini we ş.m. öz içine alýar.

**Maslahatlarda işiň alnyp barylýan dilleri resmi we işçi dillere bölünýär.** *Işçi dillere* ähli çykyşlar terjime edilýär we olarda resminamalar we materiallar taýýarlanylýar. *Resmi dillerde* diňe iň möhüm resminamalar çap edilýär. Işçi diller resmi dilleriň käbirlerinden durýar.

Adatça halkara hökümetara maslahatyň dilleri iňlis, fransuz dilleridir, şeýle hem onuň çäginde maslahat geçýän döwletiň dilidir. Eger-de maslahat BMG-niň howandarlygynda çagyrylýan bolsa, onda şeýle maslahatyň dilleri BMG-niň resmi we işçi dilleridir. Şol bir wagtyň özünde islendik wekil maslahatyň dili bolmadyk dilde hem çykyş edip biler, ýöne munuň üçin onuň şeýle dilleriň birine dilden terjimäni üpjün etmegi zerurdyr.

Maslahatyň işi umumy mejlisler, komitetleriň we işçi toparlaryň mejlisleri görnüşinde geçýär. Guramaçylyk – tehniki meseleler sekretariat tarapyndan çözülýär.

Halkara maslahatyň işiniň tertibini diplomatyň, umuman onuň wekiliýetiniň gowy bilmegi we ony iş ýüzünde ulanyp bilmegi wekiliýete maslahatyň işine täsirli gatnaşmaga mümkinçilik berýär.

**Soraglar:**

1. Düzgünleriň tertibi nähili resminama bolýar we ol haýsy meseleleri tertibe salýar?
2. Halkara maslahatlar üçin düzgünleriň ýeke-täk tertibi işlenip düzüldimi?
3. Maslahatlarda işiň alnyp barylýan dilleri nähili dillere bölünýär?

## §4. Halkara maslahatda döwletleriň wekiliýetleri. Kararlaryň kabul edilişi we maslahatyň jemleýji resminamalary

*Halkara maslahatda döwletiň wekiliýeti* – munuň özi döwletiň daşarky aragatnaşyklarynyň wagtlaýyn daşary ýurt edarasydyr we ol döwletiň bähbitlerine wekilçilik etmek wezipesini ýerine ýetirýär.

Wekiliýetiň wekilçilikli häsiýeti onuň özüni ýollaýan döwletiň bähbitlerini goramagy üçin zerur bolan şertleriň üpjün edilmeginiň obýektiw zerurlygyny şertlendirýär. Bu bolsa halkara maslahatlarda wekiliýetlere berilýän immunitetleriň hukuk tebigatyny düzýär.

Öz çäginde halkara maslahaty geçirmäge razylyk bermek bilen, döwlet wekiliýetleriň aýratyn statusyny – olary ýollaýan döwletleriň edaralarynyň statusyny ykrar etmäge borçlydyr. Şeýle hem wekiliýet bolýan döwletinde däl-de, eýsem maslahatyň ýanynda akkreditlenýändir.

1975-nji ýylda Wenada *döwletleriň köptaraplaýyn häsiýetli halkara guramalary bilen gatnaşyklarynda wekilçiligi hakyndaky Konwensiýa* kabul edildi. Konwensiýanyň düzgünleri halkara guramalar tarapyndan ýa-da olaryň ýolbaşçylygynda çagyrylýan maslahatlara gatnaşýan wekiliýetlere hem ýaýraýar. Şol bir wagtyň özünde halkara däbe görä, konwensiýanyň düzgünleri ähli hökümetara maslahatlardaky wekiliýetler babatda hem ulanarlyklydyr.

Konwensiýanyň III bölümi edaralarda we maslahatlarda wekiliýetleriň statusyna bagyşlanýar. Umuman, maslahatlardaky wekiliýetleriň artykmaç hukuklary we immunitetleri diplomatik artykmaçlyklar we immunitetler bilen deňleşdirilendir.

*Kararlaryň kabul edilişi* barada aýdylanda, onda islendik maslahatyň öz işini umumy ylalaşygyň esasynda amala aşyrýandygy düşnüklidir. Maslahat umumy ylalaşyga gelinmegi üçin ses berişlige başga mümkinçilikler galmadyk ýagdaýynda ýüzlenýär. Maslahata gatnaşyjy döwletiň hersiniň bir sesi bardyr. Maslahat gün tertibindäki meseleler boýunça kararlary ses berişlikde bolan we oňa gatnaşanlaryň üçden iki köplüginde kabul edýär. Ses bermeklikden saklanan wekillere ses berişlige gatnaşmadyk wekiller hökmünde seredilýär. *Ses berişlik* adatça el galdyrmak arkaly geçirilýär, ýöne eger haýsy hem bolsa bir wekil atlary boýunça ses berişligi talap etse, onda ol iňlis elipbiý tertibinde maslahata gatnaşýan döwletleriň atlarynyň tutulmagy arkaly geçirilýär.

Halkara hökümetara maslahatlar tarapyndan kabul edilýän jemleýji resminamalar barada aýdylanda, onda maslahatlar şeýle resminamalaryň kabul edilmegi bilen tamamlanýar.

Köp halatlarda *jemleýji resminamada* maslahatyň maksatlary, onuň geçirilen ýeri we wagty, ylalaşylan resminamalar görnüşinde gazanylan üstünlikler görkezilýär, gatnaşyjylar we syňçylar, maslahat tarapyndan döredilen edaralar we ş.m. sanalyp geçilýär. Eger-de maslahat öz öňünde goýan maksadyna ýetmedik bolsa, onda jemleýji resminama onuň ýeke-täk *resmi netijesi* bolup galýar.

Diplomatik maslahatlar halkara şertnamanyň (konwensiýanyň, ylalaşygyň we ş.m.) kabul edilmegini göz öňünde tutýar we köp halatlarda ol gol çekilmek üçin maslahatyň soňky güni onuň geçirilýän ýerinde açylýar. Ýöne käbir ýagdaýlarda gol çekmek üçin şertnamanyň açyljak ýeri we wagty soňa geçirilýär we olar şertnamanyň jemleýji düzgünlerinde görkezilýär.

Maslahatlar şeýle hem *rezolýusiýa, jarnama, hereketleriň maksatnamasy* we *meýilnamasy* ýaly resminamalary kabul edýärler. Ylmy-tehniki maslahatda *dokladlar* kabul edilýär.

Maslahatlaryň jemleri boýunça köp halatlarda *stenografiýa hasabatlar* görnüşinde *mejlisleriň resmi protokollary* çap edilýär.

Şunlukda, hökümetara maslahatlarda resminamalaryň iki görnüşi, ýagny gündelik işiň materiallaryny özünde jemleýän we olaryň işiniň jemini jemleýän resminamalar kabul edilýär. Birinji topara *mejlisleriň protokollary*, ikinjisine bolsa *halkara-hukuk häsiýetli resminamalar* (*şertnamalar, konwensiýalar* we ş.m.) degişlidir.

**Soraglar:**

1. Halkara maslahatda wekiliýet nähili edara bolup durýar we ol nähili wezipäni ýerine ýetirýär?
2. Halkara maslahatda wekiliýet bolýan döwletiniň ýanynda akkreditlenýärmi?
3. Maslahatda kararlaryň kabul ediliş tertibi nähili?
4. Halkara hökümetara maslahatlar nähili resminamalaryň kabul edilmegi bilen tamamlanýar?

# III bap
# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA HÖKÜMETARA GURAMALARY

## §1.Halkara guramalar barada düşünje

Häzirki zaman halkara gatnaşyklarynda *halkara guramalar* döwletleriň hyzmatdaşlygynyň we köptaraplaýyn diplomatiýanyň görnüşi hökmünde möhüm rol oýnaýarlar.

XIX asyrda halkara guramalaryň döremegi jemgyýetiň köptaraplarynyň internasionallaşmagyna tarap bolan obýektiw ugruň

netijesi boldy. 1815-nji ýylda Reýn boýunça gämi gatnawy barada Merkezi komissiýanyň döredileninden başlap, halkara guramalara ýörite ygtyýarlyklar berilýär. XIX asyryň ikinji ýarymynda ilkinji halkara köptaraplaýyn guramalaryň ençemesiniň döredilmegi şeýle guramalaryň ösüşinde täze bir döwür boldy.

1945-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň (United Nations) döredilmegi we onuň işi halkara guramalaryň ösüşine, olaryň demokratiýalaşmagyna esli derejede täsir etdi we täsir etmegini dowam etdirýär. Halkara hökümetara guramalarynyň halkara hukugynyň subýektleri hökmünde ykrar edilmekleri hut BMG bilen gönüden-göni baglydyr.

Halkara gatnaşyklaryň häzirki döwründe halkara guramalaryň san taýdan ösüşi, olaryň ygtyýarlyklarynyň we borçlarynyň mundan buýana giňelmegi, guramaçylyk gurluşynyň çylşyrymlaşmagy dowam edýär. 1909-njy ýylda döredilen we halkara guramalaryny hasaba alýan *halkara assosiasiýalaryň Birleşiginiň* (Brýusselde ýerleşýär) maglumatlaryna görä, häzirki wagtda dünýäde 40 müňden gowrak halkara gurama bolup, olaryň 6 müňden gowragy halkara hökümetara guramalardyr, galan uly bölegi bolsa halkara hökümete degişli däl guramalardyr. Dürli hukuk statusy bolan şol guramalaryň arasynda bolup geçýän özara gatnaşyklar we hyzmatdaşlyk eýýäm mundan has öňräk onuň merkezinde BMG duran halkara guramalaryň ulgamynyň emele gelendiginden habar berýär.

Şol ulgamda olaryň agzalary özbaşdak döwletler bolup durýan we döwletleriň hyzmatdaşlygynyň durnukly görnüşi hökmünde halkara hökümetara guramalara häzirki zaman halkara gatnaşyklarynda aýratyn orun degişlidir. Şol guramalaryň ähmiýeti ozaly bilen olaryň işine döwletleriň we hökümetleriň resmi taýdan gatnaşmagy, şeýle hem HHG-niň çözmäge borçly bolan wezipeleriniň möhümligi bilen kesgitlenilýär.

Häzirki döwürde halkara hökümetara guramalaryň üsti bilen döwletler bütindünýä we sebitleýin möçberlerde öz daşarysyýasy, daşaryykdysady we beýleki maksatlaryny durmuşa geçirýärler. Öz gezeginde, halkara hökümetara guramalary halkara durmuşyna işjeň gatnaşýarlar, agza döwletleriň syýasatyna, halkara gatnaşyklara täsir

edýärler. Umuman, biziň şu günki günlerimizde halkara guramalar dünýä giňişliginde köptaraplaýyn diplomatiýanyň durnukly guraly hökmünde çykyş edýärler, döwletleriň arasynda ikitaraplaýyn esasda alnyp barylýan gatnaşyklaryň üstüni ýetirýärler. Hut şonuň üçin hem soňky ýyllarda halkara hökümetara guramalaryň sanynyň barha köpelmegi döwletleriň özaragaraşlylygynyň we hemişelik esasda olaryň köptaraplaýyn hyzmatdaşlygynyň ösüşiniň aýdyň subutnamasy bolup durýar.

«Halkara maslahatlar» adalgasy ýaly, «*Halkara guramalar*» adalgasy hem adatça döwletara (hökümetara), şeýle hem hökümete degişli däl guramalar babatda ulanylýar. Ýöne 1969-njy ýylda kabul edilen halkara şertnamalaryň hukugy hakyndaky Wena konwensiýasyna laýyklykda «halkara gurama» düşünjesi halkara hökümetara guramany aňladýar. Şol bir wagtyň özünde olaryň ýuridiki tebigaty hem dürlidir. Geliň, ozaly bilen halkara hökümetara gurama berilýän umumy kesgitlemeleriň käbirlerine ýüzleneliň:

***Halkara hökümetara gurama* – munuň özi esaslandyryjy resminama tarapyndan göz öňünde tutulan maksatlary amala aşyrmak üçin halkara şertnamanyň esasynda döredilen guramadyr, halkara hukuk subýektlilige eýe bolan, hemişelik edaralary bolan we ählumumy ykrar edilen ýörelgelere we halkara hukugynyň kadalaryna laýyklykda şol maksatlara ýetmek üçin hereket edýän döwletleriň birleşigidir;**

***Halkara gurama* – munuň özi syýasy, ykdysady, medeni, ylmy-tehniki, hukuk we başga çäklerde hyzmatdaşlygy amala aşyrmak üçin halkara hukugyna laýyklykda we halkara şertnamanyň esasynda döredilen, munuň üçin zerur bolan edaralaryň ulgamy, hukuklary we borçlary, göwrümi agza döwletleriň erkleri tarapyndan kesgitlenilýän özbaşdak erki bolan döwletleriň birleşmesidir.**

Şol bir wagtyň özünde **halkara hökümetara guramalaryna enčeme alamatlar mahsusdyr.** Olaryň esasylary hususan-da şu aşakdakylardan: ýagny hökümetleriň wekilçilik etmegi bilen *azyndan üç döwletiň agzalygyndan*; hukuklaryň göwrümini we agzalaryň borçlaryny kesgitleýän *esaslandyryjy şertnamanyň bolmagyndan*

(adatça, şol şertnama düzgünnama diýilýär, ýöne ol başgaça-da, ýagny status, konwensiýa we ş.m. atlandyrylyp hem bilner, ýöne munuň özi guramanyň ýuridiki tebigatyna täsir etmeýär); *hemişelik hereket edýän edaralaryň ştab-jaýynyň we nyşanlarynyň bolmagyndan;* agza döwletleriň – *halkara gurama gatnaşyjylaryň özbaşdak deňhukuklylygyndan; kararlary kabul etmekligiň aýratyn tertibiniň kesgitlenilmeginden; sanksiýalary,* ýagny gadagançylyklary *durmuşa geçirmekligiň, jogapkärçiligi kesgitlemegiň mehanizminiň bolmagyndan* ybaratdyr.

Halkara hökumetara gurama **käbir aýratynlyklar hem häsiýetlidir** we olara, hususan-da, şu aşakdakylar degişlidir: halkara hökumetara gurama resmi bellenen wekilleriň (wekiliýetleriň) üsti bilen hökümetler gatnaşýarlar; HHG-ler diňe özleriniň ygtyýarlygyna degişli edilen halkara meseleleri çözýärler; halkara hökumetara guramanyň borçlary we ygtyýarlyklary (häsiýeti, işiniň mazmuny, esasy wezipeleri we maksatlary, edaralaryň ulgamy, işiň tertibi we ş.m. meseleler) düzgünnamalaýyn resminama tarapyndan kesgitlenilýär; HHG-niň kadalary galapyn şertnama häsiýetlidir; HHG-niň hereket etmeginiň aýratyn usuly (köptaraplaýyn gepleşikler), ses bermegiň tertibi («bir ýurt – bir ses») bolup, ol «maliýe tölegi» bilen doldurylýar; HHG-niň *gurama, birleşik, gazna, bank, edara, agentlik* ýaly dürli atlary bolup biler. BMG-niň käbir dillerde «Birleşen Milletler» diýlip atlandyrylýandygy mälimdir. Ýöne munuň özi guramalaryň statusyna täsir etmeýär.

Döwletara guramalardan halkara hökümete degişli däl guramalary (HHDDG) tapawutlandyrmak zerurdyr. Dünýä syýasatynda HHDDG-niň roly halkara hökümetara guramalar bilen bir hatarda baryp XX asyryň başynda ýokarlanyp başlapdy, munuň sebäbi bolsa dürli ýurtlarda şol bir maksatlary yzarlaýan adamlaryň halkara gatnaşyklarynda hem hyzmatdaşlyk etmäge, birleşmäge bolan ymtylmalary boldy.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 1968-nji ýylyň 23-nji maýynda kabul edilen 1296 (XIV) belgili rezolýusiýasyna laýyklykda ***halkara hökümete degişli däl guramalar* – munuň özi hökümetara ylalaşygyň esasynda döredilmedik islendik halkara guramasydyr.** BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň 1996-njy ýylyň 25-nji

iýulynda kabul edilen 1996/31 belgili rezolýusiýasyna laýyklykda bolsa **HHDDG – munuň özi hökümetara şertnamanyň esasynda döredilmedik we söwdadan girdeji almagy maksat edinmeýän islendik hökümete degişli däl guramadyr.**

Şunlukda, HHDDG – **döwletara ýa-da hökümetara şertnamanyň esasynda däl-de, eýsem halkara hyzmatdaşlyga ýardam etmek maksady bilen, milli toparlar, birleşikler, fiziki ýa-da ýuridiki şahslar tarapyndan döredilýän halkara guramadyr.**

Başgaça aýdylanda, halkara hökümete degişli däl guramalar bilimde, ylymda we tehnikada, saglygy goramakda, medeniýetde, haýyr-sahawat etmek we ş.m. işlerde umumy maksatlara ýetmek üçin hökümete degişli bolmadyk milli bileleşikleriň, assosiasiýalaryň, jemgyýetleriň hemişelik birleşikleridir. Halkara hukugynyň Assosiasiýasy, Halkara Gyzyl Haç we Ýarymaý jemgyýeti, Parlamentara birleşik, doganlaşan şäherleriň Bütindünýä federasiýasy, ýurist-demokratlaryň Halkara assosiasiýasy, ylmy birleşikleriň Halkara geňeşi, žurnalistleriň Halkara guramasy we başgalar hökümetlere degişli bolmadyk halkara guramalarydyr.

**Halkara hökümete degişli däl guramalaryň esasy alamatlary şulardan ybaratdyr,** ýagny HHDDG: *esaslandyryjy resminamanyň esasynda döredilýär; ony azyndan bir döwlet ykrar edýär;* onuň halkara hökümetara guramalaryň ýanynda *maslahat beriş statusy bolýar;* umumy ýa-da ýörite maslahat beriş statusyň esasynda BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň üsti bilen *BMG* we *beýleki HHG bilen hyzmatdaşlyk edýär; birden köp ýurtlardan pul serişdeleri alýar; islendik çäkde dünýä jemgyýetçilik pikirini aňladýar; ählumumy we köptaraplaýyn dünýä meselelerini çözmeklige gatnaşýar; Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň işinden başga BMG-niň esasy edaralarynyň işine gatnaşmaýar* (BMG-niň Düzgünnamasynyň 71-nji maddasy); Düzgünnamanyň esasynda i*kiden köp döwletde hereket edýär; filiallaryny, okuw jaýlaryny we ş.m. döredip bilmeýär; BMG-niň YDG-e özüniň wekillerini (synçylaryny) belläp bilýär; girdeji gazanmaklygy maksat edinmeýär.*

Hökümete degişli däl guramalar täze şertnama kadalarynyň işlenip taýýarlanmagyna ýardam edýärler. Mysal üçin, hut hökümete

degişli däl guramalar adam hukuklary babatda aýdyň pikirleri teklip etdiler we soňra şol pikirler BMG-niň Düzgünnamasynda öz beýanyny tapdy. Hökümete degişli däl guramalar halkara hukugynyň hereket edýän kadalaryna düşündiriş bermeklige we şu esasda degişli gollanmalaryň taýýarlanmagyna hem gatnaşyp bilýärler. Mysal üçin, dördünji Ženewa konwensiýasy işlenip taýýarlanylan wagtynda Gyzyl Haç Halkara komiteti zorlamagyň halkara ynsanperwer hukugy boýunça jenaýat hökmünde ykrar edilmegini tutanýerli talap etdi.

Adam hukuklary baradaky Ýewropa kazyýeti eger ol 1951-nji ýylyň Konwensiýasy we oňa degişli protokollar tarapyndan göz öňünde tutulan hukuklaryň bozulmagynyň pidasy bolan ýagdaýynda, HHDDG--den arzalary kabul edip bilýär. Hökümete degişli däl guramalar adam hukuklary, gumanitar we ekologiki hukuk boýunça borçnamalaryň döwletler tarapyndan berjaý edilişine gözegçilik etmeklik amala aşyrylanda hem ýygy-ýygydan peýdalanylýar. HHDDG-ler köpçülikleýin mejbury çäreleriň kabul edilmegine hem ýardam edip bilerler. Mysal üçin, BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşi özüniň 1992-nji ýylyň 13-nji awgustyndaky 771 belgili rezolýusiýasynda ähli döwletleri we halkara gumanitar guramalaryny gumanitar hukugynyň kadalarynyň bozulmagyna degişli esaslandyrylan maglumatlary deňeşdirmäge çagyrdy.

HHDDG-niň hukuk statusy onuň kanunçylygy boýunça onda döredilen we ony hasaba alan döwletiň içerki hukugy tarapyndan kesgitlenilýär. Ýöne käbir HHDDG-ler babatda hukuklaryň we artykmaçlyklaryň, şeýle hem immunitetleriň göwrümi degişli ýurt bilen ylalaşyga gol çekişmek arkaly bellenilýär. Mysal üçin, 1998-nji ýylyň noýabrynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Halkara Gyzyl Haç komitetiniň (HGHK) arasynda Ştab-jaý hakynda Ylalaşyga gol çekildi. Şu ylalaşygyň 1-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň çäginde HGHK-nyň statusy hökümetara guramalaryň statusy ýalydyr. HGHK–nyň öz immunitetlerinden ýüz öwürýän halatlaryndan başga ýagdaýlarda HGHK, onuň emlägi, serişdeleri we aktiwleri, olaryň nirede we kimiň garamagynda durýandygyna seretmezden, kazyýet tarapyndan gatyşmagyň islendik görnüşine bolan immunitetden peýdalanýarlar.

HGHK-nyň jaýlary eldegrilmesizdir. HGHK-nyň emlägi we aktiwleri, olaryň nirede we kimiň garamagynda durýandygyna seretmezden, dökülmäge, rekwizisiýa edilmäge, alynmaga we haýsydyr bir görnüşde ýerine ýetiriji, kazyýet, administratiw ýa-da kanun çykaryjy hereketler arkaly gatyşylmaga degişli däldir.

HGHK-nyň arhiwleri we umuman HGHK degişli we HGHK tarapyndan saklanylýan ähli resminamalar olaryň nirede ýerleşýändiklerine seretmezden eldegrilmesizdir.

**Soraglar:**

1. Halkara gurama näme we nähili ýagdaý ony halkara maslahatdan tapawutlandyrýar?
2. Halkara guramalaryň rolunyň ýokarlanmagynyň we olaryň sanynyň artmagynyň sebäbi näme?
3. Halkara hökümetara gurama näme?
4. HHG-a nähili alamatlar, aýratynlyklar mahsus?
5. HHDDG näme?
6. HHDDG-yň aýratynlyklary, alamatlary nämeden ybarat?

## § 2. Häzirki zaman halkara hökümetara guramalaryň görnüşleri

Häzirki zaman halkara hökümetara guramalar köp dürlidir we şunlukda, olary käbir toparlara bölmek maksadalaýykdyr. HHG-ni toparlara bölmek üçin ulanylýan ölçegler hem dürli-dürlidir. Geliň, şol ölçegleriň esasylaryny ulanmak bilen, halkara guramalary birnäçe toparlara böleliň.

**Ozaly bilen halkara hökümetara guramalary *köptaraplaýyn guramalara* bölüp bolar.** Sebäbi şeýle guramalaryň maksatlarynyň we wezipeleriniň halkara birleşigi, umuman dünýäniň ähli döwletleri üçin uly ähmiýeti bardyr. Şonuň üçin hem şol guramalara köptaraplaýyn agzalylyk häsiýetlidir. Köptaraplaýyn häsiýetli halkara hökümetara guramalara Birleşen Milletler Guramasy we onuň ýöriteleşdirilen edaralary (Halkara zähmet guramasy, BMG-niň bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy, Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy we ş. m.), BMG-niň ulgamynyň beýleki

guramalary, şol sanda Atom energiýasy boýunça halkara agentlik, Bütindünýä söwda guramasy, şeýle hem BMG-niň ulgamyna girmeýän dünýäniň ähli döwletleriniň olara gatnaşmagy üçin açyk beýleki halkara guramalar degişlidir.

**Halkara hökümetara guramalar şeýle hem *sebitleýin guramalara* bölünýärler.** Sebitleýin halkara guramalara haýsy hem bolsa bir sebitiň çäginde ýerleşýän we toparlaýyn bähbitleri göz öňünde tutup özara hereket edýän döwletler birleşýärler. Şeýle guramalara Ýewropa Geňeşi, Ýewropa Bileleşigi, Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasy, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy, Şanhaý Hyzmatdaşlyk guramasy, Afrika bitewiliginiň guramasy ýaly guramalar girýärler.

**Guramalaryň bu toplumyna köptaraplaýyn ähmiýeti bolmadyk, ýöne özleriniň bähbitleri we düzümi boýunça *sebitleýin çäklerden çykýan guramalary* hem goşmak bolar.** Muňa mysal hökmünde olarda musulman dini esasy bolup duran ýa-da agdyklyk edýän 57 döwleti öz içine alýan Yslam hyzmatdaşlygy guramasyny getirse bolar. Şeýle guramalara *sebitara guramalar* hem diýilýär.

**Halkara hökümetara guramalar şeýle hem *umumy we ýörite ygtyýarlyklary bolan guramalara* bölünýärler.** Umumy ygtyýarlygy bolan guramalaryň işi agza döwletleriň gatnaşyklarynyň ähli ugurlaryna – syýasy, ykdysady, durmuş, medeni we başga çäklerine degişlidir. Şeýle guramalara Birleşen Milletler Guramasy, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy, Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasy we käbir başga guramalar degişlidir.

Ýörite ygtyýarlygy bolan guramalar bir ýörite çäkdäki hyzmatdaşlyk bilen çäklenýärler we syýasy, söwda, maliýe, ykdysady, durmuş, medeni, dini guramalara bölünip bilýärler. Halkara pul gaznasy, Halkara zähmet guramasy, Bütindünýä poçta bileleşigi, Bütindünýä söwda guramasy, Raýat awiasiýasynyň Halkara guramasy we başgalar ýörite ygtyýarlygy bolan guramalardyr.

**Halkara hökümetara guramalaryny olaryň ygtyýarlyklarynyň häsiýeti boýunça hem toparlara bölüp bolar.** Bu bolsa olary *döwletara* we *döwletlerden ýokarda durýan guramalara* bölmäge mümkinçilik berýär. Birinji topara olaryň maksady döwletara hyzmatdaşlygyny guramak bolup durýan we olaryň kararlary agza

döwletlere niýetlenen halkara guramalaryň aglaba köpüsi degişlidir. Ikinji topara döwletlerden ýokarda durýan guramalar degişlidir. Agza döwletleriň goşulyşmagyny maksat edinýän bu guramalar XX asyryň ikinji ýarymynda peýda boldular. Olar üçin agza döwletleriň ygtyýarlyklarynyň bölegini şol halkara guramalarynyň edaralaryna bermek häsiýetlidir. Şeýle guramalara agza döwletleriň fiziki we ýuridiki adamlaryny gönüden-göni borçly edýän kararlary kabul etmeklige hukuk berilýär. Şeýle kararlar döwletleriň çäginde milli kanunlar bilen bir hatarda hereket edýärler. Halkara guramalaryň bu görnüşine Ýewropa Bileleşigi mysal bolup biler.

**Halkara hökümetara guramalaryny şeýle hem olara agzalyga kabul etmekligiň tertibi,** ýagny guramalaryň munuň üçin açyklygy (mysal üçin, EHHG) ýa-da ýapyklygy (mysal üçin, NATO) **nukdaýnazaryndan hem toparlara bölüp bolýar.**

«Halkara guramalary» we «halkara edaralary» – bu adalgalar manydaş sözlerdir. Mysal üçin, BMG-niň ulgamynyň ýöriteleşdirilen guramalary ýöriteleşdirilen edaralar diýlip atlandyrylýar.

**Guramalar däl-de, eýsem edaralar, komitetler diýlip atlandyrylýan käbir döwletara institutlarda hem halkara guramalaryň statusy bardyr.** Muňa mysal edip BMG-niň deňiz hukugy boýunça 1982-nji ýylyň Konwensiýasy tarapyndan döredilen deňziň düýbi boýunça Halkara edarasyny (DDHE) görkezmek bolar. Konwensiýanyň 157-nji maddasynyň 1-nji bendine laýyklykda bu edara halkara gurama hasaplanylýar we onuň üsti bilen döwletler deňiz düýbündäki işi guraýarlar we oňa gözegçilik edýärler. Bu halkara edara 1996-njy ýylda öz işine başlady. Onuň ştab-jaýy Kingstonda (Ýamaýka) ýerleşýär. DDHE-nyň agzalary 1982-nji ýylyň Konwensiýasyna gatnaşýan döwletler bolup durýarlar. 1997-nji ýylda BMG-niň we DDHE-niň arasynda özara gatnaşyklar barada Ylalaşyk baglaşyldy.

***Edaraara guramalar* hem halkara guramalaryň ýörite bir görnüşi bolup durýarlar.** Geliň, bu meseläniň üstünde onuň işi edaraara esasda gurulýan jenaýat polisiýasynyň Halkara guramasynyň (Interpol) mysalynda has giňräk durup geçeliň.

Interpol ilkinji gezek jenaýat polisiýasynyň Halkara maslahatynda jenaýat polisiýasynyň Halkara komissiýasy ady bilen 1923-

-nji ýylda döredildi. 1956-njy ýylda Wenada Interpolyň täze Düzgünnamasy kabul edildi, komissiýa jenaýat polisiýasynyň Halkara guramasy ady dakyldy. Şeýle hem Interpolyň ştab-jaýynyň ýerleşýän ýeri – Lion (Fransiýa) belli edildi. 1982-nji ýylda Interpolyň statusy halkara hökümete degişli däl guramadan halkara hökümetara guramasynyň statusyna özgerdildi. Interpolyň resmi dili arap, iňlis, ispan we fransuz dilleri hasaplanýar.

Interpolyň Düzgünnamasy halkara şertnamadyr we onda guramanyň wezipeleri kesgitlenendir. Düzgünnamanyň 2-nji maddasyna laýyklykda Interpol hereket edýän kanunyň çäklerinde öz öňünde ähli milli jenaýat polisiýalarynyň edaralarynyň giň özara hereketini üpjün etmek; jenaýatçylygy duýdurmaklyga we oňa garşy göreş alyp barmaklyga ýardam edýän edaralary döretmek we ösdürmek ýaly esasy maksatlary goýdy. «Halkara jenaýatçylar» we halkara häsiýetli jenaýatlar barada maglumatlary toplamak we saklamak; jenaýatçylaryň we nam-nyşansyz ýitip giden adamlaryň, şeýle hem ogurlanan emläkleriň halkara gözlegini guramak we ş.m. bu guramanyň işiniň esasy ugurlary boldy.

Interpolyň Düzgünnamasynyň 4-nji maddasyna laýyklykda islendik döwlet öz polisiýasynyň resmi edarasyna Guramanyň agzasy bolmaklyga wekilçilik berýär. Agzalyga kabul edilmek baradaky haýyşnama Interpolyň baş sekretaryna ýollanýar we bu mesele boýunça karar Baş Assambleýa tarapyndan sesleriň üçden iki böleginiň köplüginde kabul edilýär.

Interpolyň Düzgünnamasynyň 5-nji maddasyna laýyklykda jenaýat polisiýasynyň Halkara guramasynyň düzümi Baş Assambleýadan, Ýerine ýetiriji komitetden, Baş sekretariatdan, Milli merkezi býurodan, geňeşçileriň Institutyndan durýar. Düzgünnama boýunça Baş Assambleýa guramanyň iň ýokary edarasydyr we ol her ýyl geçirilýän mejlisleriň kararlarynyň esasynda ýolbaşçylygy amala aşyrýar.

Ýerine ýetiriji komitet Baş Assambleýanyň mejlisleriniň arasyndaky döwürde assambleýanyň wezipelerini amala aşyrýar. Baş sekretariat baş sekretariatdan, hünärmenlerden we administratiw işgärlerden durýar we Düzgünnama laýyklykda ol jenaýatçylyga garşy göreş boýunça halkara merkez hökmünde hereket edýär. Baş sekretariat milli we halkara edaralar bilen aragatnaşyk saklaýar.

Interpolyň Düzgünnamasynyň 32-nji maddasyna laýyklykda her bir agza döwlet Gurama we milli polisiýa edaralary bilen hyzmatdaşlygy, ýakyn aragatnaşyklary amala aşyrmak maksady bilen, öz polisiýasynyň düzüminde Milli merkezi döretmäge borçly bolup durýar.

Özüniň işiniň 80 ýyldan hem gowrak wagtynyň içinde Interpol halkara jenaýatçylyga garşy göreşde esli üstünliklere eýe boldy. Interpolyň Baş Assambleýasynyň 75-nji mejlisiniň gidişinde (Rio-de-Žaneýro, Braziliýa, 2006 ý.) guramanyň agzalarynyň jenaýat ýustisiýasy çäginde döwletleriň hyzmatdaşlygy ýokary derejede saklamak boýunça özleriniň düzgünnama borçnamalaryny ýerine ýetirmekde düýpli öňegidişligiň bolandygy bellenip geçildi.

Interpol dünýäde iň uly halkara polisiýa guramasydyr. Häzirki wagtda 190-a golaý ýurt bu guramanyň agzasy bolup durýar. Interpolyň BMG-niň Baş Assambleýasynda synçy statusy bardyr. Türkmenistan 2005-nji ýyldan bäri Interpolyň agzasydyr.

**Soraglar:**

1. Köptaraplaýyn HHG-niň işiniň dünýä bileleşigi üçin nähili ähmiýeti bar?
2. Sebitleýin halkara guramalara nähili döwletler birleşýärler?
3. Işiniň çägi umumy, şeýle hem ýörite hukugy bolan guramalar barada näme bilýärsiňiz?
4. Agza döwletleriň goşulyşmagyny maksat edinýän guramalar haýsylar?
5. Täze agzalary kabul etmekligiň tertibi boýunça ýapyk guramalar barmy?
6. Edaralar, komitetler diýlip atlandyrylýan haýsy döwletara institutlarynda halkara guramanyň statusy bar?
7. Edaraara gurama halkara guramanyň görnüşi bolup bilermi?

## § 3. Halkara guramalary döretmekligiň tertibi. Halkara guramalara agzalyk

Halkara hukugynyň ikinji derejeli subýektleri hökmünde halkara guramalar döwletler tarapyndan döredilýär. **Täze halkara guramanyň döredilmegi üç basgançagy öz içine alýar. Olaryň birinjisi *esaslandyryjy resminamanyň kabul edilmegidir*.**

Döwletleriň halkara guramany döretmek baradaky ylalaşylan islegleri halkara şertnamada, şeýle hem eýýäm bar bolan halkara

guramanyň kararynda berkidilip bilner. Munuň has giň ýaýran usuly halkara şertnamasynyň baglaşylmagydyr. Bu bolsa şertnamanyň tekstini işläp taýýarlamak we kabul etmek üçin halkara maslahatynyň çagyrylmagyny göz öňünde tutýar we şol şertnama guramanyň esaslandyryjy resminamasy hem bolýar. Şeýle resminamanyň ady status, düzgünnama, konwensiýa we ş.m. atlandyrylyp bilner. Onuň güýjüne girýän güni guramanyň döredilen güni hasap edilýär.

Halkara guramalar ýönekeýleşdirilen tertipde, başga halkara guramasy tarapyndan kararyň kabul edilmegi bilen hem döredilip bilner. BMG-niň Baş Assambleýanyň kömekçi edarasynyň statusy bilen özbaşdak guramalary döretmegi munuň aýdyň mysalydyr. Hut şeýle ýol bilen BMG-niň söwda we ösüş boýunça Maslahatynyň (1964), BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň (1965) döredilendigi mälimdir. Bu ýagdaýda döwletleriň halkara guramany doretmek baradaky ylalaşylan islegleri olaryň kabul edilen wagtyndan başlap güýjüne girýän esaslandyryjy rezolýusiýa ses bermekleri bilen ýüze çykýar.

**Halkara guramanyň döredilmeginiň ikinji basgançagy *guramanyň maddy gurluşynyň döredilmegidir*.** Bu maksat üçin, köplenç, ýörite taýýarlaýjy edaralar ulanylýar. *Taýýarlaýjy edaralar* halkara şertnamanyň ýa-da döredilýän guramanyň düzgünnamasyna goşmaçanyň, ýa-da başga halkara guramanyň rezolýusiýasynyň esasynda döredilýär. Şol resminamalarda edaranyň düzümi, onuň ygtyýarlygy we borçlary kesgitlenilýär. Şeýle edaranyň işi guramanyň geljekki edaralarynyň düzgün-tertibiniň taslamalaryny taýýarlamaga, ştab-jaýy döretmek, esasy edaralaryň başlangyç gün tertibini düzmek ýaly meseleleriň toplumyny işläp taýýarlamaklyga gönükdirilendir.

**Halkara guramanyň döredilmeginiň üçünji basgançagy – ol hem *guramanyň* hereket edip başlandygyna şaýatlyk edýän onuň *esasy edaralarynyň çagyrylmagydyr.***

Guramanyň öz ýaşamagyny bes etmegi hem agza döwletleriň ylalaşylan islegleri bilen bolup geçýär. Köplenç guramanyň ýatyrylmagy onuň ýapylýandygy barada protokola gol çekilmek bilen amala aşyrylýar.

Halkara guramalara agza bolmak döwletiň aýrylmaz hukugydyr we ol onuň özbaşdaklygyndan gelip çykýar. Halkara hökümetara gu-

rama agzalygyň şertleri we tertibi adatça guramanyň esaslandyryjy resminamasynda bellenýär. **Halkara hökümetara guramalarda agzalygyň iki topary, ýagny *doly hukukly agzalar* we *çäklendirilen hukuklary bolan agzalar* tapawutlandyrylýar.**

Şeýle guramalarda *diňe döwletler doly hukukly agzalar bolup bilýärler.* Öz gezeginde doly hukukly agzalar ilkinji we goşulan agzalara bölünýärler.

Halkara guramalaryň köpüsi özleriniň esaslandyryjy resminamalarynda agzalyga kabul etmegiň ölçeglerini belleýärler. Umumy we ýörite ölçegler tapawutlandyrylýar. Umumy ölçeglere kandidat – döwlet tarapyndan halkara guramanyň maksatlarynyň we ýörelgeleriniň ykrar edilmegi, öz üstüne esaslandyryjy resminamadan gelip çykýan borçnamalary almak we şol borçnamalary ýerine ýetirmek başarjaňlygy degişlidir. Şu ölçegler, adatça, ähli halkara guramalarda ulanylýar.

Käbir esaslandyryjy resminamalarda şeýle hem agzalyga kabul etmeklik üçin ýörite talaplar göz öňünde tutulandyr. Mysal üçin, döwletiň BMG kabul edilmegi üçin onuň parahatçylyk söýüji döwlet bolmagy hökmandyr, döwletiň Bütindünýä meterologiýa guramasyna agza bolmagy üçin bolsa şol döwletde hökmany suratda meteorologiýa gulluk bolmalydyr.

Kabul etmekligiň tertibi barada aýdylanda, onda ol ses bermekligiň tertibi esasynda ýönekeýleşdirilen bolup biler. Ýönekeýleşdirilen tertip BMG-niň agzalary üçin olaryň BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralaryna kabul edilenlerinde ulanylyp bilner.

Kabul etmekligiň tertibi esaslandyryjy resminamalarda bolýar. Mysal üçin, BMG-niň agzalygyna kabul edilmek üçin Howpsuzlyk Geňeşiniň karary, şeýle hem ses berişlikde bolan we oňa gatnaşan Baş Assambleýanyň agzalarynyň  üçden iki bölegi tarapyndan kabul edilen karar talap edilýär. Şol bir wagtyň özünde, ýapyk halkara guramalara (hususan-da NATO) girmegiň tertibi has çylşyrymlydyr.

Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy, Azyk we oba hojalyk guramasy ýaly käbir halkara guramalarda çäklendirilen hukukly agzalyk (assosirlenen agza we ş.m.) göz öňünde tutulýar. Çäklendirilen hukuklary bolan agzalaryň mejlislere gatnaşmaga, resminamalary almaga hukuklary bardyr, ýöne olar ses bermeklige gatnaşyp, guramanyň edaralaryna saýlanyp bilmeýärler.

Esaslandyryjy resminamalara laýyklykda agzalygyň bes edilmegi guramadan çykmak we çykarylmak arkaly bolup geçýär. Agzalygyň bes edilmeginden agzalygyň togtadylmagyny tapawutlandyrmak zerurdyr. Halkara guramalaryň düzgünnamalaryna laýyklykda, bu hem düzgünnama borçlarynyň bozulmagy bilen baglylykda, ýöne belli möhletiň çäginde ulanylýar.

**Soraglar:**

1. Halkara hukugynyň subýektleri hökmünde halkara guramalaryny kim döredýär?
2. Halkara guramanyň döredilmegi näçe basgançagy öz içine alýar we olar haýsylar?
3. Halkara guramanyň ýapylmagy nähili resminama gol çekilmegi esasynda bolup geçýär?
4. Halkara hökümetara guramalarda agzalygyň haýsy toparlary bardyr?
5. Käbir halkara guramalarynda agzalyga kabul etmekde nähili ýörite talaplar göz öňünde tutulýar?
6. Agzalygyň bes edilmeginde we onuň togtadylmagynda aratapawut barmy?

## §4.Halkara hökümetara guramalaryň hukuk tebigaty

Halkara guramalaryň hukuk tebigatynyň esasynda şol guramalary döredýän döwletleriň umumy maksatlary we bähbitleri ýatandyr. Halkara guramalaryň aýratyn hukuk erkiniň çeşmesi, onuň hukuk esasy şol guramalary esaslandyryjy resminamalardyr. **Halkara guramalaryň köpüsi üçin esaslandyryjy resminamalar – guramanyň maksatlary, wezipeleri we borçlary kesgitlenilen *halkara şertnamadyr.*** Beýle diýildigi halkara guramanyň esaslandyryjy resminamanyň çäklerinden daşarda hiç hili hereketi amala aşyryp bilmeýändigini aňladýar.

Elbetde, halkara guramalara hukuklaryň we borçlaryň berilmegi olaryň döwletler – halkara hukugynyň esasy subýektleri bilen bir derejede goýulýandygyny aňlatmaýar. Halkara hukugynyň esasy subýektleri döwletlerdir, sebäbi hut döwletler halkara hukugynyň beýleki subýektlerinde ýok bolan ençeme möhüm häsiýetlere eýedirler. Döwleti tapawutlandyrýan syýasy-ýuridiki häsiýet – onuň özbaşdaklygydyr. Döwlet özbaşdaklygy – munuň özi öz çäginde

döwlete mahsus bolan başda durmaklykdyr we halkara gatnaşyklar çäginde onuň garaşsyzlygydyr. Şeýle häsiýet diňe döwletlerde bolýar, bu bolsa halkara hukugynyň esasy subýektleri hökmünde olaryň esasy häsiýetli aýratynlyklaryny öňünden kesgitleýär. Şunlukda, döwletleriň hukuk subýektliligi hiç hili daşary erkden garaşly bolmaýar, ol çäklendirilmeýär we köptaraplaýyn bolýar.

Halkara hökümetara guramalar barada aýdylanda, onda olaryň hukuk tebigaty halkara guramany döredýän döwletleriň maksatlarynyň we bähbitleriniň umumylygy bilen kesgitlenýär. Halkara guramalary döretmek bilen, döwletler özleriniň şol guramalaryň üstüne ýükleýän wezipeleri bilen baglylykda, olary zerur bolan hukuk ukyplylygy bilen üpjün edýärler we şunlukda, halkara hukugynyň täze subýektini döredýärler. Bu subýekt döwletler bilen bir hatarda halkara hyzmatdaşlygynyň çäginde hukukdörediji, hukukulanyjy we hukukgoraýjy ýaly wezipeleri amala aşyrýar.

Elbetde, hemme halkara guramalaryň hukuk ukyplylygynyň göwrümi birmeňzeş bolmaýar. Beýleki halkara guramalary bilen deňeşdirilende BMG-niň has uly göwrümli hukuk ukyplylygy bardyr, bu bolsa BMG-niň Düzgünnamasy tarapyndan bellenilen ygtyýarlyklarynyň giň toplumy bilen şertlendirilendir.

Öz wezipelerini ýerine ýetirmekleri üçin, **halkara guramalar zerur bolan ýuridiki serişdeler bilen üpjün edilmelidir.** Hususan-da, halkara hökümetara guramalarynyň esaslandyryjy resminamalarynda guramalaryň agza döwletleriň çäginde öz wezipelerini ýerine ýetirmek üçin zerur bolan hukuk başarnygyndan peýdalanýandygy göz öňünde tutulýar. Mysal üçin, BMG-niň Düzgünnamasynyň 104-nji maddasy BMG-niň agza döwletleriniň hersiniň çäginde öz borçlaryny ýerine ýetirmek we maksatlaryna ýetmek üçin zerur bolan hukuk başarnygyndan peýdalanýandygyny göz öňünde tutýar.

Halkara guramalarynyň şeýle hem öz ygtyýarlyklarynyň çäginde öz hukuklaryny we borçlaryny durmuşa geçirmek üçin **zerur bolan ylalaşyklary baglaşmaklyga bolan hukuklary bardyr.** Mysal üçin, döwletleriň we halkara guramalaryň ýa-da halkara guramalaryň arasyndaky şertnamalaryň hukugy hakyndaky Wena konwensiýasynyň 6-njy maddasy «halkara guramanyň şertnamalary baglaşmak boýunça hukuk başarnyklylygynyň şol guramanyň düzgünleri tarapyndan tertibe salynýandygyny» göz öňünde tutýar.

Halkara hökümetara guramalaryň halkara hukugynyň beýleki subýektleri bilen **halkara gatnaşyklara girmäge bolan hukugy hem bardyr.** HHG-niň ýanynda agza döwletleriň ýa-da synçylaryň wekilhanalary akkreditlenýär, halkara guramalaryň özleri hem agza döwletlerde ýa-da başga döwletlerde öz wekilhanalaryny açyp, şeýle hem öz aralarynda wekilhanalar alşyp bilýärler. Mysal üçin, 1996-njy ýylyň 3-nji martynda BMG jaý bermek barada Türkmenistanyň hökümetiniň we BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň arasynda Ylalaşyga, 1998-nji ýylyň 3-nji dekabrynda bolsa Aşgabatda Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasynyň Merkezini döretmek barada Türkmenistanyň hökümetiniň we ÝHHG-niň arasynda ylalaşyk baradaky Ähtnama gol çekildi.

Halkara hukugynyň subýektleri hökmünde halkara hökümetara guramalar hem kanundan çykmalar we zyýan ýetirmeler üçin halkara jogapkärçiligine çekilip bilner. Mysal üçin, BMG-niň Düzgünnamasynyň 57-nji maddasy ýöriteleşdirilen edaralaryň ykdysady, durmuş, medeni we başga çäklerdäki jogapkärçiligini göz öňünde tutýar.

**Halkara hökümetara guramalar, olaryň wezipeli adamlary we işgärleri artykmaçlyklardan we immunitetlerden peýdalanýarlar.** Eýsem diplomatik artykmaçlyklar we immunitetler diýip biz nämä düşünýäris?

Biziň şu günki günlerimizde **diplomatik wekilhanalaryň, olaryň ýolbaşçylarynyň we işgärleriniň peýdalanýan immunitetleri – munuň özi halkara hukugynyň ählumumy kabul edilen ýörelgesi bolup, ol diplomatik wekilhananyň bolýan döwletiniň we onuň häkimiýet edaralarynyň ýurisdiksiýasyndan boşadylmagyny aňladýar.**

**Artykmaçlyklar bolsa diplomatik wekilhana we konsullyk edara, şeýle hem olarda işleýän işgärlere berilýän ýeňilliklerdir, aýratyn hukuklardyr. Şeýlelikde, immunitetler we artykmaçlyklar – munuň özi bolýan ýurdunda daşary ýurt diplomatik wekilhanalara we diplomatlara olaryň öz wezipelerini ýerine ýetirmeklerini üpjün etmek maksady bilen berilýän aýratyn hukuklaryň we artykmaçlyklaryň jemidir.**

Diplomatik wekilhanalaryň, şol sanda halkara hökümetara guramalaryň bu hukugy guramalaryň esaslandyryjy resminamalarynda, şeýle hem ýörite kabul edilýän halkara ylalaşyklarda göz öňünde

tutulýar. Hususan-da, muňa mysal edip artykmaçlyklar we immunitetler barada Birleşen Milletler Guramasynyň 1946-njy ýylyň 13-nji fewralynda kabul eden Konwensiýasyny, BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralarynyň artykmaç hukuklary we immunitetleri barada 1947-nji ýylyň 21-nji noýabrynda kabul edilen Konwensiýany, hyzmatdaşlygyň belli çäklerinde hereket edýän döwletara guramalaryň hukuk statusyny, artykmaç hukuklar we immunitetler baradaky 1980-nji ýylyň Konwensiýasyny görkezmek bolar.

Mysal üçin, artykmaçlyklar we immunitetler babatda BMG döwletleriň diplomatik wekilhanalaryna deňleşdirilendir; onuň baýdak we nyşan edinmäge hem hukugy bardyr. BMG-niň bolýan ýurdy BMG-niň ştab-jaýynyň el degrilmesizligini üpjün etmelidir, BMG-niň we onuň edaralarynyň kadaly işi üçin şertler döretmelidir, BMG-niň wezipeli adamlarynyň, döwletleriň we ýöriteleşdirilen edaralaryň BMG-niň edaralary tarapyndan çagyrylan adamlaryň (bilermenleriň we ş.m.) BMG-niň çägine girmeklerine we ondan çykmaklaryna päsgelçilik döretmeli däldir. BMG-niň işine onuň bolýan ýurdunyň döwlet häkimiýetiniň edaralarynyň goşulmaga haky ýokdur. Hat-da BMG-niň çäginde jenaýatçylyk bolan ýagdaýynda hem, eger muňa BMG-niň Baş Sekretarynyň razylygy bolmasa, häkimiýetiň ýerli edaralary jenaýat-iş ýörediş hereketleri (tussag etmeklik, öý dökmeklik we ş.m.) edip bilmezler. Öz gezeginde, BMG we onuň işgärleri bolýan ýurdunyň kanunlaryny hormatlamalydyr we onuň içerki işlerine gatyşmaly däldirler.

BMG-niň Baş sekretary, onuň ähli orunbasarlary, şeýle hem beýleki sebitlerdäki we aýry-aýry döwletlerdäki wekilleri döwletleriň diplomatik wekillerine berilýän artykmaç hukuklar we immunitetler ýaly artykmaç hukuklardan we immunitetlerden doly peýdalanýarlar.

Diplomatik artykmaçlyklar we immunitetler ýokarda görkezilen adamlaryň maşgala agzalaryna hem ýaýraýar. BMG-niň galan wezipeli adamlary üçin esasan funksional immunitetler ulanylýar: olar aýry-aýry artykmaçlyklardan we immunitetlerden öz gulluk borçlaryny ýerine ýetirýän wagtlarynda peýdalanýarlar. BMG-niň wezipeli adamsyna berilýän immunitetden BMG-niň Baş sekretarynyň ýüz öwürmäge hukugy bardyr. Baş sekretaryň özi barada aýdylanda, onda

onuň immunitetden ýüz öwürmek hukugy Howpsuzlyk Geňeşine degişlidir (1946-njy ýylyň Konwensiýasynyň 20-nji maddasy).

BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralarynyň we olaryň işgärleriniň artykmaçlyklary we immunitetleri barada kabul edilen konwensiýa laýyklykda, olar BMG-niň we BMG-de döwletleriň wekilleriniň peýdalanýan artykmaç hukuklary we immunitetleri ýaly hukuklardan we immunitetlerden peýdalanýarlar. Doly göwrümde artykmaçlyklardan we immunitetlerden ýöriteleşdirilen edaralaryň ýokary wezipeli adamlary: baş direktorlar, olaryň orunbasarlary, jogapkär sekretarlar, şeýle hem olaryň maşgala agzalary peýdalanýar. Beýleki wezipeli adamlar birneme çäklendirilen artykmaçlyklardan we immunitetlerden peýdalanýar. Döwletiň çäginde ýerleşýän ýöriteleşdirilen edara bilen döwletiň arasynda özara hukuklar we borçlar barada ylalaşyk baglaşylýar. Saglygy goramak boýunça Bütindünýä guramasynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň (1995-nji ýylyň noýabry), BMG-niň bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň (1996-njy ýylyň sentýabry) arasyndaky ylalaşyklar munuň aýdyň mysalydyr.

Çäginde halkara guramalaryň wekilhanalary ýerleşýän döwletler bilen şol guramalaryň arasynda baglanyşylýan ylalaşyklar bilen baglylykda Türkmenistanyň Hökümetiniň we migrasiýa boýunça Halkara guramanyň arasynda hyzmatdaşlyk baradaky 1998-nji ýylyň iýunynda gol çekilen Ylalaşygyň üstünde has dolurak durup geçeliň.

Şol Ylalaşygyň **«Guramanyň artykmaçlyklary we immunitetleri»** atlandyrylan 1-nji maddasynda şeýle diýilýär: «Hökümet BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralarynyň artykmaç hukuklary we immunitetleri barada 1947-nji ýylyň 21-nji noýabrynda kabul edilen Konwensiýasyna, şeýle hem Türkmenistanyň degişli hukuk kadalaryna laýyklykda Birleşen Milletler Guramasynyň ýörite edaralaryna berilýän artykmaç hukuklary we immunitetleri ýaly artykmaçlyklary we immunitetleri Gurama berýär.

Gurama:

a) hyzmatyň belli görnüşleri üçin alynýan ýygymlaryň we paçlaryň töleginden başga ähli göni salgytlardan;

b) ähli ikinji derejeli salgytlardan, gümrük paçlaryndan ýa-da şoňa meňzeş islendik ýygymlardan, şeýle hem Türkmenistanyň çä-

ginde gulluk maksatlary üçin niýetlenen predmetler, enjamlar babatda import, eksport ýa-da tranzit çäklendirmelerden boşadylýar.

Ylalaşygyň **«Guramanyň işgärleriniň artykmaç hukuklary we immunitetleri»** atlandyrylan 2-nji maddasynda bolsa «Hökümet Guramanyň Baş Direktoryna, onuň orunbasaryna we Guramanyň işgärlerine 1947-nji ýylyň 21-nji noýabryndaky Konwensiýa we Türkmenistanyň degişli hukuk kadalaryna laýyklykda BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralarynyň ýerine ýetiriji ýolbaşçylaryna we işgärlerine berilýän artykmaç hukuklary we immunitetler ýaly artykmaçlyklary we immunitetleri berýär» – diýlip aýdylýar.

**Özleriniň düzgünnamalaýyn maksatlaryny durmuşa geçirmek we operatiw işini amala aşyrmak üçin halkara hökümetara guramalarynyň özleriniň sekretariatlarynyň işgärlerini şertnama esasynda toplamaga hukugy bardyr.** Şol işgärler döwletleriň wekilleri bolman, eýsem halkara wezipeli adamlar bolýarlar, olar diňe halkara gurama boýun egýärler we guramanyň adyndan we onuň bähbidi ugrunda hereket edýärler. Halkara guramalaryň wezipeli adamlarynyň halkara häsiýeti olara haýsy hem bolsa bir hökümetden ýa-da häkimiýetden görkezme soramaklyga ýa-da almaklyga ýol bermeýär. Mysal üçin, Bütindünýä deňiz guramasynyň Düzgünnamasynyň 22-nji maddasynda hususan-da şeýle diýilýär: «Öz borçlaryny ýerine ýetirýän wagtynda baş sekretar we Guramanyň işgärleri Guramanyň daşyndan hiç bir edaradan görkezme almaly däldirler. Olar halkara gullukçylary hökmünde öz ygtyýarlyklary bilen gabat gelmeýän islendik hereketden saklanmalydyrlar».

**Her bir HHG-niň öz hususy maliýe serişdeleri bardyr** we olar esasan hem agza döwletleriň agzalyk tölegleriniň hasabyna toplanýar we olar guramanyň umumy bähbitleri üçin sarp edilýär. Halkara guramalaryň, hususan-da, BMG-niň Çagalar gaznasy, BMG-niň Ösüş maksatnamasy ýaly kömekçi edaralary BMG-niň merkezi býujetiniň däl, eýsem meýletin tölegleriň hasabyna maliýeleşdirilýär.

Şeýle hem, BMG-niň kömekçi edaralary hasaplanýan onuň maksatnamalarynyň, gaznalarynyň hukuk subýektliligi ýokdur. Olar BMG-niň hukuk subýektliligine esaslanýan hukuk başarjaňlyga eýedirler.

**Soraglar:**

1. Halkara guramalaryň hukuk tebigatynyň esasyny nämeler tutýar?
2. Halkara guramalara hukuklaryň we borçlaryň berilmegi olaryň halkara hukugynyň esasy subýektleri bilen bir derejede goýulýandygyny aňladýarmy?
3. Öz wezipelerini ýerine ýetirer ýaly halkara guramalar zerur bolan ýuridiki serişdeler bilen üpjün edilýärmi?
4. Halkara guramalaryň ylalaşyklary baglaşmaga, şeýle hem halkara hukugynyň beýleki subýektleri bilen halkara gatnaşyklara girmäge hukugy barmy?
5. HHG, olaryň wezipeli adamlary we işgärleri nähili artykmaçlyklardan we immunitetlerden peýdalanýarlar?
6. Halkara guramalaryň wezipeli adamlarynyň halkara häsiýetine nähili düşünýärsiňiz?
7. HHG-niň maliýe serişdeleri nähili çeşmeleriň hasabyna toplanýar?
8. BMG-niň kömekçi edaralary hasaplanylýan onuň maksatnamalarynyň, gaznalarynyň hukuk subýektliligi barmy?

## §5. Halkara guramalaryň ygtyýarlyklary, borçlary we edaralary

Döwletler tarapyndan belli bir maksatlary we wezipeleri ýerine ýetirmek üçin döredilen halkara gurama ony esaslandyryjy resminamada görkezilen degişli ygtyýarlyklar bilen üpjün edilýär. Halkara guramanyň wezipeleri barada aýdylanda, onda olara guramanyň üstüne ýüklenen meseleleri ýerine ýetirmek boýunça onuň işiniň daşky ýüze çykmasy hökmünde düşünilip bilner.

*Halkara guramanyň edarasy* – munuň özi guramanyň, onuň düzüm halkasynyň aýrylmaz bölegidir. Edara halkara guramanyň esaslandyryjy we başga resminamalarynyň esasynda döredilýär, oňa degişli ygtyýarlyklar berilýär, onuň üstüne borçlar ýüklenýär. Şeýle hem, onuň içerki gurluşy, belli düzümi we kararlary kabul etmekligiň tertibi bardyr; esaslandyryjy ýa-da başga resminamada onuň hukuk statusy berkidilendir.

Halkara guramanyň ygtyýarlygy onuň edaralarynyň ygtyýarlyklary bilen ýakyndan baglydyr. Halkara guramanyň esasy edaralarynyň ygtyýarlyklary halkara guramanyň agza döwletleriniň muňa razylygy bolmazdan üýtgedilip bilinmez.

Halkara guramanyň edaralary kähalatlarda gurama agzalygyň häsiýetinden gelip çykyp, hökümetara, parlamentara, ekspert, adminis-

tratiw edaralar ýaly toparlara hem bölünýär. Mysal üçin, *hökümetara edaralar* has möhüm edaralar bolýarlar. Şol edaralara agza döwletler degişli ygtyýarlyklary bolan we hökümetleriň adyndan hereket edýän öz wekillerini ýollaýarlar.

Agzalarynyň sany bilen baglylykda edaralary ähli agza döwletlerden durýan *plenar*, şeýle hem *çäkli düzümi bolan edaralara* bölüp bolar. Has demokratik gurluşy bolan guramalarda, adatça, plenar edara guramalaryň syýasatyny kesgitleýär. Şol bir wagtyň özünde ençeme halkara guramalaryň, aýratyn hem BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralarynyň işinde agzalygy çäkli bolan edaralaryň roly ýokarlanýar.

Edaralar döredilende haýsydyr bir ýörelgäniň ulanylmagy göz öňünde tutulýar. Mysal üçin, Bütindünýä poçta birleşiginiň Konwensiýasynyň 15-nji maddasynda şeýle diýilýär: «Aragatnaşyk boýunça ýerine ýetiriji komissiýanyň agza döwletleri kongres tarapyndan adalatly geografiki bölüniş esasynda bellenilýär». Ýene-de bir mysal: Halkara deňiz guramasynda Assambleýa Geňeşiň agzalaryny halkara deňiz ýük gatnawy we halkara deňiz söwdasy meseleleri bilen has gyzyklanýan ýurtlaryň toparlarynyň aýratyn bähbitleriniň ýörelgesiniň esasynda saýlaýar.

Käbir ýagdaýlarda edaralar iki ýa-da ondan hem köp ölçegleriň hasaba alynmagy bilen döredilýär. Eger muňa mysal edip BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik däl agzalarynyň saýlawlaryny alsak, onda olaryň ilkinji nobatda BMG-niň agzalarynyň halkara parahatçylygy we howpsuzlygy saklamaklyga we Guramanyň beýleki maksatlaryna ýetmeklige gatnaşmaklarynyň derejesiniň, şeýle hem adalatly geografik wekilçiligiň göz öňünde tutulmagy bilen geçirilýändigi aýdyňdyr.

**Soraglar:**

1. Halkara guramalaryň ygtyýarlyklaryna we borçlaryna nähili düşünýärsiňiz?
2. Halkara guramalaryň edaralary nähili resminamalaryň esasynda döredilýär?
3. Halkara guramalaryň nähili edaralaryny bilýärsiňiz?
4. Plenar we düzümi çäkli edaralar barada näme bilýärsiňiz?
5. Halkara guramalaryň edaralary döredilende nähili ölçegler nazarda tutulýar?

## §6. Halkara guramalar tarapyndan kararlaryň kabul edilişi

Halkara guramalaryň kararlary olaryň edaralary tarapyndan kabul edilýär. ***Halkara guramanyň kararyna*** **şol guramanyň düzgünleriniň tertibine we düzgünnamasynyň düzgünlerine laýyklykda agza döwletleriň ygtyýarly edarada ylalaşylan islegleri hökmünde kesgitleme berse bolar.**

Kararyň emele gelmek prosesi esaslandyryjy resminamanyň düzgünleri, edaranyň düzümi, edaranyň içindäki syýasy güýçleriň ýerleşişi ýaly ençeme ýagdaýlara bagly bolup durýar. Ol döwletleriň, döwletler toparynyň, halkara guramanyň edaralarynyň ýa-da wezipeli adamlarynyň başlangyçlary bilen başlanýar. Olarda, adatça, belli bir meseläniň öwrenilmegi teklip edilýär, hatda ara alyp maslahatlaşmak üçin geljekki kararyň taslamasy hem öňe sürülýär.

Halkara guramalarda, ozaly bilen BMG-niň Baş Assambleýasynda taslamalara awtorlary çekmek tejribesi giňden ulanylýar. Şol bir wagtyň özünde eger awtor bolup köp ýurt çykyş edýän bolsa, onda teklip edilen taslamanyň her bir düzgüni boýunça ylalaşmak bilen bagly kynçylygyň ýüze çykýandygy hem göz öňünde tutulmalydyr.

Karar kabul edýän edaranyň gün tertibine meseläni girizmek Karary döretmegiň indiki ädimi bolup durýar. BMG-niň BA-synda başlangyç gün tertibi nobatdaky mejlisiň açylmagyna 50 gün galanda düzülýär, goşmaça punktlar 30 gün öňünden, täze gyssagly punktlar – 30 günden az bolmadyk döwürde ýa-da nobatdaky mejlis gidip duran wagty girizilýär. Mejlisiň işine ýolbaşçylyk edýän Baş komitet goşmaça punktlar bilen birlikde başlangyç gün tertibine seredýär we onuň her bir punkty boýunça ony gün tertibine goşmak ýa-da goşmazlyk boýunça maslahat berýär. Soňra BMG-niň Baş Assambleýasy gün tertibini kabul edýär.

Kararlary kabul etmekligiň gidişinde meseläni ara alyp maslahatlaşmak möhüm orun tutýar. Esasy edaralarda-da, kömekçi edaralarda-da ara alyp maslahatlaşmagyň gönüden-göni syýasy ähmiýeti we anyk hukuk netijesi bardyr we ol kararyň ýa-da rezolýusiýanyň sese goýulmagynda ýa-da goýulmazlygynda ýüze çykýar.

Ses bermek – karar kabul etmekligiň esasy basgançagydyr. Halkara guramalaryň edaralarynyň köpüsinde her bir wekiliýetiň bir

sesi bardyr. Şol bir wagtyň özünde, hususan-da, BMG-niň maliýe guramalarynyň ulgamynda her bir döwletiň onuň töleglerine barabar ses sanlary bardyr.

Her bir edaranyň düzgünleriniň tertibinde kararlaryň kabul edilmegi üçin zerur bolan *kworum*, ýagny mejlise zerur gatnaşmalylaryň sany bellenilýär. Kararlar biragyzdan, ýönekeý ýa-da kwalifisirlenen köplükde kabul edilip bilner (*ýönekeý köplük (50 + 1 ses*) we *kwalifisirlenen köplük* (*3-den 2 ýa-da 4-den 3*) doly we otnositel bolup biler. Doly köplük edaranyň agzalarynyň ählisiniň sanynyň hasaba alynmagyny, otnositel köplük bolsa diňe gatnaşanlaryň we resminamany goldanlaryň ýa-da oňa garşy ses berenleriň hasaba alynmagyny talap edýär.

Halkara guramalaryň edaralarynda kararlar sese goýulmazdan, **akklamasiýa** arkaly hem kabul edilip bilner. Akklamasiýa diňe bir halkara guramalaryň däl, eýsem halkara maslahatlaryň tejribesinde hem gabat gelinýän kararlaryň sese goýulmazdan, ýerlerden çykýan makullaýjy sesleriň, ýerlerden eşidilýän gep atmalaryň, el çarpyşmalaryň we ş.m. üsti bilen gatnaşyjylaryň seslenişleri esasynda kabul edilmeginiň usuly bolup durýar. Karar kabul etmekligiň şeýle usuly ozaly bilen düzgünleriň tertibi bilen baglylykda ýygy-ýygydan ulanylýar.

Halkara guramalaryň işiniň tejribesinde kararlary **konsensus** esasynda kabul etmeklik hem barha giň ýaýraýar. *Konsensus* – munuň özi halkara guramalarda we halkara maslahatlarda olara gatnaşyjylaryň islendigi tarapyndan sese goýluşy geçirmezden kararyň tutuşlygyna kabul edilmegine garşylygyň bolmazlygy ýagdaýynda karar kabul etmegiň tertibidir, usulydyr. Konsensus BMG-niň ençeme edaralarynda ulanylýar. Hususan-da, konsensus Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk boýunça Maslahat taýýarlanylanda we geçirilende kararlary kabul etmekligiň esasy edilip goýuldy.

**Soraglar:**

1. Halkara guramanyň ygtyýarlygyna we onuň wekilçiligine nähili düşünýärsiňiz?
2. Halkara guramanyň edarasy näme?
3. Halkara guramalaryň edaralary guramanyň kararlaryny kabul edýärmi?
4. Halkara guramalaryň edaralarynda her bir wekiliýetiň näçe sesi bolýar?
5. Kararlaryň biragyzdan, ýönekeý ýa-da kwalifisirlenen köplükde kabul edilmegine nähili düşünýärsiňiz?
6. Kararlaryň akklamasiýa we konsensus arkaly kabul edilmegi näme?

## IV bap
## KÖPTARAPLAÝYN DIPLOMATIÝA

Eýsem köptaraplaýyn diplomatiýa näme? Geliň, muňa kesgitleme bereliň:

**Däp bolan ikitaraplaýyn diplomatiýadan tapawutlylykda köptaraplaýyn diplomatiýa – munuň özi halkara hökümetara guramalaryň we maslahatlaryň işidir, gepleşikleri we şoňa meňzeş işleri geçirmeklik bilen bagly birnäçe döwletleriň wekilleriniň gatnaşmagyndaky diplomatik işdir.**

Häzirki zaman diplomatiýasy köp halatlarda köptaraplaýyn ýa-da maslahat diplomatiýasy diýlip atlandyrylýar. Ýöne halkara, döwletara ýa-da hökümetara maslahatlar herniçik-de bolsa köptaraplaýyn diplomatiýanyň bir görnüşidir, ýa-da köptaraplaýyn diplomatiýanyň serişdelerinden biridir. HHM-ler, munuň ýokarda hem bellenip geçilişi ýaly, ol ýa-da başga halkara meseläni ara alyp maslahatlaşmak we çözmek üçin döredilýän özbaşdak döwletleriň wagtlaýyn köpçülikleýin edarasydyr. Şunlukda, köptaraplaýyn diplomatiýa maslahat diplomatiýasy bilen deňeşdirilende has giň düşünjedir.

Şol bir wagtyň özünde, köptaraplaýyn diplomatiýa halkara gatnaşyklarynda täze bir hadysa däldir. Birnäçe ýurtlaryň arasyndaky döreýän aýry-aýry meseleleri ýa-da bolmasa meseleleriň toplumyny çözmegiň has täsirli serişdeleriniň biri hökmünde köptaraplaýyn diplomatiýa köp wagtlardan bäri bellidir.

Halkara gatnaşyklarynyň ösüşiniň häzirki döwrüniň möhüm aýratynlyklaryndan biri, ol hem köptaraplaýyn diplomatiýa işiniň depgininiň güýçlenmegidir. Bu bolsa öz gezeginde bir topar obýektiw sebäpler bilen şertlendirilendir. Şol sebäpler diňe bir köptaraplaýyn diplomatiýa hadysasyna düşündiriş bermän, eýsem olar biziň günlerimizdäki köptaraplaýyn diplomatiýanyň aýratynlyklaryna düşünmäge, onuň işjeňligini kesgitlemäge, ony amala aşyrmagyň mehanizminden, usullaryndan we serişdelerinden baş çykarmaga, onuň uzak bolmadyk geçmişine baha bermäge, ýakyn geljegine göz aýlamaga we ahyrynda bolsa, halkara gatnaşyklarynyň köptaraplaýyn diplomatiýa çäginde işleýän adamlara bildirilýän talaplaryň häsiýetini ýüze çykarmaga kömek edýärler.

## §1. Häzirki zaman şertlerinde köptaraplaýyn diplomatiýanyň rolunyň ýokarlanmagy we onda bolup geçýän oňyn özgerişlikler

Köptaraplaýyn diplomatiýa halkara gatnaşyklarynda täze bir hadysa däldir. Has takygy, ol öz taryhyny gadym döwürlerden alyp gaýdýar. Ýöne muny biziň ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, onuň durnukly guramaçylyk görnüşleri diňe XIX asyryň başlarynda ýüze çykypdyr. XIX asyryň ikinji ýarymynda bolsa ylmyň, tehnikanyň, ykdysadyýetiň ösmegi bilen dünýä bileleşiginiň ösüşinde täze döwür bolan ilkinji halkara hökümetara köptaraplaýyn guramalaryň sany barha artypdyr.

Mysal üçin, 1909-njy ýyla çenli şeýle guramalaryň sany eýýäm 37-ä ýetipdir. Birinji jahan urşundan soň ýeňiji ýurtlar täze hökümetara birleşmeleri we ozaly bilen Milletler Ligasyny we Halkara zähmet guramasyny döredýärler. Şol döwürde halkara meseleleri ara alyp maslahatlaşmak maksady bilen geçirilen maslahatlaryň sany hem esli artypdyr.

Köptaraplaýyn diplomatiýanyň ähmiýeti Ikinji jahan urşundan soňky döwürde global meseleleriň peýda bolup başlamagy, olaryň çözülmegine hemme ýurtlaryň gyzyklanmagy, şeýle hem olaryň çözgüdiniň bir-iki däl-de, eýsem ähli döwletlere diýen ýaly bagly bolmagy we şunlukda, BMG-niň, onuň ýöriteleşdirilen edaralarynyň, sebitleýin guramalaryň döremegi bilen has-da artdy. Umuman, Ikinji jahan urşundan soň köptaraplaýyn diplomatiýa işjeň ösüşe eýe boldy.

Eýsem, global meseleler näme we olar haçan peýda boldular? Global meseleler barada gürrüň edilende, onda Ikinji jahan urşundan soň halkara gatnaşyklarynda özüni özaragaraşlylyk hökmünde häsiýetlendiren ýagdaýlaryň öz hereketini dowam etdirendiklerini belläp geçmek zerurdyr. Hut şol özaragaraşlylyk köp döwletleri bilelikdäki tagallalar bilen ençeme däp bolan, şeýle hem hil taýdan täze diňe bir syýasy, harby, durmuş-ykdysady ýa-da ylmy-tehniki häsiýetli meseleleri däl, eýsem aýry-aýry döwletlerde we ýer togalagynyň uly sebitlerinde ýitileşen ekologiýa, mineral çig-mal, energetika, demografiýa, azyk meselelerini çözmäge bolan isleglerinde ýakynlaşdyrdy. Şol meseleler bolsa **häzirki zamanyň global meseleleri** atlandyrylyp başlandy.

Häzirki zamanyň global meseleleri – munuň özi dünýä bileleşiginiň ösüşiniň häzirki döwründe gapma-garşylyklaryň aýratyn topary bolup durýar. Şol gapma-garşylyklar soňky ýyllarda gaty ýitileşdi we olaryň mundan buýana ýitileşmegi örän howply ýagdaýlary döredip biler. Şeýle ýagdaýlaryň saklanmagy bolsa diňe bir dünýä siwilizasiýasynyň ykbalyny däl, eýsem ýer togalagynda durmuşyň özüniň dowam etmegini howp astyna salýar.

Mysal üçin, XXI asyryň başlarynda aýry-aýry döwletleriň we tutuş halkara bileleşiginiň iň möhüm bähbitleri bilen bagly bolan şol global meseleleriň ulgamy azyndan şu aşakdakylary, ýagny parahatçylygy gorap saklamaklygy, ähli zady öz içine alýan howpsuzlygyň pugtalandyrylmagyny, ýaraglanyşygyň çäklendirilmegini we ýaragsyzlanmagy; daşky gurşawyň goralmagyny we durnukly ösüşe geçilmegini; oýlanyşykly demografik syýasatyň işlenip düzülmegini we durmuşa geçirilmegini; mineral çig-mal resurslaryň akylly-başly peýdalanylmagyny; energetikanyň deňagramly infrastrukturasynyň döredilmegini; dünýä ummanyny we kosmos giňişligini dünýä bileleşiginiň bähbitleri üçin ylmy taýdan barlamaklygy we peýdalanmaklygy; açlyga we kesellere garşy göreşmegi, neşeleriň ýaýramagynyň öňüniň alynmagyny; yzagalaklygyň ýok edilmegini; halkara terrorçylyga garşy göreşi öz içine alýar. Hut şonuň üçin hem döwletleriň we halkara institutlaryň daşary syýasy işlerinde we umuman, XXI asyryň halkara gatnaşyklarynda global meseleler ileri tutulýan meselelere öwrüldi.

Şunlukda, halkara gatnaşyklarynyň häzirki döwrüniň häsiýetli alamatlaryndan biri, ol hem olara gatnaşyjylaryň sanynyň ep-esli köpelmegi boldy. Mysal üçin, eger-de XX asyryň 30-njy ýyllarynyň ortasynda dünýäde 50-den gowrak garaşsyz döwlet bolan bolsa, onda biziň şu günki günlerimizde olaryň sany 200-den hem esli geçdi. Diňe bir Sowet Soýuzynyň we Ýugoslawiýanyň synmagy 20-den gowrak täze döwletleriň döremegine getirdi. Netijede, dünýäde iň wekilçilikli köptaraplaýyn diplomatik forum bolan BMG-niň düzümi hem san taýdan artdy. Mälim bolşy ýaly, 1945-nji ýylda BMG-niň Düzgünnamasyna 51 döwlet gol çekipdi. BMG-niň hereket eden ilkinji onýyllygynyň dowamynda onuň agzalygyna diňe 9 döwlet kabul edildi. 2013-nji ýylda bolsa dünýäde iň uly bu halkara hökümetara guramanyň 193 döwlet agzasy boldy.

Soňky 60 ýyldan gowrak wagtyň içinde döwletara gatnaşyklara gatnaşyjylaryň sanynyň 4 esseden hem gowrak köpelmegi ozaly bilen Ikinji jahan urşunda faşizmiň we militarizmiň güýçleriniň derbi-dagyn edilmegi bilen ruhlanan halklaryň milli azat-edijilik hereketleriniň ýokary göterilmeginiň, dünýäde baknalyk ulgamynyň ýok edilmegi netijesinde Aziýanyň, Afrikanyň we Latyn Amerikasynyň onlarça halklarynyň öz döwlet garaşsyzlygyny ele almaklarynyň gönüden-göni netijesi boldy. Öň halkara gatnaşyklaryndan çetde saklanan ýaş garaşsyz döwletleriň halklary aýratyn hem XX asyryň 50-nji ýyllarynyň aýagyndan başlap dünýä işlerine, diplomatik gatnaşyklara işjeň goşuldylar. Şol döwletler şeýle hem özleriniň hususy köptaraplaýyn forumlaryny döretdiler, giň bütindünýä işini ýaýbaňlandyrdylar.

Gündogar döwletleriň sebitleýin guramalary döretmekdäki roly munuň aýdyň mysalydyr. Hususan-da, 1945-nji ýylda arap döwletleriniň Ligasynyň, soňra bolsa beýleki sebitleýin guramalaryň döredilmegi köptaraplaýyn diplomatiýanyň ösmegine uly ýardam etdi. Galyberse-de, tertipli esasda döwlet ýolbaşçylarynyň sammitiniň başlangyjyny hut arap ýurtlarynyň ýolbaşçylarynyň 1969-njy ýyldaky maslahatynyň goýandygyny belläp geçmek gerek.

Halkara bileleşiginiň, umuman dünýäniň öňünde durýan meseleleriň häsiýetinde, döwletara gatnaşyklara gatnaşyjylaryň sanynda bolup geçýän özgerişlikler döwletara gatnaşyklaryň, şol sanda köptaraplaýyn diplomatiýanyň mazmunyna, ugruna hem öz täsirini ýetirýär. Netijede, soňky ýyllarda köptaraplaýyn gatnaşyklaryň işiniň çägi has-da giňeldi. Muny halkara diplomatik forumlaryň sanynyň köpelmegi we olara gatnaşyjylaryň düzüminiň dürliligi hem tassyklaýar.

Ozaly bilen köptaraplaýyn diplomatik iş uniwersal häsiýetli halkara hökümetara guramalaryň köp ugurly ulgamyny öz içine alýar (BMG, onuň ýöriteleşdirilen edaralary we başgalar). Bu guramalar häzirki zaman halkara gatnaşyklarynyň aýrylmaz bölegine öwrüldiler.

Syýasy, ykdysady, maliýe, medeni we beýleki ýörelgeler boýunça döwletleri birleşdirýän, öz häsiýeti boýunça dürli-dürli sebitleýin we beýleki guramalaryň hem köptaraplaýyn diplomatik iş üçin giň mümkinçilikleri bardyr.

Halkara guramalaryň penakärliginde, şeýle hem onsuz geçirilýän köptaraplaýyn diplomatik maslahatlaryň we duşuşyklaryň düzümi has-

-da dürlidir. Muňa mysal edip Helsinki prosesini, ýaraglanyşygy çäklendirmek we ýaragsyzlanmak boýunça maslahatlary, häzirki zaman diplomatiýasynyň häsiýetli aýratynlyklary bolup durýan, ýokary we iň ýokary derejede geçirilýän duşuşyklary we başgalary görkezmek bolar.

Şeýle halkara forumlarda diplomatik wekilçiliginiň derejesi we düzümi hem örän dürli bolup biler. Ýokary we iň ýokary derejede geçirilýän duşuşyklar we maslahatlar, mysal üçin, Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasyna, Yslam hyzmatdaşlyk guramasyna we beýleki sebitleýin guramalara agza döwletleriň ýolbaşçylarynyň, «uly 8-ligiň», «uly 20-ligiň» duşuşyklary, Goşulmazlyk hereketiniň agza döwletleriniň döwlet we hökümet ýolbaşçylarynyň maslahatlary has möhüm we jogapkärli hasap edilýär. Umuman, soňky ýyllarda ýokary derejedäki diplomatik duşuşyklaryň sany örän köpeldi. Daşary işler ministrleriniň we olaryň orunbasarlarynyň derejesinde geçirilýän maslahatlar has hem ýygjamlaşdy.

Şeýle hem, häzirki döwürde ýörite çäklerde (hususan-da, deňiz hukugy, daşky gurşawy goramak, maliýe, balyk tutmak we başga dürli meseleler boýunça) degişli ministrlikleriň we edaralaryň ýolbaşçylarynyň gatnaşmagynda halkara resminamalary işläp taýýarlamak we olary resmileşdirmek üçin geçirilýän köptaraply diplomatik forumlar yzygiderli häsiýete eýe boldy.

Halkara köptaraplaýyn duşuşygyň tematikasy wekiliýetleriň hünär düzümini we onda diplomatlar bilen beýleki ministrlikleriň bilermenleriniň arasyndaky san taýdan gatnaşygy şertlendirýär. Biz ýokarda halkara gatnaşyklaryň çägine milli ykdysadyýetiň, ylmyň we tehnikanyň, saglygy goraýşyň, medeniýetiň we ş.m. pudaklarynyň barha işjeň çekilýändigini belläp geçipdik. Netijede, daşary syýasatyň we halkara gatnaşyklaryň çägi hakykatda diňe daşary syýasy edaralaryň işi bolmagyny bes edýär. Bu ýagdaý bolsa, öz gezeginde, beýleki ministrliklerde daşary aragatnaşyklaryň meseleleri boýunça hemişe hereket edýän bölümleriň döremegine getirýär. Birnäçe hökümet edaralarynyň gatnaşmagy bilen bagly bolan meseleler boýunça hereketleriň utgaşdyrylmagy we garaýyşlaryň işlenip taýýarlanylmagy bolsa täze edaraara edaralaryň döredilmegini talap edýär.

Halkara guramalaryň edaralarynyň mejlislerine we maslahatlaryna wekiliýetler hökmünde professional diplomatlar bilen bir hatarda

forumyň tematiki aýratynlygyna baglylykda degişli ministrlikleriň hünärmenleriniň, bilermenleriniň we geňeşçileriň, milli kanun çykaryjy edaralaryň (parlamentleriň) agzalarynyň, şeýle hem köptaraplaýyn diplomatiýa çäginde seredilmäge we çözülmäge degişli meseleler bilen meşgul bolýan döwlete degişli däl, ýa-da jemgyýetçilik guramalaryň wekilleriniň bellenilýän halatlary seýrek bolmaýar. Öz meselesi boýunça halkara duşuşyk näçe ýöriteleşdirilen bolsa, adatça, onuň düzüminde degişli tehniki bilermenleriň sany has hem köp, diplomatik edaralaryň işgärleriniň sany bolsa az bolýar. Ýöne hatda tehniki meseleler boýunça onda bilermenleriň sany agdyklyk edýän wekiliýetleriň ýolbaşçysy edilip daşary işler ministrliginiň wekiliniň bellenilýän halatlary seýrek bolmaýar. Şol bir wagtyň özünde hem häzirki wagtda ýöriteleşdirilen maslahatlara ugradylýan wekiliýetleriň ýolbaşçylary hökmünde ýygy-ýygydan hökümetiň başlygynyň orunbasarlary, degişli ministrlikleriň ýolbaşçylary bellenilýär.

Diplomat-bilermen, ýa-da başgaça aýtsak, diplomat-ekspert häzirki zaman köptaraplaýyn diplomatiýasynyň doly hukukly gatnaşyjysy boldy. Şu günki gün köptaraplaýyn diplomatiýanyň özboluşly aýratynlyklary oňa bilermen-diplomatlaryň we diplomat-bilermenleriň barha işjeň gatnaşmaklaryny talap edýär. Şonuň üçin hem ençeme ýurtlarda olaryň sanynyň professional diplomatlaryň sanyndan köp bolýan halatlary seýrek bolmaýar.

Döwletleriň bu wezipeleri olaryň daşary syýasy edaralarynyň çäginde köptaraplaýyn diplomatiýa boýunça işi üpjün etmek üçin bölümleriň döredilmegini talap etdi. Şunlukda, daşary ýurtlaryň daşary işler ministrlikleriniň düzüminde halkara guramalar we maslahatlar, halkara ykdysady we maliýe guramalar we ş.m. boýunça bölümler ýa-da seksiýalar, ministrliklerde we pudaklaýyn edaralarda bolsa halkara gatnaşyklaryň meseleleri bilen meşgullanýan bölümler esli wagt mundan ozal döräp başlady.

Ýokarda hem bellenip geçilişi ýaly, Türkmenistanda täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamyndan başlap ministrlikleriň we pudak edaralaryň daşary syýasy işi uly ösüşe eýe boldy. «Ministrliklerde we pudak edaralarynda halkara gatnaşyklary bilen meşgullanýan bölümleriň işini talaba laýyk ýola goýmaly we olaryň düzüminde häzirki zaman dünýäsiniň ösüşini we sebit gatnaşyklaryny, öňdebaryjy tejribesini

öwrenýän seljeriş-çaklaýyş ulgamyny döretmeli diýip, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň diplomatik korpusy bilen 2009-njy ýylyň 18-nji fewralynda geçiren maslahatynda aýtdy. – Bu ugurda esasy wezipe her bir meseläni hemmetaraplaýyn we çuňňur öwrenmek esasynda Türkmenistanyň degişli ýurtlar, sebitler, halkara guramalary we iri kompaniýalar bilen hyzmatdaşlygyny ýola goýmak boýunça syýasy-ykdysady we maliýe taýdan anyk hasaplanylan teklipleri taýýarlamakdan ybaratdyr».

Şunlukda, şu günki gün köptaraplaýyn diplomatiýanyň çäginde işleýän diňe bir diplomata däl, eýsem ministrliklerde we pudak edaralarda halkara gatnaşyklar meselelerini alyp barýan işgärlere hem örän ýokary talaplar bildirilýär. Hususan-da, diplomatlar barada aýdanymyzda, onda olar halkara gatnaşyklarynyň we halkara hukugynyň umumy meselelerinden örän gowy baş çykarmalydyrlar, daşary ýurt dillerini gowy bilmelidirler, gepleşikleri ýokary derejede alyp barmaga ukyply bolmalydyrlar, şeýle hem anyk, köp halatlarda tehniki taýdan çylşyrymly we ýörite meseleler boýunça hem hünär taýdan taýýarlykly bolmalydyrlar.

**Soraglar:**

1. Köptaraplaýyn diplomatiýa näme?
2. Halkara gatnaşyklarynda köptaraplaýyn diplomatiýa täze hadysamy?
3. Häzirki döwürde köptaraplaýyn diplomatiýa işiniň depgini näme sebäpden güýçlenýär?
4. Halkara gatnaşyklara gatnaşyjylaryň we köptaraplaýyn forumlaryň sanynda bolup geçýän özgerişlikler köptaraplaýyn diplomatiýanyň mazmunyna, ugruna nähili täsir ýetirýärler?
5. Köptaraplaýyn diplomatiýa işi üçin sebitleýin guramalaryň nähili mümkinçilikleri bar?
6. Daşary işler ministrlikleriniň düzüminde halkara guramalar, ministrliklerde we pudak edaralarynda halkara gatnaşyklaryň meseleleri boýunça bölümleriň döredilmeginiň nähili zerurlygy boldy?
7. Köptaraplaýyn diplomatiýanyň çäginde işleýän adamlara nähili talaplar bildirilýär?

## §2. Häzirki döwrüň köptaraplaýyn diplomatiýasynyň aýratynlyklary. Köptaraplaýyn we ikitaraplaýyn diplomatiýa: umumylygy we aýratynlygy

Halkara gatnaşyklarynyň ösmeginiň obýektiw şertleri diplomatik gatnaşyklaryň giňelmegine hemişe itergi bermek bilen, köptaraplaýyn guramalaryň we maslahatlaryň rolunyň we ähmiýetiniň ýokarlanmagyna ýardam edýär.

Eýsem, munuň özi ikitaraplaýyn diplomatiýanyň ähmiýetiniň peselýändigini ýa-da onuň umuman aradan aýrylýandygyny aňladýarmyka? Elbetde, ýok. Tejribäniň görkezişi ýaly, ikitaraplaýyn gatnaşyklar, ylalaşyklar halkara meselelerini çözmegiň ygtybarly esasy bolup durýarlar, şol bir wagtyň özünde hem olar köptaraplaýyn ylalaşyklardaky ýaly, juda köp ylalaşmalary talap etmeýärler. Ikitaraplaýyn duşuşyklarda, gepleşiklerde hoşniýetlilik, özara ynam bolan ýagdaýynda olaryň şowly tamamlanmagy üçin mümkinçilikler has-da artýar.

Elbetde, şeýle ýagdaýy döretmek gepleşiklere gatnaşýan iki tarapyň hem aladasy bolmaly. Hyzmatdaşlara ýüzlenmekdäki edeplilik, hyzmatdaşlara şahsy üns bermek, olaryň wekilçilik edýän ýurtlarynyň aýratynlyklaryny düýpli bilmek, halklaryna bolsa hormatyň ýüze çykarylmagy – bularyň hemmesi wekiliýetleriň ünsünden düşmeýär we bu ýagdaý gepleşiklerde özara kabul ederlikli ylalaşyklary bilelikde gözlemek üçin zerur bolan şertleri döredýär. Galyberse-de, ikitaraplaýyn diplomatiýa döwletleriň daşary syýasatynda diňe bir özüniň möhüm ornuny we ähmiýetini saklap galman, eýsem ol barha köptaraplaýyn ugurlar bilen baýlaşýar, işjeňleşýär. Bu ýerde gep döwletleriň arasyndaky ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň, olaryň çäklerinde ara alnyp maslahatlaşylýan meseleleriň häsiýetiniň, kabul edilýän kararlaryň beýleki ýurtlaryň hem barha üns merkezine öwrülýändigi barada barýar, sebäbi bu meseleler olaryň hem bähbitleri bilen galtaşýar. Şunlukda, munuň özi döwletleriň öz ikitaraplaýyn diplomatik işinde üçünji ýurtlaryň garaýyşlaryny hem hemişe göz öňünde tutmalydyklaryny aňladýar. Aslynda, ikitaraplaýyn diplomatiýanyň çäklerinde meseleler çözülýän wagtynda, köphalatlarda, göni ýa-da gytaklaýyn, göze görünse-görünmese hem, onda köptaraplaýyn meseleleriň gatnaşýandygyny, döwletleriň ikitaraplaýyn we köp-

taraplaýyn diplomatik işiniň görnüşleriniň özara hereketiniň esli güýçlenýändigini tejribe görkezýär.

Şu ýerde ýene-de bir zadyň aýratyn bellenip geçilmegi zerurdyr: köp halatlarda köptaraplaýyn diplomatiýa ikitaraplaýyn diplomatiýanyň dowamy ýa-da onuň üstüniň ýetirilmegi – diýlip hasap edilýär. Ýöne diplomatiýanyň bu iki görnüşine biri-birinden aýrylmaz bir medalyň iki tarapy diýilse has dogry bolar. Köptaraplylyk ikitaraplylygy ýa-da gepleşikleriň beýleki görnüşlerini aradan aýyrmaýar.

Şeýle mysala ýüzleneliň. Hazar sebiti şu günki gün Ýewraziýa giňişliginiň wajyp geosyýasy we geoykdysady merkezleriniň birine öwrüldi. Şonuň üçin hem bu ýerde anyk halkara-hukuk kadalaryna, deňhukuklylyga we ähli Hazarýaka döwletleriniň bähbitlerini hasaba almaklyga esaslanýan köptaraplaýyn halkara hyzmatdaşlygy ýola goýmagyň ähmiýeti örän uly bolup durýar. 2002-nji ýylyň aprelinde Türkmenistanyň teklibi boýunça Aşgabatda geçirilen Hazarýaka döwletleriniň baştutanlarynyň birinji sammiti hyzmatdaşlygyň düýpli meseleleriniň çözülmegine güýçli itergi berdi.

Şol bir wagtyň özünde hem Hazarýaka döwletleri Hazar meseleleri boýunça özleriniň özara gepleşiklerini diňe bir köptaraplaýyn däl, eýsem ikitaraplaýyn görnüşde hem alyp barýarlar. Bu mysallar köptaraplaýyn we ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň biri-birini baýlaşdyrýandyklaryny, biri-biriniň üstüni ýetirýändiklerini, şonuň üçin olaryň sazlaşykly utgaşdyrylmagynyň zerurlygyny ýene bir gezek subut edýärler.

Eýsem köptaraplaýyn diplomatik forumlar häzirki döwürde nähili meseleleri ara alyp maslahatlaşýarlar? Gysgaça aýdanymyzda, şol forumlar tarapyndan dünýä ösüşiniň islendik ähmiýetli meselesi gözden salynmaýar. Elbetde, forumlaryň gün tertibinde ozaly bilen parahatçylyk, halkara howpsuzlugy we ýaragsyzlanmak, kosmosda, deňizleriň we ummanlaryň düýbünde döwletleriň alyp barýan işlerini düzgüne salmak, täze dünýä tertibini, şol sanda täze halkara ykdysady tertibi döretmek, daşky gurşawy, şeýle hem dünýäniň dürli ýurtlarynda milli taryhy ýadygärlikleri gorap saklamak, neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygyna garşy göreşmek, ýokanç keselleri ýok etmek ýaly örän ýiti meseleler uly orun tutýar.

Mysal üçin, BMG-niň Baş Assambleýasynyň her ýylky mejlisiniň gün tertibi 140-dan 180-e çenli punktdan ybarat bolýar. Köptaraply diplomatiki forumlarda seredilýän global meselelerden başga-da, olarda ykdysadyýetiň, söwdanyň, medeniýetiň, diliň, diniň we ş.m. umumy ýörelgesi boýunça birleşen ýurtlaryň aýry-aýry toparlary üçin aýratyn gyzyklanma döredýän meseleler hem az bolmaýar. Ýöne munuň özi şol döwletleriň umumyadamzat meseleleri bilen gyzyklanmaýandyklaryny aňlatmaýar. Bu barada, hususan-da, 1995-nji ýylda Kartahenada (Kolumbiýa), 1998-nji ýylda Durbanda (Günorta Afrika Respublikasy) bolup geçen goşulmadyk ýurtlaryň ýolbaşçylarynyň XI we XII maslahatlary aýdyň şaýatlyk edýärler. Şol sammitlerde ozaly bilen Goşulmazlyk hereketine gatnaşyjylaryň bähbitleri bilen bagly bolan umumydünýä häsiýetli wezipeler ara alnyp maslahatlaşyldy. Mysal üçin, Goşulmazlyk hereketiniň agzalary täze dünýä tertibini döretmekde BMG-niň rolunyň ýokarlandyrylmagy, ähli goşulmadyk ýurtlarda ýadro ýaragynyň ýaýradylmazlygy baradaky Şertnama, ýadro synaglaryny tutuşlygyna gadagan etmek baradaky Şertnama goşulmak ugrunda işjeň çykyş etdiler, terrorçylygyň islendik ýüze çykmalaryny ýazgardylar, adam hukuklarynyň Bütindünýä jarnamasyna özleriniň wepalydyklaryny tassykladylar, sebitleýin dawalaryň çözülmegine uly üns berdiler we şunuň bilen birlikde, halkara we sebitleýin howpsuzlygyň üpjün edilmeginde aýratyn ygtyýarlygyň BMG degişli bolup durýandygyndan ugur aldylar.

Elbetde, has dar, çäkli meseleleri ara alyp maslahatlaşýan halkara forumlar hem az däl. Munuň özi, şu günki gün köptaraplaýyn diplomatik işi bilen bagly meseleleriň göwrüminiň örän giňdigine şaýatlyk edýär.

Häzirki döwrüň köptaraplaýyn diplomatiýasynyň ýene bir alamatlaryndan biri, ol hem onuň geografiýasynyň esli giňelmegidir. Munuň özi köptaraplaýyn diplomatiýa gatnaşyjylaryň sanynyň artmagynyň, olaryň döwletara meseleleriň çözülmegine çekilmeginiň, ýaş döwletleriň dünýä we sebitleýin işlerde rolunyň ýokarlanmagynyň netijesi bolup durýar. Eger-de 20-30 ýyl mundan ozal köptaraplaýyn diplomatik forumlaryň geçirilýän ýerleri adatça senagat taýdan ösen ýurtlaryň käbir uly şäherleri, aýdaly, Ženewa, Nýu-Ýork, Pariž, Rim,

galyberse-de, Moskwa bilen çäklenen bolsa, onda şu günki gün olar ýer togalagynyň ähli merkezlerinde, şeýle hem uly bolmadyk şäherlerinde hem geçirilýär.

Ýene-de köptaraplaýyn diplomatiýanyň käbir aýratynlyklarynyň üstünde durup geçeliň. Bu ýerde gürrüň, ozaly bilen, köptaraplaýyn diplomatiýada guramaçylyk taýýarlygyň, ýagny wekiliýetleriň sanynyň we olaryň düzüminiň, forumyň gün tertibini kesgitlemegiň, onda başlyklyk etmegiň tertibiniň, maliýe çykdajylarynyň, wekiliýetlere tehniki taýdan hyzmat etmegiň, resmi we işçi dilleriň we başga ş.m. meseleleriň örän uly ähmiýetiniň bardygy barada barýar. Şeýle duşuşyklar çagyrylmazdan öňürti diplomatik kanallar arkaly maslahatyň ähli guramaçylyk meseleleriniň, ençeme ýagdaýlarda bolsa, gol çekiljek resminamalaryň taslamalarynyň ylalaşylmagy zerurdyr. Eger-de maslahat ýeterlik derejede taýýarlanylmadyk bolsa, onda onuň möhleti üýtgedilip bilner, sebäbi ýaramaz taýýarlanylan duşuşyk peýdanyň ýerine zyýan getirip biler.

Köptaraplaýyn diplomatiýanyň indiki aýratynlygy, ol hem köptaraplaýyn gepleşikleriň gidişinde özara kabul ederlikli kararlaryň kabul edilmegine ýardam etmek maksady bilen, usullaryň giden toplumynyň ulanylmagydyr. Şol toplum forumyň saýlanylmagy, onuň gün tertibiniň düzülmegi, onuň alnyp barylmagy bilen bagly we başga dürli meseleler boýunça söz almak, jogap bermeklige bolan hukugy ulanmak ýaly dürli tärleri öz içine alýar. Köptaraplaýyn forumlar tarapyndan kabul edilýän resminamalar barada aýdylanda bolsa, onda muny biziň ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, olar rezolýusiýalar, jarnamalar, konwensiýalar we ş.m. görnüşlerde taýýarlanylýar.

BMG-ni hem goşmak bilen, köptaraplaýyn forumlar kä halatlarda, aýratyn hem, haçanda dawaly ýagdaýlary düzgüne salmak barada gürrüň gidýän wagtynda, haýal hereket edýändikleri üçin tankytlanylýar. Şol bir wagtyň özünde hem, haçanda howpsuzlyga köptaraply, köpgörnüşli, giň çemeleşmek, öňüni alyş çärelerine bolan isleg barada aýdylanda, onda diplomatiýanyň pyýada goşun batalýonyndan arzan düşýändigi hem göz öňünde tutulýar. Diplomatlar agressiýa başlandan soň ony togtatmakda däl-de, eýsem has irki döwürlerde: raýatara uruşlaryň öňüni almakda, serhet dawalaryny düzgüne sal-

makda we başga bolup biläýjek howplaryň öňüni almakda has aýgytly roly oýnap bilerler. Ýöne şu ýerde bir zat düýbünden aýdyňdyr: halkara diplomatiýasynyň öz roluny doly ýerine ýetirmegi, onuň öňüni alyş hereketleri amala aşyrmagy üçin ol has janly we guramaçylyk taýdan gowy gurnalan bolmalydyr.

2007-nji ýylyň dekabr aýynda Aşgabatda açylan Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa boýunça öňüni alyş diplomatiýasynyň Sebit merkezi turuwbaşdan hut şu nukdaýnazardan ugur aldy. Bu bolsa BMG-niň Sebitleýin merkeziniň işjeň daşary syýasy işi alyp barmagyna ýardam edýär. Mysal üçin, 2009-njy ýylyň martynda bu Merkez tarapyndan geçirilen «Merkezi Aziýa we häzirki zamanyň global wehimleri» atly halkara seminar sebitiň durnuklylygyna we howpsuzlygyna howp salýan has möhüm meseleleri ýüze çykardy, ýakyn we uzak gelejekde ýüze çykyp biläýjek meseleleri ýeňip geçmegiň mümkin bolan ýollaryny ara alyp maslahatlaşdy. Forumyň gün tertibi Türkmenistanyň daşary syýasy strategiýasynyň ileri tutýan ugurlary bilen pugta bagly boldy.

Şol bir wagtyň özünde, bilermenleriň pikiriçe, diplomatiýa, dawalary öňünden duýdurmak bilen, şol dawalary tertibe salmak meselelerinde ýeke-täk ýagdaýa eýe bolmaga ymtylmaly däldir. Mysal üçin, hukuk serişdelerinden hem has giň peýdalanmak zerurdyr. Halkara Kazyýeti hut dawaly ýagdaýlary tertibe salmaga ýardam etmek üçin döredilendir we dawalary tertibe salmak meselelerinde Kazyýetiň örän uly mümkinçilikleri hem bardyr.

**Soraglar:**

1. Ikitaraplaýyn diplomatiýa näme?
2. Ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn diplomatiýanyň nähili özara gatnaşygy bar?
3. Häzirki döwürde köptaraplaýyn forumlarda nähili meselelere seredilýär?
4. Köptaraplaýyn diplomatiýanyň geografiýasynyň giňelmeginiň sebäpleri näme?
5. Köptaraplaýyn diplomatiýanyň haýsy aýratynlyklaryny bilýärsiňiz?
6. Köptaraplaýyn diplomatiýada näme üçin öňüni alyş diplomatiýasynyň ähmiýeti uly?

## §3. Köptaraplaýyn diplomatiýa - türkmen diplomatiýasynyň iň ileri tutýan ugurlaryndan biridir

Halkara diplomatiýasy ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gepleşiklere özara peýdaly hyzmatdaşlygy ýola goýmagyň we ösdürmegiň iň täsirli serişdesi hökmünde seredýär. Dünýäniň beýleki döwletleri we halkara guramalary bilen köptaraplaýyn esasda aragatnaşyklary we hyzmatdaşlygy giňeltmek Bitarap Türkmenistanyň hem parahatçylyk söýüji daşary syýasatyny durmuşa geçirmegiň baş ugurlarynyň biri bolup durýar. Şeýle hyzmatdaşlygyň strategiki ähmiýetini nygtap, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2010-njy ýylyň 3-nji maýynda sözlän sözünde şeýle diýdi: «Türkmenistan özüniň daşary syýasatynda parahatçylygy we howpsuzlygy saklamaga ýardam bermek, sebitleriň, ýurtlaryň we halklaryň durnukly ösüşini hem-de durmuş-ykdysady taýdan abadançylygyny üpjün etmek bilen baglanyşykly alnyp barylýan işleriniň gerimini giňeldip, iri halkara guramalary bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy işjeň ýagdaýda ösdürýär».

Soňky ýyllarda Türkmenistanyň onlarça halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy has hem işjeň we netijeli häsiýete eýe boldy. Aşgabatda iri halkara forumlarynyň yzygiderli geçirilip durulmagy, şeýle hem daşary ýurtlarda bolup geçýän maslahatlara we simpoziumlara türkmen resmi toparlarynyň gatnaşmagy biziň ýurdumyzyň şu ugurda netijeli hyzmatdaşlygynyň aýdyň subutnamasydyr. «Aşgabat bitarap döwletiň paýtagty hökmünde halkara hyzmatdaşlygynyň möhüm merkeziniň ornuny barha pugtalandyrýar, – diýip, Türkmenistanyň Prezidenti 2010-njy ýylyň 19-njy maýynda «Ak şäherim – Aşgabat» atly IX köpugurly halkara sergisine gatnaşyjylara Gutlagynda aýtdy. – Daşary syýasatymyzy alyp barýan dost-doganlyk, parahatçylyk, asudalyk ýörelgämiz paýtagtymyzyň halkara syýasy işjeňlik derejesini has ýokarlandyrýar. Gözel paýtagtymyz häzirki döwürde halkara derejesinde dürli çäreleriň geçirilýän merkezine öwrüldi. Her ýyl dürli ugurlar boýunça halkara derejesindäki maslahatlaryň, forumlaryň, gepleşikleriň, duşuşyklaryň, sergileriň onlarçasy geçirilip, olara dünýä döwletleriniň wekilleri işjeň gatnaşýarlar».

Türkmenistanyň köptaraplaýyn diplomatiýasy barada gürrüň edilende, ozaly bilen, BMG bilen strategiki hyzmatdaşlygyň ýurdumyzyň

daşary syýasatynyň esasy ugrudygyny we onuň şeýle bolmagynda hem galýandygyny ýene bir gezek nygtamak zerurdyr. Türkmenistan BMG we onuň ulgamyna girýän halkara guramalar bilen ähli ugurlar boýunça gyşarnyksyz we maksadaokgunly hereketi dowam etmäge uly gyzyklanma bildirýär, ýurdumyzyň parahatçylygy we ählumumy howpsuzlygy pugtalandyrmak boýunça alyp barýan işjeň ugry bolsa, hemişe milletler bileleşiginiň goldawyna mynasyp bolýar.

Türkmenistanyň BMG-niň BA-nyň 62-nji, 64-nji, 65-nji, 66-njy, 67-nji, 68-nji mejlislerinde öňe süren täze uly konstruktiw daşary syýasy başlangyçlary ýurdumyzyň paýtagty Aşgabady uly möçberli halkara forumlarynyň geçirilýän merkezleriniň biri hökmünde dünýä tanatdy. Şol forumlarda halkara durmuşynyň dürli ugurlary boýunça meseleler ara alnyp maslahatlaşylýar. Netijede bolsa, diplomatik işiniň ykdysady diplomatiýa, energetika diplomatiýasy, öňüni alyş, suw diplomatiýasy, ulag diplomatiýasy, ekologiýa diplomatiýasy ýaly täze ugurlary peýda bolýar we ösdürilýär.

Mysal üçin, 2010-njy ýylyň martynda Aşgabatda «Suw serişdelerini netijeli ulanmagyň dünýä tejribesi we öňdebaryjy tehnologiýalar» atly Halkara sergisi we maslahaty geçirildi. Wekilçilikli foruma ýurdumyzdan we daşary ýurtlardan tanymal alymlar, bilermenler we daşary ýurtlaryň suw hojalygynyň we oba senagat toplumynyň hünärmenleri gatnaşdylar. Sergide Ýewropanyň, Amerikanyň we Aziýanyň gidrogurluşyk tehnikalaryny öndürmekde ýöriteleşdirilen iri kompaniýalary öz önümlerini görkezdiler.

2010-njy ýylyň 3-4-nji maýynda Aşgabatda Türkmenistanyň Hökümetiniň goldamagy bilen Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasynyň howandarlygynda «Ýewraziýada durnukly we ygtybarly energiýany üpjün etmekde Merkezi Aziýada sebitleýin hyzmatdaşlygy berkitmek» atly halkara maslahat geçirildi. Bu maslahat hem beýleki dürli halkara forumlar ýaly netijeli hyzmatdaşlygyň mysaly boldy. Özüniň foruma gatnaşyjylara ýollan Gutlagynda Türkmenistanyň Prezidenti energetika howpsuzlygyny üpjün etmek meselesinde ähli gyzyklanma bildirýän hyzmatdaşlaryň bilelikdäki özara hereketleriniň strategiki ähmiýetini nygtap geçdi, şeýle hem Türkmenistanyň energetika babatdaky ýörelgesiniň energiýa

serişdeleriniň dünýä bazaryna durnukly, yzygiderli we howpsuz çykarylmagyny kepillendirýändigini aýtdy. Türkmenistanyň bu ýörelgesi energiýa serişdeleriniň howpsuzlygyny üpjün etmek üçin dünýä döwletleriniň tagallalaryny birleşdirmegiň zerurdygyna esaslandy.

Maslahatyň ýokary derejesi barada şu çärä gatnaşanlaryň sany we wekilçiligi hem şaýatlyk etdi: forumyň işine ÝHHG-niň 26 sany agza ýurtlaryndan resmi toparlar, şeýle hem alymlar, bilermenler we energetika kompaniýalaryň ýolbaşçylary, halkara guramalaryň we edaralaryň – BMG-niň, Ýewropa Bileleşiginiň, Bütindünýä bankynyň, Halkara gaz bileleşiginiň, Energetika hartiýasynyň sekretariatynyň, Energetika bileleşiginiň sekretariatynyň wekilleri we başgalar gatnaşdylar.

Maslahatyň gün tertibinde umumydünýä ähmiýetli wezipeleri ara alyp maslahatlaşmagyň çäklerinde energetikanyň ösüşiniň geljegi we mümkinçilikleri, global energetika howpsuzlygyny üpjün etmekde Merkezi Aziýa sebitiniň ähmiýeti, durnukly hem ygtybarly energetika bazarynyň esasy ýörelgeleri ýaly anyk ugurlara seredildi. Umuman, bu halkara maslahaty daşary syýasy giňişliginde ähli gyzyklanma bildirýän hyzmatdaşlar tarapyndan goldanylýan işjeň energetika baradaky gepeşikleriň dowamy bolmak bilen, oňa dünýä bazaryna energiýa serişdeleriniň howpsuz hem ygtybarly goýberilişini kepillendirýän halkara-hukuk guralynyň döredilmegine tutuş dünýä bileleşigini ýakynlaşdyrýan anyk çäre hökmünde seredildi.

Soňky bäş-alty ýylda ýurdumyzda geçirilen halkara forumlaryň sany barha köpeldi. Mysal üçin, muňa diňe bir 2013-nji ýylyň mart-aprel aýlarynda ýurdumyzda «Hazar deňzi – durnukly ösüş we dolandyryş», «Golýazmalar – milli mirasy öwrenmegiň ilkinji çeşmesi», «Türkmenistanyň nebiti we gazy – 2013», «Nowruz – parahatçylygyň we ynsanperwerligiň baýramy» atly halkara okuw maslahlarynyň, halkara ylmy maslahatlarynyň, Hazar deňziniň biologik serişdelerini gorap saklamak we olary rejeli peýdalanmak hakyndaky Ylalaşygyň taslamasyny ara alyp maslahatlaşmak boýunça Hazarýaka döwletleriniň ygtyýarly edaralarynyň wekilleriniň nobatdaky duşuşygynyň, Hazar deňzinde adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almak we olaryň netijelerini aradan aýyrmak hakyndaky Ylalaşygyň taslamasyny ara

alyp maslahatlaşmak boýunça Hazarýaka döwletleriniň ygtyýarly wekilleriniň birinji duşuşygynyň, Türkmenistanyň, Owganystan Yslam Respublikasynyň we Täjigistan Respublikasynyň «Türkmenistan – Owganystan – Täjigistan» demir ýolunyň gurluşygynyň taslamasy hakyndaky Ähtnamany durmuşa geçirmek maksady bilen, üç ýurduň ýokary derejeli wekillerinden ybarat bolan Ýörite utgaşdyryjy toparyň birinji mejlisiniň, Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň III mejlisiniň, halkara sergi-ýarmarkasynyň, «Türkmen bedewi we dünýäniň seýisçilik sungaty» atly V halkara ylmy-amaly maslahatyň, «Adam söwdasyna garşy göreş babatynda Milli iş meýilnamasyny işläp taýýarlamak we ony durmuşa geçirmek boýunça Gündogar we Günbatar Ýewropanyň hem-de Merkezi Aziýanyň ýurtlary bilen öňdebaryjy tejribeleri alyşmak» atly we başga-da birnäçe halkara maslahatlaryň geçirilmegi hem şaýatlyk edýär. Hususan-da, 2013-nji ýylyň 13-16-njy marty aralygynda Aşgabatda Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi (Türkmenistanyň DIM-niň Halkara gatnaşyklar instituty) we Türkiýäniň Halkara Hyzmatdaşlygy we Utgaşdyryjy Agentligi bilen bilelikde geçirilen «Beýik Ýüpek ýolunyň ugrundaky diplomatiýa: taryhdan geljege» atly halkara ylmy maslahatda «Beýik Ýüpek ýolunyň sebitinde hyzmatdaşlygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmekde diplomatiýanyň ähmiýeti», «Häzirki zaman şetrtlerinde Beýik Ýüpek ýolunyň dikeldilmegi», «Beýik Ýüpek ýoly we söwda-ykdysady gatnaşyklar», «Beýik Ýüpek ýoly we Ýewraziýanyň medeniýetleriniň we siwilizasiýalarynyň özara baýlaşmagy» ýaly bölümçeler işledi. Daşary ýurtlaryň onlarçasyndan diplomatlar, alymlar gatnaşan, bu ylmy maslahatyň dowamynda Beýik Ýüpek ýolunyň ugrundaky dürli taryhy döwürlerde bar bolan ýurtlaryň syýasatyny we diplomatiýasyny ylmy-barlaglar arkaly çuňňur öwrenmek baradaky pikirler öňe sürüldi.

Şunlukda, köptaraplaýyn esasda öz hyzmatdaşlary bilen aragatnaşyklary we hyzmatdaşlygy giňeltmek we çuňlaşdyrmak Türkmenistanyň parahatçylygy, howpsuzlygy pugtalandyrmaga, durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen daşary syýasatyny durmuşa geçirmegiň strategiki ugurlaryndan biri bolup durýar. Şu format Türkmenistana halkara hökümetara guramalary, ozaly bilen bolsa Birleşen

Milletler Guramasy bilen özara hereketi üstünlikli ösdürmäge, şol sanda ýerli, sebitleýin we ählumumy ähmiýeti bolan daşary syýasy başlangyçlary we teklipleri öňe sürmäge mümkinçilik berýär. Şu bölümçede getirilen deliller biziň ýurdumyzyň halkara maslahatlary we forumlary geçirmek bilen köptaraplaýyň gepleşikleri ösdürmäge möhüm ähmiýet berýändigine aýdyň şaýatlyk edýär.

**Soraglar:**

1. Türkmenistanyň köptaraplaýyn diplomatiýasy işiň haýsy görnüşlerini öz içine alýar?
2. Türkmenistanda geçirilýän iri halkara forumlaryň nähili ähmiýeti bar?
3. Türkmenistan bilen BMG-niň arasyndaky hyzmatdaşlykda esasy ileri tutulýan ugurlar haýsylar?
4. «Beýik Ýüpek ýolunyň ugrundaky diplomatiýa: taryhdan geljege» atly halkara ylmy maslahatyň ähmiýeti nämeden ybarat?

# V bap
# BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASY WE ONUŇ ULGAMY - KÖPTARAPLAÝYN DIPLOMATIÝANYŇ KÖPTARAPLAÝYN FORUMYDYR

## § 1. BMG-niň döredilmeginiň gysgaça taryhy

Birleşen Milletler Guramasynyň döredilmegine Milletler Ligasynyň halkara parahatçylygy üpjün etmek ýaly öz esasy wezipesini ýerine ýetirmäge ukypsyz bolmagy we Ikinji jahan urşy sebäp boldy. BMG-niň döredilmegi halklaryň azatlyga we demokratiýa bolan ymtylmalarynyň, iň gandöküşikli we uzaga çeken Jahan urşunda totalitarizmiň we reaksiýanyň güýçleriniň üstünden Ýeňşiň netijesi boldy. Birleşen Milletleriň ýeňşiniň yzysüre başlan görlüp eşidilmedik urşa garşy demoktratik ýokary göterilişiniň tolkuny köptaraplaýyn halkara guramanyň çäklerinde hyzmatdaşlygyň esasynyň döredilmegini mümkin etdi. Munda gitlerçilik totalitarizminiň garşysyna göreşen döwletleriň ählisiniň goşandy boldy. BMG-niň döredilmeginde jemgyýetçilik gurluşdaky, ideologiýadaky, dünýägaraýyşdaky

tapawutlara seretmezden, döwletleriň we halklaryň parahatçylygyň hatyrasyna tagallalary birleşdirmegiň zerurlygyna bolan umumy düşünje öz beýanyny tapdy.

Başgaça aýdylanda, onlarça million adamy pida eden Ikinji jahan urşunyň elhençlikleriniň içinden geçmek bilen, 1945-nji ýylda adamzat ýa-ha siwilizasiýany doly ýok etjek barlyşyksyz gapma-garşylyga baryp ýetmek, ýa-da bu howply çäkden sowulmaklyga mümkinçilik berjek ulgamy gözlemek ýaly örän çylşyrymly mesele bilen ýüzbe-ýüz boldy. Şunlukda, BMG-niň döredilmegi öňki Sowet Respublikalarynyň, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň, Beýik Britaniýanyň, Fransiýanyň, Hytaýyň we beýleki döwletleriň tagallalarynyň birleşdirilmegi netijesinde mümkin boldy. Şol döwletleriň ýer ýüzünde ählumumy howpsuzlygyň täze binýadyny döretmeklige bolan ymtylmalary ýeňiş gazandy. Bu başlangyç dünýä jemgyýetçiliginiň giň goldawyna mynasyp boldy.

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Ýaponiýa we Germaniýa garşy urşa girmegi bilen 1941-nji ýylyň aýagynda Waşingtonda giňişleýin maslahat çagyrylyp, oňa ähli soýuz döwletleriň wekilleri gatnaşdylar. Bilelikdäki Jarnamany işläp taýýarlamagyň gidişinde ilkinji gezek «*Birleşen Milletler*» adalgasy döredi. Bu adalga ABŞ-nyň Prezidenti F.D.Ruzwelt tarapyndan teklip edildi.

BMG döredilende iki jahan uruşlarynyň aralygynda hereket eden Milletler Ligasynyň oňaýsyz tejribesi nazara alyndy: Liganyň gurluşyny we işini häsýetlendiren onuň demokratiýa garşy häsiýetinden ýüz öwrüldi.

BMG-niň işiniň esaslaryny işläp düzmek ýolunda öňki SSSR-iň, ABŞ-nyň we Beýik Britaniýanyň daşary işler ministrleriniň, Hytaýyň SSSR-däki ilçisiniň gatnaşmagyndaky *Moskwa maslahaty* (1943-nji ýylyň 19–30-njy oktýabry) möhüm basgançak boldy. Moskwa maslahatynyň işiniň gidişinde täze halkara guramany döretmek barada karar kabul edildi. SSSR-iň, ABŞ-nyň, Beýik Britaniýanyň daşary işler ministrleri tarapyndan Moskwa maslahatynda işlenip düzülen *Ählumumy howpsuzlyk meselesi boýunça dört döwletiň Jarnamasynda* soýuzdaşlaryň duşmanyň gürrüňsiz boýun egmekligi üçin göreşi dowam etdirjekdikleri, uruşdan soň parahatçylygy we howp-

suzlygy berkarar etmekligiň esasy wezipä öwrüljekdigi, şu maksatlar üçin bolsa ähli parahatçylyk söýüji döwletleriň özbaşdaklygy we deňlik ýörelgelerine esaslanýan halkara guramanyň dörediljekdigi we oňa şol döwletleriň her haýsysynyň agza bolup biljekdigi bellenip geçildi. Ählumumy howpsuzlyk meselesi boýunça Jarnama 1943-nji ýylyň 30-njy oktýabrynda SSSR-iň, ABŞ-nyň, Beýik Britaniýanyň we Hytaýyň hökümetleri tarapyndan gol çekildi.

Moskwa maslahatynyň kararlary 1943-nji ýylyň 1-nji dekabrynda bolup geçen Tähran maslahatynda ählumumy tassyklanma eýe boldy. Maslahatyň işine üç ýaran döwletiň – SSSR-iň, ABŞ-nyň we Beýik Britaniýanyň baştutanlary –I.W. Stalin, F.D. Ruzwelt, U. Çerçil, şeýle hem şol ýurtlaryň daşary işler ministrleri we harby ştablarynyň wekilleri gatnaşdylar. Gol çekilen üç döwletiň Jarnamasynda soýuz döwletleriň ýolbaşçylary öz ýurtlarynyň uruş döwründe-de, uruşdan soňky parahatçylyk wagtynda hem öz ýurtlarynyň bilelikde işlejekdiklerine ynam bildirdiler.

Halkara guramanyň Düzgünnamasyny ýokary depginde taýýarlamaklyk Tähran maslahatynyň netijesi boldy. Bu işe döwletleriň resmi wekilleri, şeýle hem dürli jemgyýetçilik guramalar, hat-da aýry-aýry adamlar gatnaşdylar.

Waşingtonda, Dumbarton-Oksdaky köne şäher mülkünde bolan maslahatyň başyna çenli (1944-nji ýylyň 21-nji awgustyndan 28-nji sentýabra çenli) britan, amerikan we sowet teklipleri umumylaşdyryldy. Dumbarton-Oksda parahatçylygy we howpsuzlygy saklamak boýunça Ählumumy halkara guramany döretmek barada «Ilkinji teklipleriň» ylalaşylan taslamasy BMG-niň geljekki Düzgünnamasynyň esasyny tutdy. Täze taslama 12 bapdan ybarat boldy (deňeşdirmek üçin: BMG-niň Düzgünnamasy 19 bapdan durýar). *Dumbarton-Oks maslahatynda* Düzgünnamanyň esasy düzgünleriniň ylalaşylandygyna seretmezden, şol bir wagtyň özünde ençeme möhüm meseleler boýunça ylalaşyk gazanmak başartmady. Mysal üçin, Howpsuzlyk Geňeşinde ses bermegiň tertibi gutarnykly kesgitlenilmedi.

Täze halkara guramanyň Düzgünnamasynyň işlenip taýýarlanmagynda 1945-nji ýylyň fewralynda bolup geçen Krym (Ýalta) maslahatynyň ähmiýeti uly boldy. Hususan-da, Krym masla-

hatynda Howpsuzlyk Geňeşinde ses bermek boýunça maslahata gatnaşyjylaryň garaýyşlary ylalaşyldy. Has takygy, parahatçylygy üpjün etmegiň möhüm meseleleri çözülende BMG-niň işiniň esasyna BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik agzalarynyň raýdaşlyk ýörelgesiniň goýulmalydygy baradaky mesele ylalaşyldy. Maslahata gatnaşyjylar şeýle hem ABŞ-nyň, Beýik Britaniýanyň Ukraina SSR-ini, Belarus SSR-ini BMG-niň ilkinji agzalarynyň hataryna goşmak baradaky sowet teklibini goldajakdyklary barada ylalaşdylar.

Krym maslahatynda BMG-niň Düzgünnamasyny (United Nations Charter) gutarnykly taýýarlamaly San-Fransisko maslahatyny çagyrmak barada karar kabul edildi. SSSR-iň, ABŞ-nyň, Beýik Britaniýanyň we Hytaýyň hökümetleriniň adyndan Birleşen Milletleriň 1942-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndaky Jarnamasyna gatnaşyjylaryň ählisine (ilkinji we täzeden goşulan agzalara ) San–Fransiskodaky maslahata çagyrylyş ýollandy.

*San–Fransisko maslahaty* 1945-nji ýylyň 25-nji aprelinde açyldy. Maslahatda Birleşen Milletler Guramasy döredildi, onuň Düzgünnamasy – häzirki zamanyň iň möhüm köptaraply halkara-hukuk resminamasy kabul edildi. Bu resminamanyň gutarnykly tekstine 1945-nji ýylyň 26-njy iýunynda 51 ýurduň wekilleri gol çekdiler. BMG-niň Düzgünnamasy 1945-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda güýjüne girdi. Şol gün *Birleşen Milletleriň Güni* hökmünde jar edildi.

San-Fransisko maslahatynyň wekiliýetleri BMG-niň Düzgünnamasynyň taryhy möhümligini nygtamak maksady bilen, Düzgünnama kabul edilende we oňa gol çekilende, halkara şertnamalaryň ählumumy ykrar edilen käbir düzgünlerinden yza çekildiler. Başga sözler bilen aýdylanda, Düzgünnama el galdyryp ses bermek ýa-da atlary boýunça däl, eýsem maslahata gatnaşyjylaryň ählisiniň ör turmagy bilen bir agyzdan makullandy. Düzgünnama gol çekilende ilkinji bäş orny iňlis elipbiýi tertibinde San-Fransisko maslahatyna çagyryş eden esasy bäş döwlete: SSSR-e, Beýik Britaniýa, ABŞ-na, Hytaýa, Fransiýa, şondan soň beýleki döwletlere bermeklik karar edildi.

Şeýle hem degişli ygtyýarlyklary bolan ähli wekiliýetlere öz ýurtlarynyň adyndan Düzgünnama gol çekmäge mümkinçilik berildi. Netijede, Düzgünnama 51 döwletiň 153 wekiliýeti gol çekdi.

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, San-Fransisko maslahatynda BMG-niň döredilmegi bilen bagly köp iri meseleler öz çözgüdini tapdy. Ýöne muňa seretmezden, onda ençeme amaly meseleler, şol sanda BMG-niň ýerleşjek ýeri baradaky mesele hem çözülmän galdy. Hut şonuň üçin hem 1945-nji ýylyň awgustynda döredilen Taýýarlaýyş komissiýasynyň çäginde bu mesele boýunça BMG-niň agza döwletleriniň arasynda ýiti çekişmeler bolup geçdi. BMG-niň ştab-jaýynyň ol ýa-da başga bir ýurtda açylmagynyň şol ýurt üçin uly abraý, dereje, hormat bolup durýandygy, şeýle hem oňa ykdysady artykmaçlyklary berjekdigi aýdyňdyr. Mysal üçin, BMG-niň ştab-jaýy ýerleşen şäherde Guramanyň merkezi edaralarynyň, onuň agza döwletleriniň hemişelik wekilhanalarynyň, BMG-niň BA-nyň ýyllyk mejlisiniň esasy böleginiň geçýän döwründe (sentýabr-dekabr aýlary) BMG-niň agza döwletleriniň birnäçe müň adamdan ybarat bolan wekiliýetleriniň bolmagynyň şäheriň býujetine her ýylda onlarça million dollar getirjekdigi düşnüklidir. Mundan hem başga, BMG-niň jemgyýetçilik habarlar boýunça Departamentiniň ýanynda daşary ýurtlaryň ýüzlerçe habarçylarynyň akkreditlenmegi, esasy mejlisler ýa-da duşuşyklar geçirilýän wagtynda olaryň sanynyň 2-3 esse köpelmegi, şeýle hem dürli toparlaryň –wekiliýetleriň, syýahatçylaryň düzüminde her günde müňlerçe adamlaryň BMG-niň ştab-jaýyny görmäge gelmekleri netijesinde ýene-de ençeme million dollar BMG-niň ştab-jaýynyň boljak ýurduna siňer. Galyberse-de, belli sebäplere görä, Guramanyň işgärleriniň esli bölegi şol ýurduň raýatlaryndan düzüler.

BMG-niň ştab-jaýynyň ýerleşdirilmegi bilen bagly meseläniň töwereginde çekişme, esasan hem, Ýewropa döwletleriniň we amerikan yklymynyň ýurtlarynyň wekilleriniň arasynda bolup geçdi. Ýewropa döwletleri BMG-niň stab-jaýynyň haýsy hem bolsa bir ýewropa ýurdunda (mysal üçiň, Ženewada), amerikan yklymynyň ýurtlarynyň wekilleri bolsa Guramanyň ştab-jaýynyň Birleşen Ştatlarynda ýerleşdirilmegini islediler. BMG-niň ştab-jaýynyň Ýewropada ýerleşdirilmegi üçin ozaly bilen britan wekilleri işjeň çykyş etdiler. Olary Ýewropa ýurtlarynyň we ençeme Ýewropa döwletleri bolmadyk ýurtlaryň wekilleri goldadylar. ABŞ-nyň peýdasyna, esasan hem, latynamerikalylar çykyş etdiler.

BMG-niň ştab-jaýy hökmünde Ýewropany saýlap almagyň tarapdarlary öz talaplaryny şeýle esaslandyrdylar: ýewropa yklymy iki jahan urşunyň ojagy boldy we onuň howpsuzlygy bütin dünýä üçin iň möhüm mesele bolup durýar. Mundan hem başga, Ýewropa – häzirki zaman dünýä siwilizasiýasynyň merkezi we ol dünýäniň aglaba köp döwletlerine has ýakyn ýerleşendir. Şeýle hem şol wekiliýetler Ýewropada ýaşaýyş durmuşyň bahasynyň Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndakydan has pesdigine we şunlukda, BMG-niň ştab-jaýynyň Ýewropada bolmagynyň has arzan düşjekdigine salgylandylar. Galyberse-de, Ženewada öňden Milletler Ligasy ýerleşen Milletler Köşgüniň bardygy we munuň BMG-niň amatly ştab-jaýy bolup biljekdigi hem ýatlanyp geçildi.

BMG-niň ähli agzalaryndan duran Taýýarlaýyş komissiýanyň mejlisinde daşary işler boýunça britan döwlet ministri (ministriň birinji orunbasary) Filipp Noel-Beýker hem giňişleýin çykyş etdi. Ýokarda getirilen delillerden başga-da, ol wekiliýetleriň ünsüni BMG-niň merkezini uly bolmadyk ýurtda ýerleşdirmegiň maksadalaýyklygyna çekdi. Eger-de BMG işjeň we birahat syýasy durmuşly uly döwletiň çäginde ýerleşse, onda munuň özi Guramanyň işine oňaýsyz täsir edip biler – diýip, britan wekili aýtdy. Noel-Beýker şeýle hem geografiki ýagdaýa aýratyn üns berdi: ol Ženewanyň Ýewropanyň, Ýakyn we Orta Gündogaryň ýurtlaryna, Afrika we Hindistana has ýakyn ýerleşýändigini belledi. Britan döwlet ministrini Belgiýanyň, Polşanyň, Niderlandlaryň, Daniýanyň, Fransiýanyň we beýleki ýurtlaryň wekilleri goldadylar. Fransuz wekili BMG-niň ştab-jaýy üçin Fransiýanyň öz şäherleriniň birini we hatda şu maksat üçin ýurduň haýsy hem bolsa bir etrabyny internasionallaşdyrmagy teklip etmäge hem taýýardygyny aýtdy. Şol bir wagtyň özünde ol hem Şweýsariýany göz öňünde tutmak bilen, kiçi ýurdy ileri tutdy.

Ýöne BMG-niň ştab-jaýyny ABŞ-da ýerleşdirmegiň tarapdarlary (Braziliýa, Meksika, Argentina we beýleki Latyn Amerikasy ýurtlarynyň wekiliýetleri) onuň Birleşen Ştatlarynyň çäginde bolmagynyň Waşington tarapyndan Birinji jahan urşundan soň alnyp barylan we ABŞ-na halkara işlerinde has işjeň roly oýnamaga päsgel beren onuň «izolýasionizm», ýagny döwletiň özüni halkara

durmuşdan çetleşdirmek syýasatyny dowam etdirmeginiň garşysyna kepilnama boljakdygyny tassykladylar.

Taýýarlaýyş komissiýasynda ses berişlik Ýewropa üçin, soňra ABŞ üçin, iki tapgyrda geçirildi. Gizlin ses bermeklik baradaky pikir ret edildi. Netijede, BMG-ni Ýewropada ýerleşdirmek boýunça teklibe 23 ses berildi, 25 agza oňa garşy ses berdiler, 2 wekiliýet bolsa ses bermekden saklandy. BMG-niň ştab-jaýyny ABŞ-da ýerleşdirmek boýunça geçirilen ikinji tapgyrda bu teklibe 30 wekil ses berdi, 14 wekil oňa garşy boldy, 6-sy bolsa ses bermekden saklandy. Şunlukda, ABŞ-nyň peýdasyna bolan teklip köp ses aldy.

Elbetde, şeýle kararyň kabul edilmegine ýardam eden iň möhüm ýagdaý, ol hem bu mesele boýunça öňki Sowet Soýuzynyň, Ukraina SSR-niň, Belarus SSR-niň, Çehoslowakiýanyň we Ýugoslawiýanyň garaýyşlary boldy. SSSR-de uruş döwrüniň hyzmatdaşy bolan amerikan hyzmatdaşyny bu meselede goldamaklyk uruşdan soňky ýyllarda hem onuň bilen dostlukly gatnaşyklaryň saklanyp galmagyna ýardam eder, bu bolsa uruşdan soňky döwürde tertibe salynmaly ençeme meseleleriň çözülmegini ýeňilleşdirer diýen ynamdan ugur alyndy.

Bu meselede şol ýyllar amerikan yklymynyň 22 döwletiniň Guramanyň agzasy bolmagy hem öz roluny oýnady (şol döwürde SSSR we iki sowet respublikasyny hem goşmak bilen Ýewropanyň 14 döwleti BMG-niň agzasydy). Şwesiýa, Irlandiýa, Islandiýa, Ispaniýa, Portugaliýa, Albaniýa we Şweýsariýa BMG entek girmändiler.

Taýýarlaýyş komissiýasynda bolup geçen ses berişlikden soň, onda şu maksat üçin ABŞ-nyň günbatar ýa-da gündogar kenaryny saýlap almak barada çekişme bolup geçdi. Bu mesele boýunça geçirilen ses berişlikde gündogar kenary üçin 25 wekiliýet, günbatar kenary üçin bolsa 5 wekiliýet ses berdi, 10 wekiliýet ses bermekden saklandy. Komissiýa BMG-niň ştab-jaýynyň Konnektikut ştatynda ýerleşdirilmeginiň üstünde durdy. Ýöne Konnektikutyň ýaşaýjylary bu karara garşy çykdylar: olar özleriniň garşy bolmaklaryny bu meýilnamanyň amala aşyrylmagy özleriniň ştatynda «welaýat durmuş düzgünini» ýok eder diýmek bilen esaslandyrdylar. ABŞ-nyň hökümeti bu maksat üçin başga ýeri gözläp tapdy.

Şunlukda, BMG-niň ştab-jaýynyň nirede ýerleşdirilmelidigi baradaky mesele boýunça karar 1946-njy ýylyň 14-nji fewralynda Lon-

donda bolup geçen Baş Assambleýanyň birinji mejlisinde kabul edildi, ýagny ol Nýu-Ýorkyň (ABŞ) Manhetten adasynda, 18 akr (1 akr – 0,4 ga) meýdany bolan ýerde ýerleşdirilmeli edildi.

BMG-niň ştab-jaýynyň ýeri Gurama amerikan millioneri D.N. Rokfeller tarapyndan sowgat berlipdir we şol ýer häzir BMG degişli bolup durýar we halkara çägi hasaplanýar. BMG-niň ştab-jaýynyň gurluşygyna 68 million amerikan dollary harç edilipdir we munuň üçin ABŞ Gurama 65 million dollar karz pul beripdir.

Jaýyň taslamasy ençeme ýurtlaryň belli arhitektorlarynyň bilelikdäki tagallalary bilen taýýarlandy. Esasy arhitektor hökmünde Uolles K.Garrison (Birleşen Ştatlar) bellenildi. Oňa kömek üçin hökümetler tarapyndan bellenilen 10 maslahatçy-arhitektordan ybarat bolan Geňeş döredildi. Geňeşiň düzümine Nikolaý Basow (Sowet Soýuzy), Gaston Brunfo (Belgiýa), Ernst Korme (Kanada), Şarl I. Le Korbýuze (Fransiýa), Lýan Se Çen (Hytaý), Cwen Markelius (Şwesiýa), Oskar Nimeer (Braziliýa), Goward Robetson (Birleşen Korollyk), G.A.Swae (Awstraliýa) we Hulio Wilamaho (Urugway) girdiler.

BMG-niň ştab–jaýynyň gurluşygy 1949-njy ýylda başlandy, 19 aýdan soň bolsa 1950-nji ýylyň 21-nji awgustynda, BMG-niň Sekretariatynyň işgärleri özleriniň täze gulluk jaýlarynda işläp başladylar.

BMG-niň ştab–jaýy birnäçe binadan: Baş Assambleýanyň ymaratyndan, 39 gatly beýik jaýdan, Sekretariatyň gulluk jaýlaryndan, maslahatlar üçin binalardan durýar. Dag Hammerşeldiň adyny göterýän kitaphana has soňrak guruldy we ol bölünip berlen ýeriň günorta tarapynda 3 gatly jaýda ýerleşýär.

**Soraglar:**

1. BMG näme maksat bilen döredildi?
2. BMG-niň döredilmeginde esasy basgançaklar haýsylar?
3. BMG-niň işiniň esaslarynyň işlenip düzülmeginde Moskwa maslahatynyň ähmiýeti nähili boldy?
4. Tähran maslahatynyň netijesi nämeden ybarat boldy?
5. Dumbarton-Oks maslahatynda BMG-niň Düzgünnamasynyň ähli meseleleri ylalaşyldymy?
6. BMG-niň Düzgünnamasynyň işlenip düzülmeginde Krym maslahatynyň ähmiýeti barada näme aýdyp bilersiňiz?
7. BMG-niň ştab-jaýynyň taryhy barada näme bilýärsiňiz?

## § 2. BMG-niň maksatlary we ýörelgeleri (Purposes and principles)

Häzirki zamanyň iň möhüm köptaraplaýyn halkara-hukuk resminamasy bolan BMG-niň Düzgünnamasynyň 1-nji maddasynda Birleşen Milletler Guramasynyň:

1) halkara parahatçylygy we howpsuzlygy gorap saklamak we munuň üçin täsirli köpçülikleýin çäreleri görmek;

2) halklaryň deňhukuklylygy we öz ykballaryny özleri kesgitlemek ýörelgesine hormat goýmaklygyň esasynda milletleriň arasynda dostlykly gatnaşyklary ösdürmek, şeýle hem ählumumy parahatçylygy pugtalandyrmak üçin beýleki degişli çäreleri görmek;

3) ykdysady, durmuş, medeni we gumanitar häsiýetli halkara meseleleri çözmekde, jynsyna, diline we dinine seretmezden adam hukuklaryna we hemmeler üçin esasy azatlyga bolan hormaty höweslendirmekde we ösdürmekde halkara hyzmatdaşlygyny amala aşyrmak;

4) şu umumy maksatlara ýetmek üçiň milletleriň hereketlerini ylalaşdyrmak üçin merkez bolar maksady bilen döredilendigi bellenip geçilýär.

Birleşen Milletler Guramasy halkara hukugynyň progressiw, demokratik ýörelgelerine esaslanýar. Şonuň üçin hem Düzgünnamanyň 1-nji maddasynda görkezilen maksatlara ýetmek üçin BMG we onuň agzalary Düzgünnamanyň 2-nji maddasyndaky ýörelgelere laýyklykda hereket edýärler. Şol *ýörelgeler:* BMG-niň agzalarynyň özbaşdak deňhukuklylygydyr; BMG-niň agzalarynyň Düzgünnama boýunça öz üstüne alan borçnamalaryny yhlasly ýerine ýetirmekleridir; halkara dawalaryň parahatçylykly ýollar arkaly çözülmegidir; halkara gatnaşyklarynda güýç bilen howp salmakdan ýa-da ony islendik döwletiň çäk eldegrilmesizligine ýa-da syýasy garaşsyzlygyna garşy, umuman, BMG-niň maksatlaryna laýyk gelmeýän islendik maksatlar üçin ulanmakdan ýüz öwürmekdir; BMG-niň agzalarynyň Guramanyň Düzgünnamasyna laýyklykda amala aşyrýan ähli hereketlerine hemme taraplaýyn ýardam etmekleridir we BMG tarapyndan olaryň garşysyna öňüni alyş ýa-da mejbur ediji çäreler görülýän döwletlere kömek bermekden saklanmaklarydyr; BMG-niň agzasy bolmagyk döwletleriň halkara parahatçylygyň we howpsuzlygyň hatyrasyna şu ýokarda agzalan ýörelgelere laýyklykda hereket etmekleridir we muny Guramanyň üpjün etmegidir.

BMG-niň Düzgünnamasynda şeýle hem häzirki zaman halkara gatnaşyklarynyň we halkara hukugynyň başga-da ençeme möhüm ýörelgeleri öz beýanyny tapandyr. Şol ýörelgeleriň esasylary hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklarydyr (bu düşünje diňe bir geografik taýdan ýakynlygy we taryhy umumylygy däl, eýsem anyk geosyýasy we geoykdysady düşünjäni hem öz içine alýar); halkara parahatçylygy we howpsuzlygy saklamakda döwletleriň bilelikdäki hereketleridir; ýaragsyzlanmakdyr; halklaryň deňhukuklylygy we öz ykballaryny özleriniň kesgitlemegidir; ähli halklaryň ykdysady we durmuş taýdan ösüşine ýardam bermek, adamlaryň deňhukuklylygynyň, olaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň, şertnamalardan we halkara hukugynyň başga çeşmelerinden gelip çykýan borçnamalara bolan hormatyň üpjün edilmegi üçin giň halkara hyzmatdaşlygydyr we ş.m.

Halkara gatnaşyklarynyň we halkara hukugynyň Düzgünnamada berkidilen ýörelgeleri BMG-niň Baş Assambleýasynyň rezolýusiýalarynda we jarnamalarynda özleriniň mundan buýanky ösüşine eýe boldular.

**Soraglar:**

1. Haýsy resminama häzirki zamanyň iň möhüm köptaraplaýyn halkara-hukuk resminamasy hasap edilýär?
2. BMG-niň maksatlary onuň Düzgünnamasynyň haýsy maddasynda beýan edilýär?
3. BMG-niň esasy ýörelgeleri haýsylar?

## §3. BMG-ä agzalyk (Membership)

BMG bütindünýä hökümeti däldir, ol dünýäniň döwletleriniň meýletin, global guramasydyr. BMG özüniň agzalarynyň ylalaşylan hereketleriniň merkezidir, olaryň ylalaşylan erkini aňladyjydyr.

BMG-da dürli syýasy garaýyşlara we durmuş ulgamlara eýerýän uly we kiçi, baý we garyp ähli agza döwletleriň öz pikirini aňlatmaga we munuň çäklerinde ses berişlige gatnaşmaklyga bolan hukugy bardyr.

**BMG-niň agzalygyna kabul edilmegiň tertibi.** Guramanyň agzalary iki topara: *ilkinji* we *täzeden kabul edilen agzalara* bölünýär.

BMG-niň Düzgünnamasynyň 3-nji maddasyna laýyklykda 1945-nji ýylda Halkara Guramany döretmek boýunça San–Fransisko maslahatyna gatnaşan ýa-da 1942-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda Birleşen Milletleriň Jarnamasyna gol çeken döwletler BMG-niň ilkinji agzalary hasaplanylýar. BMG-niň şeýle ilkinji agzalarynyň hataryna 51 döwlet, şol sanda öňki SSSR hem girýär.

BMG-ä täzeden kabul edilen agzalar – bular Düzgünnamanyň öz güýjüne gireninden soň Gurama giren döwletlerdir. Agzalary ilkinji we täzeden kabul edilen agzalara bölmekligiň hiç hili hukuk ähmiýeti ýokdur. BMG-niň agzalarynyň statusy hiç bir ýagdaýda olaryň Gurama giren wagtyna bagly däldir.

BMG-niň agzalary özbaşdak döwletlerdir. BMG-niň Düzgünnamasynyň 4-nji maddasy *Gurama girmekligiň düzgünini* kesgitleýär. Şol maddanyň 1-nji punktyna laýyklykda diňe parahatçylyk söýüji döwletler Guramanyň agzasy bolup bilýärler. Şeýle döwletler *Düzgünnamadaky borçnamalary* öz üstlerine alýarlar we olar, Guramanyň pikiriçe, şol borçnamalary ýerine ýetirip biljek we olary ýerine ýetirmäge islegi bolan döwletlerdir. Şunlukda, BMG-niň agzalygyna kandidatlar şu aşakdaky 5 şerte laýyk gelmelidir, ýagny:

1) olar özbaşdak döwlet bolmalydyr;
2) parahatçylyk söýüji bolmalydyr;
3) Düzgünnamadaky borçnamalary kabul etmelidir;
4) olaryň şol borçnamalary ýerine ýetirmäge islegi bolmalydyr;
5) olar şol borçnamalary ýerine ýetirmäge ukyply bolmalydyr.

Islendik şeýle döwlet BMG-ä Howpsuzlyk Geňeşiniň hödürlemegi we Baş Assambleýanyň karary arkaly kabul edilýär. Howpsuzlyk Geňeşiniň maslahaty bäş sany hemişelik agzalaryň gabat gelýän seslerini hem goşmak bilen dokuzdan az bolmadyk ses bilen kabul edilýär. Baş Assambleýanyň kararynyň kabul edilmegi üçin ses berişlikde bolan we oňa gatnaşan döwletleriň 3-den 2 böleginiň oňaýly sesi gerekdir.

**BMG-ä agza döwletleriň hukuklary we borçlary.** BMG-ä agza döwletleriň *esasy borçlary* Guramanyň Düzgünnamasynyň girişinde we 1-nji we 2-nji maddalarynda berkidilendir. BMG-niň agza döwletleri: geljekki nesilleri urşuň heläkçiliklerinden halas etmäge; adamyň esasy hukuklaryna, adam şahsyýetiniň mertebesine we gymmatyna,

erkekleriň we aýallaryň deň hukuklylygyna, uly we kiçi milletleriň deňligine bolan ynamy berkitmäge; onda şertnamalardan we halkara hukugynyň beýleki çeşmelerinden gelip çykýan borçnamalara bolan adalatlylygyň we hormatyň berjaý edilip bilinjek şertleri döretmäge we uly erkinlikde durmuş ösüşine we ýaşaýyş şertleriniň gowulanmagyna ýardam etmäge; sabyrlylyk etmäge we bilelikde birek-birek bilen ak ýürekli goňşular ýaly ýaşamaga; halkara parahatçylygy we howpsuzlygy saklamak üçin öz güýçlerini birleşdirmäge...borçludyr.

Şol bir wagtyň özünde hem BMG-ä agza döwletler Guramanyň diwanyny ähli halklaryň ykdysady we durmuş ösüşine ýardam etmek maksady bilen peýdalanmaga hukuklydyr.

BMG-niň agza döwletleri Guramanyň geçirýän çärelerine, şol sanda halkara hukugynyň progressiw ösüşi bilen bagly çärelerine gatnaşyp bilýärler.

BMG-niň ähli agzalarynyň Düzgünnama we düzgünleriň tertibi tarapyndan kesgitlenilen tertipde esasy we kömekçi edaralaryň işine gatnaşmaga hukugy bardyr.

**Agzalygyň wagtlaýyn togtadylmagy we bes edilmegi.** BMG-niň Düzgünnamasy Guramanyň agzalaryna mejbur ediji hereketleriň iki görnüşiniň ulanylmagyny: *agzalygyň togtadylmagyny* we *agzalykdan çykarylmagyny* göz öňünde tutýar. Agzalygyň togtadylmagy «içerki sanksiýanyň», ýagny jezalandyrmanyň görnüşi hökmünde döwleti halkara guramanyň işine gatnaşmakdan çetleşdirmegi ýa-da çäklendirmegi aňladýar.

Eger-de agza döwletiň garşysyna Howpsuzlyk Geňeşi tarapyndan öňüni alyş ýa-da mejbur ediji häsiýetli çäreler görlen bolsa, onda BMG-niň Baş Assambleýasynyň Howpsuzlyk Geňeşiniň maslahaty boýunça agza döwletiň degişli hukuklarynyň we artykmaçlyklarynyň amala aşyrylmagyny togtatmaga hukugy bardyr. Şol hukuklaryň we artykmaçlyklaryň amala aşyrylmagy Howpsuzlyk Geňeşi tarapyndan dikeldilip bilner.

Pul tölegleri tölemek boýunça bergisi bolan Guramanyň agzasy, eger onuň bergisiniň göwrümi soňky iki ýylyň töleginiň göwrüminden geçýän bolsa, onda ol Baş Assambleýada ses bermek hukugyndan kesilýär (Düzgünnamanyň 19-njy maddasy).

BMG-niň Düzgünnamasynda Guramadan çykmagyň mümkinçiligi barada hiç zat aýdylmaýar, ýöne şeýle hukuk özbaşdak döwlet hökmünde BMG-niň her bir agzasyna degişlidir. Agzalygyň bes edilmegi Guramadan çykarylmak arkaly hem amala aşyrylyp bilner. BMG-de şeýle sanksiýa BMG-niň Düzgünnamasyny gödek bozan döwlet babatynda ulanylyp bilner(mysal üçin, agressiýa, genosid üçin).

Eger-de döwlet ýaşamagyny bes edýän bolsa, onda agzalyk awtomatik suratda bes edilýär. Mysal üçin, 1991-nji ýylda SSSR öz ýaşamagyny bes etdi we SSSR-iň hukuk mirasdüşeri bolan Russiýa Federasiýasy awtomatik suratda BMG-niň agzasy boldy. Beýleki döwletler – Ukrainadan we Belorussiýadan özge SSSR-iň öňki soýuz respublikalary Düzgünnamanyň 4-nji maddasynda kesgitlenilişi ýaly, BMG adaty tertipde agza bolup girdiler.

**Soraglar:**

1. BMG-niň Düzgünnamasyna laýyklykda Guramanyň agzalary näçe topara bölünýär?
2. BMG-niň agzalarynyň ilkinji we täzeden kabul edilen agzalara bölünmeginiň hukuk ähmiýeti barmy?
3. BMG-niň agzalygyna kandidatlar näçe we haýsy şertlere laýyk gelmeli?
4. BMG-niň agza döwletleriniň hukuklary we borçlary barada näme bilýärsiňiz?
5. BMG-ä agzalygyň togtadylmagyna we bes edilmegine nähili düşünýärsiňiz?
6. Döwletiň ýaşamagyny bes etmegi bilen onuň agzalygynyň awtomatik suratda bes edilýändigini görkezýän haýsy mysaly getirip bilersiňiz?

## §4. BMG-niň esasy edaralary (Principal organs of the United Nations)

Birleşen Milletler Guramasynyň Düzgünnamasynyň 7-nji maddasyna laýyklykda *Baş Assambleýa, Howpsuzlyk Geňeşi, Ykdysady we Durmuş Geňeşi, Howandarlyk Geňeşi* (häzirki wagtda ýatyryldy), *Halkara Kazyýeti* we *Sekretariat* BMG-niň esasy edaralarydyr.

BMG-niň Düzgünnamasynda şol edaralaryň her haýsysynyň ygtyýarlyklary we hukuk statusy bellenendir. Olar özleriniň işiniň çäginde merkezi halkalardyr, ýöne munuň özi halkara hyzmatdaşlyk işinde we howpsuzlygy üpjün etmekde olaryň öz roly we hukuk ýagdaýy

boýunça deň ähmiýetlidiklerini aňlatmaýar. BMG-niň maksatlaryny we ýörelgelerini üpjün etmekde BMG-niň Baş Assambleýasynyň we Howpsuzlyk Geňeşiniň ähmiýeti has-da möhümdir.

*BMG-niň Baş Assambleýasy* Guramanyň ähli agza döwletleriniň ýygnagydyr. BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşine halkara parahatçylygy we howpsuzlygy saklamakda esasy jogapkärçilik ýüklenendir. BMG-niň käbir esasy edaralarynyň hukuk ýagdaýy hem dürlidir. Baş Assambleýa we Howpsuzlyk Geňeşi Halkara Kazyýet, Ykdysady we Durmuş Geňeşi we Sekretariat bilen deňeşdirilende has köp özbaşdaklykdan peýdalanýarlar.

*Ykdysady we Durmuş Geňeşi* we *Howandarlyk Geňeşi* öz borçlaryny BA-nyň, käbir ýagdaýlarda bolsa, BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň ýolbaşçylygynda we gözegçiliginde amala aşyrýarlar. *Halkara Kazyýet* BMG-niň esasy kazyýet edarasydyr. Onuň Statuty BMG-niň Düzgünnamasynyň aýrylmaz bölegidir. *Sekretariat* esasy administratiw–tehniki edara hökmünde ähli beýleki edaralaryň kadaly işine ýardam etmäge we ony üpjün etmäge borçlydyr.

BMG-niň Düzgünnamasynyň esasynda Guramanyň ähli esasy edaralary kömekçi edaralary döredip bilýärler, şol bir wagtyň özünde olaryň ygtyýarlyklary esasy edaranyň ygtyýarlygynyň bölegi bolmalydyr.

Adatça, BMG-niň esasy edaralary ähli ýa-da käbir agza döwletlerden durýarlar. Kähalatlarda edaralar şahsy wekilçiligiň esasynda toplanýar. Mysal üçin, Halkara hukugynyň komissiýasy halkara hukuk çäginde meşhur, abraýly adamlardan durýar.

BMG-niň ulgamynda edaralaryň işini guramak üçin *resmi we işçi diller* ulanylýar. Şol dilleriň sanawy her bir edaranyň düzgünleriniň tertibinde kesgitlenilýär. Mysal üçin, BA-nyň we HG-niň, şeýle hem olaryň esasy kömekçi edaralarynyň resmi we işçi dilleri *iňlis, arap, ispan, hytaý, rus we fransuz dilleridir*. YDG-de resmi diller şol alty dildir, işçi dilleri bolsa iňlis, ispan we fransuz dilleridir. Resmi dillerde BMG-niň esasy resminamalary, şol sanda rezolýusiýalar çap edilýär. Işçi dillerde mejlisleriň stenografiýa hasabatlary çap edilýär we islendik resmi dilde sözlenen söz şol dillere terjime edilýär. Şeýle hem, BMG-niň 2000-nji ýyl üçin hasabaty ýerleşdirilen onuň internetdäki saýtynda BMG-niň resminamalarynyň bütin dünýä elýeterli bolmagy üçin Guramanyň öz dilleriniň sanyny artdyrmagy meýilleşdirýändigi aýdyldy.

**Soraglar:**

1. BMG-niň esasy edaralary haýsylar?
2. BMG-niň esasy edaralarynyň ygtyýarlyklary we hukuk statusy haýsy resminamada öz beýanyny tapýar?
3. BMG-niň esasy edaralarynyň hukuk ýagdaýy birmeňzeşmi?
4. BMG-niň ulgamynda edaralaryň işini guramak üçin haýsy resmi we işçi diller ulanylýar?

## 1.BMG-niň Baş Assambleýasy (General Assembly)

**Ygtyýarlygy** (Functions and powers). Global meseleleri çözmegiň ýollaryny ara alyp maslahatlaşmagyň we ylalaşmagyň köptaraplaýyn forumy hökmünde Baş Assambleýa BMG-niň esasy maslahatçy, direktiw we wekilçilikli edarasydyr. Onuň düzümine BMG agza ähli döwletler girýärler. BMG-niň Düzgünnamasynyň 4-nji babynyň mazmuny Baş Assambleýanyň Guramanyň ýokary edarasy bolup durýandygy barada netije çykarmaga mümkinçilik berýär.

BMG-niň Düzgünnamasynyň 10-njy maddasyna laýyklykda Baş Assambleýanyň Guramanyň Düzgünnamasynyň çäklerinde islendik meseläni ýa-da işleri ara alyp maslahatlaşmaga we BMG-ä agza döwletlere, şeýle hem Howpsuzlyk Geňeşine degişli maslahatlar bermäge hukugy bardyr, Howpsuzlyk Geňeşi şol maslahatlary kabul etmäge borçludyr. Ýöne haçan Howpsuzlyk Geňeşi haýsy hem bolsa bir dawa ýa-da ýagdaý babatda BMG-niň Düzgünnamasy tarapyndan öz üstüne ýüklenen wezipäni ýerine ýetirýän halatynda, eger bu barada Howpsuzlyk Geňeşi soramasa, Baş Assambleýa bu meselä degişli haýsy hem bolsa maslahatlar bilen çykyp bilmeýär (12-nji madda).

**BMG-niň Düzgünnamasyna laýyklykda BMG-niň Baş Assambleýasy umuman şu aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýär:** halkara parahatçylygy we howpsuzlygy saklamak işinde hyzmatdaşlygyň umumy ýörelgelerine, şol sanda ýaragsyzlanmagy we ýaraglary tertibe salmaklygy kesgitleýän ýörelgelere seredýär we şol ýörelgeler babatda Guramanyň agzalaryna, Howpsuzlyk Geňeşine maslahat berýär; syýasy çäkde halkara hyzmatdaşlygyna ýardam etmek we halkara hukugyny progressiw ösdürmekligi we ony kodekse salmaklygy höweslendirýär; ykdysady, durmuş, medeniýet, bilim we saglygy goraýyş

çäklerinde hyzmatdaşlyga ýardam etmek we adam hukuklarynyň, hemmeler üçin esasy azatlyklaryň amala aşyrylmagyna kömek etmek maksady bilen, barlaglary guraýar we maslahatlar berýär; döwletleriň arasyndaky dostlukly gatnaşyklara zeper ýetirip biljek islendik ýagdaýy onuň gelip çykyşyna seretmezden, parahatçylykly ýollar arkaly tertibe salmak maksady bilen, çäre görmek üçin maslahatlar berýär; Howpsuzlyk Geňeşiniň ýyllyk we ýörite dokladlaryny alýar we olara seredýär; Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik däl agzalaryny, Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň 54 agzasyny saýlaýar. Howpsuzlyk Geňeşi bilen bilelikde Halkara Kazyýetiň kazylaryny saýlaýar; Howpsuzlyk Geňeşiniň maslahaty boýunça Baş sekretary belleýär we Gurama täze agzalary kabul edýär; BMG-niň Sekretariatynyň işgärlerini bellemek üçin düzgünleri kesgitleýär, şeýle hem BMG-niň islendik edarasynyň ygtyýarlyklaryna we borçlaryna degişli meseleleri ara alyp maslahatlaşýar we maslahatlar berýär; Guramanyň býujetine seredýär we ony tassyklaýar

**Şunlukda, Baş Assambleýa tarapyndan seredilýän meseleleri üç sany esasy topara bölmek bolar:**

1) halkara parahatçylygy we howpsuzlygy saklamak, şol sanda ýaragsyzlanmak boýunça meseleler;

2) döwletleriň syýasy, ykdysady, durmuş, gumanitar we beýleki çäklerdäki hyzmatdaşlygynyň meseleleri;

3) içerki guramaçylyk häsiýetli meseleler.

1950-nji ýylyň noýabrynda Baş Assambleýa «Parahatçylygyň peýdasyna jebislik» («Uniting for peace») atly rezolýusiýany kabul etdi. Şol rezolýusiýanyň esasynda haçan-da halkara parahatçylygyna gönüden-göni howp abanan, parahatçylygyň bozulan, Howpsuzlyk Geňeşiniň bolsa özüniň hemişelik agzalarynyň arasynda agzybirligiň ýoklugy sebäpli, zerur bolan hereketleri etmäge ukypsyz bolan halatynda, Baş Assambleýa halkara parahatçylygy we howpsuzlygy saklamak ýa-da dikeltmek üçin kopçülikleýin çäreleriň görülmegi üçin Guramanyň agzalaryna zerur bolan maslahatlary berip biler.

BMG-niň ýokary edarasy bolmak bilen, Baş Assambleýa döwletleriň syýasy, ykdysady, durmuş, gumanitar çäklerde halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmek maksady bilen, 1948-nji ýylyň 10-njy

dekabrynda kabul edilen Adam hukuklarynyň Bütindünýä Jarnamasy (Universal Declaration of Human Rights), Genosid jenaýatçylyklaryny duýdurmak we onuň üçin temmi bermek hakyndaky Konwensiýa (1948-nji ýylyň 9-njy dekabry) ýaly möhüm resminamalary işläp taýýarlaýar.

Baş Assambleýa Ykdysady we Durmuş Geňeşi babatda ýolbaşçylyk wezipeleri amala aşyrýar we oňa ýerine ýetirilmegi hökmany bolan görkezmeleri hem berip bilýär. Mundan hem başga, BA-nyň bu edaranyň ygtyýarlyklaryna we borçlaryna degişli islendik meselä seretmäge haky bardyr. Assambleýa halkara hukugynyň we ony kodekse salmagyň progressiw ösüşini höweslendirmek bilen, syýasy çäkdäki halkara hyzmatdaşlyga hem ýardam edýär. Bu wezipäni BMG-niň çäklerinde, esasan hem, halkara hukugynyň Komissiýasy (Baş Assambleýa tarapyndan 1947-nji ýylda döredildi), halkara söwdanyň hukugy boýunça BMG-niň Komissiýasy (1966-njy ýylda döredildi), Halkara Kazyýet, käbir beýleki edaralar we BMG-niň Sekretariatynyň degişli bölümleri çözýärler.

Baş Assambleýanyň BMG-niň Düzgünnamasynyň düzgünleriniň bozulmagy netijesinde ýüze çykýan ýagdaýlara seretmäge wekilçiligi bardyr. Baş Assambleýa tarapyndan ara alnyp maslahatlaşylmagy üçin şol düzgün bozulmalaryň halkara parahatçylygyna gönüden-göni howp döredýän hereketleriň häsiýetine eýe bolmagy hökmany däldir (mysal üçin, Baş Assambleýa halkara söwda gatnaşyklarynda deňhukuklylyk ýörelgesiniň bozulmagy baradaky meselä seredip biler).

**BA-nyň işiniň düzgüni.** Baş Assambleýa mejlis edarasydyr. Ol nobatdaky ýyllyk mejlislerine, ýörite we adatdan daşary mejlislere ýygnanýar.

2003-nji ýylyň 13-nji martynda kabul edilen BA-nyň 57-301 belgili rezolýusiýasyna laýyklykda, Baş Assambleýa her ýyl nobatdaky mejlisine (next annual session) sentýabryň 3-nji hepdesiniň 2-nji güni ýygnanýar. Baş sekretar BMG-niň agza döwletlerini şeýle mejlisiň açylýandygy barada 60 günden az bolmadyk wagtyň içinde habardar edýär. Baş komitetiň maslahaty bilen her mejlisiň başynda ol geljekki mejlisiň ýapylýan gününi belleýär.

Howpsuzlyk Geňeşiniň ýa-da BMG-niň agzalarynyň köpüsiniň talaby boýunça we şol talap Baş Sekretara gelip gowşanyndan soň 15

güniň içinde islendik mesele boýunça **ýörite mejlisler** (Special sessions) çagyrylyp bilner (1946-njy ýyldan 2008-nji ýyla çenli 28 sany ýörite mejlis geçirildi)

**Adatdan daşary mejlisler** (Emergency special sessions) (1946-njy ýyldan 2008-nji ýyla çenli şeýle mejlisleriň 10-sy geçirildi) parahatçylyga howp abanmagy, parahatçylygyň bozulmagy ýa-da agressiýa hereketleri bilen bagly meseleler boýunça çagyrylýar. Şeýle mejlis Howpsuzlyk Geňeşiniň ýa-da BMG-niň agzalarynyň köpüsiniň talaby boýunça 24 sagadyň dowamynda ýygnanýar. Ýörite we adatdan daşary mejlislerde komitetler döredilmeýär, iş umumy maslahatlarda alnyp barylýar.

Nobatdaky mejlisiň ilkinji gün tertibi Baş Sekretar tarapyndan düzülýär we ol barada Assambleýanyň agzalaryna mejlisiň açylmagyna 60 günden az bolmadyk wagtyň içinde habar ýetirilýär. Gün tertibi 100-den gowrak meseleden durýar. Guramanyň işi barada Baş Sekretaryň doklady; Howpsuzlyk Geňeşiniň, Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň, Howandarlyk Geňeşiniň, Halkara Kazyýetiniň, Baş Assambleýanyň kömekçi edaralarynyň we ýöriteleşdirilen edaralaryň dokladlary we başga ençeme meseleler gün tertibiniň hemişelik punktlary bolup durýar.

Nobatdaky mejlisiň açylmagyna 30 günden az bolmadyk wagtyň içinde BMG-niň islendik agzasy, Guramanyň islendik esasy edarasy ýa-da Baş Sekretar gün tertibine goşmaça meseläniň goşulmagyny talap edip biler.

BMG-niň agza döwletiniň BA-nyň mejlisindäki wekiliýeti bäşden köp bolmadyk wekillerden we olaryň bäş sany orunbasarlaryndan we wekiliýet üçin zerur bolan geňeşçilerden, tehniki geňeşçilerden, ekspertlerden durýar. *Wekiliýete wekilçiligi döwletiň, hökümetiň baştutany ýa-da daşary işler ministri berýär.*

Nobatdaky mejlisi onuň düzüminden öňki mejlisiň başlygy saýlanan wekiliýetiň başlygy açýar. Baş Assambleýa özüniň mejlisiniň işiniň düzgünini kesgitleýän esasy edara bolan *Baş komiteti* (*General Committee*) we *wekiliýetleriň ygtyýarlyklaryny barlamak boýunça Komiteti* (*Credentials Committee*) belleýär.

Baş komitet onda başlyklyk edýän BA-nyň Başlygyndan, 21 sany Başlygyň orunbasarlaryndan we esasy komitetleriň başlyklaryndan

durýar. Baş komitetiň düzümine haýsy hem bolsa bir wekiliýetiň bir agzasyndan artyk agza girip bilmez, şol bir wagtyň özünde hem Komitetiň düzüminiň ýeterlik wekilçilikli häsiýeti bolmalydyr. Baş komitet: ilkinji gün tertibine seredýär we oňa punktlary goşmak ýa-da goşmazlyk barada Baş Assambleýa maslahat berýär; mejlisiň ýapyljak güni barada maslahat berýär; her umumy mejlisiň gün tertibini düzmeklige, meseleleriň nobat boýunça ara alnyp maslahatlaşylmagyny kesgitlemäge, BA-nyň ähli komitetleriniň işiniň utgaşdyrylmagyna ýardam edýär; Assambleýanyň işine umumy ýolbaşçylyk etmekde başlyga kömek edýär. BMG-niň BA-nyň 33-nji mejlisiniň kararyna laýyklykda BA-nyň başlygynyň 21 orunbasarynyň 6-si Afrika, 5-si – Aziýa, 1-si Günorta Ýewropa, 3-si Latyn Amerikasy, 2-si Günbatar Ýewropa döwletlerinden ýa-da başga döwletlerden; 5-si Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik agzalaryndan saýlanýar.

Wekilleriň ygtyýarlyklaryny barlamak boýunça Komitetiň agzalary öňden gelýän däbe görä Baş Assambleýanyň ilkinji umumy mejlisindäki wagtlaýyn başlygyň teklibi boýunça bellenýär. Komitet başlygy saýlaýar, ýöne başlygyň orunbasaryny-da, dokladçyny-da saýlamaýar. Komitet 9 agzadan durýar, wekilleriň ygtyýarlyklaryny barlaýar we öz işiniň soňunda Baş Assambleýa hasabat berýär.

Baş Assambleýanyň Düzgünleriniň tertibine laýyklykda Assambleýanyň we onuň kömekçi edaralarynyň resmi we işçi dilleri iňlis, arap, ispan, hytaý, rus we fransuz dilleridir. Ähli rezolýusiýalar we beýleki resminamalar Baş Assambleýanyň dillerinde çap edilýär.

Assambleýanyň mejlisiniň işi umumy mejlislerden başlanýar. Şol mejlislerde **umumy syýasy çekişme** (General debate) alnyp barylýar we onyň çäklerinde wekiliýetler iň möhüm halkara meseleler boýunça öz hökümetleriniň garaýyşlaryny beýan edýärler. Meseleleriň aglaba köpüsine esasy komitetlerde (Main Committees) seredilýär. Baş Assambleýanyň 1993-nji ýylyň 17-nji awgustyndaky kararyna laýyklykda şol komitetler şu aşakdakylardan durýarlar:

**Birinji komitet** (*Ýaragsyzlanmak we halkara howpsuzlygynyň meseleleri* (Disarmament and International Security); (BA-nyň XXXI mejlisinden başlap bu komitet, esasan, ýaragsyzlanmak meseleleri bilen meşgul bolýar); **Ikinji komitet** (*Ykdysady we maliýe meseleleri*

(Economic and Financial)); **Üçünji komitet** (*Durmuş, gumanitar meseleleri, medeniýet meseleleri* (Social, Humanitarian and Cultural); **Dördünji komitet** (*Ýörite syýasy meseleler we dekolonizasiýa meseleleri* (Special Political and Decolonization); **Bäşinji komitet** (*Administratiw we býujet meseleleri* ( Administrative and Budgetary); **Altynjy komitet** (*Hukuk meseleleri* (Legal).

Komitetleriň köpüsiniň işi dekabr aýynyň ahyrlarynda tamamlanýar. Ýöne käbir komitetler, hususan-da, bäşinji komitet, öz işini indiki ýylyň ýanwaryndan soň hem dowam etdirýär.

Esasy komitetleriň hemmesi adalatly geografiki bölünişik esasynda başlygy, onuň iki sany orunbasaryny we dokladçyny saýlaýarlar, mejlisleri geçirýärler we her mesele boýunça rezolýusiýalaryň taslamalary bilen birlikde BA-nyň tassyklamagy üçin oňa doklad berýärler.

Ähli meseleler boýunça ses berişlik mejlisiň ahyrynda umumy mejlislerde amala aşyrylýar. Ilatynyň sanyna seretmezden, her bir agza döwletiň (milleti 1,3 milliard adam bolan Hytaýdan başlap ilatynyň sany 16 müň adam bolan Palau döwletine çenli) BA-de bir sesi bardyr.

**Rezolýusiýalar we kararlar.** Baş Assambleýa öz seredýän meseleleri boýunça kararlar we rezolýusiýalar kabul edýär. BMG-niň Düzgünnamasy tarapyndan möhüm hasap edilýän meseleler boýunça BA--nyň kararlary ses berişlikde bolýan we oňa gatnaşýan Assambleýanyň agzalarynyň 3-den 2 böleginden az bolmadyk ýagdaýynda kabul edilýär. BMG-niň Düzgünnamasynyň 18-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda möhüm hasap edilýän meseleleriň sanawyna halkara parahatçylygy we howpsuzlygy saklamaklyga gönükdirilen maslahatlar; Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik däl agzalygyna saýlawlar; Ykdysady we Durmuş Geňeşine agzalaryň saýlawlary; BMG täze agzalaryň kabul edilmegi; BMG-niň agzalarynyň hukuklarynyň we artykmaçlyklarynyň togtadylmagy; býujet meseleleri ýaly meseleler degişlidir.

Ähli beýleki meseleler boýunça kararlar ses berişlikde bolýanlaryň we oňa gatnaşýanlaryň ýönekeý köplügi bilen kabul edilýär. Mejlisde bolmadyk we ses bermekden saklanan wekiliýetlere ses berişlige gatnaşmadyk wekiliýetler hökmünde seredilýär.

BMG-niň BA-nyň rezolýusiýalarynyň Düzgünnamanyň 11-nji maddasynyň manysy boýunça maslahat beriji häsiýeti bardyr we şunlukda, olar döwletler üçin hökmany däldir. Guramaçylyk, administrariw ýa-da býujet meselelerine degişli rezolýusiýalaryň hökmany häsiýeti bardyr.

BA-nyň rezolýusiýalarynyň ýuridiki güýji baradaky mesele boýunça dürli nukdaýnazarlar bar. Mysal üçin, halkara hukugy boýunça bilermen, rus alymy N.M. Minasýan özüniň «Parahatçylykly ýaşaşmagyň hukugy» atly kitabynda bu barada şeýle ýazýar: «BMG-niň BA-nyň düzgünnama we halkara hukugynyň esasy ýörelgelerine garşy gelmeýän we bir agyzdan ýa-da sesleriň 2/3 köplüginde kabul edilen ähli rezolýusiýalary BMG-niň ähli agzalary üçin hökmanydyr, sebäbi olarda gol çekmek bilen däl-de, eýsem ses bermek bilen döwletleriň ylalaşylan erki aňladylandyr». Iňlis alymy G. Sçhwarzenberger bolsa özüniň halkara hukugynyň meselelerine bagyşlanan işinde «BMG-niň BA-nyň maslahatlarynyň syýasy we ahlak güýji nähili hem bolsa, olar hukuk nukdaýnazardan hökmany däldirler» diýip ýazýar.

**Kömekçi edaralar.** BMG-niň Düzgünnamasynyň 22-nji maddasyna laýyklykda Baş Assambleýa öz wezipelerini ýerine ýetirmek üçin zerur bolan kömekçi edaralary döretmäge ygtyýarlyk berilýär. Häzirki wagtda şeýle edaralaryň 100-e golaýy hereket edýär. Hukuk statuslary boýunça olary üç topara: a) *özleriniň statuslary boýunça halkara guramalar hasaplanylýan edaralara;* b) *hemişelik edaralara; d) wagtlaýyn edaralara bölmek bolar.*

*Birinji topara* Baş Assambleýanyň işinde esli özbaşdaklykdan peýdalanýan we ýörite çäklerde halkara hyzmatdaşlygynyň meseleleri bilen meşgul bolýan

1) BMG-niň Ösüş maksatnamasy,

2) BMG-niň Daşky gurşaw boýunça maksatnamasy,

3) BMG-niň söwda we ösüş boýunça Maslahaty ýaly kömekçi edaralar girýär.

*Ikinji topara*

1) administratiw we býujet meseleleri boýunça Konsultatiw komitet,

2) tölegler boýunça Komitet,

3) halkara hukuk boýunça Komissiýa,

4) Ýaragsyzlanmak boýunça Maslahat,

5) kosmos giňişligini parahatçylykly maksatlar üçin peýdalanmak boýunça Komitet,

6) Ylym we tehnika boýunça Hökümetara komitet,

7) Bütindünýä azyk geňeşi,

8) halkara söwdanyň hukugy boýunça BMG-niň Komissiýasy,

9) adam hukuklary boýunça Geňeş we başgalar degişlidir.

*Üçünji topara*

1. BMG-niň Düzgünnamasy we Guramanyň roluny ýokarlandyrmak boýunça Ýörite komitet (1974-nji ýylda döredildi),

2. Hindi ummany boýunça Ýörite komitet (1972-nji ýylda döredildi) ýaly meseleleriň darrak häsiýetli topary bilen meşgul bolýan, öz mejlislerine seýrek ýygnanýan we degişli halkara-hukuk resminamalary taýýarlanlaryndan ýa-da meseläni çözenlerinden soň ýatyrylýan kömekçi edaralar degişlidir.

Baş Assambleýa käbir ýagdaýlarda diplomatik maslahatyň wezipesini hem ýerine ýetirýär. Mysal üçiň, haçan-da BA mejlisiň gidişinde halkara şertnamalaryň taslamalaryny işläp düzýän we kabul edýän ýa-da beýleki edaralar tarapyndan taýýarlanylan şeýle taslamalary makullaýan halatynda (şol taslamalar soňra gol çekilmek üçin açylýar), ol diplomatik maslahatyň wezipesini ýerine ýetirýär.

BMG-niň ýanynda hemişelik synçylary bolan ýa-da bolmadyk Gurama agza bolmadyk döwletler Baş Assambleýanyň işine gatnaşyp bilýärler. Palestinany azat ediş Guramasy, Ýewropa Bileleşigi, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy ýaly ençeme halkara guramalar BA-nyň işine synçy hökmünde gatnaşmak hukugyny aldylar.

*BMG-niň býujeti* agza döwletleriň ýyllyk töleglerinden emele gelýär. Baş Assambleýa BMG-niň býujetine seredýär we ony iki ýyllyk möhlet bilen tassyklaýar, Guramanyň agzalarynyň tölegleriniň göwrümini kesgitleýär, ýöriteleşdirilen edaralaryň býujetine seredýär. Wagtly-wagtynda tölenýän býujet boýunça esasy çykdajylary Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik agzalary, şeýle hem ysdysady taýdan has ösen döwletler çekýärler.

Wagtly-wagtynda tölenýän töleglerden başga-da agza döwletler halkara tribunal, parahatçylyk dörediji operasiýalar bilen bagly bolan çykdajylary hem töleýärler.

BMG-niň Çagalar gaznasy, BMG-niň Ösüş maksatnamasy, BMG-niň bosgunlar boýunça Ýokary Komissarynyň müdirligi ýaly BMG-niň gaznalarynyň we maksatnamalarynyň özbaşdak býujetleri bardyr. Olaryň girdejisiniň esasy çeşmeleri hökümetlerden, şeýle hem şahsy adamlardan gelýän meýletin serişdelerdir. BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralarynyň hem özbaşdak býujetleri bardyr we olaryň üsti döwletleriň berýän meýletin serişdeleriniň hasabyna doldurylýar.

**Soraglar:**
1. BMG-niň Baş Assambleýasy nähili wezipeleri ýerine ýetirýär?
2. Baş Assambleýa tarapyndan seredilýän meseleleri näçe esasy topara bölüp bolar we olar haýsylar?
3. BA-nyň mejlisleriniň görnüşleri barada näme bilýärsiňiz?
4. Baş komitetiň wezipesi nämeden ybarat?
5. BA-nyň esasy komitetleri haýsylar?
6. Baş Assambleýa nähili resminamalary kabul edýär?
7. Hukuk statuslary boýunça BMG-niň BA-nyň kömekçi edaralary näçe topara bölünýärler?
8. BMG-niň býujetini onuň haýsy esasy edarasy tassyklaýar?
9. BMG-niň gaznalary we maksatnamalary haýsy çeşmeleriň hasabyna maliýeleşdirilýär?

## 2.BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşi (Security Council)

**Ygtyýarlygy** (Functions and powers). Howpsuzlyk Geňeşi hemişelik hereket edýän örän möhüm esasy edara bolup, oňa BMG-niň Düzgünnamasyna laýyklykda halkara parahatçylygy we howpsuzlygy saklamak boýunça esasy jogapkärçilik ýüklenendir. Şol jogapkärçilikden gelip çykýan borçlary ýerine ýetirende Geňeş BMG-niň Düzgünnamasynyň 24-nji maddasyna laýyklykda agza döwletleriň adyndan hereket edýär. BMG-niň Düzgünnamasynyň 25-nji maddasy bolsa agza döwletleriň öz üstlerine HG-niň kararlaryna tabyn bolmak we olary ýerine ýetirmek borçlaryny alandyklaryndan habar berýär.

Howpsuzlyk Geňeşi BMG-niň 15 sany agza döwletinden durýar (1966-njy ýylyň 1-nji ýanwaryna çenli ol 11 agza döwletden durýardy). Olarda hemişelik we hemişelik däl agzalaryň statusy bardyr. BMG-niň Düzgünnamasynyň 23-nji maddasyna laýyklykda Russiýa, ABŞ, Beýik Britaniýa, Hytaý we Fransiýa HG-niň hemişelik agzalarydyr. Şol döwletlere halkara parahatçylygy saklamakda aýratyn jogapkärçilik degişlidir.

Hemişelik däl 10 agza BMG-niň BA tarapyndan bada-bat täzeden saýlanmak hukugy bolmazdan iki ýyllyk möhlet bilen saýlanýar. Saýlawlarda döwletleriň halkara parahatçylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmaga we Guramanyň beýleki maksatlarynyň gazanylmagyna goşýan goşantlaryna, şeýle hem orunlaryň geografiki taýdan adalatly paýlanylmagyna uly üns berilýär.

BMG-niň BA-nyň 1963-nji ýylyň 17-nji dekabrynda kabul eden rezolýusiýasy hemişelik däl agzalaryň orunlaryny eýelemek üçin şu aşakdaky paýy belledi: şol ýerleriň bäşisi Aziýa we Afrika; biri – Gündogar Ýewropa; ikisi – Latyn Amerikasy we Karib basseýni; ikisi – Günbatar Ýewropa we beýleki döwletlere, şol sanda Awstraliýa, Kanada, Täze Zelandiýa degişlidir. Soňky takyklanma laýyklykda, Aziýa döwletlerinden iki ýurt, Afrika döwletlerinden bolsa üç ýurt saýlanmaly edildi. 1946-njy ýyldan 2008-nji ýyla çenli Howpsuzlyk Geňeşiniň agzalygyna 111 döwlet saýlandy.

Soňky ýyllarda BA-nyň mejlislerinde Howpsuzlyk Geňeşiniň agzalarynyň sanyny 20-ä ýetirmek we hatda ondan hem artdyrmak, şol sanda hemişelik agzalaryň sanyny 7-10 agza ýetirmek baradaky mesele örän işjeň ara alnyp maslahatlaşylýar.

Howpsuzlyk Geňeşi BMG-niň ulgamynda halkara parahatçylygy we howpsuzlygy goramak üçin Guramanyň ähli agzalarynyň adyndan hereket edýän ýeke-täk edara bolup durýar. Şeýle hem, egerde BMG-niň beýleki ähli edaralary hökümetlere maslahatlar berýän bolsa, onda diňe HG-nyň kabul edýän kararlarynyň agza döwletler tarapyndan ýerine ýetirilmegi hökmanydyr.

BMG-niň Düzgünnamasyna laýyklykda Howpsuzlyk Geňeşi hususan-da şu aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýär: BMG-niň maksatlaryna we ýörelgelerine laýyklykda halkara parahatçylygy we howpsuzlygy goraýar; halkara çaknyşyklara getirip ýa-da dawa döredip biljek islendik jedeli we ýagdaýy barlaýar; şeýle dawalary tertibe salmagyň usullary ýa-da olary çözmegiň şertleri babatda maslahat berýär; ýaraglary tertibe salmagyň ulgamyny döretmek üçin meýilnamalary işläp düzýär; parahatçylyga abanýan howpuň bolmagyny, parahatçylygyň islendik bozulmasyny ýa-da agressiýanyň hereketini kesgitleýär we halkara parahatçylygy we howpsuzlygy goramak ýa-da ony dikeltmek üçin nähili çäreleriň görülmelidigi barada maslahat berýär; agressiýany öňünden duýdurmak ýa-da ony togtatmak üçin ykdysady sanksiýalary we ýaragly güýçleri ulanmak bilen bagly bol-

madyk beýleki çäreleri ulanmaklyga Guramanyň agza döwletlerini çagyrýar; agressoryň garşysyna harby çärelere girişýär; «strategiki sebitlerde» howandarlyk boýunça BMG-niň borçlaryny amala aşyrýar.

Halkara parahatçylygy we howpsuzlygy goramak boýunça öz ygtyýarlyklaryny durmuşa geçirmek bilen, HG beýleki baş edaralar bilen özara hereket edýär. Hususan-da, Howpsuzlyk Geňeşi BMG-niň BA-dan Howpsuzlyk Geňeşinde seredilýän dawa ýa-da ýagdaý boýunça maslahatlary sorap biler. Öz gezeginde, BMG-niň BA-nyň Geňeşe maslahat bermäge ygtyýarlygy bardyr we onuň ünsüni halkara parahatçylygyna we howpsuzlygyna howp salyp biljek ýagdaýlara gönükdirip biler (11-nji maddanyň 3-nji punkty).

Howpsuzlyk Geňeşi we Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň arasynda hem belli özara gatnaşyklar göz öňünde tutulandyr. Düzgünnamanyň 65-nji maddasyna laýyklykda YDG-nyň HG habar bermeklige ygtyýarlygy bardyr, şeýle hem HG-nyň teklibi boýunça YDG oňa kömekleşmäge borçludyr.

BMG-niň Düzgünnamasynyň 94-nji maddasy Halkara kazyýeti bilen HG-niň özara gatnaşyklaryny kesgitleýär. Bu madda laýyklykda, eger-de haýsy hem bolsa bir tarap iş ýüzünde oňa Kazyýetiň karary bilen ýüklenen borjy ýerine ýetirmeýän bolsa, onda beýleki tarap Geňeşe ýüzlenip biler. Eger-de Geňeş muny zerur diýip hasap etse, onda ol maslahat bermäge ýa-da karary ýerine ýetirmek üçin çäre görmek barada meseläni çözmäge haklydyr.

Geňeş ençeme wezipeleri BMG-niň BA bilen bilelikde ýerine ýetirýär: muňa täze agzalary kabul etmek, BMG-niň agzalarynyň hukuklarynyň we artykmaçlyklarynyň amala aşyrylmagyny togtatmak, BMG-niň agzalygyndan çykarmak we başga meseleler degişlidir. Ýöne togtadylan hukuklaryň we artykmaçlyklaryň dikeldilmegi HG tarapyndan amala aşyrylýar. Mundan başga-da, HG Assambleýa tarapyndan Baş Sekretaryň bellenilmegini maslahat berýär we halkara kazylaryň saýlawlaryna gatnaşýar.

Düzgünnamanyň ýörelgelerini hemişe bozýan BMG-niň agza döwleti HG-niň maslahaty bilen kabul edilen BA-nyň karary esasynda BMG-den çykarylyp bilner.

BMG-niň, hususan-da Howpsuzlyk Geňeşiniň parahatçylygy goramakdaky we halkara howpsuzlygyny upjün etmekdäki roly şu aşakdaky dört çäräniň amala aşyrylmagynda öz beýanyny tapýar.

Howpsuzlyk Geňeşiniň köpýyllyk işinde dürli dawaly ýagdaýlary tertibe salmagyň belli usullary emele geldi. Hususan-da, soňky ýyllarda Howpsuzlyk Geňeşi öz işinde öňüni alyş diplomatiýasyny ýygy-ýygydan ulanýar. ***Öňüni alyş diplomatiýasy* - munuň özi taraplaryň arasynda dawalaryň döremegini öňünden duýdurmaklyga, bar bolan dawalaryň gapma-garşylyklara ösüp geçmegine ýol bermezlige we gapma-garşylyklar döräninden soň olaryň göwrümini çäklendirmeklige gönükdirilen hereketlerdir.**

Öňüni alyş diplomatiýasyna şeýle kesgitleme hem berse bolar: ***öňüni alyş diplomatiýasy* – munuň özi syýasy, diplomatik, halkara – hukuk we başga häsiýetli hereketler bolup, olar taraplaryň arasynda jedelleriň we agzalalyklaryň döremegini öňünden duýdurmaklyga, olaryň dawalara ýazmagyna ýol bermezlige we dawalar ýüze çykanyndan soň onuň gerimini çäklendirmäge gönükdirilendir.**

BMG-niň Baş sekretary bilen hyzmatdaşlyk etmek arkaly Geňeş öňüni alyş diplomatiýasynyň serişdelerinden işjeň peýdalanýar, ýaraşyk, araçyllyk, delilleri anyklamak, ylalaşyga gözegçilik etmek we başga öňüni alyş hereketler üçin şertleri üpjün edýär. Jedelleriň we agzalalyklaryň döremeginiň öňüni almakda Geňeşiň mandaty, ýagny resminamasy boýunça BMG-niň Owganystanda we başga ençeme ýurtlarda hereket edýän ýörite wekilleri peýdaly rol oýnaýarlar.

Häzirki şertlerde Howpsuzlyk Geňeşiniň işinde parahatçylyk döredіji hereketler hem möhüm orun tutýarlar. **Parahatçylygy döretmek** – munuň özi esasan hem biri-birine garşy duran taraplary ylalaşyga razy etmeklige gönükdirilen hereketlerdir, esasan hem BMG-niň Düzgünnamasynyň VI babynda göz öňünde tutulan parahatçylykly serişdeleri ulanmak bilen edilýän hereketlerdir.

Howpsuzlyk Geňeşi öz işinde parahatçylygy saklamak boýunça operasiýalara (Peacekeeping operations) hem uly üns berýär. **Parahatçylygy saklamak** – munuň özi BMG-niň harby we (ýa-da) polisiýa personalynyň, seýrek bolmadyk halatlarda bolsa raýat personalynyň ýaýbaňlandyrylmagy bilen bagly şol bir belli sebitde BMG-niň bolmagynyň üpjün edilmegidir. Parahatçylygy saklamak boýunça operasiýalar Howpsuzlyk Geňeşi tarapyndan döredilýär we olar Baş sekretaryň ýolbaşçylygynda (köp halatlarda onuň ýörite wekiliniň üsti bilen) amala aşyrylýar.

**Dawa-jenjelden soňky döwürde parahatçylygy döretmek** – munuň özi ýurtlaryň we halklaryň arasynda dawa ýa-da dawaly ýag-

daý ýok edilenden soňra zorlugyň birden ýüze çykmagynyň öňüni almaklyga gönükdirilen hereketlerdir.

Şunlukda, ähli agza döwletleriň goldaw bermeginde bilelikde amala aşyrylýan işiň bu dört görnüşi BMG-niň Düzgünnamasynyň esasynda parahatçylygy üpjün etmeklige Guramanyň saldamly goşandy bolup durýar.

**Işiniň tertibi.** Howpsuzlyk Geňeşi hemişe hereket edýän esasy edaradyr. Onuň ähli agzalary BMG-niň merkezi edaralarynyň ýanynda hemişelik wekilçilik edýär. Geňeş mejlislere zerurlyga görä ýygnanýar, ýöne düzgünleriň tertibine laýyklykda onuň mejlisleriniň arasyndaky boşluk 14 günden köp bolmaly däldir.

Howpsuzlyk Geňeşiniň mejlisleri BMG-niň ştab-jaýynda, Nýu-Ýorkda geçirilýär. Ýöne Geňeş öz mejlislerini öz ştab-jaýyndan daşarda hem geçirip bilýär. Mysal üçin, 1972-nji ýylda HG öz mejlislerini Addis-Abebada (Efiopiýa), 1973-nji ýylda Panamada (Panama), 1990-njy ýylda bolsa Ženewada (Şweýsariýa) geçiripdi.

HG başlyklyk etmek Geňeşiň agzalary tarapyndan gezekli-gezegine olaryň atlarynyň iňlis elipbiýi tertibinde amala aşyrylýar. Her başlyk bu wezipäni bir aýyň dowamynda eýeleýär.

Eger-de HG-niň başlygy özüniň wekilçilik edýän ýurdunyň haýsy-da bolsa bir mesele bilen gönüden-göni bagly bolany üçin Geňeşe özüniň başlyklyk etmegini maksada laýyk hasap etmese, onda ol öz karary barada habar berýär we başlygyň borçlary şol mesele seredilýänçä Geňeşiň indiki agzasynyň wekiline geçýär.

Geňeşiň işine başga döwletler – BMG-niň agzalary, şeýle hem oňa agza däl ýurtlar gatnaşyp bilýärler. Ses hukugy bolmazdan Geňeşiň işine eger-de olaryň bähbitleri Geňeşde ara alnyp maslahatlaşylýan mesele bilen göni galtaşýan halatynda, Geňeş agzalary bolmadyk BMG-niň agzalary (BMG-niň Düzgünnamasynyň 31-nji maddasy), şeýle hem Geňeşde seredilýän dawada tarap bolup durýan BMG-ä agza we agza däl döwletler çagyrylýar (BMG-niň 32-nji maddasy). BMG agza däl döwletleriň mejlislere gatnaşmagynyň şertleri Geňeş tarapyndan kesgitlenýär.

Belli wagtda geçirilýän HG-niň mejlislerinden başga-da, başlyk HG-niň islendik agzasynyň talaby boýunça; eger BA maslahat berse

ýa-da haýsydyr bir meseläni HG-ne geçirse; eger Baş sekretar HG-niň ünsüni halkara parahatçylygyna we howpsuzlygyna howp salyp bil-jek meselä çeken ýagdaýynda, HG-niň mejlisini çagyrýar.

Eger Geňeş başga karar kabul etmese, onda HG-niň mejlisleri açyk bolýar. Ýapyk mejlislerde, hususan-da, BMG-niň Baş sekretaryny bellemek babatda BA-nyň islendik maslahaty, şeýle hem HG-niň Baş Assambleýa ýyllyk doklady ara alnyp maslahatlaşylýar we kabul edilýär.

Geňeşde ses bermekligiň tertibi hem onuň borçlarynyň juda möhümligini kesgitleýär. Geňeşiň her bir agzasynyň bir sesi bardyr. Düzgünleriň tertip meseleleri boýunça kararlar Geňeşiň 15 agzasyndan azyndan dokuzysynyň sesi bilen kabul edilýär. Geňeşiň işi bilen bagly beýleki meseleler boýunça karar kabul etmek üçin Geňeşiň ähli hemişelik agzalarynyň gabat gelýän seslerini hem goşmak bilen dokuzdan az bolmadyk ses hökmandyr. Galyberse-de, dawa gatnaşýan tarap karar kabul edilen wagtynda ses bermekden saklanmalydyr.

Geňeşiň kararynyň garşysyna iň bolmanda bir hemişelik agza ses berse, onda ol karar ret edilen hasaplanýar. Bu ýagdaý weto ulanylmagynyň mysalydyr.

Geňeşiň hemişelik agzasynyň ses berişlige gatnaşmazlygy özüniň ýuridiki netijesi boýunça ses bermekden saklanmaklyga deňdir.

Howpsuzlyk Geňeşiniň işiniň tejribesi pikirdeşlik ýörelgesiniň örän möhümdigini görkezýär. Pikirdeşlik ýörelgesinden Geňeşiň işiniň esasynda hemişelik agzalaryň aýratyn jogapkärçilik ýörelgesiniň ýatandygy gelip çykýar. Hut şonuň üçin hem olar Geňeşiň kadaly işini üpjün etmek we bu edaranyň parahatçylygy we howpsuzlygy goramagyň meseleleri boýunça ylalaşylan kararlara ýetmegi üçin ähli tagallalary etmäge borçludyrlar.

Howpsuzlyk Geňeşindäki ses berişlik belli derejede hemişelik we hemişelik däl agzalaryň ylalaşylan hereketlerini talap edýär, sebäbi karar kabul etmek üçin bäş sany hemişelik agzalaryň seslerinden başga-da, azyndan 4 sany hemişelik däl agzanyň gabat gelýän sesleri zerur bolup durýar.

Howpsuzlyk Geňeşiniň tejribesinde döwletleriň we hökümetleriň baştutanlarynyň we daşary işler ministrleriniň derejesindäki mejlisler uly ähmiýete eýe boldular. Şeýle mejlisleri wagtal-wagtal geçir-

mek mümkinçiligi Düzgünnamanyň 20-nji maddasy tarapyndan göz öňünde tutulýar.

**Kararlar.** Howpsuzlyk Geňeşi öz mejlislerinde kararlary we maslahatlary kabul edýär. Ýöne kararlaram, maslahatlaram maslahatlar diýlip atlandyrylýar we olaryň ýerine ýetirilmegi ýuridiki taýdan hökmanydyr.

Howpsuzlyk Geňeşiniň kararlary şikaýat edilmäge degişli däldir. Olar gutarnyklydyr. Mysal üçin, ýüze çykan täze ýagdaýlar bilen baglylykda diňe Howpsuzlyk Geňeşi öz kararyna täzeden seredip biler.

**Kömekçi edaralar.** Düzgünnamanyň 29-njy maddasyna laýyklykda Howpsuzlyk Geňeşi zerur bolan kömekçi edaralary döredip bilýär. Şeýle edaralar hemişelik we wagtlaýyn edaralara bölünýärler. Harby–ştab komiteti (HŞK), ekspertleriň Komiteti, täze agzalary kabul etmek boýunça Komitet, Geňeşiň mejlislerini merkezi edaralardan daşarda geçirmek meselesi boýunça Komitet we ş.m. hemişelik edaralar hasaplanýar.

Mysal üçin, Harby–Ştab komiteti BMG-niň Düzgünnamasynyň 47-nji maddasyna laýyklykda döredildi. Bu edara ýaragly güýçleri ulanmaklygyň meýilnamalaryny işläp taýýarlaýar, HG-ä maslahatlar berýär we oňa degişli meseleleriň ählisi boýunça kömek berýär. Bu komitet HG-niň hemişelik agzalarynyň ştablarynyň başlyklaryndan durýar.

2001-nji ýylyň 11-nji sentýabrynda ABŞ-nyň garşysyna bolan terrorçylykly hereketlerden soň Howpsuzlyk Geňeşi Terrorçylyga garşy komiteti döretdi.

Howpsuzlyk Geňeşi tarapyndan wagtlaýyn edaralar belli ýagdaýy derňemek we hemme zady öz içine alýan dokladlary taýýarlamak üçiň döredilýär. Olar öz mejlislerini zerurlyga görä geçirýärler.

**Soraglar:**
1. BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň esasy wezipeleri nämeden ybarat?
2. Haýsy wezipeleri Howpsuzlyk Geňeşi BA bilen bilelikde ýerine ýetirýär?
3. Howpsuzlyk Geňeşiniň parahatçylygy goramakdaky we halkara howpsuzlygyny upjün etmekdäki roly nämeden ybarat?
4. Howpsuzlyk Geňeşiniň işiniň tertibi barada näme bilýärsiňiz?
5. Howpsuzlyk Geňeşiniň kabul edýän kararlarynyň we maslahatlarynyň ýuridiki güýji nähili?
6. Howpsuzlyk Geňeşiniň kömekçi edaralary näçe topara bölünýär we olar haýsylar?

## 3. Ykdysady we Durmuş Geňeşi (Economic and Social Council (ECOSOC)

**Ygtyýarlygy** (Functions and powers). Ykdysady we Durmuş Geňeşi BMG-niň esasy edaralarynyň biridir we ol Guramanyň ykdysady we gumanitar işini utgaşdyrýar. Bu işiň esasy ugurlary BMG-niň Düzgünnamasynyň 55-nji maddasynda öz beýanyny tapýar. Şol madda laýyklykda deňhukuklylyk we halklaryň öz ykballaryny özleri kesgitlemek ýörelgesini hormatlamaga esaslanýan milletleriň arasynda parahatçylykly we dostlukly gatnaşyklar üçin zerur bolan durnuklylygyň we abadançylygyň şertlerini döretmek maksady bilen YDG: a) durmuş derejesiniň ýokarlanmagyna, ilatyň doly iş bilen üpjünçiligine, ykdysady we sosial progresiň şertlerine; b) ykdysady we sosial çäkde, saglygy goramakda halkara meseleleriň çözgüdine; medeniýet we bilim ulgamynda halkara hyzmatdaşlyga; ç) jynsyna, diline, dinine garamazdan adam hukuklarynyň we esasy azatlyklaryň ählumumy hormatlanylmagyna we berjaý edilmegine ýardam edýär.

Halkara ykdysady we sosial hyzmatdaşlyk çäginde Guramanyň wezipeleriniň ýerine ýetirilmegine jogapkärligi BMG-niň Düzgünnamasy Baş Assambleýanyň we onuň ýolbaşçylygynda munuň üçin oňa degişli ygtyýarlyklar berlen YDG-niň üstüne ýükleýär.

Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň *borçlary we ygtyýarlyklary* köpsanly we dürlidir. YDG:

a) global ýa-da pudagara häsiýetli halkara ykdysady we durmuş meseleleri ara alyp maslahatlaşmagyň merkezi forumy bolup hyzmat edýär, bu meseleler boýunça syýasat babatda Guramanyň agza döwletleri we umuman BMG-niň ulgamy üçin teklipler işläp taýýarlaýar;

b) ykdysady we sosial çäklerde halkara meseleleri, medeniýet, bilim, saglygy goraýyş we olara degişli meseleler boýunça barlag işlerini geçirýär, dokladlary taýýarlaýar we teklipler, maslahatlar berýär; adam hukuklaryna we esasy azatlyklara hormat goýulmagyny we berjaý edilmegini höweslendirýär; halkara maslahatlary çagyrýar we özüniň ygtyýarlyklaryna girýän meseleler boýunça Baş Assambleýa bermek üçin konwensiýalaryň taslamalaryny taýýarlaýar;

ç) BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralarynyň işini utgaşdyrmak BMG-niň Düzgünnamasynyň 63-nji maddasyna laýyklykda Ykdy-

sady we Durmuş Geňeşiniň örän möhüm ygtyýarlyklaryndan biri bolup durýar. Şu jähtden ýöriteleşdirilen edaralar bilen olaryň BMG bilen özara gatnaşyklaryny kesgitleýän ylalaşyklar babatda gepleşikler alyp barýar;

d) ýöriteleşdirilen edaralar bilen maslahat etmek we olara maslahat bermek, şeýle hem Baş Assambleýa we BMG-niň agzalaryna teklipler bermek arkaly ýöriteleşdirilen edaralaryň işini ylalaşýar;

e) BMG-niň agzalaryna, şeýle hem ýöriteleşdirilen edaralara soňkularyň haýyşy bilen Baş Assambleýa tarapyndan makullanylan hyzmatlary berýär we ş.m.

YDG BMG-niň BA-sy tarapyndan saýlanýan 54 döwletden durýar (1966-njy ýylyň 1-nji ýanwaryna çenli ol 18 döwletden ybarat bolupdy). Geňeşiň agzalygyndan çykýan ýurt oňa ýene-de bada-bat täzeden saýlanyp bilýär. Her ýyl YDG-niň 18 agzasy üç ýyllyk möhlet bilen täzeden saýlanýar. BMG-niň BA-nyň 1971-nji ýylyň 20-nji dekabrynda kabul eden rezolýusiýasyna laýyklykda, YDG-de Afrika döwletlerine 14 orun; Aziýa döwletlerine – 11 orun; Latyn Amerikasy we Karib basseýniniň döwletlerine – 10 orun; Günbatar Ýewropa we beýleki döwletlere – 13 orun; Gündogar Ýewropa döwletlerine bolsa 6 orun degişlidir.

**Işiniň tertibi.** YDG ýylyň dowamynda birnäçe gysga möhletli mejlisleri (short sessions), şeýle hem iýul aýynda dört hepdelik esasy mejlisi (substantive session) nobat bilen Nýu-Ýorkda we Ženewada geçirýär. Bu mejlisde ministrler we beýleki ýokary wezipeli adamlar möhüm ekologiýa, sosial we gumanitar meseleleri ara alyp maslahatlaşýarlar. Ýylyň dowamynda Geňeşiň işi onuň kömekçi edaralarynda – wagtly-wagtynda ýygnanýan we Geňeşe dokladlar berýän komissiýalarda we komitetlerde geçirilýär.

*YDG-niň ýörite mejlisleri:* a) Geňeşiň karary boýunça; b) Geňeşiň agzalarynyň talaby ýa-da olaryň köpüsiniň razylygy bilen; ç) Baş Assambleýanyň ýa-da Howpsuzlyk Geňeşiniň talaby boýunça geçirilýär. Mejlisler BMG-niň Merkezi edaralarynda geçirilýär.

YDG-niň her bir agzasynyň bir sesi bardyr. Kararlar ses berişlige gatnaşýan Geňeş agzalarynyň sesleriniň köplüginde kabul edilýär.

**Kömekçi edaralar.** BMG-niň Düzgünnamasynyň 68-nji maddasyna laýyklykda YDG öz wezipelerini ýerine ýetirmek üçin zerur bolan komissiýalary döredip bilýär. Husussan-da, Geňeşiň düzüminde:

– Statistika boýunça komissiýa;
– ýurduň ilaty we ösüşi boýunça Komissiýa;
– durmuş ösüşi boýunça Komissiýa;
– adam hukuklary boýunça Komissiýa;
– aýallaryň ýagdaýy boýunça Komissiýa;
– neşe serişdeleri boýunça Komissiýa;
– jenaýatçylygy duýdurmak we jenaýatçylyk kazyýeti boýunça Komissiýa;
– ösüş üçin ylym we tehnologiýa boýunça Komissiýa;
– durnukly ösüş boýunça Komissiýa ýaly dokuz sany *ýörite ugurly komissiýalar* (functional commissions) işleýär.

Kömekçi edaralaryň hataryna *bäş sany sebitleýin komissiýa* (regional commissions), şol sanda:

1) Aziýa we Ýuwaş umman üçin Ykdysady we Durmuş Komissiýasy (Bangkok, Taýland);
2) Ýewropa üçin Ykdysady Komissiýa (Ženewa, Şweýsariýa);
3) Günbatar Aziýa Ykdysady we Durmuş Komissiýasy (Beýrut, Liwan);
4) Afrika üçin Ykdysady Komissiýasy (Addis-Abeba, Efiopiýa);
5) Latyn Amerikasy we Karib basseýni üçin Ykdysady Komissiýa (Santýago, Çili) hem degişlidir. Komissiýalaryň maksady sebitleriň durmuş-ykdysady ösüşine we olaryň ýurtlarynyň arasyndaky, şeýle hem dünýäniň beýleki ýurtlary bilen ykdysady hyzmatdaşlygynyň ösmegine ýardam etmekdir.

YDG-niň düzümine şu aşakdaky *alty sany hemişelik komitet* (standing committees) –

1) maksatnama we utgaşdyrmak boýunça Komitet;
2) ilatly nokatlar boýunça Komitet;
3) hökümete degişli däl guramalar boýunça Komitet;
4) hökümetara edaralar bilen gepleşikler boýunça Komitet;
5) energetika we tebigy resurslar boýunça Komitet;
6) döwlet dolandyrylyşy boýunça Komitet hem girýär.

YDG-niň çäklerinde şeýle hem geografik atlar, ykdysady, durmuş we medeni hukuklar, tebigy resurslar, ösüşi meýilleşdirmek we başga meseleler boýunça ençeme *ekspert edaralar* we *guramalar* işleýärler.

Geňeş hyzmatdaşlyk edýär we belli derejede BMG-niň maksatnamalarynyň, hususan-da, BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň, BMG-niň Daşky gurşawy goramak boýunça maksatnamasynyň, BMG-niň Çagalar gaznasynyň, bosgunlar boýunça BMG-niň Ýokary Komissarynyň müdirliginiň, şeýle hem Azyk we oba hojalyk guramasynyň, Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň, Halkara zähmet guramasynyň, BMG-niň bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň işini utgaşdyrýar.

BMG-niň YDG–niň ýolbaşçylygynda «BMG-niň maşgalasynyň» guramalarynyň işi dünýäde soňky 70 ýyla golaý wagtyň içinde bolup geçen ençeme durmuş-ykdysady özgerişleriň ugruna we häsiýetine esli täsir etdi. Konsensusy emele getirmegiň global merkezi hökmünde BMG YDG-niň üsti bilen ýurtlaryň ösüşe, şeýle hem amatly global ykdysady giňişligi döretmeklige bolan ymtylmalarynda olara kömek bermek boýunça ykdysady hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlaryny we maksatlaryny kesgitleýär.

Dünýäniň ähli halklary üçin ykdysady ösüşiň syýasy, ykdysady we durmuş howpsuzlygyna ýetmegiň iň möhüm ýoludygy baradaky ynam BMG-niň esasgoýujy ýörelgelerinden biri bolup durýar. BMG adamlaryň maddy hal-ýagdaýyny ýokarlandyrjak, durnukly ösüşi üpjün etjek, garyplygy ýok etjek ykdysady ösüşi üpjün etmegiň ýollaryny gözlemäge borçly bolan ýeke-täk gurluşdyr.

2000-nji ýylda Müňýyllygyň Sammitinde BMG-niň agza döwletleri garyplygyň we açlygyň soňuna çykmaklyga; ählumumy başlangyç bilimi üpjün etmeklige; gender deňligine we aýallaryň hukuklarynyň we mümkinçilikleriniň giňeldilmegine ýardam etmeklige; çaga ölüminiň azalmagyna; eneleriň saglygynyň goragynyň gowulandyrylmagyna; ekologiýa durnuklylygy üpjün etmeklige; ösüş maksatlary üçin global hyzmatdaşlygy ösdürmeklige gönükdirilen çäreleriň toplumyny makulladylar.

**Beýleki guramalar bilen aragatnaşyklar.** Ykdysady we Durmuş Geňeşi olaryň işleriniň çägi özüniň işiniň çägi bilen gabat gelýän ýa-da oňa galtaşýan hökümetara guramalar, sebitleýin guramalar bilen hem yzygiderli aragatnaşyk saklaýar. Şol gatnaşyklar işiň mejlislere synçylary ýollamak, habar, resminamalar alyşmak, özara gyzyklanma bildirýän meseleler boýunça maslahatlar geçirmek ýaly görnüşlerini

öz içine alýar. BMG-niň Düzgünnamasynyň 71-nji maddasyna laýyklykda YDG hökümete degişli däl guramalar boýunça Komitetiň üsti bilen jemgyýetçilik guramalary bilen maslahatlar geçirýär. YDG-niň ýanynda 2500-den gowrak hökümete degişli däl guramalaryň maslahat beriş statusy bardyr.

Özüniň hereket edýän ýyllarynda YDG ykdysady we durmuş, şeýle hem adam hukuklaryny goramak çäklerinde özüni döwletleriň hyzmatdaşlygynyň möhüm edarasy hökmünde görkezdi. Durnukly ösüşi üpjün etmek çägindäki BMG-niň maksatnamalary YDG-niň utgaşdyryjy rolunyň mundan buýana hem güýçlendirilmegini talap edýär.

**Soraglar:**

1. BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň borçlary we ygtyýarlyklary nämeden ybarat?
2. YDG-niň agzalary Guramanyň haýsy esasy edarasy tarapyndan saýlanylýar we Geňeşde Aziýa döwletlerine näçe orun degişlidir?
3. YDG-niň işiniň tertibi barada näme bilýärsiňiz?
4. YDG-niň kömekçi edaralarynyň hataryndaky sebitleýin komissiýalar haýsylar?
5. BMG-niň Düzgünnamasynyň 71-nji maddasyna laýyklykda YDG haýsy guramalar bilen maslahat geçirýär?

## 4. BMG-niň Howandarlyk Geňeşi (Trusteeship Council)

BMG-niň Düzgünnamasy halkara howandarlyk ulgamynyň döredilmegini göz öňünde tutdy we *Howandarlyk Geňeşi* Düzgünnama laýyklykda howandarlygyň halkara ulgamyna giren territoriýalar, ýagny çäkler babatda BMG-niň wezipelerini ýerine ýetirdi. Bu esasy edaranyň gözegçilik astyndaky çäkleriň halklarynyň syýasy, ykdysady we durmuş, bilim çäklerdäki ösüşine degişli dolandyryjy häkimiýetiň hasabatlaryna seretmäge we olary ara alyp maslahatlaşmaga ygtyýarlygy boldy. Şeýle hem Howandarlyk Geňeşi dolandyryjy häkimiýet bilen geňeş etmek arkaly gözegçilik astyndaky çäklerden gelýän ýazmaça görnüşindäki köpçülikleýin haýyşlara seretdi, şol çäklere wagtal-wagtal ýörite baryp görmekligi gurady. Geňeş hossar döwletleriň howandarlygyň astyndaky çäkleriň öz-özüňi edara etmeklik we garaşsyzlyk ugrunda olaryň syýasy, ykdysady we durmuş ösüşine ýardam edişlerine gözegçilik etmekde belli rol oýnady.

Howandarlyk Geňeşine mandat boýunça dolandyrylýan çäkler, Ikinji jahan urşunuň netijesinde käbir döwletlerden bölünip aýrylan çäkler, olaryň dolandyrylmagyna jogapkär döwletler tarapyndan howandarlyk ulgamyna meýletin goşulan çäkler girizilmeli edildi. Howandarlyk ulgamyna 11 çäk, şol sanda Kamerunyň, Togonyň we Tanganikanyň bölegi (Beýik Britaniýanyň dolandyrmagynda), Kamerunyň we Togonyň bölegi (Fransiýanyň dolandyrmagynda) goşuldy. Howandarlyga degişli çäkleri dolandyrýan ýedi döwlet, ýagny Awstraliýa, Belgiýa, Beýik Britaniýa, Italiýa, Täze Zelandiýa, ABŞ, Fransiýa BMG bilen ylalaşyklara gol çekdiler we resminamalarda her bir çäk üçin howandarlygyň şertleri kesgitlenildi. Gözegçilik astyndaky çäkler iki hili, ýagny strategiki sebitlere degişli däl we strategiki sebitlere degişli çäkler boldy. Olaryň birinji toparyna howandarlyk wezipeleri BMG-niň BA-nyň ýolbaşçylygynda Howandarlyk Geňeşi amala aşyrdy, strategiki sebitler babatda bolsa esasy rol Howandarlyk Geňeşi bilen bilelikde Howpsuzlyk Geňeşine degişli boldy.

Düzgünnamada Howandarlyk Geňeşiniň san taýdan düzümi kesgitlenilmedi we ol dolandyrýan döwletleriň sanyna bagly boldy. BMG-niň Düzgünnamasynyň 86-njy maddasyna laýyklykda Geňeşe hossar döwletler, howandarlygyň astyndaky çäkleri dolandyrmaýan Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik agzalary, döwletleriň ilkinji iki toparyny deňleşdirmek üçin üç ýyl möhlet bilen saýlanýan döwletler girdiler. 1975-nji ýyldan bäri Geňeş bäş döwletden – Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik agzalaryndan ybarat boldy.

Howandarlyk Geňeşi Düzgünnama boýunça öz üstüne ýüklenen wezipeleri ýerine ýetirdi: howandarlygyň astynda bolan 11 çägiň ählisi, şol sanda Gana, Somali, Kamerun, Togo, Ruanda özbaşdak döwlet hökmünde ýa-da goňşy garaşsyz döwletlere goşulmak bilen öz garaşsyzlygyny aldylar. Olardan iň soňkusy bolan we ABŞ tarapyndan dolandyrylan Palau öz garaşsyzlygyny 1994-nji ýylda gazandy we 185-nji agza bolup BMG girdi. Şunlukda, Geňeş öz wezipesini ýerine ýetirmegini tamamlady (1994-nji ýylyň 1-nji noýabry).

2000-nji ýyl dünýäde bakna we garaşly çäkleriň bolmagynyň soňky ýyly diýlip jar edildi. Häzirki wagtda Howandarlyk Geňeşi ýatyryldy. 2005-nji ýylyň sentýabrynda BMG-niň BA-nyň 60-njy

mejlisinde BMG-niň Düzgünnümasyndan Howandarlyk Geňeşine bagyşlanan XIII baby aýyrmaklyk karar edildi.

Şol bir wagtyň özünde 2000-nji ýylda BMG-niň öňki Baş sekretary Kofi Annanyň agza döwletlere Howandarlyk Geňeşini ýer togalagynyň daşky gurşawyna köpçülikleýin howandarlyk etmek üçin foruma özgertmek, şeýle hem onuň BMG-niň, döwletleriň, hususy sektorlaryň we meýletinleriň arasynda baglaşdyryjy halka bolup hyzmat etmegini teklip edendigini hem nygtap geçeliň.

**Soraglar:**

1. Howandarlygyň halkara ulgamy haýsy gurama tarapyndan döredildi?
2. Howandarlyk Geňeşiniň düzümi san taýdan kesgitlenildimi?
3. Geňeşiň ygtyýarlyklary barada näme bilýärsiňiz?
4. Howandarlyk Geňeşi öz wezipesini haçan gutarnykly ýerine ýetirdi?
5. 2000-nji ýyl nämäniň iň soňky ýyly diýlip yglan edildi?
6. BMG-niň BA-nyň 60-njy mejlisi Howandarlyk Geňeşi bilen baglylykda nähili karar kabul etdi?

## 5. Halkara kazyýet (International Court of Justice)

*Halkara kazyýet* BMG-niň esasy edaralaryndan biridir we onuň esasy kazyýet edarasydyr. Kazyýet 1945-nji ýylda döredildi, onuň ştab-jaýy Gaagada (Niderlandlar) ýerleşýär.

Halkara kazyýetiň Statuty BMG-niň Düzgünnamasynyň aýrylmaz bölegidir. BMG-niň ähli agza döwletleri Statuta gatnaşyjydyrlar. BMG agza däl döwlet hem Howpsuzlyk Geňeşiniň maslahaty bilen BMG-niň BA-nyň her bir aýry ýagdaýda kesgitleýän şertlerinde Statuta gatnaşyjy bolup bilýär.

Halkara kazyýet her 3 ýyldan üçden bir bölegi täzelenýän, dokuz ýyl möhlet bilen saýlanýan 15 agzadan durýar. Kazylar Baş Assambleýa we Howpsuzlyk Geňeşi tarapyndan sesleriň hökmany köplüginde saýlanýarlar. Howpsuzlyk Geňeşinde munuň üçin 8 ses ýeterlikdir, üstesine-de, weto hukugy ulanylmaýar. Iki edarada-da saýlawlar şol bir wagtyň özünde we biri-birinden garaşsyz geçirilýär. Kazyýetiň başlygy, wise-başlygy we sekretary Kazyýet tarapyndan 3 ýyllyk möhlet bilen saýlanýar. Onuň düzüminde şol bir döwletden iki raýat bolmaly däldir.

Halkara kazyýet garaşsyz kazylaryň kollegiýasyndan, ýagny toparyndan durýar. Şol kazylar raýatlygyna seretmezden öz ýurtlarynda ýokary kazyýet wezipelerine bellenmek üçin bildirilýän talaplara laýyk gelýän adamlardan ýa-da halkara hukugynda uly abraýdan peýdalanýan, ýokary ahlak sypatlary bolan hukukçylardan saýlanýar.

Halkara kazyýetiň düzümi «siwilizasiýanyň iň esasy görnüşlerini we dünýäniň esasy hukuk ulgamlaryny» görkezmelidir.

BMG-niň Halkara kazyýeti:

- diňe döwletleriň, Halkara kazyýetiň Statutyna gatnaşyjylaryň arasyndaky jedellere seredýär we çözýär;
- Statuta gatnaşmaýan döwletleriň jedelleri her bir aýry ýagdaýda Howpsuzlyk Geňeşi tarapyndan kesgitlenilen şertlerde seredilýär we çözülýär.
- Kazyýetiň karary diňe işe gatnaşýan taraplar üçin we şol bir mesele boýunça hökmanydyr. Şol karar gutarnyklydyr we şikaýat edilmäge degişli däldir. Eger-de haýsy hem bolsa bir tarap oňa kazyýet tarapyndan ýüklenen borjy ýerine ýetirmese, onda Howpsuzlyk Geňeşi beýleki tarapyň haýyşy boýunça, eger-de ol muny zerur hasap etse, kararyň ýerine ýetirilmegini maslahat berip ýa-da kararyň ýerine ýetirilmegi üçin çäre görmek meselesini çözýär (BMG-niň Düzgünnamasynyň 94-nji maddasynyň 2-nji bölegi);
- fiziki we ýuridiki şahslaryň, halkara guramalaryň arasyndaky jedellere seretmeýär;
- BMG-niň Düzgünnamasyna laýyklykda maslahatberiş netijenamalary soramaga ygtyýarlygy bolan islendik edaranyň soramagy boýunça islendik hukuk meselesi boýunça maslahatberiş netijenamasyny berýär. Kabul edilen tertibe laýyklykda BMG-niň 4 sany esasy edarasy, Baş Assambleýanyň 2 sany kömekçi edarasy, BMG-niň 17 sany ýöriteleşdirilen edaralary we Atom energiýasy boýunça Halkara agentligi (IAEA) Kazyýetiň şeýle netijenamasyny soramaga ygtyýarlydyr. Kazyýet öz maslahatberiş netijenamalaryny açyk mejlisde kabul edýär.

**Soraglar:**

1. BMG-niň Halkara kazyýeti haçan döredildi?
2. Halkara kazyýetiň Statutyna hemme döwletler gatnaşyjy bolup bilýärmi?

3. Halkara kazyýetiň düzümi we ygtyýarlyklary barada näme bilýärsiňiz?
4. Halkara kazyýetden maslahatberiş netijenamalary almagyň tertibi nähili?

## 6. BMG-niň Sekretariaty we Baş sekretary (Secretariat and Secretary-General)

Sekretariat esasy administratiw-tehniki edaradyr we ol Baş sekretardan, Gurama üçin zerur bolan işgärlerden ybaratdyr. Baş sekretar Howpsuzlyk Geňeşiniň maslahat bermegi bilen pikirdeşlik ýörelgesiniň ulanylmagy arkaly bäş ýyl möhlet we täze möhlete saýlanmak mümkinçiligi bilen BMG-niň BA-sy tarapyndan bellenilýär. Onuň wezipä bellenilmegi Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik agzalarynyň ählisiniň we BA-nyň agzalarynyň üçden-iki böleginiň makullamagyny talap edýär.

BMG döredileli bäri Baş sekretaryň wezipesini Trýugwe Li (Norwegiýa) – 1945–1953 ý.ý.; Dag Hammerşeld (Şwesiýa) – 1953–1961 ý.ý.; U Tan (Birma) – 1961–1971 ý.ý.; Kurt Waldhaým (Awstriýa) –1972 – 1981 ý.ý.; Hawýer Peres de Kuelýar (Peru) –1982–1991 ý.ý.; Butros Gali (Müsür) – 1992–1996 ý.ý.; Kofi Annan (Gana) – 1996–2006 ý.ý.; Pan Gi Mun (Koreýa Respublikasy) – 2007–2012 ý.ý. ýerine ýetirdiler. 2012-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda Pan Gi Mun 2016-njy ýyla çenli ikinji möhlete täzeden saýlandy.

2006-njy ýylyň 13-nji oktýabrynda BMG-niň Baş sekretary wezipesine bellenilýänçä Pan Gi Mun Koreýa Respublikasynyň daşary işler we söwda ministri wezipesinde işledi. Hindistandaky, Amerikadaky Günorta Koreýa ilçihanalarynda, Günorta Koreýanyň BMG-niň ýanyndaky hemişelik missiýasynda (Nýu-Ýork) işledi, Günorta Koreýanyň DIM-niň amerika bölümine ýolbaşçylyk etdi. 1990-njy ýyllaryň ortasynda syýasaty meýilleşdirmek we halkara guramalar bilen aragatnaşyklar meseleleri boýunça ministriň orunbasary, şeýle hem Günorta Koreýanyň Prezidentiniň milli howpsuzlyk meseleleri boýunça geňeşçisi wezipelerinde işledi. 1990-njy ýyllaryň ahyrlarynda Pan Gi Mun öz ýurdunyň Awstriýadaky Ilçisi boldy. 2004-nji ýylda Günorta Koreýanyň Prezidentiniň daşary syýasatyň meseleleri boýunça geňeşçisi wezipelerinde işlemek bilen, Pan Gi Mun öz ýurdunyň daşary işler ministri wezipesine bellendi.

Baş sekretar BMG-niň esasy administratiw wezipeli adamsydyr. Ol Sekretariatyň işgärlerini toplaýar we işgärler bilen BMG-niň edaralaryny üpjün edýär; BMG-niň edaralary tarapyndan dürli meseleleri öwrenmekde resminamalaryň taýýarlanmagyna, BMG-niň býujetiniň taýýarlanylmagyna we ýerine ýetirilmegine jogapkärçilik çekýär; beýleki guramalar we hökümetler bilen gatnaşyklarda BMG-ä wekilçilik edýär; BMG-niň Baş Assambleýasyna Guramanyň işi barada ýyllyk hasabat berýär we ş.m. Administratiw-tehniki häsiýeti bolan şu borçlardan başga-da, Baş sekretara, BMG-niň Düzgünnamasynyň 99-njy maddasyna laýyklykda, halkara parahatçylygyna we howpsuzlygyna howp salyp biläýjek ýagdaýlary Howpsuzlyk Geňeşiniň dykgatyna ýetirmäge bolan hukuk berlendir.

BMG-niň ähli edaralarynyň kadaly hereket etmegini üpjün etmek, olaryň işine hyzmat etmek we kararlaryny ýerine ýetirmek *Sekretariatyň* jogapkärçiligindäki meselelerdir. Onuň *düzümine*:

– içerki guramaçylyk meseleleri boýunça Müdirlik;
– hukuk meseleleri boýunça Müdirlik;
– syýasy meseleler boýunça Müdirlik;
– ýaragsyzlanmak meseleleri boýunça Departament;
– parahatçylyk dörediji operasiýalar boýunça Departament;
– gumanitar çäkdäki meseleleri utgaşdyrmak boýunça Müdirlik;
– ykdysady we durmuş meseleleri boýunça Departament;
– Baş Assambleýa we maslahatlara hyzmat etmek boýunça Departament;
– jemgyýetçilik maglumaty boýunça Departament;
– Dolandyrmak boýunça Departament;
– BMG-niň howpsuzlygynyň meseleleri boýunça utgaşdyryjynyň Kanselýariýasy girýär.

BMG-niň Sekretariatynda işleýän erkek we aýal adamlaryň sany 15 müňden geçýär. Sekretariatyň işgärlerini BMG-niň BA-sy tarapyndan kesgitlenýän düzgünler esasynda Baş sekretar belleýär. Gulluga kabul edilmekde esasy ölçegler işgärleriň işe ukyplylygynyň, başarjaňlygynyň we yhlaslylygynyň derejesi, şeýle hem işgärleriň mümkin boldugyça has giň geografik esasda seçilip alynmagy bolup durýar. BMG agza döwletler üçin Sekretariatda olaryň raýatlary

üçin wezipeleriň sanyny we derejesini kesgitleýän paýlary belleýär. Boş ýerleri eýelemekligiň düzgüni bäsleşik bolup durýar. Işgärleriň bellenilmegi hemişelik we belli möhletli şertnamalaryň ulgamynyň esasynda amala aşyrylýar.

*Sekretariatyň işgärleri* dört sany esasy topara, ýagny *ýolbaşçy işgärlere, bilermenlere, umumy gulluklaryň işgärlerine, meýdan gullugynyň işgärlerine bölünýärler.* Ýolbaşçy halka Baş sekretaryň orunbasarlaryndan we kömekçilerinden, onuň geňeşçilerinden, ýörite wekillerinden we direktorlaryndan durýar. BMG-niň BA-sy özüniň 2-nji mejlisinde (1947 ý.) Sekretariatyň halkara häsýetine ünsi çekdi, bir milli tejribäniň kanunsyz höküm sürmeginden gaça durulmagynyň zerurdygyny nygtap geçdi. Mejlisiň kararlarynda Sekretariatyň işiniň syýasy we administratiw usullarynyň ähli agza döwletleriň medeniýetlerini we kär başarjaňlygyny şöhlelendirmelidigi we olaryň hasabyna baýlaşmalydygy bellenip geçildi. Şol bir wagtyň özünde BMG-niň Sekretariatyny jemlemekde häzire çenli çözülmedik meseleler az däldir. Munuň mysaly Sekretariatyň ştatynyň orta we ýokary halkalarynyň ozalkylary ýaly, esasan käbir uly ýurtlaryň raýatlary tarapyndan doldurylmagydyr.

Düzgünnamanyň 100-nji maddasyna laýyklykda Guramanyň her bir agza döwleti Baş sekretaryň we Sekretariatyň işgärleriniň borçlarynyň halkara häsiýetine hormat etmekligi we olara öz borçlaryny ýerine ýetirýän wagtlarynda basyş etmezligi borç edinýär.

Sekretariatyň özgerdilmegi onuň gowy guralmagyna we täsirliliginiň ýokarlanmagyna ýardam etmelidir. Özgertmegiň esasy ugurlary «BMG-niň täzelenmegi: özgertmegiň maksatnamasy A/51/950/1997» belgili resminamada beýan edilendir. Onuň merkezi halkasy bolup Sekretariatyň işini parahatçylyk we howpsuzlyk; ykdysady we durmuş meseleler; ösüş maksatlary üçin hyzmatdaşlyk; gumanitar meseleler; adam hukuklary ýaly bäş ugur boýunça üýtgedip gurmak bolup durýar.

**Soraglar:**

1. BMG-niň Baş sekretarynyň ygtyýarlyklary nämeden ybarat?
2. Sekretariatyň jogapkärçiligine haýsy meseleler girýär?
3. Sekretariata gulluga kabul edilmekde esasy ölçegler barada näme bilýärsiňiz?
4. Sekretariatyň işgärleri, esasan, näçe topara bölünýär?

## § 5. Birleşen Milletler Guramasynyň ulgamy (United Nations system)

Birleşen Milletler Guramasynyň ulgamy gönüden-göni BMG-niň özünden, BMG-niň esasy edaralarynyň, ozaly bilen bolsa belli derejede administratiw we maliýe özbaşdaklygy bolan Baş Assambleýanyň birnäçe kömekçi edaralaryndan (gaznalar, maksatnamalar we ş.m.), BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralaryndan, şeýle hem BMG bilen bagly guramalardan we institutlardan ybaratdyr.

BMG-niň ähli guramalarynyň we maksatnamalarynyň ulgamynyň syýasatyny we işini utgaşdyrmak jogapkärçiligi Baş Assambleýanyň, şeýle hem Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň üstüne ýüklenendir.

Bu möhüm işe ýardam etmek maksady bilen, 1946-njy ýylda utgaşdyrmak boýunça Administratiw komitet (UAK) (Administrative Committee on Coordination (ACC) döredildi we onuň düzümine BMG-niň ähli guramalarynyň we maksatnamalarynyň ýolbaşçylary girdiler. Komitetiň başlygy BMG-niň Baş sekretarydyr.

Birleşen Milletler Guramasynyň ulgamynyň ösüşini üç döwre bölüp bolar. BMG döredilenden soňky birnäçe ýylyň içinde ulgamyň edaralary umuman habar alyşmagyň merkezi boldular. Olar halkara hyzmatdaşlygy ýola goýdular, syýasaty ylalaşdylar, barlaglaryň alnyp barylmagyna ýardam etdiler we ş.m. Bakna ulgamyň ýok edilmegi netijesinde azatlyga çykan halklaryň ýaş döwletleriniň BMG-ä agza bolmaklary bilen bu Guramanyň ulgamynyň işinde olara dürli tehniki kömek bermeklige gönükdirilen operatiw wezipeleriň ähmiýeti ýokarlandy. Soňky wagtlarda ulgamyň mundan beýläk-de kämilleşmegi ýörite ugurlary utgaşdyrmak usulynyň ulanylmagy bilen bagly boldy. BMG-niň ulgamyny pugtalandyrmak boýunça 1995-nji ýylda döredilen açyk düzümli ýokary derejedäki işçi toparyň wezipesi ulgamyň işini işjeňleşdirmegiň ýollaryny gözlemeklige we onuň çäklerinde utgaşdyrmagyň gowulanmagyna ýardam etmek boldy.

**Soraglar:**

1. BMG-niň ulgamyna girýän guramalaryň toparlary haýsylar?
2. BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralar bilen hyzmatdaşlygy nähili resminamalaryň esasynda ýola goýulýar?
3. Administratiw komitetiň döredilmeginiň maksady nämeden ybarat boldy?
4. BMG-niň ulgamynyň ösüşini näçe esasy döwre bölüp bolar?

# VI bap
# BITARAP TÜRKMENISTAN BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASYNYŇ DOLY HUKUKLY AGZASYDYR

## §1. Garaşsyz Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň agzalygyna kabul edilmegi

XX asyryň 80-nji ýyllarynyň aýagy we 90-njy ýyllarynyň başy dünýäniň syýasy keşbini düýpli özgerden ägirt uly wakalaryň döwri hökmünde taryha girdi. Günbatar bilen Gündogaryň, ozaly bilen, Sowet Sosialistik Respublikalary Soýuzy bilen Amerikanyn Birleşen Ştatlarynyň arasynda onýyllyklara çeken «sowuk uruş» ýa-da başgaça aýdylanda, iki ulgamyň – kapitalizmiň we sosializmiň arasyndaky ideologiýa taýdan gapma-garşylyk tamamlandy. Ýewropanyň halklary sosializmden ýüz öwrüp, özlerine mahsus bolan ösüş ýoluny saýlap aldylar, demokratiýa ýoluna düşdüler.

Mizemez hasap edilen, äpet totalitar döwlet bolan Sowet Soýuzy hem şol döwre çenli öz möwrütini ötürdi, başgaça aýdanymyzda, bu gurluş wagt, syýasat, ykdysadyýet, ideologiýa, umuman ähli babatda öz möwrütini gutardy. SSSR-iň dargamagy bilen Ýewropada we Aziýada köp sanly döwletler, şol sanda Türkmenistan hem 1991-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda öz Garaşsyzlygyny gazandy. Taryhyň türkmen halkyna beren bu uly bagty, bu uly peşgeşi onuň ykbalyny belende göterdi, oňa öz milli döwletini döretmäge, ony berkarar etmäge girişmäge mümkinçilik berdi.

Munuň üstesine-de, Türkmenistan özüne mahsus ösüş ýoluny saýlap aldy, türkmen halkynyň pähim-paýhasyndan, onuň telim asyrlyk däp-dessurlaryndan syzylyp çykýan milli tejribesiniň esasynda turuwbaşdan oýlanyşykly içeri we daşary syýasat alyp bardy. Munuň üçin ozaly bilen şol syýasatyň esasy ýörelgeleri işlenip düzüldi. Mysal üçin, 1991-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda Türkmenistanyň Ýokary Soweti tarapyndan kabul edilen «Türkmenistanyň garaşsyzlygy we döwlet gurluşynyň esaslary hakynda» Türkmenistanyň konstitusion kanunynda halkara gatnaşyklarynda öz mynasyp ornuny tapmak üçin

täze garaşsyz Türkmen döwletiniň beýleki döwletler bilen parahatçylyk, deňhukuklylyk, özara peýdaly hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ýöretjekdigi yglan edildi.

Elbetde, Türkmenistanyň halkara gatnaşyklaryna barha işjeň gatnaşmagy SSSR-iň öz ýaşamagyny bes etmegi bilen başlandy. Taryhdan mälim bolşy ýaly, 1991-nji ýylyň 8-nji dekabrynda Belarus respublikasy, Russiýa Federasiýasynyň we Ukrainanyň ýolbaşçylary tarapyndan SSSR-iň öz ýaşamagyny bes edýändigi jar edildi. Minsk (Belowežski) jarnamasynda ştab-jaýy Minskide boljak Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň (GDA) döredilýändigi aýdyldy.

1991-nji ýylyň 13-nji dekabrynda bäş sany Orta Aziýa respublikalarynyň ýolbaşçylary Aşgabatda bolan duşuşykda döredijiler hökmünde GDA girmeklik barada çykyş etdiler. 1991-nji ýylyň 22-nji dekabrynda öňki sowet respublikalaryň ýolbaşçylary AlmaAtada düzüminde Azerbaýjan, Ermenistan, Gazagystan, Gyrgyzstan, Moldowa, Russiýa Federasiýasy, Täjigistan, Türkmenistan, Özbegistan we Ukraina bolan täze Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň döredilýändigi baradaky Şertnama gol çekdiler.

1992-nji ýylyň 10-njy iýulynda Finlýandiýanyň paýtagty Helsinki şäherinde Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasynyň ýokary derejedäki maslahaty bolup geçdi. Maslahatda Türkmenistanyň daşary syýasat konsepsiýasy giňişleýin beýan edildi we onda, hususan-da, şeýle diýildi: «Garaşsyz Türkmenistanyň eýerjek syýasatynyň ugry beýleki döwletleriň içerki işlerine gatyşmazlykdan, oňyn bitaraplykdan ybaratdyr… Biziň syýasatymyz sagdyn paýhasa, halklaryň bähbitlerini goramaga, durnuklylygy üpjün etmäge esaslanýar… Türkmenistan öz daşary syýasatynyň taglym esasy edip parahatçylyk we ynsanperwerlik ideýalaryny seçip alan hukuk, demokratik, dünýewi döwletdir».

Garaşsyz Türkmenistanyň bitarap daşary syýasy nusgany saýlap almagy, ýurdumyzyň milli özbaşdaklygyny pugtalandyrmak boýunça strategiki kararlaryň işlenip taýýarlanylyp başlanmagy, halkara gatnaşyklary ulgamynda Türkmenistanyň ornuna we roluna täzeden düşünmek boýunça ädimleriň ädilmegi, onuň täze geosyýasy

şertlerine we uzakmöhletli döwlet bähbitlerine laýyk gelýän daşary syýasy konsepsiýasynyň kesgitlenilmegi bilen bir hatarda özüniň garaşsyz ösüşiniň ilkinji günlerinden başlap Türkmenistan daşary ýurt döwletleri bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýup, abraýly halkara guramalarynyň, ilkinji nobatda bolsa, Birleşen Milletler Guramasynyň agzasy bolup başlady.

Eýsem ýaş Türkmen döwletiniň BMG-niň doly hukukly agzasy bolmak islegini, onuň bu Guramanyň işine işjeň gatnaşmaklyga bolan ýiti gyzyklanmasyny, Türkmenistanyň halkara meseleleri çözmekde ähli beýleki halkara institutlardan we mehanizmlerden BMG-niň artykmaçlygyny ykrar etmegini näme bilen düşündirip bolar?

Türkmenistanyň öz Garaşsyzlygynyň ilkinji günlerinden başlap Birleşen Milletler Guramasyny özüniň strategik hyzmatdaşy hökmünde saýlap almagynyň esasynda ozaly bilen Türkmenistanyň we BMG-niň uzak möhletli maksatlarynyň biri-birine laýyk gelmeginiň ýatandygyny nygtap geçeliň. Başga sözler bilen aýdylanda, öz garaşsyzlygyna eýe bolmak bilen, Türkmenistan turuwbaşdan döwletara gatnaşyklaryny güýç ulanmazlyk, taraplaryň bähbitlerini doly hasaba almak, uzak möhletli we ygtybarly hyzmatdaşlyk, meýletinlik, içeri işlere goşulmazlyk, medeniýetleriň we siwilizasiýalaryň hemişelik gepleşigi, öňdebaryjy tejribäni we oňaýly ideýalary alyşmak, umumy meseleleri bilelikde çözmek üçin güýçleri birikdirmek ýörelgeleri esasynda gurup başlady. Şol ýörelgelere daýanmak bilen biziň döwletimiz daşary ýurtlar, ozaly bilen bolsa öz goňşulary bilen özara ynamyň we dostlugyň pugta köprüsini gurmaga ymtyldy. Bularyň ählisi bolsa BMG-niň maksatlaryna we Düzgünnamasyna, diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem dünýäniň halklarynyň düýpli bähbitlerine doly laýyk geldi. «Bitaraplyk we öňüni alyş diplomatiýasy: parahatçylygyň we howpsuzlygyň esaslary» atly halkara maslahatynda eden çykyşynda Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow bu barada şeýle diýdi: «Türkmenistanyň BMG bilen hyzmatdaşlygynyň esasy onuň uzakmöhletleýin milli maksatlarynyň we Guramanyň wezipeleriniň, ozaly bilen bolsa Orta Aziýa hem-de Hazar sebitlerinde döwletara gatnaşyklaryny sazlaşykly we durnukly ýola goýmakda, durnukly ykdysady, ýaşaýyş-durmuş

we gumanitar ösüş üçin esasy şert hökmünde sebitleýin parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmekde şol maksatlaryň we wezipeleriň laýyk gelmegidir. Türkmenistanyň halkara giňişligindäki işleri BMG we onuň syýasy-diplomatiki serişdelerine daýanmak arkaly alnyp barlar».

Üstesine-de, garaşsyz Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy ýaly dünýäde iň uly halkara hökümetara guramasyna agza bolup girmegi oňa, hususan-da, şu aşakdakylary kepillendirjekdi:

- Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň beýleki agza döwletleri bilen özbaşdak deňhukuklylygyny ýuridiki taýdan hasda berkitjekdi;
- Birleşen Milletler Guramasy biziň ýaş Türkmen döwletimiziň parahatçylygynyň we howpsuzlygynyň täsirli kepilnamasy boljakdy;
- Türkmenistana dünýä ýagdaýlarynyň ösüşi barada halkara derejesinde öz garaýyşlaryny mälim etmäge mümkinçilik berjekdi;
- Türkmenistana öz ykdysady we durmuş meselelerini has hem täsirli çözmäge ýardam etjekdi, umuman oňa halkara işlerinde öz milli bähbitlerini aýan etmäge we olary goramaga, üpjün etmäge uly mümkinçilikler döretjekdi;
- täze demokratik döwlet hökmünde Türkmenistan üçin BMG tarapyndan kabul edilen we edilýän halkara-hukuk kadalary hukuk döwletiniň esaslaryny döretmekde nazary we amaly taýdan uly ähmiýete eýe bolup durýardy.
- BMG ikitaraplaýyn diplomatiýanyň hem duşuşyk ýeri bolmak bilen, ol ýa-da beýleki ýurtlar, guramalar bilen gatnaşyklary pugtalandyrmakda hem onuň uly ähmiýeti bardy.

Ýaş, Garaşsyz Türkmenistanyň BMG agza bolup girmeginiň ähmiýeti bular bilen çäklenmeýärdi. BMG-niň ulgamy agza döwletler üçin bilimiň we tejribäniň özboluşly gözbaşy bolup durýardy we bu Gurama agzalyk biziň ýurdumyza bilimleriň we halkara tejribäniň örän seýrek çeşmesine çekilmäge mümkinçilik berjekdi. Şeýle hem BMG-de operatiw işiň mazmuna baý maksatnamalary bardy we onuň çäklerinde ösüş maksatlary üçin aýry-aýry döwletlere köptaraplaýyn tehniki we gaýry kömekler berilýärdi.

Beýleki tarapdan, Birleşen Milletler Guramasynyň agza döwletleriniň sanynyň, şol sanda Bitarap Türkmenistanyň BMG-ä gir-

meginiň hasabyna artmagy, bu Guramanyň özüniň köptaraplaýyn häsiýetiniň has-da pugtalanmagyna we onuň işiniň täsirliliginiň ýokarlanmagyna gürrüňsiz ýardam etjekdi.

Şunlukda, Türkmenistanyň BMG bilen gatnaşyklarynyň biziň daşary syýasatymyzyň we diplomatiýamyzyň esasy ýa-da esasy ugurlaryndan biri boljakdygy turuwbaşdan aýdyň bolupdy. Şonuň üçin hem Türkmenistanyň hökümeti ýurdumyzy BMG-niň agzalygyna kabul etmek haýyşy bilen BMG-niň şol wagtky Baş sekretary Butros Galiniň adyna hat ýollady we şol hat eýýäm 1992-njy ýylyň 20-nji ýanwarynda BMG-niň Nýu-Ýork şäherindäki ştab-jaýynda ýaýradyldy. Hatda 1991-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda Türkmenistanda geçirilen garaşsyzlyk baradaky referendumyň gidişinde ýurduň ilatynyň 94 göteriminiň Türkmenistanyň, ýagny öňki sowet respublikasynyň doly garaşsyzlygy üçin ses berendigi aýdyldy. Hatda şeýle hem «häzirki wagtda Türkmenistan öz çäginiň üstünden doly gözegçiligi amala aşyrýar we BMG-niň ýörelgelerine we maksatlaryna laýyk gelýän syýasaty alyp barýar» diýlip nygtaldy.

BMG-niň degişli düzgünine laýyklykda özbaşdak döwletleriň BMG-ä girmek baradaky haýyşlary ozaly bilen BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşi tarapyndan seredilýär we Geňeş soňra bu mesele boýunça BMG-niň Baş Assambleýasyna degişli maslahat berýär.

Howpsuzlyk Geňeşi özüniň 1992-nji ýylyň 7-nji fewralyndaky 3050-nji mejlisinde Türkmenistany BMG-niň agzalygyna kabul etmek baradaky meselä seretdi we şol mesele boýunça özüniň 751-nji rezolýusiýasyny kabul etdi. Şol rezolýusiýa laýyklykda Howpsuzlyk Geňeşiniň agzalary Türkmenistany BMG-niň agzalygyna kabul etmekligi Baş Assambleýa bir agyzdan maslahat berdiler we BMG-niň öňünde durýan wezipeleriň çözülmegine Türkmenistanyň öz mümkinçiliklerine görä saldamly goşant goşjakdygyna ynam bildirdiler.

Şeýlelikde, 1992-nji ýylyň 2-nji martynda biziň halkymyzyň iň täze taryhynda adatdan daşary taryhy möhüm waka bolup geçdi: şol gün BMG-niň Baş Assambleýasynyň 46-njy sessiýasy (1991–1992 ýý.) özüniň 82-nji mejlisinde ählumumy dostluk we hoşniýetlilik ýagdaýynda, ses berişligi geçirmezden, Türkmenistany BMG-niň agzalygyna kabul etdi. Netijede, biziň ýurdumyz halkara hukugynyň doly hukukly subýekti boldy.

Biziň Türkmen döwletimiz üçin taryhy waka bolan şol günüň ýazgysyny täzeden ýada salalyň.

Baş Assambleýanyň 46-njy sessiýasynyň irki umumy mejlisini açmak bilen, mejlisiň başlygy ilçi S. Şihabi (Saud Arabystany) Baş Assambleýadan Türkmenistany BMG-niň agzalygyna kabul etmek babatda Howpsuzlyk Geňeşiniň oňaýly maslahatyna seretmekligi haýyş etdi. Ol Howpsuzlyk Geňeşiniň Türkmenistany BMG-niň agzalygyna kabul etmegi maslahat berendigini, täze agzany kabul etmek boýunça BA-nyň rezolýusiýasynyň taslamasynyň wekiliýetlere berlendigini mälim etdi. Türkmenistany BMG-niň agzalygyna kabul etmek baradaky mesele boýunça rezolýusiýanyň taslamasynda bolan ýurtlardan başga-da awtorlaryň hataryna Bangladeş, Kongo, Keniýa, Mali, Sent-Kite we Newis, San-Tome we Prinsipi goşuldylar.

Türkmenistan boýunça rezolýusiýanyň taslamasy akklamasiýa arkaly kabul edildi. Mejlisiň başlygy Türkmenistanyň BMG-niň agzasyna kabul edilendigini habar berdi. Soňra ol BMG-niň protokol gullugynyň başlygy A.Timurdan Türkmenistanyň wekiliýetini onuň Baş Assambleýanyň zalyndaky ornuna çenli ugratmagy sorady.

Baş Assambleýanyň 46-njy mejlisiniň başlygy S. Şihabi Türkmenistany onuň BMG-niň doly hukukly agzasy hökmünde kabul edilmegi bilen gutlap şeýle diýdi: «Biz gelejekde Türkmenistanyň öz bähbitleriniň we ähli adamzadyň bähbitleriniň hatyrasyna dünýä bileleşigi bilen bilelikde has-da täsirli işlejekdigine tüýs ýürekden ynanýarys. Men Tükmenistanyň hökümetine we halkyna gülläp ösmegi, bagt we üstünlikler arzuw edýärin we onuň agzalygy netijesinde BMG-niň has-da pugtalanjagyna ynanýaryn».

Soňra bu taryhy waka bilen baglylykda BMG-däki sebitleýin toparlaryň wekillerine söz berildi: Afrikan döwletleriniň adyndan Keniýanyň wekili; Aziýa döwletleriniň adyndan Mongoliýanyň wekili; Gündogar Ýewropa döwletleriniň adyndan Wengriýanyň wekili; Latyn Amerikasy we Karib basseýni döwletleriniň adyndan Paragwaýyň wekili; Günbatar Ýewropa we beýleki döwletleriň adyndan Şwesiýanyň wekili çykyş etdiler we Türkmenistanyň adyna özleriniň gyzgyn gutlaglaryny aýtdylar.

Kabul edýän ýurduň wekili hökmünde çykyş etmek bilen, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň BMG-niň ýanyndaky Ilçisi Tomas

Pikering Türkmenistanyň wekiliýetiniň baştutanyny uly kanagatlanmak bilen gutlady. «Siziň şu gün BMG-niň şu zalynda bolmagyňyz azatlygyň kuwwatly özüne çekiji güýjüniň ýüze çykmasydyr, – diýip T. Pikering aýtdy. – Biz siziň Baş Assambleýada, umuman, Birleşen Milletler Guramasynyň ulgamynyň ähli edaralarynda ýakyn özara hyzmatdaşlyk etjekdigiňize, halkara bileleşiginiň işine barha saldamly goşant goşjakdygyňyza ynanýarys».

Ilçi T.Pikeringiň çykyşyndan soň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 46-njy mejlisinde çykyş etmeklik Türkmenistanyň daşary işler ministriniň orunbasary, Türkmenistanyň wekiliýetiniň ýolbaşçysy A. Rahmanowa teklip edildi. Türkmenistanyň wekiliýetiniň ýolbaşçysy BMG-niň ýokary münberinden BMG-niň Baş sekretary Butros Galä, BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň agzalaryna, BMG--niň ähli agza döwletleriniň wekiliýetleriniň ýolbaşçylaryna, 46-njy mejlisiň başlygy Ilçi S. Şihabä olaryň Türkmenistanyň BMG-niň agzalygyna kabul edilmegini biragyzdan goldandyklary üçin öz minnetdarlygyny bildirdi.

Soňra BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlisine gatnaşyjylara ýüzlenmek bilen, Türkmenistanyň resmi wekili olary Türkmenistanyň içeri we daşary syýasaty bilen içgin tanyşdyrdy, öz ýurdunyň daşary syýasatynyň türkmen halkynyň köp asyrlyk milli parahatçylyk söýüjilikli däplerinden gelip çykýandygyny, şol syýasata açyklygyň, myhmansöýerligiň, hoşniýetli goňşuçylygyň, adamkärçiligiň, medeniýetliligiň, özara düşünişmäge bolan islegiň, dine ynanmak erkinliginiň, tebigy parahatçylyk söýüjiligiň, beýleki halklaryň medeniýetine bolan hormatyň mahsusdygyny, ähli döwletler bilen özara peýdaly deňhukukly aragatnaşyklary we hyzmatdaşlygy ýola goýmaklygyň we ösdürmegiň, parahatçylygyň we halkara howpsuzlygyň pugtalanmagyna ýardam etmekligiň bolsa bu syýasatyň esasy ýörelgeleri bolup durýandygyny aýratyn nygtady.

Türkmenistanyň BMG-niň agzalygyna kabul edilmegi häzirki döwürde, haçan-da BMG öz durmuşa ukyplylygyny has-da aýdyň äşgär edip başlan, halkara parahatçylygy we howpsuzlygy saklamakda, köne we täze sebitleýin dawalaryň tertibe salynmagynda, global meseleleri çözmegiň gözleginde barha ýokarlanýan roly oýnaýan

wagtynda hakykatdan hem uly ähmiýete eýe bolup durýar, – diýip Türkmenistanyň wekiliýetiniň ýolbaşçysy aýtdy. Soňra ol BMG-niň agza döwleti hökmünde Türkmenistanyň BMG-niň Düzgünnamasyndan gelip çykýan öz borçlaryny doly ýerine ýetirjekdigi we onuň onda halkara hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary hökmünde zorlukdan azat, ösen hyzmatdaşlyk boljak dünýäniň täze nusgasyny gurmaga işjeň gatnaşjakdygy barada dünýä bileleşiginiň mejlise gatnaşyjy wekiliýetlerini ynandyrdy.

Aziýa döwleti hökmünde Türkmenistanyň geosyýasy ýagdaýynyň we başga ençeme ýagdaýlaryň daşary syýasatda onuň üçin mahsus bolan wezipeleri kesgitleýändigi tebigydyr diýip, Türkmenistanyň wekiliýetiniň ýolbaşçysy A. Rahmanow aýtdy. Şol bir wagtyň özünde hem Aziýa beýleki yklymlardan üzňe däldir, onuň olar bilen aragatnaşyklary ykdysady alyş-çalyşdan başlap, medeniýetleriň özara aralaşmagyna çenli bolan meseleleri öz içine alýar. Şu jähtden, Türkmenistanyň çägi Aziýanyň we Ýewropanyň arasynda baglaşdyryjy halka, iki yklymlaryň siwilizasiýalaryny birleşdirýän «köpri» bolup hyzmat edip biler. Özara peýdaly hyzmatdaşlyga esaslanýan bu özara gatnaşyklar we gatnaşyklar Türkmenistanyň BMG agza hökmünde girmegi bilen mundan beýläk has-da giňeler we çuňlaşar – diýip, Türkmenistanyň wekili aýtdy.

Türkmen wekiliýetiniň ýolbaşçysynyň çykyşyndan soň ony şu şanly waka bilen ençeme ýurtlaryň wekiliýetleriniň ýolbaşçylary gutlady. Türkmenistanyň wekiliniň çykyşyny wekiliýetleriň gyzgyn kabul edendigini bellemek bilen, ony ilkinji gelip gutlan Owganystanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekili, Ilçi Rawan Farhadi boldy.

Umumy maslahatdan soň BMG-niň ştab-jaýynyň öňünde Türkmenistanyň, şeýle hem BMG giren beýleki täze agza döwletleriň milli baýdaklarynyň galdyrylyş dabarasy bolup geçdi. Bu dabara BMG-niň Baş sekretary Butros Gali, BMG-niň Baş Assambleýasynyň 46-njy mejlisiniň başlygy S. Şihabi, BMG-niň ýanyndaky döwletleriň diplomatik wekilhanalarynyň ýolbaşçylary gatnaşdylar.

Dabarada çykyş eden BMG-niň Baş sekretary Butros Gali şol güni «taryhy gün» diýip atlandyrdy. Ol diňe birnäçe aý mundan ozal BMG ýurtlaryň uly toparynyň kabul edilendigini ýatlady. Ine, ýene-

de täze agzalaryň dokuzysy. Munuň özi guramanyň uniwersallyk gazanmagyna tarap nobatdaky möhüm ädimidir. 1945-nji ýylda BMG döredilen pursatyndan bäri onuň agzalarynyň sany üç esseden gowrak artdy. Bu ýagdaý uly bolsun, kiçi bolsun, baý bolsun, garyp bolsun, ähli ýurtlaryň şu gurama agzalyga azat hem-de garaşsyz döwlet üçin möhüm wezipe hökmünde garaýandyklaryna şaýatlyk edýär. Biz indi 175 ýurtdyrys we biziň hatarlarymyz artmagyny dowam edýär.

Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň agzalary bolup durýan ýurtlaryň BMG kabul edilmeginiň üstünde aýratyn durup geçmek bilen, Butros Gali munuň özi soňky wagtlarda halkara durmuşynda bolup geçen kyn özgerişlikleri görkezdi diýip, belledi. Munuň özi 1991-nji ýylyň oňaýly ýagdaýlaryny berkitmäge mümkinçilik berer. BMG-niň täze agza döwletleriniň baý taryhy bar, olar medeniýetleriň, dinleriň, däpleriň we adatlaryň çylşyrymly gatyşygy bolup durýarlar. Olar öz täze rollaryna öwrenişýärler. Olaryň Birleşen Milletler Guramasyna girmegi Guramany baýlaşdyrar, ony öňküden-de köptaraply gurama öwrer. Baş sekretar täze agzalaryň hemmesini BMG girmegi bilen gutlady we olara Gurama bilen netijeli hyzmatdaşlyk etmegi arzuw etdi.

Şunlukda, Türkmenistana dünýä syýasy giňişliginde mynasyp orny eýelemäge mümkinçilik beren BMG-niň Baş Assambleýasynyň 46-njy sessiýasynyň şol taryhy mejlisi şeýle bolup geçdi.

Türkmenistanyň dünýäde iň uly halkara hökümetara köptaraplaýyn gurama bolan Birleşen Milletler Guramasynyň doly hukukly agzalygyna kabul edilmegi onuň garaşsyzlygyndan soňky ösüşiniň gidişinde iň möhüm wakalaryň biri boldy. Şol gün – 1992-nji ýylyň 2-nji marty tutuş dünýä bileleşiginiň Türkmenistany, onuň syýasatyny ykrar eden beýik güni hökmünde türkmen halkynyň taryhyna hemişelik girdi, şol gün onuň guwanjynyň çeşmesi hökmünde asyrlar boýy galar.

1992-nji ýylyň 2-nji martyndan başlap BMG-niň Nýu-Ýork şäherinde ýerleşýän ştab-jaýynyň öňünde dünýä döwletleriniň tuglarynyň arasynda Garaşsyz Türkmenistanyň hem Aýly, ýyldyzly döwlet baýdagy parlap başlady. Türkmenistanyň BMG agza bolup girmegi halkara gatnaşyklarynda biziň ýurdumyzyň täze roluny aňlatdy, onuň halkara abraýyny täze belentliklere göterdi.

**Soraglar:**

1. Garaşsyz Türkmenistanyň BMG-niň doly hukukly agzasy bolmak islegini nähili düşündirip bilersiňiz?
2. Türkmenistanyň BMG agza bolmagy bu Guramanyň häsiýetine we işine nähili täsir edip biljekdi?
3. Türkmenistanyň hökümetiniň Türkmenistany BMG-niň agzalygyna kabul etmek haýyşy bilen BMG-niň Baş sekretarynyň adyna ýollan haty haçan BMG-niň ştab-jaýynda ýaýradyldy we ol hatda näme diýilýär?
4. Türkmenistany BMG-niň agzalygyna kabul etmek barada BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşi nähili häsiýetli rezolýusiýa kabul etdi?
5. BMG-niň BA-nyň haýsy mejlisinde Türkmenistan BMG-niň agzalygyna kabul edildi?
6. BA-nyň Türkmenistan baradaky rezolýusiýasynyň akklamasiýa arkaly kabul edilmegine nähili düşünýärsiňiz?
7. BMG-niň BA-nyň 46-njy mejlisinde Türkmenistanyň wekiliýetiniň ýolbaşçysynyň çykyşynyň mazmuny barada näme aýdyp bilersiňiz?
8. BMG-niň Baş sekretary Türkmenistanyň BMG kabul edilen gününi nähili gün diýip atlandyrdy?

## § 2. Hemişelik wekiliň bellenilmegi

1992-nji ýylyň 14-nji fewralynda Türkmenistanyň Prezidenti öz Permany bilen Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilini belledi. Munuň yzysüre türkmen metbugat gullugy «Türkmenskaýa iskra» gazetiniň üsti bilen, ýurdumyzyň jemgyýetçilik-syýasy we edebi-publisistik žurnaly bolan «Diýar» žurnaly özüniň birinji sanynda, dünýä türkmenleriniň gazeti «Türkmen sesi» gazeti Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasyndaky ilkinji Hemişelik wekilini Türkmenistanyň we dünýä jemgyýetçiligine giňişleýin tanyş etdi.

Halkara tejribesine, has takygy diplomatik gatnaşyklar hakyndaky 1961-nji ýylyň Wena konwensiýasynyň degişli düzgünine laýyklykda, ol ýa-da başga bir ýurda özüniň diplomatik wekilhanasynyň ýolbaşçysyny ugratmazdan ozal, akkreditleýän ýurt munuň üçin akkreditlenýän ýurduň hökümetiniň razylygyny, ýagny **agreman** soraýar. Diňe agreman alnandan soň şol wekiliň Ilçi wezipesine bellenilýändigi barada döwlet baştutanynyň Permany çykarylýar, şeýle hem, şol bellenme barada ýurduň gündelik metbugatynda resmi habar çap edilýär. Şol bir wagtyň özünde döwletleriň halkara hökümetara

guramalaryň ýanyndaky hemişelik wekilhanalarynyň halkara-hukuk statusy diňe bir diplomatik işi alyp barmagyň görnüşi bilen däl, eýsem protokol tejribede hem käbir aýratynlyklar bilen tapawutlanýar. Geliň, şol aýratynlyklaryň esasylaryna Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň ýanyndaky ilkinji Hemişelik wekili, Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi A.Rahmanowyň 1992-nji ýylyň 18-nji martynda Türkmenistanyň DIM-ine ýollan habaryndan peýdalanmak bilen seredip geçeliň.

Halkara hökümetara gurama agza döwletiň guramanyň ýanyndaky öz diplomatik wekilhanasynyň baştutanyny ol ýa-da başga bir görnüşde guramanyň razylygyny soramazdan, öz garaýşy boýunça bellemäge bolan hukugy bardyr. Bu ýagdaý köptaraply häsiýetli halkara guramalary bilen özleriniň gatnaşyklarynda döwletleriň wekilçiligi hakynda 1975-nji ýylyň Wena konwensiýasynyň degişli düzgüni tarapyndan göz öňünde tutulýar. Şol bir wagtyň özünde BMG-niň içerki düzgünlerine laýyklykda, eger diplomatik wekilhananyň baştutanynyň diplomatik derejesi onuň wezipesine laýyk gelýän halatynda, diňe şonda onuň resmi Haty BMG-niň Baş sekretary tarapyndan kabul edilip bilinýär. Meniň diplomatik derejäm täze diplomatik wezipäme doly laýyk gelýärdi we şunlukda, meniň öz resmi Hatymy BMG-niň Baş sekretaryna gowşurmaklygym ýakyn wagta – 13-nji marta bellendi.

BMG-de hereket edýän protokola laýyklykda men bellenilen wagtda – 1992-nji ýylyň 13-nji martynda, 11 sagat 15 minutda Hatymy BMG-niň Baş sekretaryna gowşurmak üçin bu Guramanyň ştab-jaýyna geldim we onuň protokol gullugynyň başlygy A.Teýmuryň ugratmagynda BMG-niň Sekretariatynyň jaýynyň 38-nji gatyna – dabaralar üçin niýetlenen zala galdyk.

Türkmenistanyň BMG-niň agzalagyna kabul edilenden soňky birnäçe günüň içinde bu meniň BMG-niň Baş sekretary bilen ikinji duşuşygymdy. Butros Gali uzyn boýly, hortaň adamdy, ol öz ýaşyna görä (şol wagt ol 70 ýaşynyň içindedi) has ýaş görünýärdi. Butros Gali bu wezipä 1992-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda bellenipdi. Şol döwürde ýokary derejeli diplomatlaryň arasynda Butros Galiniň resmi taýdan BMG-niň Baş sekretary wezipesine bellenmegi ozaly bilen onuň şahsy sypatlaryna esaslanan bolmaly diýen ýaly pikirler

ýöredilipdi. Ýöne onuň sebite degişliligi hem hasaba alnan bolmaly. Munuň sebäbi, haçan-da 1991-nji ýylda BMG-niň Baş sekretarynyň wezipesinde bolan Peres de Kuelýaryň möhleti gutaranda, şol wagta çenli wekili bu ýokary wezipäni eýelemedik ýeke-täk yklym Afrika yklymy bolupdy. Şonuň üçin hem Afrika BMG-niň Baş sekretary wezipesine aglaba köpüsi Merkezi Afrikanyň wekillerinden ybarat bolan özüniň 5 kandiaturasyny hödürledi. Şolaryň arasyndan bolsa Müsüriň öňki daşary işler ministri, dini ynanjy boýunça hristian Butros Gali saýlanyp alynypdy.

Butros Gali dünýäde adatdan daşary ýagdaýlaryň hemişe döräp duran döwründe Baş sekretar wezipesine saýlandy. Sowet Soýuzynyň synmagy öňki SSSR-iň käbir çäklerinde raýat uruşlaryna getiripdi, Owganystanda milletara esasda dawa dowam edýärdi, Afrikada gapma-garşylyklar tutaşypdy..., netijede, parahatçylygy dikeltmek ýa-da saklamak haýyşy bilen Birleşen Milletler Guramasyna ýüz tutýan ýurtlaryň sany hem köpelýärdi. Şeýle şertlerde, sebitlerde syýasy ýagdaýy yzarlamak we bişişen we bişişýän jenjelli ýagdaýlary tertibe salmak Baş sekretaryň iň möhüm wezipelerinden biri bolup durýardy...

BMG-niň protokoly tarapyndan Hemişelik wekiliň Baş sekretara öz resmi Hatyny gowşurmagy bilen bagly dabaralarda *söz alyşmak* ýaly çäre göz öňünde tutulmaýar. Şonuň üçin hem men, «Siziň Alyhezretiňiz, maňa meniň Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň ýanyndaky Hemişelik wekili hökmünde bellenýändigim baradaky öz Hökümetimiziň Hatyny Size gowşurmaklygy özüme uly hormat hasaplaýaryn», diýmek bilen Baş sekretara resmi Hatymy gowşurdym. Baş sekretar alçaklyk bilen meniň elimi gysdy we Türkmenistanyň ilkinji Hemişelik wekili bilen tanyşýandygyna örän şatdygyny aýtdy. Soňra bolsa biz, Guramanyň protokolyna laýyklykda bile *ýadygärlik surata* düşdük.

Resmi Hatyň gowşurylmagy bilen BMG-niň Baş sekretary we Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekiliniň arasynda gyzgyn *söhbetdeşlik* bolup geçdi. Oňa Baş sekretaryň syýasy meseleler boýunça orunbasary B.F.Petrowskiý hem gatnaşdy (Wladimir Fýodorowiçi men 1980-nji ýyldan bäri tanaýardym, sebäbi biziň ikimizem SSSR-iň dargamazyndan öň SSSR Daşary işler ministrliginiň

ulgamynda bile işläpdik we ol şol döwürde SSSR DIM-niň halkara guramalary bölüminiň müdiri wezipesinde işleýärdi. Soň bu tejribeli diplomat BMG-niň Baş sekretarynyň orunbasary, soňra bolsa Baş sekretaryň orunbasarynyň we şol bir wagtyň özünde hem BMG-niň Ženewadaky bölüminiň baş direktorynyň wezipelerine bellendi).

BMG-niň Baş sekretary BMG-niň wezipelerine, onuň täsirliligini ýokarlandyrmak babatda öz garaýyşlaryny gysgaça beýan etdi, Türkmenistan bilen içgin gyzyklandy. Söhbetdeşligiň soňunda bolsa ol Türkmenistanyň BMG-niň parahatçylyk dörediji işine öz saldamly goşandyny goşjakdygyna ynam bildirdi, Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekiline bolsa onuň örän jogapkärli işinde üstünlik arzuw etdi.

Butros Galä *Türkmenistanyň Prezidentiniň salamyny* gowşurdym, biziň ýurdumyzyň BMG-niň agzalygyna kabul edilmegine işjeň goldawy üçin oňa hoşallyk bildirdim. Şeýle hem men Baş sekretary Türkmenistanyň syýasy, ykdysady, durmuş ösüşi bilen gysgaça tanyş etdim, dünýä düzgünini pugtalandyrmak boýunça döwletimiziň BMG bilen ýakyn hyzmatdaşlygy ösdürjekdigini ýene-de bir gezek tassykladym.

Protokol häsiýeti bolan biziň bu söhbetdeşligimiz 20 minutdan gowrak wagta çekdi. Baş sekretar meni zalyň çykalgasyna çenli ugratdy we alçaklyk bilen hoşlaşdy. Soňra men protokol gullugynyň başlygynyň ugratmagynda binanyň ikinji gatyna düşdüm.

Şol gün – 1992-nji ýylyň 13-nji martynda BMG-niň jemgyýetçilik habarlar Departamenti Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky ilkinji Hemişelik wekiliniň, Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisiniň BMG-niň Baş sekretaryna öz resmi Hatyny gowşurmagy bilen baglylykda geçirilen dabara barada iňlis dilinde taýýarlanylan *metbugat relizini* ýaýratdy. Bir hepdeden soň bolsa «Diplomatiýa dünýäsi» atly BMG-niň býulleteni öz sahypalarynda Türkmenistanyň Hemişelik wekiliniň terjimehalyny we suratyny ýerleşdirmek bilen, bu habary bütin dünýä äşgär etdi.

Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekili hökmünde bellenýändigim baradaky Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan gol çekilen Hatymy BMG-niň Baş sekretaryna gowşuranymdan hem-de bu barada diplomatik korpusa nota ugradanymdan,

BMG-niň ýolbaşçylary: Baş sekretaryň orunbasarlary bolan W. Petrowskiý, S. Çaoçzy (ykdysady we durmuş ösüşiniň meseleleri), K. Flaýshawer (hukuk meseleleri), D. Tornberg (administratiýa we dolandyryş meseleleri), E. Wizner (jemgyýetçilik habar meseleleri), I. Gulding (parahatçylygy saklamak boýunça operasiýalar meseleleri), şeýle hem BMG-niň ulgamynyň Nýu-Ýorkda ýerleşýän edaralarynyň köpüsiniň ýolbaşçylary, diplomatik wekilhanalaryň ençemesiniň baştutanlary bilen protokol duşuşyklaryny geçirenimden soň, meniň gündelik köptaraplaýyn diplomatik işim başlady.

Şol duşuşyklaryň esasan hem protokol häsiýetiniň bolan bolmagyna seretmezden, olar ol ýa-da başga nukdaýnazardan belli gyzyklanma döretdiler, aragatnaşyklary ýola goýmaklyga gowy mümkinçilik berdiler. Şonuň üçin iki tarapa hem umumy gyzyklanma döredýän ol ýa-da başga meseläni ara alyp maslahatlaşmak üçin duşuşyklardan doly peýdalanmaklyga çalyşdym. Elbetde, şol duşuşyklaryň täsirli geçirilmegi degişli taýýarlygy talap etdi we olara köp wagt sarp etmeli boldy.

Resmi duşuşyklardan hem başga, Nýu-Ýorkda diplomatik durmuş örän baý. Öz ýurtlarynyň milli baýramçylyklary we başga wakalar bilen baglylykda ilçileriň guraýan kabul edişlikleri bilen birlikde, diplomatik korpus, şeýle hem, Nýu-Ýorka döwlet we hökümet baştutanlarynyň gelmegi bilen olaryň hormatyna guralýan döwlet kabul edişliklerine hem ýygy-ýygydan çagyrylýar. Bularyň hemmesinden başga-da, şeýle kabul edişlikler gerekli adamlar bilen duşuşmak, BMG-niň gün tertibinde duran meseleler boýunça aýry-aýry wekiliýetleriň garaýyşlary bilen tanyşmak üçin gowy mümkinçilik döredýärler. Umuman, BMG-niň, diplomatik korpusyň, şeýle hem amerikan döwlet, syýasy we jemgyýetçilik toparlarynyň wekilleri bilen biziň Hemişelik wekilhanamyzyň arasynda örän möhüm bolan aragatnaşyklar çalt ýola goýuldy.

Elbetde, BMG-de türkmen diplomatiýasynyň esasy tagallalary Guramanyň işine Türkmenistanyň goşandyny, dünýä giňişliginde onuň abraýyny ýokarlandyrmaklyga gönükdirilendir. Şonuň üçin hem ýurdumyzyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekili şol döwürde bolup geçen BMG-niň Baş Assambleýasynyň 46-njy mejlisiniň işine gatnaşdy, şol bir wagtyň özünde hem bu möhüm forumyň işine biziň

wekiliýetimiziň täsirli gatnaşmagyna işjeň ýardam etmek maksady bilen, BMG-niň BA-nyň nobatdaky 47-nji mejlisi bilen baglylykda uly taýýarlyk işini alyp bardy.

**Soraglar:**

1. Halkara gurama agza döwlete şol guramanyň ýanynda öz Hemişelik wekilini bellemek üçin guramanyň razylygyny soramagyň zerurlygy barmy?
2. BMG-niň agza döwletleriniň Hemişelik wekilleriniň öz resmi Hatlaryny Guramanyň Baş sekretaryna gowşurmaklary bilen bagly protokol çäreler nämeden ybarat?

# VII bap
# BMG-niň ÝANYNDA TÜRKMENISTANYŇ HEMIŞELIK WEKILHANASYNYŇ DÖREDILMEGI WE ONUŇ WEZIPELERI

## §1. Döwletleriň halkara guramalarynyň ýanyndaky hemişelik wekilhanalary

Döwletler diplomatik gatnaşyklary diňe bir öz aralarynda saklaman, eýsem halkara hökümetara guramalary bilen hem diplomatik gatnaşyklary alyp barýarlar. Şeýle hem döwletler öz wekiliýetlerini şol guramalaryň mejlisleriniň ýa-da olaryň edaralarynyň işine gatnaşmak üçin ýollaýarlar.

*Halkara guramalaryň ýanyndaky hemişelik wekilhanalaryň* statusy we işi bilen bagly meseleleri köptaraply, häsiýetli halkara guramalary bilen özleriniň gatnaşyklarynda döwletleriň wekilçiligi hakynda Wena konwensiýasy (1975) tertibe salýar. Başgaça aýdylanda, halkara guramalaryň ýanyndaky döwletleriň hemişelik wekilhanalarynyň hukuk ýagdaýy ýokarda agzalan konwensiýa, halkara guramalaryň düzgünnamalary, şeýle hem wekilhanany akkreditleýän döwletiň içerki kanunlary tarapyndan kesgitlenilýär.

Hemişelik wekilhanalaryň hukuk statusynyň esasy düzgünlerine Birleşen Milletler Guramasynyň mysalynda seredip geçeliň. BMG-niň her bir agza döwletiniň Guramanyň ýanynda öz wekilhanasy

bardyr. Ýokarda agzalan Konwensiýanyň 6-njy maddasyna laýyklykda, hemişelik wekilhana şu aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýär:

1. Birleşen Milletler Guramasynda öz döwletine wekilçiligi üpjün edýär;

2. BMG bilen öz döwletiniň arasynda hemişelik aragatnaşygy saklaýar;

3. Guramanyň işi barada öz döwletiniň hökümetini habardar edýär;

4. Öz döwletiniň adyndan BMG bilen onuň çäklerinde gepleşikler geçirýär;

5. Öz döwletiniň BMG-niň işine gatnaşmagyny üpjün edýär;

6. BMG-de öz döwletiniň bähbitlerini üpjün edýär;

7. Guramanyň maksatlarynyň we ýörelgeleriniň amala aşyrylmagyna guramanyň çäklerinde onuň bilen hyzmatdaşlyk etmek arkaly ýardam edýär.

Şol bir wagtyň özünde şu maddada «hususan-da» sözüniň getirilmegi hemişelik wekilhanalaryň borçlarynyň ýokardaky sanawynyň doly häsiýete eýe däldigini aňladýar.

Ýokarda görkezilen wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegi üçin, döwletleriň BMG-niň ýanyndaky wekilhanalary *diplomatik artykmaçlyklar we immunitetler* bilen üpjün edilýärler. Şol immunitetleriň we artykmaçlyklaryň hataryna *wekilhananyň eldegrilmesizligi*, olaryň *salgytlardan we ýygymlardan boşadylmagy, öz döwleti bilen aragatnaşyk saklamak erkinligi* we ş.m degişlidir. Wekilhananyň diplomatik korpusynyň agzalary hem ýokarda aýdylan ähli şahsy immunitetlerden we artykmaçlyklardan peýdalanýarlar.

BMG agza däl döwletleriň, halkara guramalaryň, halkara statusy bolan milli azat-edijilik hereketleriniň *BMG-de synçylary* bardyr. Olar hem *hemişelik* ýa-da *wagtlaýyn* bolup bilýärler. BMG agza däl döwletleriň arasynda 1946-njy ýyldan 2002-nji ýyla çenli (BMG girýänçä) Şweýsariýanyň synçy statusy bardy. 1974-nji ýylda Palestinany azat ediş Guramasy, 1994-nji ýylda bolsa Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy synçy statusyny aldylar. *Özleriniň statusy boýunça synçylar diplomatlara deňleşdirilýär.*

1992-nji ýylyň 2-nji martynda Türkmenistanyň BMG-niň agzalygyna kabul edilmegi, şol ýylyň 13-nji martynda bolsa Türkmenistanyň Hemişelik wekiliniň BMG-niň Baş sekretaryna

Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan gol çekilen Ynanç Hatyny gowşurmagy şol bir wagtyň özünde Birleşen Milletler Guramasynyň ýanynda Türkmenistanyň Hemişelik wekilhanasynyň (THW) açylandygyny aňlatdy. Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasy Türkmenistanyň daşary ýurtlarda açylan diplomatik wekilhanalarynyň arasynda ilkinjisi boldy. Bu bolsa dünýäde özüniň roly we täsirli abraýy bilen hiç bir halkara guramasy ýa-da ýurtlaryň birleşigi bilen deňeşdirip bolmajak BMG Türkmenistanyň özbaşdaklygyny pugtalandyrmakda biziň hökümetimiziň beren we berýän ähmiýetinden habar berdi.

BMG-niň ýanynda Türkmenistanyň HW-nyň açylmagy Guramanyň Düzgünnamasyndaky ideallara ýetmeklige işjeň gatnaşmak barada biziň halkymyzyň isleg-arzuwlarynyň hasyl bolandygyny aňlatdy. Hut şonuň üçin hem Hemişelik wekilhana özüniň işiniň ilkinji günlerinden başlap BMG-niň we onuň ulgamyna girýän halkara guramalaryň işini çuňňur öwrenmek, döwletimiziň ileri tutýan ugurlarynyň esasynda BMG-de Türkmenistanyň bähbitleriniň toplumyny kesgitlemek bilen meşgul boldy. Bu bolsa oňa öz işini esasy wezipä – diplomatik serişdeler arkaly Türkmenistanyň özbaşdaklygyny pugtalandyrmaga, halkara giňişliginde onuň abraýyny ýokarlandyrmaga doly tabyn etmäge mümkinçilik berdi. BMG-niň Sekretariaty, Guramanyň beýleki esasy edaralary we ulgamynyň ýöriteleşdirilen edaralary bilen ýakyn işçi aragatnaşyklar ýola goýuldy we ösdürilip başlandy.

**Soraglar:**

1. Halkara guramalaryň ýanyndaky hemişelik wekilhanalaryň statusy we işi bilen bagly meseleler haýsy Wena konwensiýasy tarapyndan tertibe salynýar?
2. BMG-niň ýanyndaky agza döwletleriň hemişelik wekilhanalary nähili wezipeleri ýerine ýetirýär?
3. BMG-niň ýanynda Türkmenistanyň Hemişelik wekilhanasy haçan açyldy?

## §2. Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasynyň ilkinji ýyllarynyň iş tejribesinden

Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasy turuwbaşdan öz işini ýurdumyzyň öňünde duran wezipeleri çözmekde BMG-niň mümkinçiliklerinden doly peýdalanmak maksady

bilen, BMG we onuň ulgamynyň halkara guramalary bilen bu Bütindünýä guramasynda döwletimiziň ileri tutýan ugurlaryna laýyklykda hyzmatdaşlygy ýola goýmaklyga, ony barha çuňlaşdyrmaklyga we giňeltmeklige gönükdirdi. Şu jähtden HW Türkmenistanyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 46-njy, 47-nji we soňky mejlislerindäki wekiliýetleriniň, Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň, BMG bilen bagly guramalaryň nobatdaky mejlisleriniň işine gatnaşdy, BMG-niň ýanyndaky beýleki döwletleriň missiýalary bilen aragatnaşyklary ýola goýdy we ösdürip başlady.

Türkmenistanyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlisleriniň işine işjeň gatnaşmagy, Nýu-Ýorkda, şeýle hem Aşgabatda uly taýýarlyk işleriniň alnyp barylmagyny talap etdi. Bu işe doly ýardam etmek maksady bilen, Hemişelik wekilhana şeýle işiň meýilnamasyny her ýyl öz wagtynda düzdi we ony yzygiderli amala aşyrdy. Hususan-da, eýýäm her ýylyň mart – maý aýlarynda wekilhana Baş Assambleýa bilen bagly maksada gönükdirilen işiň alnyp barylmagy üçin Aşgabada degişli materiallar, teklipler, şol sanda mejlisiň işiniň mehanizmini, gün tertibine goşmak üçin ýollanan ilkinji meseleleriň sanawyny, umumysyýasy çekişmede çykyş etjek agza döwletleriň döwlet, hökümet baştutanlarynyň we beýleki ýokary wezipeli adamlaryň ilkinji sanawyny we ş.m ugratdy. Şeýle hem umumysyýasy çekişmede Türkmenistanyň wekiliýetiniň baştutanynyň mümkin bolan çykyşynyň teksti boýunça özünde käbir pikirleri jemleýän hatlary ýollady.

BMG-niň doly hukukly agzasy hökmünde Türkmenistanyň gatnaşyp başlan BA-nyň ilkinji mejlislerinde ýurdumyza wekilçilik eden wekiliýetlerimiziň düzümi bilen tanyşmak hem gyzyklydyr. Mysal üçin, Türkmenistanyň Daşary işler ministrligindäki degişli arhiw materiallaryň görkezişi ýaly, BMG-niň BA-nyň 47-nji mejlisine ýurdumyzyň wekiliýeti şu aşakdaky düzümde Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanypdyr: Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň birinji orunbasary (wekiliýetiň baştutany); Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekili, Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçi (wekiliýetiň baştutanynyň orunbasary); Türkmenistanyň Prezidentiniň döwlet protokoly we halkara gatnaşyklary bölüminiň müdiriniň orunbasary (wekiliýetiň agzasy). BA-nyň 48-nji mejlisiniň

işine Türkmenistanyň wekiliýeti şu aşakdaky düzümde gatnaşdy: Ministrler Kabinetiniň başlygynyň orunbasary (wekiliýetiň baştutany); Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekili (wekiliýetiň baştutanynyň orunbasary); Ministrler Kabinetiniň bölüm müdiri (wekiliýetiň agzasy); Türkmenistanyň Stambuldaky (Türkiýe) Baş konsuly (wekiliýetiň agzasy).

Wekiliýetiň baştutany we onuň agzalary adatça Waşingtonda we Nýu-Ýorkda 7-10 günüň dowamynda boldular: şol döwürde olar sessiýanyň umumysyýasy çekişme geçen mejlislerinde boldular, ikitaraplaýyn duşuşyklara we maslahatlaşmak çärelerine gatnaşdylar. Bu çäreleriň üstünlikli geçmegine Hemişelik wekilhananyň gowy guralan guramaçylyk işi uly ýardam etdi.

Türkmenistanyň wekiliýetiniň baştutanynyň we wekiliýetiň agzalarynyň Nýu-Ýorkdan Watana gaýtmaklary bilen Baş Assambleýanyň umumy mejlislerinde, şeýle hem sessiýanyň 6 esasy baş komitetleriniň mejlislerinde Türkmenistanyň wekiliýetine wekiliýetiň baştutanynyň orunbasary ýolbaşçylyk etdi.

Elbetde, Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky HW-nyň işi diňe bir ýurdumyzyň wekiliýetiniň BMG-niň BA-nyň mejlisiniň işine gatnaşmagynyň täsirliligini ýokarlandyrmaga işjeň ýardam etmekden ybarat bolmady; şol iş şeýle hem syýasy, ykdysady, gumanitar we başga häsiýetli meseleler toplumynyň ençemesini öz içine aldy.

Şu ýerde Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky HW-nyň 1992-1994-nji ýyllarda ýurdymyzyň DIM-ine ýylda iki sany syýasy hasabat ýollandygyny hem belläp geçmek gerek: olaryň *birinjisi* Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky HW-nyň işi barada bolup, onuň göwrümi setir arasy bir ýarym aralykda maşynkada ýazylan tekstiň 18-20 sahypasyndan ybarat boldy; göwrümi 40-45 sahypadan ybarat bolan *ikinji* syýasy hasabat BMG-niň BA-nyň ýyllyk mejlisiniň esasy bölegininiň netijelerine we oňa türkmen wekiliýetiniň gatnaşmagyna bagyşlandy. Şol bir wagtyň özünde Hemişelik wekilhana BMG-niň BA-nyň ýyllyk mejlisi, oňa türkmen wekiliýetiniň gatnaşyjysy bilen türkmen jemgyýetçiligini hem giňişleýin tanyşdyrdy: bu meseleler barada BMG-niň ýanynda ýurdumyzyň ähli işiniň esasy utgaşdyryjysy we guramaçysy hökmünde Hemişelik wekiliň habar beriji–seljeriş materialy her ýyl «Turkmenskaýa iskra» gazetinde berildi.

## 1. BMG-niň durmuş-ykdysady çäkdäki gymmatly tejribesi

XX asyryň 90-njy ýyllarynyň başynda totalitarizmden bazar ykdysadyýetine geçilýän gutulgysyz we agyr döwri öňki SSSR-iň ähli ýurtlary dürli ýollar bilen ýeňip geçmäge başladylar. Ýöne hemme ýerde bu geçiş durmuş şertleriniň çalt ösmegi we onuň hemişe gowy tarapa bolmazlygy bilen häsiýetlendirildi. Türkmenistan barada aýdylanda, onda, ol dünýädäki sany köp bolmadyk ýurtlar ýaly, baý tebigy resurslara eýe bolan hem bolsa, şol bir wagtyň özünde BMG-niň täsirli tehniki kömegine mätäçlik çekdi. Şol kömek ahyrky netijede, ýurduň durmuş-ykdysady ösüşine esli derejede ýardam etjekdi. Hut şonuň üçin hem ýurdumyzyň amaly halk hojalyk wezipeleriniň çözülmeginiň bähbitleri üçin BMG-niň mümkinçiliklerinden doly peýdalanmaklyga ýardam etmek Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasynyň ykdysady ugurdaky işiniň esasy mazmunyny kesgitledi.

Türkmenistana dürli görnüşli kömegiň berilmegi üçin BMG-niň ähli mümkinçiliklerinden peýdalanmak maksady bilen, Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky HW-sy turuwbaşdan BMG-niň Sekretariatynyň durmuş-ykdysady häsiýetli ähli bölümleri bilen ýakyn işçi aragatnaşyklary ýola goýmaklyga we ösdürmeklige gönükdirilen işjeň işi alyp bardy. Bazar özgertmeleriň daşary ýurt tejribesini, ähluumumy, sebitleýin dünýä bileleşigine goşulmak ýagdaýlaryny, halkara guramalaryň hereket etmek mehanizmini umumylaşdyrmak hem ýurdumyzyň BMG-niň ýanyndaky HW-nyň üns merkezinde boldy. Netijede, diňe bir 1994-nji ýylda Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky HW-sy Aşgabada köp sanly operatiw materiallardan başga-da, 380-e golaý dürli resminamalary – BMG-niň BA-nyň möhüm rezolýusiýalaryny, iň wajyp meseleler boýunça BMG-de bar bolan barlaglaryň materiallaryny ýollady we olar Türkmenistanyň ösüş aýratynlygynyň nazara alynmagy bilen meseleleri çözmekde öz hususy çemeleşmelerimizi işläp taýýarlamakda peýdalanyldy. Hususanda, BMG-de toplanan materiallaryň esasynda Hemişelik wekilhana tarapyndan bitaraplyk, Goşulmazlyk hereketi bilen bagly meseleleriň umumylaşdyrylmagy we düýpli seljerilmegi hem ýurdumyzyň zerurlyklary üçin aýratyn uly ähmiýete eýe boldy.

Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasy biziň ýurdumyza dürli durmuş-ykdysady goldawyň berilmegine amaly taýdan ýardam etmäge ukyply bolan BMG-niň Ösüş maksatnamasy, Çagalar gaznasy, Ilat gaznasy ýaly guramalary bilen işjeň gatnaşyklary ýola goýmaga we pugtalandyrmaga hem uly üns berdi. Wekilhana BMG-niň mümkinçiliklerinden işjeň peýdalanmaklyga gönükdirilen teklipler bilen hem ýygy-ýygydan çykyş etdi. Mysal üçin, 1993-nji ýylyň 20-nji aprelinde ýurdumyzyň BMG--niň ýanyndaky Hemişelik wekiliniň Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň adyna ýollan hatynda Türkmenistanyň we halkara maliýe -ykdysady guramalaryň arasynda hyzmatdaşlygy ýola goýmagyň we ösdürmegiň esasy bolup hyzmat etjek Türkmenistanyň durmuş-ykdysady strategiýasynyň meseleleri boýunça seljeriş materialyň taýýarlanmagynyň möhümligi nygtaldy. Şeýle hem, hatda ýokarda agzalan materialy ara alyp maslahatlaşmak üçin Bütindünýä bankynyň, Halkara pul gaznasynyň, beýleki maliýe guramalaryň, BMG-niň degişli departamentleriniň, gaznalarynyň we maksatnamalarynyň wekilleriniň gatnaşmagynda Aşgabatda BMG-niň howandarlygynda halkara maslahatynyň geçirilmeginiň maksadalaýyklygy aýdyldy.

Hemişelik wekiliň bu teklibi Türkmenistanyň hökümeti tarapyndan goldaw tapdy. Ýurdumyzyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasy UNICEF-iň ýolbaşçylygynyň ýardam etmegi bilen «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady strategiýasy we onuň dünýä ykdysadyýetine goşulmagy» atly materialy iňlis we rus dillerinde çap etdi we ony BMG-niň ulgamyna girýän guramalaryň, şeýle hem olaryň wekilhanalarynyň üsti bilen BMG agza döwletleriniň arasynda ýaýratdy. 1994-nji ýylyň 12–14-nji sentýabrynda Aşgabatda bolup geçen Maslahat, oňa gatnaşanlaryň pikirine görä, ýurdumyzyň durmuş-ykdysady strategiýasynyň esasy meselelerini ara alyp maslahatlaşmaga mümkinçilik berdi, ykdysady ulgamy özgertmekligiň has peýdalanarlykly usullaryny işläp taýýarlamakda sebitleýin we halkara ähmiýete eýe boldy. Türkmenistanyň Prezidentiniň belläp geçişi ýaly, **«Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasynyň göreldesi we oňa onuň işjeň gatnaşmagy netijesinde geçirilen bu uly çäre Türkmenistanyň abraýly halkara guramalary bilen özara düşünişmeginiň, dostlugyň we hyzmatdaşlygyň binýadyna goýlan ilkinji kerpiç boldy».**

## 2. Hemişelik wekilhana we ýurdumyzyň daşary syýasy işiniň hukuk esaslary

Halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalary häzirki zaman dünýäsiniň esasy, döwletleriň arasyndaky özara gatnaşyklarda bolsa ölçeg bolup durýar. Şu jähtden, öz döwlet garaşsyzlygyna eýe bolan badyna täze demokratik döwlet hökmünde Türkmenistanyň öňünde hem tutuş halkyň erk-isleginden gelip çykýan hukuk döwletiniň esaslaryny döretmek meselesi ýüze çykdy. Şonuň üçin hem daşary syýasy meseleleri köpçülige ýetirmek, demokratik ara alyp maslahatlaşmak we şol meseleler boýunça kanun tarapyndan berk kesgitlenilen tertibe laýyklykda kararlar kabul etmek bilen bir hatarda döwletiň halkara hukugyny berjaý etmegi, şol sanda onuň içerki kanunçylygyna halkara–hukuk borçnamalaryň doly siňdirilmegi, iş ýüzünde olara eýerilmegi hem uly ähmiýete eýe boldy.

Ikitaraplaýyn resminamalar bilen deňeşdirilende köptaraplaýyn resminamalar köp halatlarda ençeme artykmaçlyklardan peýdalanýarlar. Bütindünýä söwda guramasyna gatnaşmak, mysal üçin, oňa agza döwletler üçin onlarça, megerem ýüzlerçe ikitaraplaýyn söwda resminamalaryň ýerini tutýar. Şonuň üçin hem ýaş Türkmenistan üçin hukuk döwletiniň esaslaryny döretmegiň nazaryýeti we amalyýeti hökmünde BMG tarapyndan kabul edilen halkara-hukuk kadalaryň ähmiýeti turuwbaşdan uly boldy. Şol bir wagtyň özünde, Türkmenistanyň öňünde öňki SSSR tarapyndan gol çekilen köptaraplaýyn şertnamalara, şeýle hem döwletimiziň syýasy, ykdysady we beýleki bähbitlerini nazarda tutmak bilen soňky döwrüň resminamalary babatda öz garaýyşlaryny işläp taýýarlamak ýaly mesele hem ýüze çykdy.

*Köptaraplaýyn resminamalara goşulmak ýa-da olary ratifisirlemek (tassyklamak)* – munuň özi örän möhüm iş bolup durýar. Bu iş dogry we sowatly amala aşyrylan ýagdaýynda, onda ol Parlamentiň (Mejlisiň) halkara işiniň uly bir bölegi bolup biler. Eger gepleşikleriň gidişinde aýdylýan zatlar ozal doly kanuna siňdirilmedik bolsa, onda olaryň köpüsiniň durmuşa geçirilip bilinmejekdigi düşnüklidir.

Şu jähtden, ýurdumyzyň Mejlisine, DIM-ine köptaraplaýyn resminamalarynyň tekstlerini, olara degişli materiallary, ol ýa-da başga şertnama goşulmagyň maksadalaýyklygy babatdaky pikirleri

ýollamak arkaly bu işe ýardam etmek başdan Hemişelik wekilhananyň işiniň möhüm ugurlaryndan biri boldy.

Netijede, Türkmenistan eýýäm 1993-nji ýylda ençeme köptaraplaýyn resminamalara gatnaşdy. Mysal üçin, 1993-nji ýylda Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekili *köptaraplaýyn şertnamalaryň depozitarisi* hökmünde olary saklamak üçin BMG-niň Baş sekretary Butros Galä Türkmenistanyň ýol hereketi; ýol belgileri we signallary; çaganyň hukuklary; ozon gatlagyny goramak baradaky Wena konwensiýasy; ozon gatlagyny dargadyjy jisimler baradaky Monreal Protokoly ýaly konwensiýalara goşulýandygy baradaky resminamalary; 1994-nji ýylda jyns kemsitmeleriň ähli görnüşlerini ýok etmek hakyndaky konwensiýany; ozon gatlagyny dargadyjy jisimler boýunça Monreal protokolyna düzedişleri; halkara ýol hereketinde Türkmenistanyň tapawutlandyryjy belgisini üýtgetmek hakyndaky we başga resminamalara Türkmenistanyň goşulýandygy baradaky resminamalary gowşurdy.

Türkmenistanyň hökümeti, şeýle hem, ençeme köptaraplaýyn resminamalara gol çekdi. Mysal üçin, 1993-nji ýylyň 13-nji ýanwarynda Parižde himiki ýaragyň işlenip taýýarlanylmagynyň, öndürilmeginiň, toplanylmagynyň we ulanylmagynyň gadagan edilmegi baradaky Konwensiýa gol çekilmek üçin açyldy. Ähli döwletleriň oňa gol çeken we ony ratifisirlän halatynda, bu konwensiýa himiýa ýaragynyň ýaýramagynyň ýolunda degerli böwet bolup biljekdi. 1993-nji ýylyň 12-nji oktýabrynda Türkmenistanyň Prezidentiniň tabşyrygy boýunça Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekili bu konwensiýa gol çekdi. Bu bolsa Türkmenistanyň Hökümetiniň dünýäde ýaragsyzlanmak, himiýa ýaragyny ýok etmek ýörelgesine goldaw bermeklige bolan tagallalarynyň subutnamasy boldy.

Ýurdumyzyň daşary syýasy işiniň hukuk esasynyň üpjün edilmeginiň möhümligi bu işiň işjeň dowam etdirilmegini talap etdi. Şu jähtden, Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasy ýurdumyzyň syýasy, ykdysady, hukuk, ýaragsyzlanmak, adam hukuklaryny, daşky gurşawy goramak, medeniýet, bilim, meselelerine degişli köptaraplaýyn resminamalaryň barha köpüsine gatnaşmagy üçin köp iş etdi. Şol bir wagtyň özünde hem wekilhananyň Aşgabada

ýollan hatlarynda taýýarlanylýan kanunlary ekspertizadan geçirmek, kabul edilýän kanunlaryň ýurdumyzyň halkara borçnamalaryna we standartlara laýyk gelýändigine gözegçilik etmek boýunça ygtyýarly, islendik edara täsirinden garaşsyz edaranyň zerurlygy, Türkmenistanyň daşarky borçnamalary bilen bagly kanunlaryň taslamalarynyň işlenip taýýarlanmagyna ýurdumyzyň DIM-iniň işjeň gatnaşmagynyň möhümligi ýaly ençeme anyk teklipler öňe sürüldi.

Şunlukda, Türkmenistanyň daşary syýasy işiniň hukuk taýdan üpjün edilmegine Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasy turuwbaşdan öz saldamly goşandyny goşup başlady. Bu bolsa ýurdumyzyň beýleki döwletler, halkara guramalary bilen gatnaşyklarynyň ösmegine, dünýä syýasatynda onuň abraýynyň barha ýokarlanmagyna uly täsir etdi.

## 3. Daşary syýasy habar işi

Döwletleriň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynyň, şol sanda halkara guramalaryň ýanyndaky hemişelik wekilhanalaryň ýerine ýetirýän köptaraply we dürli wezipeleriniň arasynda daşary syýasy habar işi uly orun tutýar. Üstesine-de, bu işe diplomatik işgärleriň ähli gatnaşýar. Habar işini şertli iki bölege bölüp bolar: olaryň *birinjisi*, diplomatik wekilhanalaryň bolýan ýurdy, halkara gurama barada ähli kanuny ýollar arkaly maglumatlar toplamaklaryndan, olary seljermekden we şol ýurt, halkara gurama barada öz ýurdunyň hökümetini habardar etmekden; *ikinjisi* bolsa, bolýan ýurdunda ýa-da degişli halkara guramasynda ol ýa-da başga mesele boýunça öz döwletiniň garaýyşlaryny düşündirmekden, öz ýurdy barada hakyky habarlary ýaýratmakdan ybaratdyr.

Türkmenistanyň DIM-niň arhiwinde bar bolan degişli resminamalar Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasynyň özüniň açylan ilkinji günlerinden başlap daşary syýasy habar işine, ýagny, *bir tarapdan*, Türkmenistanyň Prezidentini, hökümet agzalaryny, türkmen jemgyýetçiligini BMG-niň işi barada yzygiderli habardar etmäge, *beýleki tarapdan* bolsa dünýä bileleşiginiň wekillerini ýaş türkmen döwletiniň içerki we daşary syýasaty bilen tanyşdyrmaga, ilkinji nobatda bolsa, olara Türkmenistanyň saýlap alan

bitarap syýasatynyň, ýurdumyzda amala aşyrylýan içerki we daşary syýasy çäreleriň many-mazmunyny yzygiderli düşündirmäge örän uly ähmiýet berendigine aýdyň şaýatlyk edýärler. Şu jähtden, geliň, käbir delillere ýüzleneliň.

1992-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda Türkmenistanyň öz garaşsyzlygyny yglan etmeginiň birýyllygy boldy. Bu şanly waka bilen baglylykda Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky ilkinji Hemişelik wekili, Türkmenistanyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi uly kabul edişlik gurady. Oňa BMG-niň ýolbaşçylaryndan, jogapkär işgärlerinden, Gurama agza döwletleriň hemişelik wekilhanalarynyň ýolbaşçylaryndan, ABŞ-nyň işewür toparlarynyň wekillerinden ybarat bolan 450 adam gatnaşdy. Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekili kabul edişlige gelenleri Türkmenistanyň içeri we daşary syýasaty, ösüş tejribesi bilen tanyş etdi. BMG-niň Baş sekretarynyň orunbasary W.F. Petrowskiý, daşary ýurtlaryň diplomatik wekilhanalarynyň baştutanlary Türkmenistany onuň taryhy güni bilen gutladylar, türkmen halkyna uly üstünlikler arzuw etdiler.

Bu möhüm syýasy çärä gatnaşanlaryň oňa beren bahalaryna görä, kabul edişlik üstünlikli geçdi we ol uly syýasy-amaly ähmiýete eýe boldy: ol Türkmenistanyň we BMG-niň, bu Gurama agza döwletleriň, ABŞ-nyň işewür toparlarynyň arasynda dostlukly, işjeň aragatnaşyklarynyň ýola goýulmagyna we pugtalanmagyna ýardam etdi.

Türkmenistanyň garaşsyzlygynyň birýyllygy mynasybetli şeýle hem Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekiliniň adyna diplomatik korpusyň baştutanlaryndan, BMG-niň Baş sekretaryndan, ABŞ-nyň dürli guramalaryndan köpsanly gutlaglar gelip gowuşdy.

Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasynyň we «Skranton» atly amerikan kompaniýasynyň ABŞ-da Türkmenistanyň döwlet poçta markalarynyň çykarylmagy mynasybetli bilelikde geçiren kabul edişligi hem dünýäniň halklaryny Türkmenistan, onuň köp asyrlyk taryhy we medeniýeti bilen tanyşdyrmaga uly ýardam etdi (1992-nji ýylyň 27-nji awgusty). Bu möhüm waka baradaky habarlar soňra dünýäniň köp sanly filatelistik neşirlerinde hem giňden ýaýradyldy.

Dünýä jemgyýetçiliginiň giň toparlaryny ýurdumyzyň bitarap syýasaty bilen tanyşdyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň BMG-

-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasy 1993-nji ýyldan başlap iňlis dilinde metbugat-relizleri hem çykaryp başlady. Şeýle hem Hemişelik wekilhananyň we BMG-niň Sekretariatynyň maglumatlar Departamentiniň arasynda bu Departamentiň habar merkezleriniň üsti bilen Türkmenistan barada habarlary dünýäniň dürli ýurtlarynda ýaýratmak barada ylalaşyk gazanyldy.

Netijede, dünýä bileleşiginiň Türkmenistana bolan gyzyklanmasy barha artdy we ösdi. ABŞ-nyň ähli künjeklerinden, hat-da Kanadadan, Angliýadan, Germaniýadan… Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasyna hat ýazyldy. Hususan-da, diňe bir 1992-nji ýylyň 10 aýynyň içinde Türkmenistanyň degişli guramalary bilen dostlukly işewür gatnaşyklary ýola goýmaklyga ýardam etmegini, Türkmenistan barada habar materiallaryny ibermegini sorap, ýurdumyzyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekiliniň adyna amerikan edaralaryndan, firmalaryndan, mekdeplerinden we dürli guramalaryndan 300-den hem gowrak hat gelip gowuşdy. Hemişelik wekilhana öz esasy işi – BMG bilen hyzmatdaşlygy giňeltmek we çuňlaşdyrmak meseleleri bilen doly meşgul bolan hem bolsa, ol ýurdumyzyň amerikan jemgyýetçiligi bilen giň gatnaşyklarynyň ýola goýulmagyna we ösdürilmegine ýardam etmek üçin hemişe wagt tapmaga çalyşdy. Bu bolsa dünýä bileleşiginiň Türkmenistana bolan gyzyklanmasynyň barha artmagyna getirdi. Şol bir wagtyň özünde hem Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasy şol gyzyklanmanyň döwletimiziň milli bähbitleriniň peýdasyna has hem doly ulanylmagyna ýardam etmäge çalyşdy.

## 4. Türkmen-amerikan işewür gatnaşyklary

Türkmenistanyň Amerikanyň Birleşen Ştatlary bilen aragatnaşyklarynyň ýola goýulmagyna we işjeňleşmegine ýardam etmäge gönükdirilen tagallalaryna iň bolmanda gysgaça seretmezden, Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasynyň işi bilen tanyşmak has doly bolmazdy.

ABŞ-nyň Nýu-Ýork şäheri ählumumy ykrar edilen dünýä maliýe we işewür merkezi bolup durýar we bu ýerde hyzmatdaşlyk

gatnaşyklarynyň ýola goýulmagy üçin uly mümkinçilikleriň bardygy düşnüklidir. Mundan hem başga, hut şu şäherde Türkmenistan BMG-niň agzalygyna kabul edildi.

Türkmenistanyň we ABŞ-nyň arasynda işewür hyzmatdaşlygyň ösmegine ýardam etmek maksady bilen, Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekili öz işiniň ilkinji günlerinden başlap Nýu-Ýorkuň BMG-niň, konsulluk korpusyň we halkara işewür toparlaryň işleri boýunça şäher komissiýasy (şäheriň meriýasynyň agentligi) bilen ýakyn aragatnaşyklary ýola goýdy. Hususan-da, Hemişelik wekiliň 1993-nji ýylyň 16-njy maýynda maliýe meseleler we ykdysadyýetiň ösüşi boýunça şäher häkiminiň orunbasary B.Selliwan, şäher sowetiniň agzalary D.Danowen, A.Trabold we başgalar bilen bolan duşuşygy örän peýdaly boldy. Iňlis dilinde bolup geçen söhbetdeşligiň gidişinde şäher häkimiýeti Nýu-Ýork bilen Türkmenistanyň arasynda hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagyna ýardam etmeklige taýýardygyny mälim etdi, şeýle hem türkmen we amerikan işewür adamlarynyň ýörite duşuşyklarynyň geçirilmeginiň zerurdygy baradaky pikir öňe sürüldi.

Işewür toparlaryň wekilleri bilen Hemişelik wekiliň arasynda bolan duşuşyklar ABŞ-nyň işewür dünýäsinde biziň ýurdumyz bilen ykdysady gatnaşyklary ösdürmäge bolan gyzyklanmanyň barha artýanlygyndan habar berdi. Gün-günden Türkmenistan bilen hyzmatdaşlyk etmäge gyzyklanýan kompaniýalaryň sany artdy. Hemişelik wekilhananyň we amerikan telekeçileriniň işewür söhbetdeşlikleriniň birinde Amerikan-Türkmen işewür Geňeşini (ATIG) döretmek barada pikir peýda boldy. Eýýäm 1993-nji ýylyň iýun aýynyň ahyryna çenli maliýe, nebit we gaz, oba hojalygy dolandyrmak we başga pudaklar boýunça hereket edýän 20-den gowrak iň uly amerikan kompaniýalary şeýle geňeşiň döredilmegine we onuň agzalary bolmaklyga isleg bildirdiler. 1993-nji ýylyň 5-nji awgustynda Hemişelik wekilhananyň Türkmenistanyň DIM-ine ýollan hatynda Türkmenistanyň ABŞ bilen işewür hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirmek boýunça ençeme pikirler öňe sürüldi. Şonda hatyň ýany bilen Aşgabada ATIG-iň döredilmegi bilen bagly resminamalaryň taslamalary hem ýollandy.

Türkmen-amerikan gatnaşyklarynyň ilkinji ýyllarynda hyzmatdaşlykda biziň ýurdumyza ykdysady kömek bermek meselesi hem esli

orun tutdy. Mysal üçin, 1992-nji ýylyň 28-nji dekabrynda Waşingtona bolan nobatdaky saparynyň çäginde Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekili ABŞ-nyň oba hojalyk ministrliginde Türkmenistanyň hökümetiniň adyndan hökümetara ylalaşyga gol çekdi. Bu resminama laýyklykda 1993-nji ýylda ABŞ biziň ýurdumyza 100 müň tonna iýmlik däne sowgat berdi. Ýene-de bir mysal. 1993-nji ýylyň 6-njy aprelinde Hemişelik wekil ABŞ-nyň Söwda-karz korporasiýasy bilen ylalaşyga gol çekdi. Bu ylalaşyga laýyklykda korporasiýa biziň ýurdumyza 48 müň tonna azyk dänesini satyn almak üçin 10 million amerikan dollary möçberinde uzak möhletleýin ýeňillikli karz pul berdi.

Amerika – özüniň beýik siwilizasiýasy bilen beýik ýurt, ol häzirem Günbatarda ykdysady taýdan ýokary ösen ýurtlaryň biri bolmagynda galýar. 90-njy ýyllaryň başynda ABŞ işewür hyzmatdaş hökmünde Türkmenistanyň öňünde ozaly bilen ýurdumyzyň ykdysadyýetinde düýpli özgerişlikleriň geçirilmegine ýardam etdi.

ABŞ bilen Türkmenistanyň gatnaşyklary, hyzmatdaşlygy günsaýyn baýlaşdy. Eýýäm 1993-nji ýylda Hemişelik wekiliň duşuşyklary şeýle hem ABŞ-nyň ençeme beýleki resmi edaralarynda, şol sanda Döwlet departamentinde, ABŞ-nyň medeni aragatnaşyklar boýunça Komitetinde we ş.m. bolup geçdi. Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasynyň göreldesi bilen baryp 90-njy ýyllaryň birinji ýarymynda türkmen mekdep okuwçylarynyň toparynyň ABŞ-da, amerikan mekdep okuwçylarynyň bolsa Türkmenistanda bolmaklary ýaş türkmenistanlylaryň we amerikanlylaryň biri-biriniň durmuşy bilen özara çuňňur gyzyklanýandyklary barada şaýatlyk etdi.

Bu ýagdaý üstesine-de, şol döwürde entek ABŞ-da Türkmenistanyň Ilçihanasynyň açylmadyk şertlerinde, hatda özüniň işiniň esasy ugrunyň BMG bilen hyzmatdaşlygy ösdürmeklige ýardam etmek bolanlygyna seretmezden, bu işe biziň Hemişelik wekilhanamyzyň işjeň çekilmegini talap etdi. Sebäbi wekilhana ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň öňünde duran meseleleriň çözülmegine, umuman, onuň daşky dünýä bilen hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlygynyň ösdürilmegine hemaýat etdi.

## 5. Köptaraplaýyn diplomatiýa gatnaşmaklygyň tejribesi barada

Birleşen Milletler Guramasynyň işine öz goşandyny goşmak we onuň mümkinçiliklerinden doly peýdalanmak maksady bilen, Türkmenistan bu abraýly Gurama agzalygynyň ilkinji günlerinden başlap öz daşary syýasy işini BMG we onuň ulgamynyň edaralary, guramalary bilen hyzmatdaşlygy giňeltmeklige we çuňlaşdyrmaklyga gönükdirdi. Netijede, BMG-de ýurdumyzyň ileri tutýan ugurlaryna laýyklykda eýýäm 90-njy ýyllaryň ortalaryna çenli köptaraplaýyn diplomatiýa gatnaşmakda esli tejribe gazanyldy, döwletimiziň pragmatik daşary syýasatyny durmuşa geçirmekde köp işler edildi.

Türkmenistanyň bitarap syýasatyny durmuşa geçirmekde ýurdumyzyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasy turuwbaşdan möhüm rol oýnap başlady. Muny Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde bar bolan arhiw materiallarynyň hem aýdyň görkezişi ýaly, 1992–1995-nji ýyllarda Hemişelik wekilhananyň daşary syýasy işi ýurdumyzyň Prezidenti, Daşary işler ministri tarapyndan her ýyl diňe örän kanagatlanarly diýlip aýratyn bellenip geçildi.

Şol ýyllar Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasynyň maksada okgunly işjeň diplomatik işi BMG-niň ýolbaşçylygynyň, halkara, şol sanda türkmen jemgyýetçiliginiň hem ýokary bahasyna mynasyp boldy. Mysal üçin, özüniň 2003-nji ýylyň 30-njy iýulyndaky sanynda «Neýtralnyý Türkmenistan» gazeti şeýle ýazdy: «Wekilhana turuwbaşdan BMG-niň işine Türkmenistanyň gatnaşmagynyň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitlemäge işjeň gatnaşdy, BMG-niň ulgamynyň guramalary bilen işçi gatnaşyklary ýola goýmaga we pugtalandyrmaga uly üns berdi. Netijede, hakyky syýasy maksatnama hökmünde ýurdumyzyň bitarap syýasatynyň tutuş dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilmeginde onuň goşandy yzygiderli ýokarlandy».

Şu aşakdaky mysal hem Türkmenistanyň Hemişelik wekilhanasynyň netijeli işiniň aýdyň subutnamasy boldy: «Türkmen sesi» gazeti özüniň 1994-nji ýylyň 8-nji sanynda «Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Ilkinji Hemişelik wekili, Adatdan Daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi öz gulluk borçlaryny ýerine ýetirip başlanyna ýyl-ýarym geçip-geçmänkä «öz ýurdy Türkmenistana we Birleşen Mil-

letler Guramasyna öwgä mynasyp gullugy üçin» Halkara Dostluk we Hoşniýetlilik jemgyýetiniň Tagzym we Minnetdarlyk Şahadatnamasy bilen sylaglandy» diýip ýazdy.

Şunlukda, Türkmenistanyň BMG bilen hyzmatdaşlygynyň ilkinji ýyllarynyň tejribesi hatda käbir kynçylyklaryň, şeýle hem amaly çylşyrymlylyklaryň bolandygyna seretmezden, BMG-niň täsirliliginiň ýokarlanmagyna ýurdumyzyň uly goşandyny görkezdi. Bu bolsa hyzmatdaşlygyň we toplanan tejribäniň esasynda döredilen pugta bazanyň esasynda Guramanyň işine ýurdumyzyň has-da göwrümli gatnaşmagy üçin mundan buýanky tagallalary talap etdi. Şu jähtden Hemişelik wekilhananyň 1992–1995-nji ýyllarda Aşgabada ýollan hatlarynda BMG-niň BA-nyň rezolýusiýalarynda, kararlarynda Türkmenistan üçin möhüm pikirleriň öňe sürülmegi üçin biziň wekiliýetlerimiziň anyk wezipeler, teklipler bilen üpjün edilmeginiň; BA-nyň mejlislerine biziň wekiliýetlerimiziň has giň esasda gatnaşmagynyň; biziň ýurdumyz üçin aýratyn gyzyklanma döredýän BMG-niň saýlawly edaralaryna Türkmenistanyň kandidaturasynyň işjeň teklip edilmeginiň; BMG-niň edaralary bilen hyzmatdaşlygyň çuňlaşdyrylmagynyň; DIM-de ýurdumyzyň daşary ýurt diplomatik wekilhanalarynyň ýolbaşçylarynyň ýygnaklarynyň geçirilip durulmagynyň; BMG-niň ýanyndaky ýurdumyzyň Hemişelik wekilhanasynyň esasy meseleleriniň tutuşlygyna döwrüň talabyna laýyklykda çözülmeginiň; köptaraplaýyn diplomatiýa işjeň gatnaşmak üçin diplomatlary taýýarlamak boýunça maksatnamanyň işlenip taýýarlanmagynyň zerurlygy bilen bagly pikirler, teklipler hem boldy. Şol bir wagtyň özünde 1995-nji ýylyň 8-nji fewralynda Türkmenistanyň Prezidentiniň karary bilen Hemişelik wekilhananyň diplomatik we tehniki işgärler bilen pugtalandyrylmagy Wekilhananyň gelejekde has-da işjeň hereket etjekdiginden, BMG tarapyndan göwrümli wezipeleriň çözülmegine Türkmen diplomatiýasynyň goşandynyň gyşarnyksyz artjakdygyndan habar berdi.

**Soraglar:**

1. Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasy turuwbaşdan öz işini nähili wezipeleri çözmäge gönükdirdi?
2. HW ýurdumyzyň BA-nyň mejlislerine gatnaşýan wekiliýetiniň işiniň täsirliliginiň ýokarlanmagyna nähili ýardam etdi?
3. HW-nyň ykdysady ugurdaky işiniň esasy mazmuny nämeden ybarat boldy?
4. Ýurdumyzyň daşary syýasy işiniň hukuk esaslaryny pugtalandyrmakda HW nähili rol oýnady?

5. HW-nyň daşary syýasy habar işi barada näme bilýärsiňiz?
6. HW-nyň Türkmenistanyň ABŞ bilen aragatnaşyklarynyň ýola goýulmagyna we işjeňleşmegine eden ýardamy barada näme aýdyp bilersiňiz?
7. HW-nyň alyp baran daşary syýasy işine nähili baha berildi?

# VIII bap
# BITARAP TÜRKMENISTANYŇ BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASYNYŇ ESASY EDARALARY BILEN HYZMATDAŞLYGY

Diplomatik iş özüniň mazmuny boýunça çylşyrymlydyr, görnüşleri we usullary boýunça bolsa köpdürlidir. Munuň özi Daşary işler ministrliginiň merkezi diwanynyň, şeýle hem ilçihanalaryň we missiýalaryň işi barada aýdylanda-da şeýledir. Birleşen Milletler Guramasy dünýä döwletleriniň özboluşly jemidir, sebäbi esasy dünýä meseleleri onuň üstünden geçýär, şol meseleler BMG-niň edaralarynda seredilýär, şol ýerde kabul edilýän kararlarda olar öz gerekli çözgütlerini tapýarlar. Hut şonuň üçin hem Türkmenistan özüniň BMG-niň ulgamy bilen gatnaşyklarynda dünýäniň bu iň uly hökümetara Guramasynyň esasy edaralary, şol sanda we ilkinji nobatda Baş Assambleýasy bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge we giňeltmäge aýratyn ähmiýet berýär, sebäbi BMG-niň BA-nyň mejlisi döwletara derejesinde iň möhüm halkara meseleleri ara alyp maslahatlaşmaklygyň bütindünýä forumy bolup durýar.

## §1. Türkmenistanyň BMG-niň Baş Assambleýasy bilen hyzmatdaşlygy

### 1. BMG-niň BA-nyň mejlisiniň esasy guramaçylyk aýratynlyklaryndan biri

BMG-niň BA-nyň mejlisindäki diplomatik işiň aýratynlyklaryndan biri, ol hem her ýylky mejlisiň başynda Assambleýanyň ýokary derejedäki mejlisi geçirmegidir. Bu mejlis «*umumysyýasy çekişme*» («*general debate*») diýlip hem atlandyrylýar. Şeýle mejlislerde döwlet we hökümet baştutanlary, daşary işler ministrleri dünýädäki ýagdaýa baha

berýärler, dünýä syýasatynyň möhüm meseleleri boýunça öz nukdaý-nazarlaryny, öz döwletleriniň daşary syýasatynyň esasy ýörelgelerini we ugurlaryny beýan edýärler, üstesine-de, «umumysyýasy çekişmä» döwlet we hökümet baştutanlarynyň gatnaşmaklary BMG-niň ähmiýetini nygtaýar, ara alnyp maslahatlaşylýan meselelere aýratyn ähmiýet berýär, konstruktiw işjeňlik ýagdaýyny, başlangyçlaryň bäsdeşligini döredýär. Bu bolsa BMG-ä agza döwletleriň wekiliýetlerine umumy mejlislerde (plenary meetings) we esasy komitetleriň (Main Committees) mejlislerinde özleriniň esasy ünslerini mejlisleriň gün tertibindäki amaly meselelere gönükdirmäge mümkinçilik berýär. BMG-niň doly hukukly agzasy hökmünde Türkmenistan hem BA-nyň mejlislerine, ozaly bilen bolsa ýokary derejedäki mejlislerine turuwbaşdan işjeň gatnaşýar.

Mysal üçin, BMG-niň BA-nyň 48-nji mejlisiniň esasy bölegi 1993-nji ýylyň 21-nji sentýabryndan 23-nji dekabry aralygynda bolup geçdi we ol halkara durmuşynyň möhüm wakasy boldy. Mejlisiň işine BMG agza döwletleriň 184-siniň wekiliýeti gatnaşdy. BA-nyň 48-nji mejlisinde umumysyýasy çekişme 1993-nji ýylyň 27-nji sentýabry we 13-nji oktýabry aralygynda bolup geçdi we onda 175 adam, şol sanda 28 döwlet ýolbaşçysy, 2 sany täç geýdirilen şazada, 122 sany daşary işler ministri, agza döwletleriň hemişelik wekilleriniň 10-sy çykyş etdiler.

Birleşen Milletler Guramasyna agza döwletleriň uly wezipeli adamlary öz çykyşlarynda parahatçylygy döretmeklik we parahatçylygy gorap saklamaklyk, ýaraglanyşyga we ýaragsyzlanmaga gözegçilik etmek, ykdysadyýet we ösüş, global resurslardan peýdalanmak, adam hukuklary we beýleki durmuşy meseleler, halkara hukuk meseleleri, maliýe meseleler we Birleşen Milletler Guramasyny özgertmek ýaly meselelere uly üns berdiler. Şol çykyşlar gapma-garşylyklary düzgüne salmakda, dünýäniň ähli böleklerinde syýasy durnuklylygyň we ykdysady taýdan gülläp ösmegiň üpjün edilmeginde ähli halklaryň BMG uly ynam bildirýändiklerini görkezdi. Şeýle hem wekiliýetleriň ýolbaşçylary gedaýçylygy ýok etmeklige, ekologiýa taýdan durnukly ösüşiň we demokratiýanyň üpjün edilmegine, adam hukuklarynyň berjaý edilmegine, köpçülikleýin gyryş ýaraglarynyň ýaýramagynyň öňüniň alynmagyna BMG-niň öz saldamly goşandyny goşjakdygyndan ugur aldylar.

Özüniň mazmuny boýunça köp çykyşlar konseptual häsiýete eýe boldy. Adamzadyň ýüzbe-ýüz bolýan köpsanly meseleleri boýunça düýpli pikirler we teklipler öňe sürüldi. Umumysyýasy çekişme halkara parahatçylygyna we ählumumy ösüşe degişli täze konsepsiýalaryň işlenip taýýarlanylmagynyň zerurdygy barada netije çykarmaga esas döretdi.

Birleşen Milletler Guramasyna agza ähli döwletleriň wekilleri, şol sanda BMG-niň BA-nyň 48-nji mejlisindäki Türkmenistanyň wekiliýetiniň ýolbaşçysy özleriniň BMG-niň Düzgünnamasynyň maksatlaryna we ýörelgelerine ygrarlydyklaryny we hakyky hyzmatdaşlyga ösüp geçmeli özara garaşlylyk konsepsiýasyny ykrar etmäge taýýardyklaryny nygtadylar.

Soňky alty-ýedi ýylyň içinde Türkmenistanyň BMG-niň BA-nyň sessiýalarynda ýokary derejede geçirilýän mejlislere gatnaşmagynyň derejesi we şunlukda, onuň täsirliligi has-da ýokarlandy. Munuň özi Türkmen döwletiniň dünýä syýasatynyň iň möhüm meselelerini ara alyp maslahatlaşmaga we çözmäge barha işjeň gatnaşyp başlamagy, BMG-niň ýokary maslahatçy edarasy bolan BA-nyň mejlislerinde türkmen wekiliýetine hut Türkmenistanyň Prezidentiniň özüniň yzygiderli baştutanlyk etmegi we onuň parahatçylygy, howpsuzlygy, durnukly ösüşi pugtalandyrmaklyga gönükdirilen täze we täze daşary syýasy başlangyçlary hemişe öňe sürmegi bilen gönüden-göni bagly boldy.

Türkmenistanyň BMG-niň BA-nyň işine işjeň gatnaşmagy biziň ýurdumyza BMG-niň BA-nyň 62-nji, 64-nji we 68-nji mejlisleriniň wise-başlygy hökmünde saýlanmagyna mümkinçilik berdi. 2009-njy ýylyň sentýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow BMG-niň BA-nyň ýokary münberinden dünýä bileleşigine ýüzlenip, Türkmenistanyň global we sebitleýin ösüşiň iň möhüm meselelerini çözmekde jogapkärçiligi paýlaşmaga taýýardygyny, häzirki zamanyň esasy ýagdaýlaryna geljekde hem işjeň gatnaşjakdygyny aýtdy. Türkmen döwletiniň Baştutanynyň bu sözleri soňky ýyllarda Türkmenistanyň halkara gatnaşyklarynyň örän işjeňleşendiginiň, olaryň mazmunynyň, hiliniň ýokarlanandygynyň subutnamasy boldy.

Toplanan tejribäniň netijesinde Türkmenistan BMG-niň BA-nyň nobatdaky mejlisiniň işine has-da işjeň gatnaşdy, onda biziň ýurdumyz häzirki zamanyň möhüm meselelerini çözmekde gyzyklanmalaryň umumylaşmagyna, maksatlaryň birligine daýanýan täze we has oňaýly

ýollary teklip etdi. Başga-ça aýdanymyzda, Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow BMG-niň BA-nyň 65-nji mejlisinde Türkmenistanyň täze daşary syýasy başlangyçlaryny öňe sürdi, ýurdumyzyň syýasatynyň bu ugruny *geljegiň Strategiýasy* diýip atlandyrdy, bu düşünjä ösüşiň möhüm meseleleri – syýasy, durmuş-ykdysady, energetika we ekologiýa ugurlary boýunça giň we pugta halkara ylalaşygynyň gazanylmagy hökmünde seredýändigini nygtady.

Türkmenistanyň daşarysyýasy strategiýasynyň özenini Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan işlenip taýýarlanylan howpsuzlyk düşünjesiniň bitewiliginiň we bölünmezliginiň konsepsiýasy tutýar. Bu konsepsiýa harby däl, syýasy-diplomatiki serişdeler arkaly ählumumy howpsuzlygyň pugta we uzakmöhletleýin ulgamynyň döredilmegine hemme tarapdan ýardam etmegiň syýasy we ylmy-nazary esasy bolup hyzmat edýär. Onuň ileri tutulýan ugurlary bolsa howpsuzlygyň milli, sebitleýin we global derejelerini we howpsuzlygyň syýasy, ykdysady, energetiki, suw, azyk, ekologiki we beýleki ugurlarynyň tutuş toplumyny öz içine alýar. Başga sözler bilen aýdylanda, Türkmenistanyň Prezidentiniň täze howpsuzlyk konsepsiýasynyň ýörelgeleri biziň ýurdumyzyň iri daşary syýasy başlangyçlarynyň we tekliplериniň esasyny düzýär we şunlukda, şol konsepsiýa binýatlyk ähmiýete eýedir. Şol bir wagtyň özünde hem Türkmenistan howpsuzlygyň bitewilik ýörelgesiniň BMG-niň çözgütlerinde mundan beýläk hem öz beýanyny tapmagyny we ösmegini isleýär. Hut şonuň üçin hem Türkmenistanyň döwlet Baştutany BA-nyň 65-nji mejlisinde eden çykyşynda durnukly halkara tertibiň üpjün edilmegine ýardam etmek maksady bilen, BMG-niň çäklerinde Bitewi howpsuzlyk konsepsiýasyny döretmek işine başlanmagyny teklip etdi.

Şu jähtden, ilkinji nobatda, global energetiki howpsuzlygynyň üpjün edilmegi uly ähmiýete eýe bolup durýar. Hut şonuň üçin hem Türkmenistan BMG-niň BA-nyň 65-nji mejlisinde energiýa serişdeleriniň durnukly iberilmeginiň halkara mehanizmini işläp taýýarlamak boýunça ekspertler toparyny döretmek hakyndaky rezolýusiýanyň kabul edilmegi baradaky başlangyç bilen çykyş etdi. Biziň ýurdumyz şeýle hem energiýa boýunça gepleşikleri hil taýdan täze

derejä çykarmagyň zerurdygyny nygtady we BMG-niň ýörite guramasyny - *Energetika Geňeşini* döretmek baradaky meselä garalmagyny teklip etdi. Dünýäniň belli syýasatçylary we bilermenleri Türkmenistanyň bu teklibiniň global häsiýete eýe bolup durýandygyny we şeýle Geňeşiň döredilmeginiň energetika bilen bagly meseleler toplumyny yzygiderli, başarnykly ara alyp maslahatlaşmak üçin syýasy formaty we guramaçylyk şertlerini üpjün etjekdigini nygtadylar. Ýeri gelende aýtsak, onda bu ugur boýunça işler BMG-niň BA-nyň Türkmenistanyň başlangyjy boýunça 2008-nji ýylyň dekabrynda «Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty» atly rezolýusiýasynyň çäklerinde başlanypdy.

Türkmenistanyň Merkezi Aziýada we Hazar deňzi sebitinde howpsuzlygy üpjün etmäge we ýerine ýetirýän wezipeleri boýunça Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasy ýaly guramany döretmek arkaly sebitde ýerleşýän döwletleriň amala aşyrýan syýasy hyzmatdaşlygyna hemişelik, durnukly häsiýet bermäge gönükdirilen başlangyçlary hem giň halkara goldawyna mynasyp boldy. Bu gymmatly teklibiň durmuşa geçirilmegi sebitde, umuman, Aziýa yklymynda halkara howpsuzlygynyň meseleleriniň çözülmegine köp derejede ýardam eder.

Türkmenistan BA-nyň 65-nji mejlisinde şeýle hem Merkezi Aziýa we Hazar sebitinde ulag-aragatnaşyk infrastrukturasyny ösdürmek, sebitiň wajyp ekologiýa meselelerini, şol sanda Aral deňzi bilen bagly meseleleri çözmek, Hazar deňziniň täsin tebigy baýlyklaryny dikeltmek, suw meselelerini halkara hukugynyň umumy ykrar eden kadalarynyň esasynda sebitiň ähli ýurtlarynyň bähbitlerini nazara almak bilen we BMG-niň hem-de beýleki abraýly halkara guramalarynyň üsti bilen, dünýä bileleşiginiň işjeň gatnaşmagynda çözmek, BMG-niň ýaragsyzlanmak Maslahatynyň işjeňligini artdyrmak, BMG-niň neşe serişdelerine garşy göreş boýunça ýöriteleşdirilen düzümleriniň işlerini güýçlendirmek we giňeltmek, geljekde UNESCO-nyň Bütindünýä mirasy komitetiniň mejlisleriniň biriniň Türkmenistanda geçirilmegi, Owganystandaky ýagdaýlary durnuklaşdyrmak ýaly başlangyçlar we teklipler bilen çykyş etdi we olar hem agza döwletleriň wekiliýetleriniň ýokary bahasyna mynasyp boldular.

BMG-niň BA-nyň 66-njy mejlisinde Türkmenistan BMG-de halkara bileleşiginiň işiniň netijeliligini we işjeňligini artdyrmagy maksat edinýän we syýasat, ykdysadyýet, energetika, ekologiýa we gumanitar ugurlar boýunça derwaýys meseleleri çözmek üçin iş ýüzünde hereket etmegiň guraly boljak anyk başlangyçlaryň birnäçesi bilen çykyş etdi.

Syýasy mesele boýunça Türkmenistan, hususan-da, halkara meselelerini çözmekde, ilkinji nobatda, syýasy-diplomatik serişdeleri ulanmak hakyndaky Jarnamany işläp taýýarlamagy we soňra oňa BMG-niň BA-da seretmegi teklip etdi. Bu teklibi bermek bilen, Türkmenistan şeýle Jarnamanyň kabul edilmeginiň döwletara gatnaşyklarynda gapma-garşylyklary çözmekde güýç ulanmak usullaryndan peýdalanmagyň mümkinçiliklerini ep-esli azaltmaga, umumy durnuklylyk we howpsuzlyk üçin şunuň bilen baglanyşykly howplaryň ýüze çykmagyny peseltmäge ýardam berjekdiginden gelip çykdy.

Ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, BMG-niň BA-nyň öňki mejlislerinde Türkmenistan Merkezi Aziýada we Hazar deňzi sebitinde parahatçylygy hem-de durnuklylygy saklamak boýunça başlangyçlaryň birnäçesi bilen çykyş edipdi we şol başlangyçlar oňlanmak bilen kabul edilipdi. BMG-niň BA-nyň 66-njy mejlisinde Türkmenistan agzalan sebitlerde howpsuzlyk boýunça wekilçilikli Forumyň geçirilmegini, üstesine-de, şol Forumyň Aşgabatda geçirilmegini teklip etdi. Şol Forumyň syýasy netijeleriniň biri hökmünde bolsa Merkezi Aziýada we Hazar deňzi sebitinde parahatçylykly ösüş boýunça Maslahat beriji Geňeşiň döredilmegini maksadalaýyk hasaplady.

BMG-niň BA-nyň 66-njy mejlisinde Türkmenistan şeýle hem sebitleýin we sebitara derejesinde ulag aragatnaşygyny ösdürmäge, Merkezi Aziýada halkara maliýe edaralarynyň işini işjeňleşdirmäge gönükdirilen teklipleriň birnäçesini öňe sürdi.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan energiýa serişdeleriniň üstaşyr geçirilmegini we iberilmegini kadalaşdyrýan halkara-hukuk mehanizmlerini işläp taýýarlamak maksady bilen, köptaraplaýyn gepleşiklere başlanmagynyň başyny başlaýjylarynyň biri bolup durýar. Biziň ýurdumyz bu ugurda mundan beýläk-de tagallalary güýçlendirmegiň möhümdigini belläp, 66-njy mejlisde energiýa üpjünçilik meseleleri boýunça halkara gepleşikleriniň barşyna ýeterlik itergi berilmegine,

howanyň üýtgemegi, şeýle hem Hazar deňziniň täsin tebigy baýlyklaryny aýawly saklamak bilen baglanyşykly meseleleri çözmäge gönükdirilen çäreleriň birnäçesini teklip etdi.

BMG-niň BA-nyň 67-njy mejlisinde Türkmenistan netijeli gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmek, şol sanda ählumumy energetiki howpsuzlygy üpjün etmek, ekologiýa we howanyň üýtgemegi, gumanitar ulgam ýaly ileri tutulýan ugurlar boýunça hyzmatdaşlyk etmek üçin birnäçe teklipleri şol mejlisiň garamagyna hödürledi.

2013-nji ýylyň 25–30-njy sentýabrynda Türkmenistanyň wekiliýeti BMG-niň BA-nyň 68-nji sessiýasyna gatnaşdy we onda ençeme ugur boýunça möhüm ahmiýetli halkara başlangyçlary öňe sürdi. *Birinji ugruň* çäklerinde Türkmenistan halkara derejesindäki meseleler çözülende syýasy – diplomatik serişdeleriň ulanylmagynyň ileri tutulmagy barada BMG-niň Jarnamasynyň kabul edilmeginiň möhümligini nygtady, ýaragsyzlanmak we köpçülikleýin heläkçilige getirýän ýaraglary ýok etmek bilen bagly meseleleri ara alyp maslahatlaşmak üçin 2014-nji ýylda Aşgabatda ýokary derejedäki halkara duşuşygyny geçirmek baradaky teklibi öňe sürdi, Merkezi Aziýa sebitinde asudalygy üpjün etmek boýunça hemişelik hereket edýän Parahatçylyk we hyzmatdaşlyk forumyny döretmegi teklip etdi. *Ikinji ugur* Türkmenistanyň dünýäde energetika howpsuzlygyny üpjün etmek, munuň üçin halkara bilermenler toparyny döretmek babatdaky teklipleri bilen bagly boldy. Şeýle hem türkmen tarapy 2014-nji ýylda şu meseleler boýunça Aşgabatda halkara maslahatyny geçirmek baradaky teklibi öňe sürdi. *Üçünji ugur* Türkmenistanyň ulag howpsuzlygyny üpjün etmek baradaky başlangyjyny öz içine aldy. Döwrebap we howpsuz halkara ulag düzümini döretmek bilen bagly meseleleri ara alyp maslahatlaşmak üçin türkmen wekiliýeti 2014-nji ýylda Aşgabatda halkara duşuşygyny geçirmegi teklip etdi. *Dördünji ugur* ekologiýa howpsuzlygyna degişli meseleler bilen bagly boldy. 2014-nji ýylda Türkmenistanda BMG-niň Çölleşmä garşy göreşmek hakyndaky Konwensiýasyna girýän ýurtlaryň ýokary derejeli duşuşygyny geçirmek hakyndaky teklip öňe sürüldi, şunuň bilen birlikde Türkmenistanyň Merkezi Aziýada we Hazar sebitlerinde howanyň üýtgemegi bilen bagly tehnologiýalar boýunça Sebitleýin merkezi döretmek baradaky garaýşy yglan edildi. *Bäşinji*

*ugur* ynsanperwerlik howpsuzlygynyň meselelerine bagyşlandy. Şu jähtden türkmen wekiliýeti Türkmenistanyň 2014-nji ýylda BMG-niň Bosgunlaryň işleri baradaky ýokary komissarlygy bilen bilelikde bosgunlaryň işleri boýunça ýokary derejeli duşuşygy geçirmäge taýýardygyny mälim etdi.

Dünýä bileleşigi Türkmenistanyň gymmatly tekliplerine biziň ýurdumyz tarapyndan öňe sürlen rezolýusiýalary konsensus esasynda kabul etmek bilen jogap berýär. Hususan-da, Türkmenistan tarapyndan öňe sürlen energiýa howpsuzlygy we Owganystan boýunça teklipler eýýäm 2010-njy ýylyň aýagynda möhüm gepleşikleriň başlanmagyna ýardam etdi. Şol bir wagtyň özünde Türkmenistanyň Prezidentiniň öňdengörüjilikli daşary syýasy başlangyçlary biziň ýurdumyzyň köptaraplaýyn halkara institutlarynyň işine işjeň gatnaşýandygy, ýurdumyzyň sebitdäki derwaýys meseleleri çözmekde toplan oňyn tejribesi, şeýle hem Ýewraziýa yklymynda howpsuzlyga degişli meseleleriň çözgüdine täze çemeleşmeleri barada şaýatlyk etmek bilen, Türkmenistanyň halkara abraýynyň ýokarlanmagyna alyp barýar. Mysal üçin, BMG-niň Merkezi Aziýada öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Sebit Merkeziniň ýolbaşçysy Miroslaw Ýença 2011-nji ýylyň 17-nji fewralynda Aşgabatda geçirilen «Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy» atly maslahatynda eden çykyşynda BMG-niň BA-nyň 65-nji mejlisiniň işinde Türkmenistanyň işjeň orny eýeländigini aýratyn nygtady we bu ýagdaý «Türkmenistany Merkezi Aziýa sebitiniň täsirli ýurduna öwrüp, ony bu uly giňişlikde durnuklaşdyryjy, goşulyşmak ýagdaýynda öňdebaryjynyň hem-de parahatçylygy we adalatyň belent ýörelgelerini berkarar etmekde öz pikirdeşlerini we egindeşlerini has-da artdyrýan Lideriň ornuna çykarýar» diýip aýtdy.

Şunlukda, Türkmenistan BMG-niň BA-nyň sessiýalarynyň ýokary derejede guraýan mejlislerine yzygiderli gatnaşmak bilen, olarda halkara bileleşigi tarapyndan uly gyzyklanma bilen kabul edilýän, bütin adamzady tolgundyrýan häzirki zamanyň derwaýys meselelerini çözmäge gönükdirilen oňyn başlangyçlary öňe sürýär, özüniň dünýäniň iri parahatçylyk dörediji merkeziniň derejesini tassyklaýar. Şol başlangyçlar häzirki zamanyň möhüm meseleleri boýunça halkara gepleşikleri çaltlaşdyrmaga badalga berýär, döwletleriň we

abraýly halkara guramalaryň gatnaşmagynda sebitleýin we global hyzmatdaşlygyň has täsirli ýollarynyň döremegine ýardam edýär, adamzadyň öňünde dürli derejelerde duran meseleleriň çözgüdine özüniň barha saldamly goşandyny goşýar, umuman üçünji müňýyllygyň ählumumy Maksatlaryna ýetmek işine ýardam edýär.

**Soraglar:**

1. Näme üçin Türkmenistan BMG-niň esasy edaralary, şol sanda we ilkinji nobatda Baş Assambleýasy bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge aýratyn ähmiýet berýär?
2. BMG-niň BA-nyň mejlisinde geçirilýän «umumysyýasy çekişmede» kimler we nähili meseleler barada çykyş edýärler?
3. Türkmenistan BA-nyň haýsy mejlisleriniň wise-başlygy wezipesine saýlandy?
4. Türkmenistan BMG-niň BA-nyň 65-nji, 66-njy mejlislerinde nähili daşary syýasy başlangyçlary öňe sürdi?

## 2. BMG-niň BA-nyň mejlisiniň ikitaraplaýyn duşuşyklar üçin döredýän mümkinçilikleri

Diplomatik gatnaşyklary ösdürmegiň esasynda dünýäniň döwletleri bilen ikitaraplaýyn dostluk we hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny giňeltmek Türkmenistanyň daşary syýasy strategiýasyny doly amala aşyrmagyň esasy şertleriniň biri bolup durýar. Şu jähtden, BMG-niň BA-nyň mejlisleriniň döwlet we hökümet ýolbaşçylarynyň, daşary işler ministrleriniň möhüm halkara, şeýle hem ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň meseleleri boýunça pikir alyşmak maksady bilen, ikitaraplaýyn duşuşyklary üçin hem seýrek mümkinçiligi döredýändiklerini belläp geçeliň. Olarda umumysyýasy çekişmeler bolup geçýän sessiýalaryň umumy mejlislerine gatnaşmak bilen bir hatarda, şol mümkinçilikden Türkmenistanyň wekiliýetleri hem turuwbaşdan giňden peýdalandylar. BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlisleriniň gidişinde Türkmenistanyň wekiliýetleriniň ýolbaşçylarynyň döwletleriň we hökümetleriň baştutanlary, halkara, şol sanda sebitleýin halkara guramalaryň, şeýle hem dünýäniň iň uly kompaniýalarynyň ýolbaşçylary bilen köpsanly ikitaraplaýyn duşuşyklary – bularyň hemmesi Türkmenistanyň halkara hyzmatdaşlyga bolan uly gyzyk-

lanmasynyň, şeýle hem biziň ýurdumyzyň halkara giňişliginde uly gyzyklanma döredýändiginiň we onuň bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge bolan islegiň barha artýandygynyň ynandyryjy subutnamasy bolup durýar. Mysal üçin, baryp BMG-niň BA-nyň 47-nji mejlisinde ýokary derejedäki çykyşlaryň bolup geçýän günleri Türkmenistanyň wekiliýetiniň başlygy we onuň orunbasary Hytaýyň, Russiýanyň, Türkiýäniň, Eýranyň, Päkistanyň, Malaýziýanyň, Argentinanyň daşary işler ministrleri Sen Siçen, A. Kozyrew, H. Çetin, A.A. Welaýati, M.Siddik Kanžu, D.A. Badawi, G. Ditella şeýle hem Angliýanyň, Saud Arabystanynyň, Kuweýtiň, Marokkonyň we başga döwletleriň wekiliýetleriniň ýolbaşçylary bilen duşuşdylar. Mundan hem başga, olar BMG-niň dürli edaralarynyň, komitetleriniň ýolbaşçylary, amerikan işewür toparlary bilen dürli meseleler boýunça gepleşikler geçirdiler.

BA-nyň 48-nji mejlisiniň başynda Türkmenistanyň wekiliýetiniň başlygy dünýäniň ýokary derejeli döwlet wekiliýetleriniň, şol sanda daşary syýasy edaralaryň ýolbaşçylarynyň we syýasatçylarynyň 20-den gowragy bilen duşuşdy we söhbetdeş boldy. Bolup geçen gepleşiklerde Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ähli ugurlaryna, şeýle hem sebitleýin we global meseleleriň uly toplumyna degilip geçildi.

Ikitaraplaýyn duşuşyklar Türkmenistanyň wekiliýetiniň başlygynyň Nýu-Ýorkdan Türkmenistana gaýdanyndan soň hem dowam etdirildi. Mysal üçin, BA-nyň 49-njy mejlisiniň umumysyýasy çekişmeleri bolup geçýän günlerinde Türkmenistanyň BMG-niň BA-nyň mejlisindäki wekiliýetiniň başlygynyň borçlaryny ýerine ýetiren Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekili, Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasyna (EKO) agza döwletleriň daşary işler ministrleriniň BMG-niň Çagalar gaznasynyň ýolbaşçysy bilen bolan duşuşygyna; Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasy bilen Yslam Hyzmatdaşlygy Guramasynyň, Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasy bilen BMG-niň Ilat gaznasynyň arasynda özara düşünişmek baradaky ähtnamalaryň gol çekiliş dabarasyna; Yslam Hyzmatdaşlygy Guramasyna agza döwletleriň daşary işler ministrleriniň utgaşdyryjy maslahatyna; Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň daşary işler ministrleriniň mejlisine we başga ýo-

kary derejedäki çäreleriň ençemesine gatnaşdy. Türkmenistanyň wekiliýetiniň başlygynyň borçlaryny ýerine ýetirijiniň BMG-niň söwda we ösüş boýunça Maslahatynyň, BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň, BMG-niň Aziýa we Ýuwaş umman sebiti üçin durmuş we ykdysady komissiýasynyň ýolbaşçylary K. Forten, D.G. Spet, R. Ahmed we başgalar bilen duşuşyklary hem taraplar üçin özara peýdaly boldy.

Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanynda, Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe BMG-niň BA-nyň mejlisine gatnaşýan Türkmenistanyň wekiliýetiniň ýolbaşçysynyň derejesiniň ýokarlanmagy, has takygy, oňa Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň yzygiderli ýolbaşçylyk etmegi netijesinde Türkmenistanyň BMG-niň çäginde geçirýän ikitaraplaýyn duşuşyklarynyň täsirliligi has-da ýokarlandy. Mysal üçin, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2009-njy ýyldaky Nýu-Ýorka bolan saparynyň maksatnamasy diňe BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64-nji mejlisiniň çärelerine baý bolman, eýsem ol köpsanly ikitaraplaýyn formatdaky duşuşyklary hem öz içine aldy. Şonda Türkmenistanyň Prezidenti BMG-niň ýolbaşçylary we ýokary wezipeli adamlary, ýagny Baş sekretar Pan Gi Mun, BMG-niň Baş sekretarynyň durmuş-ykdysady meseleler boýunça orunbasary Şa Zukang, Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Hu Szintao, Türkiýe Respublikasynyň Premýer-ministri R.T. Ärdogan, ABŞ-nyň Döwlet sekretary Hillari Klinton, Polşanyň Prezidenti L. Kaçinski, Serbiýanyň Prezidenti B. Tadiç, Bosniýanyň we Gersegowinanyň Prezidiumynyň Başlygy Z. Komşiç, Latwiýanyň Prezidenti W. Zatlers, Estoniýanyň Prezidenti T.H.Ilwes, Ýewropa Bileleşiginiň umumy daşary syýasat we howpsuzlyk boýunça Ýokary wekili H. Solana, ençeme beýleki ýurtlaryň döwlet we hökümet baştutanlary, halkara guramalaryň ýolbaşçylary bilen ikitaraplaýyn duşuşyklary we maslahatlary geçirdi. Şol gepleşikler ikitaraplaýyn özara gatnaşyklaryň ýagdaýyny we geljegini ara alyp maslahatlaşmaga, halkara giňişliginde Türkmenistanyň özara peýdaly aragatnaşyklarynyň giňelmegine we çuňlaşmagyna uly ýardam etdi. Başga sözler bilen aýdylanda, geçirilen şol ikitaraplaýyn gepleşikleriň çäklerinde milli bähbitlere we sebitiň, global ösüşiň ählumumy maksatlaryna laýyk gelýän meýilnamalaýyn wezipeler amala aşyryldy.

Hususan-da, Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow BMG-niň Baş sekretary Pan Gi Mun bilen bolan gepleşikleriniň dowamynda Guramanyň ýolbaşçysy tarapyndan gyzyklanma bilen kabul edilen konstruktiw teklipleriň birnäçesini aýtdy. Şeýle hem Türkmenistanyň Prezidenti Türkmenistanyň ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugurlary boýunça gatnaşyklaryň ýygjamlaşmagyna gyzyklanma bildirýändigini nygtady. Türkmenistanyň Prezidentiniň Aşgabatda BMG-niň daşky gurşaw boýunça Maksatnamasynyň hem-de Azyk we oba hojalyk guramasynyň sebit merkeziniň açylmagyna Türkmenistanyň taýýardygy baradaky teklipleri diňe bir Türkmenistanyň milli bähbitlerinden däl, eýsem olaryň sebit geosyýasatyndaky möhüm ähmiýetinden hem gelip çykdy. Öz gezeginde, BMG-niň Baş sekretary Türkmenistanyň halkara başlangyçlaryna ýokary baha berdi.

Daşary ýurtlaryň döwlet we hökümet ýolbaşçylary bilen geçirilen köpsanly duşuşyklar hem Türkmenistanyň Prezidentiniň Milletler Bileleşiginiň köptaraply sammitine gatnaşmagynyň tapawutly aýratynlyklarynyň biri boldy. Türkmenistanyň daşary ýurtly hyzmatdaşlary bilen gatnaşyklaryň berkidilmegine gönükdirilen ikitaraplaýyn duşuşyklarynyň maksady hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýy we onuň geljegi, şeýle hem Türkmenistanyň halkara giňişliginde, şol sanda has ösen döwletler bilen özara bähbitli gatnaşyklary giňeltmek we çuňlaşdyrmak barada pikir alyşmak boldy.

Şu jähtden Prezident Gurbanguly Berdimuhamedowyň Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Hu Szintao bilen duşuşygynyň ähmiýeti uly boldy we oňa oňaýly döwletara syýasy gepleşigiň dowamy hökmünde seredildi. Türkmenistanyň we Hytaýyň Liderleri döwletara hyzmatdaşlyk meseleleri boýunça doly özara düşünişmäniň bardygyny bellediler hem-de birek-birege hormat goýmak we deňhukukly gatnaşyklar ýörelgelerine esaslanýan ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ähli mümkinçiliklerini peýdalanmaga ygrarlydyklaryny bildirdiler.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Türkiýe Respublikasynyň Premýer-ministri R.T. Ärdogan bilen gepleşikleriniň dowamynda bar bolan uly özara potensiala we ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň mümkinçiliklerine esasy üns berildi. Türkmenistanyň Prezidenti Türkiýe bilen taryhy, medeni, ykdysady, şeýle-de ýurtlaryň geografik ýakynlygy se-

bäpli, gatnaşyklaryň aýratyn häsiýetini belläp, türk hyzmatdaşlarymyz bilen köpýyllyk netijeli gatnaşyklary dowam etdirmäge taýýardygyny nygtady. Duşuşyk mahalynda syýasy erkiň hem-de iki ýurduň örän uly ykdysady we baý resurs potensialynyň netijeli utgaşdyrylyp ulanylmagy türkmen-türk hyzmatdaşlygynyň dürli ugurlar boýunça mundan beýläk hem pugtalandyrylmagyna ýardam eder diýlip bellendi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň sentýabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 65-nji mejlisiniň işine gatnaşmak maksady bilen, ABŞ bolan saparynyň gün tertibi hem örän möhüm bolan ikitaraplaýyn duşuşyklardan, şol sanda BMG-niň Baş sekretary we ýokary wezipeli wekilleri, GFR-niň Federal kansleri, ABŞ-nyň Döwlet departamentiniň, dünýäniň işewür we ylmy toparlarynyň wekilleri bilen gepleşiklerden doly boldy.

BMG-niň Baş sekretary Pan Gi Mun Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow bilen bolan duşuşygynda häzirki wagtda Türkmenistanyň we BMG-niň özara gatnaşyklarynyň täze tapgyra gadam basandyklaryny, hyzmatdaşlygyň ähli ugurlarynyň ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn gatnaşyklary giňeltmäge özara gyzyklanma bildirilmeginde ösdürilýändigini tassyklady. BMG-niň Baş sekretary şeýle hem Owganystandaky ýagdaýy kadalaşdyrmak we ählumumy ýaragsyzlanmak işinde Türkmenistanyň tutýan ornuna oňyn baha berdi. Ählumumy ykrar edilen parahatçylyk merkezleriniň biri hökmünde Türkmenistanyň alyp barýan ägirt uly işini bellemek bilen, BMG-niň Baş sekretary 2010-njy ýylyň iýunynda BMG-niň howandarlygynda Aşgabatda Merkezi Aziýada we Hazar sebitinde ýaragsyzlanmak meseleleri boýunça geçirilen halkara maslahatyň möhüm ähmiýetini belledi.

Şol maslahatyň işine iri halkara we sebit guramalary bolan BMG, ÝHHG, GDA ŞHG, YHG, Ýadro ýaragyny synag etmegi ählumumy gadagan etmek hakyndaky Ylalaşyk guramasynyň hem-de himiki ýaraglary gadagan etmek baradaky Guramanyň, şeýle hem Eýranyň, Russiýanyň, Azerbaýjanyň, Gazagystanyň, Özbegistanyň, Gyrgyzystanyň, Täjigistanyň wekilleriniň gatnaşandyklaryny belläp geçmek gerek. Maslahata gatnaşyjylar başy başlanan gepleşikleriň derwaýyslygy barada aýtmak bilen, Aşgabat duşuşygy howpsuzlyk, sebitde parahatçylygy we durnuklylygy pugtalandyrmak meseleleri

boýunça anyk çäreleri işläp taýýarlamak hem-de bu meseleler boýunça pikir alyşmak babatda ygtybarly binýady döretdi diýip bellediler.

BMG-niň Baş sekretarynyň durmuş-ykdysady meseleler boýunça orunbasary Şa Zukang bilen bolan duşuşygynda Türkmenistanyň Prezidenti Türkmenistanyň konstruktiw hyzmatdaşlyga taýýardygyny tassyklady. Ilkinji minutlardan başlap düýpli pikir alyşmaga öwrülen duşuşygyň barşynda Türkmenistanyň döwlet baştutany däp bolan hyzmatdaşlygyň meselelerine Türkmenistanyň çemeleşmelerini beýan edip, bu babatda, şol sanda BMG-niň ykdysady we durmuş meseleleri boýunça Departamenti bilen özara gatnaşyklara degişli birnäçe anyk pikirleri aýtdy. Olaryň hatarynda Türkmenistanda döwlet dolandyryş ulgamyny ösdürmegiň uzak möhletli maksatnamasyny işläp taýýarlamak hakyndaky teklip hem boldy. Şa Zukang 2013--2015-nji ýyllar döwri üçin BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşine saýlanmagy üçin Türkmenistanyň kandidaturasynyň hödürlenmegi baradaky başlangyjy hem goldady. Munuň özi şol bir wagtyň özünde BMG-niň giň möçberli durmuş-ykdysady özgertmeleri durmuşa geçirmekde türkmen tarapyna hemmetaraplaýyn ýardam etmäge taýýardygyny görkezdi we Türkmenistana halkara gatnaşyklaryna gatnaşyjy hökmünde öz döredijilik potensialyny doly derejede durmuşa geçirmäge mümkinçilik berdi.

Prezident Gurbanguly Berdimuhamedowyň BMG-niň Baş sekretarynyň syýasy meseleler boýunça orunbasary Linn Pasko bilen duşuşygynda sebitleýin we global syýasatyň derwaýys meseleleri boýunça Türkmenistanyň garaýyşlarynyň goldanylýandygy, biziň ýurdumyzyň häzirki zamanyň wehimlerine garşy göreşmek ugruna ygrarlydygy tassyklanyldy. Şeýle hem Türkmenistanyň BMG-niň ýöriteleşdirilen düzümleri, hususan-da, BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasynyň Sebit merkezi bilen hyzmatdaşlygy barada gürrüň edildi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň Administratory hanym Helen Klark bilen duşuşygynyň barşynda hem soňky ýyllarda ep-esli işjeňleşen Türkmenistan – BMG hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugurlary we geljegi ara alnyp maslahatlaşyldy.

Geçen ýyllarda bolşy ýaly, Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistan bilen BMG-niň netijeli gatnaşyklaryny pugtalandyrmak bilen bir hatarda, ýurdumyzyň hyzmatdaşlary bolan döwletler bilen hem netijeli özara gatnaşyklary ösdürmek üçin özüniň Nýu-Ýorkda bolan wagtyndan doly derejede peýdalandy. Mysal üçin, soňky ýyllarda türkmen-german hyzmatdaşlygy hil taýdan täze mazmuna eýe boldy. Şol hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de giňeltmegiň möhüm taraplary türkmen Lideriniň Germaniýa Federatiw Respublikasynyň Federal Kansleri hanym Angela Merkel bilen Nýu-Ýorkda bolan duşuşygynyň gün tertibinde boldy: söhbetdeşler ikitaraplaýyn görnüşde hem, iri halkara düzümleriniň, şol sanda Ýewropa Bileleşiginiň we BMG-niň çäklerinde hem ähli ugurlar boýunça özara peýdaly hyzmatdaşlygy okgunly ösdürmäge Türkmenistanyň we Germaniýanyň çalyşýandygyny beýan etdiler. Deňlik we özara hormat goýmak ýörelgelerinde guralýan däp bolan dostlukly türkmen – amerikan gatnaşyklaryny mundan beýläk-de ösdürmegiň temasy Türkmenistanyň Prezidentiniň ABŞ-nyň Döwlet departamentiniň Ýewraziýa energetika meseleleri boýunça ýörite wekili Riçard Morningstar bilen Nýu-Ýorkda bolan duşuşygynda ara alyp maslahatlaşmagyň meselesi boldy.

Şunlukda, Türkmenistanyň hökümet wekiliýetleriniň BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlisleriniň işine gatnaşmagynyň çäklerinde geçiren köpsanly *ikitaraplaýyn gepleşikleri* ýurdumyzyň konstruktiw we netijeli gepleşikleri yzygiderli ösdürýändiginiň hem-de halkara hyzmatdaşlary bilen gatnaşyklaryň dürli ugurlary boýunça deňhukukly we özara bähbitli hyzmatdaşlygy pugtalandyrýandygynyň aýdyň subutnamasy bolup durýar.

**Soraglar:**

1. BMG-niň BA-nyň mejlisleri ikitaraplaýyn duşuşyklar üçin nähili mümkinçilikler döredýär?
2. Türkmenistanyň Prezidenti BMG-niň BA-nyň 65-nji we 66-njy mejlisleriniň çäklerinde nähili ikitaraplaýyn duşyşyklary geçirdi?

## 3. BMG-niň BA-nyň resminamalarynyň ara alnyp maslahatlaşylmagyna we kabul edilmegine Türkmenistanyň gatnaşmagy

Adatça, umumysyýasy çekişmeler her ýylyň oktýabr aýynyň birinji ongünliginde tamamlanýar we şondan soň hysyrdyly iş Baş Assambleýanyň umumy we onuň esasy komitetleriniň mejlisleriniň çäginde başlanýar. Mejlislerde, söhbetdeşliklerde wekiliýetler halkara meseleleri boýunça öz garaýyşlaryny beýan edýärler. Kä halatlarda olar mejlisiň gidişinde ozal taýýarlanylan tekstsiz çykyş etmeli bolýarlar. Şeýle ýagdaýlarda wekiliýetleriň agzalary mejlisiň başlygyndan söz soraýarlar, ýaşyl düwmäni basmak bilen ara alnyp maslahatlaşylýan mesele boýunça mikrofon arkaly öz wekiliýetiniň pikirini (razylygyny, ýarymrazylygyny, şertlerini, şübhelerini, närazylyklaryny) mälim edýärler. Elbetde, çykyp geplemeler gaty oýlanyşykly we sypaýyçylyk bilen edilmelidir. Wekilleriň beýan edýän garaýyşlary beýleki işçi dillere sinhron terjime edilýär, şol garaýyşlary beýleki wekiliýetler üns berip diňleýärler, olar boýunça sorag berýärler, çykyş edýärler. Öz garaýyşlaryny beýan eden wekiliýetler goşmaça deliller we esaslandyrmalary getirmek, teklipler girizmek bilen ýene-de öz garaýyşlaryny goramaly bolýarlar.

Mejlisiň gün tertibiniň punktlary ähli agza döwletleriň wekiliýetleriniň gatnaşmagynda umumy mejlislerde we esasy komitetlerde seredilýär. Meseleleriň ara alnyp maslahatlaşylmagyna we taýýarlanylan taslamalar boýunça rezolýusiýalaryň kabul edilmegine gatnaşmak bilen, agza döwletleriň wekiliýetleri öz ýurtlaryndan alan resmi görkezmelerine eýerýärler. Görkezmeleri ýerine ýetirmek olaryň ilkinji gulluk borjy bolup durýar. Elbetde, şol görkezmeleriň şahsy görelde üçin nähili giňişligi, çeýeligi üpjün edýändigi aýratyn mesele bolup durýar.

BMG-niň forumynda, şol sanda Baş Assambleýanyň mejlisinde seredilen meseleler boýunça kararlar olara ses bermek arkaly kabul edilýär. *Ses bermeklik düwmäni basmak arkaly amala aşyrylýar: ýaşyl reňkli düwme – makullamaklygy, gyzyl reňk – garşylygy, sary reňk bolsa ses bermekden saklanylmagyny aňladýar.* Netijede – mejlisler zalynyň diwaryna berkidilen uly elektron tabloda ol ýa-da beýleki ýurduň adynyň öňünde degişli reňkli lampajyk ýanýar. BMG-niň BA-nyň

90-njy ýyllaryň başyndan başlap geçiren mejlislerinde möhüm meseleler boýunça kararlar kabul edilende her gezek tabloda ýaşyl reňk agdyklyk edip başlady. Bu bolsa meseleleriň parahatçylykly çözgüdini tapmak, syýasaty zamananyň hakykatyna laýyk getirmek ýaly BMG-niň döwletlere berýän sargydynyň aýdyň ýüze çykmasy boldy.

Türkmenistanyň wekiliýeti BMG-niň Baş Assambleýasynyň işine onuň 46-njy mejlisine gatnaşmak bilen başlapdy. Şol mejlisiň başlygy S.Şihaby forumyň jemleýji mejlisinde eden çykyşynda 46--njy mejlisiň işlän wagtyny «taryhy döwür» diýip atlandyrdy. «Soňky 12 aýyň içinde dünýäde bolup geçen wakalar XX asyryň ikinji ýarymynyň taryhynyň gidişini özgertdi – diýip ol aýtdy. – Şol wakalar «sowuk urşy» togtatdy we sagdyn halkara hyzmatdaşlygyň täze eýýamyny açdy».

Sowet Soýuzynyň dargamagy bilen özbaşdak döwlet hökmünde Birleşen Milletler Guramasyna giren Türkmenistan biri-birine gapma--garşy duran dünýäniň öz ýaşamagyny bes etmeginiň we «sowuk urşuň» togtadylmagynyň şaýady boldy. BMG-niň öňünde biri-biriniň garşysyna onlarça ýyllap göreşip gelen kapitalistik we sosialistik ulgamlary ýaraşdyrmaga däl-de, eýsem umumyadamzat öýüni gurmaklyga gönükdirilen täze wezipeler peýda boldy. Şunlukda, halkara gatnaşyklaryň doly hukukly subýekti hökmünde Türkmenistanyň öňünde hem dünýä bileleşigine hemmetaraplaýyn ýakynlaşmak, goşulmak üçin täze şertlere uýgunlaşmak bilen bagly bolan wezipeler ýüze çykdy.

Türkmenistanyň BMG-niň BA-nyň işine gatnaşyp başlan mejlislerinde halkara durmuşyna degişli bolan ähli uly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Munuň özi diňe bir dünýä ýagdaýyny anyk suratlandyrman, eýsem deňhukuklylyk we milli özbaşdaklyk esasynda ýurtlaryň hyzmatdaşlyga bolan barha artýan isleginiň hem subutnamasy boldy. Muňa, mysal üçin, Baş Assambleýanyň diňe bir 49-njy mejlisiniň gün tertibiniň 160 punkty boýunça 300 sany rezolýusiýanyň kabul edilmegi hem aýdyň şaýatlyk etdi.

Möhüm halkara meseleleri ara alyp maslahatlaşmaga we olar boýunça rezolýusiýalary we kararlary kabul etmäge işjeň gatnaşmak bilen, Türkmenistanyň wekiliýeti ýurdumyzyň oňyn bitaraplyk syýasatyna, onuň milli bähbitlerine laýyklykda şol resminamalara ses berdi, olaryň konsensus arkaly kabul edilmegine goşuldy ýa-da ses

bermekden saklandy. Şol bir wagtyň özünde hem biziň wekiliýetimiz Watanymyz üçin möhüm syýasy we amaly ähmiýeti bolan meseleleriň ara alnyp maslahatlaşmagyna we olar boýunça rezolýusiýalaryň kabul edilmegine aýratyn üns berdi.

Parahatçylyk bolmasa ösüşem, demokratiýa-da bolmaýar. Şonuň üçin hem XX asyryň 90-njy ýyllarynyň başyndaky BMG-niň BA-nyň mejlisleriniň esasy aýratynlyklaryndan biri, ol hem olarda, öňki ýyllara seredeniňde, parahatçylygy berkitmeklik meselelerine ünsüň has-da artmagy boldy. Muňa Howpsuzlyk Geňeşiniň başlangyjy bilen 1992-nji ýylyň iýunynda BMG-niň Baş sekretary Butros Gali tarapyndan BA-nyň 47-nji mejlisi üçin **«Parahatçylyk üçin gün tertibi»** atly dokladyň taýýarlanylmagy hem şaýatlyk etdi. Bu resminamada gürrüň BMG-ni täze üýtgeýän şertlere uýgunlaşdyrmak boýunça işe iş ýüzünde girişmek barada barýar. Onda şeýle hem ilkinji gezek **öňüni alyş diplomatiýasynyň** konsepsiýasy işlenip düzüldi. Baş sekretaryň şol doklady BMG agza döwletleriň ählisiniň ünsüni özüne çekdi. Baş Assambleýanyň 47-nji mejlisinde konsensus bilen kabul edilen rezolýusiýa öňüni alyş diplomatiýany, parahatçylygy gorap saklamak boýunça operasiýalary ösdürmek we pugtalandyrmak işinde BMG-niň roluny ýokarlandyrmak boýunça ençeme çäreleri özünde jemledi.

90-njy ýyllara çenli, aýratyn hem 90-njy ýyllaryň başyndan BMG parahatçylyk dörediji operasiýalara aýratyn üns berdi, şol bir wagtyň özünde hem Gurama tarapyndan ösüş meselelerine ýeterlik üns berilmedi. Hut şol sebäpden BMG-niň ösüş bilen bagly bolan işi ençeme agza döwletleri kanagatlandyrmady. Üstesine-de, özünde täsirli ösüş konsepsiýasynyň bolmazlygy üçin hem BMG agza döwletleriň wekiliýetleriniň tankydyna sezewar boldy. Şonuň üçin hem eýýäm BMG-niň BA-nyň 47-nji mejlisinde Baş sekretar tarapyndan **«Ösüş üçin gün tertibi»** atly dokladyň taýýarlanylmagy we onuň nobatdaky mejlisde ara alnyp maslahatlaşylmagy barada karar kabul edildi. BMG-niň Baş sekretarynyň BA-nyň 48-nji we 49-njy mejlisleriniň garamagyna ösüş meseleleri boýunça taýýarlan dokladlarynda ösüşiň bäş ugurlaryna – parahatçylyga, ykdysadyýete, daşky gurşawa, jemgyýet we demokratiýa biri-biri bilen baglylykda garaldy.

Assambleýanyň 49-njy mejlisinde «Ösüş üçin gün tertibini» has-da düýpli işläp taýýarlamak boýunça topar döredildi. Munuň sebäbi şol resminamanyň diňe bir umumy talaplara laýyk gelmegi bilen däl, şeýle hem onuň ykdysady we durmuş taýdan ösüşe ýardam bermekde BMG-niň işjeň rolunyň üpjün edilmegi bilen düşündirildi.

«Sowuk urşuň» tamamlanmagy **ýaragsyzlanmak boýunça ýagdaýyň gidişine we köpçülikleýin howpsuzlyk ulgamynyň döredilmegine** bahasyna ýetip bolmajak badalga berdi. Ýaragsyzlanmak we halkara howpsuzlygy meseleleri boýunça BA-nyň mejlislerinde kabul edilen rezolýusiýalar meseleleriň giň toplumyny – ýadro synaglaryny gadagan etmekden we ýadro ýaragy bolmadyk döwletleriň howpsuzlygyny kepillendirmekden başlap, ählumumy we doly ýaragsyzlanmaga çenli bolan meseleleri öz içine aldy. Döwletimiziň bitarap syýasatyndan ugur almak we parahatçylyk ulgamyny pugtalandyrmak üçin BMG-niň mümkinçiliklerinden doly peýdalanmak ugrunda çykyş etmek bilen, türkmen wekiliýeti halkara howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça BMG-niň ähli tagallalaryny turuwbaşdan goldady we şunlukda, ýaragsyzlanmak we sebitde, bütin dünýäde özara ynamy pugtalandyrmak işine öz goşandyny goşdy.

Ýadro synaglarynyň ählumumy gadagan edilmegi baradaky Şertnamanyň durmuşa ukyply bolmagy üçin ol köptaraplaýyn gözegçilik astynda we möhletsiz bolmaly. Diňe şeýle şertlerde ol ýadro ýaragynyň ýaýradylmazlygy düzgünini pugtalandyrýar. Baş Assambleýanyň 48-nji mejlisinde ilkinji gezek «Ýadro synaglarynyň ählumumy gadagan edilmegi baradaky Şertnama» atly rezolýusiýa konsensus arkaly kabul edildi we oňa Türkmenistan hem goşuldy.

Ýadro ýaragynyň ýaýradylmazlygy boýunça alnyp barylýan global tagallalarda dünýäniň aýry-aýry sebitlerinde döredilýän, hereketleriniň çäginiň bolsa milli ýurisdiksiýanyň çäginden daşarda, ýagny halkara çäklere (Antarktika, kosmos giňişligine, Aýa we beýleki asman jisimlerine, deňizleriň we ummanlaryň düýbüne), şeýle hem özbaşdak döwletleriň çäklerine ýaýraýan **ýadro ýaragyndan azat zolaklarynyň** (ÝÝAZ) möhüm roly bardyr.

1967-nji ýylda Latyn Amerikasynda ýadro ýaragyny gadagan etmek baradaky Şertnama (Tlatelolko Şertnamasy) gol çekildi. Şondan soň Ýuwaş ummanynyň günorta böleginde ýadro ýaragyndan azat

zolak baradaky Ylalaşyga (1985 ý., Rarotong Şertnamasy), Günorta-Gündogar Aziýada ýadro ýaragyndan azat zolak baradaky Ylalaşyga (1995 ý., Bangkok Şertnamasy) we başga ş.m. ylalaşyklara gol çekildi. Şol şertnamalaryň esasynda Latyn Amerikasy, Ýuwaş ummanynyň günorta bölegi, Günorta-Gündogar Aziýa ýadro ýaragyndan azat zolaklara öwrüldiler.

Parahatçylyk meseleleriniň çözülmegine gönükdirilen global tagallalarda ýadro ýaragyndan azat zolaklaryň roluna gowy düşünmek bilen, Türkmenistan ÝÝAZ-yny hakyky we peýdaly çäre hasap edýär we olaryň dünýäniň dürli sebitlerinde döredilmegini goldaýar. Mysal üçin, Günorta Aziýada ÝÝAZ-y döretmeklige çagyrýan rezolýusiýa BA-nyň 49-njy mejlisinde 156 agza döwletiň, şol sanda Türkmenistanyň oňa ses bermegi bilen kabul edildi.

2002-nji ýylyň sentýabrynda Merkezi Aziýanyň bäş döwleti (Türkmenistan, Gazagystan, Gyrgyzystan, Täjigistan we Özbegistan) ýadro ýaragyndan azat Merkezi Aziýa zolagyny döretmek baradaky ylalaşygyň tekstini ilkinji gezek ylalaşdylar. 2006-njy ýylyň 8-nji sentýabrynda bolsa Semipalatinsk şäherinde «Merkezi Aziýada ýadro ýaragyndan azat zolak baradaky Şertnama» gol çekildi.

Ýaragsyzlanmak we halkara howpsuzlygy babatda Baş Assambleýanyň 47-nji mejlisiniň işiniň esasy netijelerinden biri «Himiki ýaragyň işlenip taýýarlanmagynyň, öndürilmeginiň, toplanylmagynyň we ulanylmagynyň gadagan edilmegi we onuň ýok edilmegi baradaky Konwensiýanyň» taslamasy boýunça rezolýusiýanyň kabul edilmegi boldy. Türkmenistan bu rezolýusiýany diňe bir goldaman, eýsem onuň awtorlaryndan biri bolup hem çykyş etdi. 1993-nji ýylda bu konwensiýa takmynan 160 döwletiň, şol sanda Türkmenistanyň gol çekmegi köpçülikleýin gyryş ýaragynyň ýaýramagynyň öňüni almakda ädilen ýene bir möhüm ädim boldy.

Ýadro ýaragsyz döwlet hökmünde Türkmenistanyň özüniň Ýaragly Güýçlerini köpçülikleýin gyryş ýaraglary bilen abzallaşdyrmaga ýol bermezlik barada borçnamasynyň bardygyny nygtap geçeliň. Bu meselede biziň ýurdumyzyň syýasaty köpçülikleýin gyryş ýaraglary gadagan etmek baradaky halkara şertnamalaryň dolulygyna durmuşa geçirilmegine, onuň täze görnüşleriniň döredilmeginiň öňüni almaklyga ýardam etmek bolup durýar.

Türkmenistan adaty ýaraglaryň söwdasy boýunça BMG-niň BA-sy tarapyndan Görkezijiniň (Registriň) 1992-nji ýylda herekete girizilmegini hem gutlady. Bu Görkeziji ýaraglaryň hakyky kemeldilmeginiň ýerini tutup bilmese-de, ol harby çäkde özüňi alyp barmakda aýdyňlygyň artmagyna ýardam edip bilýär. Baş Assambleýanyň 49-njy mejlisinde 150 döwletiň, şol sanda Türkmenistanyň ses bermegi bilen kabul edilen rezolýusiýada Assambleýa hemişelik esasda hereket edýän Görkezijä gatnaşyjylaryň has giň toplumynyň çekilmegi üçin onuň wagtal-wagtal gözden geçirilmeginiň möhümligini belledi.

BMG agzalygynyň ilkinji günlerinden başlap Türkmenistan pyýada goşunlara garşy niýetlenen minalaryň gadagan edilmegi ugrunda çykyş edýär. Häzirki wagtda dünýäde ýaragly çaknyşyklaryň bolan sebitlerinde onlarça million minalar bardyr. Mysal üçin, BMG-niň 1993-nji ýyldaky maglumatlaryna görä, dünýäde ýaragly çaknyşyklaryň bolan ýerlerinde galdyrylan minalaryň sany 85 million töweregi bolup, olardan 10 milliony Owganystanda, 9 milliony Angolada, 5 milliondan 10 milliona çenlisi Yrakda, 4 milliondan 7 milliona çenlisi Kambojada, 5 milliony Kuweýtde, Günbatar Saharada we Mozambikde bolsa 4 million mina bolupdyr. Ýer üsti minaralaryň häsiýetli alamatlaryndan biri, ol hem şol ýaragyň uruşdan soň yzyna alnyp ýerine äkidilip bolmaýanlygydyr, şonuň üçin onuň gurnalan ýerinde galdyrylýanlygydyr, ýaragyň ozaly bilen raýat ilatyndan bolan adamlary maýyp-müjrüp etmegini, öldürmegini dowam edýänligidir.

BMG-niň BA-nyň 48-nji mejlisi «Pyýada goşunlara garşy niýetlenen minalaryň eksport edilmegine moratoriýa girizmek», «Minasyzlandyrmaklyga kömek» ýaly rezolýusiýalary kabul etdi. Şol resminamalardaky degişli düzgünleriň durmuşa geçirilmeginiň minalary zyýansyzlandyrmak boýunça meýilnamalaryň işlenip düzülmegine we amala aşyrylmagyna degerli ýardam edip biljekdigi nygtalyp geçildi. Türkmenistan şol resminamalaryň konsensus arkaly kabul edilmegine goşuldy. Şu ýerde Türkmenistanyň öňki sowet giňişliginde we Aziýada pyýada goşunlara garşy niýetlenen minalaryň öndürilmegini, olaryň gorlarynyň artdyrylmagyny, sarp edilmegini we ulanylmagyny gadagan etmek boýunça Konwensiýa (Ottawa konwensiýasy) ilkinji bolup goşulandygyny we ony tassyklandygyny hem nygtap geçmek gerek.

Progressiw meýilli güýçleriň tagallalary bilen häzirki wagtda dünýäde 93 ýurt minalardan resmi taýdan azatdyr, şeýle hem mina öndürýän 55 ýurduň 41-si bu ýaragy çykarmagyny bes etdi.

Ýaragsyzlanmak meselesine global we sebitleýin çemeleşmeler biri-biriniň üstüni doldurýarlar we olar şol bir wagtyň özünde ulanylmalydyr. Türkmenistanyň BMG-niň Baş Assambleýasyndaky wekiliýeti ýaragsyzlanmak we halkara howpsuzlygy meseleleri boýunça ençeme başga rezolýusiýalaryň kabul edilmegine hem gatnaşdy, «Sebitleýin ýaragsyzlanmak», «Sebitleýin derejede adaty ýaraglara gözegçilik etmek», «Ýaragsyzlanmak hepdeligi» ýaly ençeme rezolýusiýalaryň awtorlarynyň biri bolup çykyş etdi.

Şu günki gün **diplomatiýa biznes bilen umumylygyň pugtalanmagyna alyp barýan ugur bilen ösýär.** XIX asyra çenli diplomatlar esasan syýasat bilen meşgul bolupdyrlar. XIX asyrda dünýä küşt tagtasynda harby güýje hemme zatdan ýokary baha berlipdir. XX asyrda onuň üstüne ideologiýa hem goşuldy. XXI asyryň başlarynda döwletler ozaly bilen özleriniň ykdysady bähbitlerini araýarlar. Halkara gatnaşyklaryň barha ideologiýadan daşlaşdyrylýan, dünýäniň bolsa bitewi bazara öwrülýän şertlerinde, munuň özi tebigydyr.

Daşary syýasy oýlanmada ykdysady ýagdaýyň güýçlenmegi ozaly bilen global ykdysadyýetiň emele gelmegi, tehnologiýanyň okgunly ösmegi we ş.m. bilen düşündirilýär. Tutuş dünýäniň kompýuter torlary bilen gurşalyp alynmagy maglumatlary ýaýratmagyň usullaryny düýpli özgerdýär.

Globallaşmagyň üýtgeşik netijesi, ol hem ýurtlaryň doly üpjünçiliginiň öň hiç wagt dünýä ykdysadyýetinden şeýle köp derejede garaşly bolmanlygynda bolsa gerek. Başga sözler bilen aýdanymyzda, döwletleriň birleşiginde ol ýa-da beýleki ýurduň täsiri we orny barha onuň ykdysady we tehnologiýa taýdan ösüşi, dünýä hojalygyna goşulyşy bilen kesgitlenýär. Bu ýagdaýlar häzirki döwürde aýgytlaýjy bolup durýar. Şol bir wagtyň özünde halkara ykdysady aragatnaşyklaryň öňe gidýän ösüşiniň üpjün edilmegi hemmeleriň bähbidine bolup durýar. Şonuň üçin hem şu günki gün diplomatiki serişdeleri hem goşmak bilen, ähli serişdeler ykdysady bähbitleriň hyzmatyna goýulýar. **Ekologiýa çäginde hem döwletleriň aýratyn güýçli ösýän özaragaraşlylygy ýüze çykýar.** Muňa soňky ýyllarda ençeme döwletleriň, şol sanda Türkmenistanyň

diplomatik gullugynyň işinde «Ykdysady diplomatiýa», «Energetika diplomatiýasy» adyny alan täze ugurlaryň peýda bolmagy hem aýdyň şaýatlyk edýär.

Elbetde, BMG-niň Baş Assambleýasy özüniň 47-nji, 48-nji, 49-njy we soňky mejlisleriniň işini şu ýagdaýlary hasaba almak bilen gurady we şol mejlislerde ykdysady we ekologiýa meseleleri boýunça 150-den gowrak rezolýusiýalar we kararlar kabul edildi. Üstesine-de, şol rezolýusiýalaryň hemmesi diýen ýaly konsensus arkaly kabul edildi.

Türkmenistan BMG-niň Düzgünnamasynyň halkara durmuş-ykdysady hyzmatdaşlygy amala aşyrmak babatdaky düzgünleriniň durmuşa geçirilmegine hem uly üns berýär. Hususan-da, Türkmenistanyň wekiliýeti ykdysady we ekologiýa meseleleri boýunça 49-njy mejlisde kabul edilen 47 rezolýusiýanyň ählisini goldady, sebäbi şol rezolýusiýalaryň ählisi diýen ýaly gönüden-göni ýa-da gytaklaýyn biziň döwletimiziň bähbitlerine galtaşdy.

Mysal üçin, 90-njy ýyllaryň başlarynda geçiş ykdysadyýeti bolan ýurtlaryň, ýagny Gündogar Ýewropa ýurtlarynyň we SSSR-iň synmagy netijesinde öz garaşsyzlygyna eýe bolan ýaş döwletleriň meseleleriniň ara alnyp maslahatlaşylmagy möhüm ähmiýete eýe boldy. Bu topara degişli 30-a golaý döwletiň üzül-kesil başga hala geçmegi BMG tarapyndan degişli garaýşy talap etdi. Özüniň 47-nji mejlisinde Baş Assambleýa ençeme ýurtlaryň, şol sanda Türkmenistanyň başlangyjy bilen ykdysadyýeti bazar gatnaşyklaryna geçiş döwründe bolan ýurtlaryň meselelerini aýdyňlaşdyryp, «Geçiş ykdysadyýetli ýurtlaryň dünýä hojalygyna goşulyşy» atly rezolýusiýany kabul etdi.

Bu rezolýusiýanyň biziň ýurdumyz üçin hem ähmiýeti uly boldy. Ozaly bilen ol Türkmenistanyň dünýä ykdysadyýetine doly hukukly girmegi üçin hemmetaraplaýyn goldaw bermeklige BMG-niň ulgamyna ugur görkezdi. Bu möhüm ýagdaý biziň ýurdumyzda düýpli içerki özgermelere ýardam etdi we şunlukda, tutuş dünýä ykdysadyýetine oňaýly täsir etdi. Galyberse-de, şol rezolýusiýa Türkmenistanyň harytlarynyň we hyzmatlarynyň dünýä bazarlaryna has giňişleýin elýeterli bolmagyny üpjün etmegiň zerurlygy baradaky düzgüni has-da berkitdi.

Baş Assambleýanyň 47-nji mejlisiniň ýene bir möhüm resminamasyna – «BMG-niň operatiw işi» atly rezolýusiýasyna degip geçeliň. «BMG-niň operatiw işi» diýen düşünjä ýurtlara ösüş maksatlary üçin

dürli ugurlar boýunça kömek bermek bilen meşgullanýan edaralar - gaznalar, maksatnamalar girýär. Ulgamlaýyn edaraara häsiýete eýe bolmak bilen, bu rezolýusiýa BMG-niň ähli halkalarynyň, onuň ähli gaznalarynyň we maksatnamalarynyň içinden geçdi, ozaly bilen ösüp barýan ýurtlara tehniki we beýleki kömek bermekligi göz öňünde tutdy.

Baş Assambleýanyň 47-nji mejlisi tarapyndan kabul edilen rezolýusiýalar özüniň tutuş taryhynyň dowamynda BMG-niň ösüp barýan ýurtlaryň meselelerine tarap ilkinji gezek doly ýüz öwrendigine şaýatlyk etdi. Öň BMG-niň býujetiniň esli bölegi onuň çişirilen diwanyny saklamaga gönükdirilen bolsa, onda 90-njy ýyllaryň başyndan başlap ol Guramanyň kömek gaznasyna ýollandy. Bu bolsa BMG-niň maksatnamalaryny we milli maksatnamalary utgaşdyrmaga kömek etdi, olaryň netijeliligini ýokarlandyrdy.

Üstaşyr ýa-da başgaça aýdylanda ýolagçylary, ýükleri bir ýurtdan başga bir ýurda ýoldaky ýurduň üsti bilen geçirmek ulgamyny kämilleşdirmek hereketleriň maksatnamalaryny bilelikde amala aşyrmak üçin halkara hyzmatdaşlygyň zerurlygyny turuwbaşdan kesgitledi. Baş Assambleýanyň 49-njy mejlisi tarapyndan Owganystanyň, Türkmenistanyň, Gazagystanyň we Eýranyň taslamasy boýunça kabul edilen «Deňze çykalgasy bolmadyk döwletlerde, Merkezi Aziýada we tranzitli ösüp barýan goňşy ýurtlarda tranzit ulgamy» atly rezolýusiýa BMG-niň degişli edaralaryna şol döwletlerde bar bolan tranzit ulgamynyň täsirliligini ýokarlandyrmagyň maksatnamasyny işläp taýýarlamagy teklip etdi. Şol bir wagtyň özünde hem zerur bolan täze we peýdaly alternatiw tranzit marşrutlaryň we geçelgeleriň we ş.m. işlenip taýýarlanylmagyna aýratyn ünsüň berilmegi teklip edildi. Türkmenistan üçin kabul edilen beýleki rezolýusiýalaryň hem ähmiýeti uly boldy.

Baş Assambleýanyň mejlislerinde **durmuş, gumanitar we medeni meseleler** hem esasy orunlary eýelediler. Şol meseleler boýunça diňe bir Assambleýanyň 49-njy mejlisiniň gidişinde 90-a golaý rezolýusiýa kabul edildi. Şolaryň arasynda «Maýyplaryň jemgyýetçilik durmuşyna doly goşulyşy» atly rezolýusiýany aýratyn bellemek gerek. Onda Assambleýa 2000-nji ýyla we ondan-da soňky döwre çenli maýyplar babatda bütindünýä maksatnamasyny amala aşyrmagyň uzak möhletleýin strategiýasyny hödürledi.

Assambleýanyň gün tertibinde ýaşlar meseleleri hem degişli orun tutýar. 90-njy ýyllaryň başyndan başlap ýaşlar syýasatyny yzygiderli işläp taýýarlamak BMG-niň agza döwletleriniň işiniň esasy ugurlarynyň biri boldy. Şunlukda, olar dünýä bileleşiginiň agzalarynyň bilelikdäki iş netijelerinden ugur aldylar.

1995-nji ýylda Halkara ýaşlar ýylynyň 10 ýyllygynyň baýram edilmegi ýaşlaryň isleg-arzuwlaryna ünsi güýçlendirmäge, bu ugurdaky meseleleri çözmekde hyzmatdaşlygy giňeltmäge, ýaşlara bähbitli anyk çäreleri görmäge mümkinçilik döretdi. Assambleýa özüniň 50-nji mejlisinde 2000-nji ýyla we ondan soňraky döwür üçin ýaşlar babatda hereket etmegiň Bütindünýä maksatnamasyny kabul etmegi teklip etdi. Şeýle hem özüniň 4 sany umumy mejlisini ýaşlaryň meselelerine bagyşlamagy karar etdi.

«Ýaşlar babatdaky syýasat we maksatnamalar» diýlip atlandyrylan beýleki bir rezolýusiýada Baş Assambleýa BMG-niň ýaşlar guramalary bilen hyzmatdaşlygyny gowulandyrmak boýunça öňki rezolýusiýalaryna salgylanmak bilen, ähli döwletleri we BMG-niň edaralaryny, ýaşlar guramalaryny ýaşlar babatdaky esasy ýörelgeleri amal etmek üçin ellerinden gelenini gaýgyrmazlyga çagyrdy.

Baş Assambleýanyň 49-njy mejlisi şeýle hem global maslahatlara: durmuş ösüşi boýunça iň ýokary derejedäki Bütindünýä duşuşygyna (1995-nji ýylyň marty, Daniýa); aýallaryň meseleleri boýunça 4-nji Bütindünýä maslahata (1995-nji ýylyň sentýabry, Hytaý) we beýleki forumlara taýýarlyk işiniň ýagdaýyna seretdi.

Guramaçylykly halkara jenaýatçylyk, neşe serişdeleriniň bikanun dolandyrylmagy we terrorçylyk ýurtlaryň we sebitleriň ykbalyny üýtgetmäge ukyply durmuşy, syýasy we ykdysady güýçlere öwrülýärler. Birleşen Milletler Guramasy ähli raýatlar üçin täsirli dolandyrylyşyň, durmuşy deňligiň we adalatlylygyň garşysyna gönükdirilen bu wehimlere üns berýär we olara jogap edip global çäreleri geçirýär.

Türkmenistan jenaýatçylygyň, terrorçylygyň garşysyna aýgytly çykyş edýär we bu ýaramaz hadysalaryň ýok edilmegi ugrunda halkara bileleşigi bilen ysnyşykly hyzmatdaşlyk alyp barýar. Şonuň üçin hem Türkmenistanyň wekiliýeti, hususan-da, «Jenaýatçylygy duýdurmak we adalatly kazyýet» meselesi boýunça BA-nyň 49-njy mejlisi tarapyndan kabul edilen dört rezolýusiýanyň ählisini hem goldady.

Halkara bileleşigi 90-njy ýyllaryň birinji ýarymyndan başlap neşe serişdeleriniň bikanun öndürilmeginiň we dolandyrylmagynyň barha artýan möçberinden çuňňur birahatlanýandygyny bildirdi. BA-nyň 48-nji mejlisiniň gidişinde bikanun neşe serişdeler bilen göreş boýunça halkara hyzmatdaşlygynyň meselesine Baş Assambleýanyň 4 sany umumy mejlisiniň bagyşlanmagy hem muňa şaýatlyk etdi. Özüniň 49-njy mejlisinde bolsa Assambleýa ähli döwletleri degişli konwensiýalary tassyklamaga ýa-da olara goşulmaga, olaryň ähli düzgünlerini ýerine ýetirmäge, şeýle hem degişli milli kanunlary we düzgünleri kabul etmeklige, milli kazyýet ulgamlaryny pugtalandyrmaga çagyryş etdi.

Türkmenistan neşekeşlik we neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygy bilen hem yzygiderli göreş alyp barýar. 2009-njy ýylyň iýunynda Aşgabatda bolup geçen halkara maslahata gatnaşyjylara ýollan gutlag ýüzlenmesinde Türkmenistanyň Prezidenti bu barada şeýle diýdi: «Türkmenistan bu howp bilen barlyşyksyz göreşi öz syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryndan biri hökmünde kesgitledi we munuň bilen baglylykda öz üstüne alan borçnamalaryny doly ýerine ýetirýär».

2008-nji ýylyň 18-nji ýanwarynda Türkmenistanda Neşelere garşy göreşmek boýunça Türkmenistanyň Döwlet gullugy döredildi (häzir «Türkmenistanyň Sagdyn jemgyýet howpsuzlygyny goraýyş döwlet gullugy»). Bu gullugyň esasy wezipeleri kontrabanda we neşeleriň bikanun dolanyşygy bilen göreş alyp barmakdan, olaryň bikanun dolanyşygyny ýüze çykarmakdan; üstüni açmakdan we ýok etmekden, neşe serişdeleriniň dolanyşygyna garşy göreş boýunça ýurduň döwlet edaralarynyň we jemgyýetçilik guramalarynyň işini utgaşdyrmakdan, neşe serişdeleriniň dolanyşygyna gözegçilik etmek boýunça halkara hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmakdan we giňeltmekden, bu ugurda halkara borçnamalaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmekden we ş.m. ybarat boldy.

Adam hukuklary döwletiň milli bähbitleri bilen ýakyndan özara baglanyşykdadyr. Adam hukuklaryny we esasy azatlyklary höweslendirmekde we ösdürmekde halkara hyzmatdaşlygyň amala aşyrylmagy aýratyn ähmiýete eýedir we munuň özi BMG-niň möhüm düzgünnamalaýyn maksatlarynyň biri bolup durýar. BMG-de şu me-

seleler bilen meşgul bolýan edaralaryň örän giň ulgamy bardyr. Baş Assambleýa her ýyl öz mejlisinde adam hukuklary meselesi boýunça takmynan 40-a golaý rezolýusiýa kabul edýär. Mysal üçin, adam hukuklary meseleleri BA-nyň 49-njy mejlisiniň gün tertibinde hem möhüm orun eýeledi. Mejlis 38 rezolýusiýa kabul etdi, şolardan 11-si bolsa ses bermek arkaly kabul edildi. Türkmenistanyň wekiliýeti «Adam hukuklary we terrorçylyk», «Adam hukuklaryny höweslendirmek we goramak boýunça sebitleýin çäreler» ýaly 32 rezolýusiýany goldady.

Türkmenistan **çagalaryň hukuklaryny höweslendirmek we goramak**, şeýle hem **aýallaryň ýaşaýyş-durmuş ýagdaýyny gowulandyrmak** bilen bagly rezolýusiýalary hem goldaýar.

Aýallaryň deňhukuklylygy baradaky meseleler BMG döredileni bäri onuň işiniň üns merkezinde bolup gelýär. Gurama aýallar babatda adam hukuklaryny ösdürmek we goramak ugrundaky global göreşde, şeýle hem jemgyýetçilik durmuşynda, ykdysady we durmuş ösüşiniň ähli çäklerinde aýallara deň-derejeli mümkinçilikleri üpjün etmek boýunça tagallalarda esasy roly oýnady we oýnaýar. Şu ýerde diňe bir Baş Assambleýanyň 48-nji mejlisiniň aýallar meselesi boýunça, üstesine-de, sese goýmazdan 8 rezolýusiýa kabul edendigini nygtap geçmek ýeterlikdir. Şolardan birisi «Aýallar babatda zorlugy ýok etmek baradaky Jarnama» boldy. Bu resminamanyň kabul edilmeginiň aýallaryň hukuklarynyň berjaý edilmegi üçin örän möhüm ähmiýeti boldy. Hususan-da, Jarnamanyň 4-nji maddasynda döwletler aýallar babatdaky zorlugy ýazgarmalydyrlar we zorlugy ýok etmek babatda özleriniň borçnamalaryny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmak üçin hiç hili däp-dessurlara, adatlara we dini sebäplere salgylanmaly däldirler – diýlip aýdyldy.

Türkmenistan demokratik ösüş ýolunda, şol sanda raýatlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň berk kepilnamalaryny döretmek ýolunda yzygiderli işleri amala aşyrmagy dowam etdirýär. 2009-njy ýylyň maýynda Türkmenistanyň Mejlisi ençeme kanun çykaryjy resminamalary we Türkmenistanyň halkara resminamalara, şol sanda aýallar babatda hukuklaryň kemsidilmeginiň ähli görnüşleriniň ýok edilmegi baradaky konwensiýa fakultatiw protokoly tassyklamak we oňa goşulmak baradaky kararlary kabul etdi. Şol konwensiýa

aýallaryň hukuklary barada «Halkara bill» diýlip atlandyrylýar. Onda berkidilen hukuklar aýallaryň durmuşynyň köp meselelerini öz içine alýar. Olar syýasy durmuşa gatnaşmaklyga, saglygy goramaklyga, bilim almaklyga, iş üpjünçiligine bolan hukuklardyr, nika we maşgala gatnaşyklary meselelerindäki, kanunyň öňünde deňlik baradaky dürli hukuklardyr.

Türkmenistanyň wekiliýeti şeýle hem medeniýetiň möhüm meseleleri boýunça BMG-niň BA-nyň mejlislerinde uly ähmiýeti bolan resminamalaryň ara alnyp maslahatlaşmagyna we kabul edilmegine işjeň gatnaşýar. Mysal üçin, BMG-niň BA-nyň 48-nji mejlisinde kabul edilen «Medeni gymmatlyklaryň olaryň gelip çykan ýurtlaryna gaýtarylyp berilmegi, ýa-da restitusiýa edilmegi» atly rezolýusiýa goldanyldy. Onda Baş Assambleýa, hususan-da, agza döwletlere öz hususy miraslaryny we beýleki halklaryň miraslaryny goramak üçin zerur bolan kanunlary kabul etmekligi we olary pugtalandyrmaklygy maslahat berdi.

BMG-niň BA-nyň mejlisleriniň gün tertibinde **ýörite syýasy,** şeýle hem **administratiw we býujet meseleleri** hem esli orun tutýar. Elbetde, agza döwletleriň, şol sanda Türkmenistanyň BMG-ä agzalygy belli çykdajylar bilen baglydyr. BMG-niň Düzgünnamasynyň 17-nji maddasyna laýyklykda, bu guramanyň çykdajylaryny çekmeklik Guramanyň her bir agza döwletiniň borjy bolup durýar. Bellenilen tölegleriň wagtynda tölenmezligi döwletiň syýasy abraýyna zeper ýetirýär, berginiň belli göwrümlere çenli köpelmegi bolsa döwletiň BA-da ses bermek hukugyndan mahrum edilmegine getirip biler.

Baş Assambleýanyň 47-nji mejlisinde 20-den gowrak ýurt, şol sanda Türkmenistan üçin BMG-niň býujetine tölegler meselesi möhüm ähmiýete eýe boldy. Munuň sebäbi, 1992-nji ýylda ulanylan ýörelgä laýyklykda, öňki SSSR-iň düzüminde bolan ähli döwletleriň BMG-niň býujetindäki paýlarynyň olara şol döwletleriň geçiş döwründe başdan geçiren ykdysady kynçylyklarynyň ýeterlik derejede hasaba alynmazdan berilmegi boldy. Şonuň üçin hem Türkmenistanyň wekiliýeti BMG-niň tölegler boýunça Komitetinden Türkmenistanyň töleg ukyplylygyna täzeden seretmekligi haýyş etdi.

Assambleýanyň 48-nji mejlisi tölеglere täzeden seretmek barada aýdyň karar kabul etmedi we ol tölegler boýunça Komitetden

şol mesele boýunça BA-nyň 49-njy mejlisine teklipler bermegi sorady. Özüniň 49-njy mejlisinde Baş Assambleýa düzüminde 25 sany ekspertden ybarat bolan ýörite topar döretdi we oňa BMG-niň ýyllyk býujetine tölegleriň möçberi kesgitlenende, esas goýujy ölçeg hökmünde, töleg ukyplylygy ýörelgesini öwrenmekligi we seljermekligi, şol mesele boýunça 1995-nji ýylyň 15-nji maýyna çenli BA doklad taýýarlamaklygy tabşyryldy. Umuman, ençeme wekiliýetleriň bilelikdäki tagallalarynyň we olary BA-nyň goldamagy netijesinde bu mesele özüniň çözgüdini tapyp başlady. Netijede, BMG-niň ýyllyk býujetine Türkmenistanyň töleginiň möçberi ýuwaş-ýuwaşdan azaldy we ol 1997--nji ýylda 1994-nji ýyldaky tölegiň ýarpysyny düzdi.

BMG-niň BA-nyň mejlislerinde **halkara-hukuk meseleleri** hem giňden ara alnyp maslahatlaşylýar. BMG-niň has ähmiýetli gazananlaryndan biri, ol hem halkara hukugynyň kanunlarynyň ýygyndysynyň – *konwensiýalaryň, şertnamalaryň* we *standartlaryň* işlenip düzülmegidir. Şol resminamalar ykdysady we durmuş ösüşine, şeýle hem halkara parahatçylygyna we howpsuzlygyna ýardam etmekde esasy rol oýnaýarlar. BMG tarapyndan işlenip taýýarlanylan ençeme şertnamalar döwletleriň arasyndaky gatnaşyklary tertibe salýan hukuk esasy döredýärler.

Türkmenistan halkara bileleşiginiň ähli gatnaşyjylarynyň bähbitlerini goramaklygy üpjün etmäge borçly bolan kadalaryň işlenilmegine aýratyn üns bermek bilen, halkara hukugynyň progressiw, ýagny öňdebaryjy ösmegi ugrunda BMG-niň çäklerinde turuwbaşdan işjeň çykyş edýär. Mysal üçin, BA-nyň 48-nji mejlisi şol sanda Türkmenistanyň wekiliýeti tarapyndan hem goldanan «BMG-niň halkara hukugynyň Onýyllygy barada (1990–1999 ý.ý.); «Halkara hukugynyň ýörelgeleriniň we kadalarynyň progressiw ösüşi barada» we başga rezolýusiýalary kabul etdi. Elbetde, bu resminamalaryň kabul edilmeginiň halkara hukugynyň progressiw ösmegine gymmatly goşant bolandygy gürrüňsizdir.

BA-nyň 49-njy mejlisinde halkara-hukuk meseleleri boýunça 17 sany rezolýusiýa kabul edildi (şol rezolýusiýalardan 15-si konsensus, 2-si bolsa ses bermeklik arkaly kabul edildi). Türkmenistanyň wekiliýeti 15 rezolýusiýanyň konsensus arkaly kabul edilmegine goşuldy, beýleki iki rezolýusiýany bolsa goldap ses berdi. Şol mejlisiň işiniň gidişinde Baş Assambleýa halkara jenaýat kazyýetiniň döredilme-

gi babatda has-da öňegidişlige eýe boldy. Halkara terrorçylygyny ýok etmek boýunça çäreler barada Jarnamany kabul etmek bilen, BA döwletleri şol Jarnamanyň dolulygyna berjaý edilmegi üçin ähli tagallalaryň edilmegine çagyrdy.

Baş Assambleýa başga meselelere hem seretdi. Mysal üçin, BA-nyň 49-njy mejlisiniň gidişinde GDA döwletleriniň, şol sanda Türkmenistanyň hem teklibi boýunça Assambleýa sese goýmazdan **«Ikinji jahan urşunyň tamamlanmagynyň 50 ýyllygyny baýram etmek»** atly rezolýusiýasyny kabul etdi. 1995-nji ýyly Ikinji jahan urşunyň pidalarynyň hatyrasyna halklaryň Bütindünýä hatyra ýyly diýip yglan etmek bilen, Assambleýa ähli döwletleri şu şanly senäni dabaraly bellemäge çagyrdy hem-de 18-nji oktýabrda bu mynasybetli dabaraly mejlis geçirmegi karar etdi.

Eýýäm özüniň 47-nji mejlisinde Baş Assambleýa BMG-niň 50 ýyllygynyň 1995-nji ýylyň dowamynda bütin dünýäde bellenilmegi barada karar kabul etdi. BA-nyň 48-nji mejlisinde «Biz, Birleşen Milletleriň dünýäni gowulandyrmak üçin birleşen halklary» atly hereketiň şygary tassyklanyldy. Şu mesele boýunça özüniň 49-njy mejlisinde BA iki rezolýusiýa kabul etdi. Birinji rezolýusiýa BMG-niň Düzgünnamasynyň güýje girmeginiň 50 ýyllygy mynasybetli 1995-nji ýylyň 22–24-nji oktýabrynda döwlet we hökümet ýolbaşçylarynyň derejesinde BMG-niň BA-nyň ýörite dabaraly mejlisini geçirmeklige bagyşlandy. Ikinji rezolýusiýa bilen Assambleýa baýramçylygy geçirmek boýunça Sekretariat tarapyndan taýýarlanylan maksatnamany makullady.

BMG-niň 50 ýyllygynyň giňden bellenilmeginiň özi Guramanyň rolunyň pugtalanmagyna ýardam etdi, täze ýüzýyllygyň golaýlaýan şertlerinde onuň üýtgewsiz möhümligini görkezdi. Şu maksat bilen Sekretariat tarapyndan ägirt uly ähmiýeti hem-de tutumy bolan taslamalaryň amala aşyrylmagyna ýardam etjek wakalaryň we çäreleriň sanawy düzüldi. Şol sanaw esasy üç bölege bölündi. Olaryň *birinjisi* habar beriji, tanyşdyryjy taslamalar boldy. Munda BMG-niň taryhy, gurluşy we borçlary barada düşünje bermek, onuň gün tertibindäki meseleleri şöhlelendirmek göz öňünde tutuldy. *Ikinji bölek*, 50 ýyllyk şöhratly ýoly teswirleýän taslamalar boldy. Bu ýerde BMG-niň geljegi nazarlap gazanan üstünliklerini seljermek göz önünde tutuldy. *Üçünjisi* bolsa baýramçylygyň çäklerindäki çäreler boldy.

BMG-niň Düzgünnamasynyň güýje girmeginiň 50 ýyllygyna bagyşlanyp ýokary derejede geçirilen BA-nyň ýörite baýramçylyk mejlisi umumy dünýä ähmiýetine eýe boldy. Ol mejlisde dabaraly Jarnama kabul edilip, onda agza döwletleriň Düzgünnamanyň ýörelgelerini gelejekde hem ýörelge edinjekdikleri ýene-de bir gezek tassyklanyldy, BMG-niň geljek üçin işiniň ýol görkeziji ýörelgeleri şöhlelendirildi.

Baş Assambleýanyň rezolýusiýasynda BMG-ä agza döwletleriň öz içinde-de baýramçylyk çärelerini geçirmek hem-de her ýurtda çärelere amal etjek Milli komitetiň döredilmeginiň zerurdygy bellenildi. Türkmenistanda şeýle Milli komitet döredilip, ol şanly sene mynasybetli geçirilmeli çäreleriň maksatnamasyny işläp düzdi we ony amala aşyrdy.

Şunlukda, BMG agzalygynyň ilkinji ýyllaryndan başlap Türkmenistan, muny köpsanly delilleriň hem aýdyň görkezişi ýaly, Guramanyň BA-nyň resminamalarynyň kabul edilmegine işjeň gatnaşdy. Elbetde, biziň muny ýokarda hem nygtap geçişimiz ýaly, BMG-niň BA-nyň rezolýusiýalarynyň maslahat beriji häsiýeti bardyr we şunlukda, olar özbaşdak halkara hukugyň kadalaryny döretmeýärler.

Şol bir wagtyň özünde hem şol rezolýusiýalar Ýer ýüzüniň ähli halklarynyň durmuşy bähbitlerine we isleglerine laýyk gelýärler, köpçülikleýin paýhasyň abraýyna daýanýarlar we şonuň üçin hem olar dünýädäki ýagdaýa we aýry-aýry döwletleriň syýasatyna ahlak syýasy täsiriň mümkinçiliklerini özlerinde jemleýärler. Başga sözler bilen aýdylanda, olarda zamananyň hakykatyna laýyk gelýän syýasy oýlanmanyň talaplary jemlenen maslahatlary hiç bir döwlet hasaba alman bilmez.

Üstesine-de, agza döwletleriň ses beren şol rezolýusiýalary halkara hukugynyň täze ýörelgeleriniň we kadalarynyň döremeginde, şeýle hem halkara hukukda eýýäm bar bolan ýörelgeleri we kadalary düşündirmekde, ösdürmekde we tassyklamakda möhüm rol oýnaýarlar – şeýle rezolýusiýalaryň mazmuny BMG-niň Düzgünnamasynyň hemmeler tarapyndan ykrar edilen esasy ýörelgelerini ösdürýärler ýa-da şol düzgünleriň ulanylmagy bilen, döwletler üçin hökmany güýje eýe bolýarlar. Görkezilen ençeme aýratynlyklaryň utgaşdyrylmagy

netijesinde (mysal üçin, ýokarda seredilip geçilen Jarnama) öz ýuridiki ähmiýeti boýunça agza döwletler üçin hökmanydyr. Döwletler özleri üçin Baş Assambleýanyň islendik rezolýusiýasyny hökmany hasap edip bilerler.

Şonuň üçin hem BMG-niň BA-nyň mejlisleriniň kararlaryny durmuşa geçirmek agza döwletleriň, şol sanda türkmen diplomatiýasynyň wezipesi bolup durýar.

Şu jähtden, BMG-niň BA-nyň has möhüm rezolýusiýalary we kararlary bilen içgin tanyşmak, ministrlikler, pudak edaralary we guramalar tarapyndan olary amala aşyrmak boýunça degişli aýdyň çäreleriň geçirilmegi möhüm ähmiýete eýe bolup durýar. Galyberse-de, kabul edilen rezolýusiýalaryň amaly tarapynyň barha ýokarlanmagy olary gönüden-göni milli tejribä ornaşdyrmaga mümkinçilik açýar, sebäbi Türkmenistan, dünýäniň beýleki ýurtlary ýaly, Baş Assambleýanyň rezolýusiýalaryny özüniň kanunlarynyň diline yzygiderli geçirýär.

**Soraglar:**

1. Umumysyýasy çekişmeden soň BA-nyň sessiýasynyň işi haýsy mejlislerde başlanýar?
2. BA-nyň mejlislerinde kararlar nähili kabul edilýär?
3. Türkmenistanyň wekiliýeti BMG-niň BA-nyň işine ilkinji gezek haçan gatnaşdy?
4. Möhüm halkara meseleleri ara alyp maslahatlaşmaklyga we olar boýunça rezolýusiýalaryň kabul edilmegine gatnaşmak bilen türkmen wekiliýeti nämeden ugur alýar?
5. «Parahatçylyk üçin gün tertibi», «Ösüş üçin gün tertibi» atly dokladlaryň taýýarlanmagynyň sebäbi näme?
6. BA-nyň mejlislerinde Türkmenistanyň wekiliýeti ýaragsyzlanmak we halkara howpsuzlygy meselelerine nähili üns berdi?
7. BA-nyň mejlislerinde ykdysady, ekologiýa, durmuş, gumanitar we medeni meseleler nähili orun tutdy?
8. BA-nyň mejlisleriniň gün tertibinde administratiw we býujet meselelerine nähili orun berilýär?
9. BA-nyň mejlislerinde halkara-hukuk meseleleri ara alnyp maslahatlaşylýarmy?

## 4. BMG-niň sebitleýin guramalar bilen hyzmatdaşlygyna Türkmenistanyň ýardamy

Birleşen Milletler Guramasy döredilen wagtynda dünýäde *sebitleýin halkara guramalar* entek döredilmändi. BMG döredilen wagtynda ara alyp maslahatlaşmalaryň esasy obýekti halkara howpsuzlygy bolupdy. Eger-de şeýle ylalaşyklar ýa-da edaralar we olaryň işi BMG-niň maksatlaryna we ýörelgelerine laýyk gelýän ýagdaýynda, BMG-niň Düzgünnamasynyň 52-nji maddasy sebitde parahatçylygy we howpsuzlygy saklamak üçin sebitleýin ylalaşyklaryň ýa-da edaralaryň döredilmegini göz öňünde tutýar. BMG-niň Düzgünnamasy beýleki çäklerde sebitleýin hyzmatdaşlygy tertibe salmaýar.

Sebitleýin guramalaryň işjeň ýüze çykmagyny iki esasy döwre bölse bolar: olar XX asyryň 50–60-njy we 80–90-njy ýyllarydyr. Häzirki wagtda sebitleýin halkara guramalaryň çäklerinde şeýle hem söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy giňeltmek, daşky gurşawy goramak, howanyň global üýtgemegine, halkara terrorçylyga, neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygyna, serhetýaka guramaçylykly jenaýatçylyga garşy göreşmek meseleleri çözülýär.

Sebitleýin halkara guramalar bilen özara peýdaly gatnaşyklary ösdürmek Türkmenistanyň daşary syýasat işiniň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Biziň ýurdumyz Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasy, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy, Ýewropa Bileleşigi, Hyzmatdaşlygyň Şanhaý guramasy, Yslam Hyzmatdaşlygy Guramasy we başga ençeme sebitleýin halkara guramalar bilen işjeň hyzmatdaşlygy alyp barýar we şol guramalaryň ençemesiniň ýanynda öz wekillerini saklaýar. Ozaly bilen Türkmenistanyň SHG bilen hyzmatdaşlygyna howpsuzlyk meseleleri bilen meşgullanýan dünýäde iň iri sebitleýin gurama bolan Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasynyň mysalynda gysgaça seredip geçeliň.

*Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasy* Gündogar bilen Günbataryň arasynda gepleşikleri alyp barmagyň köptaraplaýyn forumy hökmünde 1970-nji ýyllaryň başynda dartgynlygyň gowşan döwründe döredildi. 1975-nji ýylda ÝHHG-niň esasgoýujy Jemleýji namasyna gol çekildi. Elbetde, ol ýa-da başga halkara guramanyň sebitleýin halkara gurama hökmünde ykrar edilmegi

üçin agza döwletleriň giňişlikdäki bitewiligi, olaryň mümkingadar bir sebitiň çäklerinde ýerleşmekleri; agza döwletleriň maksatlarynyň, wezipeleriniň we hereketleriniň giňişlik taýdan çäklendirilmegi zerur bolup durýar. Ýöne Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasy barada aýdanymyzda, onda onuň ençeme aýratynlyklary bardyr we olardan biri – Guramanyň çylşyrymly düzümidir. ÝHHG-si döredilende oňa Ýewropa döwletleri bilen bir hatarda Demirgazyk Amerikanyň iki döwleti – ABŞ we Kanada hem gatnaşdy. Häzirki wagtda ÝHHG-ne 56 döwlet, has takygy, Ýewropa döwletleriniň ählisi, ABŞ we Kanada, öňki SSSR-iň ähli soýuz respublikalary, şol sanda Orta Aziýa respublikalary we Gazagystan girýär. Munuň özi, elbetde, Guramanyň ýewropa esasyny bozmaýar, sebäbi bu ýerde degişli döwletleriň mirasdarlygynyň hakyky bähbitleri we ýuridiki meseleleri göz öňünde tutulýar.

«Sowuk uruş» tamamlanýança ÝHHG bar bolan «demir perdäniň» iki tarapynda duran döwletler üçin yzygiderli gepleşikleri saklamak mümkinçiligini berdi. Şeýle-de, Gurama döwlete degişli däl we täjirçilik häsiýeti bolmadyk guramalaryň öz-özüňi dolandyrýan toparlarynyň döredilmegine öz ýardamyny berýärdi. Şol guramalaryň esasy maksady – Helsinki Jemleýji namasynyň we onuň soňky resminamalarynyň adam hukuklary hakyndaky düzgünleriniň berjaý edilmegine gözegçilik etmekden ybaratdy.

1990-njy ýylyň noýabryndaky Pariž sammiti Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk Maslahatyny täze ugra gönükdirdi. Täze Ýewropa üçin Pariž Hartiýasynda ÝHHM Ýewropada we Ýewraziýada bolup geçýän taryhy özgerişlere hötde gelmäge kömek bermeklige, şeýle hem sowuk uruşdan soňky döwrüň täze wehimlerine jogap bermeklige borçly edildi. Bu bolsa hemişelik institutlaryň we amal ediş mümkinçilikleriň artmagyna getirdi. Netijede, 1994-nji ýylda Budapeşt sammitinde Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk boýunça gurama döredildi. Iş ugurlary kesgitlenilenden soňra bu Gurama sebitleýin durnuklylyga we howpsuzlyga ýardam etmekligiň gurluşyna öwrüldi.

ÝHHG-niň howpsuzlyga çemeleşmesi şol bir wagtyň özünde hemmetaraplaýyndyr, sebäbi ol howpsuzlygyň üç ölçeginiň ählisini, ýagny *harby-syýasy, ykdysady-ekologiki* we *ynsan ölçeglerini* öz içine alýar.

ÝHHG-niň işine gatnaşýan ähli döwletleriň meňzeş statusy bardyr we olar şertnamalaýyn borçnamalar bilen baglaşdyrylan däldirler.

Howpsuzlygyň **harby-syýasy ölçegi** ýaraglanmagy gözegçilik astyna almagy, ynamlylygy we howpsuzlygy berkitmegiň çärelerini, serhetleriň howpsuzlygyny, terrorçylyga, ýarag, neşe we adam söwdasyna garşy göreşi öz içine alýar; howpsuzlygyň **ykdysady we ekologiki ölçegi** Gurama gatnaşyjy döwletleriň ykdysady we ekologiýa pudaklarynda bolup geçýän wakalara syn etmeklige, şeýle hem ÝHHG-niň sebitinde howpsuzlygy berkitmek maksady bilen, ykdysady we ekologiki syýasaty we teklipleri işläp taýýarlamaga ýardam bermeklige gönükdirilendir; howpsuzlygyň **ynsan ölçeginiň** çäklerinde ÝHHG adam hukuklarynda we esasy azatlyklarda kanunyň başda durmaklygy, demokratiýa ýörelgeleriniň kepillendirilmegi, şeýle hem raýat jemgyýetiniň ösüş meseleleri bilen meşgullanýar.

Durnuklylygyň we howpsuzlygyň berk we sazlaşykly binýadynyň tutulmagy üçin üç ölçege hem oňaýly we durnukly ösüş zerurdyr.

ÝHHG gapma-garşylyklaryň öňüni almak, çökgünlikleri ýeňip geçmek, gapma-garşylyklardan soňky dikeldişi ýola goýmak meseleleri boýunça syýasy kararlary kabul edýän forum bolmak bilen, özüniň ýerlerdäki wekilhanalarynyň we gaýry gurluşlaryň kömegi bilen agza döwletleriň syýasy erkini durmuşa geçirýär.

1992-nji ýylda Türkmenistan Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk boýunça Maslahata goşulmak barada karara geldi we şol ýyl Helsinki Jemleýji namasyna gol çekdi. ÝHHG-niň Hemişelik Geňeşiniň 1998-nji ýylyň iýul aýynda kabul edilen karary esasynda 1998-nji ýylyň dekabr aýynda ÝHHG-niň Aşgabatdaky Merkezini açmak barada ÝHHG bilen Türkmenistanyň Hökümetiniň arasynda özara düşünişme baradaky Ähtnama gol çekildi. 1999-njy ýylyň ýanwar aýynda ÝHHG-nyň Aşgabatdaky Merkezi öz işine başlady.

Geçen wagtyň dowamynda Türkmenistanyň hökümeti we ÝHHG-niň Aşgabatdaky Merkezi parahatçylygyň we howpsuzlygyň hatyrasyna netijeli gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmek üçin oňat binýat bolup durýan dürli ulgamlarda bilelikdäki işiň saldamly tejribesini topladylar. Köpsanly deliller ÝHHG-niň durnuklylyga we howpsuzlyga ýardam edýän Türkmenistanyň başlangyçlaryny hemişe goldaýandygyna we şol başlangyçlaryň amaly taýdan durmuşa ge-

çirilmegine ýardam etmek maksady bilen, dürli taslamalary işläp taýýarlaýandygyna şaýatlyk edýär.

Hususan-da, bu Merkez Türkmenistanyň energetika howpsuzlygy boýunça gepleşikleri öňe sürmeklige gönükdirilen tagallalaryny we dünýä bazarlaryna energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegine çagyrýan BMG-niň rezolýusiýanyň kabul edilmegi boýunça onuň başlangyjyny gyzgyn goldady. Bu Merkez şeýle hem 2010-njy ýylyň maýynda biziň ýurdumyzyň başlangyjy bilen geçirilen «Ýewraziýada durnukly we ygtybarly energiýa ýardam etmek üçin Merkezi Aziýada sebitleýin hyzmatdaşlygyň ösmegi» atly halkara maslahatyna, energetika howpsuzlygynyň meselelerine bagyşlanan başga maslahatlaryň işine işjeň gatnaşdy. Bu bolsa energetika howpsuzlygy boýunça Türkmenistanyň we ÝHHG-niň umumy gepleşikleriniň barha çuňlaşmagyna ýardam edýär.

Türkmenistanyň we ÝHHG-nyň Aşgabatdaky Merkeziniň arasyndaky hyzmatdaşlyk harby-syýasy ölçegiň çäklerinde hem dürli taslamalary öz içine aldy we olar ynamy we howpsuzlygy pugtalandyrmak boýunça çäreleriň ýerine ýetirilmegine ýardam etmeklige, ýaraglaryň we ok-därileriň saklanylmagynyň howpsuzlygyny güýçlendirmeklige, şeýle hem terrorçylyga we bikanun neşe, ýarag we ş.m. dolanyşygyna garşy göreşiň alnyp barylmagyna gönükdirildi. Ykdysady we ekologiýa babatda Merkez Türkmenistan bilen bilelikde suw we ýer resurslaryny dolandyrmak meseleleri, kiçi we orta telekeçiligiň, ulag ýollarynyň ösmegine ýardam etmek boýunça taslamalary amala aşyrýar.

Netijede, soňky birnäçe ýylyň içinde biziň ýurdumyz bilen ÝHHG-nyň arasyndaky özara gatnaşyklar hil taýdan täze sazlaşyga eýe boldular. Türkmenistanyň ÝHHG-niň 2010-njy ýylyň dekabrynda Astanada bolup geçen Sammitinde hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan wezipeleri barada çykyş etmegi munuň aýdyň subutnamasy boldy: şol wezipeler gapma-garşylyklaryň öňüni almagyň we olaryň howpuny aradan aýyrmagyň netijeli gurallaryny döretmekden, syýasy we dini ekstremizme, terrorçylyk wehimlerine, bikanun neşe dolanyşygyna we serhet üsti jenaýatçylyga garşy göreşmekden, energiýa serişdelerini ibermek ulgamyndaky halkara hyzmatdaşlygyň häzirki zaman nusgasyny işläp düzmekden ybarat boldy.

Türkmenistan sebitleýin halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygy diňe bir gönüden-göni alyp barman, eýsem ony BMG-niň çäklerinde hem dowam etdirýär.

XX asyryň 90-njy ýyllarynyň başyndan başlap globallaşmak prosesiniň barha güýçlenýän we halkara hyzmatdaşlygynyň giňelýän şertlerinde syýasy, ykdysady, harby-strategiki, gumanitar we başga çäklerde ýerli, sebitleýin meseleleri çözmek bilen meşgul bolýan sebitleýin guramalaryň öňe çykmagy, halkara gatnaşyklaryň ösmeginde olaryň syýasy agramynyň birsyhly ýokarlanmagy Birleşen Milletler Guramasynyň we sebitleýin guramalaryň arasynda ýakyn özara hereketiň zerurlygyny şertlendirdi.

BMG-niň we SHG-niň bilelikdäki hyzmatdaşlygy BMG-niň saýasynda dürli halkara meseleler boýunça özara pikir alyşmakdan başlanypdy, bu bolsa, öz gezeginde, parahatçylyk we ösüş üçin gün tertiplerini durmuşa geçirmekde peýdaly bolupdy. BMG-niň we sebitleýin guramalaryň hyzmatdaşlygynyň ilkinji tejribesi olaryň özara hereketiniň özara garaşly dünýäniň binýadyny ygtybarly pugtalandyrmaga ukyplydygyny aýdyň görkezdi.

Birleşen Milletler Guramasy ilkinjileriň hatarynda Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasy bilen özara hyzmatdaşlygy ýola goýdy we ösdürdi. BMG bilen sebitleýin guramanyň arasynda özara gatnaşyklaryň ýola goýulmagyna BMG-niň Baş Assambleýasynyň 47-nji mejlisi uly ýardam etdi. Mejlis ençeme ýurtlaryň, şol sanda Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň we ÝHHG-niň arasyndaky işi utgaşdyrmak barada möhüm rezolýusiýa kabul etdi (1992).

Türkmenistanyň, şeýle hem Merkezi Aziýanyň beýleki döwletleriniň konstruktiw başlangyçlary şol ýurtlaryň sebitleýin hyzmatdaşlygynyň çalt depginler bilen ösmegine getirdi. Şol hyzmatdaşlygyň baglaşdyryjy halkasy bolsa *Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasy* boldy. Döwletleriň arasyndaky özara peýdaly gatnaşyklaryň ösmegine ýardam bermek maksady bilen, EKO agza döwletler, şol sanda Türkmenistan, bu Gurama BMG-niň ýanynda synçy statusyny bermek haýyşy bilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň 48-nji mejlisine ýüz tutdylar. BMG-niň BA-sy tarapyndan bu mesele boýunça oňaýly kararyň kabul

edilmegi halkara ykdysady gatnaşyklary üýtgedip gurmakda Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasynyň möhüm rolunyň ykrar edilmegi boldy.

Türkmenistanyň wekiliýeti Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasyna BMG-niň Baş Assambleýanyň ýanynda synçy statusyny bermek barada BA-nyň 48-nji mejlisiniň rezolýusiýasynyň taslamasynyň hem awtorlarynyň biri boldy. Beýle etmek bilen, Türkmenistan ÝHHG-niň beýleki agzalary ýaly, bu meselede Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasy BMG-niň ýanynda synçy statusyna eýe bolmak bilen, ondan uly peýda görer, şeýle hem BMG-niň işine has-da peýdaly goşant goşar diýen ynamdan gelip çykdy. Ençeme döwletleriň, ilkinjileriň hatarynda bolan Türkmenistanyň ýardamy bilen BMG-niň BA-nyň 49-njy mejlisinde şeýle status Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna hem berildi.

Şunlukda, ençeme sebitleýin guramalar bilen Türkmenistanyň hyzmatdaşlygy Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde hem barha giňeldi we çuňlaşdy. BMG ýaly uniwersal Guramanyň çäklerinde köptaraplaýyn diplomatiýanyň aýratynlygy bähbitler boýunça döwletleriň tagallalaryny täsirli birleşdirmäge, şeýle hem umumysebit meseleleri çözmeklige uly mümkinçilik berdi.

Hususan-da, Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasy, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy ýaly sebitleýin guramalaryň agza döwletleriniň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilleriniň derejesinde BMG, onuň ulgamynyň edaralary we guramalary bilen hyzmatdaşlygynyň ösmegine ýardam etmäge gönükdirilen maslahatlaryň wagtal-wagtal geçirilmegi hem munuň aýdyň ýüze çykmasy boldy. Mysal üçin, 1993-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasyna Baş Assambleýada synçy statusynyň berilmeginiň yzysüre, bu Gurama agza döwletleriň BMG-niň ýanyndaky hemişelik wekilleriniň maslahatynyň birinji mejlisi bolup geçdi. Mejlisde guramaçylyk meselelerine, şol sanda BMG-niň edaralary bilen işjeň gatnaşyklary ýola goýmak boýunça Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasynyň Aragatnaşyk toparyny döretmek meselesine seredildi. Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekili mejlisde çykyş etmek bilen, ara alnyp maslahatlaşylýan mesele boýunça türkmen wekiliýetiniň garaýşyny beýan etdi. Şol garaýyş, ozaly bilen, BMG-niň ýanyndaky EKO agza

döwletleriniň wekilleriniň BMG-niň çäklerinde EKO-nyň meseleleri boýunça bilelikdäki işiniň ykdysady gurama hökmünde EKO-nyň Düzgünnamasyna doly laýyklykda alnyp barylmalydygyndan; bu işiň her bir EKO agza döwletiň BMG-niň edaralary we ýöriteleşdirilen edaralary bilen ikitaraplaýyn aragatnaşyklaryna zeper ýetirmezden amala aşyrylmalydygyndan, üstesine-de, şol işiň ikitaraplaýyn aragatnaşyklaryň giňelmegine we çuňlaşmagyna hökmany suratda ýardam etmelidiginden; EKO agza döwletleriň BMG-niň ýanyndaky wekilleriniň bilelikdäki işiniň esasy wezipelerinden biriniň ähli EKO agza döwletler üçin umumy gyzyklanma bildirýän sebitleýin meseleleri çözmek üçin ykdysady, ekologiýa ugurlary boýunça BMG-niň mümkinçiliklerinden doly peýdalanmaklyga ýardam bermeli bolmalydygyndan; bilelikdäki taslamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilmegi üçin goşmaça serişdeleriň gözlenilmegi ýaly pikirlerden ybarat boldy.

Şunlukda, Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasyndaky diplomatik işiniň bu ugry BMG-niň, sebitleýin guramalaryň işiniň täsirliligini ýokarlandyrmaga, dürli çäklerde Türkmenistanyň umumysebit meselelerini çözmekde BMG-niň mümkinçiliklerinden peýdalanmaga, ýurdumyzyň hususy ileri tutýan ugurlaryny BMG-de has işjeň, üstünlikli öňe sürmäge barha saldamly ýardam etdi.

**Soraglar:**

1. Sebitleýin halkara guramalar haçan ýüze çykyp başlady?
2. BMG-niň Düzgünnamasynyň 52-nji maddasy nähili maksady göz öňünde tutýar?
3. Sebitleýin gurama hökmünde ÝHHG-niň aýratynlyklary, Türkmenistanyň ÝHHG-si bilen hyzmatdaşlygy barada näme bilýärsiňiz?
4. Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk boýunça Maslahat haçan ÝHHG-ne öwrüldi?
5. BMG bilen sebitleýin guramalaryň arasyndaky ýakyn özara hereketiň zerurlygy näme bilen şertlendirilýär?
6. Türkmenistan BMG-niň BA-da synçy statusyny alyp bermekde haýsy sebitleýin guramalara ýardam etdi?
7. BMG-niň sebitleýin guramalar bilen hyzmatdaşlygyna Türkmenistanyň gatnaşmagynyň ähmiýetini nämede görýärsiňiz?

## §2. Türkmenistanyň BMG-niň beýleki esasy edaralary we düzümleri bilen hyzmatdaşlygy

Türkmenistan soňky ýyllarda BMG-niň beýleki esasy edaralarynda we olaryň düzümlerinde hem döwletimiziň wekilçilik etmegi üçin işjeň diplomatik işi alyp barýar. Başga sözler bilen aýdylanda, biziň ýurdumyz ozaly bilen abraýly halkara gurluşlaryň düzümine hemişelik ýa-da çalşykly gatnaşyjy hökmündäki wekilçiligine gönükdirilen diplomatik işi işjeňleşdirmäge aýratyn üns berýär. Bu bolsa Türkmenistanyň global ösüş prosesine üstünlikli gatnaşmagyny üpjün edip biljek goşmaça ýagdaý bolup durýar.

BMG-niň düzümleriniň esasylaryndan biri hem *Ykdysady* we *Durmuş Geňeşidir*. BMG-niň BA-nyň 65-nji mejlisinde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň öz kandidaturasyny BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň agzalygyna hödürlemegi göz öňünde tutýandygyny mälim etdi. Türkmenistanyň bu ädimi, elbetde, onuň BMG-niň dürli düzümleýin bölümçelerindäki, komissiýalaryndaky we maksatnamalaryndaky işjeň işi, umuman onuň BMG bilen hyzmatdaşlygynyň umumy işjeňleşmegi bilen bagly boldy, sebäbi soňky birnäçe ýylyň içinde bu hyzmatdaşlyk toplumlaýyn we köp ugurly häsiýete eýe boldy.

2013–2015-nji ýyllar üçin YDG-ne öz kandidaturasyny hödürlemek bilen, Türkmenistan iki sany örän wajyp maksatdan ugur aldy. Prezident Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2010-njy ýylyň 30-njy sentýabrynda geçiren metbugat maslahatynda nygtap geçişi ýaly, şol maksatlaryň **birinjisi** halkara hyzmatdaşlygy hem-de halklaryň durnukly ösüşini we abadançylygyny ýokarlandyrmaga Ýer ýüzüniň dürli döwletleriniň we sebitleriniň ysnyşykly goşulmagyny ýola goýmakda Birleşen Milletler Guramasyna doly derejede ýardam bermekden ybarat boldy.

Türkmenistan özüniň BMG-niň YDG-ne agza bolmagyna ýurtdaky üpjünçilik ulgamlarynyň mümkinçiligini bu Guramanyň dürli edaralarynyň işini gönüden-göni Merkezi Aziýa we Hazar deňzi sebitlerinde güýçlendirmek üçin halkara bileleşiginiň netijeli ulanmagy nukdaýnazaryndan hem seretdi.

Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan 2010-njy ýylda BMG--niň ýöriteleşdirilen düzümlerine – Sekretariatynyň ykdysady we

durmuş meseleleri boýunça departamentine (Department of Economic and Social Affairs (DESA), BMG-niň Ýewropa üçin ykdysady komissiýasyna (Economic Commission for Europe (ECE) we Aziýa we Ýuwaş umman üçin ykdysady we durmuş komissiýasyna (Economic and Social Commission for Asia and the Pacific (ESCAP) bilelikdäki taslamalaryň üstünde işlemegi teklip etdi. Elbetde, bu işleriň netijeleri ýakyn geljekde YDG-de Türkmenistanyň wekiliýeti tarapyndan dünýä we sebit derejelerinde iri durmuş-ykdysady maksatnamalary öňe sürmek üçin ulanylyp bilinjekdi. Munuň bolsa, halkara gatnaşyklaryň subýekti hökmünde Türkmenistana öz mümkinçiliklerini doly derejede durmuşa geçirmäge ýardam berjekdigi düşnüklidir.

YDG-ne öz kandidaturasyny hödürlemek bilen Türkmenistanyň yzarlan **ikinji maksady,** ol hem BMG-niň Türkmenistanda durmuşa geçiren taslamalarynyň iş ýüzündäki netijelerine esaslanyp, Türkmenistany beýleki döwletler tarapyndan tejribesi öwrenilip bilinjek ýurt hökmünde görkezmek boldy. «Biz şeýle işi Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň agzasy bolan döwrümizde Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda geçirmäge taýýardyrys» diýip, Türkmenistanyň Prezidenti ýokarda ady agzalan metbugat maslahatynda aýtdy.

2012-nji ýylyň noýabrynda Türkmenistan BMG-niň BA-nyň 67-nji mejlisiniň dowamynda 2013–2015-nji ýyllar üçin BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň agzalygyna saýlandy. Bu möhüm waka türkmen diplomatiýasynyň uly üstünligi bolmak bilen, Türkmenistanyň BMG bilen ýakyn hyzmatdaşlygynyň strategik häsiýetine şaýatlyk etdi, ýurdumyzyň abraýynyň barha artýandygyny, onuň syýasy we durmuş-ykdysady ösüşinde gazanan üstünlikleriniň, umuman içeri we daşary syýasatynyň dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilýändigini aýdyň görkezdi.

Türkmenistanyň BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşi ýaly esasy edaralarynyň düzümine saýlanmagynyň, bir tarapdan, täze pikirleri öňe sürmek we durmuşa geçirmek üçin uly mümkinçilikleri açandygy, şeýle hem Geňeşiň çözgütlerini işläp taýýarlamakda we kabul etmekde Türkmenistanyň üstüne uly jogapkärçiligi ýükländigi bellidir. Bu barada Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2012-nji ýylyň 10-njy dekabrynda bolup geçen Mi-

nistrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde eden çykyşynda şeýle diýdi: «Türkmenistanyň bu abraýly halkara Geňeşine agzalyga saýlanmagy bu ugurda edilmeli işleriň diňe başlangyjydyr. Biz Birleşen Milletler Guramasynyň Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň işine giňden gatnaşmalydyrys, onuň mejlislerinde anyk teklipler we başlangyçlar bilen çykyş etmelidiris.

Men Daşary işler ministrligine ýurdumyzyň degişli ministrlikleri we pudak edaralary bilen bilelikde Birleşen Milletler Guramasynyň Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň işine geljekde biziň döwletimiziň gatnaşmagy bilen bagly teklipleri gysga wagtyň içinde taýýarlamagy tabşyrýaryn. Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Nýu-Ýorkdaky we Ženewadaky Hemişelik wekilleri bolsa, bu teklipleri durmuşa geçirmek boýunça degişli işleri geçirmelidirler».

Derwaýys durmuş-ykdysady meseleleri çözmekde işleri utgaşdyrmak üçin Türkmenistan şeýle hem *BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasyna* we *BMG-niň Aziýa* we *Ýuwaş umman üçin ykdysady we durmuş komissiýasyna* möhüm ähmiýet berýär.

Bu komissiýalar barada gürrüň edilende şu aşakdakylaryň nygtalyp geçilmegi maksadalaýyk diýip pikir edýäris. BMG-niň ÝYK-sy we BMG-niň AÝUYDK-sy BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň kömekçi edaralarynyň hataryna girýärler we olar bäş sany sebitleýin komissiýalaryň ikisidir. Muny biziň ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, bu komissiýalaryň maksady – sebitleriň durmuş-ykdysady ösüşine we olaryň ýurtlarynyň arasyndaky, şeýle hem dünýäniň beýleki ýurtlary bilen ykdysady hyzmatdaşlygynyň ösmegine ýardam etmekden ybaratdyr.

BMG-niň ÝYK-sy BMG-niň YDG-niň rezolýusiýasyna laýyklykda 1947-nji ýylda döredildi. ÝYK Günbatar, Merkezi we Gündogar Ýewropa, Merkezi Aziýa we Demirgazyk Amerika ýurtlarynyň – jemi 56-synyň özara ykdysady hyzmatdaşlyga çemeleşmeleri işläp düzmek üçin ýygnanyşýan forumydyr. Bu hyzmatdaşlyk ykdysadyýet we goşulyşmak (integrasiýa), energiýa, daşky gurşaw, söwda, ulag, oba hojalyk standartlary, ilat, statistika we ýerleri, şol sanda tokaý hojalygyny we ýaşaýyş jaý ýaly ulgamlary durnukly dolandyrmaklygy öz içine alýar.

BMG-niň ÝYK-sy öz agza ýurtlarynyň arasynda diňe bir pikir alyşmak we syýasy maslahatlaşmalar üçin mümkinçilikler döretmeýär, komissiýanyň maksatnamalaýyn işi kadalary, standartlary we konwensiýalary işläp taýýarlamak üçin hem bitarap maksatnamany üpjün edýär. Komissiýanyň işi onuň agzalarynyň doly deňligini üpjün edýän açyk we aýdyň ýagdaýda amala aşyrylýar. BMG-niň ÝYK-sy sebitleýin komissiýa bolsa-da, onuň işiniň esasy bölegi global häsiýetlidir we muňa ulag hem-de söwda ulgamlaryny mysal getirip bolar. Komissiýanyň esasy wezipeleriniň biri hem durnukly ösüş ulgamynda, dünýä derejesindäki gatnaşyjylary we esasy paýçylary, aýratyn-da işewürlik bileleşigi bilen BMG-niň global mandatlary üçin sebitleýin ünsi gönükdirmekligi üpjün etmekden ybarat bolup durýar.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň ÝYK-sy bilen hyzmatdaşlygy dürli ugurlar boýunça alnyp barylýar we ol ozaly bilen energiýa howpsuzlygy, daşky gurşaw, suw serişdelerini dolandyrmak bilen bagly meseleleri öz içine alýar. Netijeli hyzmatdaşlyk 2011-nji ýylda BMG-niň ÝYK-nyň ulag, söwda, ýaşaýyş jaýy, ýer dolandyryşy hem-de statistika ýaly beýleki maksatnamalaýyn ulgamlarynda hem meýilleşdirilip başlandy. 2010-njy ýylyň noýabr aýynda Türkmenistan BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasynyň Durnukly energetika baradaky komitetiniň býurosynyň wise-başlyklygyna saýlandy.

2013-nji ýylyň aprelinde BMG-niň *Ženewadaky bölüminde BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasynyň 65-nji maslahatynyň 5-nji mejlisi geçirildi. Ýolbaşçy düzümiň saýlawlarynyň barşynda BMG-niň ÝYK-na agza döwletleriň biragyzdan çözgüdi boýunça Türkmenistan bu komissiýanyň Başlygynynyň orunbasary wezipesine saýlandy.*

Şu ýerde, şu derejä laýyklykda, Türkmenistanyň BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasynyň Ýerine ýetiriji komitetiniň Başlygynyň orunbasarynyň wezipesini ýerine ýetirjekdigini hem nygtap geçeliň. Ýewropa ykdysady komissiýasynyň Ýerine ýetiriji komiteti iki ýyl möhleti bilen saýlanýar we ol ÝYK-nyň dolandyryjy edarasy bolup çykyş edýär.

*Türkmenistanyň BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasynyň Başlygynyň orunbasarlygyna saýlanandygy, elbetde,* ýurdumyzyň parahatçylyk söýüjilikli, döredijilikli işjeň daşary syýasat strategiýasynyň

maksadalaýyk durmuşa geçirilmeginiň aýdyň subutnamasy boldy. Şeýle hem bu waka Türkmenistan bilen hyzmatdaşlyga ÝYK-nyň halkara ykdysady hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak, häzirki zaman dünýäsinde durnukly ösüşe ýardam etmek boýunça işiniň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hökmünde seredýändigine şaýatlyk etdi.

BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasynyň Başlygynyň orunbasarlygyna saýlanmak bilen, Türkmenistan häzirki döwrüň ählumumy meseleleriniň çözgüdi boýunça strategik başlangyçlary öňe sürmek üçin täze mümkinçiliklere eýe boldy. Şol bir wagtyň özünde hem Türkmenistanyň BMG-niň düzümleri bilen netijeli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmeginiň Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ösüşiň we rowaçlygyň ýoly bilen ynamly gadam urýan türkmen döwletimiziň durmuş-ykdysady taýdan ösmegine esli derejede ýardam berjekdigi aýdyňdyr.

BMG-niň Aziýa we Ýuwaş umman üçin ykdysady we durmuş komissiýasy barada aýdylanda, onda BMG-niň AÝUYDK-sy 1974-nji ýyla çenli BMG-niň Aziýa we Uzak Gündogar üçin ykdysady komissiýasy atlandyrylypdy, 1947-nji ýylda bolsa AÝUYDK BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň rezolýusiýasyna laýyklykda döredildi.

Komissiýanyň çäklerinde sebitiň ýurtlarynyň hyzmatdaşlygynyň meseleleri boýunça 9 sany hemişelik komitet hereket edýär. Has möhüm meseleler boýunça AÝUYDK adatça ministrleriň derejesinde maslahatlar geçirýär. Komissiýanyň hemişelik hereket edýän edarasy AÝUYDK-nyň agza ýurtlarynyň hemişelik wekilleriniň konsultatiw komitetidir.

AÝUYDK-nyň XXX mejlisi Komissiýanyň işiniň esasy ugurlaryny kesgitledi: şol ugurlar azyk we oba hojalyk; energetika; çigmal we çigmal önümleri; tehnologiýalary bermek; transmilli korporasiýalaryň işi we başga meselelerdir. AÝUYDK-nyň howandarlygynda şeýle hem Aziýa şelfinde mineral resurslaryň bilelikdäki barlaglaryny utgaşdyrmak boýunça Komitet; güýçli harasatlar boýunça Komitet ýaly ençeme edaralar hereket edýärler.

Türkmenistanyň AÝUYDK-sy bilen hyzmatdaşlygy XX asyryň 80-nji ýyllarynda ýola goýuldy. 1987-nji ýylda AÝUYDK Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Çöller institutyna çölleşmäge

garşy göreş alyp barmak boýunça onuň barlaglar geçirmegi we hünärmenleri taýýarlamagy üçin halkara merkeziniň ygtyýarlygyny berdi. Türkmenistanyň öz garaşsyzlygyna eýe bolmagy we ýurdumyzyň 1992-nji ýylyň 15-nji aprelinde AÝUYDK-nyň agzalygyna kabul edilmegi bilen Türkmenistanyň we BMG-niň bu komissiýasynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk hil we san taýdan täze derejä göterildi.

Mysal üçin, Türkmenistan eýýäm 1992-nji ýylyň aprelinde AÝUYDK-nyň ýerüsti ulagyň Aziýa infrastrukturasyny ösdürmek boýunça taslamasyny goldaýandygyny äşgär etdi we Tejen – Sarahs– Maşat demir ýolunyň gurluşygyna girişdi. 1996-njy ýylyň maýynda uzynlygy 320 *km* bolan ( Tejen – Sarahs – 120 *km*., Maşat – Sarahs -200 *km*) türkmen-eýran demir ýolunyň ulanylmaga berilmegi Transaziýa demir ýol magistralyny emele getirdi, Aziýa bilen Ýewropany birleşdirdi, hakykat ýüzünde gadymy Ýüpek ýoluny gaýtadan dikeltmäge mümkinçilik berdi.

Ýene-de bir mysal. 1997-nji ýylyň ahyrynda Transaziýa-Ýewropa süýümli-optika aragatnaşyk liniýasynyň türkmen böleginiň gurluşygy tamamlandy. Şanhaýdan (HHR) Frankfurta (Germaniýa) çenli 14 döwletiň çäginden geçen bu liniýanyň ulanylmaga berilmegi sebitiň telekommunikasiýa ulgamyny mundan beýläk-de kämilleşdirmekde möhüm ähmiýete eýe boldy.

Şunlukda, Türkmenistan BMG-niň ÝYK-sy, AÝUYDK-sy bilen hyzmatdaşlyga uly ähmiýet berýär. Şu ýerde biziň ýurdumyzyň 1998-nji ýylda Daşkent jarnamasynyň esasynda Merkezi Aziýa döwletleriniň prezidentleri we BMG-niň ÝYK-nyň, AÝUYDK-nyň Ýerine ýetiriji sekretarlary tarapyndan döredilen Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ykdysadyýetine ýardam bermek üçin Ýörite maksatnama (SPECA) hem işjeň gatnaşýandygyny nygtap geçeliň. 2011-nji ýylda SPECA-nyň 7 ýurt, ýagny Owganystan, Azerbaýjan, Gazagystan, Gyrgyzstan, Täjigistan, Türkmenistan we Özbegistan agzasy boldy. BMG-niň ÝYK-sy we AÝUYDK tarapyndan dolandyrylýan bu Maksatnamanyň wezipesi Merkezi Aziýa döwletlerine özara peýdaly hyzmatdaşlygy giňeltmäge we çuňlaşdyrmaga, olaryň ykdysadyýetiniň Ýewropa we Aziýa ýurtlarynyň ykdysadyýetine goşulyşmagyny höweslendirmäge ýardam etmekden ybarat bolup dyrýar.

Maksatnamanyň ýokary edarasy Dolandyryjy Geňeşdir we ol amala aşyrylýan işler hakyndaky hasabatlara garamak we geljekki edilmeli işler babatda strategik görkezmeleri bermek üçin ýylda bir gezek ýygnanýar. Başlyklyk ediji nobat esasda çalşylýar. 2010-njy ýylyň 19-njy oktýabrynda Türkmenistan Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ykdysadyýetine ýardam bermek üçin döredilen Ýörite maksatnamanyň başlyklygyna saýlandy we 2011-nji ýylda özünde SPECA-nyň Dolandyryjy Geňeşini we Ykdysady Forumyny kabul etdi. 2011-nji ýylyň ahyrynda biziň ýurdumyz bu Ýörite maksatnamanyň ikinji gezek başlyklygyna saýlandy.

Türkmenistanyň işjeň halkara pozisiýasy onuň BMG-niň beýleki ýöriteleşdirilen düzümleriniň agzasy hökmünde saýlanmagynda hem aýdyň ýüze çykýar. Mysal üçin, 2010-njy ýylyň 5-nji ýanwarynda Türkmenistan deňze çykalgasy bolmadyk döwletleriň toparynyň Býurosyna saýlandy. Şu ýerde deňze çykalgasy bolmadyk ýurtlaryň ministrleriniň 2003-nji ýylyň awgustynda bolup geçen Halkara maslahatynda hereket etmek boýunça Almaata maksatnamasynyň kabul edilendigini, şol maksatnamanyň deňze çykalgasy bolmadyk ýurtlaryň zerurlyklarynyň üpjün edilmegine gönükdirilen ilkinji global resminama bolandygyny, şol maksatnamada deňze çykalgasy bolmadyk ýurtlara maliýe we tehniki taýdan kömek bermek hem-de üstaşyr ýük daşamak, ulag infrastrukturasyny ösdürmek we söwdanyň ösdürilmegine ýardam bermek bilen bagly syýasata degişli anyk çäreleriň we maslahatlaryň göz öňünde tutulandygyny belläp geçeliň.

2003-nji ýylda şeýle hem deňze çykalgasy bolmadyk ýurtlara goldaw bermek baradaky halkara ylalaşyklaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek maksady bilen, BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan Ýokary wekiliň Kanselýariýasy esaslandyryldy we oňa dünýäniň 31 sany döwleti, şol sanda Merkezi Aziýanyň döwletleri hem girdiler. BMG-niň BA-nyň 2005-nji ýylyň dekabrynyň ahyrynda kabul eden ýörite rezolýusiýasynda BMG-a agza döwletler deňze çykalgasy bolmadyk ýurtlara durnukly ösüş boýunça milli maksatnamalary işläp düzmekde we olary amala aşyrmakda goldaw bermäge taýýardyklaryny tassykladylar. Donor bolup durýan ýurtlara, ýagny ösüp barýan ýurtlara tehniki ýardam berýän döwletlere, deňze çykalgasy bolmadyk ýurtlara olaryň dünýä bazarlaryna

çykmaklaryny üpjün edýän ulag geçelgeleriniň gurluşygyna pul kömegini ýa-da ýeňillikli karz pul bermek teklip edildi.

Türkmenistanyň BMG-niň täze düzümine saýlanmagy ýurdumyzyň oňa mynasypdygyny görkezdi. Çünki Türkmenistanyň geografiýa taýdan ýerleşişiniň aýratynlyklary göz öňünde tutulyp, onuň gadymy döwürlerden bäri «dünýäniň ýedi ýolunyň çatrygynda ýerleşýän ýurt» diýlip atlandyrylýandygy mälimdir. Üstesine-de, garaşsyzlygynyň ilkinji günlerinden başlap Türkmenistan döwrebap ulag-kommunikasiýa infrastrukturasynyň döredilmegine aýratyn ähmiýet berýär. Ýokarda getirilen we getiriljek delillerden görnüşi ýaly, Türkmenistanda amala aşyrylan we aşyrylýan uly möçberli taslamalar - demir ýollaryň gurluşygy boýunça durmuşa geçirilýän taslamalar, gaz geçiriji maksatnamalara degişli taslamalar we ş.m. döwletara we sebitara gatnaşyklarynyň işjeňleşmegine goşmaça saldamly ýardam berýärler.

Türkmenistan açyklyk we aýdyňlyk syýasatyny iş ýüzünde hakyky durmuşa geçirmek bilen, BMG bilen hyzmatdaşlygynyň çäklerini barha giňeldýär. Şu jähtden, has hem soňky ýyllar biziň ýurdumyzyň BMG bilen hyzmatdaşlygynda has köp möhüm kararlaryň kabul edilmegi bilen tapawutlandy. Hususan-da, 2011-nji ýylyň 27-28-nji aprelinde BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň guramaçylyk mejlisiniň bolup geçmegi we onda BMG-niň dürli guramalaryna saýlawlaryň geçirilmegi, şol saýlawlarda Türkmenistanyň 2012–2015-nji ýyllar döwri üçin BMG-niň Ilat we ösüş boýunça komissiýasyna, 2012–2015-nji ýyllar döwri üçin BMG-niň Neşe serişdeleri baradaky komissiýasyna, şeýle hem BMG-niň Bosgunlaryň işi boýunça Ýokary Komissarynyň Maksatnamasynyň Ýerine ýetiriji komitetiniň agzalygyna saýlanylmagy uzakmöhletleýin geljek üçin niýetlenen ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň aýdyň netijesi boldy.

Şol bir wagtyň özünde Türkmenistanyň Aşgabatda BMG-niň sebitleýin edaralarynyň we beýleki gurluşlarynyň agentlikleriniň açylmagy bilen bagly başlangyçlary we teklipleri öňe sürmegi, BMG-niň ulgamynda Türkmenistanyň öz diplomatik wekilhanalarynyň sanyny artdyrmagy, şol sanda 2011-nji ýylyň 11-nji martynda Birleşen Milletler Guramasynyň Ženewadaky (Şweýsariýa) edarasynyň ýanynda Türkmenistanyň Hemişelik wekilhanasynyň açylmagy Türkmenis-

tan – BMG formatdaky özara gatnaşyklaryň barha işjeňleşýändigine şaýatlyk etdi. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 2011-nji ýylyň 11-nji martynda bolup geçen mejlisiniň materiallarynda bu barada şeýle diýildi: «Bu möhüm ähmiýetli waka Watanymyzda okgunly ösüş gazanylmagyna hem-de dünýä derejesinde, şol sanda abraýly halkara guramalarynyň we ilkinji nobatda, BMG-niň çäklerinde giň we netijeli hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine gönükdirilip durmuşa geçirilýän syýasatyň anyk netijesi bolup durýar».

Ýeri gelende aýtsak, onda Birleşen Milletler Guramasynyň Ženewadaky edarasynyň ýanynda BMG-niň Çagalar gaznasy, Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasy, Adam hukuklary barada Ýokary Komissaryň müdirligi, Bosgunlaryň işi barada Ýokary Komissaryň müdirligi, Migrasiýa boýunça halkara guramasy we başga-da birnäçe esasy edaralar hereket edýär. Şeýle hem, Ženewada iri halkara guramalarynyň 25-siniň, halkara sport federasiýalarynyň 30-synyň ştab-jaýlary, hökümete degişli däl halkara guramalarynyň 250-siniň baş edaralary ýerleşýär. Şol guramalar we edaralar BMG-niň hyzmatdaşlary bolup durýarlar. Ženewada her ýyl global ösüşiň wajyp meseleleri boýunça halkara forumlarynyň, maslahatlarynyň we simpoziumlarynyň 1000-e golaýy geçirilýär. Bu ýagdaýyň Türkmenistanyň we Ženewada ýerleşýän beýleki halkara guramalaryň, ylmy merkezleriň arasynda hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagyna we ösdürilmegine ýardam etjekdigi düşnüklidir. Hususan-da, 2012-nji ýylyň oktýabrynda Türkmenistanyň DIM-niň Halkara gatnaşyklary institutynyň we Ženewanyň Syýasy Howpsuzlyk boýunça Merkeziniň arasynda özara düşünişmek baradaky Ähtnama gol çekilmegi hem munuň aýdyň subutnamasy boldy.

Şunlukda, Türkmenistan bütin dünýäde parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmegiň, ýurt, sebit we global gerimde durnukly ösüşiň üpjün edilmeginiň hatyrasyna BMG bilen hyzmatdaşlygyň çäklerini giňeltmäge gönükdirilen çäreleri yzygiderli amala aşyrýar. «BMG-niň çäklerinde ýola goýulýan gatnaşyklara we BMG-niň ýene-de birnäçe abraýly guramalaryna Türkmenistanyň agza hökmünde saýlanmagyna biz aýratyn ähmiýet berýäris – diýip, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 2011-nji ýylyň 29-njy aprelinde bolup geçen mej-

lisinde aýtdy. – Şeýle hem munuň özi türkmen döwletiniň halkara abraýynyň belende galýandygynyň, biziň ýurdumyzyň Bitaraplyk derejesi bilen şertlendirilen we ähli döwletleriň arasynda özara peýdaly hyzmatdaşlygy ýola goýmaga gönükdirilen parahatçylykly syýasatyna ýokary baha berilýändigininiň aýdyň subutnamasydyr».

Türkmenistanyň Prezidenti 2012-nji ýylyň 11-nji dekabrynda BMG-niň Baş Sekretarynyň syýasy meseleler boýunça orunbasary Jeffri Feltmany kabul edende BMG derejesindäki oňyn we köpugurly gepleşikleriň dünýä bileleşigininiň döwletlerine üçünji müňýyllygyň global meselelerini çözmek boýunça anyk çäreleri işläp düzmäge we bilelikde hereket etmekleri üçin dogry ýollary görkezmäge ýardam berip biljekdigini nygtady. Soňky ýyllarda Türkmenistan we BMG tarapyndan amala aşyrylan we aşyrylýan milli we halkara ähmiýetli bilelikdäki taslamalar bu düýpli ýörelgäniň aýdyň mysaly boldy.

**Soraglar:**

1. Türkmenistan döwletimiziň BMG-niň düzümlerinde işjeň wekilçilik etmegi üçin nähili diplomatik iş alyp barýar?
2. Öz kandidaturasyny BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň agzalygyna hödürlemek bilen Türkmenistan nähili maksatlary yzarlady?
3. Türkmenistanyň BMG-niň ÝYK-na, BMG-niň AÝUYDK-na berýän möhüm ähmiýetiniň sebäbi näme?
4. Türkmenistanyň deňze çykalgasy bolmadyk ýurtlaryň toparynyň Býurosyna saýlanmagynyň sebäbini nähili düşündirip bilersiňiz?
5. 2011–2012-nji ýyllarda Türkmenistanyň BMG bilen hyzmatdaşlygynda nähili möhüm özgerişlikler bolup geçdi?

## §3. Türkmenistanyň BMG-niň agentlikleri bilen hyzmatdaşlygy

Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasyny diňe bir ählumumy gerimde parahatçylygy we howpsuzlygy gorap saklamak işinde däl, eýsem ýurduň durnukly ösüşiniň üpjün edilmegine ýardam etmekde hem özüniň strategiki hyzmatdaşy hasaplaýar. Indi ençeme ýyllaryň dowamynda BMG durnukly ösüşiň meseleleri boýunça Türkmenistanyň tagallalaryna goldaw berip gelýär.

Häzirki wagtda Türkmenistanda BMG-niň ulgamyndan ýöriteleşdirilen agentlikleriň altysy hemişelik esasda işleýär. Olar BMG-

-niň Ösüş maksatnamasy, BMG-niň Çagalar gaznasy, BMG-niň Ilat gaznasy, BMG-niň Bosgunlar baradaky Ýokary Komissarynyň Müdirligi, Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasy, BMG-niň Neşelere gözegçilik etmek we jenaýatçylygyň öňüni almak boýunça Müdirligi, Migrasiýa boýunça halkara guramasydyr. BMG-niň Türkmenistandaky hemişelik utgaşdyryjysy, şeýle hem BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň hemişelik wekili we BMG-niň Ilat gaznasynyň wekili bu agentlikleriň işiniň utgaşdyrylmagyna jogap berýär.

BMG-niň agentlikleri tarapyndan Türkmenistanyň ösüşine berilýän ýardam BMG-niň ösüşe ýardam etmek boýunça gurluşynyň (United Nations Development Assistance Framework (UNDAF) üsti bilen amala aşyrylýar. UNDAF – munuň özi ählumumy ykrar edilen mehanizm bolmak bilen, onuň kömegi bilen BMG-niň ulgamy milli strategiýalaryň we maksatnamalaryň amala aşyrylmagy bilen bagly bolan, şeýle hem müňýyllygyň global Maksatlaryna ýetmek üçin milli zerurlyklara we ileri tutulýan ugurlara netijeli täsir edýär.

2010-njy ýyla çenli BMG-niň bu ugurdan Türkmenistana berýän ýardamy bäşýyllyk döwür üçin düzülen ýurt Maksatnamasynyň üsti bilen amala aşyrylypdy. 2009-njy ýylyň awgustynda BMG-niň ösüşe ýardam bermek boýunça alty ýyllyk, ýagny 2010–2015-nji ýyllar üçin Çarçuwaly maksatnamasyna gol çekilmegi Türkmenistanyň we BMG-niň özara hyzmatdaşlygynyň täze döwrüni açdy. Bu Maksatnama ençeme ýyllaryň dowamynda alnyp barlan hyzmatdaşlygyň tejribesinden peýdalanmak bilen Türkmenistanyň Hökümetiniň we BMG-niň agentlikleriniň utgaşdyrylan özara hereketleriniň esasy ugurlaryny kesgitledi. Has takygy, bu resminama dolandyryş, saglygy goraýyş, bilim, çagalaryň, umuman adam hukuklary, maglumat we aragatnaşyklar tehnologiýalary, daşky gurşawy goramak ýaly ulgamlary we ugurlary öz içine aldy.

UNDAF-yň çäklerinde Türkmenistanyň Hökümetiniň we BMG-niň agentlikleriniň tagallalary jemgyýeti demokratiýalaşdyrmak we kanunyň başda durmagyny, Müňýyllygyň ösüş maksatlaryna ýetmek üçin adam ösüşini, parahatçylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmak ýaly ençeme ugurlara gönükdirilendir.

Hyzmatdaşlygyň bu we beýleki strategiki taraplaryndan ugur almak bilen, BMG-niň agentlikleri Türkmenistanyň dürli milli eda-

ralaryna we institutlaryna meýilnamalary we strategiýalary işläp taýýarlamagyň meseleleri boýunça, hususan-da, Türkmenistan tarapyndan gol çekilen BMG-niň dürli konwensiýalaryny ýerine ýetirmek, şeýle hem ösüşiň dürli çäklerinde döwlet gullukçylarynyň potensialyny ýokarlandyrmak babatda ýokary hilli maslahat beriş goldawyny berýärler. Umuman, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň tejribesi BMG-niň özüni ýurdumyzyň ösüşine netijeli goldaw berýän taýsyz hem-de ynamdar hyzmatdaş hökmünde görkezendigini, bu Guramanyň ýardamy bilen gysga wagtyň dowamynda köp maksatlara ýetilendigini görkezýär.

BMG-niň ulgamynyň Türkmenistanda hereket edýän ýöriteleşdirilen agentlikleriniň bir bölegi özleriniň işiniň häsiýeti boýunça BMG-niň kömekçi edaralaryna, beýleki bölegi bolsa BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralaryna degişlidir. Şu jähtden, biz bu paragrafda olaryň diňe käbirleriniň üstünde gysgaça durup geçeris.

**Birleşen Milletler Guramasynyň Bosgunlaryň işi boýunça Ýokary Komissarynyň Müdirligi (BÝKM)** (Office of the United Nations High Commissioner for Refugees – UNHCR). Bu Müdirlik BMG-niň Baş Assambleýasynyň 4-nji mejlisinde (1949-njy ýylyň 3-nji dekabry) döredildi. Özüniň 5-nji mejlisinde Baş Assambleýa BÝKM-niň Düzgünnamasyny tassyklady (1950-njy ýylyň 14-nji dekabry) we ol 1951-nji ýylda güýje girdi. Müdirlik öz işini şol Düzgünnamanyň, bosgunlaryň statusy baradaky konwensiýanyň (1951), bosgunlaryň statusy baradaky Protokolyň (1967) esasynda alyp barýar.

BÝKM-niň Müdirligine 5 ýyl möhlet bilen Baş Assambleýa tarapyndan saýlanýan *Ýokary Komissar* ýolbaşçylyk edýär. Ýokary Komissar Baş Assambleýa ýa-da YDG-ne hasabat berýär.

Bosgunlaryň işi boýunça Ýokary Komissaryň Maksatnamasynyň Ýerine ýetiriji komiteti BÝKM-e umumy ýolbaşçylygy amala aşyrýar (Executive Committee of the Programme of the United Nations High Commissioner of Refugees). Ýerine ýetiriji komitet BMG-ä agza döwletleriň 57-sinden durýar.

Ýerine ýetiriji komitetiň ýyllyk mejlisi adatça Ženewada oktýabr aýynyň birinji ýarymynda bolup geçýär we ol bir hepde dowam edýär.

Mejlisiň çäginde müdirligiň işiniň möhüm meselelerine, onuň ileri tutýan ugurlaryna we wezipelerine seredilýär.

*Bosgunlar* – bular yzarlamalar, harby hereketler ýa-da başga adatdan daşary ýagdaýlar sebäpli özleriniň hemişe ýaşan ýurtlaryny taşlap gidýän adamlardyr. Halkara hukugynda «bosgun» düşünjesi Birinji jahan urşundan soň peýda boldy. Soňra bosgunlar meselesi Ikinji jahan urşunyň netijesinde gaty köp sanly adamlaryň göçmegi bilen dörän meseleleriň çözgüdini tapmagyň zerurlygy bilen aýratyn ýiti häsiýete eýe boldy (şol döwürde Müdirlik uruş zerarly öýsüz-öwzarsyz hem-de kömege mätäç bolan 400 müň töweregi bosguna kömek berdi). Özüniň alyp barýan ynsanperwer işi üçin BÝKM iki gezek (1954), (1981) Nobel baýragyna mynasyp boldy.

Bosgunlaryň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň meseleleri häzir hem tutuş dünýä bileleşigi üçin öz möhümligini birjik-de ýitirenok. Munuň özi, ilkinji nobatda, ählumumy wehimlere we howplara garşy göreşmek zerurlygyndan gelip çykýar. Şol wehimleriň we howplaryň hatarynda ýer ýüzüniň aýry-aýry sebitleriniň durnuksyzlygyny, döwletleriň deň ösmeýändigini, maliýe-ykdysady çökgünligiň ýaramaz netijelerini görkezmek bolar. Şeýle ýagdaýlar adamlary ýaşaýan ýerlerini üýtgetmäge mejbur edýän esasy sebäpler bolup durýar.

Mundan başga-da, dünýädäki geosyýasy ýagdaýyň üýtgemegine täsir eden, XX asyryň ahyrynda, XXI asyryň başynda bolup geçen taryhy wakalaryň bosgunlar bilen bagly meseleleriň möhüm ähmiýete eýe bolmagyna getirendigi bellidir.

BÝKM-niň işiniň esli artandygy barada şu mysal hem şaýatlyk edýär: Müdirlik döredilen wagtynda onuň 33 sany işgäri bardy, häzirki wagtda bolsa BÝKM-de bäş müňden gowrak adam işleýär, onuň 290-a golaý bölümleri dünýäniň 125 ýurdunda hereket edýär.

BÝKM-niň wezipesi syýasy häsiýete eýe däldir we ol ynsanperwer we durmuş häsiýetli wezipeleri çözmäge gatnaşýar, has takygy, onuň wezipesi bosgunlary goramakdan, olaryň meselelerini çözmegiň ýollaryny gözlemekden durýar. *Bosgunlaryň meseleleriniň çözgüdi üç topara bölünýär:* olar bosgunlaryň watanyna meýletin dolandyrylmagy; bosgunlaryň pena berýän ýurtda ýerli derejede garyşmaklary; bosgunlaryň pena beren ýurtdan üçünji ýurda göçürilmegidir.

BÝKM-niň administratiw çykdajylary BMG-niň býujetiniň hasabyna doldurylýar, Ýokary Komissarynyň işi bilen bagly ähli beýleki çykdajylar meýletin töllegleriň hasabyna tölenýär. BÝKM-niň ştabjaýy Ženewada (Şweýsariýa) ýerleşýär.

BMG-niň agzasy hökmünde parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek, belent ynsanperwerlik maksatlaryny we gymmatlyklaryny ykrar etmek bilen, Türkmenistan garaşsyzlyk ýyllarynda ýurtda bosgunlaryň hukuk ýagdaýyny düzgünleşdirýän, olaryň hukuklaryny hem-de azatlyklaryny kepillendirýän milli kanunçylygyň berk binýadyny döretdi. Hususan-da, Türkmenistan BMG-niň esasy halkara-hukuk resminamalaryna, şol sanda Bosgunlaryň statusy hakynda 1951-nji ýylda kabul edilen Konwensiýa we oňa 1967-nji ýylda kabul edilen Teswirnama, Apatridleriň statusy hakynda BMG-niň 1954-nji ýylda kabul eden Konwensiýasyna goşulyp, öz üstüne alan borçnamalaryna hem-de döwlet syýasatynyň esasyny düzýän hakyky ynsanperwerlik ýörelgelerine ygrarlydygyny tassyklady.

Şol bir wagtyň özünde Türkmenistan ynsanperwerlik bilen bagly iş alyp barýan halkara guramalary bilen ýakyndan hyzmatdaşlygy ýola goýdy we ösdürýär. Mysal üçin, 1995-nji ýylda Aşgabatda BMG-niň Bosgunlaryň işi baradaky Ýokary Komissarynyň Müdirliginiň wekilhanasy açyldy we şol wagtdan bäri wekilhana özüniň ählumumy mandatyna laýyklykda bosgunlar we raýatlygy bolmadyk adamlar üçin goragy üpjün etmek hem-de uzak möhletleýin çözgütleri gözlemek boýunça Türkmenistanyň hökümeti bilen hyzmatdaşlyk edýär.

Geçen ýyllaryň dowamynda Türkmenistan bilen BÝKMW-niň arasyndaky ysnyşykly hyzmatdaşlygyň netijesinde bosgunlaryň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň meselelerini iş ýüzünde çözmäge gönükdirilen taslamalaryň we maksatnamalaryň onlarçasy amala aşyryldy. Mysal üçin, 90-njy ýyllarda BÝKMW-niň esasy maksady 90-njy ýyllaryň başynda Täjigistanda bolan raýatara urşunyň netijesinde Täjigistany terk edip Türkmenistana gelen bosgunlara kömek bermekde Türkmenistanyň hökümetine ýardam etmek boldy. Türkmenistanyň hökümeti müňlerçe täjik bosgunlaryna öz serhedini açdy, 1994-nji ýylda bolsa köp sanly owgan bosgunlaryny kabul etdi.

Soňky ýyllarda Türkmenistan Merkezi Aziýa sebitinde raýatsyzlyk meselelerini çözmekde hem öňki hatarlara çykdy. Mysal üçin,

2005-nji ýylda 13 müňden gowrak adam meýletinlik esasynda Türkmenistanyň raýatlygyna kabul edildi, olaryň 9 500-e golaýy bolsa bosgunlar boldular. Mundan başga-da, 3 müňden gowrak adama ýaşamak üçin ygtyýarnama berildi, we şol adamlaryň hem 1 800-si bosgunlar boldy.

Ýurdumyzda raýatlygy bolmadyk adamlaryň meseleleriniň çözülmegi Türkmenistanyň halkara ynsanperwer guramalary bilen alyp barýan hyzmatdaşlygynda möhüm tapgyr boldy. Häzirki döwürde Türkmenistan bu ugurda hem oňyn tejribe toplady. 2011-nji ýylda ýurdumyz özüniň çäklerinde ýaşaýan 3000-den gowrak adama öz raýatlygyny berdi.

Ýokarda biz bosgunlar bilen bagly meseleleriň biziň şu günki günlerimizde hem halkara durmuşynyň gün tertibinde durýandygyny belläp geçipdik, olaryň sebäplerini ýüze çykarypdyk. Bosgunlaryň meselesi yslam dünýäsinde hem uly mesele bolup durýar. Muňa musulman dünýäsiniň ýurtlarynda bosgunlaryň we ondan-oňa göçýän adamlaryň 17 milliondan gowragynyň bardygy şaýatlyk edýär. Bu bolsa ynsanperwer tagallalaryň birleşdirilmegini, bosgunlaryň hukuklaryny goramak boýunça döwletleriň anyk hereketleri has işjeň işläp taýýarlamaklarynyň diňe bir ynsanperwerlik boýunça däl, eýsem syýasy we ykdysady ugurlary öz içine alýan köptaraply hyzmatdaşlygyň işjeňleşdirilmeginiň zerurdygyny görkezýär.

Şeýle çäreleriň görülmegi, bosgunlara gaçybatalga berilmegi we olaryň hemmetaraplaýyn goldanylmagy yslam dininiň hem esaslyk binýady bolup durýar. «Uýýan dinlerine, jynsyna we etniki degişliligine garamazdan, bosgunlara kömek bermek we olary goramak – bu diňe biziň hukuk borjumyz däl-de, eýsem musulman dünýäsiniň tutuş taryhynyň dowamynda okuwlarda we işlerde beýan edilen ahlak we dini borjumyzdyr, – diýip Yslam hyzmatdaşlyk guramasynyň Baş sekretary professor E.Yhsanogly özüniň «Türkmenistan» gazetiniň 2012-nji ýylyň 11-nji maýyndaky sanynda eden çykyşynda aýtdy. - «Almustamin» – gaçybatalga gözleýän adamlary goramak ýörelgesi şol okuwlarda we işlerde beýan edilipdi».

Şeýlelikde, yslamda bosgunlara bolan garaýşyň ýörelgeleri bilen bosgunlar barada häzirki zaman halkara hukugynyň arasynda kämil

gabat gelmeler bardyr diýip aýtmak bolar. Bu esas, bu doktrina diňe bir yslam ýurtlarynyň döwlet gatnaşyklarynyň çäklerinde däl-de, eýsem dünýä iş tejribesinde ähli ynsanperwer tagallalarynyň hereketlendiriji güýji bolup durýar.

Türkmenistan bosgunlar meselesi boýunça halkara hyzmatdaşlygyň işjeňleşmegine hem özüniň saldamly goşandyny goşýar. Türkmenistanyň Hökümetiniň YHG-si, BÝKM-gi bilen bilelikde 2012-nji ýylyň 11–12-nji maýynda Aşgabatda «Musulman dünýäsinde bosgunlar» atly halkara maslahatyny geçirmegi munuň aýdyň subutnamasydyr. Maslahatyň işine YHG-niň agzasy bolan ýurtlaryň wekiliýetleri, 40-a golaý halkara we hökümetara guramalaryň wekilleri, 21 döwletden synçylar gatnaşdylar.

Bosgunlaryň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň meselelerini seljermek, olary çözmekde halkara guramalarynyň eýeleýän ornuny kesgitlemek, degişli ugurda köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmek, bosgunlaryň öz Watanyna meýletin gaýdyp barmagy ýaly meseleler boýunça pikir alyşmak bu maslahatyň esasy maksady boldy. Maslahatyň gün tertibi şeýle hem Türkmenistanyň bu ugurda toplan oňyn tejribesine bagyşlanan aýratyn mejlisiň geçirilmegini göz öňünde tutdy.

Umuman, «Musulman dünýäsinde bosgunlar» atly halkara maslahat möhüm waka öwrüldi hem-de bu derwaýys ähmiýetli ynsanperwer wezipäni berjaý etmek maksady bilen, netijeli mehanizmleriň işlenip taýýarlanmagyna badalga berdi. Maslahatyň jemleýji resminamasy Aşgabat jarnamasy diýlip atlandyryldy we ol bu ugurda möhüm ähmiýete eýe boldy. Bu taryhy resminamada bütindünýä möçberinde bosgunlaryň goralmagyny üpjün etmek üçin kesgitlenen netijeli çäreler eýýäm häzirki wagtda işjeň ýagdaýda amala aşyrylýar.

2012-nji ýylyň oktýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Şweýsariýa Konfederasiýasyna resmi saparynyň çäklerinde BMG-niň Bosgunlaryň işi boýunça Ýokary Komissary jenap Antonio Guterreş bilen duşuşygy BMG-niň BÝKM-niň ugry boýunça ikitaraplaýyn hereketleriň ileri tutulýan ugurlary babatda pikir alyşmaga mümkinçilik bermek bilen, Türkmenistan bilen BMG-niň BÝKM-niň arasynda ýola goýlan netijeli hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de giňelmegine itergi berdi.

**Soraglar:**

1. Bosgunlar kimler we bosgun düşünjesi haçan peýda boldy?
2. Bosgunlar meselesiniň häzirki döwürde hem möhüm mesele bolup galmagyny näme bilen düşündirip bilersiňiz?
3. Türkmenistanyň BÝKM bilen hyzmatdaşlygy barada näme bilýärsiňiz?
4. Bosgunlaryň hukuklaryny goramaklyk yslam dininiň esaslyk binýady bolup bilermi?
5. «Musulman dünýäsinde bosgunlar» atly halkara maslahaty kim gurady we onuň ähmiýeti nämeden ybarat boldy?

**BMG-niň Neşe serişdeleri we jenaýatçylyga garşy göreş boýunça Müdirligi (BMG NSJGGM)** Office for Drug Control and Crime Prevention – ODCCP). BMG-niň NSJGGM-gi agza döwletlere BMG-niň neşeler, halkara guramaçylykly jenaýatçylyga we korrupsiýa garşy göreşmek baradaky konwensiýalary ýerine ýetirmekde, jenaýatçylyk boýunça kazyýet önümçiligini kämilleşdirmekde, terrorçylygyň we adam söwdasynyň öňüni almakda ýardam berýär. NSJGGM-gi neşelere gözegçilik etmek boýunça Maksatnamadan (NGEM) we jenaýatçylygyň öňüni almak boýunça Merkezden (JÖAM) durýar.

Neşekeşlik, neşe serişdeleriniň ýaýradylmagy we bikanun dolandyrylmagy ynsany geljeginden, hünärinden, maşgalasyndan mahrum edýär, adamlaryň ruhy, beden saglygyny, milletiň genefondyny weýran edýär we şunlukda, tutuş adamzat üçin iň bir ýowuz belalaryň biri bolup durýar. Hususan-da, BMG-niň Neşe serişdeleri boýunça Komissiýasynyň 2010-njy ýylyň maýynda Wenada bolup geçen 54-nji mejlisinde häzirki wagtda dünýäde öz ömür taparyny kesýän we daş-töwereginiň saglygyna howp salýan 150 milliondan 250 milliona çenli kämillik ýaşyna ýeten adamlaryň bikanun neşe bilen meşgul bolýandygy aýdyldy. Hut şonuň üçin hem, Türkmenistan neşelere, neşe serişdeleriniň global derejede ýaýramak howpuna garşy göreşmekligi derwaýys mesele hasaplaýar we bu ýowuz belanyň garşysyna ýurdumyzda neşe serişdelerini ýok etmek, döwletimiziň serhetleriniň üstünden neşe serişdeleriniň bikanun ýol bilen geçirilmeginiň öňüni almak üçin gümrük-geçiriş nokatlarynyň işini has-da kämilleşdirmek we ş.m.serişdeler arkaly barlyşyksyz göreşýär. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan BMG tarapyndan 1961-nji, 1971-nji we 1988-nji ýyllarda

kabul edilen neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalarynyň bikanun dolanyşygyna garşy göreşmek boýunça halkara konwensiýalarynyň üçüsine-de işjeň gatnaşýar. Şeýle hem Türkmenistan BMG-niň Neşe serişdelerine garşy göreşmek boýunça Bitewi strategiýanyň döredilmegini maksadalaýyk hasaplaýar.

Ýokarda biz Türkmenistanda Sagdyn jemgyýet howpsuzlygyny goraýyş döwlet gullugynyň döredilmeginiň bu ýowuz bela garşy göreşi has-da güýçlendirmäge mümkinçilik berendigini nygtap geçipdik. Bu gullugyň döredilmeginiň 2 ýyllygy mynasybetli onuň işgärlerine Türkmenistanyň Prezidentiniň gutlagynda gullugyň düzüminde syýasy we hukuk taýdan kämil, hünärine ussat, gaýduwsyz, mert işgärleriň döwlet syýasatyny durmuşa geçirýändikleri, neşelere garşy ýurdumyzyň hukuk goraýjy we harby edaralary tarapyndan arkalaşykly alnyp barylýan göreşiň guwandyrýandygy bellenip geçildi.

Şu ýerde Türkmenistanda neşeleriň bikanun dolanyşygyna garşy göreşmegiň we neşe serişdelerine hem-de psihotrop maddalaryna bagly adamlara kömek bermek boýunça Milli maksatnamanyň işlenip taýýarlanylandygyny we durmuşa geçirilýändigini hem nygtap geçeliň. Şeýle Maksatnamanyň ilkinjisi 2006–2010-njy ýyllar üçin taýýarlanyldy we oňa laýyklykda neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygyna garşy göreşmek, onuň öňüni almak hem-de neşä ýykgyn edýän adamlary ýüze çykarmak, bejermek bilen bagly çäreler netijeli amala aşyryldy.

Türkmenistanyň Hökümetiniň Merkezi Aziýanyň beýleki döwletleri we BMG-niň neşelere gözegçilik etmek boýunça Maksatnamasy bilen bilelikde neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň bikanun dolanyşygyna garşy göreşmek boýunça Merkezi Aziýa sebitleýin maglumat beriş-utgaşdyryş Merkezini döretmek hakyndaky Ylalaşyga gol çekmegi hem ýurdumyzyň bu ýowuz bela garşy aýgytly göreşýändiginden habar berýär.

Neşeleriň bikanun dolanyşygyna garşy göreşmek boýunça Türkmenistanyň Milli maksatnamasynyň durmuşa geçirilişinden görnüşi ýaly, onda bellenen çäreleriň esli bölegi daşary ýurt döwletleri hem-de iri halkara guramalar, ozaly bilen bolsa BMG-niň neşelere gözegçilik etmek boýunça Maksatnamasy bilen bilelikde, olar tara-

pyndan hödürlenýän maksatnamalaryň hem-de taslamalaryň çäklerinde durmuşa geçirilýär.

BMG-niň NSJGGM-niň Merkezi Aziýa boýunça Sebit wekilhanasy 1993-nji ýylda Daşkent şäherinde açyldy. Bu wekilhana Müdirligiň Azerbaýjandaky, Gazagystandaky, Gyrgyzystandaky, Täjigistandaky we Türkmenistandaky wekilhanalarynyň işini utgaşdyrmak we oňa neşeleriň sarp edilmegini we bikanun söwdasyny azaltmak, şeýle hem terrorçylygyň öňüni almak babatda şol wekilhanalara ýardam berdi.

BMG-niň NSJGGM-niň Türkmenistandaky wekilhanasy 1995--nji ýylda açyldy we ol 14 sany global, sebit we milli taslamalar boýunça iş alyp barýar. Hususan-da, şol taslamalar Türkmenistanda döwlet edaralaryna hukuk meseleleri boýunça kömek bermek; operatiw maglumatlary toplamak, seljermek we alyşmak boýunça işi kämilleşdirmek; sebitleýin hyzmatdaşlygy we özara işleşmegi gowulandyrmak; serhet gözegçiligini we serhetýaka hem-de serhetüsti hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak; neşe serişdeleriniň sarp edilişini azaltmagyň we WIÇ/SPID-iň öňüni almagyň meseleleri boýunça netijeli çäre görmek; halkara guramaçylykly jenaýatçylyga, korrupsiýa, jenaýat ýoly bilen alnan pullaryň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylyga garşy göreşde milli mümkinçilikleri pugtalandyrmak ýaly ugurlar boýunça ýardam bermäge gönükdirildi.

NSJGGM Türkmenistanyň degişli döwlet edaralarynyň we gurluşlarynyň institusional, enjamlaýyn we bilermenler babatdaky mümkinçiliklerini artdyrmaga we başarnyklaryny pugtalandyrmaga hem ýardam etdi. Müdirlik tarapyndan maliýeleşdirilýän dürli maksatnamalaryň we taslamalaryň çäklerinde soňky ýyllarda Türkmenistanyň hukuk goraýjy we harby edaralarynyň 3 müňden gowrak işgäri ýurtda we ýurduň çäklerinden daşarda degişli okuwlara gatnaşdylar we özleriniň hünärlerini ýokarlandyrdylar.

Neşe ýaly durmuş nogsanyna garşy göreşiň birjik-de gowşadylmaly däldigi aýdyňdyr. Şu jähtden Türkmenistanda neşä garşy tutuş halk bolup göreşilmegi, neşe serişdeleriniň ynsan saglygyna ýetirýän zyýany barada hem-de sagdyn-durmuş ýörelgesini wagyz-nesihat edýän çäreleriň yzygiderli hem-de toplumlaýyn geçirilmegi düşnüklidir. Türkmenistanyň 2012–2015-nji ýyllar üçin BMG-niň neşe serişdeleri

baradaky Komissiýalaryň agzalygyna saýlanmagy bu göreşi güýçlendirmekde öňe ädilen ädim boldy.

**Soraglar:**

1. BMG-niň NSJGGM nähili meseleleri çözmekde döwletlere ýardam edýär?
2. Türkmenistan neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygyna garşy nähili işler alyp barýar?
3. Türkmenistanda neşelere garşy göreşmek boýunça döwlet gullugy haçan döredildi?
4. BMG-niň NSJGGM-niň Türkmenistandaky wekilhanasy haçan açyldy we onuň alyp barýan işi barada näme bilýärsiňiz?

**Halkara migrasiýa guramasy (HMG)** (International Organisation for Migration – IOM). Häzirki döwürde adamlaryň köpüsi göçüp–gonýar we şu jähtden migrasiýa XXI asyryň global meseleleriniň biri bolup durýar.

Migrasiýa boýunça halkara guramanyň hasabatynda 2010-njy ýylda halkara migrantlaryň sanynyň 214 million adama barabar bolandygy aýdylýar. Eger bu görkezijiniň ösüşi öňki depgin bilen dowam etse, onda 2050-nji ýyla çenli migrantlaryň sanynyň 405 million adama ýetmegine garaşylýar.

Migrasiýa ýagdaýyna dünýäniň ähli ýurtlary diýen ýaly sezewar boldular we munuň özi dünýäniň migrasiýa boýunça akymlarynyň globallaşmagy bilen şertlendirilendir. Şeýle hem emigrasiýanyň we immigrasiýanyň agdyklyk edýän ýurtlary ýüze çykdy.

Migrasiýa akymynda hil taýdan üýtgeşmeler hem bolup geçdi, hususan-da, ýokary bilimli adamlaryň sany artdy. ABŞ, Kanada ýaly ýurtlar ýokary bilimli migrantlar üçin ýörite maksatnamalar işläp taýýarlaýarlar.

Mejbury migrasiýanyň ösüşi, esasan, Afrikadan gelip çykýar. Dünýäde ýaragly dawalaryň artmagy, milletara gatnaşyklaryň çylşyrymlaşmagy sebäpli, bosgunlaryň 80 göterimi başga ýurtlara gaçyp barýarlar. Zenanlar we çagalar kabul edýän ýurtlara ykdysady taýdan agram salýarlar, munuň sebäbi bu ýagdaýyň goşmaça pul harajatlaryny talap edýändigi bilen düşündirilýär.

Daşary ýurtlarda işe durmak maksady bilen, resmi däl migrasiýanyň ösüşi hem ýokarlanýar.

Merkezi Aziýada adamlar migrasiýanyň dürli görnüşlerine – wagtlaýyn, uzak-möhletleýin we hemişelik görnüşlerine sezewar bolýarlar. Migrasiýa boýunça halkara guramasy ynsanperwer we düzgüne salnan migrasiýa hökümete, migrantlara we tutuş jemgyýete peýda getirýär diýen ýörelgä eýerýär.

Migrasiýa we ösüş meselesi Merkezi Aziýada HMG-niň işinde ileri tutulýan esasy wezipe bolup durýar. Bu iş migrantlaryň, olaryň maşgalalarynyň, kabul edýänleriň we ugradýanlaryň durmuş-ykdysady taýdan ösmegini höweslendirmek, döwletara gatnaşyklaryny ilerletmek, zähmetkeş migrantlaryň hukuklaryny ileri tutmak we goramak, olara tutuş migrasiýa döwrüniň dowamynda kömek bermek we ş.m. arkaly amala aşyrylýar.

Tehniki hyzmatdaşlyk we serhetleri dolandyrmak meseleleri Merkezi Aziýada migrasiýanyň umumy ýagdaýynda möhüm orun eýeleýär. Bu wezipe adamlaryň we harytlaryň serhetlerden kanuny ýagdaýda geçmegine ýardam etmek, serhetlerden bikanun geçilmegini we düzgünleşdirilmeýän migrasiýany saklamak, sebitiň ýurtlarynyň arasynda serhetüsti hyzmatdaşlygy giňeltmek, migrasiýa meselelerini we sebitde howpsuzlygyň ugurdaş meselelerini çözmek we ş.m. arkaly amala aşyrylýar.

Migrasiýa bilen bagly meseleleri çözmekde Türkmenistan ozaly bilen öz milli kanunçylygyny kämilleşdirýär, Migrasiýa boýunça halkara guramasy bilen işjeň hyzmatdaşlygy ösdürýär. 2012-nji ýylyň aprel aýynda Türkmenistanda «Migrasiýa hakyndaky» täze kanun güýje girdi. Bu Kanun Türkmenistanyň Konstitusiýasyna we halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda ýurdumyza gelmegiň, onuň çäginde bolmagyň, Türkmenistanyň raýatlarynyň, daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň gitmeginiň tertibini kadalaşdyrýar, migrasiýa ulgamynda hukuk gatnaşyklaryny we bu işi utgaşdyrmak boýunça döwlet edaralarynyň wezipesini kesgitleýär.

Türkmenistanyň HMG-si bilen hyzmatdaşlygy bu guramanyň Türkmenistandaky edarasynyň döredilmegi (1997) we şol ýylyň sentýabrynda HMG-niň we Türkmenistanyň Hökümetiniň arasynda hyzmatdaşlyk hakyndaky ylalaşyga gol çekilmegi bilen ýola

goýuldy we soňra işjeň häsiýete eýe boldy. 1998–2011-nji ýyllarda Türkmenistanyň hökümetiniň goldaw bermeginde Türkmenistanda migrantlary geçirmek, adam söwdasynyň öňüni almak, şeýle hem migrasiýany netijeli dolandyrmakda ýerli mümkinçilikleri artdyrmak boýunça 25-e golaý taslama durmuşa geçirildi.

Hususan-da, soňky ýyllarda meýletin ibermek boýunça Maksatnamanyň çäklerinde meýletin esasda Täjigistanyň raýatlarynyň 5 müňüsi, Ermenistanyň raýatlarynyň 200-e golaýy watanlaryna gowuşdylar, Owganystandan, Yrakdan we Ermenistandan bosgunlaryň 420-den gowragy we olaryň maşgalalary ABŞ-a we Kanada hemişelik ýaşamaga ugradyldy.

Adam söwdasynyň öňüni almak baradaky Maksatnama boýunça hem çäreler durmuşa geçirildi. Mysal üçin, HMG-niň Türkmenistandaky edarasynyň ýardamy bilen ýurdumyzda hukuk goraýjy edaralaryň: Türkmenistanyň Baş prokuraturasynyň, Içeri işler ministrliginiň, Milli howpsuzlyk ministrliginiň, Döwlet migrasiýa gullugynyň, Döwlet gümrük gullugynyň, Döwlet serhet gullugynyň we Ýokary kazyýetiniň 800-e golaý işgäri adam söwdasyna garşy göreşmek babatda hünärlerini ýokarlandyrdylar.

HMG-niň Türkmenistandaky edarasynyň Türkmenistanyň Hökümeti bilen hyzmatdaşlygynda ilaty adatdan daşary ýagdaýlara taýýarlamaklyk hem uly orun tutýar. Muňa mysal edip HMG-niň Türkmenistandaky edarasynyň Türkmenistanyň Goranmak ministrligi bilen Lebap welaýatynda ilaty we ýerli häkimiýet edaralaryny tebigy apatlara taýýarlamak we tebigy apatlaryň töwekgelçiligini azaltmak boýunça geçiren işlerini görkezmek bolar. Bu uly çäräniň çäginde 21 obada ilaty tebigy apatlara taýýarlamak boýunça hereketleriň meýilnamasy, şeýle hem tebigy apatlara taýýarlamak boýunça okuw-usulyýet gollanmasy işlenip taýýarlandy, ýerli häkimiýet edaralarynyň işgärleriniň we ýaşaýjylaryň 1000-den gowragyna tälim berildi.

Netijeli hyzmatdaşlygyň netijesinde migrasiýa ýagdaýlary utgaşdyrmak üçin Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde maglumat merkezi, ýurduň Mejlisiniň, DIM-niň, Içeri işler ministrliginiň, Adalat ministrliginiň, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary baradaky türkmen milli institutynyň

wekillerinden ybarat milli işçi topary döredildi. Bu topar migrasiýa baradaky milli kanunçylygy kämilleşdirmek, migrasiýa syýasaty boýunça teklipleri işläp taýýarlamak bilen meşgullanýar.

Şunlukda, Türkmenistanyň Halkara migrasiýa guramasy bilen hyzmatdaşlygy barha ösýär. 2013-nji ýylyň aprelinde Halkara migrasiýa guramasynyň Baş direktory jenap Leýsi Swinginiň halkara maslahatyna gatnaşmak maksady bilen, Türkmenistanda bolmagy we munuň bilen baglylykda bolup geçen duşuşyklarda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň geljegi uly bolan ugurlarynyň ara alnyp maslahatlaşylmagy däbe öwrülen gatnaşyklaryň giňelmegine ýardam etdi.

Şu ýerde Türkmenistanyň 1997-nji ýylyň noýabryndan bäri Halkara migrasiýa guramasynyň işine synçy hökmünde gatnaşyp gelendigini hem nygtap geçmek gerek. 2013-nji ýylyň 30-njy noýabrynda Halkara migrasiýa guramasynyň Geňeşiniň 103-nji sessiýasynda Türkmenistan bu guramanyň doly hukukly agzalygyna kabul edildi we munuň özi biziň ýurdumyzyň HMG-niň, dünýä bileleşiginiň öňünde duran möhüm wezipeleriň çözgüdine has hem işjeň gatnaşmagy üçin giň mümkinçilikler açdy.

**Soraglar:**

1. Migrasiýanyň XXI asyryň global meselesine öwrülmeginiň sebäbi näme?
2. Migrasiýa ýagdaýlaryna haýsy ýurtlar sezewar bolýarlar?
3. Resmi däl migrasiýa diýip nämä düşünýärsiňiz?
4. Migrasiýanyň we ösüş meselesiniň arabaglanyşygyny nämede görýärsiňiz?
5. Türkmenistanyň HMG-si bilen hyzmatdaşlygy barada näme bilýärsiňiz?

## §4. BMG-niň Merkezi Aziýada öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Sebit merkezi bilen Türkmenistanyň hyzmatdaşlygy

Diplomatiýa üçin wakalary öňünden duýmak zerurlygy indi hiç-hili düşündiriş talap etmeýär. Hut şonuň üçin hem syýasatşynaslaryň we bilermenleriň köpüsi häzirki zaman şertlerinde öňüni alyş diplomatiýasynyň örän wajypdygyny belleýärler.

Şol bir wagtyň özünde hem ÖAD-sy täze bir düşünje däldir. Üstesine-de, onuň uzak taryhy bardyr. Adamzat gapma-garşylygy ilki ýüze

çykan wagtynda aradan aýyrmaklygyň eýýäm dörän çylşyrymly ýagdaýy, aýratyn hem ol harby häsiýete eýe bolup, adam pidalaryna getiren halatyndakydan has ýeňildigi baradaky netijä bir eýýäm gelipdir.

Mysal üçin, kitabyň birinji babynda biz baryp b. e. öňki I müňýyllykda, Hindistanda ösen diplomatiýanyň, şol sanda öňüni alyş diplomatiýasynyň bolandygyny nygtap geçipdik. Şonuň üçin hem hindi diplomatiýasy diplomatlara mahsus bolmaly häsiýetlere we sypatlara uly üns beripdir, sebäbi olar bilen diplomatiýa işiniň netijeliligi gönüden-göni bagly hasap edilipdir. Hindi diplomatlary urşuň öňüni almagyň usullary barada hem pikirlenipdirler we şunlukda, ýurduň daşary diplomatik gullugynyň öňünde döwletleriň niýetlerini aňmak, olaryň meýilnamalaryny bilmek we şunlukda, ýurdy oňa abanýan howpdan goramak ýaly wezipeler goýlupdyr.

XX asyryň ortalarynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary *Dag Hammarşeld halkara syýasy söz goruna ilkinji gezek «öňüni alyş diplomatiýasy» adalgasynyň girizilmegine ýardam etdi.* Onuň pikiriçe, ýerli gapma-garşylyklaryň sebit ýa-da global ýagdaýyna geçmekliginiň öňüni almak ÖAD-nyň esasy maksady bolup durýar. Hammarşeld bu wezipäniň çözgüdini gapma-garşylygyň çalt, oňa üçünji döwlet goşulyp ýetişmänkä öňüni almagy üpjün etjek serişdeleri gözlemegiň ýoly bilen amala aşyrylmagynda görýär.

Öňüni alyş diplomatiýasynyň häzirki zaman taglymatyny 1992--nji ýylda (şol döwürde BMG-niň Baş sekretarynyň wezipesinde bolan) Butros Gali öňe sürdi. Ol özüniň «Parahatçylyk üçin gün tertibi» atly dokladynda öňüni alyş diplomatiýasyny «…taraplaryň arasynda jedelleriň ýüze çykmagynyň öňüni almaga, bar bolan jedelleriň gapma--garşylyklara öwrülmegine ýol bermezlige we gapma-garşylyklar döränden soň olaryň möçberlerini çäklendirmäge gönükdirilen hereketler» – diýip kesgitledi.

1997-nji ýylda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 52-nji mejlisinde BMG-niň Baş sekretary Kofi Annanyň dokladynda ÖAD-nyň hemmeler tarapyndan kabul edilen konseptual düzgünleri beýan edildi. Şol dokladda, hususan-da, «islendik gowy gurnalan jemgyýetiň esasy pikiri onuň agzalarynyň zorluga ýüzlenmän, eýsem öz aralaryndaky agzalalyklary haýsy hem bolsa başga bir usul bilen çözmekleriniň kepillendirilmegi bolup durýar. Birleşen Milletler Guramasynyň

esasy maksatlaryndan biri serişdeler bermek we olaryň kömegi bilen dawalaryň ilkinji sebäplerini aradan aýyrmak, dawalary togtatmak we tertibe salmak bilen parahatçylykly özgerişleriň göwrümini giňeltmekdir» – diýlip aýdyldy.

Öňüni alyş diplomatiýasy adaty diplomatiýanyň umumy kabul edilen düşünjesinden gapma-garşylyklaryň ýüze çykmagyna getirýän ýagdaýlary ýüze çykarmaga we iň irki döwürde mümkin bolan howplaryň çeşmelerini ýok etmäge gönükdirilen syýasy çäreleriň toplumyny özünde jemleýändigi bilen tapawutlanýar. Şol bir wagtyň özünde hem ÖAD-sy mümkin bolan meseleleri çözmegiň ýeke-täk usuly däldir; döwletleriň syýasy erki öňüni alyş diplomatiýany netijeli durmuşa geçirmegiň aýgytlaýjy faktory bolup durýar.

Sebit howpsuzlygynyň üpjün edilmegi häzirki wagtda dünýä bileleşiginiň öňünde durýan has möhüm meseleleriň biridir. Durmuş--ykdysady meseleler, tebigy serişdelerden peýdalanmaklyga deň elýeterliligiň bolmazlygy, ekologiýanyň bozulmagy, terrorçylyk, neşe serişdeleriniň we ýaraglaryň ýaýradylmagy, adam hukuklarynyň we kanunyň ileri tutulmagy ýörelgeleriniň ençeme halatlarda berjaý edilmezligi sebit, umuman halkara howpsuzlygy üçin çynlakaý howp döredýär.

Halkara howpsuzlygy tutuşlygyna halkara birleşiginiň dünýäniň ähli sebitlerinde durnuklylygy üpjün edip bilşine baglydyr. Diplomatiýa siwilizasiýanyň döwletleriň arasyndaky gatnaşyklarda güýç ulanmagyň öňüni almak üçin oýlap tapan iň gowy serişdesi bolup durýar. Öňüni alyş diplomatiýasy bolsa döwletara jedelleri we gapma-garşylyklary syýasy taýdan düzgünleşdirmegiň has möhüm gurallarynyň biri hökmünde çykyş edýär.

Howpsuzlyga we durnuklylyga howp salýan harby, ykdysady ýa-da ekologiýa hadysalarynyň öňüni almaga gönükdirilen öňüni alyş çäreleriniň jemi hökmünde ÖAD-sy häzirki wagtda diplomatlar, halkara, sebitleýin we hökümete degişli däl guramalaryň resmi adamlary tarapyndan peýdalanylýar. Häzirki wagtda öňüni alyş diplomatiýasynyň taglymatyny işläp düzmekde we çuňlaşdyrmakda esasy orun BMG-ä degişlidir. Ýerli we sebit gapma-garşylyklary çözmegiň, şeýle hem islendik çökgünlik ýagdaýynyň öňüni almagyň meseleleri köp sanly sebit we halkara guramalaryň, ilkinji nobatda bolsa Birleşen Milletler Guramasynyň gün tertibine girizilendir.

XX asyrda adamzadyň başdan geçiren iki jahan urşunyň netijeleri, ýadro heläkçiliginiň howpy syýasy oýlanmany düýpli özgertdi. Howpsuzlygyň aýry-aýrylykda gazanylmagy mümkin däldir. Başga sözler bilen aýdylanda, bir ýurduň howpsuzlygy sebitde, yklymda, tutuş dünýäde howpsuzlyk bolmazdan üpjün edilip bilinmez. Döwlet, sebit, yklym we global derejelerde howpsuzlygyň meseleleri biri-biri bilen ýakyndan baglanyşyklydyr.

Merkezi Aziýa çäklerinde döwletleriň bäşisi – Gazagystan, Gyrgyzystan, Täjigistan, Türkmenistan we Özbegistan ýerleşýän sebitdir. Bu sebit ýaly ýurtlary biri-biri bilen şeýle ýakyn özarabaglanyşykly bolan sebitler dünýäde köp däldir. Soňky ýyllarda Merkezi Aziýanyň ähli ýurtlary özleriniň döwletliligini ösdürmekde, ykdysady ösüşde we öz milliliklerine düşünmekde esli öňe gidişliklere eýe boldular. Howpsuzlygyň köne we täze wehimleriniň bardygyna seretmezden, Merkezi Aziýa ýurtlaryna açyk gapma-garşylyklardan üstünlikli gutulmak başartdy. Munuň özi sebitde syýasy erkiň, özara gepleşikleriň we gapma-garşylyklaryň öňüni almak mümkinçilikleriniň bardygyna şaýatlyk edýär.

Şol bir wagtyň özünde Merkezi Aziýa döwletleriniň aýratynlykda we bilelikde sebitde durnuklylygy we howpsuzlygy saklamak ugrunda degerli çäreleri görýändiklerine garamazdan, olaryň işinde serhetüsti jenaýatçylyga, şol sanda terrorçylykly toparlara we neşe serişdeleriniň söwdasyny edýänlere, bar bolan başga wehimlere garşy göreşmek meseleleri häzirlikçe gün tertibinde durmagyny dowam etdirýär. Hususan-da, sebit üçin ekologiýa howpsuzlygy, şeýle hem suw we energiýa ýaly umumy serişdeleriň rejeli peýdalanylmagy uly ähmiýete eýe bolup durýar. Aral deňziniň guramagy bilen bagly derwaýys meseleler bireýýämden bäri Merkezi Aziýa sebitiniň çäginden çykdy. Tutuş Merkezi Aziýa sebitine durnuksyzlygyň ýaýramagynyň howp salmagy göz öňünde tutulanda, Owganystandaky ýagdaý Merkezi Aziýadaky ýagdaýa öz täsirini ýetirýär. Sebit global derejedäki maliýe-ykdysady çökgünlik ýaly ýagdaýyň hem täsirine düşýär, ýöne onuň Merkezi Aziýa döwletlerine ýetirýän täsiri birmeňzeş bolmaýar.

Şeýle şertlerde 2007-nji ýylyň 10-njy dekabrynda Aşgabatda Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýada öňüni alyş diplo-

matiýasy boýunça Sebit merkeziniň açylmagy uly waka boldy. Elbetde, Aşgabat şäheriniň sebit merkeziniň ştab-jaýynyň ýerleşýän ýeri hökmünde seçilip alynmagy Türkmenistan üçin uly abraý boldy we muny biziň halkymyz ýurdumyza bildirilen uly ynam we hormat hökmünde kabul etdi. Şol bir wagtyň özünde sebit merkeziniň ştab-jaýynyň ýerleşmegi üçin Aşgabadyň saýlanyp alynmagy mundan hem başga ençeme ýagdaýlar bilen bagly bolan bolmaly. Ozaly bilen, Türkmenistanyň Bitaraplyk derejesi BMG-niň sebit merkeziniň ştab-jaýyny Aşgabatda ýerleşdirmek üçin esasy şertleriň biri boldy diýip aýtsa bolar. Üstesine-de, Bitarap Türkmenistan eýýäm şol döwre çenli özüni parahatçylyk döredijі ýurt hökmünde görkezipdi, özüniň anyk işleri bilen sebitleýin dawalaryň öňüni almakda esasy roly oýnap biljekdigini iş ýüzünde subut edipdi. Mysal üçin, Türkmenistanyň Bitarap döwlet hökmünde öz ylalaşdyryjylyk mümkinçiliklerini ulanmak bilen, Täjigistandaky ýagdaýlary düzgünleşdirmek boýunça täjigara gepleşikleri geçirmek başlangyjy bilen çykyş edendigini, şol gepleşikleriň bolsa 1995–1996-njy ýyllarda Aşgabatda geçendigini, şeýle hem 1997-nji ýylda Türkmenistanyň owganara gepleşikleriň we Owganystan boýunça halkara forumyň geçirilýän ýerine öwrülendigini ýatlap geçmek ýeterlikdir. Galyberse-de, bu meselede sebitiň we dünýäniň duçar bolýan wehimlerine jogap hökmünde uzakmöhletleýin çözgütleri gözläp tapmak üçin Türkmenistanyň artýan tagallalarynyň hem göz öňünde tutulandygy aýdyňdyr. «Bu gün biz sebitiň we dünýäniň duçar bolýan wehimlerine jogap hökmünde uzakmöhletleýin çözgütleri gözläp tapmak üçin Türkmenistanyň aýratyn tagallalaryny synlap bilýäris» diýlip «Öňüni alyş diplomatiýasy we oňyn bitaraplyk – nurana geljegiň kepili» atly halkara maslahatynyň materiallarynda aýdyldy.

BMG-niň MAÖADSM-niň wezipesi barada aýdylanda, onda bu Merkez BMG-niň sebitleýin möçberdäki öňüni alyş işine ýöriteleşýän ilkinji syýasy düzümidir we onuň maksady Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Täjigistanyň, Türkmenistanyň we Özbegistanyň sebitde bar bolan halkara terrorçylyk we ekstremizm, neşeleriň bikanun dolanyşygy, guramaçylykly jenaýatçylyk, daşky gurşawyň ýagdaýynyň ýaramazlaşmagy ýaly wehimlere, umuman sebitde ýüze

çykýan howplara garşy durmak isleglerinde olara kömek bermekden ybaratdyr.

2012-nji ýylyň dekabrynda BMG-niň MAÖADSM özüniň döredilmeginiň 5 ýyllygyny belledi. Şu geçen döwürde Merkez Merkezi Aziýanyň ýurtlarynyň hökümetleri hem-de halkara guramalary bilen ýakyn hyzmatdaşlykda hereket etmek bilen, sebitiň giň hyzmatdaşlygy, gepleşikler we gurallar üçin meýdança hökmünde öz eýeleýän ornuny berkitdi. Merkez sebitde onuň çäklerinden daşarda ykrar edilen hyzmatdaş bolup, dünýä howp salyp biljek we sebitde howpsuzlygy döredip biljek meseleleriň özara kabul ederlikli çözgütlerini kesgitlemekde we işläp taýýarlamakda Merkezi Aziýa ýurtlaryna ýardam berdi we berýär.

Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasynyň Sebit merkeziniň işiniň esasy ýörelgeleriniň biri adalatlylyk sözünde has gowy beýan edilýär. Munuň sebäbi sebitdäki wehimlere jogaplary gözläp tapmakda Merkeziň taraplaryň hemmesiniň bähbitlerini we ynjalyksyzlygyny doly derejede nazara almagydyr. Ýene-de bir ýörelge, ol hem täzeçillikdir, köne çözgütlerden gaça durmakdyr. Bu ýörelge sebitiň ýurtlary bilen gatnaşyklar we gepleşikler arkaly umumy ynjalyksyzlygy döredýän meseleler boýunça oňaýly çäreleri işläp düzmäge kömek edýär. Hut şu ýörelgeler dawa töwekgelçiligini peseltmek ýa-da käbir ýagdaýlarda eýýäm dörän ýagdaýlary çözmäge kömek etmek üçin özara kabul ederlikli ädimleri şertlendirýär.

Abraýly halkara düzümleri bilen gatnaşyklarynyň çäklerinde Sebit merkezi BMG-niň ählumumy terrorçylyga garşy strategiýasyny amala aşyrmagyň üstünde bilelikdäki işleri alyp barýar, suw-energetika meselelerini çözmegiň oňaýly usullaryny üns bilen öwrenýär, Owganystandaky ýagdaýy durnuklaşdyrmagyň we parahatçylykly çözmegiň ýoluny gözleýär, diplomatlaryň täze nesillerini ýetişdirmäge we döwlet gullukçylarynyň öňüni alyş diplomatiýasy ulgamynda zerur bolan endiklere eýe bolmagyna ýardam edýär. Umuman, Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasynyň Sebit merkezi tutuş sebitde parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek, Merkezi Aziýanyň ýurtlarynyň arasynda ynanyşmagy berkitmek we hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin şert döretdi.

Sebit Merkeziniň işi halkara gatnaşyklar ulgamynda iş tejribesi bolan, şeýle hem Merkezi Aziýa sebitiniň syýasy we medeni aýratynlyklaryny gowy bilýän işgärler tarapyndan alnyp barylýar.

BMG-niň Merkezi Aziýa üçin ÖAD-sy boýunça Sebit merkeziniň iş tejribesi soňky birnäçe ýylyň içinde BMG-niň dünýäniň beýleki sebitlerinde döreden (Merkezi Afrika üçin BMG-niň sebit edarasy, Günbatar Afrika üçin BMG-niň edarasy) we dörediljek sebit merkezleri üçin hem örän möhüm bolup durýar. Elbetde, bu tejribäniň beýleki sebit merkezleri tarapyndan köptaraply nusga hökmünde gönüden-göni peýdalanylyp bilinmejekdigi, sebäbi her sebitiň özüniň taryhy we medeni aýratynlyklarynyň bardygy aýdyňdyr. Şol bir wagtyň özünde hem Aşgabat Sebit merkezi tarapyndan işlenip taýýarlanylan ýörelgeler we usullar sebitara hyzmatdaşlygyň ösmeginde tejribe alyşmak üçin örän peýdaly bolup biler.

BMG-niň Merkezi Aziýa üçin ÖAD-sy boýunça Sebit merkeziniň döredilmegi BMG-niň we Merkezi Aziýa döwletleriniň, şol sanda BMG bilen Türkmenistanyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň täze tapgyry boldy. Şeýle hem biziň ýurdumyz Sebit Merkeziniň netijeli hereket etmegini üpjün etmek, onuň ýolbaşçylarynyň we işgärleriniň netijeli işlemegi üçin syýasy we guramaçylyk şertlerini döretmekde uly tagallalar edýär. Başgaça aýdanymyzda, sebit hyzmatdaşlygyny ösdürmeklige, sebitde parahatçylygy hem-de howpsuzlygy üpjün etmäge gönükdirilen işini amala aşyrmakda Türkmenistan BMG-niň Sebit merkezine turuwbaşdan yzygiderli ýardam berip gelýär.

Şol bir wagtyň özünde Türkmenistanyň daşary syýasy başlangyçlarynyň, tekliplериniň belli bir derejede BMG-niň öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Sebit merkeziniň ygtyýarlyklary bilen baglydygy, olaryň Sebit merkeziniň öňünde durýan wezipeleri şöhlelendirýändigi, şeýle hem Türkmenistanyň we BMG-niň MAÖADSM-niň arasynda netijeli hyzmatdaşlygyň ösüşine täze badalga berýändigi düşnüklidir. Şeýle hem BMG-niň MAÖADSM-niň işinde hem bitaraplyk ýörelgelerine eýermegiň möhüm ähmiýeti bardyr. Şol ýörelgelere ygrarlylyk we gapma-garşylyklary gepleşikler arkaly çözmäge hem-de özara bähbitli çözgütleri tapmaga ýardam bermek häzirki döwrüň halkara tejribesinde möhümdir we olar ÖAD-nyň tagallalarynda hem wajyp orna eýedir.

BMG-niň Merkezi Aziýa üçin ÖAD-sy boýunça Sebit merkezi howpsuzlygyň syýasy, ykdysady, energetika, ekologiýa we beýleki

görnüşlerini işläp taýýarlamagyň mehanizmi bolmak bilen, ol şeýle hem Merkezi Aziýada umumy howpsuzlyk ulgamynyň döremegine ýardam edýär. Sebitde howpsuzlyk meseleleriniň çözülmegi, elbetde, diňe konsensus esasynda mümkindir. Konsensus, şeýle hem ÖAD-nyň girewleri bolsa diňe BMG-niň howandarlygynda, onuň hukuk gurluşlarynyň, onuň dünýädäki ägirt uly ahlak abraýynyň bahasyna ýetip bolmajak tejribesiniň esasynda üpjün edilip, täsirli işläp we hakyky netijeler getirip biler.

Şunlukda, Türkmenistan BMG-niň MAÖADSM-ne Birleşen Milletler Guramasynyň möhüm düzümi hökmünde garaýar, sebäbi ol BMG-niň belent ýörelgelerini we maksatlaryny netijeli amala aşyrmaga hyzmat edýär. «Merkez özüniň işläp gelýän 5 ýylynyň dowamynda Merkezi Aziýa sebitinde möhüm meseleleri çözmek boýunça uly işleri ýerine ýetirdi» diýip, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow «Öňüni alyş diplomatiýasy we oňyn bitaraplyk – nurana geljegiň kepili» atly halkara maslahatynda eden çykyşynda aýtdy. - Şu döwürde döredilen syýasy-diplomatik usullar Merkezi Aziýada parahatçylygy, howpsuzlygy, durnuklylygy we durnukly ösüşi üpjün etmek boýunça biziň bilelikdäki tagallalarymyzy birleşdirmäge mümkinçilik berýär».

**Soraglar:**

1. «Öňüni alyş diplomatiýasy» adalgasy haçandan bäri ulanylýar?
2. ÖAD-nyň häzirki zaman taglymatyny haçan we kim öňe sürdi?
3. ÖAD-sy adaty diplomatiýadan özüniň haýsy häsiýeti bilen tapawutlanýar?
4. ÖAD-nyň taglymatyny işläp düzmekde we ony çuňlaşdyrmakda BMG nähili rol oýnaýar?
5. Merkezi Aziýa sebitinde ýüze çykan howplar barada näme bilýärsiňiz?
6. BMG-niň Merkezi Aziýada öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Sebit merkezi haçan we nirede açyldy, onuň maksady nämeden ybarat?
7. Sebit hyzmatdaşlygyny ösdürmäge we sebitde parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmäge gönükdirilen işinde Türkmenistan Sebit merkezine nähili kömek berýär?
8. BMG-niň MAÖADSM-niň öz işinde bitaraplyk ýörelgesine eýermeginiň ähmiýetini näme bilen düşündirip bolar?

## §5. BMG-niň ösüş tejribesi we Guramanyň özgerdilmegi barada Türkmenistanyň nukdaýnazary

Adamzat siwilizasiýasyny weýran ediji dünýä uruşlaryndan azat etmek, ýer ýüzünde adalatlylygy ýola goýmak maksady bilen, hakyky köptaraplaýyn, halkara hökümetara syýasy guramanyň – Birleşen Milletler Guramasynyň döredilmeginiň örän möhüm ähmiýeti boldy. Ozaly bilen dünýäniň ähli halklarynyň we döwletleriniň birleşmeginiň özi, şeýle hem döwletleriň özbaşdak deňhukuklylyk ýörelgesiniň, birek-biregiň içerki işlerine gatyşmazlyk boýunça ählumumy borçnamanyň ykrar edilmegi uly üstünlik, ösüş boldy. BMG-niň ýardamy bilen gizlin diplomatiýanyň roly peseldi, dünýä açyk, adamzat bolsa onda bolup geçýän zatlar barada has habarly boldy.

Ýöne XX asyryň 40-njy ýyllarynyň ikinji ýarymyndan başlan «sowuk uruş» we onuň döreden «atom diplomatiýasy», döwletara gatnaşyklarynyň ideologiýalaşdyrylmagy BMG-niň işine juda ýaramaz täsir etdi. Başga-ça aýdylanda, BMG-niň işinde jarnamalaýynlyga tarap ugur ösdürildi. Gurama döwletleriň hereketlerini ylalaşdyryjy merkezi bolman, eýsem köp babatda prokuror münberine öwrüldi. Netijede, BMG öz hakyky wezipelerini çözmekden daşlaşdyryldy. Şu ýerde ýene-de bir bellemeli zat, ol hem BMG-niň has ýokary işjeňligi syýasy dartgynlygyň azda-kände gowşan we dowamy uzak bolmadyk döwürlerine gabat geldi.

Bu aýdylanlar, elbetde, BMG-niň işinde üstünlik bolmady diýmegi aňlatmaýar. Hatda iň dartgynly döwürlerde hem BMG özünde syýasy gepleşikleri alyp barmagyň tarapdarynyň tapylgysyz roluny oýnady, bu bolsa biri-birine garşy duran taraplara iň bir çykgynsyz ýagdaýlardan çykalga tapmaga mümkinçilik berdi. Umuman, BMG döredilenden soňky döwürde onuň işiniň esasy ugurlary Guramanyň Düzgünnamasynyň talaplaryna ýakyn boldy. Dünýä bileleşigi tarapyndan täze jahan urşunyň öňüniň alynmagy, baknaçylyk ulgamynyň dargamagy we halkara gatnaşyklaryň çäginde deňhukukly subýektler hökmünde 100-den gowrak täze garaşsyz döwletleriň döremegi – bularyň hemmesi BMG-niň ýokary ýörelgeleriniň we maksatlarynyň amala aşyrylmagynyň aýdyň subutnamasy boldy. BMG-niň başlangyjy bilen köpsanly köptaraplaýyn resminamalaryň işlenip düzülme-

gi we halkara hukugynyň aýry-aýry pudaklary boýunça kanunlaryň ulgamlaşdyrylmagy we utgaşdyrylan bir ulgama birleşdirilmegi, şol sanda adam hukuklarynyň halkara kodeksiniň işlenip düzülmegi we halkara hukugynyň progressiw ugur bilen ösmegi hem Guramanyň bitiren uly hyzmatlary boldy.

XX asyryň 80-nji ýyllarynyň aýagynda iki ulgamyň – kapitalizmiň we sosializmiň arasyndaky ideologiýa taýdan gapma-garşylygyň ýa-da «sowuk urşuň» tamamlanmagy bilen dünýäde BMG-niň galkynmagyna mümkinçilik beren hyzmatdaşlyk ýagdaýy döredi. Täze şertlerde BMG barha bähbitleriň deňagramlylygyny bilelikde gözlemegiň merkezine öwrüldi, özüniň ilkibaşdaky ideallaryny has doly durmuşa geçirmäge mümkinçilik aldy, döwletleriň barha jebisleşmegine ýardam edip başlady.

Elbetde, ideologiýa taýdan gapma-garşylykly dünýäden uruşsyz dünýäniň gurulmagyna, ählumumy parahatçylygyň üpjün edilmegine tarap barýan ýol ýönekeý, ýeňil bolmaýar. Hut şonuň üçin 90-njy ýyllaryň başyndan başlap halkara gatnaşyklaryna iki ugur häsiýetli boldy. *Bir tarapdan,* iki syýasy ulgamyň arasyndaky gapma-garşylyk öz mümkinçiliklerini sarp edip gutardy. «Sowuk urşuň» tamamlanmagy, jemgyýetçilik aňda täze syýasy oýlanmanyň ornaşmagy, biziň muny ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, halkara gatnaşyklarynyň gowulaşmagyna getirdi. Adamzadyň taryhynda «syýasatyň guraly hökmünde uruş kanunyň goragyndan daşarda» diýlip yglan ediljek wagtynyň geljekdigine bolan ynam döredi. *Beýleki tarapdan* bolsa, dünýäde milli, etniki, dini alamatlar boýunça bölünişmek bilen bagly täze meseleler, şeýle hem terrorçylyk, neşekeşlik ýaly wehimler we howplar ýüze çykdy. Şol wehimler howpsuzlygyň halkara gurşawyny öňki ýyllardakysyndan hem beter çylşyrymlaşdyrdy. Mysal üçin, ozaly bilen onda harby güýç ulanylýan döwlet içinde bolýan dawalaryň sany köpeldi. Hususan-da, soňky iki onýyllykdan gowrak wagtyň içinde dünýäde 82 uruş bolup geçdi. Bellemeli zat, ol hem şol uruşlaryň 79 sanysynyň raýatara urşy, diňe üçüsiniň bolsa döwletara häsiýete eýe bolmagydyr. Şu jähtden, BMG-niň öňki Baş sekretary Kofi Annanyň aýdan sözlerini ýatlap geçmek ýerliklidir. 2001-nji ýylyň 2-nji fewralynda BMG-niň Baş sekretarynyň ýanyndaky ýaragsyzlanmak boýunça mas-

lahatçy Geňeşde eden çykyşynda K. Annan şeýle diýdi: «Belli bir derejede gapma-garşylyklar ozalkylaryndan hem has howply ýagdaýa eýe boldular. Biz diňe bir ýadro howpunyň öňünde durmagymyzy dowam etdirmeýäris, üstesine-de, şol howplar täze ýaraglaryň peýda bolmagy, döwletleriň içinde zorlugyň, mejbur etmeleriň täze ýüze çykmalary bilen çylşyrymlaşýar. Şol bir wagtyň özünde hem şol wehimler we howplar bilen geň galaýmaly derejede barlyşyk edilmegi duýulýar».

Şeýle şertlerde häzirki zaman dünýä düzgünleriniň daýanjy bolup durýan, bütin adamzadyň umyt-arzuwlarynyň hasyl bolmagy ugrunda tagalla edýän gurama hökmünde BMG öz öňünde dünýäde toplanan ägirt uly täze güýji diňe döredijilikli maksatlara, täze umumyadamzat öýüni gurmaklyga gönükdirmek ýaly ýeňil bolmadyk, sözüň doly manysynda, täzeçilikli maksady goýdy we şol maksady durmuşa geçirmek, başga-ça aýtsak, döwletleriň döredijilikli işiniň, halkara gatnaşyklaryň adalatly we sazlaşykly ulgamyny döretmegiň ygtybarly daýanjy bolmak ugrunda hereket edýär.

Birleşen Milletler Guramasynyň Müňýyllygyň ösüş maksatnamasy boýunça Jarnamasynda (2000-nji ýylyň 8-nji sentýabrynda BMG-niň BA-nyň rezolýusiýasy tarapyndan tassyklanyldy) BMG-niň agza döwletleriniň Guramanyň Düzgünnamasynyň maksatlaryna we ýörelgelerine wepalydyklary ýene bir gezek tassyklanyldy. Onda hususan-da, BMG-niň ýörelgeleriniň «möhümligi we olaryň ruhlanmanyň çeşmesi bolup hyzmat etmekdäki başarnygy ýurtlaryň we halklaryň barha özarabaglanyşykly we özara garaşly boldugyça ýokarlanýar» diýlip aýdyldy. Şeýle hem 2005-nji ýylda BMG-niň 60 ýyllygynyň bellenilmegi bilen bagly bolan materiallarda Guramanyň parahatçylygy goramakda, dawaly ýagdaýlary tertibe salmakda, ýaragsyzlanmakda, ykdysady we durmuş hyzmatdaşlykda, adam hukuklarynyň üpjün edilmeginde, halkara hukugy ulgamlaşdyrmakda we utgaşdyrylan bir ulgama birleşdirmekde we başga meselelerde esli netije gazanandygy bellenip geçildi. Şol bir wagtyň özünde hem şol materiallarda halkara bileleşiginiň öňünde duran esasy maksatlar (parahatçylyk, howpsuzlyk, ýaragsyzlanmak; ösüş we garyplygyň, gedaýlygyň soňuna çykmak; daşky gurşawy goramak; adam hukuklary, demokratiýa; Afrikanyň aýratyn talaplarynyň kanagatlandyryl-

magy) sanalyp geçildi, BMG-niň işiniň täsirliligini ýokarlandyrmagyň ýollarynyň has aýdyň kesgitlenilmeginiň zerurdygy nygtaldy.

Birleşen Milletler Guramasyny pugtalandyrmak, ony has täsirli gurama öwürmek boýunça iş 1974-nji ýylda döredilen BMG-niň Düzgünnamasy we guramanyň roluny güýçlendirmek boýunça Ýörite komitetiň, şeýle hem XX asyryň 90-njy ýyllarynda Howpsuzlyk Geňeşiniň özgerdilmegi, parahatçylyk üçin Gün tertibi, ösüş üçin Gün tertibi, BMG-niň maliýe ýagdaýy we Guramanyň tutuş ulgamyny pugtalandyrmak boýunça döredilen BMG-niň BA-nyň açyk düzümli işçi toparlarynyň çäklerinde alnyp barylýar. Hususan-da, BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşini özgertmek boýunça goýlan meselede gürrüň diňe bir ony giňeltmek, onuň hemişelik däl agzalarynyň sanyny köpeltmek barada däl-de, eýsem Howpsuzlyk Geňeşiniň düzümine täze hemişelik agzalaryň girizilmegi barada barýar. Kandidatlaryň arasynda ozaly bilen Germaniýa, Ýaponiýa, Braziliýa, Hindistan ýaly döwletleriň, şeýle hem Afrika yklymynyň iň uly döwleti hökmünde Nigeriýanyň atlary ýygy-ýygydan tutulýar. BMG-niň Baş Assambleýasynyň işini hem özgertmek teklip edilýär. Munuň üçin, hususan-da, kabul edilýän rezolýusiýalaryň umumy sanynyň kemeldilmeginiň hasabyna çözülýän wezipeleriň wajyplygyndan gelip çykmak bilen, hakykatdan hem ýerine ýetirip boljak meselelere aýratyn üns bermeklik maksadalaýyk diýlip bellenýär. Şeýle hem, Baş Assambleýanyň gurluşyny kämilleşdirmek teklip edilýär: munuň üçin Assambleýanyň çäklerinde hereket edýän kömekçi edaralary işjeňleşdirmek, şeýle hem aýratyn möhüm häsiýete eýe bolýan meselelere seretmek üçin täze edaralaryň döredilmegi göz öňünde tutulýar. Baş sekretaryň statusyny ýokarlandyrmagyň we ony saýlamaklygyň tertibini üýtgetmekligiň zerurlygy barada hem mesele goýulýar.

Ykdysady we Durmuş Geňeşiň, Halkara kazyýetiň pugtalandyrylmagynyň zerurlygy hem nygtalyp geçilýär. BMG-ni özgertmek baradaky teklipler boýunça maslahatlar dowam edýär.

BMG-niň täsirliliginiň derejesi, elbetde, bu Gurama girýän döwletleriň syýasaty, olaryň BMG-niň Düzgünnamasyny berjaý edişleri bilen gönüden-göni bagly bolup durýar. Hut şonuň üçin hem halkara gatnaşyklarynyň adalatly we sazlaşykly ulgamyny döretmegiň

ygtybarly daýanjy bolup durýan BMG-niň pugtalandyrylmagyna ýardam etmeklik Bitarap Türkmenistanyň üýtgewsiz nukdaýnazary bolup durýar. Sebäbi Türkmenistan şu günki günde dünýädäki täze ýagdaýlar bilen baglylykda BMG-niň ýokary ynsanperwer maksatlaryna halkara tertibiň ahlak we hukuk daýanjy hökmünde seredýär we Guramanyň esasy edaralarynyň özgerdilmegi meselelerine diňe şol esasda seredilmeginiň zerurdygyny nygtaýar. «Dünýäde bolup geçýän üýtgeşmelere garamazdan, hut Birleşen Milletler Guramasynyň beýik, asylly ynsanperwer maksatlary, BMG-niň Düzgünnamasynyň we Hartiýasynyň ýörelgeleri halkara tertibiniň ahlak we hukuk binýady bolmagynda galmalydyr, – diýip Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow BMG-niň BA-nyň 62-nji mejlisinde eden çykyşynda aýtdy. – BMG-ni özgertmek meselelerine diňe şolar esasynda garamak mümkindir».

Şeýle hem Türkmenistan BMG-niň işiniň ençeme meseleler boýunça kämilleşdirilmelidiginden, onuň netijeliliginiň ýokarlandyrylmalydygyndan, umuman, döwrüň talaplaryna laýyk gelmelidiginden ugur alýar. Munuň özi dünýäniň häzirki çalt depginler bilen ösüşiniň logikasyna laýyk gelýän kadaly we kanunalaýyk ýagdaýdyr. Şonuň üçin hem, Türkmenistan BMG-niň oýlanyşykly özgerdilmeginiň, onuň mundan beýläk-de berkidilmeginiň, halkara giňişliginde onuň eýeleýän ornunyň gyşarnyksyz pugtalandyrylmagynyň, global parahatçylygyň, durnuklylygyň we ösüşiň kepili hökmünde ornunyň we wezipeleriniň giňeldilmeginiň tarapdary bolup çykyş edýär.

Galyberse-de, Türkmenistan BMG-niň agzasy bolup durýan ýurtlaryň, onuň Baş sekretarynyň işiniň depginli, netijeli, açyk we demokratik häsiýetde bolmagyny üpjün etmäge gönükdirilen tagallalaryny goldaýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan Howpsuzlyk Geňeşiniň düzümini mundan beýläk-de kämilleşdirmegiň, Howpsuzlyk Geňeşi bilen Baş Assambleýanyň arasynda has ysnyşykly we netijeli gatnaşyklary ýola goýmagyň möhümdigi baradaky pikire oňaýly garaýar. Türkmenistan şeýle hem BMG-niň düzümleriniň işiniň netijeliligini artdyrmaga döredijilikli çemeleşmegiň giň mümkinçilikleriniň bardygyndan ugur alýar.

Şunlukda, Türkmenistan BMG-ni özgertmek we onuň netijeliligini ýokarlandyrmak baradaky derwaýys meselelere köptaraplaýyn

diplomatiýanyň halkara-hukuk esaslaryny kämilleşdirmek bilen berk baglylykda garaýar. Şol diplomatiýa bolsa uzakmöhletleýin maksatnamalar bilen baglylykda hereket etmäge we häzirki zamanyň wehimlerine jogap bermäge ukyplydyr.

**Soraglar:**

1. Özüniň hereket edýän döwründe BMG öz işiniň haýsy ugurlary boýunça görnüp duran netijeleri gazandy?
2. Günbatar bilen Gündogaryň arasynda dörän we onýyllyklara çeken «sowuk uruş» BMG-niň işine nähili täsir etdi?
3. «Sowuk urşuň» tamamlanmagy bilen halkara gatnaşyklarynda nähili ugurlar peýda boldy?
4. Häzirki döwürde BMG-niň öňünde nähili esasy mesele durýar?
5. BMG-ni özgertmegiň mümkinçiligi baradaky çekişme haçandan bäri dowam edýär we nähili teklipler boýunça maslahatlar geçirilýär?
6. BMG-niň özgerdilmegi boýunça Türkmenistanyň nukdaýnazary nämeden ybarat?

# IX bap
# BMG-niň KÖMEKÇI EDARALARY BILEN TÜRKMENISTANYŇ HYZMATDAŞLYGY

**1. BMG-niň kömekçi edaralary barada düşünje.** BMG-niň Düzgünnamasynyň 7-nji maddasyna laýyklykda BMG-niň ähli edaralary *esasy* we *kömekçi edaralar* ýaly iki topara bölünýär. Düzgünnamanyň 22-nji maddasy öz wezipelerini ýerine ýetirmek üçin Baş Assambleýa zerur bolan kömekçi edaralary döretmeklige ygtyýarlyk berýär.

Hereketleriniň möhletleri boýunça kömekçi edaralar iki topara bölünýär: olaryň bir bölegi haýsy hem bolsa bir anyk işi ýerine ýetirmek üçin döredilýär, beýleki bölegi bolsa esasy edaranyň şol bir mejlisiniň dowamynda hereket edýär.

BMG-niň islendik kömekçi edarasynyň wezipeleri çäkli häsiýete eýedir. Olar özleriniň esaslandyryjy resminamalary tarapyndan bellenilen işi ýerine ýetirýärler. Şol edaralaryň işi esasy edara tarapyndan doly kesgitlenilýär. Munuň özi esasy edaranyň kömekçi edaranyň kabul eden islendik kararyny ýatyryp, onuň ygtyýarlygyndan ol ýa-da başga meseläni alyp bilýändigini aňladýar.

Elbetde, BMG-niň kömekçi edaralarynyň statusy we ähmiýetliligi birmeňzeş däldir. Olardan birnäçesi hakykatdan hem hökümetara guramalardyr, beýlekileri bolsa özbaşdak hökümetara edaralardyr. Başga sözler bilen aýdylanda, kömekçi edaralar özbaşdaklykdan birneme peýdalanýarlar we olaryň halkara hökümetara guramalary ýatladýan gurluşy bardyr. Ýöne şol edaralar, muny biziň ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, halkara ylalaşyklaryň esasynda däl-de, BMG-niň esasy edaralarynyň, esasan hem, BMG-niň BA-nyň kararlary boýunça döredilýär we şonuň üçin hem garaşsyz däldirler.

Şeýle edaralary tapawutlandyryjy alamatlar hususan-da şulardyr:

– olaryň maliýe özbaşdaklygynyň bolmagydyr – işiniň meýletin tölegleriň hasabyna maliýeleşdirilmegidir;

– işe ýolbaşçylyk edýän hökümetara edaranyň bolmagydyr;

– hat-da Baş sekretar tarapyndan bellenilýän, hökümetara edara bilen ylalaşylýan hem bolsa, adatça gaznalaryň ýa-da maksatnamalaryň ýerine ýetiriji ýolbaşçylarynyň bolmagydyr we ş.m.

Geliň, BMG-niň käbir kömekçi edaralarynyň üstünde has dolurak durup geçeliň.

**Soraglar:**

1. BMG-niň edaralary näçe topara bölünýär?
2. BMG-niň kömekçi edaralary Guramanyň Düzgünnamasynyň haýsy maddasyna laýyklykda döredilip bilinýär?
3. BMG-niň kömekçi edaralarynyň statusy we ähmiýetliligi birmeňzeşmi?

**2. BMG-niň Çagalar gaznasy** (UNICEF) (United Nations Children's Fund – UNICEF). BMG-niň Çagalar gaznasy BMG-niň Baş Assambleýasynyň 1-nji mejlisinde 1946-njy ýylýň 11-nji dekabrynda kabul edilen 57 (I) belgili rezolýusiýa esasynda döredildi. Başda Çagalar gaznasy uruşdan soňky döwürde Ýewropada we Hytaýda azyk, derman we geýim-gejim boýunça çagalaryň adatdan daşary zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin «Çagalara halkara adatdan daşary gaznanyň kömegi» ady bilen hereket etdi (United Nations International Children's Emergency Fund – (UNICEF). 1950-nji ýylda Assambleýa öz ünsüni ösüp barýan ýurtlardaky çagalara uzak möhletli kömek bermek boýunça maksatnamalara öwürmek bilen gaznanyň işiniň esasy ugruny üýtgetdi.

Özüniň 8-nji mejlisinde Baş Assambleýa 1953-nji ýylyň 6-njy oktýabrynda kabul edilen 802 (VIII) belgili rezolýusiýasynyň üsti bilen UNICEF öz işini möhleti belli bolmadyk döwrüň dowamynda alyp barmaly diýip karar etdi, onuň ady bolsa Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasyna özgerdildi, ýöne UNICEF ady welin, saklanyp galdy. Şunlukda, 1953-nji ýyldan bäri UNICEF-iň işi bütin dünýäniň çagalarynyň howpsuz, sagdyn we bagtly çagalyga bolan hukuklarynyň goragyna we goldawyna bagyşlanandyr. Şonuň üçin hem bu wezipäniň üstünlikli çözülmegi Çagalar gaznasynyň ähli maksatnamalarynyň esasy maksady bolup durýar.

Öz işinde Gazna çaganyň hukuklary baradaky Konwensiýa esaslanýar. UNICEF çagalaryň doglanyndan tä ýetginjeklik ýaşyna çenli saglygynyň ähli meseleleri bilen meşgul bolýar.

UNICEF-iň esasy maksady olaryň jyns degişliligine, dini we syýasy ynamlaryna garamazdan çagalaryň we ýaşlaryň durmuş şertlerini gowulandyrmak bolup durýar. UNICEF-iň kömeginiň esli bölegi däri-dermanlary, ulanylýan zatlary, azyk önümlerini bermek arkaly amala aşyrylýar. Gazna şeýle hem hökümetlere çagalaryň talaplaryny hemmetaraplaýyn kanagatlandyrmak boýunça meýilnamalary we maksatnamalary işläp taýýarlamakda kömek berýär. Çagalaryň saglygyny goramak boýunça merkezler üçin ýerli ilatdan işgärleri we administratiw işgärleri taýýarlamak maksady bilen, talyp haklarynyň berilmegi ýaly kömegiň görnüşi hem möhüm rol oýnaýar.

Şu çäreleri amala aşyrmak üçin UNICEF onlarça milli komitetler we 190-a golaý hökümete degişli däl guramalar bilen özara hereket edýär. 2011-nji ýylda UNICEF öz işini dünýäniň 192 ýurdunda amala aşyrdy.

UNICEF her ýyl BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşine doklad berýär.

UNICEF-iň serişdeleriniň çeşmesi hökümetleriň, şeýle hem şahsy donorlaryň meýletin tölegleridir.

Çagalar gaznasynyň ýolbaşçy edarasy BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşi tarapyndan 3 ýyllyk möhlet bilen saýlanýan BMG-niň 41 agza döwletinden durýan Ýerine ýetiriji Geňeşdir. UNICEF-iň Sekretariatyna BMG-niň Baş sekretary tarapyndan bellenýän Ýerine ýetiriji Direktor ýolbaşçylyk edýär. UNICEF-iň ştab-jaýy Nýu-Ýorkda ýerleşýär. Çagalar gaznasynyň ulgamynda dunýäniň 158 ýurdun-

dan bolan adamlaryň 7 müňden gowragy işleýär. Her ýylyň 11-nji dekabry UNICEF-iň döredilen güni hökmünde bellenýär.

«Halklaryň arasynda doganlyk gatnaşyklary ösdürmäge goşan goşandy üçin» UNICEF 1965-nji ýylda Nobel baýragy bilen sylaglandy.

Türkmenistan 1992-nji ýylyň 2-nji martynda BMG girmek bilen Çagalar gaznasynyň hem agzasy boldy. Hut şol döwürden başlap Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasy UNICEF bilen hyzmatdaşlygy ýola goýmak we ösdürmek maksady bilen uly iş alyp barýar. Mysal üçin, 1992-nji ýylyň martynda Türkmenistan bilen tanyşmak maksady bilen, BMG-niň wekiliýeti biziň ýurdumyzda boldy, şol ýylyň iýun aýynda bolsa Çagalar gaznasynyň edarasynyň mejlisi bolup, onda ýokarda agzalan wekiliýetiň maslahatlarynyň esasynda Türkmenistan üçin ilkinji gezek milli maksatnamany işläp taýýarlamak we tassyklamak, şeýle hem Türkmenistanda BMG-niň Çagalar gaznasynyň wekilhanasyny açmaklygyň meýilnamasyny taýýarlamak barada karar kabul edildi. Mejlisde şeýle hem 1993-nji ýylda edaranyň mejlisinde Türkmenistan üçin milli maksatnama seredilýänçä, biziň ýurdumyzyň gysga möhletli häsiýeti bolan möhüm zerurlyklaryny kanagatlandyrmak maksady bilen, UNICEF-iň adatdan daşary gaznalarynyň peýdalanyp bilinjekdigi baradaky karara gelindi.

Çagalar gaznasynyň edarasynyň mejlisiniň kararlarynyň esasynda Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky ilkinji Hemişelik wekiliniň 1992-nji ýylyň 20-nji iýunynda Aşgabada ýollan hatynda çagalaryň bähbitleriniň hatyrasyna UNICEF bilen hyzmatdaşlygyň degişli maksatnamasyny bilelikde işläp taýýarlamak üçin ýörite topary döretmekligiň; BMG-niň BA-sy tarapyndan 1989-njy ýylyň noýabrynda kabul edilen Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýany ratifisirlemegiň; Çaganyň aman galmagyny, goragyny we ösüşini üpjün etmek hakyndaky Bütindünýä Jarnama we şol Jarnamany amala aşyrmak boýunça hereketleriň meýilnamasyna gol çekmegiň; Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýanyň ýörelgelerini ulanmak bilen Jarnamada goýlan maksatlara ýetmek üçin hereketleriň milli maksatnamasynyň taýýarlanmagynyň maksadalaýyklygy ýaly teklipler öz beýanyny tapdy. Şeýle hem şol hatda Türkmenistanda

çagalaryň ýagdaýyny tertibe salýan täze kanunlar işlenip taýýarlanylan wagtynda, onuň esasy edilip çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýanyň tekstiniň goýulmagynyň örän peýdaly boljakdygy we şuňa meňzeş başga meseleler babatda ençeme pikirler ýöredildi.

Hemişelik wekilhana UNICEF bilen bilelikde onuň mejlisiniň kararlaryny amaly taýdan durmuşa geçirmek boýunça hem köp iş etdi. Hususan-da, wekilhananyň UNICEF-iň Ýerine ýetiriji direktory P. Granta ýollan hatynda (1992-nji ýylyň 8-nji oktýabry), Türkmenistanyň Hemişelik wekili çagalaryň saglygyny goramagyň meselelerini çözmekde beren ýardamy üçin UNICEF-iň ýolbaşçylygyna hoşallyk bildirdi, şol bir wagtyň özünde hem ondan UNICEF-iň Ýerine ýetiriji Geňeşi (ÝÝG) tarapyndan hyzmatdaşlygyň maksatnamasynyň resmi taýdan entek tassyklanmandygyna garaşmazdan, saglygy goraýyş çäkde Türkmenistana mümkin boldugyça kömegiň çaltlaşdyrylmagyny haýyş etdi.

Türkmenistan boýunça ýurt maksatnamasyny tassyklamaly UNICEF-iň edarasynyň nobatdaky mejlisi 1993-nji ýylyň 26-njy apreli we 7-nji maýy aralygynda Nýu-Ýorkda bolup geçdi. Mejlisde çykyş etmek bilen, TBMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekili öz ýurdunda çagalaryň hatyrasyna ösüşi mundan beýläk hem üpjün etmek boýunça alnyp barylýan iş bilen mejlise gatnaşyjylary tanyşdyrdy, öz Hökümetiniň UNICEF bilen hyzmatdaşlygy giňeltmäge gyzyklanýandygyny nygtady. Türkmenistan üçin taýýarlanylan maksatnamanyň öz wagtyndalygyny bellemek bilen, ýokary derejeli türkmen diplomaty maksatnama boýunça Komiteti UNICEF-iň edarasyna BMG-niň Çagalar gaznasynyň Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygynyň maksatnamasyny tassyklamagy maslahat bermäge çagyrdy. «UNICEF tarapyndan goldaw ozaly bilen biziň Hökümetimiziň suw üpjünçiligi, sanitariýa, daşky gurşaw we başga çäklerdäki işi täsirli utgaşdyrmak jähtinden mümkinçilikleriniň artmagyna gürrüňsiz ýardam eder diýip, türkmen diplomaty aýtdy. – Ilkinji ýurt maksatnamasynyň bilelikde durmuşa geçirilmegi Türkmenistanyň çagalarynyň we eneleriniň durmuş meselelerini çözmek boýunça dünýä tejribesine eýe bolup durýan UNICEF bilen hyzmatdaşlygynyň çäklerini geljekde has-da giňeltmäge mümkinçilik berer.»

UNICEF-iň edarasynyň bu mejlisi Türkmenistan üçin 1993--1994-nji ýyllara niýetlenen gysga möhletli maksatnamany tas-

syklady, 4 million amerikan dollary möçberinde maksatnamany maliýeleşdirmek boýunça teklibi goldady. Mejlis şeýle hem «1995--nji ýyla çenli Çaga hukuklary hakyndaky Konwensiýanyň ählumumy ratifisirlenmegi» atly rezolýusiýany kabul etdi. Mejlisiň jemleri barada TBMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekili tarapyndan Aşgabada ýollanan maglumatda şeýle hem biziň ýurdumyz üçin şu Konwensiýa goşulmagyň we çagalaryň aman galmagyny, goragyny we ösüşini üpjün etmek hakyndaky Bütindünýä Jarnamasyna gol çekmegiň möhüm bolup durýandygy aýratyn nygtaldy.

Çagalaryň bähbitleri jähtinden mundan buýanky ösüşi üpjün etmek boýunça iş ýurdumyzda barha işjeňleşdi. 1993-nji ýylyň dekabrynda Türkmenistanyň Çaganyň aman galmagyny, goragyny we ösüşini üpjün etmek hakyndaky Ählumumy Jarnama goşulmagy, 1994--nji ýylyň sentýabrynda bolsa onuň ähli ýurtlarda UNICEF-iň maksatnamalaryny we taslamalaryny meýilleşdirmek üçin binýatlaýyn resminama bolup durýan Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýa goşulmagy biziň hökümetimiziň bu maksada wepalydygynyň tassyklanmasy boldy. Bu barada UNICEF-iň Ýerine ýetiriji Geňeşiniň mejlisine gatnaşyjylary habardar etmek bilen (1994-nji ýylyň 28--nji apreli), Türkmenistanyň wekili şol bir wagtyň özünde, görülýän çärelere seretmezden, çagalaryň ýagdaýyny gowulandyrmakda käbir meseleleriň galýandygyny belledi we UNICEF-iň Ýerine ýetiriji Geňeşinden Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy üçin E /ICEF/1994/ L.12 resminamasynda beýan edilen UNICEF-iň strategiýasyny makullamagy haýyş etdi.

Şeýlelikde, UNICEF-iň Türkmenistanyň Hökümeti bilen ilkinji hyzmadaşlyk maksatnamasy 1993–1994-nji ýyllary öz içine aldy. Şol döwürde hyzmatdaşlygyň esasy ugurlary immunitet döretmek, mekdepleri maddy-enjamlaýyn üpjün etmek maksatnamalaryndan, şeýle hem suw üpjünçiligi we arassaçylyk bilen bagly meseleleri çözmekden ybarat boldy.

UNICEF-iň Ýerine ýetiriji Geňeşiniň mejlisi tarapyndan ýokarda agzalan E /ICEF/1994/ L.12 resminamanyň kabul edilmegi UNICEF-e 1995–1999-njy ýyllar üçin Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygyň Maksatnamasyny işläp taýýarlamaga girişmäge hem mümkinçilik berdi.

Şol Maksatnamanyň esasy edilip bolsa Türkmenistan üçin gysga möhletli Maksatnamany durmuşa geçirmek boýunça toplanan tejribe goýuldy.

1995–1999-njy ýyllar üçin hyzmatdaşlygyň ilkinji doly maksatnamasynyň we soňky maksatnamalaryň esasy wezipeleri geçiş döwründe çagalar we eneler üçin esasy hyzmatlary etmek bilen bagly meseleleri çözmekden; halkara bileleşiginiň üsti bilen goşmaça serişdeleri çekmekden; bilimiň hilini gowulandyrmakdan, bilim babatda gender deňsizligi aradan aýyrmakdan, bäbekleriň we eneleriň ölüm-ýitimini azaltmakdan, WIÇ/SPID-iň öňüni almaga we oňat hilli agyz suwunyň elýeterli bolmagyny gazanmakdan we başga meselelerden ybarat boldy.

2010-njy ýylda Türkmenistan we UNICEF tarapyndan 2015-nji ýyla çenli niýetlenen hyzmatdaşlygyň täze maksatnamasy durmuşa geçirilip başlandy. Bu maksatnamanyň maksady Müňýyllygyň ösüş maksatlaryna ýetmek we ýurduň potensialynyň pugtalanmagyna has-da saldamly goşant goşmak boldy.

Hususan-da, 2010–2011-nji ýyllarda UNICEF iki sany möhüm milli maksatnamanyň işlenip taýýarlanmagyna işjeň gatnaşdy. Olaryň *birinjisi* çaganyň irki ösüşi we ony mekdebe taýýarlamak boýunça milli maksatnama boldy we ol 2011-nji ýylda kabul edildi. Bu maksatnama köptaraply başlangyç bolmak bilen, oňa ençeme ministrlikler we pudak edaralary gatnaşýarlar. Maksatnamanyň *ikinjisi* bolsa halkara ýörelgelerine we standartlaryna laýyk gelýän ýuwenal adalat ulgamyny, ýagny kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri boýunça adalatly kazyýet ulgamyny özgertmegiň strategiýasyny kabul etmek boýunça işiň geçirilmegi boldy.

Soňky ýyllarda Türkmenistanda çagalaryň hukuklaryny goramagyň halkara-hukuk esaslaryny pugtalandyrmak meselesinde hem täze möhüm sepgitlere ýetildi. Şu jähtden, Türkmenistan ýaragly dawalar mahaly çagalara we çagalaryň jynsy ulanylmagynyň öňüni almaga degişli Konwensiýanyň ugurdaş teswirnamalaryna goşuldy. Bu döwürde çagalaryň hukuklarynyň kepillikleri, olaryň zähmetini gadagan edýän örän möhüm kanunlar hem kabul edildi.

Mysal üçin, 2002-nji ýylyň 5-nji iýunynda Türkmenistanyň Mejlisi «Çaganyň hukuklaryny kepillendirmek hakyndaky» kanuny

kabul etdi. Bu resminamanyň kabul edilmegi Türkmenistanyň ýaş nesliniň ösüşine hemmetaraplaýyn ýardam etmäge, halkara-hukuk kadalaryny milli kanunçylyga ornaşdyrmaga gönükdirilen halkara borçnamalaryny ýerine ýetirmek boýunça hereketleriniň iş ýüzünde amala aşmasy boldy. Kanunda çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýanyň esasy düzgünleri öz beýanyny tapdy.

2005-nji ýylyň 1-nji fewralynda «Ýaşlaryň zähmet çekmäge bolan hukugynyň kepillendirilmesi hakynda» Türkmenistanyň kanuny kabul edildi. Bu kanun çagalaryň zähmet çekmäge bolan hukugynyň we çaganyň hukuk serişdeleri arkaly peýdalanylmagyndan olary goramagyň döwlet kepillendirilmelerini üpjün etmegiň logiki dowamy boldy. Bu kadalaýyn hukuk namasy çaganyň saglygy üçin howp salyp biljek ýa-da olaryň bilim almagy üçin päsgelçilik bolup biljek we beden taýdan, aň-düşünje we ruhy ösüşine zyýan ýetirip biljek ýagdaýlaryň öňüni almaga gönükdirilendir.

2012-nji ýylyň 1-nji iýunynda «Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işi barada adyl kazyýetlik ulgamyny ösdürmek boýunça Türkmenistanyň Baş maksatnamasyny tassyklamak hakyndaky» Karara gol çekildi. Maksatnamanyň taslamasy ýurdumyzyň degişli düzümleriniň we edaralarynyň gatnaşmagynda UNICEF bilen bilelikde işlenip taýýarlanyldy. Bu resminamanyň ähmiýeti ýurdumyzda kazyýet önümçiligini asyrlar boýy türkmen halkyna mahsus bolan ynsanperwerligiň ýörelgeleri hem-de halkara hukugy boýunça ählumumy ykrar edilen kadalary göz öňünde tutmak esasynda, mundan beýläk-de kämilleşdirmegiň ýolunda möhüm ädime eýe bolandygynda boldy.

UNICEF bilen Türkmenistanyň Hökümetiniň arasyndaky hyzmatdaşlygyň ähli ýyllarynda ýurtda ykdysady ösüş we durmuş ulgama maýa goýmak babatda uly özgertmeler bolup geçdi. Bu ilerlemäniň jemgyýetçilik abadançylygy, durmuş maksatnamalary işläp taýýarlamak, şeýle hem Türkmenistanyň çagalary we ähli ilaty üçin maksatnamalary durmuşa geçirmekde serişdeleriň artdyrylmagy bilen baglydygy düşnüklidir.

«Çagalaryň ýaşaýşy üçin möhüm bolan parahatçylygyň hatyrasyna işlemeli. Her bir çaganyň bagtly çagalygyny üpjün etmeli. Her bir çaga hormat goýulmagyny we onuň öz hukuklaryny amala aşyrmagyny kepillendirmeli». UNICEF-iň mandatynda ýazylan

bu sözler Türkmenistanyň BMG-niň Çagalar gaznasy bilen işjeň hyzmatdaşlygynyň esasy mazmunyny kesgitleýär.

**Soraglar:**

1. BMG-niň Çagalar gaznasy haçan döredildi?
2. Öz işinde Gazna haýsy resminama gollanýar?
3. UNICEF-iň esasy maksady nämeden ybarat?
4. UNICEF çagalara kömegiň haýsy görnüşlerini berýär?
5. UNICEF-iň serişde çeşmeleri barada näme bilýärsiňiz?
6. Türkmenistan haçan BMG-niň Çagalar gaznasynyň agzasy boldy?
7. Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky HW-sy ýurdumyzyň UNICEF bilen hyzmatdaşlygynyň ýola goýulmagyna we ösmegine ýardam etmek üçin turuwbaşdan nähili diplomatik işi alyp bardy?
8. Türkmenistanyň we UNICEF-iň arasynda hyzmatdaşlygyň ilkinji doly maksatnamasy haýsy ýyllary öz içine aldy?

**3. BMG-niň Ösüş maksatnamasy** (UNDP) (United Nations Development Programme – UNDP) 1965-nji ýylyň 22-nji noýabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň rezolýusiýasynyň esasynda BMG-niň tehniki kömek boýunça Giňeldilen maksatnamasyny (UN Expanded Programme of Technical Assistance) we Ýörite gaznasyny (Special Fund) birleşdirmek maksady bilen döredildi.

BMG ÖM-si 1966-njy ýyldan bäri hereket edýär. Onuň esasy maksady ykdysady we durmuş ösüşini çaltlaşdyrmak boýunça ösüp barýan ýurtlaryň tagallalaryna ýardam bermek, şeýle hem degişli çäreleriň üsti bilen olara täze halkara ykdysady tertibiň berkarar edilmegi boýunça hereketleriň maksatnamasyny durmuşa geçirmekde kömek bermek bolup durýar. Bu maksatnama döwletleriň meýletin tölegleriniň hasabyna maliýeleşdirilýär.

Ösüp barýan ýurtlara kömek bermekde BMG ÖM-niň administrasiýasy Baş Assambleýa tarapyndan kabul edilen ýörelgelerden ugur alýar, ýagny kömek diňe hökümetlere olaryň, razylygy we haýyşy boýunça berilýär. Degişli hökümet BMG ÖM-si bilen maslahatlaşmak arkaly ýurda beriljek kömegiň görnüşini we häsiýetini kesgitleýär.

BMG ÖM-niň 136 wekilhanasyndan durýan global toruň üsti bilen Maksatnama takmynan 150 döwletiň, ozaly bilen bolsa ösüp barýan ýurtlaryň hökümetleri, raýat guramalary we şahsy adamlary bilen hyzmatdaşlyk edýär. Özüniň goldawy bilen amala aşyrylýan

taslamalaryň we maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegi üçin BMG ÖM-si ösüp barýan ýurtlaryň milli tehniki potensialyny, şeýle hem 30-dan gowrak halkara edaralaryň we hökümete degişli däl guramalaryň bilermenlerini hyzmatdaşlyga çekýär.

BMG ÖM-si ýurtlara demokratik döwlet dolandyrylyşy, gedaýlygy azaltmak, çökgünlikleriň öňüni almak we olaryň netijelerini ýok etmek, energetika we daşky gurşaw, maglumat we kommunikasiýa tehnologiýalary, WIÇ/SPID-e garşy göreş alyp barmak ýaly meseleler boýunça çözgütleriň tapylmagyna kömek bermeklige esasy üns berýär.

BMG ÖM-niň garaşsyz maslahatçylarynyň topary her ýyl adam resurslarynyň ösüşi boýunça doklad taýýarlaýarlar, bu bolsa halkara birleşigine adama niýetlenen ösüşe ýardam etmeklige gönükdirilen konsepsiýalary, çäreleri we syýasy resminamalary işläp taýýarlamaga ýardam edýär.

BMG-niň çäklerinde BMG ÖM-si ösüş boýunça geçirilýän çäreleriň esasy utgaşdyryjysy bolup çykyş edýär. Hususan-da, ol BMG-niň düýpli ösüşiniň Gaznasynyň, BMG-niň meýletinleriniň Maksatnamasynyň, BMG-niň aýallaryň bähbitleriniň hatyrasyna ösüş üçin Gaznasynyň serişdelerine eýeçilik edýär. Başga sözler bilen aýdylanda, BMG ÖM-si BMG-niň ulgamynda ykdysady we durmuş ösüşiň taslamalaryny maliýeleşdirmek boýunça merkezi maksatnama hasaplanýar.

Maksatnamanyň syýasatyna we işine dolandyryjylaryň Geňeşi umumy ýolbaşçylyk edýär. Hökümetleriň 36 wekilinden durýan Geňeş öz mejlislerine ýylda bir gezek ýygnanýar we Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň üsti bilen Baş Assambleýa doklad berýär. Geňeş BMG-na, ýöriteleşdirilen edaralara ýa-da atom energiýasy boýunça Halkara agentligine agza döwletlerden geografiki bölünişigiň ýörelgelerine laýyklykda YDG tarapyndan üç ýyllyk möhlet bilen saýlanýar. Geňeş taslamalara we maksatnamalara seredýär, olary tassyklaýar, serişdeleri paýlaýar, tehniki hyzmatdaşlygyň hemişe amala aşyrylýan maksatnamalary üçin umumy ýörelgeleri işläp taýýarlaýar.

BMG ÖM-ne administrator ýolbaşçylyk edýär. Ol dolandyryjylaryň Geňeşi bilen maslahatlaşmalardan soň BMG-niň Baş sekretary tarapyndan bellenýär we bu bellenme BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan tassyklanýar.

Dolandyryjylar Geňeşiniň resmi dilleri iňlis, ispan, hytaý, rus we fransuz dilleridir, onuň işçi dilleri bolsa iňlis, ispan we fransuz dilleridir.

BMG ÖM-niň maksadyna ýene-de gaýdyp gelsek, onda Maksatnamanyň işi «halklaryň hakyky baýlygy adamlardyr», – diýen ynama esaslanýar we ol adamlaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmek hem-de ýurtlaryň ýaşaýyş durmuşyny ýokarlandyrmak ugrunda tagalla edýär. Başga sözler bilen aýdylanda, onda umuman, BMG ÖM-niň öz işinde ugur alýan binýatlyk ýörelgesi ynsan ösüşiniň konsepsiýasyndan ybaratdyr. Bu konsepsiýanyň manysy adamlarda öz gujur-gaýratyny amala aşyrmak üçin deň mümkinçilikleriň döredilmegine ýardam etmekdir.

Türkmenistanyň BMG-niň Ösüş maksatnamasy bilen hyzmatdaşlygy 1992-nji ýylda başlandy. Bu hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagynda we ösmeginde Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasy uly rol oýnady. Mysal üçin, eýýäm 1992-nji ýylyň 16-njy martynda Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky ilkinji Hemişelik wekili BMG-niň administratory H. Draýper bilen duşuşdy we ony Türkmenistanda bolup geçýän özgertmeleriň barşy bilen giňişleýin tanyşdyrdy. Türkmen diplomatynyň haýyşy boýunça jenap Draýperiň Türkmenistana BMG-niň kömegini alýan ýurduň statusynyň berilmeginiň, geljekde biziň ýurdumyzda BMG ÖM-niň wekilhanasynyň açylmagynyň mümkinçilikleri barada ýöreden pikirleri Türkmenistanyň ÖM-ne gatnaşmagynyň geljegine göz ýetirmäge mümkinçilik berdi. Has takygy, BMG ÖM-niň administratory Türkmenistana bu Maksatnamanyň dolandyryjylar Geňeşi tarapyndan kömek alýan ýurduň statusynyň berilmeginiň we biziň ýurdumyza onuň üçin möhüm bolan ösüş taslamalaryny amala aşyrmak arkaly kömek berilmeginiň mümkindigini tassyklady.

Özüniň 1992-nji ýylyň 16-njy martyndaky Aşgabada ýollan telegrammasynda TBMG-niň ýanyndaky HW-li Türkmenistanyň kömek alýan ýurduň statusyny edinmeginiň, BMG-niň ulgamynyň kömegini utgaşdyrmak üçin Aşgabatda BMG ÖM-nyň bölüminiň açylmagynyň maksadalaýyklygy barada pikir ýöretdi we öňe sürlen meseleler boýunça gelnen netijeler barada özüniň habardar edilmegini sorady.

TBMG-niň ýanyndaky HW-niň 1992-nji ýylyň 28-nji martynda H. Dreýpere ýollan hatynda Türkmenistanyň hökümetiniň BMG-niň

ÖM-si bilen hyzmatdaşlyk etmäge taýýardygy, şeýle hem onuň Türkmenistana kömek alýan ýurduň statusynyň berilmegi baradaky meselä seretmek boýunça haýyşy habar berildi.

BMG ÖM-niň dolandyryjylar Geňeşiniň şol ýylyň maý aýynda Żenewada bolup geçen mejlisi Türkmenistana kömek alýan ýurduň statusyny berdi (BMG ÖM-nyň dolandyryjylar Geňeşiniň 92/29 belgili karary, 1992-nji ýylyň 26-njy maýy). TBMG-niň ýanyndaky HW-li bu karar bilen baglylykda hyzmatdaşlyk üçin açylýan mümkinçilikler barada Aşgabady habardar etdi, şeýle hem öz hökümetinden ýurtda BMG ÖM-niň wekilhananyň açylmagy baradaky meselä seretmegi haýyş etdi.

Türkmenistanyň kömek alýan ýurduň statusyna eýe bolmagy ýurdumyzyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasynyň BMG-niň gaznalary, maksatnamalary bilen hyzmatdaşlygynyň işjeňleşmegine has-da oňaýly täsir etdi. Şol bir wagtyň özünde Türkmenistanyň wekiliýeti eýýäm BMG-niň BA-nyň 47-nji mejlisinde daşary ýurtlaryň wekiliýetleri bilen bilelikde geçiş döwründe duran we ösüp barýan ýurt hökmünde Türkmenistanyň özgertmelerine ýardam bermeklige gönükdirilen möhüm rezolýusiýalarynyň ençemesiniň kabul edilmegini gazandy.

Türkmenistan bilen BMG-niň arasynda durmuş-ykdysady çäkde hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda Türkmenistanyň Hökümeti we BMG ÖM-niň arasynda 1993-nji ýylyň 6-njy oktýabrynda Nýu-Ýorkda gol çekilen hyzmatdaşlyk hakyndaky Ylalaşyk möhüm rol oýnady. Bu möhüm resminamanyň durmuşa geçirilmeginiň meseleleri 1994-nji ýylyň 14-17-nji maýynda BMG ÖM-niň wekiliýetiniň Aşgabada eden saparynyň dowamynda taraplaryň arasynda ara alnyp maslahatlaşyldy. Muňa 1993-nji ýylyň dekabrynda Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan biziň ýurdumyzda BMG ÖM-niň / BMG-niň wekilhanasyny açmak babatda TBMG-niň HW-niň teklibiniň goldanmagy hem ýardam etdi. Aşgabat şeýle hem BMG-niň ilkinji rezident – utgaşdyryjysynyň kandidaturasyna öz razylygyny berdi. Bularyň hemmesi hyzmatdaşlygyň hil taýdan täze döwrüniň başyny başlady. Mysal üçin, 1995–1997-nji ýyllar üçin BMG ÖM-niň Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygynyň Maksatnamasy kommunal, poçta

aragatnaşyklar çäginde, bilimde, saglygy goraýyşda, daşky gurşawda dürli taslamalaryň amala aşyrylmagyny göz öňünde tutdy.

Soňky ýyllarda BMG ÖM-niň Türkmenistandaky işiniň esasy ugurlary has-da giňeldi we ol durmuş-ykdysady özgertmeleri goldamakdan, parlamentarizmi we ýerli öz-özüňi dolandyryşa ýardam bermekden, inçekeseliň we WIÇ infeksiýanyň öňüni almak we olara ýol bermezlikden, buhgalteriýa hasaba alşynyň halkara standartlaryny we audit ulgamyny ornaşdyrmakdan, daşky gurşawy goramakdan we energetika – biologik köpdürliligiň meselelerinden, ýer we suw serişdelerini durnukly peýdalanmak we dolandyrmak, energiýanyň netijeliliginiň we howanyň üýtgemeginiň, ekologiýa ulgamlarynyň durnuklylygynyň, aýratyn goralýan tebigy çükleriň ulgamyny dolandyrmakdan we başga ençeme meselelerden ybarat boldy.

Mysal üçin, BMG-niň Ösüş maksatnamasy Türkmenistanyň saýlaw ulgamynyň kämilleşmegi boýunça tagallalaryny goldamak maksady bilen, merkezi we ýerli saýlaw komissiýalarynyň, habar beriş serişdeleriniň we milli synçylaryň mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak boýunça uly işleri geçirdi. Şeýle hem Maksatnama kanun çykaryjy we wekilçilikli edara hökmünde Mejlisiň, döwlet gullugy üçin dolandyryş kadrlaryny taýýarlaýan Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň mümkinçilikleriniň ýokarlandyrylmagyna ýardam etdi.

Ýene-de bir mysal. Türkmenistanyň seýsmik zolakda ýerleşýändigi sebäpli, ýurdumyzyň BMG bilen adatdan daşary ýagdaýlara taýýar bolmak we adatdan daşary meýilleşdiriş işlerinde hyzmatdaşlygy örän wajyp bolup durýar. BMG-niň Bosgunlar boýunça Ýokary Komissarynyň müdirligi, Çagalar gaznasy, Ilat gaznasy bilen bilelikde BMG ÖM-si hem bu ugurda iş alyp barýar.

BMG-niň ÖM-si öz işiniň esasy ugurlary boýunça maslahatlar hem geçirip durýar. Mysal üçin, 2012-nji ýylyň ýanwarynda BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň Türkmenistandaky bilelikdäki taslamasynyň çäklerinde guralan maslahatyň gün tertibiniň esasy meselesi energiýany netijeli we rejeli ulanmak maksady bilen, özara gyzyklanma bildirilýän gatnaşyklary mundan beýläk-de çuňlaşdyrmak boldy.

Maslahatyň gün tertibine energiýa üpjünçiligini ýokarlandyrmak, alternatiw çeşmelerden energiýany öndürmek, hereket etmegiň

maksatnamasyny, şeýle hem bu ulgamda strategiýalary işläp taýýarlamak üçin mümkinçilikleri hem-de mehanizmleri döretmek meseleleri girizildi. Maslahatyň çäklerinde şeýle hem energiýa serişdelerini ulanmagyň durnuklylygyny üpjün etmek ýaly möhüm ugurda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de giňeltmegiň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Maslahatyň barşynda BMG ÖM-niň we Türkmenistanyň «Türkmenistanyň ýaşaýyş jaýlarynda energiýany ulanmagyň netijeliligini gowulandyrmak» atly bilelikdäki taslamasynyň tanyşdyrylyş dabarasy hem boldy. Bu taslamanyň esasy maksady ähli amatlyklary bolan täze jaýlarda energiýanyň sarp edilişiniň derejesini şu günki talaplaryň derejesinden peseltmekden ybarat boldy.

Şunlukda, soňky ýyllarda Türkmenistanyň BMG ÖM-si bilen hyzmatdaşlygy okgunly ösüşe we ýokary derejä eýe boldy. Muňa, häzirki döwre çenli Türkmenistanda BMG-niň ÖM bilen bilelikde 100-den gowrak taslamanyň amala aşyrylmagy hem aýdyň şaýatlyk edýär. Hyzmatdaşlygyň gidişinde möhüm ugurlarda özgertmeleriň durmuşa geçirilmegi türkmen döwletiniň we jemgyýetiniň mundan beýläk-de okgunly ösüşiniň ygtybarly binýadynyň emele gelmegine ýardam edýär, bu bolsa öz gezeginde, hyzmatdaşlygyň ähli ugurlarda has hem çuňlaşmagy we giňelmegi üçin barha oňaýly şertler döredýär.

**Soraglar:**

1. BMG-niň Ösüş maksatnamasy haçan döredildi?
2. BMG ÖM-niň esasy maksady nämeden ybarat?
3. BMG ÖM-si BMG-niň ulgamynda ykdysady we sosial ösüşiň taslamalaryny maliýeleşdirmek boýunça nähili maksatnama hasaplanýar?
4. BMG ÖM-niň dolandyryjylar Geňeşiniň wezipeleri nämeden ybarat?
5. Dolandyryjylar Geňeşiniň resmi we işçi dilleri haýsylar?
6. Türkmenistanyň BMG ÖM-si bilen hyzmatdaşlygynyň ýola goýulmagynda we ösmeginde Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasynyň roly barada näme bilýärsiňiz?
7. Soňky ýyllarda BMG ÖM-niň Türkmenistandaky işi hyzmatdaşlygyň haýsy esasy ugurlaryny öz içine aldy?

**4. BMG-niň Ilat gaznasy (BMG IG)** (United Nations Population Fund – UNFPA). 1967-nji ýylyň iýulynda Baş Assambleýanyň 1966-njy ýylyň 17-nji dekabrynda kabul eden rezolýusiýasyna laýyk-

lykda döredildi. Başda UNFPA «Ýurduň ilaty iş üçin niýetlenen BMG-niň ýörite gaznasy» adyny aldy (UN Trust Fund for Population Activities). Özüniň häzirki adyny ol 1969-njy ýylda aldy. 1972-nji ýylda Gazna Baş Assambleýanyň garamagyna berildi we BA BMG ÖM-niň dolandyryjylar Geňeşini Gaznanyň dolandyryjy edarasy hökmünde belledi we oňa onuň maliýe we administratiw işini amala aşyrmak bilen meşgul bolmagy teklip etdi.

BMG-niň Ilat gaznasynyň wezipesi erkekleriň, aýallaryň we çagalaryň sagdyn durmuşa bolan birmeňzeş hukuklaryny goramak üçin birmeňzeş mümkinçilikleri üpjün etmekden ybarat bolup durýar. Şonuň üçin hem bu halkara gurama enäniň we bäbegiň saglygy, ýaşlaryň reproduktiw saglyk boýunça hyzmatlara elýeterliligi, gender deňligi, maşgalany meýilleşdirmek boýunça gullugy kämilleşdirmek, durnukly ösüş bilen bagly tagallalary goldamaklyga gönükdirilen ilat boýunça syýasaty işläp taýýarlamak ýaly ugurlar boýunça iş alyp barýar.

UNFPA öz taslamalarynyň üçden bir göterimini özi amala aşyrýar. Beýleki ýerine ýetirijiler bolup BMG, UNICEF, UNESCO, Halkara zähmet guramasy, Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy, Azyk we oba hojalyk guramasy we başgalar çykyş edýärler. Gazna hökümete degişli däl guramalar bilen hem hyzmatdaşlyk edýär.

UNFPA-nyň maliýeleşdirilmegi hökümetleriň meýletin tölegleriniň hasabyna amala aşyrylýar. Gaznanyň serişdeleriniň esasy bölegi maşgalany meýilleşdirmek boýunça taslamalaryň maliýeleşdirilmegine sarp edilýär.

Ilat gaznasynyň işi özünde meseleleriň giň toplumyny jemleýär. Ýöne maksatnamanyň esasy üç ugry **reproduktiw saglykdan, gender deňlikden, ilatdan we ösüşden ybaratdyr.** Olaryň her haýsy biri-biri bilen aýrylmaz baglydyr.

Ilat gaznasynyň işi Ilat we ösüş barada halkara maslahatynda (1994) kabul edilen hereketleriň Maksatnamasy, Müňýyllygyň ösüş maksatlary (2000) ýaly iki sany esasy resminamalara esaslanýar. Bu resminamalaryň ikisi hem uzak möhletli durnukly ösüş üçin şert hökmünde bilime we saglygy goraýşa aýratyn ähmiýet berýär.

Türkmenistan ilat babatda ýurtlara ýardam berýän dünýäde iň uly gurama bolan BMG-niň Ilat gaznasy bilen hyzmatdaşlyga uly üns berýär. Türkmenistanyň we UNFPA-nyň hyzmatdaşlygynyň başynda

UNFPA bu ugurdaky öz tagallalaryny UNICEF we Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy bilen utgaşdyrdy we öz ünsüni ilatyň, ozaly bilen bolsa aýallaryň, çagalaryň, ýetginjekleriň reproduktiw saglygy bilen bagly meseleleri goldamaklyga berdi. Mysal üçin, 1992-nji ýylyň başynda BMG-niň Ilat gaznasynyň wekili UNICEF-iň we Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň Aşgabada ýollanan bilelikdäki wekiliýetiniň düzüminde boldy we şunlukda, UNFPA Türkmenistan bilen ilkinjileriň hatarynda hyzmatdaşlygy ýola goýdy.

Soňra Türkmenistanyň we UNFPA-nyň özara hyzmatdaşlygy iki ýyllyk möhlet bilen meýilleşdirildi. 1992-nji ýylyň noýabrynda BMG-niň Ilat gaznasynyň wekiliýeti Aşgabada ilkinji gezek özbaşdak sapar etdi we şol sapar UNFPA-nyň we Türkmenistanyň arasynda hyzmatdaşlygyň doly ýola goýulmagyna we ösmegine ýardam etdi. Saparyň dowamynda hyzmatdaşlygyň esasy ileri tutuljak ugurlary we Türkmenistanyň maşgalany meýilleşdirmeklige bolan zerurlyklary kesgitlenildi, bu bolsa soňra UNFPA-nyň we Türkmenistanyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň esasynda goýuldy.

Türkmenistanyň UNFPA bilen özara hyzmatdaşlygynyň ýola goýulmagynda we ösmeginde Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasynyň köp işler edendigi aýratyn nygtalyp geçilmäge mynasypdyr. Mysal üçin, 1993-nji ýylyň 5-nji awgustynda TBMG-niň ýanyndaky HW-li UNFPA-nyň Ýerine ýetiriji direktory hanym Nafis Sadyk bilen duşuşdy we bu duşuşyk iki tarap üçin hem örän peýdaly tamamlandy: söhbetdeşligiň dowamynda UNFPA-nyň wekiliýetiniň Türkmenistana bolan sapary boýunça taýýarlan dokladyndaky netijeleri amaly taýdan durmuşa geçirmek, şeýle hem BMG-niň 1994-nji ýylyň sentýabrynda Müsürde boljak Maslahatyna taýýarlyk we onuň geçirilmegi bilen bagly meseleler boýunça pikir alşyldy. Türkmenistan boýunça UNFPA-nyň Maksatnamasy tassyklanylýança, ýurdumyza bahasy 300 müň amerikan dollaryna barabar waksinanyň berilmegi barada UNFPA-nyň ýolbaşçylygy tarapyndan kararyň kabul edilmegi duşuşygyň amaly netijelerinden biri boldy.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň we BMG-niň Ilat gaznasynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk bäşýyllyk möhlet bilen kabul edilýän ýurt maksatnamasyna esaslanýar. Hususan-da, 2010-njy ýylda bäş ýyllyk möhletli üçünji ýurt maksatnamasy durmuşa geçirildi.

Her bir adamyň reproduktiw saglyga bolan hukugy bardyr we ol sagdyn çagalaryň we bagtly maşgalanyň bolmagyna mümkinçilik berýär. Reproduktiw saglyk Ilat gaznasynyň nukdaýnazaryndan onuň esasy ileri tutýan ugurlaryny özünde jemleýär – ol her bir göwreliligiň islenilýän, her çaga dogurmagyň howpsuz, her bir ýaş adamyň WIÇ – infeksiýadan azat bolmagyndan we aýal-gyzlara mertebe we hormat bilen garalmagyndan ybaratdyr.

Reproduktiw saglygyň demografik ösüşdäki ähmiýeti global derejede ykrar edilendir. 2005-nji ýylda Bütindünýä Sammitinde dünýä liderleri Müňýyllygyň ösüş maksatlaryna reproduktiw saglyk boýunça hyzmatlara we maglumatlara köptaraply elýeterlilik punktyny goşdular. Şunlukda, UNFPA reproduktiw saglygyň hemmeler üçin 2015-nji ýyla çenli elýeterli bolmagy üçin goldaw bermek we tagallalary birleşdirmek bilen bagly borçlary öz üstüne aldy.

Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty bilen UNFPA-nyň hyzmatdaşlygynyň çäklerinde biziň ýurdumyzda 2000–2010-njy ýyllar üçin reproduktiw saglygyň milli strategiýasy; 2007–2011-nji ýyllar üçin Howpsuz enelik boýunça milli maksatnama; 2011–2015-nji ýyllar üçin reproduktiw saglygyň milli strategiýasy; 2012–2016-njy ýyllar üçin WIÇ-iň öňüni almak boýunça milli maksatnama; akuşerlik boýunça kliniki protokollar we başga maksatnamalar işlenip taýýarlanyldy we kabul edildi. Bu resminamalar reproduktiw saglyk boýunça Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň Ýewropa strategiýasynyň düzgünlerine, halkara forumlarda we maslahatlarda kabul edilen resminamalara laýyklykda işlenip taýýarlanyldy.

Reproduktiw saglygyň çäginde ileri tutulýan ugurlar boýunça iş alyp barmak bilen bir hatarda, Gazna reproduktiw saglygyň goragynyň serişdeleri bilen üpjünçilige hem ýardam edýär, şeýle hem olary hasaba almak we paýlamak üçin «Channel» habar ulgamynyň yzygiderli girizilmegini üpjün etdi. Şu ýerde 2012-nji ýylda ilatyň Bütindünýä gününiň «Reproduktiw saglygyň hyzmatlaryna hemmeleriň elýeterliligini üpjün etmek» bolandygyny hem belläp geçeliň.

Ýurduň ilaty we ösüşi çäklerinde ýurduň ilaty barada maglumatlary ýygnamak, seljermek, peýdalanmak we ýaýratmak adamlaryň durmuşyny gowulandyrmaga gönükdirilen syýasaty we maksatnamalary işläp taýýarlamakda örän uly ähmiýete eýedir. Şu jähtden UNFPA

Türkmenistana bu ugurlar boýunça maglumat tehnologiýalarynyň girizilmegine hem ýardam edýär. Ilat gaznasy şeýle hem ýurdumyza milli hasabatlary taýýarlamakda hem kömek edýär.

UNFPA-nyň işiniň esasy ugurlarynyň biri hem ilat ýazuwydyr. Dünýäniň ilatynyň sany her ýyl 75 million adam köpelýär. 2011-nji ýylyň 31-nji oktýabrynda dünýäniň ilatynyň sany 7 milliard adama ýetdi. Şu jähtden ýurtlarda Ilatyň uçdantutma ýazuwynyň geçirilmegi we ýazuw netijesinde alnan maglumatlaryň netijeli peýdalanylmagy uly ähmiýete eýe bolup durýar. Ilat ýazuwynyň maglumatlary netijeli çözgütleri kabul etmek, milli, şeýle hem ýerli şertlerde netijeli meýilleşdirmek we dolandyrmak üçin oňat çeşme bolup hyzmat edip biler. Bu maglumatlar şeýle hem ylmy barlaglar üçin oňat çeşmedir. Wezipe Ilat ýazuwyny ýurda has çalt ösmäge ýardam edip biljek gurala öwürmekde jemlenýär, Ilat ýazuwynyň maksady hem hut şoňa gönükdirilendir.

Şu jähtden Türkmenistanyň garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllaryndan başlap UNFPA-nyň Türkmenistanda metodologiýa, kartografiýa boýunça Döwlet statistikasynyň potensialynyň ýokarlanmagyny goldamak, şeýle hem ýazgyny geçirmek, onuň netijelerini ýaýratmak üçin häzirki zaman habar tehnologiýalaryny girizmek bilen ilat ýazuwynyň üstünlikli geçirilmegine ýardam etmegi düşnüklidir. Mysal üçin, 1994-nji ýylda Türkmenistanda ilat ýazuwy geçirildi. Bu möhüm çäre bilen baglylykda BMG-niň Ilat gaznasy Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasynyň haýyşy boýunça Türkmenistana özüniň nobatdaky wekiliýetini ýollady. Wekiliýet Türkmenistanyň Statistika boýunça döwlet komitetine ilat ýazuwy üçiň Maksatnama, maglumatlary işläp taýýarlamak üçin 15 sany kompýuter, şeýle hem usuly we maslahat kömegini berdi. Gazna Türkmenistanyň statistika boýunça döwlet komitetini halkara bilermenleri bilen hem üpjün etdi.

UNFPA we BMG-niň käbir beýleki agentlikleri Türkmenistanyň Hökümetiniň haýyşy boýunça 2012-nji ýylyň dekabrynda ýurdumyzda geçirilen ilat we ýaşaýyş jaý gaznasynyň uçdantutma ýazuwynyň geçirilmegine hem uly ýardam etdiler. Ilat ýazgysynyň netijeleri ýurduň sosial-ykdysady syýasatyny, ösüş strategiýasyny işläp taýýarlamak üçin habaryň gymmatly çeşmesi boldy.

Ilat gaznasynyň işiniň beýleki bir ugry – demografik meýilleriň hasaba alynmagy bilen ösüşiň döwlet meýilnamalarynyň we strategiýalarynyň işlenip taýýarlanylmagy üçin delilleri seljermegiň iň täze, täsirli usullaryny ulanmakda döwlet diwanynyň işgärleriniň potensialyny pugtalandyrmak bolup durýar. Şu ugruň çäklerinde Gazna döwlet gullukçylaryna delilleri seljermekligiň usuly boýunça halkara ekspertizany elýeterli edýär. UNFPA şeýle hem ilat we ösüş meseleleri boýunça okuw meýilnamalaryň we maksatnamalaryň halkara derejesinde kabul edilen häzirki zaman standartlaryna laýyk getirilmegine ýardam edýär.

Özüniň ygtyýarlyklarynyň çäginde UNFPA gender deňligi boýunça hem uly iş alyp barýar. Gender deňligi – munuň özi onda durmuşyň ähli çäklerinde erkekleriň we aýallaryň deň mümkinçilikleri, hukuklary we borçlary bolan jemgyýeti aňladýar. Gender deňliginiň çäginde UNFPA-nyň strategiýasy olara Türkmenistanyň goşulan Hereketleriň Pekin platformasy we Aýallar babatda kemsitmeleriň ähli görnüşleriniň ýok edilmegi baradaky BMG-niň konwensiýasy ýaly esasy resminamalara esaslanýar.

2009-njy ýylda Türkmenistanda gender meseleleri boýunça geçirilen maslahatlar hukugyň bu ulgamynda geljekki meýilnamalaryň başlangyç nokady boldy. Soňky ýyllarda UNFPA milli kanunçylyga gender täsirli ýörelgeleri ornaşdyrmak boýunça Hereketleriň milli meýilnamasyny işläp taýýarlamakda Türkmenistanyň Hökümetine ýardam etdi. Bu we başga ençeme mysallar Türkmenistanyň we UNFPA-nyň hyzmatdaşlygynyň netijesinde ýurdumyzda gender deňligi meseleleri boýunça hem berk binýadyň döredilendiginden habar berdi.

UNFPA Türkmenistanda adam hukugynyň monitoringiniň milli ulgamyny pugtalandyrmak boýunça hem işjeň iş alyp barýar. Türkmenistanyň Mejlisiniň wekilleri, kazylar, prokuraturanyň işgärleri, dolandyrmagyň ýerli edaralarynyň wekilleri Gaznanyň ýardamy bilen guralýan seminarlarda gender deňligi çäginde halkara standartlary boýunça öz potensiallaryny ýokarlandyrmaga mümkinçilik alýarlar.

Türkmenistanda ýaşy 25 ýaşdan pes bolan adamlar ýurduň ilatynyň 50 göterimini tutýarlar. Reproduktiw saglygy, bilimi we mynasyp iş şertlerini hem goşmak bilen saglygy goramak babatdaky maglumatlara we hyzmatlara eýe bolan ýaş adamlar ykdysady özgerişler üçin uly

güýç bolup durýar. Hut şonuň üçin hem Türkmenistanda UNFPA ýaşlar babatda dostlukly ýörelgelere esaslanan reproduktiw saglyk we WIÇ-iň öňüni almak çäginde hakyky habaryň we maslahat beriş hyzmatlaryň ýetginjeklere doly elýeterli bolmagyna ýardam edýär.

Şunlukda, garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň we UNFPA-nyň özara hyzmatdaşlygy barha çuňlaşdy we giňeldi. 2012 – 2015-nji ýyllar üçin Türkmenistanyň ilat we ösüş boýunça BMG-niň Komissiýasynyň agzalygyna saýlanmagy hem ýurdumyzyň BMG-niň Ilat gaznasy bilen hyzmatdaşlygy işjeň alyp barýandygynyň aýdyň subutnamasy boldy. Ilat we ösüş meseleleri boýunça BMG-niň Komissiýasy BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň möhüm kömekçi edarasy bolup durýar. 47 döwletiň wekillerinden durýan bu Komissiýa Türkmenistana statistika, migrasiýa boýunça meseleleri taýýarlamaga we seretmäge, halkara bileleşigi, BMG-niň agza döwletleri üçin demografik syýasaty, ilatyň meseleleriniň barlaglaryny durmuşa geçirmek boýunça teklipleri işläp taýýarlamaga işjeň gatnaşmaga mümkinçilik berýär.

**Soraglar:**
1. BMG-niň Ilat gaznasy haçan döredildi?
2. Ilat gaznasynyň wezipesi nämeden ybarat?
3. Reproduktiw saglyk näme?
4. Ilat ýazuwynyň maglumatlarynyň ähmiýeti barada näme aýdyp bilersiňiz?
5. Gender deňligine nähili düşünýärsiňiz?
6. Türkmenistanyň we UNFPA-nyň özara hyzmatdaşlygy haçan ýola goýuldy we ol häzir näçe ýyllyk möhlet bilen meýilleşdirilýär?
7. UNFPA haýsy çeşmeleriň hasabyna maliýeleşdirilýär?

**5. BMG-niň Daşky gurşaw boýunça Maksatnamasy** (UNEP) (United Nations Environment Programme – UNEP). Eýýäm XX asyryň 60-njy ýyllarynyň ortasyndan başlap dünýäniň ähli döwletlerinde ekologiýa meseleleri birden ýitileşdi – adam işiniň netijesinde tebigatda bolup geçýän howply ýagdaýlar ykdysady we sosial ösüşe ýaramaz täsir edip başladylar. Şol ýagdaýlaryň häsiýeti we göwrümleri daşky gurşawy goramaklygyň meseleleriniň ýaragsyzlanmak, dawaly ýagdaýlary tertibe salmak ýaly häzirki zamanyň ähلumumy meseleleri bilen bir hatarda öňki orunlara çykyp başlandyklaryndan

habar berdi. Şol meseleleriň çözülmän galmagy bolsa adamzadyň aman galmagyna howp saldy.

Mysal üçin, 80-nji ýyllaryň ikinji ýarymynda dünýäniň 100 ýurdunyň çäginde çölleşmek ýagdaýynyň bolup geçmegi, aýry-aýry sebitlerde bolsa bu ýagdaýyň heläkçilik derejesine eýe bolmagy munuň aýdyň subutnamasy boldy. Çölüň hüjüm etmegi şol döwürde her ýyl 60 müň gektar ýeri hojalyk dolanyşygyndan çykardy we 1988-nji ýyla çenli ol 9 million gektardan hem artdy. Şol ýyllarda ýer ýüzünde betbagtçylygyň bu görnüşiniň her ýyl ýetiren umumy zyýany 26 milliard dollardan hem köp boldy.

Daşky gurşawy goramak üçin döwletleriň tagallalaryny birleşdirmekde daşky gurşawyň meseleleri boýunça 1972-nji ýylyň 5-nji iýunynda Stokgolmda (Şwesiýa) bolup geçen BMG-niň maslahaty möhüm waka boldy. Maslahatda 100-den gowrak ýurtlaryň hökümet agzalary ekologiýa bilen bagly meseleleri global ähmiýetli meseleler hökmünde kesgitlediler, olaryň üstünlikli çözülmeginiň bolsa tutuş dünýä bileleşiginiň ylalaşykly strategiýasyna we ysnyşykly hyzmatdaşlygyna bagly bolup durýandygyny nygtadylar. Hut şonuň üçin hem BMG-niň Stokgolm maslahatynda daşky gurşaw babatda Jarnama we çäreleriň Meýilnamasy, şeýle hem täze halkara guramany – *daşky gurşaw boýunça BMG-niň Maksatnamasyny (UNEP)* döretmek barada teklip kabul edildi. Bu Maksatnama BMG-niň Baş Assambleýasynyň 27-nji mejlisinde (1972-nji ýylyň 15-nji dekabry) kabul edilen 2997 belgili rezolýusiýasy esasynda BA-nyň kömekçi edarasy hökmünde döredildi.

UNEP-iň hukugy, wekilçiligi BA-nyň 1972-nji ýylyň 15-nji dekabrynda kabul edilen we ýokarda agzalan rezolýusiýasy tarapyndan tassyklanyldy we olar 1992-nji ýylyň iýunynda Rio-de Žaneýroda (Braziliýa) bolup geçen BMG-niň daşky gurşaw we ösüş boýunça Maslahatynda kabul edilen «XXI asyr üçin Gün tertibi» atly hereketleriň maksatnamasynda, UNEP-iň roly we mandaty barada Naýrobi jarnamasynda (1997) özüniň mundan buýanky ösüşine eýe boldy. **UNEP-iň esasy wezipeleri:**

1) daşky gurşawy seljermekden we ekologiýanyň ýagdaýlaryna baha bermekden, işiň esasy ugurlary boýunça maslahat bermekden;

ekologiýa howplary barada öz wagtynda duýdurmakdan, halkara hyzmatdaşlygyny we iň kämil ylmy-tehniki bazany ulanmak bilen işi işjeňleşdirmekden we ösdürmekden;

2) durnukly ösüşiň bähbitleri üçin halkara ekologiýa hukugynyň ösmegini höweslendirmekden;

3) ekologiýa hukugynyň çäginde halkara ylalaşyklaryň amala aşyrylmagyna ýardam etmekden we ýüze çykýan ekologiýa meseleleri çözmek boýunça bilelikdäki işi höweslendirmekden;

4) BMG-niň ulgamynyň çäklerinde tebigaty goramak işinde utgaşdyryjy, şeýle hem global daşky gurşaw Gaznasynyň ýerine-ýetiriji edarasy hökmünde öz roluny pugtalandyrmakdan;

5) hökümetlere we beýleki degişli institutlara institusion gurluşyň esasy meseleleri boýunça syýasaty işläp taýýarlamaga kömek bermekden ybaratdyr.

UNEP-iň başynda 58 döwletiň wekillerinden ybarat bolan *dolandyryjylaryň Geňeşi* durýar. **Geňeşiň esasy borçlary**:

a) daşky gurşaw boýunça halkara hyzmatdaşlygyna ýardam etmekdir we zerurlyga görä alnyp barylýan syýasat babatda maslahatlar bermekdir;

b) umumy ýolbaşçylygy amala aşyrmak we BMG-niň guramalary tarapyndan daşky gurşaw boýunça ýerine ýetirilýän maksatnamalary utgaşdyrmakdyr;

ç) daşky gurşawyň ýagdaýy barada syn taýýarlamakdyr we halkara hyzmatdaşlygynyň ýollaryny kesgitlemekdir; d)daşky gurşaw boýunça Gaznada göz öňünde tutulan çäreleriň synlaryny taýýarlamak we ş.m. meselelerdir.

UNEP-iň tebigaty goramak boýunça **işiniň iň möhüm ugurlary** şulardyr:

a) aýry-aýry tebigy obýektleriň goragydyr (deňiz gurşawynyň goragy, topraklaryň we süýji suwlaryň goragy);

b) ýaramaz täsiriň dürli görnüşlerine garşy göreşmekdir (çölleşmä, hapalanma garşy göreşmek);

ç) daşky gurşawyň ýagdaýyna gözegçilik etmek üçin dünýä boýunça habar berýän gullugy döretmekdir;

d) ilatly punktlaryň ösüşiniň ykdysady aýratynlyklaryny öwrenmekdir;

e) tebigaty gorap saklamak işiniň halkara-hukuk esasyny işläp taýýarlamakdyr.

UNEP-iň dolandyryjylar Geňeşiniň 9-njy ýörite mejlisinde (2008 ý.) 2010–2013-nji ýyllar üçin **UNEP-iň** Orta möhletli strategiýasy kabul edildi we onda **6 sany ileri tutulýan tematik ugurlar** kesgitlenildi. Olar:

1) howanyň üýtgemegi;

2) heläkçilikler we jenjeller;

3) ekologiýa ulgamynyň dolandyrylyşy;

4) ekologiki ýolbaşçylyk;

5) zyýanly maddalar we howply galyndylar;

6) resurslardan peýdalanmagyň täsirliligi – durnukly sarp ediş we önümçilik ýaly ugurlardyr.

UNEP-iň ýardam bermeginde daşky gurşawy goramak boýunça ençeme konwensiýalar işlenip taýýarlanyldy we kabul edildi.

**UNEP-iň maksatnamalary** 1973-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda daşky gurşawy goramak boýunça döredilen meýletin Gaznadan, şeýle hem BMG-niň býujetinden maliýeleşdirilýär. UNEP-iň 700-e golaý işgäri bardyr.

Ekologiýa taýdan howpsuz ýaşaýşy we ösüşi üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistan daşky gurşawy goramak meselelerine hemişe üns berip gelýär. Elbetde, ýurdumyzyň taryhynyň sowet döwründe alnyp barlan ekstensiw, ýagny hil taýdan däl-de, eýsem san taýdan köpeltmäge, giňeltmäge we ýaýratmaga bolan syýasat ýurduň sagdyn tebigatyna ägirt uly zeper ýetirdi. Ýöne muňa seretmezden, bu ugurda şol döwürde käbir oňaýly tejribe hem toplandy, halkara hyzmatdaşlygy amala aşyryldy.

Mysal üçin, 1978-nji ýylda Aşgabatda daşky gurşawy we tebigy resurslary goramak boýunça halkara birleşiginiň (DGTRGHB) XIV Baş assambleýasynyň bolup geçmegi we onuň işine 60 döwletiň wekiliýetleriniň, şeýle hem UNEP, UNESCO, Bütindünýä pul gaznasy ýaly halkara guramalaryň wekilleriniň gatnaşmagy, assambleýanyň «Tebigaty goramagyň Bütindünýä strategiýasyna», «Tebigaty goramagyň Hartiýasyna» seretmegi, DGTRGHB-niň «Strategiýanyň» we Hartiýanyň wezipelerini amala aşyrmaga gönükdirilen 1979–1981-nji ýyllar üçin öz işiniň maksatnamasyny tassyklamagy munuň aýdyň mysaly boldy.

70–80-nji ýyllarda Türkmenistan BMG-niň çäginde geçirilen dürli halkara maksatnamalara hem gatnaşdy. Mysal üçin, öňki SSSR-iň ylym we tehnika boýunça Döwlet komitetiniň we BMG-niň Daşky gurşaw boýunça Maksatnamasynyň arasyndaky ylalaşyga laýyklykda «Dünýäniň ýer resurslary» atly halkara taslamanyň çäklerinde Türkmenistanyň Ylymlar Akademiýasynyň Çöller institutynyň (YAÇI) we onuň tejribeçilik stansiýalarynyň bazasynda 1978-nji ýyldan 1980-nji ýyllaryň aýagyna çenli her ýyl Aziýa, Afrika we Latyn Amerikasy ýurtlaryndan bolan çöl öwreniji hünärmenleriň hünärlerini ýokarlandyrmak boýunça kurslar guraldy.

Bu ylmy kurslaryň guralmagy hünärmenleriň öz hünär derejelerini ýokarlandyrmak işinde hil taýdan täze dereje we halkara bileleşigi tarapyndan Türkmenistanyň alymlaryna bolan uly ynamyň görkezijisi boldy. Bu bolsa ençeme ýagdaýlar bilen şertlendirildi: 1962-nji ýylda döredilen Türkmenistanyň YAÇI arid ýerleri öwrenmek we çölleşmä garşy göreş boýunça toplumlaýyn barlaglary alyp bardy, öňki SSSR boýunça 80 sany barlag toparlarynyň işini utgaşdyrdy. 60–80-nji ýyllarda institut bu ugurda seýrek tejribe toplady: çägeleriň süýşmesi togtadyldy, öň jansyz ýatan ençeme giňişlikler oazislere öwrüldi. Bularyň ählisi arid zolaklarynyň hojalyk taýdan işjeň özleşdirilmegi bilen bir wagtda bolup geçdi.

«Ekologiýa, dolandyrmak we öri ýerleriň önümliligi», «Hemmetaraplaýyn ösüş arkaly çölleşmä garşy göreş», «Süýşýän çägeleri berkitmek» ýaly temalar boýunça kurslara gatnaşan daşary ýurt hünärmenleri 1,5 – 2 aýyň dowamynda nazary esaslary öwrendiler, çägeli ýerleri özleşdirmegiň we gorap saklamagyň amaly usullaryny ele aldylar. Umuman, 1978–1986-njy ýyllarda Aziýa, Afrika we Latyn Amerikasynyň 50-den gowrak ýurdunyň 500-e golaý hünärmenleri Türkmenistanda öz hünärlerini ýokarlandyrdylar. 1984-nji ýylda Türkmenistanyň YAÇI-niň UNEP-iň kümüş medaly bilen sylaglanmagy Türkmenistanyň bu meselä goşan nobatdaky goşandynyň, ýurdumyzyň YAÇI-niň «Çöllükleri özleşdirmegiň esaslaryny işläp taýýarlamaga we işgärleri taýýarlamaga goşan görnükli goşandynyň» ykrar edilmegi boldy.

Soňky ýyllarda ekologiýa meseleleri howpsuzlygyň we ählumumy ösüşiň derejesini kesgitleýän esasy ýagdaýa öwrüldi. Howanyň

üýtgemegi, ozon gatlagynyň ýukalmagy, çölleşmek hadysasy zerarly abanýan howplar, aýry-aýry sebitlerde süýji suwuň ýetmezçiligi, howanyň hapalanmagy, biologik dürliligiň kemelmegi we başga-da birnäçe hadysalar häzirki döwürde möhüm ekologiýa meseleler hasaplanylýar, global gün tertibinde şol meseleleriniň orny has-da ýokarlandy.

Şeýle şertlerde, ekologiýa taýdan arassa dünýäni gurmak bitarap Türkmenistanyň syýasatynyň iň möhüm wezipeleriniň, halkara hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugurlarynyň birine öwrüldi. Bu hyzmatdaşlygyň esasyny bolsa BMG tarapyndan yglan edilen durnukly ösüşiň ekologik ölçegleri tutdy.

Türkmenistan ekologiýa, daşky gurşawy goramak boýunça milli kanunçylygy kämilleşdirmäge, täze kanunlary kabul etmäge uly üns berýär. Mysal üçin, 2009-njy ýylda tebigaty goramak boýunça kanunçylygyň üsti ozon gatlagyny goramak hakynda Türkmenistanyň Kanuny, ozony dargadýan maddalaryň dolanyşygyny kadalaşdyrýan hukuk namalaryň birnäçesi bilen ýetirildi. 2011-nji ýylda Türkmenistanyň Tokaý Kodeksiniň täze redaksiýasy kabul edildi we ol tokaýlaryň goralmagyny we rejeli ulanylmagyny üpjün edýär. 2013-nji ýylyň başynda Milli Tokaý maksatnamasy hereket edip başlady. Şeýle hem, Türkmenistanyň balyk tutmak we suw biologik serişdelerini aýawly saklamak bilen baglanyşykly kanuny kabul edildi.

Biziň ýurdumyz ekologiýa howpsuzlygyň meseleleri boýunça BMG-niň köptaraplaýyn resminamalaryna hem işjeň gatnaşýar. Ozon gatlagyny goramak baradaky Wena Konwensiýasy, ozon gatlagyny dargadyjy jisimler baradaky Monreal Protokoly (1985), howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýa (1992), biologik köpdürlülik hakyndaky Konwensiýa (1992), gurakçylygyň ýa-da çölleşmegiň uly möçberine sezewar bolýan ýurtlarda, aýratyn hem Afrikada, çölleşmä garşy göreş baradaky Konwensiýa (1994), biologiki howpsuzlyk boýunça Kartahena protokoly (2000), Hazar deňziniň daşky gurşawyny goramak boýumça Çarçuwaly konwensiýa (2003), Merkezi Aziýada durnukly ösüş üçin gurşap alýan tebigaty goramak hakyndaky Çarçuwaly konwensiýa (2006) we başgalar şeýle resminamalara degişlidir.

Türkmenistan diňe bir halkara konwensiýalardan we ylalaşyklardan gelip çykýan borçlaryny gyşarnyksyz ýerine ýetirmän, eýsem daşky gurşawy goramak meseleleriniň tutuşlaýyn çözülmegi ugrunda hem iş alyp barýar. Ýurdumyzda «Daşky gurşawy goramak boýunça Milli meýilnama», «Türkmenistanyň biologiki köpdürliligini saklamak boýunça strategiýa we hereketleriň meýilnamasy», «Çölleşmä garşy göreşiň Milli meýilnamasy», «Hereketleriň Milli Hazar meýilnamasy», «Howanyň üýtgemegi boýunça Türkmenistanyň Milli strategiýasy» ýaly resminamalaryň kabul edilmegi munuň aýdyň mysalydyr.

Islendik sebitleýin we ählumumy meseläni çözmekde Türkmenistan şeýle hem tagallalaryň birleşdirilmeginiň möhümliginden gelip çykýar. Mysal üçin, 2007-nji ýylda biziň ýurdumyz howanyň üýtgemegi bilen baglylykda öňüni alyş çäreleri işläp taýýarlamak maksady bilen, bilelikdäki hereketleriň sebitleýin taslamasyny işläp taýýarlamak başlangyjy bilen çykyş etdi we ony işläp taýýarlamakda utgaşdyryjynyň wezipesini öz üstüne aldy. Basym Türkmenistan Merkezi Aziýa ýurtlarynyň gatnaşmagynda sebit çäreleriniň geçirilýän ýerine öwrüldi. Şol çäreleriň jemleri boýunça bolsa Aşgabatda BMG-niň daşky gurşaw boýunça Maksatnamasynyň Sebit edarasyny, ýa-da howanyň üýtgemegi boýunça BMG-niň Sebit merkezini döretmek barada maslahatlar, teklipler kabul edildi.

Howanyň üýtgemegi bilen baglylykda BMG-niň Sebit merkeziniň döredilmegine gönükdirilen şol maslahatlar ençeme ýagdaýlara, hususan-da: a) şeýle merkeziň işiniň sebitiň ýurtlaryna daşky gurşawy goramak buýunça sebit we halkara syýasatyny meýilleşdirmäge işjeň gatnaşmaga; b) UNEP tarapyndan geçirilýän çäreleriň doly hukukly agzalary bolmaga: ç) ählumumy we sebit derejesinde ileri tutulýan ugurlary durmuşa geçirmek boýunça maliýe, tehniki, maslahat beriş gorlaryny tapmaga; d) daşky gurşaw boýunça konwensiýalar we beýleki halkara ylalaşyklar tarapyndan göz öňünde tutulan meseleleri çözmäge mümkinçilik berjekdigine; e) Merkezi Aziýa ýurtlaryna halkara bileleşigi bilen bilelikde howanyň üýtgemegine, biodürliligi saklamaklyga, çölleşmä we ýer resurslarynyň zaýalanmagyna degişli ekologiki meseleleri çözmäge; ä) Merkezi Aziýa sebitiniň bolsa şol meseleleri çözmek üçin halkara bileleşiginden maýa goýumlaryny almaga goşmaça mümkinçilikleri aljakdygyna esaslandy.

Ekologiýa howpsuzlygynyň üpjün edilmeginde Türkmenistan daşky gurşawy goramaklygyň meselelerine bagyşlanan halkara forumlary geçirmeklige hem uly üns berýär. Mysal üçin, diňe bir 2011–2012-nji ýyllarda Türkmenistanda «Ekologiýa boýunça Türkmenistanyň halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy: gazanylan üstünlikler» atly halkara maslahatyň, Hazar deňziniň deňiz gurşawyny goramak baradaky Çarçuwaly konwensiýa boýunça hereket etmegiň milli meýilnamalaryny taýýarlamak baradaky iş toparynyň duşuşygynyň, halkara Hazar ekologiýa maslahatyň we şuňa meňzeş beýleki forumlaryň geçirilmegi Türkmenistanyň ekologiýanyň meseleleri boýunça möhüm halkara merkezine öwrülendigini aýdyň görkezdi.

Türkmenistan dünýä we sebit syýasatynyň derwaýys ugurlary, şol sanda ekologiýa meseleleri boýunça hem iri halkara başlangyçlar bilen yzygiderli çykyş edýär. Hususan-da, onuň ýurdumyzda BMG-niň howandarlygynda howanyň üýtgemegi bilen bagly meseleleri çözmek boýunça Sebitara Merkezi döretmek, BMG-niň Aral üçin Ýörite maksatnamasyny işläp taýýarlamak, Hazar sebitinde daşky gurşawy goramagyň hem-de degişli teklipleri we maslahatlary işläp taýýarlamagyň meselelerine garamak üçin hemişelik işleýän edara hökmünde Hazar ekologiýa maslahatyny guramak ýaly BMG-niň münberinden eden başlangyçlary we teklipleri dünýä bileleşigi tarapyndan uly gyzyklanma bilen kabul edildi.

BMG-niň 2011-nji ýylda adam ösüşi baradaky dokladynda onda dünýäniň ilatynyň üçden bir bölegi ýaşaýan guraksy ýerlerine çölleşmegiň howp salýandygy bellenip geçilýär. Türkmenistanyň çölleşmä garşy göreş boýunça halkara maksatnamalaryna işjeň gatnaşmagy we toplan gymmatly tejribesi ýurdumyzyň UNEP bilen işjeň hyzmatdaşlykda bu wajyp mesele boýunça hem sebitleýin we halkara derejelerde tejribe alyşmagyň merkezi bolup biljekdiginden habar berýär.

**Soraglar:**

1. Dünýäniň ähli döwletlerinde ekologiýa meseleleri haçan ýitileşdi we munuň sebäbini nämede görýärsiňiz?
2. Daşky gurşawy goramak boýunça döwletleriň tagallalaryny birleşdirmekde BMG-niň haýsy maslahaty möhüm waka boldy?
3. UNEP haçan döredildi?
4. UNEP-iň esasy wezipeleri, dolandyryjylar Geňeşiniň esasy borçlary nämeden ybarat?

5. UNEP-iň soňky Orta möhletli strategiýasy haçan kabul edildi we onda haýsy ileri tutulýan ugurlar kesgitlenildi?
6. Türkmenistanyň YAÇI haçan we nähili hyzmatlary üçin UNEP-iň kümüş medaly bilen sylaglandy?
7. Bitarap Türkmenistanyň ekologiýa meseleleri boýunça hyzmatdaşlygy barada näme bilýärsiňiz?
8. Soňky ýyllarda Türkmenistan ekologiýa meseleleri boýunça nähili başlangyçlar bilen çykyş etdi?

**6. BMG-niň söwda we ösüş boýunça Maslahaty** (BMG SÖM) United Nations Conference on Trade and Development – UNCTAD).

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 19-njy mejlisinde Assambleýanyň hemişelik edarasy hökmünde 1964-nji ýylyň 30-njy dekabrynda döredildi. BMG SÖM–niň agzalary BMG-niň, ýöriteleşdirilen edaralaryň ýa-da atom energiýasy boýunça Halkara agentliginiň agzalarydyr. Häzirki wagtda 192 döwlet UNCTAD-iň agzasydyr.

BMG-niň söwda we ösüş boýunça Maslahatynyň *esasy wezipesi* ykdysady ösüşiň depginlerini ýokarlandyrmak maksady bilen, ýurtlaryň arasynda halkara söwdany höweslendirmekdir. Bu guramanyň wezipesine şeýle hem halkara söwda we ykdysady ösüşiň meselelerine degişli ýörelgeleri we syýasaty işläp taýýarlamak, söwda boýunça hökümetleriň we halkara guramalaryň syýasatyny meýilleşdirmek hem girýär.

BMG-niň söwda we ösüş boýunça Maslahatynyň *borçlarynyň* arasynda syýasy seljerme; hökümetara derejesinde ara alyp maslahatlaşmalaryň geçirilmegi, konsensus gazanmak we gepleşikler geçirmek; gündelik gözegçiligi amala aşyrmak, kararlary ýerine ýetirmek we nobatdaky çäreleri görmek; tehniki hyzmatdaşlyk ýaly meseleler hem bardyr.

BMG-niň söwda we ösüş boýunça Maslahaty BMG-niň ulgamynda ösüş meseleleri, söwda, maliýe, tehnologiýalaryň, maýa goýmagyň we durnukly ösüşiň ýakyn meseleleri boýunça utgaşdyryjy merkeziň roluny oýnaýar.

BMG-niň söwda we ösüş boýunça Maslahatynyň howandarlygynda geçirilýän gepleşikler oňaýly netijeler berýär. Mysal üçin, 1971-nji ýylda preferensiýalaryň, ýagny ýeňillikleriň ählumumy ulgamy barada Ylalaşyk makullanyldy. Bu resminamanyň kabul edilmeginiň neti-

jesinde eger ösüp barýan ýurtlaryň eksportynyň göwrümi 70 million amerikan dollaryndan ýokary bolsa, onda oňa ösen ýurtlaryň köpüsiniň bazarlarynda ýeňillikli düzgün ulanylyp başlandy.

1989-njy ýylda UNCTAD-iň çäklerinde ösüp barýan ýurtlaryň arasynda söwda ýeňillikleriniň global ulgamy baradaky Ylalaşyga gol çekildi. Bu guramanyň howandarlygynda çig maly, şol sanda kakaony, gandy, tebigy kauçugy, zeýtun ýagyny, bugdaýy we käbir başga harytlary tabşyrmak barada halkara ylalaşyklar işlenip taýýarlanyldy we olara gol çekildi. 1989-njy ýylda şeýle hem UNCTAD-iň çäklerinde çig mal harytlary üçin Umumy gazna döredildi. Gazna halkara haryt gorlarynyň döredilmegini maliýeleşdirdi, aýry-aýry çig mal harytlar boýunça barlaglaryň geçirilmegine ýardam etdi. UNCTAD şeýle hem deňiz ulagy boýunça ençeme halkara şertnamalaryň, hususan-da, deňiz arkaly ýükleriň halkara daşalmagy (1980 ý.), gämileriň hasaba alynmagynyň şertleri barada (1986 ý.), deňiz gämileriniň tussag edilmegi barada (1999 ý.) ýaly ençeme konwensiýalaryň taýýarlanylmagyna we baglaşylmagyna goşant goşdy.

*UNCTAD-yň iň ýokary edarasy Maslahatdyr* (Conference) we onuň mejlisleri dört ýylda bir gezek çagyrylýar. Maslahat UNCTAD--iň işiniň esasy ugurlaryny kesgitleýär. 2000-nji ýylda Bangkokda UNCTAD-iň onunjy Maslahaty bolup geçdi.

*Söwda we ösüş boýunça Geňeş* (Trade and Development Board) *UNCTAD-yň hemişelik ýerine ýetiriji edarasydyr* we ol Maslahatyň mejlisleriniň arasyndaky işiň üznüksizligini üpjün edýär. 1976-njy ýyldan bäri Geňeş UNCTAD-iň ähli agzalarynyň gatnaşmagy üçin açykdyr. Söwda we ösüş boýunça Geňeş öz nobatdaky mejlislerine adatça ýylda iki gezek ýygnanýar. UNCTAD-iň sessiýalarynyň arasynda iki ýylda bir gezek ministrleriň derejesinde Geňeşiň mejlisleri geçirilýär. Ýörite mejlisler Geňeşiň karary ýa-da Geňeşiň agzalarynyň köpüsiniň, Maslahatyň ýa-da Baş Assambleýanyň talaby boýunça çagyrylýar.

UNCTAD-yň we onuň Geňeşiniň esasy kömekçi edaralary çig mal harytlary boýunça Komitetdir (Committee on Commodities), senagat harytlary boýunça Komitetdir (Committee on Manufactures), deňiz daşamalary boýunça Komitetdir (Committee on Shipping), Tehnologiýa bermek boýunça Komitetdir (Committee on Transfer of Technology) we başgalardyr.

Hususan-da, preferensiýalar boýunça ýörite Komitet (Special Committee on Preferences), Işçi toparlar (Working Groups), ekspertleriň hökümetara toparlary (Intergovernmental Groups of Experts) we ş.m. Geňeşiň beýleki kömekçi edaralarydyr.

Geňeş Maslahata, şeýle hem her ýyl BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň üsti bilen Baş Assambleýa öz işi barada hasabat berýär.

BMG-niň söwda we ösüş boýunça Maslahatynyň hemişelik administratiw edarasy UNCTAD-iň Baş sekretarynyň ýolbaşçylygyndaky *Sekretariatdyr*. Baş sekretar BMG-niň Baş sekretary tarapyndan bellenýär we Baş Assambleýa tarapyndan tassyklanylýar.

BMG-niň söwda we ösüş boýunça Maslahatynyň ýanynda halkara söwda boýunça UNCTAD – BMG merkezi hereket edýär. Merkeziň maksady ösüp barýan ýurtlaryň we ykdysadyýeti geçiş häsiýeti bolan ýurtlaryň kärhanalarynyň köptaraplaýyn söwda ulgamyna goşulmaklaryna ýardam etmekdir; söwdany ösdürmek boýunça strategiýanyň işlenip taýýarlanylmagyna we durmuşa geçirilmegine goldaw bermekdir we ş.m.

*UNCTAD-yň ştab-jaýy Ženewada (Şweýsariýa) ýerleşýär.*

Häzirlikçe Bütindünýä söwda guramasyna girmedik ençeme ýurtlar, şol sanda Türkmenistan üçin UNCTAD onuň çäklerinde öz bähbitlerine laýyklykda halkara söwda meselelerini ara alyp maslahatlaşyp boljak ýeke-täk global halkara forum bolup durýar. Maslahatyň baý maglumatlar esasy, onuň seljeriş işleri, milli tejribeleri alyşmaklyga bolan ugry şol ýurtlara beýleki ýurtlaryň daşary söwda, hususylaşdyrmak, ýagny döwlete degişli kärhanalaryň, ulag serişdeleriniň, ýaşaýyş jaýlaryň we ş.m. hususy eýeçilige berilmegi, halkara ykdysady integrasiýa we başga şuňa meňzeş meseleler boýunça öňdebaryjy tejribesinden peýdalanmaga mümkinçilik berýär.

**Soraglar:**

1. UNCTAD haçan döredildi we onuň esasy wezipesi nämeden ybarat?
2. UNCTAD-yň howandarlygynda geçirilýän gepleşikler nähili netijeler berýär?
3. UNCTAD-iň ýolbaşçy edaralary barada näme bilýärsiňiz?
4. Bütindünýä söwda guramasynyň agzasy däl ýurtlar üçin UNCTAD-yň ähmiýeti barada näme aýdyp bilersiňiz?

# X bap
# BMG-niň ÝÖRITELEŞDIRILEN EDARALARY WE OLARYŇ DÜNÝÄDE BOLUP GEÇÝÄN ÝAGDAÝLARY DOLANDYRMAKDAKY ROLY. TÜRKMENISTANYŇ BMG-niň ÝÖRITELEŞDIRILEN EDARALARY BILEN HYZMATDAŞLYGY

## §1. BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralary barada düşünje

BMG-niň maksatnamalary, gaznalary ýaly bu Guramanyň ýöriteleşdirilen edaralary (ÝE) (Specialized Agencies) hem BMG-niň tutuş ulgamynyň möhüm aýrylmaz bölegi bolup durýar. Olaryň döremegi, hereket etmeginiň ýollary we hukuk statusy BMG-niň Düzgünnamasy tarapyndan göz öňünde tutulandyr.

Ýöriteleşdirilen edaralaryň döremegi bilen bagly mesele ilkinji gezek BMG-niň Düzgünnamasynyň işlenip düzülmeginiň gidişinde ýüze çykdy. 1944-nji ýylda Dumbarton-Oksda bolup geçen maslahatda geljekki halkara guramanyň (BMG-niň) häsiýeti baradaky meseläniň ara alnyp maslahatlaşylmagy bilen bir hatarda ykdysady, maliýe, durmuş, medeni-gumanitar häsiýetli dürli ýöriteleşdirilen guramalar, şeýle hem olaryň BMG-niň ulgamynda halkara hyzmatdaşlyga gatnaşmagy baradaky meselä hem seredildi. Netijede, milletleriň arasynda parahatçylykly we dostlukly gatnaşyklar üçin zerur bolan durnuklylygyň we abadançylygyň şertleriniň döredilmegi üçin BMG-niň ýokarda agzalyp geçilen çäklerde meseleleriň çözülmegine ýardam etjekdigi, onuň adam hukuklarynyň we esasy azatlyklaryň hormatlanylmagyny höweslendirjekdigi barada karar kabul edildi. Şol kararda şeýle hem ýörite çäklerde hyzmatdaşlygy amala aşyrýan halkara guramalaryň degişli ylalaşyklaryň üsti bilen BMG bilen geljekki aragatnaşykda goýuljakdygy göz öňünde tutuldy.

Ýöriteleşdirilen edaralar bilen BMG-niň aragatnaşygy baradaky meselä San-Fransisko maslahatynda hem (1945) seredilip geçildi. Maslahat Guramanyň, ýagny BMG-niň başga edaralar bilen aragatnaşyklary ýola goýmagyň mümkinçiliklerini aradan aýyrmaýandygy, şeýle hem

intellektual hyzmatdaşlyk, saglygy goramak we başga ugurlar boýunça halkara guramalaryň düzgünnamalaryny işläp taýýarlamak maksady bilen, halkara maslahaty çagyrmak barada karar kabul etdi.

Maslahatlaryň kabul eden kararlary soňra 57 we 63-nji maddalar görnüşinde BMG-niň Düzgünnamasyna girizildi. Şol maddalarda «*ýöriteleşdirilen edaralar*» diýlip atlandyryljak halkara guramalaryň häsiýetli alamatlary sanalyp geçildi, olaryň BMG bilen aragatnaşyklary ýola goýmaklarynyň düzgüni, BMG-niň şol guramalar bilen özara gatnaşyklarynyň esasynda ýatan sazlaşdyryjy ýörelge, täze ýöriteleşdirilen edaralary döretmek işinde BMG-niň görelde bolarlyk orny aýdyňlaşdyryldy.

Mysal üçin, BMG-niň Düzgünnamasynyň 57-nji maddasyna laýyklykda ÝE-yň häsiýetli alamatlary şu aşakdakylardan, ýagny şeýle guramalary döretmek baradaky esaslandyryjy resminamalaryň hökümetara häsiýetinden; esaslandyryjy resminamalaryň çäklerinde şol guramalaryň giň halkara jogapkärçiliginden; işiň BMG-niň Düzgünnamasynyň düzgünleri tarapyndan göz öňünde tutulan ýörite çäklerde amala aşyrylmagyndan; şol edaralaryň BMG bilen aragatnaşygyndan ybaratdyr. Şu ýerde ýene-de bir bellenilmeli zat, ol hem başky üç alamat ençeme hökümetara guramalara mahsusdyr, iň soňky alamat bolsa diňe ýöriteleşdirilen edaralara häsiýetlidir. Guramalar BMG-niň Düzgünnamasynyň 57-nji, 63-nji maddalarynyň talaplaryny ýerine ýetirmek bilen BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasynyň statusyny edinip bilýärler.

Halkara gurama BMG-niň Düzgünnamasynyň 63-nji maddasynyň 1-nji bölümine laýyklykda ýörite ylalaşyk baglaşmak arkaly ÝE bolup bilýär. Şol ylalaşyk BMG bilen ÝE hökmünde şol guramanyň arasyndaky özara gatnaşyklaryň şertlerini kesgitleýär.

Ylalaşyk Ykdysady we Durmuş Geňeşi tarapyndan BMG-niň adyndan baglaşylýar we ol BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan tassyklanylýar. Şeýle hem BMG-niň YDG-i BMG-niň Düzgünnamasynyň 63-nji maddasynyň 2-nji punktyna laýyklykda ÝE-yň işini ylalaşýar, olara degişli maslahatlar berýär. YDG-niň ýöriteleşdirilen edaralardan wagtal-wagtal dokladlar almaga hem hukugy bardyr. Şunlukda, ýöriteleşdirilen edaralar YDG-niň ýolbaşçylygynda işleýärler. Olar YDG-niň maslahatlaryny ýerine ýetirýärler, öz işi boýunça oňa dok-

ladlar berýärler, öz gezeginde YDG-i ýöriteleşdirilen edaralaryň dokladlarynyň esasynda Baş Assambleýa teklipler, maslahatlar berýär.

Ýöriteleşdirilen edaralaryň BMG bilen aragatnaşygy şol guramalaryň işini BMG-niň maksatlaryna we ýörelgelerine laýyklykda üpjün etmeklige, parahatçylyga we ösüşe ýardam bermek işinde umumy meseleleriň çözülmegine, halkara parahatçylygy we howpsuzlygy gorap saklamak işinde BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşine ýardam bermeklige gönükdirilendir.

BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralarynyň hukuk statusy barada gürrüň etmek bilen, olaryň halkara hukugynyň subýektleri bolup durýandyklaryny, ylalaşyklar baglaşmaga ygtyýarlyklarynyň bardygyny, olaryň ýanynda agza döwletleriň hemişelik wekilhanalarynyň akkreditlenýändigini, guramalaryň özleriniň we olaryň wezipeli adamlarynyň artykmaçlyklardan we immunitetlerden peýdalanýandyklaryny, BMG-niň Halkara kazyýetinden maslahat beriş netijenamalary soramaga hukuklarynyň bardygyny, halkara konwensiýalary işläp taýýarlaýandyklaryny we şertnama baglaşýandyklaryny, özbaşdak býujetleriniň bardygyny ýene-de bir gezek belläp geçmek gerek.

Häzirki wagtda BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralarynyň statusy bolan 18 gurama bardyr. Şol guramalaryň käbirleri XIX asyryň ikinji ýarymynda ýüze çykan administratiw birleşikleriň esasynda täzeden döredilen bolsalar, onda beýlekileri, Ikinji jahan urşy döwründe ýa-da uruşdan soňky döwürde BMG-niň, şeýle hem aýry-aýry döwletleriň göreldesi bilen döredilen halkara ýöriteleşdirilen guramalaryň esasynda özgerdildi.

Muny biziň ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, ýöriteleşdirilen edaralaryň işiniň gerimi çäklendirilendir we onuň işi esasan hem ykdysadyýet, durmuş, medeniýet, bilim, saglygy goraýyş, syýahatçylyk, poçta gullugy, meteorologiýa, maliýeleşdirmek we ösüş meseleleriň çäklerindäki jogapkärçilik bilen baglydyr. BMG-niň Düzgünnamasynyň 57-nji maddasyna laýyklykda, *harby guramalar ýöriteleşdirilen edaralar bolup bilmeýär.*

Şunlukda, ýöriteleşdirilen edaralar ilatyň durmuş derejesiniň ýokarlanmagyna; ilatyň doly işliligine; ykdysady we durmuş taýdan ösüşi üçin amatly şertleriň döredilmegine; ykdysady we durmuş çäk-

lerde, saglygy goramakda halkara meseleleriň çözgüdine; bilim we medeniýet boýunça halkara hyzmatdaşlyga; adam hukuklarynyň we hemmeleriň esasy azatlyklarynyň ählumumy hormatlanylmagyna we berjaý edilmegine ýardam edýärler. Zerur bolan halatda BMG islendik täze ýöriteleşdirilen edaralaryň döredilmegi we BMG bilen degişli aragatnaşyklaryň ýola goýulmagy barada gyzyklanýan döwletleriň gepleşikler geçirmegi boýunça başlangyçlar bilen çykyş edýär.

Ýöriteleşdirilen edaralaryň möhüm wezipesi, ol hem özleriniň kuwwaty, medeniýeti, göwrümleri we bähbitleri boýunça dürli bolan döwletleriň arasyndaky bar bolan çaprazlygy aradan aýyrmakda onuň özboluşly araçynyň roluny oýnamagydyr, döwletleriň garaýyşlaryny we çemeleşmelerini aňlatmaklary, tutuş adamzadyň bähbitleriniň üpjün edilmegi üçin forumlar bolup hyzmat etmekleridir. Ýöriteleşdirilen edaralaryň ýerine ýetirmeli esasy roly kadalaşdyryjy häsiýete eýedir we ol maksatlary kesgitlemekden, iň bir ýiti halkara ykdysady, durmuş we beýleki meseleleriň çözgüdini tapmakdan, döwletleriň özlerini alyp barmaklarynyň ülňilerini we kadalaryny kesgitlemekden, olaryň berjaý edilişine syn etmekden we olaryň durmuşa geçirilmegini gazanmakdan ybaratdyr.

Ýöriteleşdirilen edaralaryň düzümine BMG-niň agza döwletleri bilen bir hatarda beýleki döwletler hem girip bilýärler. Ýöne olaryň kabul edilmek düzgüni has çylşyrymly bolýar.

Ýöriteleşdirilen edaralaryň düzgünnamalary ýa-da beýleki esaslandyryjy resminamalary guramalaryň guramaçylyk gurluşyny we ygtyýarlyklaryny kesgitleýär. Agza döwletlerde guramalaryň wekilhanalary, şeýle hem milli hyzmatdaşlyk edýän edaralar döredilip bilner. Muňa mysal hökmünde 1993-nji ýylyň 8-nji sentýabrynda Türkmenistanyň hökümetiniň «UNESCO-nyň işi boýunça Türkmenistanyň komissiýasyny döretmek barada» kabul eden kararyny görkezmek bolar.

2007–2010-njy ýyllardan başlap Türkmenistanyň BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralary bilen hyzmatdaşlygy hil taýdan ýokary derejä galdy. Häzirki wagtda Türkmenistan BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralarynyň aglaba köpüsiniň agzasy bolup durýar. Eýýäm 1992-nji ýylda ol Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň, Halkara ösüş assosiasiýasynyň, Halkara maliýe korporasiýasynyň we ençeme beýleki halkara guramalaryň agzasy boldy. Türkmenistanyň halka-

ra guramalaryň işine gatnaşmagynyň many-mazmuny onuň häzirki zamanyň iň möhüm meseleleriniň çözgüdine ýardam etmeginden, olarda öz hususy bähbitlerini üpjün etmekden ybarat bolup durýar. Bu bolsa ahyrky netijede tutuş adamzadyň bähbitlerine laýyk gelýär.

«Biz ykdysady meseleler boýunça abraýly halkara guramalarynyň birnäçesi bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk edýäris. Biziň ykdysady hyzmatdaşlarymyz hökmünde, ilkinji nobatda Birleşen Milletler Guramasyny, Bütindünýä pul gaznasyny, Bütindünýä bankyny we Ýewropanyň abatlaýyş we ösüş bankyny görkezmek bolar. Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri hem medeni-gumanitar hyzmatdaşlygy giňeltmek bilen baglydyr. Bu ugurda abraýly halkara guramalary bilen hyzmatdaşlyk barada aýdylanda bolsa, ilkinji nobatda, UNESCO bilen hyzmatdaşlygy has-da ösdürmegimiz zerurdyr» diýip, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2009-njy ýylyň 18-nji fewralynda Türkmenistanyň diplomatik korpusy bilen geçiren maslahatynda aýtdy.

Şol bir wagtyň özünde Türkmenistan BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralarynyň Merkezi Aziýadaky, umuman dünýäniň beýleki sebitlerindäki durmuş-ykdysady meseleleriň çözülişine işjeň gatnaşmagyny zerur hasaplaýar. BMG-niň BA-nyň 65-nji mejlisinde eden çykyşynda türkmen döwletiniň Baştutany bu barada şeýle diýdi: «Sebit hyzmatdaşlygynyň nusgasyny işläp düzmekde we ol ýa-da beýleki jedelli meselelere çemeleşmekde özara ylalaşyk gurallaryny ýola goýmakda toplanan BMG-niň uly tejribesini we hukuk gurallaryny ulanmak zerur bolup durýar».

**Soraglar:**

1. BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralarynyň döremegi bilen bagly mesele ilkinji gezek haçan we nirede ýüze çykdy?
2. BMG-niň Düzgünnamasynyň haýsy maddalarynda BMG bilen ÝE-yň arasynda aragatnaşyklary ýola goýmaklygyň düzgünleri beýan edilýär?
3. BMG-niň ÝE-yň häsiýetli alamatlary haýsylar?
4. BMG bilen ÝE-yň arasyndaky hyzmatdaşlyk baradaky ylalaşygy haýsy guramanyň adyndan haýsy edara baglaşýar?
5. BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralarynyň taryhy barada näme bilýärsiňiz?
6. Ýöriteleşdirilen edaralaryň möhüm wezipesi nämeden ybarat?
7. Türkmenistanyň BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralary bilen hyzmatdaşlygy barada näme bilýärsiňiz?

## § 2. Durmuş häsiýetli guramalar

**Halkara zähmet guramasy (HZG)** (International Labour Organization – ILO) ilkinji döredilen hökümetara guramalaryň biridir we ol 1919-njy ýylda Wersal parahatçylyk şertnamasyna laýyklykda Milletler Ligasynyň ýanynda özbaşdak gurama hökmünde döredildi. HZG-niň Düzgünnamasy işlenip düzülen wagtynda ondan öňki guramanyň – 1901-nji ýylda Bazel şäherinde esaslandyrylan zähmet kanunçylygynyň Halkara assosiasiýasynyň tejribesi nazarda tutuldy. HZG-niň Düzgünnamasy 1919-njy ýylda kabul edildi.

1944-nji ýylda Düzgünnamanyň üsti guramanyň umumy maksatlaryny we ýörelgelerini jemlän Filadelfiýa jarnamasynyň düzgünleri bilen dolduryldy. Soňra Düzgünnama ençeme gezek täzeden seredildi. 1946-njy ýylda BMG-niň we HZG-niň arasynda hyzmatdaşlyk barada ylalaşyga gol çekildi. Şeýlelikde, HZG BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasynyň statusyny ilkinji alan halkara gurama boldy. Ylalaşyk 1946-njy ýylyň 14-nji dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan makullandy, onuň teksti bolsa soňky ylalaşyklaryň köpüsiniň esasynda goýuldy.

Halkara zähmet guramasynyň işiniň esasy maksady sosial adalatlylygy höweslendirmek, zähmet boýunça halkara kadalaryň işlenip düzülmegine we olaryň berjaý edilmegine gözegçilik etmek bolup durýar. Şonuň üçin hem Gurama durmuş we zähmet meseleleriniň giň toplumy - doly işliligiň üpjün edilmegi, zähmet şertleriniň gowulandyrylmagy, kärdeşler arkalaşyklarynyň işi, hünär boýunça okuw, zähmeti goramak we tehniki howpsuzlyk, hünär bilen bagly kesellere garşy göreşmeklik, zähmetkeşleriň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlandyrylmagy, olaryň aýry-aýry toparlarynyň (aýallaryň, göçüp--gonup ýören işçileriň we ş.m.) ýagdaýlary, durmuş üpjünçiligi ýaly meseleler boýunça halkara hyzmatdaşlygy ösdürýär. Gurama şu çäklerde agza döwletler tarapyndan tassyklanmaga degişli konwensiýa görnüşinde halkara kadalary we teklipleri işläp taýýarlaýar we kabul edýär. Şol kadalaryň durmuşa geçirilmegine ýardam etmäge borçly bolan iş HZG-niň agzalaryna edilmeli tehniki ýardamy, seminarlaryň we simpoziumlaryň geçirilmegini, barlaglaryň, teklipleriň taýýarlanylmagyny we çap edilmegini öz içine alýar.

HZG-niň edaralarynda üçtaraplaýyn, ýagny hökümetiň, telekeçileriň we zähmetkeşleriň (kärdeşler arkalaşygynyň) wekilçiliginiň bolmagy bu guramanyň aýratynlygy bolup durýar. HZG-ny döredijileriň pikiriçe, bu aýratynlyk hökümetleriň kömegi bilen zähmetkeşleriň we telekeçileriň arasyndaky gepleşiklere ýardam etmekden ybaratdyr.

Halkara zähmet guramasynyň Düzgünnamasynyň 2-nji maddasyna laýyklykda **HZG-niň esasy edaralary** *zähmetiň Halkara maslahatydyr* (ZHM), *Administratiw geňeşidir* we *sekretariatydyr - zähmetiň Halkara buýrosydyr* (ZHB).

Zähmetiň Halkara maslahaty (International Labour Conference) nobatdaky (ýyllyk) we ýörite mejlislerine (zerurlyga görä) ýygnanýar. Mejlislerde her döwletiň dört sany wekiliýeti bolýar we olaryň ikisi hökümete, biri telekeçilere, biri bolsa zähmetkeşlere wekilçilik edýär. HZG-niň Düzgünnamasynyň 19-njy maddasyna laýyklykda Maslahat zähmetiň dürli meseleleri boýunça konwensiýalary we maslahatlary işläp taýýarlaýar (mysal üçin, özüniň hereket eden ýyllarynda HZG-sy şeýle resminamalaryň 300-den gowragyny işläp taýýarlady we kabul etdi, olaryň 188-si bolsa zähmet çäginde adam hukuklaryny goramak bilen bagly konwensiýa boldy. Şol resminamalar adatça «*Halkara zähmet standartlary*» diýlip atlandyrylýar), gözegçilik hökmünde HZG-niň ratifisirlenen konwensiýalarynyň peýdalanylyşy barada döwletleriň dokladlaryna seredýär, guramanyň maksatnamasyny we býujetini tassyklaýar.

Maslahatyň mejlisleriniň arasynda Guramanyň işine Maslahat tarapyndan üç ýyl möhlet bilen saýlanýan administratiw geňeş ýolbaşçylyk edýär. Geňeş 56 agzadan durýar: olaryň 28-si hökümetleriň, 14-si iş bilen üpjün edýän adamlaryň, 14-si bolsa işçileriň wekilleridir. Saýlawlar üç saýlaw kollegiýalarynda aýrylykda geçirilýär. Şol bir wagtyň özünde hökümet orunlarynyň 10-syny hemişelik esasda senagat taýdan has ösen döwletleriň (Fransiýanyň, Germaniýanyň, Italiýanyň, Ýaponiýanyň, Beýik Britaniýanyň, ABŞ-nyň we ş.m.) wekilleri eýeleýärler.

Şeýle hem Geňeş öz düzüminden başlygy, onuň iki sany orunbasaryny saýlaýar, olaryň biri hökümetiň, beýlekisi iş bilen üpjün edýän adamlaryň, ýene biri bolsa işçileriň wekilleri bolýarlar.

Zähmetiň halkara buýrosy HZG-niň hemişelik esasda hereket edýän sekretariatydyr. Ol resminamalary taýýarlaýar, maglumatlary toplaýar we ýaýradýar, barlaglary geçirýär, dürli maslahatlary guraýar.

Esasy edaralardan başga-da, *HZG-niň kömekçi edaralary* hem bardyr. Olar senagatyň esasy pudaklaryny öz içine alýan dürli üçtaraplaýyn, ýagny hünär taýýarlygyny, dolandyryşy ösdürmek, zähmeti goramak, zähmet gatnaşyklary ýaly meseleler boýunça bilermenleriň komitetleridir. Şeýle hem konwensiýalary we maslahatlary durmuşa geçirmek boýunça Administratiw geňeşiň bilermenleriniň Komiteti, halkara zähmet standartlaryny berjaý etmek boýunça öz borçnamalaryny bozýan döwletler babatda arzalara seredýän Komitet, başga meseleler boýunça ýörite döredilen komissiýalar we komitetler hereket edýärler.

HZG-niň wekilhanalary 160-a golaý agza döwletlerde bardyr. Biziň muny ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, Guramanyň işiniň esasy çägi zähmet boýunça halkara kadalary işläp taýýarlamakdyr we olaryň berjaý edilmegine gözegçilik etmekdir. Şeýle hem HZG-niň konwensiýalary we maslahatlary özarabaglanyşykly resminamalardyr we olar biri-biriniň üstüni ýetirýärler. Haçan-da belli meseleler boýunça konwensiýanyň kabul edilmegi mümkin bolmasa, onda maslahatlar özbaşdak resminamalar hökmünde çykyş edýärler. Mundan hem başga, maslahatlar HZG-niň geljekki konwensiýalaryny işläp düzmek üçin esas bolup hyzmat edýärler.

HZG-niň düzgünnamasyna laýyklykda Guramanyň konwensiýasyny ratifisirlän döwlet onuň ýerine ýetirilişi barada oňa wagtly-wagtynda hasabat bermäge borçludyr. Maslahatlar we ratifisirlenmedik konwensiýalar barada aýdylanda bolsa, onda HZG döwletlerden görkezilen resminamalarda jemlenýän kadalaryň milli kanunçylyga laýyk gelýändigi baradaky habary bermekligi talap edýär.

HZG-niň işinden gelip çykýan köptaraplylyk ýörelgesi bu Gurama onuň Düzgünnamasy tarapyndan göz öňünde tutulýan borçnamalary öz üstüne alýan ähli döwletleriň girmek mümkinçiligini aňladýar. Hut şonuň üçin hem, häzirki wagtda 180-den gowrak döwlet ştab-jaýy Ženewede (Şweýsariýa) ýerleşýän HZG-niň agzasy bolup durýar.

Türkmenistan 1993-nji ýylyň 24-nji sentýabryndan bäri Halkara zähmet guramasynyň agzasydyr. Şu geçen döwrüň içinde biziň ýurdumyz Halkara zähmet guramasynyň ençeme, şol sanda işe kabul edilmek üçin pes ýaş hakynda; birmeňzeş zähmet üçin erkekleri we aýallary deň sylaglamak hakynda; assosiasiýalaryň erkinligi we gurama bolan hukugyň goragy hakynda; gurama bolan hukuk we köpçü-

likleýin şertnamalaryň baglaşylmagy hakynda; mejbur ediji zähmeti ýatyrmak hakynda; zähmet we okuw çäginde hukuklaryň kemsidilmegi ýaly konwensiýalaryny tassyklady.

Şol bir wagtyň özünde Türkmenistan öz üstüne alan halkara borçnamalaryndan, dünýäniň hukuk giňişligine üstünlikli goşulmagynyň zerurlygyndan ugur almak bilen, milli kanunçylyga döwletimiziň gatnaşýan halkara konwensiýalarynda bar bolan hukuk kadalaryny yzygiderli ornaşdyrmaga hem uly üns berýär. Mysal üçin, 2005-nji ýylyň 1-nji fewralynda Türkmenistanyň Mejlisi «Ýaşlaryň zähmet çekmäge bolan hukugynyň kepillendirilmesi hakynda» atly kanuny kabul etdi. Bu kanunyň kabul edilmegi çagalaryň zähmet çekmäge hukugynyň hem-de çagany agyr işlerden hukuk serişdeleri bilen çäklendirmegiň döwlet kepilliklerini üpjün etmegiň logiki dowamy boldy, şeýle hem ol döwletiň Çaganyň hukuklary hakynda konwensiýanyň düzgünlerini, «Çaganyň hukuklarynyň kepillikleri hakynda» Türkmenistanyň kanunyny we çaga zähmetiniň meselelerini düzgünleşdirýän beýleki kanunçylyk namalaryny, şol sanda Halkara Zähmet Guramasynyň çagany zorluk ulanmak arkaly ykdysady taýdan peýdalanmakdan goramagy düzgünleşdirýän konwensiýalaryň, hususan-da, «Işe kabul etmek üçin pes ýaş hakynda» Konwensiýanyň (Ženewa ş. 1973-nji ýylyň 6-njy iýuny), «Mejbury ýa-da hökmany zähmet hakynda» Konwensiýanyň (Ženewa ş. 1930-njy ýylyň 10-njy iýuny) düzgünlerini gyşarnyksyz we takyk ýerine ýetirmäge ymtylmagy bilen şertlendirilendir.

«Aýallaryň deň hukuklylygynyň döwlet kepillikleri hakynda» Türkmenistanyň kanuny ýurdumyzyň Konstitusiýasynda yglan edilen gender deňliginiň ýörelgelerini anyk mazmun bilen baýlaşdyrýar, syýasy we durmuş ulgamlarynda, şol sanda eneligiň we çagalygyň kanuny kepillikleri, zenanlaryň we ösüp gelýän nesliň saglygyny goramak ýaly zenanlar üçin möhüm bolan ugurlarda erkekler bilen hukuklaryň deňligini kesgitleýär. Bu bolsa zenanlar we çagalar babatda döwlet syýasatynyň möhüm ugry bolup durýar, BMG-niň Aýallar barada kemsitmäniň ähli görnüşlerini ýok etmek hakyndaky Konwensiýasynyň, Halkara zähmet guramasynyň «Birmeňzeş zähmet üçin erkekleri we aýallary deň sylaglamak hakynda» Kon-

wensiýasynyň düzgünlerine we Türkmenistanyň goşulan beýleki namalaryna doly laýyk gelýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň adam hukuklary boýunça halkara konwensiýalaryň we jarnamalaryň ähli esas goýujy düzgünlerini diýen ýaly öz içine alýandygyny hem aýratyn nygtap geçmek gerek.

**Soraglar:**

1. Halkara zähmet guramasy haçan döredildi?
2. HZG-niň işiniň esasy maksady nämeden ybarat?
3. HZG-niň aýratynlygy barada näme bilýärsiňiz?
4. HZG-niň esasy edaralary haýsylar?
5. HZG-niň çäklerinde kabul edilýän maslahatlar halkara şertnamasy hökmünde kabul edilip bilnermi?
6. Türkmenistan HZG-niň haçan agzasy boldy?
7. Türkmenistan Halkara zähmet guramasynyň haýsy konwensiýalaryny tassyklady?
8. Türkmenistan ýurdumyzyň milli kanunçylygyna döwletimiziň gatnaşýan halkara konwensiýalarynyň hukuk kadalaryny ornaşdyrmaga nähili üns berýär?

**Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy (BSGG)** (World Health Organization – WHO). Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy döredilmezden öň Milletler Ligasynyň 1923-nji ýylda döredilen saglygy goramak boýunça Guramasy hereket edipdi. Milletler Ligasynyň öz işini bes etmegi bilen 1945-nji ýylda San-Fransiskoda halkara guramalar boýunça BMG-niň maslahaty bolup geçdi. Maslahat saglygy goramaklygyň täze özbaşdak halkara guramasyny döretmek barada Braziliýanyň we Hytaýyň teklibini biragyzdan goldady. Bütindünýä saglygy goraýyş guramasyna Milletler Ligasynyň saglygy goramak boýunça Guramasynyň, Birleşen Milletlere kömek bermek we ony dikeltmek boýunça Administrasiýanyň, jemgyýetçilik gigiýenanyň Halkara býurosynyň borçlary berildi.

1946-njy ýylyň tomsunda Nýu-Ýorkda saglygy goramak boýunça Halkara maslahatyna gatnaşyjylar tarapyndan BSGG-niň Düzgünnamasy kabul edildi we ol 1948-nji ýylyň 7-nji aprelinde öz güýjüne girdi. Şonuň üçin hem her ýylyň 7-nji apreli Saglygy goramagyň Bütindünýä güni hökmünde bellenip geçilýär.

Düzgünnamany kabul etmek bilen döwletler bu resminamanyň girişinde BSGG-ny BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasy hökmünde

döredýärler, diýip bellediler. BMG-niň we BSGG-niň arasynda gol çekilen we BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan tassyklanan Ylalaşyk 1948-nji ýylda öz güýjüne girdi.

BSGG-niň Düzgünnamasyna laýyklykda bu guramanyň maksady «ähli halklar tarapyndan saglygyň mümkin bolan ýokary derejesini gazanmak» bolup durýar. Şu maksada ýetmek üçin BSGG halkara saglygy goramak çäginde döwletleriň tagallalaryny utgaşdyrýar, kadalary we standartlary işläp düzýär, olaryň kabul edilmegine ýardam edýär, has möhüm ugurlar boýunça ylmy barlaglaryň geçirilmegini höweslendirýär, saglygy goraýyş çäginde halkara ýagdaýa monitoringi, ýagny gözegçiligi amala aşyrýar, saglygy goramaklygyň milli ulgamlaryny kämilleşdirmekde döwletlere tehniki kömek berýär we ş.m.

Soňky ýyllarda BSGG-niň gün tertibinde täze, şol sanda azyk önümleriniň howpsuzlygy bilen bagly meseleler hem barha giň orun tutýar. Mysal üçin, BSGG-niň Ýerine ýetiriji komitetiniň 126-njy mejlisi (2010-njy ýylyň ýanwary) azyk bilen baglylykda döreýän keselleriň jemgyýetçilik saglygy goraýyş çäginde global howpsuzlyga howp salýandygyny belläp geçdi. BSGG-niň maglumatlaryna görä, mysal üçin, her ýylda senagat taýdan ösen ýurtlaryň ilatynyň takmynan 30 göterimi azyk önümlerinden zäherlenme bilen bagly kesellerden ejir çekýärler. Hususan-da, ABŞ-da her ýylda 76 milliona golaý adamyň hili pes iýmitden keselleýändigi hasaba alyndy.

Dünýäniň ýurtlarynyň hökümetleri azyk önümleriniň howpsuzlygyny gowulandyrmak babatda barha köp tagallalar edýärler. Ýöne bu meseläniň halkara häsiýete eýe bolup durýandygy sebäpli, BSGG onuň çözgüdiniň hem halkara derejede bolmalydygyndan gelip çykýar.

Häzirki wagtda BSGG-niň işi birnäçe ugur bilen amala aşyrylýar. Hususan-da, olar aýratyn hem garyp ýurtlarda örän ýokary ölüm sanyny, keselliligi we maýyplygy azaltmakdyr; sagdyn durmuş ýoluny wagyz etmekdir we ekologiki, ykdysady, sosial we başga sebäpler bilen şertlendirilen, adam saglygy üçin howply ýagdaýlary kemeltmekdir; deň derejede saglygyň pugtalanmagyna ýardam edýän, ilatyň kanuny talaplaryna seslenýän we maliýe nukdaýnazaryndan adalatly häsiýet bilen tapawutlanýan saglygy goraýyş ulgamlaryny ösdürmekdir we ş.m.

**BSGG-niň iň ýokary edarasy** agza döwletleriň ählisiniň wekilçilik edýän *Bütindünýä Assambleýasydyr* (World Health Assembly). Assambleýa her ýylda çagyrylýar we ol Guramanyň syýasatyny onuň işiniň ähli esasy ugurlaryny kesgitleýär, saglygy goramak boýunça maksatnamalary işläp taýýarlaýar, Ýerine ýetiriji geňeşiň we baş direktoryň hasabatlaryna seredýär, BSGG-niň býujetini ara alyp maslahatlaşýar we tassyklaýar (guramanyň býujeti agza döwletleriň töleglerinden we başga çeşmelerden gelýän serişdelerden düzülýär). Bütindünýä Assambleýa BSGG-niň ygtyýarlyklarynyň çäginde ylalaşyklar baglaşyp bilýär.

Saglygy goramagyň çäginde döwletleriň ýokary hünär derejesi bolan 34 wekilinden durýan we Assambleýa tarapyndan 3 ýyllyk möhlet bilen saýlanýan Ýerine ýetiriji geňeş (Executive Board) ýylda azyndan 2 gezek mejlis geçirýär. Ol Assambleýanyň kararlaryny ýerine ýetirýär, onuň gün tertibini düzýär, komitetler döredýär, adatdan daşary häsiýeti bolan çäreleri görýär.

**BSGG-niň adminisratiw edarasy** baş direktor tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän *Sekretariatdyr*. Sekretariat Ýerine ýetiriji geňeşe garaşlydyr.

BSGG-niň çäklerinde Ýewropa, Günorta Ortaýer deňzi, Afrika, Amerika, Günorta-Gündogar Aziýa, Ýuwaş ummanynyň demirgazyk böleginiň ýurtlary boýunça 6 sany sebitleýin gurama (Regional Offices) hereket edýär. BSGG-niň ýerlerdäki, her bir agza döwletdäki wekili öz bolýan ýurdunda BSGG-niň işine jogap berýär, saglygy goramak boýunça milli maksatnamalaryň işlenip düzülmegi we amala aşyrylmagy boýunça hökümete maslahat berýär.

BSGG-de 4 000-e golaý adam işleýär, onuň 2000–2001-nji ýyllar üçin býujeti 850 million dollara barabar boldy.

Häzirki wagtda 194 döwlet Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň agzasydyr. *Guramanyň ştab-jaýy Ženewada (Şweýsariýa) ýerleşýär.*

Türkmenistan 1992-nji ýylyň maýyndan bäri BSGG-niň agzasy bolup durýar. Türkmenistanyň we BSGG-niň hyzmatdaşlyk eden ýyllary BMG-niň bu Guramasy ýurdumyzyň milli saglygy goraýyş ulgamyny berkitmekde, enäniň we çaganyň saglygyny gowulandyrmakda ýurdumyza goldaw berip geldi. Netijede, soňky ýyllarda

Türkmenistanyň saglygy goraýyş ulgamy uly üstünliklere eýe boldy. Muňa Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 2009-njy ýylyň 20-nji iýulynda bolan mejlisinde sözlän sözünden alnan şu mysallar aýdyň şaýatlyk edýär: 2000-nji ýylda Türkmenistana drakunkulýoz keseliniň ýok edilendigi barada halkara şahadatnamasy, 2002-nji ýylda bolsa BSGG-niň Ýewropa býurosy tarapyndan ýabany poliowirusy ýok eden ýurt hökmünde ýörite şahadatnama; 2004-nji ýylyň 1-nji noýabrynda BMG-niň Çagalar gaznasy, BSGG-si we ýod ýetmezçiligi keseline gözegçilik etmek boýunça Halkara geňeşi tarapyndan halkara güwänama berildi. Türkmenistan GDA-na girýän ýurtlaryň we Merkezi Aziýa döwletleriniň arasynda ilkinji, ýer ýüzünde dördünji bolup duzy halkara ülňülerine laýyklykda ýodlaşdyrmagy üpjün edýän ýurt hökmünde ykrar edildi.

Türkmenistan adamyň bedeninde demriň ýetmezçiligi bilen bagly keselleriň öňüni almak maksady bilen, BSGG-si, beýleki halkara guramalar bilen ysnyşykly hyzmatdaşlyk edýär. Netijede, azyk önümlerini, hususan-da uny we duzy baýlaşdyrmak boýunça uly möçberli taslamalaryň birnäçesi amala aşyryldy.

SPID, inçe kesel we gyzzyrma ýaly ýokanç keselleriň öňüni almak we olary ýok etmek maksatnamasy berkidilýär. Türkmenistanyň bu ugurda gazanan üstünlikleriniň biri hem 2010-njy ýylda oňa «Türkmenistanyň gyzzyrma keselinden azatdygy hakyndaky» derejäniň berilmegi boldy. Bu barada «Türkmenistan» gazeti 2010-njy ýylyň 21-nji oktýabrynda şeýle ýazdy: «Häzirki wagtda Türkmenistan gyzzyrmany aradan aýyrmakda anyk netije gazanan ýurt hasaplanyp, BSGG-niň bilermenleriniň bellemegine görä, Merkezi Aziýadaky ähli ýurtlar üçin oňat görelde görkezýär. BSGG-niň Ýewropa sebitinde ýerleşýän we gyzzyrma bilen bagly meseläni dolulygyna çözüp bilmedik döwletlere biziň ýurdumyzyň toplan tejribesini ulanmak maslahat berildi».

«Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy» žurnalynyň 2012-nji ýylyň 3-nji sanynda eden çykyşynda BMG-niň Türkmenistandaky hemişelik utgaşdyryjysy, UNDP-niň hemişelik wekili, UNFPA-nyň wekili Jasinta Barrins BMG-niň we Türkmenistanyň SPID, gyzzyrma we başga keseller bilen göreş boýunça uly derejelere ýetendigini bellemek bilen şeýle ýazdy: «Häzirki wagtda Türkmenis-

tan global gazna ABŞ-nyň 20 million dollar möçberinde goýlan pul esasynda inçekeseli bejermäge we öňüni almaga degişli sowallaryň üstünde işleýär. Milli inçekesel maksatnamasynyň 30 sany ýolbaşçysy, 50 sany laboratoriýa hünärmeni, 181 sany fitiziator lukmany, 23 sany inçekesel gullugynyň şepagat uýalary inçekesele gözegçilik meselesinde hünärlerini ýokarlandyrdylar. Döwletiň ähli ýerlerindäki laboratoriýalary bu keseli ýüze çykarmak we onuň öňüni almak üçin doly enjamlaşdyrylandyr».

2012-nji ýylyň 23-nji maýynda Türkmenistan saglygy goramak boýunça ýene-de bir halkara ykrar edilmä mynasyp boldy. Bu ýerde gürrüň şol gün BSGG-niň Bütindünýä Assambleýasynyň Ženewada geçen 65-nji mejlisinde Türkmenistanyň Assambleýanyň Baş komitetiniň agzalygyna saýlanandygy barada barýar we bu waka Türkmenistanyň we BSGG-niň milli we halkara tejribäniň esasynda saglygy goramagyň sebitleýin we global meselelerini çözmekde öňdürijilikli hyzmatdaşlygynda täze ädim boldy.

Halkyň saglygy strategik derejedir, milli howpsuzlygyň we durmuş taýdan abadançylygyň esasy şertidir. Hut şonuň üçin hem Türkmenistanyň saglygy goraýyş ulgamynyň Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy, BMG-niň Ösüş maksatnamasy, ABŞ-nyň halkara ösüşi boýunça agentligi we beýleki halkara guramalar bilen işjeň özara gatnaşyklar arkaly ýokary dünýä standartlarynyň derejesine çykarylmagy örän möhüm ähmiýete eýe bolup durýar.

**Soraglar:**

1. Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy haçan döredildi?
2. BSGG-niň Düzgünnamasy haçan kabul edildi we ol haçan güýjüne girdi?
3. BSGG-niň maksady nämeden ybarat we häzirki wagtda ol haýsy ugurlar boýunça amala aşyrylýar?
4. BSGG-nyň iň ýokary edarasy nähili atlandyrylýar we onuň borçlary nämeden ybarat?
5. BSGG-niň Ýerine ýetiriji geňeşi näçe agzadan ybarat we ol haýsy meseleler bilen meşgul bolýar?
6. BSGG-nyň ştab-jaýy nirede ýerleşýär?
7. Türkmenistanyň BSGG-sy bilen hyzmatdaşlygy barada näme bilýärsiňiz?

## §3. Medeni-ynsanperwer häsiýetli edaralar

**BMG-niň bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy (UNESCO)** (United Nations Educational, Scientific and Cultural Organization – UNESCO) – halkara hökümetara guramadyr, Birleşen Milletler Guramasynyň ýöriteleşdirilen edarasydyr.

UNESCO-nyň taryhy özüniň gözbaşyny 1945-nji ýylyň noýabrynda Londonda geçirilen halkara maslahatyndan alyp gaýdýar. Şonda UNESCO-nyň Düzgünnamasyna 20 ýurduň wekilleri gol çekdiler we şol resminama 1946-njy ýylyň 4-nji noýabrynda güýje girdi. UNESCO-nyň Baş maslahatynyň birinji mejlisi 1946-njy ýylyň 20-nji noýabry – 10-njy dekabry aralygynda Parižde geçirildi.

UNESCO-nyň Düzgünnamasynyň 1-nji maddasyna laýyklykda bu Guramanyň maksatlary ählumumy hormatyň, adalatlylygyň, adam hukuklarynyň we ähli halklar üçin esasy azatlyklaryň üpjün edilmeginiň hatyrasyna ýurtlaryň arasynda bilim, ylym, medeniýet we maglumat çäklerinde halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek arkaly parahatçylygyň we howpsuzlygyň pugtalanmagyna ýardam etmek bolup durýar.

Şu maksatlary amala aşyrmak üçin UNESCO her bir ýurduň halkyna onuň öz ösüşine täsirli amal etmegi üçin bilimi höweslendirýär we giňeldýär; her bir ýurduň öz resurslaryndan gowy peýdalanyp bilmegi üçin ylmy-tehniki bazanyň döredilmegine kömek edýär; medeniýetleriň özboluşlylygyna we dürlüligine zeper ýetirmezden kämilleşdirmekden has köp peýda görmek maksady bilen, milli medeni gymmatlyklaryň ösmegini we medeni mirasyň goragyny höweslendirýär; maglumatlaryň has erkin akymyny üpjün etmek, onuň has giň we deňagramly ýaýradylmagy üçin habar alyş-çalşygyny ösdürýär; adam hukuklarynyň, adalatlylygyň we parahatçylygyň berjaý edilmeginiň serişdesi hökmünde sosial ylymlaryň ösmegine ýardam edýär.

**Bilim çägi** UNESCO-nyň işiniň esasy ugry bolup durýar we şunlukda, bu Gurama sowatsyzlygyň esasy sebäplerini aradan aýyrmaga gönükdirilen maksatnamalaryny ählumumy başlangyç bilimi üpjün etmek boýunça tagallalary bilen utgaşdyrýar. Ol şeýle hem bilim çäginde mugallymlaryň, meýilleşdirijileriň we administratiw işgärleriň taýýarlanmagyna, ýerli gurluşyga we mekdepleriň enjamlaşdyrylmagyna kömek edýär.

*Tebigy bilimleriň çäginde* UNESCO «Adam we biosfera» «Hökümetara okeanografiýa», «Halkara gidrogeologiýa» we «Halkara geologiýa» ýaly maksatnamalary ýerine ýetirýär. Mundan hem başga, bilim we hünär taýýarlygy babatda maksatnamalaryň kömegi bilen UNESCO ylmy-tehniki kadrlar boýunça deň ölçegsizligiň *aradan aýrylmagyna ýardam edýär*.

*Sosial we gumanitar ylymlaryň çäginde* UNESCO adam hukuklarynyň we demokratiýanyň berjaý edilmegine ýardam etmeklige, kemsitmeleriň dürli görnüşleri bilen göreşe, aýallaryň ýagdaýynyň gowulanmagyna we ýaşlaryň meseleleriniň çözülmegine uly üns berýär.

UNESCO-nyň medeni işi esasan döredijilik işini höweslendirmekde, medeniýetleriň öwrenilmeginde we ösdürilmeginde, kitaplaryň, sungat eserleriň we ýadygärlikleriň dünýä mirasynyň goragynda, şeýle hem däp-dessurlaryň medeni özboluşlylygynyň saklanylmagynda jemlenýär.

**Kommunikasiýa çäginde** UNESCO kommunikasiýa serişdelerine bolan islegi öwrenýär we ýurtlara habar agentliklerini döretmäge ýardam berýär. Täze habar tertibini berkarar etmek maksady bilen, halkara hyzmatdaşlygyny giňeltmek boýunça tagallalar edýär, şol sanda täze ykdysady tertibi döretmekde habaryň köpçülikleýin serişdeleriniň roluny öwrenýär, Habar agentlikleriniň wekilleriniň gatnaşmagynda simpoziumlary guraýar.

Halkara gumanitar hukugyny hem-de halkara hususy hukugyny koda salmak we ösdürmek boýunça hem UNESCO öndürijilikli iş alyp barýar. UNESCO-nyň soňky birnäçe onýyllyklaryň dowamynda alyp baran hysyrdyly işiniň netijesi kämillik attestatlaryň, diplomlaryň we ylmy derejeleriň ykrar edilmeginiň meseleleri boýunça ençeme sebitleýin konwensiýalaryň işlenip taýýarlanylmagyna getirdi. Umuman, UNESCO bilim, medeni gymmatlyklary goramak, awtorlyk hukugy ýaly ençeme ugurlar boýunça onlarça halkara-hukuk resminamalaryň ýerine ýetirilmegine işjeň gatnaşýar.

**UNESCO-nyň esasy edarasy** oňa ähli agza döwletleriň wekilleri gatnaşýan we öz nobatdaky mejlislerine iki ýylda bir gezek çagyrylýan *Baş maslahatydyr* (General Conference). Maslahat Guramanyň syýasatyny we onuň işiniň umumy ugruny kesgitleýär, onuň maksatnamalaryny we býujetini tassyklaýar, Ýerine ýetiriji geňeşiň agzalaryny saýlaýar, UNESCO-nyň Baş direktoryny belleýär.

Baş Maslahat tarapyndan 4 ýyllyk möhlet bilen saýlanýan *Ýerine ýetiriji geňeş* (Executive Board) 58 agzadan durýär. Geňeş adatça ýylda iki gezek çagyrylýar we Baş Maslahat tarapyndan kabul edilen maksatnamanyň ýerine ýetirilmegine jogapkärçilik çekýar. UNESCO-nyň Düzgünnamasy geňeşe wekil hökmünde sungatdan, edebiýatdan, ylymdan, bilimden, bilimleri ýaýratmakdan gaty gowy baş çykarýan, bu ugurlar boýunça uly tejribesi bolan abraýly bilermenleriň bellenilmegini talap edýär.

Sekretariat Baş direktordan we zerur bolan işgärlerden durýar. Sekretariata Ýerine ýetiriji geňeşiň teklibi bilen Baş Maslahat tarapyndan 6 ýyllyk möhlet bilen bellenýän Baş direktor ýolbaşçylyk edýär.

UNESCO-nyň Düzgünnamasyna laýyklykda her bir agza döwletde bu Guramanyň işleri boýunça milli komissiýa döredilýär. Onuň wezipesi ýurduň içinde UNESCO-nyň maksatnamalarynyň ýerine ýetirilmegine ol ýa-da başga derejede gatnaşmak islegi bolan guramalaryň we edaralaryň işini utgaşdyrmakdyr. Şeýle hem milli komissiýa öz hökümetine Gurama degişli ähli meseleler boýunça maslahat berýär.

**Guramanyň ştab-jaýy** *Parižde* ýerleşýär. Häzirki wagtda bu halkara gurama dünýäniň 193 sany döwleti agza bolup durýar.

Türkmenistan UNESCO bilen hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlygy giňeltmäge we çuňlaşdyrmaga aýratyn üns berýär. 2009-njy ýylyň 6-njy maýynda UNESCO-nyň Baş direktory K.Masuuri bilen bolan duşuşygynyň dowamynda Türkmenistanyň Prezidenti Türkmenistan bilen BMG-niň arasyndaky parahatçylygyň, howpsuzlygyň we ählumumy ösüşiň hatyrasyna gönükdirilen strategiki hyzmatdaşlygyň çäklerinde UNESCO bilen özara gatnaşyklary alyp barmak we ösdürmek işiniň wajyp ähmiýete eýe bolup durýandygyny nygtady.

Soňky ýyllarda Türkmenistan bilen UNESCO-nyň işjeň hyzmatdaşlygynyň netijesinde şol hyzmatdaşlygyň düýpli şertnama-hukuk esasy döredildi. 1993-nji ýylyň 17-nji awgustynda Türkmenistan Londonda UNESCO-nyň Konwensiýasyna gol çekdi we bu Guramanyň doly hukukly agzasy boldy. 1995-nji ýylyň dekabrynda Parižde, UNESCO-nyň ýanynda Türkmenistanyň Wekilhanasy açyldy. 1996-njy ýylyň 10-njy sentýabrynda Parižde Türkmenistan bilen UNESCO-nyň arasynda hyzmatdaşlyk baradaky Ähtnama gol çekil-

di. Netijede, geçen döwrüň içinde Türkmenistan we UNESCO-nyň arasynda özara hyzmatdaşlygyň gymmatly tejribesi toplandy.

Sowatlylyk – munuň özi medeniýetiň we ylmyň binýadydyr. Eger-de sowatlylyk hemmeleri öz içine almasa, şeýle hem ýokary hile eýe bolmasa, onda siwilizasiýanyň ösmegi asla mümkin bolmaýar. Şeýle hem sowatlylyk adamyň ahlak taýdan ösmeginiň hökmany şerti bolup durýar. Hut şonuň üçin hem bilim ugry boýunça hyzmatdaşlyk Türkmenistanyň we UNESCO-nyň özara hereketlerinde ileri tutulýan ugurlaryň biri hasap edilýär.

Türkmenistanyň bilim we ylym ulgamlarynda uly üstünlikler gazanandygy mälimdir. Şol bir wagtyň özünde hem häzirki wagtda UNESCO-nyň maksatnamalarynda bilim maksatnamalaryny ylmy-tehniki ösüşiň depginlerine laýyklykda üýtgetmeklige gönükdirilen barlaglaryň we çäreleriň, şol sanda ýokary derejedäki çäreleriň tutýan orny barha artýar. Şu jähtden, Türkmenistanyň we UNESCO-nyň bilimiň milli ulgamyny özgertmek işinde işjeň hyzmatdaşlygynyň mundan beýläk hem giňeldilmegi biziň ýurdumyza bu babatda iň gowy daşary ýurt tejribesini has çuňňur öwrenmäge we şol tejribäniň has peýdaly taraplaryny ýurdumyzda ornaşdyrmaga mümkinçilik berýär.

Mysal üçin, UNESCO-nyň tehniki we bilermenlik ýardamy netijesinde Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerine ylmy-tehniki kömek bermek, ýurduň medeni-taryhy ulgamyny öwrenmek, oňa gözegçilik etmek we maglumatlary rejelemek boýunça bilelikdäki işleriň uly topary amala aşyryldy. Türkmenistanyň we UNESCO-nyň işjeň hyzmatdaşlygynyň çäklerinde şeýle hem halkara forumlaryň, öwreniş-maslahatlaryň we treningleriň geçirilmegi däbe öwrüldi.

Türkmenistan gadymy taryhy, özboluşly we özüne çekiji medeniýeti hem-de gaýtalanmajak ekologiki ulgama eýe bolan ýurt hökmünde dünýä bellidir. Özüniň taryhy we tebigy baýlyklary bilen biziň ýurdumyz dünýä siwilizasiýasynyň genji-hazynasyna ägirt uly goşant goşýar. Şunlukda, türkmen halkynyň gaýtalanmajak taryhy we medeni mirasyny hem-de onuň milli tebigy baýlyklaryny dikeltmek, gorap saklamak we olaryň mazmunyny köpçülige ýetirmek işi döwlet ösüşiniň ileri tutulýan meseleleriniň hatarynda durýar. Bütindünýä medeni we tebigy mirasy gorap saklamak baradaky Konwensiýany (1972 ý.)

1994-nji ýylda tassyklan Türkmenistan, türkmen topragynyň baş medeni ýadygärliklerini öwrenmek we dikeltmek, goralýan zolaklaryny gorap saklamak ugrunda maksatnamalary we taslamalary üstünlikli amala aşyrýar. Alnyp barylýan bu yzygiderli syýasatyň, şeýle hem Türkmenistanyň UNESCO bilen netijeli hyzmatdaşlygynyň esasynda UNESCO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna türkmen topragynyň beýikligini tekrarlaýan ägirt uly taryhy-arhitektura ýadygärlikleri bolan Gadymy Merw (1999 ý.), Köneürgenç (2005 ý.) we Nusaý (2007 ý.) goşuldy. Bu biziň ýurdumyzyň bütindünýä taryhy we medeni baýlyklarynyň genji-hazynasyna goşan ägirt uly goşandy boldy.

Bütindünýä medeni we tebigy mirasy goramak baradaky UNESCO-nyň Konwensiýasyna laýyklykda bu Gurama halkara ekologik howpsuzlygyny üpjün etmek meselesi bilen hem meşgul bolýar. Şonuň üçin hem UNESCO-nyň ençeme maksatnamalary umumyadamzat emlägi hökmünde tebigy resurslardan has pähimli peýdalanmaklyga, olaryň azalmagynyň, hapalanmagynyň öňüni almaga we ş.m. gönükdirilendir. Bu meseleleriň çözülmegi umumydünýä çaginde işjeň hyzmatdaşlygy ýola goýmazdan asla mümkin däldir.

Bu mesele boýunça Türkmenistanyň çemeleşmesi barada aýdylanda, onda häzirki wagtda ýurdumyzda Garagumyň biologik taýdan dürli-dürliligini saklamak, bu ýerdäki tebigy baýlyklary ekologik taýdan howpsuz ýagdaýda özleşdirmek üçün ähli tagallalar edilýär. Şol bir wagtyň özünde hem dünýäniň tebigy keşbiniň aýrylmaz möhüm bölegi bolup durýan, asyrlar boýy emele gelen bu haýran galdyryjy ekologiki ulgamy – yklymda uly çöl hasaplanýan Garagumy UNESCO-nyň sanawyna goşmak baradaky teklip işjeň ýagdaýda taýýarlanyldy.

UNESCO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawynyň üstüniň ýetirilmegi üçin biziň ýurdumyzyň başga-da mümkinçilikleri köpdir. 2011--nji ýylyň maýynda Aşgabatda UNESCO-nyň Ýüpek ýoluny Bütindünýä mirasynyň sanawyna goşmagy teklip etmek barada Utgaşdyryjy geňeşiň duşuşygynyň bolup geçmegi we onuň garamagyna Türkmenistanyň Ýüpek ýolunyň esasy ugurlarynda Dehistan, Nusaý, Merw, Sarahs, Amul ýaly gadymy uly şäherleriň aralygynda ýerleşen 25 sany ýadygärligi hödürlemegi munuň aýdyň mysalydyr. Şol ýadygärlikleriň arasynda ilkinji nobatda, kerwensaraýlar, köşkler, şeýle hem syýahatçylaryň hemişe baran ýerleri bolan keramatly ýerler bar.

2009-njy ýylyň 6-njy maýynda Türkmenistanyň Prezidenti UNESCO-nyň «Awisenna» atly altyn medaly bilen sylaglandy. Munuň özi Türkmenistanyň döwlet Baştutanynyň milli medeniýetiň ösüşine, medeni-taryhy ýadygärlikleriň goralyp saklanylmagyna we UNESCO bilen hyzmatdaşlygy berkitmäge goşýan uly goşandynyň aýdyň subutnamasy boldy.

Türkmenistanyň we UNESCO-nyň özara hyzmatdaşlygy ösdürmäge bolan islegleri beýleki çäklerde, şol sanda global durmuş meseleleri çözmekde hem olaryň netijeli hyzmatdaşlygynyň giňelmegine we çuňlaşmagyna alyp barýar. Şu jähtden, Türkmenistanyň UNESCO--nyň ugry boýunça degişli konwensiýalara we halkara-hukuk namalaryna gelejekde hem giňişleýin gatnaşmagy, şeýle hem guramanyň saýlawly edaralaryna saýlanmagy uly ähmiýete eýe bolup durýar. Hususan-da, 2013-nji ýylyň 13-nji noýabrynda Türkmenistanyň UNESCO-nyň Baş maslahatynyň 37-nji mejlisinde ilkinji gezek 2013–2017-nji ýyllar üçin UNESCO-nyň Ýerine ýetiriji Geňeşiniň agzalygyna saýlanmagy biziň ýurdumyz üçin diňe bir bütindünýä ykrarnamasy bolman, eýsem munuň özi uly jogapkärçiligi hem aňlatdy. Çünki gurama ýolbaşçylyk edýän düzümiň onuň işiniň ähli ugurlary boýunça zerur çözgüdi kabul edýändigi düşnüklidir.

Şunlukda, Türkmenistanyň we BMG-niň bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň hyzmatdaşlygy şu günki gün taraplary gyzyklandyrýan ulgamlaryň köpüsini öz içine alýar we ol ählumumy ösüşiň maksatlaryna we wezipelerine ýetmäge gönükdirilendir. Türkmenistanyň we UNESCO-nyň özara hereketiniň baý tejribesi bu hyzmatdaşlygyň Türkmenistana öz ruhy, intellektual kuwwatyny has doly açyp görkezmäge, öz özboluşly, ajaýyp medeniýeti bilen beýleki halklary baýlaşdyrmaga we öz gezeginde, özi baýlaşmaga, dürli ylym, bilim, medeniýet we maglumat babatda köp ugurly alyş-çalyşlary amala aşyrmaga mümkinçilik berýändigini görkezýär. Şol bir wagtyň özünde UNESCO-nyň işine Türkmenistanyň işjeň gatnaşmagy bu hökümetara guramanyň işiniň täsirliliginiň artmagyna ýardam edýär.

**Soraglar:**

1. UNESCO haçan döredildi?
2. UNESCO-nyň wezipesiniň aýratynlygy nähili kadadan gelip çykýar?
3. UNESCO-nyň esasy edaralary haýsylar?

4. Türkmenistanyň we UNESCO-nyň hyzmatdaşlygynyň hukuk esaslary barada näme bilýärsiňiz?
5. Türkmenistan Bütindünýä medeni we tebigy mirasy gorap saklamak baradaky Konwensiýany haçan tassyklady?
6. UNESCO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna Türkmenistanyň haýsy uly taryhy-arhitektura ýadygärlikleri goşuldy?
7. UNESCO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawynyň üstüniň ýetirilmegi üçin Türkmenistanda nähili mümkinçilikler bar?

**Bütindünýä intellektual eýeçiligi guramasy (BIEG)** (World Intellectual Property Organization – WIPO). Bütindünýä intellektual eýeçiligi guramasy 1967-nji ýylyň 14-nji iýulynda Stokgolmda intellektual eýeçiligi boýunça bolup geçen maslahatda döredildi. BIEG-i döretmek baradaky Konwensiýa (1967-nji ý.) 1970-nji ýylda güýjüne girdi. BIEG 1974-nji ýyldan bäri BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasydyr. BMG-niň we BIEG-iň arasyndaky Ylalaşyk 1974-nji ýylyň 19-njy dekabrynda Baş Assambleýa tarapyndan makullandy.

BIEG-iň kesgitlemesine görä, sözüň giň manysynda **intellektual eýeçiligi - munuň özi kanun tarapyndan berkidilen hukuklary aňladýar. Şol hukuklar senagat, ylym, edebiýat we çeperçilik babatda intellektual işiň netijesi bolup durýar.**

BIEG-iň esasy maksady bütin dünýäde intellektual eýeçiliginiň goralmagyna, bu çäkde halkara ylalaşyklaryň durmuşa geçirilmegine ýardam etmekdir, intellektual eýeçiliginiň goragy çäginde olaryň özbaşdaklygyny bozmazdan (mysal üçin, edebiýat we sungat eserlerini goramak boýunça Bern birleşigi, senagat eýeçiligini goramak boýunça Pariž birleşigi we ş.m.) dürli birleşikleri administratiw taýdan dolandyrmagy amala aşyrmakdyr. BIEG şeýle hem awtorlaryň hukuklarynyň goragy, täze patent klassifikasiýany işläp taýýarlamak, patent boýunça tehniki hyzmatdaşlygy amala aşyrmak bilen bagly şertnamalaryň taslamasyny taýýarlaýar.

Mysal üçin, Bütindünýä intellektual eýeçiligi guramasynyň maglumatlaryna görä, patent birleşigi baradaky şertnamanyň halkara ulgamy boýunça açyş üçin berlen halkara patent arzalarynyň sany 1980-nji ýylda 3698 bolanlygyndan, 2010-njy ýyla çenli 163662-ä ýetdi. Halkara patent arzalarynyň sany boýunça öňde barýan ýurtlaryň arasynda Hytaý we Koreýa Respublikasy aýratyn üns berilmäge

mynasypdyr, sebäbi bu ýurtlar halkara patent arzalary bermekligiň sanynyň ösüş depginleri boýunça aýratyn tapawutlanýarlar. Eger-de Hytaý 2000-nji ýylda halkara patent arzalarynyň 780-sini beren bolsa, onda 2010-njy ýylda şol san 12232 boldy. Şeýle görkezijiler Koreýada 2000-nji ýylda 1578 bolanlygyndan, 2010-njy ýylda 9668 boldy. Mundan patent arzalaryň sanynyň artmagy ol ýa-da başga ýurduň ykdysady ösüşini şöhlelendirýär diýen netijäni hem çykaryp bolar.

Öz maksatlaryna ýetmek üçin BIEG-sy häzirki wagtda 20-den gowrak birleşikleriň arasynda administratiw hyzmatdaşlygy amala aşyrýar, intellektual eýeçiligine degişli 20-den gowrak konwensiýanyň düzgünleriniň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär.

BIEG-e agzalyk birleşikleriň biriniň agza döwletleri, BMG-niň ýa-da ýöriteleşdirilen edaralaryň, atom energiýasy boýunça Halkara agentliginiň agzalary, BMG-niň Halkara kazyýetiniň Statutyna gol çeken ýurtlar ýa-da 1967-nji ýylyň Stokgolm maslahatyna goşulmakçy bolýan döwletler üçin açykdyr.

Bütindünýä intellektual eýeçiliginiň guramasy BMG-niň ýeketäk özüni ödeýän ýöriteleşdirilen edarasydyr. Guramanyň býujetiniň 90% onuň intellektual eýeçilige bolan hukuklary hasaba almak boýunça edýän hyzmatlaryndan gelýän maliýe girdejileriň hasabyna ýapylýar. Girdejiniň galan 10%-i arbitraž, ýagny ylalaşdyryjylyk, dellalçylyk we ş.m. hyzmatlara tölenýän tölegleriň we döwletleriň agzalyk tölegleriniň hasabyna emele gelýär. Iň uly agzalyk tölegi guramanyň umumy býujetiniň 0,5 göteriminden köp bolmaýar. 2000–2001-nji ýyllarda BIEG-iň býujeti 248 million amerikan dollaryna barabar boldy.

*BIEG-iň gurluşy* hem öz aýratynlygy bilen tapawutlanýar. *Baş Assambleýa* (General Assembly), *Maslahat* (Conference) Guramanyň iň ýokary edaralarydyr. Pariž ýa-da Bern birleşiklerine hem gatnaşyjy BIEG-niň agza döwletleriniň wekillerinden durýan Baş Assambleýa guramanyň syýasatyny we işiniň umumy ugruny kesgitleýär, býujetini tassyklaýar, onuň baş direktoryny belleýär. Oňa agza döwletleriň hemmesi girýän Maslahat BIEG-iň agza döwletleri üçin gyzyklanma bildirýän intellektual eýeçiligine degişli bolan meseleleri ara alyp maslahatlaşýar, olar boýunça maslahatlar kabul edýär. Baş Assambleýanyň we Maslahatyň mejlisleri şol bir wagtyň özünde iki ýylda bir gezek geçirilýär.

Pariž we Bern birleşikleriniň ýerine ýetiriji komitetleriniň hem agzalary bolan 1967-nji ýylyň Konwensiýasyna gatnaşyjy 58 döwletden durýan *Utgaşdyryjy Komitet* (Coordination Committee) aýry birleşikleriň ýerine ýetiriji edaralarynyň işini utgaşdyrýar we özara ylalaşdyrýar.

BIEG-iň şeýle hem senagat eýeçiligi barada maglumatlar boýunça hemişelik komiteti we administratiw-tehniki sekretariaty - baş direktor tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän intellektual eýeçiligini goramak boýunça Halkara býurosy bardyr.

184 döwlet BIEG-iň agzasydyr. *Guramanyň ştab-jaýy Ženewada (Şweýsariýa) ýerleşýär*. BIEG-iň ulgamynda 780-e golaý adam işleýär.

Türkmenistan 1995-nji ýylda Bütindünýä intellektual eýeçiligi guramasynyň doly hukukly agzasy boldy. Şol döwürden başlap biziň ýurdumyz intellektual eýeçiligi goramaklygyň milli ulgamyny döretmek we onuň mümkinçiliklerinden doly peýdalanmak maksady bilen, zerur bolan çäreleri amala aşyrýar.

Bilimi we ylmy özgertmegiň çäklerinde ýurtda döredilen hukuk, guramaçylyk, maliýe-ykdysady we maddy şertleriň ozaly bilen alymlaryň, oýlap tapyjylaryň we inženerleriň intellektual işiniň işjeňleşdirilmegini we höweslendirilmegini göz öňünde tutýandygy düşnüklidir. Türkmenistanyň garaşsyzlygy ýyllarynda ýurdumyzyň oýlap tapyjylary oýlap tapmaklyga 1000-den gowrak arza berdiler. Şol oýlap tapylan zatlar nebit we gaz senagatynyň pudaklaryna, oba hojalygyna, energetika we maşyn gurluşygyna, medisina, daşky gurşawy goramaklyga, gurluşyga we gurluşyk materiallar senagatyna, suw hojalygyna degişli boldy.

Şeýle hem 2008-nji ýylda «Oýlap tapylýan zatlar we senagat nusgalary barada», «Haryt belgileri, hyzmat etmekligiň we harytlaryň gelip çykan ýerleriniň atlarynyň belgileri barada» Türkmenistanyň kanunlary kabul edildi. Şol kanunlar Türkmenistanda intellektual senagat eýeçiligini goramagyň hukuk esasyny pugtalandyrdy we kämilleşdirdi, milli kanunçylygy halkara kadalary bilen sazlaşdyrmak, has takygy, intellektual eýeçiligi goramak baradaky kanunçylyk-hukuk tejribesini milli tejribä ornaşdyrmak ýolunda ähmiýetli ädim boldy. 2012-nji ýylda «Awtorlyk hukugy we ýanaşyk hukuklar barada» Türkmenistanyň kanunynyň kabul edilmegi awtorlyk hukugy we

ýanaşyk hukuklar babatda ýurdumyzyň halkara hyzmatdaşlygynyň giňelmegine ýol açdy. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň ýakyn geljekde edebi we çeper eserleri goramak boýunça Bern konwensiýasyna goşulmagy bu konwensiýa gatnaşyjy ýurtlaryň ählisinde bu çäkde biziň ýurdumyzyň fiziki we ýuridiki şahslarynyň hukuklaryny üpjün eder.

Umuman, Türkmenistanyň we BIEG-niň arasynda hyzmatdaşlygyň ýola goýulandan soňky döwürde biziň ýurdumyzyň we intellektual eýeçiligi goramak boýunça guramanyň arasynda hyzmatdaşlyk ýylsaýyn ösdi, şeýle hem ol köpugurly häsiýete eýe boldy we dürli görnüşler bilen baýlaşdy. Mysal üçin, 2012-nji ýylyň 21-nji iýunynda Aşgabatda Bütindünýä intellektual eýeçilik guramasy we Türkmenistanyň ykdysady ösüş ministrligi bilen bilelikde «Milli ösüş üçin intellektual eýeçiligiň roly» atly tema boýunça seminar geçirildi. Seminarda BIEG-iň işiniň esasy ugurlaryna, Guramada hereket edýän okuw maksatnamalaryna we şertnamalara, şeýle hem halkara tejribäniň Türkmenistandaky intellektual eýeçiligiň goragynyň milli ulgamynda peýdalanylyşyna seredilip geçildi.

Türkmenistan bilen BIEG-iň arasyndaky özara bähbitli hyzmatdaşlygyň işjeňleşmegine 2012-nji ýylyň 9-njy oktýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Şweýsariýa Konfederasiýasyna resmi sapary döwründe Birleşen Milletler Guramasynyň Ženewadaky bölüminiň Milletler Köşgünde onuň BIEG-iň baş direktory jenap Frensis Garri bilen duşuşygy uly itergi berdi.

Duşuşygyň gidişinde söhbetdeşler intellektual eýeçilige, BIEG-iň işiniň ugurlaryna, şol sanda awtorlaryň hukuklary we olary goramaklyga degişli kadalaşdyryjy-hukuk meseleleri çözmekde häzirki zaman dünýä tejribesi babatda pikir alyşdylar. BIEG-iň baştutany özüniň ýolbaşçylyk edýän guramasynyň esasy wezipeleriniň biriniň halkara intellektual eýeçilik ulgamynda innowasiýalary we döredijiligi höweslendirmek, bu ulgamda bazar gatnaşyklaryna ýardam etmek bolup durýandygyny belledi. «Intellektual eýeçiliginiň deňagramly we netijeli halkara ulgamynyň kömegi bilen biz ähli ýurtlaryň ykdysady, durmuş we medeni taýdan ösmegi üçin innowasiýalary we döredijiligi giňden goldarys» diýip, ol aýtdy.

Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň BIEG bilen hyzmatdaşlyga uly gyzyklanma bildirýändigini, onuň dünýäniň iň

gowy tejribesini öwrenmäge we milli tejribäni ornaşdyrmaga aýratyn üns berýändigini nygtady. «Işewürlik we tehnika ulgamynda özgertmeleriň örän çalt bolup geçýän şertlerinde awtorlyk-hukuk goragynyň derwaýyslygy artýar» diýip, Türkmen döwletiniň baştutany aýtdy. Türkmen tarapy bu ulgamda gatnaşyklary giňeltmek hem-de bilelikdäki taslamalary amala aşyrmak mümkinçiligi barada gelip gowuşýan teklipleriň ählisine garamaga we içgin öwrenmäge taýýardyr».

**Soraglar:**

1. Bütindünýä intellektual eýeçiligi guramasy haçan döredildi?
2. Intellektual eýeçiligi diýip nämä düşünýärsiňiz?
3. BIEG-niň maksady nämeden ybarat?
4. BIEG-niň býujeti haýsy maliýe girdejilerden emele gelýär?
5. BIEG-niň gurluşynyň aýratynlygy nämeden ybarat?
6. Türkmenistanyň BIEG bilen hyzmatdaşlygy barada näme bilýärsiňiz?

## §4. Halkara syýahatçylyk boýunça edara

**Bütindünýä syýahatçylyk guramasy (BSG)** (World Tourizm Organization – WTO). Dünýäde syýahatçylygyň ähmiýeti barha artýar. Syýahatçylyk daşary syýasaty durmuşa geçirmegiň möhüm serişdesidir, medeni-gumanitar hyzmatdaşlygyň ugurlaryndan biridir, sebäbi ol halklary biri-biriniň durmuşy we tejribesi bilen özara tanyşdyrmaga, olaryň arasyndaky gatnaşyklarda özara düşünişmek we ynam ruhuny pugtalandyrmaga hyzmat edýär. Halkara syýahatçylygynyň ähmiýeti şeýle hem onuň birnäçe ykdysady wezipeleri ýerine ýetirýändigi bilen kesgitlenilýär. Syýahatçylygyň ösüşi we onuň barha ýokarlanýan ykdysady peýdalylygy barada şu aşakdaky deliller hem aýdyň şaýatlyk edýär: häzirki wagtda içerki syýahatçylygy hem goşmak bilen, syýahatçylyk senagatynda 100 milliondan hem gowrak adam işleýär. Syýahatçylyga hyzmat edýän pudaklary döretmek bilen, syýahatçylyk ykdysadyýetiň diwersifikasiýalaşmagyna ýardam edýär. Syýahatçylyk pul girdejisiniň hem düýpli çeşmesidir: mysal üçin, baryp 1950–1980-nji ýyllar aralygynda dünýäde halkara syýahatçylyk alyş-çalyşdan gelen pul girdejisi 45 esseden hem köpräk artdy we ol 1980-nji ýyla çenli 93,3 milliard dollar boldy. 1989-njy ýylda halkara syýahatçylykdan gelen pul girdejisi 195 milliard dollardan geçdi.

Soňky ýyllarda syýahatçylyk has-da ösdi: BSG-niň maglumatlaryna görä, 1950–2008-nji ýyllarda dünýäde syýahatçylaryň sany 25 milliondan 924 million adama çenli artdy. BSG-niň geçiren barlaglaryna laýyklykda, 2030-njy ýyla çenli bu san 1,8 milliarda barabar bolar. 2012-nji ýylda bolsa bu görkeziji 1 milliarddan geçdi. Halkara syýahatçylygynyň ähmiýetiniň barha artmagy dünýäniň ençeme ýurtlarynda bu mesele boýunça ýörite döwlet edaralarynyň, milli jemgyýetçilik guramalarynyň döredilmegine getirdi.

Syýahatçylygyň çäginde halkara hyzmatdaşlygynyň taryhy 1925-nji ýyldan Gaagada resmi syýahatçylyk assosiasiýalarynyň Halkara kongresiniň döredilmegi bilen başlandy. 1934-nji ýylda kongres syýahatçylygy ýaýratmak boýunça resmi guramalaryň Halkara birleşigine öwrüldi. 1970-nji ýylda Meksikada Bütindünýä syýahatçylyk guramasynyň Düzgünnamasyna gol çekildi we ol 1974-nji ýylda öz güýjüne girdi. 1975-nji ýylda Birleşik Bütindünýä syýahatçylyk guramasyna öwrüldi. *2003-nji ýylyň 22-nji dekabryndan bäri BSG BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasydyr.* 2005-nji ýylda bolsa bu gurama öz abbrewiaturasyny, ýagny özüniň ýazuwda ulanýan şertli gysgaltmalaryny – UN WTO tassyklady.

BSG-niň Düzgünnamasynyň 3-nji maddasyna laýyklykda bu guramanyň esasy maksady «ykdysady ösüşe, halkara özara düşünişmeklige, parahatçylyga, gülläp ösmeklige, jynsyna, diline we dinine seretmezden, ähli adamlar üçin adam hukuklarynyň we esasy azatlyklarynyň hemmeler tarapyndan hormatlanylmagyna we berjaý edilmegine goşant goşmak maksady bilen, syýahatçylygyň ösmegine ýardam etmek bolup durýar».

Syýahatçylyk pudagynyň aýratynlygynyň hasaba alynmagy bilen *BSG-da agzalygyň hakyky, assosirlenen we goşulan ýaly üç görnüşi göz öňüne tutulandyr*. BSG-nyň hakyky agzalary diňe özbaşdak döwletlerdir. Daşary aragatnaşyklar babatda ygtyýarlyklary bolmadyk çäk, guramanyň işine daşary aragatnaşyklara wekilçilik edýän döwletleriň hökümetleriniň razylygy bilen assosirlenen agza hökmünde gatnaşýar. Goşulan agza bolup halkara hökümetara we hökümete degişli däl, şeýle hem söwda guramasy ýa-da öz işini syýahatçylyk çäginde amala aşyrýan we BSG-ne girmek üçin onuň ştab-jaýynyň ýerleşýän ýurdunyň razylygyny alan assosiasiýa bolup

biler. Şunlukda, BSG-niň işine hususy sektoryň kärhanalarynyň 300-e golaýy gatnaşýar.

**BSG-niň ýokary edarasy** *Baş Assambleýadyr* we ol has möhüm meseleler boýunça kararlary kabul edýär we iki ýyldan bir gezek çagyrylýar. Ýylda bir gezek mejlis geçirýän *6 sany sebitleýin komissiýalar BA-nyň kömekçi edaralarydyr.*

*Ýerine ýetiriji geňeş* özüniň funksional ähmiýeti boýunça Guramanyň ikinji edarasydyr we ol kabul edilen maksatnamanyň we býujetiň ýerine ýetirilmegine jogap berýär. Ýerine ýetiriji geňeşiň düzümine häzirki wagtda 30 agza girýär. Geňeşiň agzalary Guramanyň her bäş agzasyna bir agza hasaby bilen saýlanýar. BSG-niň ştab-jaýyny özünde ýerleşdirýän ýurt hökmünde Ispaniýanyň ýerine ýetiriji geňeşde hemişelik agzalygy bardyr.

*Sekretariata* baş sekretar ýolbaşçylyk edýär. Sekretariat guramanyň gündelik tehniki we administratiw işini amala aşyrýar.

Häzirki wagtda 150-den gowrak döwlet BSG-niň agzasy bolup durýar. *BSG-niň ştab-jaýy Madrid şäherinde (Ispaniýa) ýerleşýär.* Her ýylyň 27-nji sentýabrynda BSG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan 1979-njy ýylda döredilen syýahatçylygyň Bütindünýä güni bellenip geçilýär.

Türkmenistanda daşary ýurt syýahatçylygy köpçülikleýin esasda XX asyryň 50-nji ýyllarynyň ortalaryndan ösüp başlady. Muňa öňki SSSR-de daşary ýurt syýahatçylygyny ösdürmek boýunça Döwlet komitetiniň we şunlukda, Türkmenistanda 1960-njy ýylda «Inturist» atly Bütinsoýuz agentliginiň wekilhanasynyň döredilmegi itergi berdi. 1974-nji ýylda daşary ýurt syýahatçylygy boýunça döwlet edarasynyň – TSSR Ministrler Sowetiniň ýanynda daşary ýurt syýahatçylygy boýunça Müdirligiň döredilmegi bilen (1984-nji ýyldan başlap TSSR-iň daşary ýurt syýahatçylygy boýunça Müdirligi) ýurdumyzda daşary ýurt syýahatçylygyny ösdürmek boýunça has-da yzygiderli iş alnyp baryldy.

Türkmenistana daşary ýurtly syýahatçylar geçen asyryň 50-nji ýyllarynyň ortalaryndan gelip başladylar. Soňra olaryň sany ýylsaýyn artdy. Mysal üçin, eger 1956–1957-nji ýyllarda ýurdumyzda 116 sany daşary ýurtly syýahatçy bolan bolsa, onda 1970-nji ýylda ol 1913, 1985–1987-njy ýyllarda bolsa diňe bir Gündogar Ýewropa ýurt-

laryndan 22 müňden gowrak syýahatçy boldy. 1980–1988-nji ýyllarda daşary ýurtlaryň syýahatçylary Türkmenistanyň 200-den gowrak ajaýyp künjeklerine baryp gördüler.

Şol bir wagtyň özünde Türkmenistanyň raýatlary hem 50-nji ýyllaryň ortalaryndan başlap daşary ýurtlara syýahat edip başladylar. Eger-de 1959-njy ýylda Türkmenistandan daşary ýurtlarda 70 syýahatçy bolan bolsa, onda 1963-nji ýylda olaryň sany 228 adama ýetdi. 1963-nji ýyl bilen deňeşdirilende 1986-njy ýylda olaryň sany 16 esse köpeldi. Türkmenistanyň raýatlarynyň daşary ýurtlara gezelençleri ýurdumyzyň profsoýuz guramasy tarapyndan guraldy (häzir Türkmenistanda şol gurama «kärdeşler arkalaşygy» diýlip atlandyrylýar).

60–80-nji ýyllarda türkmen ýaşlary daşary ýurtlara «Sputnik» atly halkara ýaşlar syýahatçylyk Býurosynyň üsti bilen gezelenç etdiler. «Sputnigiň» ugry bilen daşary ýurtlaryň ýaşlary Türkmenistana 60-njy ýyllaryň ahyrlaryndan gelip başladylar. Mysal üçin, 1979-njy ýylda daşary ýurtlardan Türkmenistana 885 ýaş syýahatçy geldi. 60--80-nji ýyllarda «Sputnigiň» ugry boýunça daşary ýurtlara gezelenje giden türkmen ýaşlarynyň sany hem artdy. 1986-njy ýylda, mysal üçin, türkmenistanly ýaş oglan-gyzlaryň 1 müňe golaýy daşary ýurtlara gezelenç etdiler.

Türkmenistanyň öz garaşsyzlygyna eýe bolmagy bilen biziň ýurdumyz syýahatçylygyň ähli häzirki zaman görnüşlerini – ekologiýa, sport, medeni, köpçülikleýin syýahatçylygy ösdürmäge doly mümkinçilik aldy. 1993-nji ýylyň 4-nji sentýabrynda Türkmenistan Bütindünýä syýahatçylyk guramasynyň agzasy boldy.

Täze Galkynyş eýýamynda, aýratyn hem Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanda syýahatçylyk hil taýdan täze derejä galyp başlady. Muňa ozaly bilen ýurtda esasy utgaşdyryjy we jogapkär edara hökmünde özbaşdak pudagyň – Syýahatçylyk baradaky döwlet komitetiniň döredilmegi uly ýardam etdi. Netijede, Türkmenistanda syýahatçylygy ösdürmegiň döwlet tarapyndan kadalaşdyrylmagynyň we höweslendirilmeginiň düýbünden täze ulgamy döredilip başlandy.

«Türkmenistanda 2012–2016-njy ýyllarda syýahatçylygy ösdürmegiň maksatnamasynda» bu ulgam boýunça durmuşa geçirilýän işjeň döwlet syýasaty öz beýanyny tapdy. Bu Maksatnamanyň kabul

edilmegi bilen ýurdumyzyň syýahatçylyk ulgamyny toplumlaýyn ösdürmek boýunça strategiýany durmuşa geçirmegiň täze tapgyry başlandy. Onda döwletimiz bu pudagy ösdürmek, oňa kiçi we orta telekeçiligi çekmek üçin hukuk hem-de ykdysady mehanizmleriň döredilmegini özünde jemleýän jogapkärçiligi öz üstüne aldy.

Syýahatçylyk ugurlarynyň gerimini we onuň köp görnüşliligini giňeltmek, pudagyň maddy-enjamlaýyn binýadyny ösdürmek, hödürlenýän hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmak, pudak üçin ýokary hünärli işgärleri taýýarlamak we maglumat-mahabat işini güýçlendirmek arkaly içerki we daşarky bazarlarda ýurdumyzyň syýahatçylygynyň öňe gitmegini gazanmak bu babatda ýaýbaňlandyrylan işleriň esasy ugurlary bolup durýar.

Türkmenistanyň tebigy-dynç alyş we taryhy-medeni mümkinçilikleri, baý milli däpleri we olaryň özboluşlylygy ýurdumyzyň syýahatçylyk pudagynyň ösüşiniň möhüm ugurlarydyr. Bular ýurdumyzyň syýahatçylyk ulgamyny halkara derejede ýokarlandyrmagy, dünýä syýahatçylyk bazarynda barha derwaýys orny eýelemegini şertlendirýär.

Ençeme ýyllardan bäri Parfiýa şalarynyň mekany bolan Köne Nusaý, orta asyrlarda Gündogarda şöhrat gazanan görnükli alymlar Biruny, Abu Aly Ibn Sina ýaly şahsyýetleriň durmuşy bilen baglanyşykly bolan Köneürgenç dünýäniň jahankeşdeleriniň ýygy-ýygydan syýahat edýän künjegine öwrüldi. Orta Aziýada iň beýik binalaryň biri bolan Gutlug Timur (XIV a.) minarasy, şanyna ajaýyp rowaýat düzülen Törebeg hanymyň aramgähi (mawzoleýi) ajaýyp binagärlik ýörelgelerini özünde jemläp, häzirki günlere çenli saklanypdyr.

Gündogarda antik medeniýetiň iri ojaklaryndan biri bolan Gadymy Merw köpleriň ünsüni özüne çekýär. Bu künjekdäki ýadygärlikleriň iň gadymylarynyň biri Erkgaladyr. Onuň 2500 ýyldan gowrak ýaşy bar. Şeýle hem Soltan Sanjaryň aramgähi Türkmenistanyň taryhynyň özboluşly nyşany bolup durýar.

Bathyzyň gaýtalanmajak giňişlikleri, Repetegiň owazly çäge alaňlary, Köýtendagyň ertekä kybapdaş künjekleri, Hazaryň «guş bazary» – bularyň hemmesi türkmen tebigatynyň janly kitabynyň ajaýyp sahypalarydyr.

Häzirki döwürde Hazaryň kenarynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyny döretmeklige aýratyn üns berilýär. Hazaryň ekologiýa

taýdan arassa türkmen kenarynda hyzmatlaryň we amatlyklaryň häzirki zaman derejesini özünde jemleýän, talapkär syýahatçylaryň şypahana hyzmatlary boýunça ähli isleglerini kanagatlandyrmaga ukyply, halkara derejeli şypahana-dynç alyş merkezi kemala gelýär.

Türkmenistanda syýahatçylygy ösdürmek boýunça Maksatnamada bu ugur boýunça halkara hyzmatdaşlygyň giňeldilmegine, Türkmenistanyň Bütindünýä syýahatçylyk guramasy bilen gatnaşyklarynyň işjeňleşmegine hem uly ähmiýet berilýär. Netijede, soňky wagtda ýurdumyzda syýahatçylyga bagyşlanan halkara maslahatlaryň ýygy-ýygydan geçirilmegi, şeýle hem onuň daşary ýurtlarda guralýan iri halkara forumlara işjeň gatnaşmagy köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ösmegine, dünýäde toplanan iň oňat tejribäniň öwrenilmegine esli derejede ýardam edýär. Hususan-da, 2013-nji ýylyň sentýabrynda Türkmenistanyň taryhynda ilkinji gezek Türkmenistanyň Halkara syýahatçylyk kongresiniň geçirilmegi halkara syýahatçylygy ösdürmekde ähli nukdaýnazardan möhüm ähmiýete eýe boldy.

2013-nji ýylyň ýanwarynda Bütindünýä syýahatçylyk guramasynyň Baş sekretary Taleb Rifainiň Türkmenistana sapary hem Maksatnamada göz öňünde tutulan wezipeleriň yzygiderli ýerine ýetirilýändiginiň subutnamasy boldy: saparyň barşynda geçirilen duşuşyklar we gepleşikler ýakyn ýyllarda Türkmenistanyň we Bütindünýä syýahatçylyk guramasynyň bilelikde hereket etmeginiň ilkinji Maksatnamasynyň taýýarlanylmagyna badalga berdi.

**Soraglar:**

1. Dünýäde syýahatçylygyň ähmiýetiniň artmagynyň sebäplerini näme bilen düşündirip bilersiňiz?
2. Syýahatçylyk boýunça halkara hyzmatdaşlygynyň taryhy haçan başlandy?
3. BSG haçan döredildi we ol haçan BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasy boldy?
4. BSG-niň Düzgünnamasyna laýyklykda bu guramanyň esasy maksatlary nämeden ybarat?
5. Türkmenistanda daşary ýurt syýahatçylygy köpçülikleýin esasda haçan ösüp başlady?
6. Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzda daşary ýurt syýahatçylygy nähili ösýär?

## §5. Ykdysady edara

**BMG-niň senagat ösüşi boýunça guramasy (BMG SÖG)**(United Nations industrial development Organization – UNIDO). BMG-niň senagat ösüşi boýunça guramasy 1966-njy ýylyň 17-nji noýabrynda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen 2152 (XXI) belgili rezolýusiýasynyň esasynda 1967-nji ýylda döredildi. 1979-njy ýylyň aprelinde BMG-niň SÖG-ni ýöriteleşdirilen edara öwürmek boýunça Maslahaty SÖG-niň Düzgünnamasyny kabul etdi we ol 1985-nji ýylyň 21-nji iýunynda güýjüne girdi. BMG-niň we SÖG-niň Arasyndaky ylalaşyk 1985-nji ýylyň 17-nji dekabrynda Baş Assambleýa tarapyndan makullandy.

**BMG-niň SÖG-niň ygtyýarlygy.** Gurama ösüp barýan we geçiş ykdysadyýeti bolan ýurtlaryň senagat taýdan ösüşine, täze halkara ykdysady düzgüniň berkarar bolmagyna ýardam edýär.

**SÖG-niň gurluşy.** Guramanyň *iň ýokary ýolbaşçy edarasy*, ähli agza döwletleriň wekillerini özünde jemleýän we her iki ýyldan bir gezek çagyrylýan *Baş Maslahatdyr* (General Conference). Baş Maslahat guramanyň umumy syýasatyny we ýolbaşçy ýörelgelerini kesgitleýär; şol syýasatyň amala aşyrylmagy üçin zerur bolan çäreleri maslahat berýär; guramanyň işiniň dürli ugurlary boýunça maksatnamalary işläp taýýarlaýar we kabul edýär we ş.m.

Maslahatyň mejlisleriniň arasyndaky arakesmede SÖG-niň ýolbaşçy edarasy hökmünde *Senagat Ösüşi boýunça Geňeş* (Industrial Development Board) çykyş edýär. Geňeş Maslahat tarapyndan saýlanýan 53 agzadan durýar. Şol agzalaryň 33-si ösüp barýan ýurtlardan, 15-si ösen ykdysadyýeti bolan ýurtlardan (Günbatar ýurtlary) we 5-si bolsa Gündogar Ýewropa ýurtlaryndan saýlanýar. Geňeşiň agzalarynyň ýarysy dört ýyl möhleti bilen, galanlary bolsa iki ýyl möhlet bilen saýlanýarlar. Geňeş öz mejlislerini ýylda bir gezek geçirýär, kabul edilen maksatnamalaryň ýerine ýetirilişine jogap berýär, BMG-niň SÖG-niň işi barada BMG-niň Baş Assambleýasyna ýyllyk doklad taýýarlaýar.

SÖG-niň beýleki kömekçi edarasy – ol hem *maksatnama we býujet boýunça Komitetdir* (Programme and Budget Committee). Komitet 27 agzadan durýar we ol Baş Maslahat tarapyndan iki ýyllyk möhlet bilen saýlanýar.

Baş direktor tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän *Sekretariat* Guramanyň administratiw edarasydyr. Baş direktor dört ýyllyk möhlet bilen saýlanýar.

Häzirki wagtda 172 döwlet BMG-niň SÖG-niň agzasy bolup dyrýar. SÖG-niň agzalary BMG agza bolup durýan döwletlerdir, ýöriteleşdirilen edaralaryň ýa-da atom energiýasy boýunça Halkara agentliginiň agzalarydyr. *Guramanyň ştab-jaýy Wenada (Awstriýa) ýerleşýär.*

BMG-niň SÖG-niň tehniki hyzmatdaşlyk boýunça taslamalary soňky 30 ýyla golaý wagtyň içinde takmynan 180 ýurtda amala aşyryldy. 1993–1994-nji ýyllarda SÖG ýurtlara 215 million dollarlyk tehniki kömek berdi, 1,1 milliard dollarlyk maýa goýum taslamalarynyň amala aşyrylmagyna ýardam etdi.

Senagat ösüş guramasynyň ştab-jaýlarynda 650-den gowrak adam işleýär, şeýle hem Guramanyň 2 000-e golaý bellenen bilermenleri bardyr.

**Soraglar:**

1. BMG-niň SÖG-si haçan döredildi we onuň Düzgünnamasy haçan güýjine girdi?
2. BMG-niň SÖG-niň maksady nämeden ybarat?
3. BMG-niň SÖG-niň iň ýokary ýolbaşçy edarasy haýsy?
4. BMG-niň SÖG-niň Geňeşiniň agzalarynyň düzümi barada näme bilýärsiňiz?

## § 6. BMG-niň ýöriteleşdirilen maliýe guramalary Bretton–Wuds ulgamy

XX asyryň başynyň senagat rewolýusiýasynyň netijeleri, Ikinji jahan urşundan soňky dünýädäki ykdysady ýagdaý we Beýik pese gaçyşlygyň gaýtalanmagyny aradan aýyrmaly dünýä pul-maliýe mehanizmini döretmeklige bolan ymtylyş – bularyň hemmesi BMG-niň maliýe-ykdysady guramalarynyň ulgamynyň döredilmegine täsir eden esasy sebäpler boldy.

Has takygy, 1944-nji ýylyň 1–22-nji iýulunda Bretton–Wudsda (Nýu-Hampşer, ABŞ), pul-maliýe meseleleri boýunça Maslahat bolup geçdi. Bretton–Wuds toparynyň guramalarynyň - Halkara pul gaznasynyň (HPG) we Halkara abatlaýyş we ösüş bankynyň (HAÖB) döredilmegi bolsa maslahatyň esasy jemleri boldy.

Soňra Halkara abatlaýyş we ösüş bankynyň filiallary hökmünde Halkara maliýe korporasiýasy (HMK, 1956 ý.), Ösüşiň halkara assosiasiýasy (ÖHA, 1960) we Maýa goýumlara kepillik berýän köpta-

raplaýyn agentlik (MGKBKA, 1988 ý.), Maýalar boýunça jedelleri kadalaşdyrýan halkara merkez (MJKHM, 1966 ý.) döredildi. *HAÖB* şeýle hem *Bütindünýä banky* atlandyrylýar, özüniň filiallary bilen bolsa ol *Bütindünýä bankynyň Topary* diýlip atlandyrylýar. Bu guramalaryň hemmesi hukuk we maliýe taýdan garaşsyzdyrlar we ýöriteleşdirilen edaralar hökmünde BMG-niň ulgamyna girýärler. Hususan-da, BMG--niň we Halkara pul gaznasynyň arasyndaky ylalaşyk Baş Assambleýa tarapyndan 1947-nji ýylyň 15-nji noýabrynda makullandy.

Agzalan maliýe guramalaryň hemmesi biri-biri bilen ýakyn arabaglanyşykdadyr. Halkara abatlaýyş we ösüş bankynyň agzalary diňe Halkara pul gaznasyna agza bolup bilýärler, filiallaryň agzalary bolsa diňe HAÖB-nyň agzalary bolup bilýärler. Guramalarda ses bermegiň deňeşdirip görme ulgamy ulanylýar we oňa laýyklykda her döwlet Guramanyň gorlaryna goýan kapitalynyň, ýagny maýasynyň göwrümine laýyklykda sesleriň sanyny alýar. Mysal üçin, Halkara pul gaznasynda her bir agza döwletiň 250 sesi we Gaznanyň maýasyndaky onuň töleginiň her bir 100 müň şertli birligi boýunça goşmaça bir sesi bardyr.

Bütindünýä bankynyň Toparynyň ulgamynda 11.000 adam işleýär, onuň ýyllyk administratiw býujeti takmynan 1,4 milliard dollardyr.

**Soraglar:**

1. Bretton –Wuds guramalarynyň ulgamynyň döredilmegine näme sebäp boldy?
2. Bretton – Wuds ulgamyna näçe gurama girýär?
3. Halkara abatlaýyş we ösüş bankynyň filiallary haçan döredildi?
4. Bu maliýe guramalarda ses berişligiň nähili görnüşi ulanylýar?

**Halkara pul gaznasy (HPG)** (International Monetary Fund – IMF). *Halkara pul gaznasy BMG-niň hökümetara ýöriteleşdirilen edarasydyr.* Ýokarda hem bellenilip geçilişi ýaly, HPG 1944-nji ýylda Bretton–Wuds Maslahatynda döredildi we ol 1945-nji ýylyň dekabrynda hereket edip başlady.

HPG-niň Düzgünnamasynyň 1-nji maddasyna laýyklykda gaznanyň *esasy wezipelerinden* biri agza döwletleriň pul-maliýe syýasatyny utgaşdyrmakdyr. Başgaça aýdylanda, HPG halkara söwdanyň we pul boýunça hyzmatdaşlygyň ösmegine ýardam edýär we bu wezipäni pul kurslaryny tertibe salmagyň kadalaryny kesgitlemek we

olaryň berjaý edilmegine gözegçilik etmek; pullaryň durnuklylygyny saklamak; töleglериň köptaraply ulgamyny işläp taýýarlamak we ş.m. arkaly çözýär. HPG-nyň *ikinji esasy wezipesi* agza döwletlere olaryň töleg deňagramlylygyny tertibe salmak we puluň hümmetini saklamak üçin gysga we orta möhletli karz pul bermekdir.

Gaznanyň maýa goýumy agza döwletleriň töleglerinden durýar we onuň göwrümi 212–300 milliard amerikan dollaryna barabardyr. Töleg milli önümiň jemi, eksportyň we importyň göwrümi, gyzylpul gorlary ýaly görkezijileriň esasynda hasaplanylýar. Has köp tölegi bolan ýurtlar Gaznada käbir artykmaçlyklardan peýdalanýarlar.

HPG-ne girýän ýurtlaryň ählisiniň Gaznanyň baýlygyndaky özleriniň töleglериniň 25 göteriminiň çäklerinde karz pul almaga hukuklary bardyr. Eger bu puluň möçberi ýeterlik bolmasa we onuň daşyndan karz puluň berilmegi talap edilýän bolsa, onda HPG ýörite maslahatlary işläp düzýär.

Karz pul berilmezden öň, karz pul bermegiň şertleri barada gepleşikler geçirmek üçin ýurda bilermenler topary ýollanýar. HPG-niň talaplarynyň bozulan ýagdaýynda ylalaşyk güýçsiz hasap edilýär we Gaznanyň kömegi bada-bat togtadylýar. Mysal üçin, HPG-niň adaty talaby – döwlet býujetiniň barabarlanmagy, haçan-da çykdajylaryň girdejilerden jemi milli önümiň 5 % -den geçmezligidir. Şol bir wagtyň özünde karz puluň möhletiniň artdygyça, HPG-nyň talaplarynyň barlyşyksyzlygy güýçlenýär.

**HPG-nyň düzümi.** *Dolandyryjylar Geňeşi* (Board of Governors) Gaznanyň iň ýokary edarasydyr we oňa her bir agza döwletden bir dolandyryjy we bir orunbasar girýär. Her ýylda çagyrylýan dolandyryjylaryň Geňeşi Gaznanyň syýasatyny kesgitleýär. Her ýurduň ses hukugy esasan hem onuň Gaznanyň maliýe gorlaryna goşýan goşandy bilen bagly bolýar. 24 agzadan ybarat bolan Wagtlaýyn komitet dünýä pul ulgamyna gözegçilik etmek bilen bagly meseleler boýunça Geňeşe maslahatlar berýär.

*Ýerine Ýetiriji Geňeş* (Executive Board) Gaznanyň gündelik işini amala aşyrýar. Geňeş onuň başlygy hökmünde serenjam beriji direktordan we 24 sany ýerine ýetiriji direktordan durýar. Olardan 8-si HPG-de iň köp paýy bolan ýurtlardan (Beýik Britaniýa, Germa-

niýa, ABŞ, Hytaý, Fransiýa, Russiýa, Saud Arabystany, Ýaponiýa) bellenýär. Galanlary dolandyryjylar tarapyndan sebitleýin wekilçilik ýörelgeleriniň berjaý edilmegi bilen beýleki agza döwletlerden saýlanýarlar. Serenjam beriji direktor Ýerine Ýetiriji Geňeş tarapyndan saýlanýar we onda başlyklyk edýär.

Halkara pul gaznasynda 130-a golaý ýurtdan 2800-den gowrak adam işleýär. Gaznanyň ýyllyk administratiw býujeti takmynan 650 million amerikan dollaryna barabardyr.

Häzirki wagtda 187 döwlet Halkara pul gaznasynyň agzasydyr. HPG-niň işçi dili iňlis dilidir. *Gaznanyň edaralarynyň ýerleşýän ýeri Waşingtondyr* (ABŞ), onuň bölümçeleri Parižde we Ženewada ýerleşýär.

Türkmenistan 1992-nji ýylyň 22-nji sentýabryndan bäri HPG-niň agzasy bolup durýar.

**Soraglar:**
1. Halkara pul gaznasy haçan döredildi?
2. HPG-niň esasy wezipesi nämeden ybarat?
3. Gaznanyň esasy maýa goýumy haýsy çeşmeden ýygnanýar?
4. HPG girýän ýurtlaryň Gaznadan karz pul almaga bolan hukuklary barada näme bilýärsiňiz?
5. HPG-niň düzümine haýsy edaralar girýär?

**Halkara abatlaýyş we ösüş banky (HAÖB)** (International bank for reconstruction and development – IBRD). BMG-niň hökümetara ýöriteleşdirilen edarasydyr. 1944-nji ýylda döredildi we 1946-njy ýyldan hereket edip başlady.

Şu ýerde ozaly bilen Bütindünýä bankynyň Toparyna girýän guramalaryň, ozaly bilen bolsa HAÖB-niň umumy maksadynyň maliýe we maslahat bermek we kadrlary taýýarlamaklyga ýardam etmek arkaly BMG-niň iň pes ösen agza döwletleriniň ykdysady we sosial ösüşini höweslendirmek bolup durýandygyny belläp geçeliň. Şu umumy maksadyň çäklerinde her gurama öz wezipesini ýerine ýetirýär.

Halkara abatlaýyş we ösüş bankynyň *maksatlary* Bankyň agza döwletleriniň ykdysadyýetleriniň abatlanmagyna we ösmegine ýardam etmekdir, hususy daşary ýurt maýa goýumlary höweslendirmekdir, önümçiligiň ösmegi üçin karz pul bermekdir.

Sözüň has doly manysynda HAÖB-niň maksatlary önümçilik maksatlary üçin maýa goýmagy höweslendirmek arkaly agza döwletleriniň çäkleriniň abatlanmagyna we ösmegine ýardam etmekdir; haçan-da kabul ederlikli şertlerde hususy maýa almak kyn bolan ýagdaýynda, hususy daşary ýurt maýa goýumlaryny höweslendirmekdir, hususy maýa goýumlaryň üstüne önümçilik maksatlary üçin karzlary bermekdir; Bankyň agza döwletleriniň önümçilik gorlarynyň ösmegi üçin halkara maýa goýumlaryny höweslendirmek bilen halkara söwdanyň uzak möhletli deňagramly ösmegine we töleg deňagramlylygynyň saklanylmagyna ýardam etmekdir.

HAÖB-niň Düzgünnamasynda Bankyň işini kesgitleýän esasy ýörelgeler beýan edilýär. Şolara laýyklykda Bank karz pullary diňe önümçilik maksatlary (oba hojalyk we oba sebitleriniň ösüşi, energetika, bilim, saglygy goraýyş, maşgalany meýilleşdirmek we iýmit, gara we demir ýollar, elektroaragatnaşyk we ş.m.) üçin berýär we şol pullar boýunça bergileriň üzülmeginiň geljegine ýeterlik üns berýär; her bir karz pul degişli döwlet tarapyndan kepillendirilmelidir we aýratyn ýagdaýlary hasaba almazdan anyk taslamalar üçin berilýär; Bank başga çeşmelerden ylalaşarlykly şertlerde zerur bolan serişdäniň alnyp bilinmejegine göz ýetirýär; karz puluň ulanylmagy haýsy-da bolsa bir ýa-da ençeme agza ýurtlarda satyn almalar bilen çäklendirilip bilinmeýär; Bankyň karz pul bermek baradaky kararlary diňe ykdysady düşünjä esaslanýar.

Bank orta we uzak möhletli karz pullary agza döwletleriň (esasan hem ösüp barýan döwletleriň) hökümetlerine ýa-da hökümetleriň kepilnama bermekleri bilen şahsy guramalara berýär we olaryň ulanylyşyna gözegçilik edýär. Karz pullara göterim Bankyň maýanyň halkara bazarlaryndan alýan karz pulunyň bahasyna laýyklykda bellenilýär (1986/1987-nji maliýe ýylynda ol ortaça 8,38% boldy). Karz pul alýan ýurtlar Bankyň maslahatlaryny ýerine ýetirmäge, karz pullaryň ulanylyşy barada oňa hasabat we talap edilýän maglumaty bermäge borçludyrlar.

Halkara abatlaýyş we ösüş bankynda hem her bir ýurduň 250 sany sesi we onuň üstüne öz töleginiň her 100 müň şertli birligi üçin 1 sesi bardyr. Diňe Halkara pul gaznasynyň agzalary Bankyň agzalary bolup bilýärler. HAÖB-niň düzümine 187 döwlet girýär.

HAÖB-niň *ýokary edarasy* onda Bankyň ähli ygtyýarlyklary bolan *Dolandyryjylaryň Geňeşidir* (Board of Governors). Geňeş agza döwletler tarapyndan bellenilýän dolandyryjylardan we olaryň orunbasarlaryndan durýar. Adatça Geňeş öz mejlisini ýylda bir gezek geçirýär.

Bankyň gündelik işini 24 sany ýerine ýetiriji direktor amala aşyrýar. Olardan altysy bankda iň köp aksiýalary bolan agza döwletler (Beýik Britaniýa, Germaniýa, ABŞ, Fransiýa, Ýaponiýa we Russiýa) tarapyndan bellenýär, galanlary bolsa iki ýyllyk möhlet bilen dolandyryjylar tarapyndan saýlanýar we galan agza döwletlere wekilçilik edýärler. Ýerine ýetiriji direktorlar ylalaşyga laýyklykda, dolandyryjylar Geňeşiniň ygtyýarlyklaryndan galan meseleler bilen meşgul bolýarlar.

Dolandyryjylar Geňeşi HAÖB-niň prezidentini saýlaýar. Prezident bankyň gullukçylarynyň ştatyna ýolbaşçylyk edýär, işleriň dolandyrylyşyna jogap berýär. Öz wezipesine görä HAÖB-niň prezidenti Dolandyryjylar Geňeşiniň başlygydyr.

Türkmenistan 1992-nji ýylyň 31-nji sentýabrynda Halkara abatlaýyş we ösüş bankynyň agzasy boldy.

**Soraglar:**

1. Halkara abatlaýyş we ösüş bankynyň wezipesi nämeden ybarat?
2. Bankda haýsy agza ýurtlaryň iň köp sesi bardyr?
3. HAÖB-niň esasy edaralary barada näme bilýärsiňiz?

**Ösüşiň halkara assosiasiýasy (ÖHA)** (International Development Association – IDA). 1950-nji ýyllaryň aýaklarynda has garyp ýurtlaryň HAÖB-niň şertlerinde karz pul alyp bilmejekdikleri aýdyň boldy. Şonuň üçin hem ÖHA 1960-njy ýylda ABŞ-nyň göreldesi bilen HAÖB-niň agza döwletleri tarapyndan döredildi.

Ösüşiň halkara assosiasiýasy HAÖB-niň edaralary tarapyndan dolandyrylýar. Halkara abatlaýyş we ösüş bankyndan tapawutlylykda, ÖHA iň garyp ýurtlara karz pul berýär. Başgaça aýdylanda, Assosiasiýa karz puly haçan-da ýurtda ilatyň jan başyna düşýän ýyllyk girdejisi 895 amerikan dollaryndan köp bolmadyk halatynda berýär. Şol bir wagtyň özünde hem Assosiasiýa garyplygyň derejesine wagtal-wagtal täzeden seredip durýar. ÖHA-nyň karzlary takmynan göterimsizdir we uzak möhletlidir (olar 35–40 ýyl möhleti bilen berilýär).

Ösüşiň halkara assosiasiýasynyň gorlary donor döwletleriň berýän ýardamynyň hasabyna emele gelýär. Bu goşandy esasan hem ÖHA-nyň has baý agzalary edýärler. Her üç ýyldan donorlardan Assosiasiýanyň gaznasynyň üstüniň täzeden doldurylmagy soralýar. ÖHA-sy döredileli bäri onuň gaznasynyň üsti takmynan 15 gezek dolduryldy.

Ösüşiň halkara assosiasiýasynyň ýylda berýän karz pulunyň göwrümi takmynan 5-6 milliard amerikan dollaryna barabardyr we ol hususan-da başlangyç okuw, saglygy goramak, arassa agyz suwy we sanitar şertlerini gowulandyrmak ýaly ösüş taslamalary üçin niýetlenendir. ÖHA – daşky gurşawy goramak, hususy telekeçilik üçin şertleri gowulandyrmak ýaly taslamalary hem maliýeleşdirýär.

Umuman, Ösüşiň halkara assosiasiýasy Halkara abatlaýyş we ösüş bankynyň maksatlary ýaly maksatlary yzarlaýar, ýöne ol esasan hem iň garyp ýurtlara göterimsiz karz pul bermek bilen meşgullanýar.

ÖHA-nda 1961-nji ýyldan bäri BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasynyň statusy bardyr. ÖHA-ny dolandyrmak üçin jogapkärçiligi HAÖB çekýär. Şonuň üçin hem Ösüşiň halkara assosiasiýasynyň dolandyryjylarynyň Geňeşi we ýolbaşçylyk ediji direktorlary Halkara abatlaýyş we Ösüş Bankyndaky ýalydyr. Başgaça aýdylanda, ÖHA-nyň özüniň wezipeli adamlary we işgärleri ýokdur. HAÖB-niň wezipeli adamlary we işgärleri öz esasy işiniň daşyndan ÖHA-nda hem goşmaça peşgeş almazdan işleýärler.

Häzirki wagtda 166 döwlet ÖHA-nyň agzasydyr. Türkmenistan 1992-nji ýylyň 31-nji sentýabrynda Ösüşiň halkara assosiasiýasynyň agzasy boldy.

**Soraglar:**
1. Ösüşiň halkara assosiasiýasy näme sebäpden döredildi?
2. ÖHA haýsy meseleler bilen meşgul bolýar?
3. ÖHA döwletlere ýylda näçe möçberde karz pul berýär?
4. ÖHA–nyň gorlary haýsy çeşmeleriň hasabyna emele gelýär?
5. ÖHA haýsy guramanyň edaralary tarapyndan dolandyrylýar?

**Halkara maliýe korporasiýasy (HMK)** (International Finance Corporation – IFC). Halkara maliýe korporasiýasy ösüp barýan ýurtlarda hususy sektory maliýeleşdirmek üçin karz pul bermekligiň iň uly köptaraplaýyn çeşmesidir.

Hususy kärhanalaryň ösmegine ýardam edýän halkara guramany döretmek pikiri baryp Bretton-Wuds maslahatynda ýüze çykypdy, ýöne şonda ol ýeterlik goldaw tapmandy. XX asyryň 50-nji ýyllarynda ABŞ-nyň Respublikan partiýasyndan 1974–1977-nji ýyllarda ABŞ-nyň wise-prezidenti wezipesinde işlän millioner N.Rokfelleriň gatnaşmagynda bu başlangyç dowam etdirildi. HMK-nyň döredilmeginiň peýdasyna esasy delil hususy kärhanalaryň dünýä ykdysadyýetiniň ösmegine oňaýly täsir edip biljekdigi boldy.

1956-njy ýylyň 20-nji iýunynda HMK-nyň döredilmegi baradaky Ylalaşyk güýjüne girdi we 1957-nji ýylda bu Korporasiýa BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasy boldy.

Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, Halkara maliýe korporasiýasy hususy önümçilik kärhanalara maýa bermek arkaly olary maliýeleşdirmäge kömek berýär (şunda karz pullary üzmek üçin degişli döwletiň hökümetiniň kepil geçmegi hökmany hasap edilmeýär). Karzyň möhleti 15 ýyla çenlidir, göterim ýagdaýy bolsa dünýä karz bazarlarynyň derejesindedir. Karzy üzmek karz alnan pulda amala aşyrylýar. Soňky ýyllarda HMK-sy öz esasy wezipesi bilen bir hatarda tehniki kömek çäginde hem iş alyp barýar. 1999-njy maliýe ýylynda dolandyryjylaryň Geňeşi umumy bahasy 5,3 milliard amerikan dollary bolan 255 sany täze taslamany makullady.

HMK-nyň gorlary agza döwletleriň tölegleriden we başga çeşmelerden emele gelýär. HMK-synda sesleriň sany HAÖB-däki ýaly onuň maýasynda ýurduň töleginiň möçberi bilen kesgitlenýär.

Halkara maliýe korporasiýasyna agzalyk Halkara abatlaýyş we ösüş Bankyna agzalygy göz öňünde tutýar. HMK-nyň ýokary edarasy dolandyryjylardan we olaryň orunbasarlaryndan durýan dolandyryjylaryň Geňeşidir. Dolandyryjylaryň Geňeşi täze agzalary kabul etmek, agzalykdan çykarmak ýaly meselelerden başga öz ygtyýarlyklarynyň köpüsini direktorata, ýagny direktorlaryň toparyna berip bilýär.

Direktorat gündelik işi gönükdirýär. HMK-nyň ýyllyk ýygnagy Bütindünýä bankynyň ýygnagy bilen bir wagtyň özünde bolup geçýär.

HMK-nyň ýolbaşçy edaralary HAÖB-nyň edaralarydyr, ýöne korporasiýanyň öz hususy işgärleri bardyr. Häzirki wagtda 179 ýurt HMK-nyň agzasydyr.

Türkmenistan 1992-nji ýylyň 31-nji sentýabryndan bäri HMK-nyň agzasy bolup durýar.

**Soraglar:**

1. Hususy kärhanalaryň ösmegine ýardam etjek halkara guramany döretmek baradaky pikir haçan peýda boldy?
2. HMK-nyň döredilmegine nähili delil ýardam etdi?
3. HMK-nyň maksatlary, onuň ýolbaşçy edaralary barada näme bilýärsiňiz?

**Maýa goýumlara kepillik berýän köptaraplaýyn agentlik (MGKBKA)** (Multilateral Investment Guarantee Agency – MIGA). Maýa goýumlara kepillik berýän köptaraplaýyn agentligi döretmek hakyndaky Konwensiýa 1985-nji ýylda kabul edildi we ol 1988-nji ýylda güýjüne girdi.

Agentligiň maksady syýasy töwekgelçilikleriň (şertnamalaryň bozulmagy we ş.m.) netijesinde daşary ýurt maýadarlaryna ýetirilip bilinjek maliýe ýitgiler babatda kepilnama bermek bilen aýratyn hem ösüp barýan ýurtlarda önümçilik maksatlary üçin daşary ýurt maýa goýumlaryny höweslendirmek bolup durýar. MGKBKA-da halkara hökümetara guramanyň statusy bardyr. Agentligiň peşgeş üçin hyzmat edýändigi sebäpli, oňa söwda guramasynyň käbir häsiýetleri hem mahsusdyr. MGKBKA kepilnamalary 3 ýyldan 20 ýyla çenli möhlet bilen berýär.

Häzirki wagtda MGKBKA-niň gymmatly kagyz maýasy 1,88 milliard amerikan dollaryna barabardyr. Ilkinji agza döwletler üçin gymmatly kagyzlaryň sany ýokarda agzalan Konwensiýa tarapyndan kesgitlenildi. MGKBKA goşulmak isleýän döwletler üçin gymmatly kagyzlaryň sany Halkara abatlaýyş we ösüş bankynyň dolandyryjylarynyň Geňeşi tarapyndan kesgitlenilýär. Ösüşiň halkara assosiasiýasy ýaly, MGKBKA hem HAÖB-niň edaralary tarapyndan dolandyrylýar. MGKBKA 171 döwlet agzadyr.

**MGKBKA-niň esasy edaralary** *Dolandyryjylaryň Geňeşidir, Direktoratdyr, Prezidentdir.* Agentlikde ähli ygtyýarlyklar dolandyryjylar Geňeşine degişlidir. Dolandyryjylar Geňeşi öz ygtyýarlyklaryny Direktorlaryň toparyna berip bilýär. Dolandyryjylar Geňeşi adatça öz ýyllyk mejlisine ýygnanýar. MGKBKA-niň gündelik işine Direktorlaryň topary jogap berýär. HAÖB-nyň Prezidenti öz wezipesi boýunça Direktorlaryň toparynyň başlygydyr. Agentligiň Prezidenti

HAÖB-niň Prezidentiniň teklibi boýunça bellenýär we gündelik işleri Direktorlaryň toparynyň umumy gözegçiligi astynda alyp barýar.

Maliýeleşdirmegiň esasy çeşmesi – düzgünnama maýasydyr. MGKBKA maslahat beriş we mahabatlandyrma boýunça hyzmatlary hem edýär. Agentlik şeýle hem agza ýurtlara ykdysady syýasaty we maliýe-karz pul strategiýany işläp taýýarlamaga kömek edýär.

Türkmenistan 1992-nji ýylyň 31-nji sentýabrynda Maýa goýumlara kepillik berýän köptaraplaýyn agentligiň agzasy boldy.

**Soraglar:**

1. MGKBKA haçan döredildi we Agentligiň esasy maksady nämeden ybarat?
2. Syýasy töwekgelçilikler diýip nämä düşünýärsiňiz?
3. MGKBKA haýsy guramanyň edaralary tarapyndan dolandyrylýar?

**Maýalar boýunça jedelleri kadalaşdyrýan halkara merkez (MBJKHM)** (International Centre for Settlement of Investment Disputes –ICSID). Bu merkez 1965-nji ýylda döwletleriň we beýleki ýurtlaryň raýatlarynyň arasynda maýa goýum boýunça jedelleri kadalaşdyrmak baradaky Konwensiýany makullan Halkara abatlaýyş we ösüş bankynyň dolandyryjylar Geňeşiniň karary boýunça döredildi. Konwensiýa 1966-njy ýylda güýjüne girdi. Aslyýetinde, halkara söwda arbitražy (ylalaşdyryjy edara) bolmak bilen, MBJKHM hökümetleriň we hususy daşary ýurt maýa goýujylaryň arasynda ýaraşdyrmak boýunça hyzmatlary edýär we daşary ýurt maýa goýumlary hakyndaky kanunçylyk boýunça maslahatlary, teklipleri işläp taýýarlaýar. Ylalaşdyryjylyk hyzmatlary üçin MBJKHM-e ýüz tutmaklyk meýletin häsiýete eýedir. Ýöne jedel boýunça kabul edilen karar gutarnyklydyr, ol şikaýat etmeklige degişli däldir we taraplar üçin hökmanydyr.

Merkeziň işine Konwensiýany tassyklan we HAÖB-niň agzalary bolan ähli agza döwletleriň wekillerinden durýan *Administratiw geňeş* (Administrative Council) ýolbaşçylyk edýär. Adatça, Geňeşiň agzalary HAÖB-däki döwletlerden bolan dolandyryjylar bolýarlar. Geňeşiň başlygy Bütindünýä Bankynyň Prezidentidir. Geňeşiň mejlisleri her ýyl bolup geçýär. Administratiw geňeş MBJKHM-niň Sekretariatyna ýolbaşçylyk edýän Baş sekretary belleýär. Sekretariat araçylaryň, ylalaşdyryjylaryň sanawlaryny düzýär we olara her bir agza döwletiň 4 wekiliniň gatnaşmaga haky bardyr.

MBJKHM-niň çykdajylary HAÖB-niň býujetinden tölenýär (elbetde, käbir işlere garamaklyk bilen bagly çykdajylar jedeldäki taraplar tarapyndan çekilýär). Häzirki wagtda 143 döwlet MBJKHM-niň agzasydyr.

Türkmenistan 1992-nji ýylyň 31-nji sentýabrynda MBJKHM-niň agzasy boldy.

**Soraglar:**

1. MBJKHM haýsy guramanyň dolandyryjylar Geňeşiniň karary boýunça döredildi?
2. MBJKHM nähili hyzmatlary ýerine ýetirýär?
3. MBJKHM tarapyndan jedel boýunça kabul edilen karar taraplar üçin hökmanymy?
4. Merkeziň işine kim ýolbaşçylyk edýär?

## BMG-niň ýöriteleşdirilen maliýe guramalary bilen Türkmenistanyň hyzmatdaşlygy

Dünýädäki häzirki zaman ykdysady ýagdaýyň şertlerinde halkara bileleşiginiň iň möhüm wezipelerinden biri geljekde dünýä ykdysadyýetini ösdürmegiň esasy ugurlaryny kesgitlemekden ybarat bolup durýar. Şu jähtden Türkmenistan döwletleriň we dünýäniň iň iri maliýe institutlarynyň arasynda ählumumy, şeýle hem sebitleýin derejelerde ykdysady ösüşiň meseleleri boýunça bilelikdäki gepleşikleriň ähmiýetiniň möhümliginden gelip çykýar.

Merkezi Aziýa sebitinde amatly geosyýasy ýagdaýa eýe bolmak bilen, Türkmenistan ählumumy gülläp ösüşiň bähbütlerine laýyk gelýän sebitleýin we global derejede düýbünden täze ykdysady özara gatnaşyklaryň emele gelmegine öz goşandyny goşmaga çalyşýar.

Garaşsyzlyk ýyllary, esasan hem soňky 7-8 ýylyň içinde Türkmenistan Halkara pul gaznasy, Bütindünýä banky, Ýewropanyň abatlaýyş we ösüş banky, Yslam ösüş banky ýaly esasy maliýe we ykdysady edaralar bilen hyzmatdaşlygy ýola goýdy we ösdürdi. Mysal üçin, HPG-si, BB dünýä ykdysadyýetiniň meselelerini çözmekde, ösüp barýan ýurtlara goldaw bermekde halkara maliýe guramalarynyň arasynda aýratyn möhüm orny eýeleýärler. Olar şeýle hem dünýä ykdysadyýetiniň dürli ugurlary boýunça özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmek ugrunda

uly tagallalar edýärler, olaryň ykdysady meseleler boýunça berýän maslahatlary durnukly ösüşiň binýadyny döretmäge, şeýle hem halkara maliýe ulgamynyň berkemegine ýardam edýär. Şonuň ýaly-da, bu guramalaryň esaslandyrylan makroykdysady syýasaty işläp düzmek we durmuşa geçirmek boýunça berýän tehniki kömekleriniň möhümdigini aýratyn bellemek zerurdyr.

Şonuň üçin hem dünýäniň bu iri bank guramalary bilen netijeli hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynyň möhüm ugry boldy. Ylmy nukdaýnazardan oýlanyşykly işlenip taýýarlanylan şol strategiýanyň durmuşa geçirilmegi netijesinde Türkmenistan bütindünýä ykdysady giňişligine barha üstünlikli goşulýar, sebit we dünýä möçberinde ählumumy rowaçlygyň hem-de ösüşiň bähbitlerine laýyk gelýän täze ykdysady gatnaşyklaryň kemala gelmegine özüniň barha saldamly goşandyny goşýar.

Ozaly bilen Türkmenistanyň **Halkara pul gaznasy** bilen işjeň hyzmatdaşlygynyň yzygiderli giňelendigini we çuňlaşandygyny belläp geçeliň. Häzirki wagtda biziň ýurdumyzyň bu iri maliýe düzümi bilen hyzmatdaşlygy birnäçe ugurlar boýunça amala aşyrylýar. Hususan-da, HPG Türkmenistana milli hasaplar ulgamyny seljermekde, karz pul we pul syýasatyny kämilleşdirmekde, şeýle hem halkara ülňülerini nazara almak bilen degişli kadalaşdyryjy-hukuk binýady işläp taýýarlamakda, şol sanda jenaýatçylykly ýol bilen gazanylan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek ulgamynda, maliýe we salgyt, statistika we ykdysady dolandyryş ulgamlary üçin hünärmenleri taýýarlamakda tehniki kömegini berýär.

HPG bilen özara gatnaşyklaryň çäklerinde her ýyl geňeşmeler amala aşyrylýar. Şol geňeşmeler bolsa ýurdumyzyň öňki ýyl üçin ykdysady syýasatynyň netijeliligini kesgitlemek we geljek üçin çaklamalary amala aşyrmak maksadynda HPG-niň bilermenleri tarapyndan esasy makroykdysady strategik görkezijileriň seljerilmeginden ybaratdyr.

Netijede, Türkmenistanyň HPG bilen hyzmatdaşlygy yzygiderli işjeň häsiýete eýe boldy. HPG-niň Aşgabatdaky hemişelik wekili R. Robinsonyň 1995-nji ýylyň 14-nji sentýabrynda eden çykyşynda eýýäm 1992–1995-nji ýyllar aralygynda HPG bilen Türkmenistanyň

arasynda ykdysady meseleler boýunça işjeň gatnaşyklaryň ýola goýulandygy, HPG-niň Türkmenistana bank ulgamynyň işi, durmuş töleglериниň ulgamyny döretmek, kadrlary taýýarlamak babatda we beýleki ugurlarda tehniki kömegiň berlendigi, milli puly girizmek, ilat ýazuwy ýaly ähmiýetli çärelere taýýarlyk görlen wagtynda bolsa HPG-niň kömek işleri alyp barandygy bellenip geçildi.

Bütindünýä bankynyň Topary hem Türkmenistanyň möhüm hyzmatdaşlarynyň biri bolup durýar. Ýangyç-energetika toplumy, bank hem-de maliýe ulgamy, şol sanda jenaýatçylykly ýol bilen gazanylan girdejileri kanunlaşdyrmaga we terrorçylygy maliýeleşdirmäge garşy göreşmek ulgamy üçin hünärmenleri taýýarlamak maksatnamasy ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň esasy ugurlary bolup durýar. Köpýyllyk netijeli hyzmatdaşlygyň çäklerinde saglygy goraýyş, statistika, ulag we beýleki ulgamlarda ençeme taslamalar üstünlikli amala aşyryldy.

2010-njy ýylyň oktýabrynda Türkmenbaşy şäheriniň portuny döwrebaplaşdyrmagyň taslamasy boýunça Ähtnama gol çekilmegi Türkmenistanyň we Bütindünýä bankynyň Toparyna girýän Halkara abatlaýyş we ösüş bankynyň arasyndaky gatnaşyklary giňeltmegiň ýolunda möhüm ädim boldy. Bu maýa goýum taslamasynyň bahasy 62 million amerikan dollaryna barabar boldy.

Türkmenistan bilen HAÖB-niň hyzmatdaşlygynyň geljegi barada aýdylanda, onda 2012-nji ýylda orta möhletli geljege niýetlenen hyzmatdaşlygyň strategiýasy işlenip taýýarlanyldy we ol ikitaraplaýyn işjeň gatnaşyklaryň hil taýdan täze derejä çykyp başlamagyna ýardam etdi.

Türkmenistanyň hökümeti Halkara pul gaznasy we Bütindünýä banky bilen gatnaşyklary berkitmek, dünýädäki ykdysady-hojalyk gatnaşyklaryna goşulyşmak maksady bilen, Aşgabatda dürli maslahatlary geçirip durýar. Mysal üçin, 2011-nji ýylyň noýabrynda Aşgabat şäherinde «Türkmenistanda maliýe ulgamynyň we bank işiniň ösüşi» atly halkara maslahat geçirildi. Oňa Halkara pul gaznasynyň, Bütindünýä bankynyň, Halkara maliýe korporasiýasynyň, şeýle hem Ýewropa abatlaýyş we ösüş bankynyň, Yslam ösüş bankynyň, Aziýa ösüş bankynyň, ençeme ýurtaryň iri banklarynyň wekilleri gatnaşdylar. Maslahatda Türkmenistanyň bank ulgamynyň ösüşine we dünýäniň maliýe bileleşigine goşulyşmagyna, bank gözegçiligi we düzgünleşdirmek ulgamynda häzirki zaman meýilleri, maýa goýum işini kämilleşdirmäge degişli möhüm meselelere garaldy.

Halkara hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek bilen, Türkmenistan şol bir wagtyň özünde ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň hemmetaraplaýyn we yzygiderli ösmegine, şol sanda ýurdumyza maýa goýumlaryny çekmeklige ýardam bermäge ukyply bolan hyzmatdaşlygyň beýleki netijeli görnüşlerinden hem giňden peýdalanýar. Mysal üçin, 2011-nji ýylyň 20-nji maýynda Türkmenistanyň Prezidenti «Halkara pul gaznasynyň we Bütindünýä bankynyň Şweýsar toparyna girýän ýurtlardan dolandyryjylaryň aralyk duşuşygyny geçirmek hakyndaky» karara gol çekildi. Şol ýylyň 3–4-nji sentýabrynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda bolan şol duşuşygyň çäklerinde umumy ähmiýeti bolan «Makroykdysady durnuklylyk we bank ulgamynyň ösüşi» atly maslahatyň geçirilmegi bu ugur boýunça pikir alyşmak we gepleşikleri geçirmek üçin giň mümkinçilikleri döretdi.

Türkmenistanyň beýleki döwletler, halkara guramalary bilen dostlukly, özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmeginiň milli ykdysadyýetimize daşary ýurt maýa goýumlarynyň gelmegini üpjün edýändigi barada şu delil hem aýdyň şaýatlyk edýär: BMG-niň Söwda we ösüş boýunça Maslahatynyň «2012-nji ýyl üçin dünýäniň maýa goýumlary hakyndaky Hasabatynda» Türkmenistanyň göni daşary ýurt maýalaryny çekmek indeksinde dünýä ýurtlarynyň birinji onlugyna girýändigi bellenilip geçilýär.

Şunlukda, özara bähbitli gatnaşyklar ýörelgesine esaslanýan Türkmenistanyň we HPG-niň, Bütindünýä bankynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk Türkmenistana giň gerimli özgertmeleri durmuşa geçirmeklige, milli ykdysadyýetimiziň döwrebaplaşdyrylmagyna ýardam edýär. 2012-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda Şweýsariýa Konfederasiýasynyň Prezidenti bilen bolan duşuşygynyň dowamynda Türkmenistanyň Prezidenti Halkara pul gaznasynyň we Bütindünýä bankynyň çäklerinde Şweýsariýa Konfederasiýasynyň we Türkmenistanyň netijeli hyzmatdaşlyk edýändigini aýratyn bellemek bilen şeýle diýdi: «Bilelikde iş alyp barýan birnäçe ýyllarymyzyň dowamynda biziň Bretton-Wuds edaralaryndaky/ Halkara pul gaznasyndaky we Bütindünýä bankyndaky/ wekiliýetlerimiz örän möhüm meselelere garamaga we olary çözmäge gatnaşýarlar. Bu bolsa şeýle iri halkara maliýe edaralarynyň baý tejribesini öwrenmek üçin Türkmenistana gowy mümkinçilik berýär».

**Soraglar:**

1. Dünýäniň haýsy iri banklary bilen hyzmatdaşlyk Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynyň möhüm ugry bolup durýar?
2. Türkmenistanyň Halkara pul gaznasy bilen hyzmatdaşlygy haýsy ugurlar boýunça amala aşyrylýar?
3. Türkmenistanyň Bütindünýä bankynyň Topary bilen ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy haýsy esasy ugurlar boýunça alnyp barylýar?
4. Türkmenistan hyzmatdaşlygyň başga haýsy görnüşlerinden giňden peýdalanýar?
5. Türkmenistanyň HPG-si, Bütindünýä banky bilen hyzmatdaşlygy ýurdumyzyň milli ykdysadyýetiniň döwrebaplaşdyrylmagyna nähili ýardam edýär?

## §7. Oba hojalyk çägindäki guramalar

**BMG-niň Azyk we Oba hojalyk guramasy (BMG AOHG).** (Food and Agricultural Organization of the United Nations – FAO). Ikinji jahan urşunyň netijesinde ençeme ýurtlarda azyk ýagdaýy gaty agyr boldy. 1943-nji ýylyň maýynda Hot Springsde (ABŞ) azyk we oba hojalyk meselelerini ara alyp maslahatlaşmak üçin halkara maslahaty çagyryldy. Maslahatda azyk gorlarynyň paýlanylmagyny gowulandyrmak we açlyga garşy göreş alyp barmak maksady bilen, halkara guramasyny döretmek barada karar kabul edildi.

Wagtlaýyn komissiýa tarapyndan işlenip düzülen Düzgünnamanyň taslamasy 1943-nji ýylyň maslahatyna gatnaşyjylaryň garamagyna berildi we ol 1945-nji ýylda 44 döwlet tarapyndan kabul edileninden soň güýjine girdi. 1946-njy ýylda Azyk we oba hojalyk guramasy BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasynyň statusyny aldy.

BMG-niň ulgamynda oba hojalygyny ösdürmegiň meseleleri bilen meşgul bolýan esasy edara hökmünde AOHG-niň maksady halklaryň iýmit üpjünçiligini gowulandyrmak we durmuş derejesini ýokarlandyrmak; oba hojalygynyň öndürjiligini artdyrmak; azyk we oba hojalyk harytlaryny paýlamak boýunça ulgamy kämilleşdirmek; oba ilatynyň hal-ýagdaýyny ýokary götermek we onuň durmuş şertlerini gowulandyrmak bolup durýar.

Şu maksatlary durmuşa geçirmek üçin AOHG-si ýörite maksatnamalary işläp taýýarlaýar. Ýörite maksatnamalar ýurtlara azyk bilen

bagly adatdan daşary ýagdaýyň ýüze çykmak mümkinçiligine taýýarlanmaga kömek edýär, eger-de zerurlyk ýüze çykan halatynda, onda şol maksatnamalaryň çäklerinde ýörite kömek amala aşyrylýar.

Mundan hem başga, Gurama oba hojalyk pudagyna maýa goýumlaryň çekilmegine, tebigy resurslaryň saklanylmagyna ýardam edýär, oba hojalyk we azyk meseleleri boýunça statistika maglumatlary toplaýar, olary seljerýär we ýaýradýar, zerur bolan ylmy barlaglary geçirýär, agzalan çäklerde syýasy ugry we meýilleşdirmegi işläp taýýarlamak boýunça hökümetlere geňeşmeler berýär, şol meseleleri ara alyp maslahatlaşmak üçin halkara forum bolup çykyş edýär.

AOHG-niň Düzgünnamasynyň 1-nji maddasyna laýyklykda «oba hojalygy» adalgasy özüne balyk tutmaklygy, deňiz önümlerini, tokaý we başlangyç tokaý önümlerini hem goşýar.

Azyk we Oba hojalyk guramasy şeýle hem **Dünýä azyk maksatnamasyna** (World Food Programme) ýolbaşçylyk edýär.

**AOHG-niň gurluşy.** AOHG-niň **esasy edarasy** ähli agza döwletleriň wekillerini özüne birleşdirýän *Maslahatdyr* (Conference). Guramanyň işiniň ähli has möhüm we umumy meseleleri Maslahatyň garamagyndadyr. Maslahat AOHG-niň syýasatyny kesgitlemek, býujetini we işiniň maksatnamalaryny tassyklamak üçin iki ýylda bir gezek ýygnanýar.

49 sany agza döwletden durýan *Geňeş* (Council) *Ýerine ýetiriji edaradyr* we ol Maslahatyň mejlisleriniň arasyndaky döwürde AOHG-ne ýolbaşçylyk edýär. Geňeşiň agzalary Maslahat tarapyndan adalatly geografiki wekilçilige laýyklykda saýlanýar.

BMG-niň AOHG-niň administratiw-tehniki edarasy baş direktoryň ýolbaşçylygyndaky Sekretariatdyr.

AOHG-niň sebitleýin býurolary bardyr. Ýewropa üçin şeýle býuro Rimde (Italiýa), Aziýa we Uzak Gündogar üçin – Bangkokda (Tailand), Ýakyn Gündogar üçin – Kairde (Müsür), Latyn Amerikasy üçin – Waşingtonda (ABŞ), Afrika üçin – Akkrada (Gana) ýerleşýär.

Oba hojalyk boýunça AOHG-niň işini ençeme degişli bölümlerden durýan oba hojalygyň meseleleri boýunça Departament meýilleşdirýär we amala aşyrýar. Guramanyň işinde ähmiýeti has belläp geçerlikli wakalar hususan-da şulardyr: 1974-nji ýylda azyk boýunça Bütindünýä maslahatynyň geçirilmegidir we onda azyk howpsuz-

lygy boýunça Halkara gaznasyny döretmek barada kararyň kabul edilmegidir; 1986-njy ýylda hökümetleri oba hojalygy boýunça maglumatlar bilen üpjün etmek maksady bilen, FAO-niň statistika maksatnamasynyň döredilmegidir; 1991-nji ýylda AOHG-niň çäklerinde işlenip taýýarlanylan ösümlikleri goramak boýunça Halkara konwensiýasynyň; 1994-nji ýylda azyk howpsuzlygy boýunça ýörite maksatnamanyň kabul edilmegidir; 1996-njy ýylda azyk boýunça Bütindünýä sammitiniň; 2002-nji ýylda azyk boýunça Bütindünýä sammitiniň çagyrylmagydyr we onda 2015-nji ýyla çenli açlygy 50 göterim azaltmak barada kararyň kabul edilmegidir we ş.m.

AOHG-niň işçi dili iňlis dilidir, onuň *ştab-jaýy Rimde* (Italiýa) ýerleşýär. Guramanyň ulgamynda işgärleriň 4 müňden gowragy işleýär; 190 döwlet we Ýewropa Birleşigi AOHG-niň agzasydyr.

1981-nji ýyldan bäri 16-njy oktýabr her ýyl azygyň Bütindünýä güni (World Food Day) hökmünde bellenip geçilýär.

Türkmenistan azyk howpsuzlygynyň bütindünýä derejesinde üpjün edilmegine adamzadyň durnukly ykdysady we durmuş taýdan ösüşiniň möhüm şerti hökmünde garaýar we AOHG-niň dünýäniň azyk bazaryny durnukly ýagdaýda saklamak baradaky tagallalaryny goldaýar. Şol bir wagtyň özünde hem Türkmenistan dürli ýurtlarda azygyň harç edilişiniň deňagramlylygynyň üpjün edilmeginiň zerurlygyny nazarda tutmak bilen, halkara oba hojalyk we azyk syýasatynyň kämilleşdirilmegini maksadalaýyk hasaplaýar. Şu jähtden biziň ýurdumyzyň BMG-niň BA-nyň 65-nji mejlisinde Bütindünýä azyk kongresini taýýarlamak meselesine seretmegi teklip etmegi hem bellenip geçilmäge mynasypdyr.

Türkmenistan şeýle hem azyk we oba hojalygynyň meseleleri boýunça sebit derejesinde geçirilýän halkara çäreleriň tejribesiniň öwrenilmegini peýdaly hasaplaýar. Hususan-da, dünýädäki maliýe--ykdysady çökgünligiň köp döwletlere öz täsirini ýetirýän wagtynda, 2009-njy ýylyň oktýabrynda Aşgabatda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy ýurtlarynyň oba hojalyk forumynyň geçirilmegi uly ähmiýete eýe boldy.

Agrosenagat toplumynda halkara hyzmatdaşlygy goldamak we ösdürmek, oba hojalyk önümçiliginiň çalt ösmegini üpjün edýän oba hojalyk ulgamynda, tehnikasynda we tehnologiýasynda özara bähbitli gatnaşyklary ara alyp maslahatlaşmak bu forumyň esasy maksady boldy.

Şu ýerde Türkmenistanyň we BMG-niň Azyk we Oba hojalyk guramasynyň arasyndaky özara hyzmatdaşlygyň Türkmenistanyň Ylymlar Akademiýasynyň Çöller institutynyň mysalynda 1981-nji ýylda başlanandygyny hem nygtap geçeliň. Çölleşme ýagdaýlaryna baha bermek boýunça türkmen alymlary tarapyndan işlenip taýýarlanylan konsepsiýa, şeýle hem öňki SSSR-iň çäginiň çölleşmeginiň kartasy 1982, 1985 we 1987-nji ýyllarda BMG-niň Azyk we Oba hojalyk guramasynyň ştab-jaýynda ara alnyp maslahatlaşylypdy we olar ýokary baha mynasyp bolupdy. BMG-niň AOHG-niň hünärmenleri kartanyň we ony düzmekligiň usulynyň arid howaly ýurtlar üçin örän peýdaly boljakdygyny belläpdiler. Türkmen alymlary çölleşmeklige baha bermek we oňa garşy göreşmegiň türkmen usulynyň çölleşmegiň bütindünüä atlasy düzülende onuň esasy edilip alynmagyny AOHG-ne teklip edipdiler.

Soňky ýyllarda Türkmenistan bilen BMG-niň Azyk we oba hojalyk guramasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň ösmegine 2013-nji ýylyň martynda bu Guramanyň wekiliýetiniň Türkmenistana eden sapary uly ýardam etdi. Şol bir wagtyň özünde uly möçberli oba hojalyk tejribesine baý bolan we sebitiň merkezinde ýerleşen Türkmenistan azyk üpjünçiligi ulgamyndaky ýagdaýlary dolandyrmak wezipesine hyzmat edýän BMG-niň edara esaslaryny mundan beýläk-de kämilleşdirmek işine hem ýardam bermäge taýýardygyny hemişe mälim edýär. Hususan-da, Türkmenistanyň Aşgabatda BMG-niň Azyk we oba hojalyk guramasynyň sebit merkeziniň açylmagynyň maksadalaýyklygy baradaky teklibi hem şu maksada gönükdirilendir.

**Soraglar:**
1. BMG-niň AOHG-si haçan we näme sebäpden döredildi?
2. AOHG-si haçan BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasynyň statusyny aldy?
3. AOHG-nyň maksady nämeden ybarat?
4. AOHG-niň işiniň esasy ugurlary barada näme bilýärsiňiz?
5. BMG-niň ulgamynda oba hojalygy ösdürmegiň meseleleri bilen meşgul bolýan esasy edara haýsy?
6. Türkmenistanyň AOHG-si bilen hyzmatdaşlygy haçan ýola goýuldy?

**Oba hojalyk ösüşiniň Halkara gaznasy (OHÖHG)** International Fund for Agricultural Development – IFAD). Oba hojalyk

ösüşiniň halkara gaznasyny döretmek barada karar Bütindünýä azyk maslahatynda (Rim, 1974 ý.) kabul edildi. Gaznanyň döredilmegi baradaky Ylalaşyk 1976-njy ýylda kabul edildi we ol haçan-da ilkinji tölegleriň umumy möçberiniň 1 milliard dollara ýetmegi bilen 1977-nji ýylyň 11-nji dekabrynda öz güýjüne girdi. OHÖHG-si 1977-nji ýylda BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasy boldy.

OHÖHG-si hem oba hojalygynyň meseleleri bilen meşgul bolýar. Ýöne Gaznanyň esasy maksady oba hojalygynyň zerurlyklary üçin has garyp ösüp barýan ýurtlara bermek üçin donorlardan maliýe resurslary toplamak bolup durýar. Sebäbi biziň şu günki günlerimizde hem Afrikanyň, Aziýanyň we Latyn Amerikasynyň ilatynyň 20 göterimi doýa garna iýip bilmezlikden ejir çekýär. Şonuň üçin OHÖHG-si iýmit önümlerini öndürmegiň ulgamlaryny giňeltmekligi we gowulandyrmaklygy göz öňünde tutýan taslamalaryň we maksatnamalaryň maliýeleşdirilmegini höweslendirýär, azyk zerurlygy duýulýan ýurtlarda iýmit önümlerini öndürmegiň artdyrylmagyna gönükdirilen milli syýasaty we strategiýany goldaýar. Has takygy, Gazna ösüp barýan ýurtlarda diňe azyk önümleriniň artmagyna täsir edip biljek taslamalar üçin karz pul berýär. Karz pul ýeňillikli şertlerde, pes göterim bilen berilýär. Gazna öz hususy serişdeleriniň hasabyna diňe bir karz pul bermeýär, ol şeýle hem köp sanly guramalar, şol sanda Dünýä banky, ösüşiň sebitleýin banklary, BMG-niň beýleki sebitleýin maliýe agentlikleri we guramalary bilen hyzmatdaşlyk edýär. OHÖHG-niň kömegi diňe Gaznanyň agzalaryna berilýär.

Gazna hökümetleriň meýletin tölegleriniň, ýörite goşantlaryň we maýa goýumlaryň hasabyna maliýeleşdirilýär.

**OHÖHG-niň edaralary:** olarda sesleriň deň sany bolan ähli agza döwletleriň wekillerinden durýan dolandyryjylar Geňeşi Gaznanyň maksatnamalaryny işläp taýýarlaýar. Geňeş öz maksatnamalarynyň ýerine ýetirilişi barada Bütindünýä azyk geňeşine maglumat berýär. Geňeşde agza döwletler tarapyndan ses bermegiň iki hili görnüşi bardyr: olaryň biri agzalyga, beýlekisi bolsa tölegleriň göwrümine esaslanýar.

Dolandyryjylar Geňeşi tarapyndan 3 ýyllyk möhlet bilen saýlanýan we 18 agzadan ybarat bolan Ýerine ýetiriji geňeş Gaznanyň gündelik işlerini amala aşyrýar. Dolandyryjylar Geňeşi tarapyndan

4 ýyllyk möhlet bilen bellenýän Gaznanyň Prezidenti Ýerine ýetiriji geňeşiň başlygydyr, ol OHÖHG-niň gullukçylaryna ýolbaşçylyk edýär we guramanyň ýuridiki wekili hökmünde çykyş edýär.

Gazna BMG-niň agza döwletleri, ýöriteleşdirilen edaralary we atom energiýasy boýunça Halkara agentlik gatnaşyp bilýär. Olar üç topara bölünýärler: *1-nji topar* ösen ýurtlardan bolan donorlardyr – ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş Guramasynyň agzasy bolan 22 sany ýurtdyr; *2-nji topar* ösüp barýan ýurtlardan bolan donorlardyr – nebiti eksport edýän ýurtlaryň Guramasynyň agzalarydyr; *3-nji topar* beýleki ösüp barýan ýurtlardyr. Birinji we ikinji topara degişli ýurtlar Gazna konwertirlenen pulda, ýagny ony islendik pula çalşyp bolýan walýutada töleg töleýärler we olaryň umumy tölegi ähli gorlaryň 99 göterimine deňdir. Üçünji topara degişli ýurtlar tölegleri milli pulda geçirýärler we olar guramadan kömek alýan ösüp barýan ýurtlardyr.

OHÖHG-niň 164 agzasy bardyr. *Gazna Rimde (Italiýa) ýerleşýär.*

**Soraglar:**

1. OHÖHG haçan döredildi we ol haçan BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasy boldy?
2. Gaznanyň maksatlary nämeden ybaratdyr we onda ses bermegiň nähili ýörelgesi ulanylýar?
3. Gazna nähili çeşmeleriň hasabyna maliýeleşdirilýär?
4. Gazna haýsy döwletler, halkara guramalary gatnaşyp bilýär?

## §8. Ulag we aragatnaşyk boýunça edaralar

**Halkara Deňiz Guramasy) (HDG)** (International Maritime Organization – IMO). Milletler Ligasynyň ýanynda deňizde ýüzmek we halkara deňiz hukugynyň meseleleri bilen meşgul bolan komissiýa bolupdy. Ýöne şol komissiýanyň işi halkara bileleşiginiň isleglerini kanagatlandyrmaýardy. Ikinji jahan urşy ýyllarynda faşizme garşy bileleşige giren käbir döwletler tarapyndan Birleşen deňiz müdirligi döredildi. Şol müdirlik deňiz söwda gatnawlaryny utgaşdyrmak we gämi gatnawyna gözegçilik etmek işini alyp barmalydy. Soňra bu müdirlik Birleşen deňiz maslahat beriş geňeşine (BDMG) özgerdildi, soňkynyň esasy wezipesi bolsa parahatçylyk döwründe deňiz boýunça söwdanyň ösmegine ýardam etmek boldy.

1946-njy ýylyň 30-njy oktýabrynda ýapylmazyndan bir gün ozal BDMG BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşine Hökümetara deňiz maslahat beriş guramasyny (HDMG) döretmek üçin halkara maslahatyny çagyrmak barada tekliplerini ýollady. Şol teklipler şeýle hem özünde geljekki guramanyň Düzgünnamasynyň taslamasyny, oňa BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasynyň statusynyň berilmegi ýaly maslahatlary jemledi. 1948-nji ýylyň 6-njy martynda BMG-niň maslahatynda (Ženewa) HDMG döretmek barada Konwensiýa kabul edildi we ol 1958-nji ýylda güýjine girdi. On ýyla çeken bu boşlugy täze gurama deňizde ýüzmekligiň söwda meselelerini düzgüne salmak boýunça hukugyň berilmegi bilen baglylykda döwletleriň arasynda dörän agzalalyklar bilen düşündirse bolar. 1959-njy ýylda HDMG BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasy boldy.

Agzalaryň sanynyň artmagy, şeýle hem guramanyň halkara kada-döredijі işe işjeň gatnaşmagy 1975-nji ýylda HDMG-ni Halkara deňiz guramasyna (HDG) özgertmek barada kararyň kabul edilmegine getirdi.

**Halkara Deňiz Guramasynyň maksady** halkara söwda gämi gatnawy bilen bagly bolan dürli tehniki meseleleriň çözülmegi üçin döwletleriň arasynda hyzmatdaşlygy, deňizde ýüzmekligiň howpsuzlygyny üpjün etmek, gämilerden deňizleriň we ummanlaryň hapalanmagynyň öňüni almak bolup durýar.

Özüniň düzüminde ähli agza döwletleriň wekilleri bolan *Assambleýa* (Assembly) (onuň mejlisleri iki ýylda bir gezek geçirilýär) **HDG-niň ýokary edarasydyr** we ol Guramanyň syýasatyny we onuň işiniň maksatnamasyny kesgitleýär. HDG-niň Geňeşi (Council) Assambleýa tarapyndan iki ýyllyk möhlet bilen saýlanýar we ol 40 agzadan durýar. Geňeşiň düzüminde iň köp deňiz gatnawly 10 döwletiň, deňiz boýunça söwda has işjeň gatnaşýan 10 döwletiň wekilleri we bu toparlara degişli bolmadyk, ýöne deňiz gatnawyna gatnaşýan we dünýäniň ähli sebitleriniň deň wekilçiligini üpjün edýän 20 döwletiň wekilleri bardyr. Geňeş HDG-niň edaralarynyň işini utgaşdyrýar we Assambleýanyň mejlisleriniň arasynda guramanyň işine ýolbaşçylyk edýär.

Baş sekretaryň ýolbaşçylygyndaky Sekretariatdan başga, HDG-niň çäklerinde ähli agza döwletleriň wekillerinden ybarat bolan 4 komitet, ýagny deňizde howpsuzlyk, hukuk meseleleri, deňiz gurşawyny goramak we tehniki hyzmatdaşlyk boýunça komitetler işleýär.

Özüniň hereket eden we edýän ýyllarynda HDG tarapyndan 40-dan gowrak konwensiýa we olara düzediş we takmynan 1 müňden gowrak halkara düzgünler we maslahatlar işlenip taýýarlanyldy. Şol konwensiýalaryň iň möhümleriniň arasynda Deňizde adam janyny goramak boýunça Halkara konwensiýa (1974 ý.), Deňizde gämileriň çakyşmagyny öňünden duýdurmagyň halkara düzgünleri hakyndaky konwensiýa (1972ý.), Balyk tutýan gämileriň howpsuzlygy baradaky Halkara konwensiýa (1977ý.), Gämilerden hapalanmagyň öňüni almak boýunça Halkara konwensiýa (1973ý.) ýaly konwensiýalar bar.

Häzirki wagtda HDG-niň düzüminde 167 agza döwlet we 3 sany assosirlenen agza bardyr. *Guramanyň ştab-jaýy Londonda* (Beýik Britaniýa) *ýerleşýär*.

Türkmenistan 1993-nji ýylyň 26-njy awgustyndan bäri Halkara deňiz guramasynyň agzasydyr.

**Soraglar:**

1. Halkara deňiz guramasynyň döredilmeginiň taryhy barada näme bilýärsiňiz?
2. HDG-niň maksady nämeden ybarat?
3. HDG-niň ýokary edarasy nähili atlandyrylýar?
4. Häzirki wagta çenli HDG tarapyndan näçe konwensiýa kabul edildi?
5. Şol konwensiýalaryň arasynda iň möhümlerinden haýsylaryny bilýärsiňiz?

**Halkara Raýat Awiasiýasy Guramasy (HRAG)** (International Civil Aviation Organization – ICAO). Raýat awiasiýasy boýunça bütindünýä halkara guramasyny döretmek pikiri baryp XX asyryň ilkinji ýyllarynda, howa ulagynyň çalt ösüp başlamagy bilen bir wagtda döräpdi. Bu çäkde howada uçmak boýunça 1909-njy ýylda döredilen Halkara komissiýa ilkinji hökümetara gurama bolupdy.

Halkara raýat awiasiýasynyň guramasy 1944-nji ýylyň Çikago konwensiýasynyň esasynda 1947-nji ýylda Çikago maslahatynda döredildi. Guramanyň esaslandyryjy resminamasy bolup hyzmat eden bu konwensiýa 1947-nji ýylyň 4-nji aprelinde güýjüne girdi. Şol wagtdan bäri *HRAG BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasydyr.*

HRAG halkara aeronawigasiýanyň, ýagny bellenilen ýol boýunça uçýan apparatlary uçurmak hakyndaky ylmyň ýörelgelerini we usullaryny ösdürmekligi, halkara awialiniýalarda, ýagny uçarlar gat-

naýan halkara howa ýollarynda uçuşlaryň howpsuzlygyny üpjün etmekligi, halkara howa ulagynyň meýilleşdirilmegine we ösmegine ýardam etmekligi maksat edinýär.

Şonuň üçin hem HRAG-niň wezipesi halkara raýat awiasiýasynyň ösmegine ýardam etmek, howa ulagynyň howpsuz, wagtly-wagtynda we tygşytly peýdalanylmagyny üpjün etmek bolup durýar. Şu maksatlar üçin HRAG dünýä tejribesini umumylaşdyrýar; hususan-da, uçuşlaryň kadalaryna we olaryň dolandyrylyşyna, uçarlaryň we aerodromlaryň enjamlaryna, uçar gatnawyna, meteorologiýa we gözleg-halas ediş gulluklaryna we başga meselelere degişli nusgalary we maslahatlary işläp taýýarlaýar. Nusgalar we maslahatlar Çikago konwensiýasyna goşmaça görnüşinde kabul edilýär.

Halkara raýat awiasiýasy guramasynyň **ýokary edarasy** ähli agza döwletleriň wekillerinden durýan *Assambleýadyr* (Assembly). Assambleýa üç ýyldan bir gezek çagyrylýar we ol HRAG-niň syýasatyny kesgitleýär, býujetini tassyklaýar.

HRAG-niň **Ýerine ýetiriji edarasy** *Geňeşdir* (Council). Geňeş Assambleýa tarapyndan döwletleriň üç toparynyň wekilçiligini hasaba almak bilen üçýyllyk möhlet bilen saýlanýan 36 ýurduň wekillerinden durýar. Olaryň *birinji toparyna* howa ulagynyň has ösen ýurtlary girýärler. *Ikinji topara* birinji topara girmeýän, ýöne halkara raýat awiasiýasyna hyzmat etmekligiň maddy serişdeleriniň ösmegine esli goşant goşýan ýurtlar girýär. *Üçünji topara* birinji we ikinji toparlara girmeýän, ýöne olaryň bolmagy adalatly geografiýa wekilçilik üçin zerur bolan ýurtlar girýär.

Guramaçylyk meselelerini çözmekden hem başga Geňeş standartlary we maslahatlary kabul edýär we olar konwensiýalara goşmaça hökmünde goşulýar. HRAG-niň administratiw-tehniki edarasy bolup Sekretariat çykyş edýär. HRAG-niň işinde onuň 5 komiteti möhüm rol oýnaýar. Olaryň dördisiniň agzalary Geňeş tarapyndan bellenýär, bäşinji, ýagny hukuk meseleleri boýunça komitete agzalyk Guramanyň ähli agza döwletleri üçin açykdyr.

HRAG-niň hukuk çäkdäki işi konwensiýalaryň taslamalaryny işläp taýýarlamakdan ybaratdyr. Hukuk komiteti halkara resminamalaryň 15-isiniň taslamalaryny taýýarlady we olaryň ilkinjisi Guramanyň Assambleýasynda, soňky 14-isi bolsa diplomatik maslahatlarda kabul edildi.

Şeýle hem HRAG-niň Ýewropa (Pariž), Ýakyn we Orta Gündogar we Demirgazyk Afrika (Kair), Uzak Gündogar we Ýuwaş ummany (Bangkok), Günorta Amerika (Lima), Demirgazyk Amerika we Karib deňziniň basseýni (Mehiko), Demirgazyk Afrika (Dakar) we Gündogar Afrika (Naýrobi) üçin ýedi sany sebitleýin bölümleri bardyr.

Şunlukda, HRAG raýat awiasiýasynyň işiniň ähli meseleleri boýunça halkara hyzmatdaşlygy guraýar we utgaşdyrýar. HRAG-da 800 adam işleýär, 2000-nji ýylda guramanyň býujeti 52,6 million dollar boldy.

HRAG-niň *ştab-jaýy Monrealda (Kanada) ýerleşýär*. 190 döwlet bu guramanyň agzasydyr.

Türkmenistan 1993-nji ýylyň 2-nji iýulynda Halkara raýat awiasiýasy guramasyna agza boldy.

**Soraglar:**

1. Raýat awiasiýasy boýunça bütindünýä halkara guramasyny döretmek pikiri haçan döredi?
2. HRAG haçan döredildi?
3. HRAG nähili meseleleriň çözülmegine ýardam etmekligi maksat edinýär?
4. HRAG-niň edaralary barada näme bilýärsiňiz?
5. HRAG-niň hukuk komiteti tarapyndan näçe halkara resminamanyň taslamasy taýýarlanyldy we olar nirede kabul edildi?
6. HRAG-niň näçe sebitleýin bölümleri bar?

**Bütindünýä Poçta Birleşigi (BPB)** (Universal Postal Union – UPU). Bütindünýä poçta birleşigi 1874-nji ýylda Bernde bolup geçen Birinji Bütindünýä poçta kongresinde kabul edilen Bütindünýä poçta konwensiýasynyň esasynda döredildi. BPB 1948-nji ýyldan bäri *BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasydyr.*

Häzirki wagtda BPB-niň işi 1964-nji ýylda Wenada kabul edilen bu guramanyň Konstitusiýasy bilen tertibe salynýar. Birleşigiň maksady poçta hyzmatlaryny guramaklygy we olary kämilleşdirmekligi üpjün etmek barada halkara hyzmatdaşlyga ýardam etmek bolup durýar. BPB-niň Konstitusiýasyna laýyklykda döwletler birmeňzeş ýörelgeleriň esasynda ýazmaça hatlaryň erkin alyş-çalşygy üçin ýeketäk poçta çägini döretdiler.

BPB-niň **ýokary edarasy** ähli agza döwletleriň wekillerinden durýan we her dört ýyldan mejlislerine ýygnanýan *Bütindünýä poçta kongresidir* (Universal Postal Congress). Kongresiň ygtyýarlyklaryna Konstitusiýa täzeden seretmekden başga-da, ähli meselelere garamaklyk degişlidir.

Mejlisleriň arasyndaky döwürde BPB-niň işine *Dolandyryjy Geňeş* ýolbaşçylyk edýär. Geňeş 41 agzadan durýar we olaryň 40 agzasy adalatly geografiýa wekilçiligiň hasaba alynmagy bilen saýlanýar. Geňeşiň 1 agzasy onuň çäginde Kongres geçirilýän döwletiň wekilidir.

Geňeş agza döwletleriň poçta edaralary bilen aragatnaşyklaryň saklanylmagyna, guramaçylyk meseleleriň seredilmegine, tehniki kömegiň berilmegine, administratiw we kanun çykaryjy häsiýetli meseleleriň öwrenilmegine jogap berýär.

Poçta hyzmatlaryny etmekligiň esaslaryny standartlaşdyrmak we birmeňzeş etmek wezipesi poçta operasiýalary boýunça Geňeşiň ygtyýarlygyna degişlidir. Bu geňeş 40 agzadan durýar we olar Kongres tarapyndan saýlanýar. Sekretariatyň borçlaryny Halkara buýro ýerine ýetirýär.

BPB-nde 150-den gowrak adam işleýär, Guramanyň ýyllyk býujeti 25 million amerikan dollaryna barabardyr. 190 döwlet BPB-niň agzasy bolup durýar. Birleşigiň *ştab-jaýy Bernde (Şweýsariýa) ýerleşýär.*

Türkmenistan 1993-nji ýylyň 26-njy ýanwarynda Bütindünýä poçta birleşiginiň agzasy boldy.

**Soraglar:**

1. Bütindünýä poçta birleşigi haýsy resminamanyň esasynda döredildi we ol haçan BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasy boldy?
2. BPB-niň işi haýsy resminama laýyklykda tertibe salynýar?
3. BPB nähili maksatlary yzarlaýar?
4. BPB-niň ýokary edaralary barada näme bilýärsiňiz?

**Halkara Elektroaragatnaşyk Birleşigi (HEAB)** (International Telecommunication Union – ITU). Halkara Elektroaragatnaşyk birleşigi 1865-nji ýylda Parižde Halkara Telegraf Birleşigi (International Telegraph Union) hökmünde döredildi we özüniň häzirki adyny 1932-nji ýylda Madridde bolup geçen elektroaragatnaşygyň Bütin-

dünýä kongresinde aldy. Birleşik 1947-nji ýylda täzeden guraldy we şol ýylda BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasynyň statusyny aldy.

HEAB-niň maksady hemra radio aragatnaşygyny hem goşmak bilen elektroaragatnaşygynyň ähli görnüşlerini kämilleşdirmek we olardan dogry, tygşytly peýdalanmak, elektro we radio aragatnaşyklar çäginde ösüp barýan ýurtlara tehniki kömek bermek, zyýanly päsgelçilikleri aradan aýyrmak üçin döwletleriň işini utgaşdyrmak we ş.m. meseleler bolup durýar. HEAB-niň işi elektroaragatnaşygyny standartlaşdyrmak, ýagny birmeňzeş etmek, radioaragatnaşygyny we elektroaragatnaşygyny ösdürmek ýaly esasy ugurlar boýunça alnyp barylýar.

Halkara Elektroaragatnaşyk Birleşiginiň işiniň ugruny kesgitleýän, býujetini we onuň işiniň maksatnamasyny tassyklaýan **esasy edarasy** *Dolyhukukly maslahatdyr* (Plenipotentiary Conference). Maslahat her 4 ýyldan çagyrylýar we ol öz işini radiokommunikasiýa, telekommunikasiýa, telekommunikasiýany ösdürmek ýaly 3 sektor boýunça alyp barýar.

*Administratiw geňeş* (Administrative Council) HEAB-niň **Ýerine ýetiriji edarasydyr.** Geňeş guramanyň syýasatynyň durmuşa geçirilmegini üpjün edýär, şol sanda birleşigiň gündelik işiniň üpjün edilmegine jogap berýär, maksatnamalaryň ýerine ýetirilişini utgaşdyrýar, maliýe serişdeleriň sarp edilişine gözegçilik edýär.

Geňeş ýerleriň geografiýa taýdan deň derejede bölünişiginiň esasynda Maslahat tarapyndan saýlanýan 46 agzadan durýar. Baş sekretar guramanyň administratiw-tehniki edarasydyr.

Baş sekretariat (General Secretariat), ýygylygy hasaba alýan Halkara komitet (International Frequency Registration Board), iki sany Halkara konsultatiw komitet: radio boýunça Halkara konsultatiw komitet (International Radio Consultative Committee), telegraf we telefon boýunça Halkara konsultatiw komitet (International Teleggraf and telephone Consultative Committee), şeýle hem, telekommunikasiýalary ösdürmek boýunça Býuro (Telecommunications Development Bureau) HEAB-niň hemişelik edaralarydyr. Administratiw geňeş bu edaralaryň işini utgaşdyrýar.

HEAB-niň býujeti agza döwletleriň, sektorlaryň agzalarynyň agzalyk tölegleriden düzülýär, şol bir wagtyň özünde hem agza döwlet tölegleriň klasyny (möçberini) özi kesgitleýär.

Häzirki wagtda HEAB-niň düzümine 191 agza döwlet, 730-dan gowrak elektroaragatnaşyk boýunça halkara we sebitleýin guramalar, hususy kompaniýalar, ylmy-barlag merkezler, enjam öndürijiler, assosiasiýalaryň agzalary girýärler. HEAB-de 750 adam işleýär. *Guramanyň ştab-jaýy Ženewada (Şweýsariýa) ýerleşýär.*

Türkmenistan 1993-nji ýylyň 7-nji maýyndan bäri Halkara Elektroaragatnaşyk Birleşiginiň agzasy bolup durýar.

**Soraglar:**

1. Halkara elektroaragatnaşyk birleşigi haçan döredildi we ol haçan BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasynyň statusyna eýe boldy?
2. HEAB-niň maksady nämeden ybarat we Birleşigiň işi haýsy esasy ugurlar boýunça alnyp barylýar?
3. HEAB-niň esasy edarasy barada näme bilýarsiňiz?
4. HEAB-niň býujeti haýsy çeşmeleriň hasabyna maliýeleşdirilýär?
5. Häzirki wagtda näçe döwlet, halkara we sebitleýin gurama, hususy kompaniýa HEAB-niň agzasydyr?

## BMG-niň ulag we aragatnaşyk boýunça ýöriteleşdirilen edaralary bilen Türkmenistanyň hyzmatdaşlygy

Gündogardan Günbatara we Günortadan Demirgazyga tarap gidýän ýollaryň çatrygy bolmak bilen, Türkmenistan XVI asyra çenli «Beýik Ýüpek ýolunyň» – parahatçylyk, dürli halklaryň medeniýetleriniň, gepleşikleriniň ýolunyň esasy halkasynda möhüm rol oýnapdyr. Şu günki gün hem Türkmenistan Ýewropa we Aziýa ýurtlaryny we sebitlerini baglanyşdyrýan we ulaglaryň gatnaýan döwrebap transkontinental ugurlarynyň kesişýän ýerinde ýerleşýär we sebitiň we tutuş dünýäniň durnukly ösüşiniň bähbitlerine laýyk gelýän özara peýdaly söwda-ykdysady gatnaşyklary ýola goýmak we ösdürmek maksady bilen, bu ulgamdaky mümkinçiliklerden peýdalanmaga çalyşýar.

Türkmenistanyň BMG-niň BA-nyň mejlislerinde öňe süren we sürýän möhüm halkara başlangyçlary hut şeýle mümkinçiliklerden peýdalanmaklyga gönükdirilendir. Mysal üçin, BMG-niň BA-nyň 66-njy mejlisinde Türkmenistan ulag ulgamyny öwrenmek boýun-

ça BMG-niň Ýörite maksatnamasyny işläp taýýarlamak baradaky başlangyjy öňe sürdi. Bu maksatnamanyň mazmuny Hazar deňziniň we Gara deňziň, Orta Aziýanyň we Ýakyn Gündogaryň arasynda üstaşyr-ulag mümkinçiliklerini öwrenmekden ybarat boldy.

Degişli häzirki zaman düzüminiň – demir ýol we awtomobil gatnawlarynyň, kommunikasiýalar ulgamynyň döredilmegi sebitiň ýurtlarynyň ählumumy ykdysady ösüşi bilen baglanyşykly çärelere işjeň goşulyşmagyna ýardam eder, Ýewraziýa giňişliginde yklymara ykdysady ýagdaýlar jähtinden netijeli hyzmatdaşlyk uçin oňyn şertleri döreder.

Türkmenistanyň ulag bilen bagly başlangyçlarynyň iş ýüzünde amala aşyrylyp başlanmagynda 2012-nji ýylyň maý aýynda Aşgabatda «Orta Aziýada we Hazar deňziniň sebitinde ulag hem-de üstaşyr gatnawlaryň ösüşiniň geljegi» atly halkara ylmy maslahatyň geçirilmegi möhüm ähmiýete eýe boldy. Bu maslahat Türkmenistanyň hökümeti, Halkara ýol ulaglary birleşigi bilen bilelikde BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralarynyň we düzümleriniň, Hökümetara Ýewropa–Kawkaz–Aziýa ulag toparynyň (TRASEKA) goldaw bermeginde guraldy. Foruma 180 wekil, şol sanda 18 döwletiň halkara bilermenleri hem-de ýöriteleşdirilen edaralaryň hünärmenleri, halkara guramalaryň 10-synyň wekilleri we ýolbaşçylary gatnaşdylar.

Halkara derejesindäki beýleki iri maslahatlarda, şeýle hem ýokary derejedäki duşuşyklarda Ýewraziýada ulaglaryň gatnawlaryny oňaýlaşdyrmak, täze söwda-ulag geçelgelerini döretmek boýunça anyk teklipler orta atyldy. Mysal üçin, GDA-nyň döwlet baştutanlarynyň Geňeşiniň formal däl mejlisinde (2012-nji ýylyň 15-nji maýy, Moskwa) eden çykyşynda Türkmenistanyň Prezidenti GDA-nyň giňişliginde dünýä bazarynyň iri düzümlerine çykýan täze, köpugurly ulag geçelgelerini döretmek baradaky teklibe garamagyň maksadalaýyk gelýändigini belledi, häzirki wagtda «Demirgazyk-Günorta» we «Gündogar-Günbatar» ugurlary boýunça amala aşyrylýan taslamalaryň örän uly mümkinçiliklerini, şeýle hem geljekde Ýakyn we Orta Gündogaryň, Günorta we Günorta–Günbatar Aziýanyň bazarlaryna çykylmagy göz öňünde tutulanda, Türkmenistanyň ulag ulgamyna degişli düzüminiň şonuň ýaly ugurlaryň möhüm ähmiýetli düzümi bolup biljekdigini aýtdy. Şanhaý hyzmatdaşlyk guramasynyň agzalary bolup durýan döwletleriň

baştutanlarynyň Geňeşiniň 2012-nji ýylyň iýunynda Pekinde bolup geçen 12-nji mejlisinde bu meseläniň logiki dowamy öz beýanyny tapdy.

Häzirki wagtda Türkmenistan dünýäniň halkara kommunikasiýa giňişliginiň doly hukukly agzasy hökmünde ulaglaryň ygtybarly üstaşyr geçirilmegini üpjün edýär. Ondan dünýäniň onlarça ýurtlary üstünlikli peýdalanýarlar.

Hususan-da, Türkmenistanda demir ýol ulgamyny ösdürmek soňky ýyllarda döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri boldy. Halkara kommunikasiýa ulgamyny mundan beýläk-de ösdürmek jähtinden Gazagystanyň, Türkmenistanyň we Eýranyň çäklerinden geçýän we 2013-nji ýylyň başyndan işleri tamamlaýjy tapgyra gadam basan «Demirgazyk–Günorta» halkara ulag geçelgesi, has takygy, Uzen-Gyzylgaýa–Bereket–Etrek–Gürgen demir ýoly uly ähmiýete eýedir. Bu demir ýol Ýewropanyň ýurtlaryndan Pars aýlagynyň portlaryna çenli aralygy 600 kilometre çenli gysgaldar. Ol nebitiň we gazyň baý ýataklarynyň golaýyndan, bir mahal gülläp ösen Dehistanyň ýerlerinden geçip, onuň gaýtadan galkynmagynda batly itergä eýe bolar. Çaklamalara görä, eýýäm ilkinji döwürlerde «Demirgazyk–Günorta» demir ýoly arkaly ýylda ýükleriň 3-5 million tonnasy ulaglar bilen daşalar, geljekde bolsa, daşalýan ýükleriň möçberleri 10-12 million tonna çenli artar. Galyberse-de, üstaşyr daşalýan ýükleri awtomobillerden, deňiz ulaglaryndan we uçarlardan demir ýol ulaglaryna geçirip daşamaga hem oňaýly mümkinçilik dörär. «Demirgazyk–Günorta» ulag geçelgesiniň ýakyn wagtlarda ulanmaga berilmeginiň ähmiýeti onuň «Gündogar-Günbatar» ulag kommunikasiýalary, ýagny Hytaý–Orta Aziýa–Kawkaz–Ýewropa yklymara geçelgesi bilen birleşdirilmeginiň mümkinçilikleri göz öňünde tutulanda has-da artýar. 2013-nji ýylyň maýynda ýoluň Gazagystan–Türkmenistan bölegi ulanmaga berildi.

2011-nji ýylyň aprel aýynda Aşgabatda Türkmenistanyň, Eýranyň, Omanyň, Kataryň we Özbegistanyň arasynda üstaşyr-ulag geçelgesini döretmek baradaky Ylalaşyga gol çekildi. Täze ulag-kommunikasiýa düzümini döretmeklige gönükdirilen bu geçelge Merkezi Aziýanyň we Ýakyn Gündogaryň döwletlerini baglanyşdyrar hem-de diňe bir bu Ylalaşyga gatnaşýan ýurtlaryň däl-de, eýsem tutuş sebitiň ykdysady kuwwatyndan peýdalanylmagyna, tutuş Ýewraziýa giňişligine

transkontinental söwda-ykdysady gatnaşyklaryň işjeňleşdirilmegine ýardam berer.

Türkmenistanda **awtomobil ulaglary** pudagy hem çalt depginler bilen ösdürilýär. «Türkmenistan» gazetiniň özüniň 2013-nji ýylyň 4-nji ýanwaryndaky sanynda belläp geçilişi ýaly, 2014-nji ýyla çenli Türkmenistanda esasy awtomobil ýollarynyň ählisiniň durky täzelener, zerur bolan infrastrukturaly täze, ýokary tizlikli ýollar gurlar. Olaryň umumy uzynlygy 1700 kilometre golaý bolar. Häzir tutuş ýurdumyz boýunça çekilýän Aşgabat–Garagum–Daşoguz, Aşgabat--Türkmenbaşy awtomobil ýollary dünýä ülňülerine laýyk gelýär. Diňe Aşgabat–Türkmenbaşy we Aşgabat–Mary ýollarynda köprüleriň ýene-de 78-si gurlar. Bu awtomobil ýollarynyň ugrunda inženerçilik desgalarynyň onlarçasy – häzirki zaman ýol aýyrtlary, köprüler we estakadalar gurulýar. Olar ýollarda gatnawlaryň kadaly bolmagyna mümkinçilik berer, hereketiň howpsuzlygyny üpjün eder. Oba ýollaryny ösdürmäge, ýük daşaýan we ýolagçy gatnadýan awtoulaglaryň tehniki parkyny döwrebaplaşdyrmaga hem uly üns berilýär.

Soňky ýyllarda **Türkmenistanyň howa ulagy hem okgunly ösüşe eýe boldy.** Netijede, gysga wagtyň içinde asmanyň mawy giňişliginde türkmen awiatorlarynyň «Laçyn» nyşany diňe bir ýurdumyzyň içinde däl, eýsem bütin dünýäde hem barha giňden mälim bolup başlady. «Türkmenhowaýollary» döwlet milli gullugy (TDMG) howa gämileriniň häzirki zaman parkyna, şol sanda «Boing» – 767, 757, 737, 717 amerikan uçarlaryna, şeýle hem Sikorskiý, Russiýanyň Mi 17, Ýewropanyň «Super Puma» dikuçarlaryna eýe bolmak bilen, özüniň uçuşlarynyň ýaýrawyny yzygiderli giňeldýär, ýerüsti infrastrukturasyny işjeň ösdürýär. Mysal üçin, 2010-njy ýylyň baharynda Türkmenbaşy şäherinde açylan täze halkara howa menzili Ýewropadan Günorta we Günorta–Gündogar Aziýa barýan howa ýollarynyň üstaşyr nokadyna, Hazaryň kenarynda döredilýän «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň «howa derwezesine» öwrüldi. Iň täze tehnikalar we enjamlar, aeronowigasiýa serişdeleri bilen üpjün edilen iň häzirki zaman howa menziliniň geçirijilik ukyby sagatda 800 ýolagça barabardyr. Onuň uçuş-gonuş zolagy uçarlaryň ähli görnüşlerine diýen ýaly hyzmat etmäge mümkinçilik berýär. 2013-nji ýylyň

başynda Aşgabat şäherinde Türkmenistanyň esasy «howa derwezesine», yklym we yklymara howa ýollarynda iri üstaşyr nokada öwrüljek täze Halkara howa menziliniň düýbüni tutmak dabarasy boldy. Häzirki zaman howa menziliniň geçirijilik ukyby bir sagatda 1600 ýolagça barabar bolar. Türkmenabatda täze aerowokzal toplumynyň hem-de Daşoguzyň howa menzilinde häzirki zaman uçuş-gonuş zolagynyň we beýleki birnäçe desgalaryň gurluşygyna badalga berildi.

«Türkmenhowaýollary» döwlet milli gullugynyň uçuşlaryň gerimini yzygiderli giňeldýändigine şu aşakdaky deliller hem şaýatlyk edýär: Häzirki wagtda TDMG-niň howa gämileri dünýäniň 11 ýurdunyň 15 şäherine yzygiderli uçuşlary amala aşyrýarlar. Türkmenistanyň raýat awiasiasyny ösdürmegiň Milli maksatnamasynda ykdysady taýdan amatly ugurlar boýunça 2012–2030-njy ýyllar aralygynda 23 sany täze howa gatnawlarynyň ýola goýulmagy göz öňünde tutuldy.

1993-nji ýylyň aprelinde Türkmenistanyň howa gatnawynyň howpsuzlygyny, ygtybarlylygyny we netijeliligini üpjün etmek üçin zerur bolup durýan halkara kadalaryny işläp taýýarlaýan Halkara raýat awiasiýasy guramasynyň (IKAO) doly hukukly agzasy bolmagynyň we bu gurama bilen işjeň hyzmatdaşlyk etmeginiň yurdumyzyň milli raýat awiasiýasynyň uçar gatnaşyklarynyň halkara ulgamyna üstünlikli goşulmagyna degerli ýardam berendigini aýratyn nygtap geçeliň. 2012-nji ýylda Türkmenistan Halkara howa ulaglary assosiasiýasyna (International Air Transportation Assosiation –IATA) goşulmak boýunça hem iş alyp bardy.

**Türkmenistan gämilerde ýolagçylaryň we halk hojalyk ýükleriniň daşalmagynyň ösdürilmegine Merkezi Aziýa we Hazar sebitiniň ýurtlarynyň halkara ykdysady gatnaşyklar ulgamyna doly goşulmaklarynyň möhüm şerti hökmünde garaýar.** Türkmenistanyň özi barada aýdylanda, onda eýýäm 2011-nji ýylda türkmen topragynyň deňiz derwezesi hasaplanylýan Türkmenbaşy şäheriniň Halkara deňiz portunyň sebitiň iri ulag nokadynyň wezipesini ýerine ýetirip başlandygyny belläp geçmek gerek. Bu portuň durkuny täzelemek meýilnamasynda onuň meýdanyny 3 esse – 150 gektara çenli giňeltmek, ýük geçirijilik ukybyny bolsa 2,5 esse artdyrmak göz öňünde tutulýar. Munuň özi bir ýylda 25 million tonna barabar bolar.

Ýakyn geljekde Türkmenbaşy şäherinde häzirki zaman deňiz menzili wokzaly hem gurlar. Onda ýolagçylar üçin iň amatly şertler dörediler. Täze ýolagçy ugurlar, şol sanda Russiýa, Gazagystana, Azerbaýjana, Eýrana ugurlar açylar, şeýle hem Hazarda häzirki zaman şypahana-kurort infrastrukturasy dörediler. Bularyň ählisi Türkmenistana daşary ýurtly syýahatçylaryň akymyny hem ep-esli artdyrar.

Türkmenistan özüniň ulag ulgamyny ösdürmek strategiýasynda milli deňiz söwda flotuny ösdürmäge hem aýratyn üns berýär. 2010-njy ýylyň iýun aýynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen Türkmen deňiz söwda floty döredildi. Nebit we nebit önümlerini daşamak üçin niýetlenen kuwwatly tankerleriň birnäçesi eýýäm deňiz gämileriniň üstüni ýetirdi. Ýakyn wagtda bolsa olaryň üsti häzirki zaman ýolagçy teplohodlary, gury ýük daşaýan gämiler we ş.m. bilen ýetiriler.

Ylmyň we tehniki progresiň örän çalt ösýän asyry bolan XXI asyrda adamyň durmuşyny aragatnaşyksyz, telekommunikasiýa ulgamlaryň gazananlaryndan peýdalanmazdan göz öňüne getirmek mümkin däldir. Häzirki zaman telekommunikasiýasy dünýäniň iň uzak nokatlaryny ýakyn edýär, ýokary ykdysady görkezijileri gazanmaga mümkinçilik berýär, sosial maksatnamalary durmuşa geçirmäge ýardam edýär, dünýä halklarynyň arasynda dostlugy pugtalandyrýar.

Şu jähtden Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrligi we «Türkmentelekom» Döwlet elektroaragatnaşyk kompaniýasy tarapyndan ýurtda aragatnaşyk ulgamlarynyň ösdürilmegine uly üns berilýär. Netijede, soňky ýyllarda telekommunikasiýa ulgamlary döwletiň ösmeginiň ileri tutulýan ugurlarynyň birine öwrüldi. Kommunikasiýa meselelerine bagyşlanyp Aşgabatda geçirilýän dürli ylmy-tehniki forumlaryň sany hem barha artdy.

Mysal üçin, 2010-njy ýylyň sentýabrynda Aşgabadyň Sergi köşgünde telearagatnaşyk, telemetriýa, habar beriş tilsimatlarynyň we teleradioýaýradyş enjamlarynyň «Türkmentel 2010» atly IV Halkara sergisi hem-de «Türkmenistan we dünýä informasion–telekommunikasiýa ulgamlary» atly maslahat geçirildi. Sergide dünýäniň 20-ä golaý ýurdundan, şol sanda Beýik Britaniýadan, Russiýadan, Germaniýadan, Fransiýadan, Şwesiýadan, Hytaýdan, Türkiýeden eýeçiligiň dürli görnüşindäki kompaniýalaryň 80-den gowragy öz önümlerini –

informasion tehnologiýalaryny, telekommunikasiýa enjamlaryny we hyzmatlaryny görkezdiler.

Ýene-de bir mysal. 2011-nji ýylyň 6-7-nji aprelinde «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda elektroaragatnaşyk ulgamynda Sebitleýin arkalaşygyň elektroaragatnaşyk komissiýasynyň we operatorlar Geňeşiniň nobatdaky bilelikdäki maslahaty bolup geçdi. Onuň işine Azerbaýjanyň, Belorusyň, Gazagystanyň, Moldowanyň, Russiýanyň, Täjigistanyň, Özbegistanyň, Ukrainanyň, Sloweniýanyň pudaklaýyn ministrlikleriniň hem-de aragatnaşyk kärhanalaryň ýolbaşçylary gatnaşdylar. Maslahatda sebitde umumy maglumatlar giňişligini döretmek, kada-hukuk binýady ýakynlaşdyrmak, tejribe alyşmak meselelerine, şeýle hem Halkara elektroaragatnaşyk birleşiginiň taslamasyna we ony durmuşa geçirmek boýunça 2015-nji ýyla çenli hereketiň meýilnamasyna garaldy.

Aragatnaşyk ulgamy barada gürrüň etmek bilen, häzirki wagtda kosmos äleminiň bimöçber mümkinçiliklerini özleşdirmekligiň we ony giňden peýdalanmaklygyň dünýäniň ençeme ýurtlarynyň, şol sanda Türkmenistanyň hem döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýandygyny, şonuň üçin onuň ýokarda görkezilen maksatlar üçin halkara hyzmatdaşlygyny ösdürýändigini belläp geçmek gerek. Has takygy, 2011-nji ýylyň iýunynda Türkmenistanyň Prezidenti «Milli kosmos agentligini döretmek hakyndaky» Permana gol çekdi. Agentligiň üstüne ýüklenen esasy wezipeleriň biri Ýeriň emeli hemrasyny uçurmak boldy, bu işi amala aşyrmaklyk bolsa 2014--nji ýyla bellenildi. Türkmenistanyň Milli emeli hemrasyny gurmak hem-de kosmos giňişligine çykarmak, Orbital nokady kärendä almak üçin 2011-nji ýylda Fransiýanyň «Thales Alenia Space» kompaniýasy, «Space Systems International Monaco S.A.M.» kompaniýasy bilen şertnamalar baglaşyldy. Türkmenistanyň öz hemrasynyň bolmagy ýurdumyzda aragatnaşyk ulgamyny, Interneti we teleýaýlymy ösdürmegi çaltlandyrar, ýurdumyzyň halk hojalygynyň öňünde duran uly möçberli beýleki wezipeleri çözmäge ýardam eder, şol sanda ekerançylyk meýdanlaryna gözegçilik etmekligi, nebitgaz toplumynyň hajatlary üçin barlaglary geçirmekligi, ekologiýa gözegçiligini amala aşyrmak we beýleki meselelere kosmosdan gözegçiligi mümkin eder.

Şol bir wagtyň özünde Türkmenistan kosmosy özleşdirmeklige we ony giňden peýdalanmaklyga uly üns berýän beýleki döwletleriň kompaniýalary bilen hem hyzmatdaşlygy ösdürmäge uly uns berýär. Mysal üçin, kosmos boýunça uly tejribe toplan dostlukly Hytaý bilen şeýle hyzmatdaşlyk 2012-nji ýylyň 8-nji awgustynda Hytaýyň kosmos ylmy we tehnikasy korporasiýasynyň ýolbaşçysy jenap Ma Sinžunyň Türkmenistanda bolan wagty ýola goýuldy. Hytaýly myhmany Türkmenistanyň Prezidenti kabul etdi. Söhbetdeşligiň gidişinde taraplar ýeriň töweregindäki orbitalara gözegçilik etmek, hemra aragatnaşygyny ýola goýmak, kosmos giňişligi bilen baglanyşykly ylmy barlaglary alyp barmak, şeýle hem Türkmenistanyň häzirki döwürde döredilýän emeli hemrasyny dolandyrmak boýunça wezipeleri ýerine ýetirmek tabşyrylan Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Milli kosmos agentliginiň ýokarda ady agzalan hytaý korporasiýasy bilen ýygjam gatnaşyklary ýola goýmagynyň derwaýysdygyny bellediler. «Kosmos boýunça hytaýly hyzmatdaşlar bilen gatnaşyklaryň örän uly geljegi bardyr... – diýip, Türkmenistanyň Prezidenti aýtdy.- Türkmen tarapy bu ulgam boýunça bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmegiň mümkinçilikleri baradaky tekliplere garamaga we olary jikme-jik öwrenmäge taýýardyr.

BMG-niň maglumat kommunikasiýa tehnologiýalary (MKT) ulgamynda BMG-niň esasy edarasy bolup duran Halkara elektroaragatnaşyk birleşiginiň (HEB) we Türkmenistanyň arasyndaky gatnaşyklaryň ösmegine 2012-nji ýylyň oktýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň we HEB-iň Baş direktory jenap Hamadun Turäniň arasynda bolan duşuşyk uly itergi berdi. Duşuşygyň barşynda HEB-iň Baş direktory Türkmenistanyň Prezidentini Halkara elektroaragatnaşyk birleşiginiň radioýygylyk spektriniň bilelikde ulanylmagyny utgaşdyrmak, emeli hemralar üçin orbital orunlary paýlamakda halkara hyzmatdaşlygyna ýardam etmek, ösýän ýurtlardan elektroaragatnaşyk düzümini kämilleşdirmek we bütindünýä nusgalaryny döretmek boýunça alnyp barylýan işler bilen tanyşdyrdy. Olar giň zolakly ulgamlardan başlap, täze simsiz tehnologiýalaryna, howa we deňiz nawigasiýasyna, durnukly we ykjam telefon aragatnaşyklaryny sazlaşdyrmaga, Internete we radioýaýlymlar tehnologiýalaryna çenli aragatnaşygyň giň ulgamlarynyň

özara sazlaşykly gatnaşyklaryny üpjün edýär. Duşuşygyň çäklerinde şeýle hem ýakyn geljek üçin hyzmatdaşlygyň ugurlary, şol sanda Türkmenistanyň Milli kosmos agentliginiň döredilmegi we geljekde türkmen emeli hemrasynyň äleme çykarylmagy jähtinden gatnaşyklaryň meseleleri barada maslashatlaşyldy, bu möhüm ulgamda ýola goýlan oňyn gatnaşyklaryň işjeňleşdirilmeginiň we giňeldilmeginiň möhümdigi bellenildi.

Türkmenistanyň aragatnaşygynyň hukuk esaslary hem döwrüň talaplaryna laýyklykda kämilleşdirilýär. Hususan-da, 2010-njy ýylyň martynda «Aragatnaşyk hakynda» Türkmenistanyň kanuny güýjüne girdi. Türkmenistanyň Halkara elektroaragatnaşyk guramasynyň agzasy bolup durýandygy sebäpli, onuň kanunçykaryjy we kadalaşdyryjy hukuk resminamalary halkara hukugyna we halkara ülňülerine laýyk gelmelidir. Hut şonuň üçin hem halkara hukugyna laýyk gelýän talaplar täze kanunda öz beýanyny tapdy. Mysal üçin, kanunyň 53-nji maddasyna laýyklykda Türkmenistanyň aragatnaşyk babatda halkara hyzmatdaşlygy halkara hukugynyň ählumumy ykrar edilen ýörelgeleriniň we kadalarynyň, şeýle hem Türkmenistanyň halkara şertnamalarynyň berjaý edilmeginiň esasynda amala aşyrylýar. Kanunyň 54-nji maddasyna laýyklykda bolsa Türkmenistanyň çäginde halkara aragatnaşygy babatdaky iş bilen baglanyşykly gatnaşyklar Türkmenistanyň aragatnaşyk babatdaky halkara şertnamalary, şu Kanun we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.

Şunlukda, Türkmenistan ulag-aragatnaşyk düzümleri ösdürmek işinde halkara hyzmatdaşlygy barha giňeldýär. Bu bolsa sebitiň ýurtlarynyň ählumumy ykdysady ösüşi bilen baglanyşykly çärelere işjeň goşulyşmagyna ýardam edýär, maýa goýum serişdeleriniň gelmegini üpjün edýär, Ýewraziýa giňişliginde yklymara ykdysady ýagdaýlar jähtinden netijeli hyzmatdaşlyk üçiň barha oňyn şertleri döredýär.

**Soraglar:**

1. XIX asyryň haýsy türkmen şahyry öz ülkesini «Dünýäniň ýedi ýolunyň çatrygy» diýip atlandyrypdyr?
2. Türkmenistanyň BMG-niň BA-nyň mejlislerinde ulag-kommunikasiýa babatda öňe süren möhüm halkara başlangyçlary nähili maksatlara gönükdirilen?

3. Türkmenistanyň, Eýranyň, Omanyň, Kataryň we Özbegistanyň arasynda üstaşyr-ulag geçelgesini döretmek baradaky Ylalaşygyň durmuşa geçirilmeginiň ähmiýeti nämeden ybarat?
4. Türkmenistanyň howa ulagynyň ösüşi we «Türkmenhowaýollary» döwlet milli gullugynyň halkara gatnaşyklary barada näme bilýärsiňiz?
5. Türkmenistanda aragatnaşyk ulgamynyň ösdürilmegine haýsy ministrlik we kompaniýa gönüden-göni jogap berýär?
6. Türkmenistanyň öz hemrasynyň bolmagy ýurdumyzyň aragatnaşyk ulgamynyň ösmegine oňaýly täsir edermi?

## §9. Meteorologiýa çägindäki edara

**Bütindünýä meteorologik guramasy (BMG)** (World Meteorological Organization – WMO). Bütindünýä meteorologik guramasy 1873-nji ýylda döredilen Halkara meteorologik guramasynyň işini dowam etdiriji boldy. BMG-niň döredilmegi baradaky karar 1947-nji ýylda meteorologik gulluklarynyň direktorlarynyň Waşingtonda bolup geçen maslahatynda kabul edildi. 1950-nji ýylda Bütindünýä meteorologik guramasyny döretmek baradaky Konwensiýa jar edildi. 1951-nji ýylda bu gurama BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasy boldy (BMG-niň we Bütindünýä meteorologik guramasynyň arasyndaky Ylalaşyk 1951-nji ýylyň 20-nji dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan makullandy).

Bütindünýä meteorologik guramasynyň maksady meteorologiýa we gidrologiýa, şol sanda howa, klimatologiýa we suw resurslaryndan peýdalanmak boýunça çaklamalar baradaky habarlaryň alşylmagyny üpjün etmek bolup durýar. Ýeri gelende aýtsak, onda *meteorologiýa* – munuň özi atmosferanyň fiziki ýagdaýyny we atmosfera hadysalaryny öwrenýän ylymdyr; howa hem-de nähili howa boljagyny öňünden aýtmak usuly hakyndaky taglymatdyr. *Gidrologiýa* bolsa Ýer şarynyň suw giňişliklerini we tebigatdaky suwuň dolanyşygyny öwrenýän ylymdyr.

Bütindünýä meteorologik guramasynyň işiniň indiki esasy ugry - ol hem klimata we global ýylama adamyň işiniň täsirini öwrenmek bolup durýar. BMG şeýle hem meteorologik gullugynyň guralmagyna we ösmegine, meteorologiýanyň awiasiýada, gämi gatnawynda, oba hojalygynda, işleriň beýleki görnüşlerinde peýdalanylmagyna ýar-

dam edýär. Bütindünýä meteorologik guramasynyň ýardam etmegi bilen dürli meteorologik gulluklaryň hyzmatdaşlygy arkaly howanyň çaklanylmagyny kämilleşdirmäge borçly bolan «Howanyň Bütindünýä gullugy» döredildi.

BMG-niň işi 10 sany esasy ylmy we tehniki maksatnamalaryň, şol sanda howa gözegçilik etmek boýunça Bütindünýä maksatnamany, Bütindünýä howa maksatnamasyny, atmosferany we daşky gurşawy barlamak boýunça Maksatnamany, gidrologiýa we suw gorlary boýunça Maksatnamany, tehniki hyzmatdaşlyk boýunça Maksatnamany ýerine ýetirmäge gönükdirilendir.

BMG ençeme halkara resminamalaryň, konwensiýalaryň, mysal üçin, howanyň üýtgemegi, çölleşmä garşy göreş, ozon gatlagynyň goragy boýunça konwensiýalaryň ýerine ýetirilmegine ýardam edýär.

Altynjy uzakmöhletli meýilnamanyň (2004-2011 ýý.) çäklerinde BMG howanyň, klimatyň, gidrologiýanyň, suw gorlarynyň we daşky gurşawy goramaklygyň meseleleri boýunça halkara hyzmatdaşlygynyň esasy ugurlaryny utgaşdyrmak boýunça esasy gurama bolup çykyş etdi.

BMG-niň düzüminde kosmosa meteorologik gözegçilik etmegiň global ulgamy döredildi. Gurama kosmosda şol bir wagtyň özünde dörtden az bolmagyk hemrany saklamaga çalyşýar.

*Bütindünýä Meteorologiýa Kongresi* (World Meteorological Congress) Bütindünýä meteorologiýa guramasynyň **ýolbaşçy edarasy** bolup durýar. Kongresiň işine ähli agza döwletleriň meteorologik gulluklarynyň ýolbaşçylary gatnaşýarlar. Kongres her 4 ýyldan bir gezek çagyrylýar we ol BMG-niň umumy syýasatyny kesgitleýär, onuň býujetini we işiniň maksatnamasyny tassyklaýar.

Guramanyň maksatnamalaryny we Kongresiň rezolýusiýalaryny ýerine ýetirmek ýylda azyndan bir gezek ýygnanýan *Ýerine ýetiriji geňeşe* (Executive Council) tabşyrylýar. Geňeş Kongres tarapyndan dörtýyllyk möhlet bilen saýlanýan prezidenti, üç wise-prezidenti, sebitleýin assosiasiýalaryň 6 prezidentini we 27 agzasyny hem goşmak bilen 37 agzadan durýar.

Bütindünýä meteorologik guramasynyň işi Afrikadaky, Aziýadaky, Günorta Amerikadaky, Demirgazyk we Merkezi Amerikadaky,

Ýewropadaky we Ýuwaş ummanynyň günorta-günbatar bölegindäki 6 sany sebitleýin assosiasiýalaryň üsti bilen amala aşyrylýar. Olar öz sebitlerinde Kongresiň we Ýerine ýetiriji geňeşiň rezolýusiýalaryny ýerine ýetirýärler, meteorologiýa we gidrologiýa işleriniň utgaşdyrylmagyna jogap berýärler. Şeýle hem BMG-da sekiz sany tehniki komissiýalar hereket edýär: olar aeronawigasiýa, deňiz we oba hojalyk meteorologiýasy, atmosfera barlaglary, klimatologiýa, gidrologiýa, gözegçiligiň gurallary we usullary bilen meşgul bolýarlar.

BMG-niň administratiw-tehniki edarasy baş sekretar tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän Sekretariatdyr. Baş sekretar Kongres tarapyndan dörtýyl möhlet bilen bellenýär.

Bütindünýä meteorologik guramasy «BMG-niň Býulleteni» atly döwürleýin neşiri çap edýär. Häzirki wagtda öz hususy meteorologiýa gulluklary bolan 190-a golaý döwlet bu guramanyň agzasy bolup durýar. Her ýylyň 23-nji martynda Bütindünýä meteorologik guramasynyň döredilmegi mynasybetli BMG-niň howandarlygynda meteorologiýanyň Bütindünýä güni bellenip geçilýär.

BMG-da 250-ä golaý adam işleýär, guramanyň býujeti 160 million amerikan dollaryna barabardyp.

*Guramanyň ştab-jaýy Ženewada (Şweýsariýa) ýerleşýär.*

Türkmenistanyň gidrometeorologiýa gullugy barada aýdanymyzda, onda onuň onlarça ýyllyk taryhy bardyr. 1926-njy ýylyň noýabrynda gidrometeorologiýa boýunça Türkmen müdiriýetiniň esasyny goýan Türkmen meteorologiýa býurosy döredildi we ol howa we gidrologiýa ähmiýetli möhüm meseleleri çözdi. Eýýäm 20-nji ýyllaryň başynda Türkmenistanda 18 sany, 1924-nji ýylda bolsa 29 sany meteostansiýa we gözegçilik nokatlary işledi.

Türkmenistanyň garaşsyzlygy ýyllarynda ýurtda meteorologiýa gullugy uly ösüşe eýe boldy. Mysal üçin, 2011-nji ýylda Türkmenistanyň gidrometeorologiýa boýunça milli komitetiniň ulgamynda 100-den gowrak meteorologiýa stansiýalary we gözegçilik nokatlary hereket etdi we olar ýurdumyzyň ähli fiziko-geografiki şertleriniň tutuş dürliligini öz içine aldylar.

1993-nji ýylyň 4-nji ýanwarynda Türkmenistanyň Bütindünýä meteorologiýa guramasynyň agzasy bolmagy ýurdumyzyň we BMG-

-niň arasynda gönüden-göni hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagyna we şol hyzmatdaşlygyň birsyhly ösmegine getirdi. Şu geçen wagtyň içinde Bütindünýä meteorologiýa guramasy meteorologiýa, howa, gidrologiýa we geofizika degişli barlaglary geçirmek, şol sanda maglumatlary günibirin alyşmak, olary işläp taýýarlamak we standartlaşdyrmak boýunça ýurdumyzyň milli meteorologiýa gullugyna hemmetaraplaýyn ýardam berip, tehnologiýalary alyşmakda we işgärleri taýýarlamakda kömek edip geldi.

2012-nji ýylyň 10-njy oktýabrynda BMG-niň Ženewada ýerleşýän bölüminiň Milletler Köşgünde Türkmenistanyň Prezidentiniň BMG-niň Bütindünýä meteorologiýa guramasynyň Baş sekretary Mişel Zarro bilen duşuşygy we söhbetdeşligi Türkmenistanyň we BMG-niň Bütindünýä meteorologiýa guramasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň ýagdaýyny, geljekki mümkinçiliklerini we ileri tutulýan ugurlaryny ara alyp maslahatlaşmaga mümkinçilik berdi. Hususan-da, BMG-niň Baş sekretary Türkmenistanyň ekologiýa boýunça işjeň halkara hyzmatdaşlygyna ýokary baha berdi, howanyň üýtgemegi ýaly wajyp ähmiýetli ugur boýunça halkara hyzmatdaşlygyna täzeden badalga berjek anyk teklipleri üçin Türkmenistanyň Prezidentine hoşallyk bildirdi we özüniň wekilçilik edýän guramasynyň ygtybarly we borjuna ygrarly hyzmatdaş hökmünde tanalýan Türkmenistan bilen doly möçberli hyzmatdaşlygy mundan beýläk hem pugtalandyrmak we giňeltmek babatda içgin gyzyklanma bildirýändigini belledi. Şol bir wagtyň özünde hem BMG-niň Baş sekretary häzirki wagtda howa bilen bagly hem-de BMG-niň işiniň esasy wezipelerine degişli bolup durýan hem-de ulanyjylaryň giň toplumy – döwlet düzümleri, şeýle hem ilat üçin niýetlenen ählumumy maglumatlar binýadyny döretmek boýunça taslamalaryň işlenip taýýarlanýandygyny belledi, Türkmenistany bu uly möçberli taslamalara gatnaşmaga çagyrdy.

**Soraglar:**

1. BMG-niň döredilmegi baradaky karar haçan we nirede kabul edildi?
2. BMG-niň we Bütindünýä meteorologiýa guramasynyň arasyndaky Ylalaşyk BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan haçan makullandy?
3. BMG-niň işiniň esasy ugurlary barada näme bilýärsiňiz?
4. «Howanyň Bütindünýä gullugynyň» wezipesi nämeden ybarat?

5. BMG-niň çäklerinde kosmosa meteorologik gözegçilik edýän global ulgam barmy?
6. BMG-niň işi haýsy edaralaryň üsti bilen amala aşyrylýar?
7. Türkmenistanyň BMG-niň agzasy bolmagy ýurdumyzyň we BMG-niň arasyndaky hyzmatdaşlyga nähili oňaýly täsir etdi?

# XI bap
# BMG-niň ULGAMYNYŇ BEÝLEKI HÖKÜMETARA EDARALARY

## §1.BMG-niň ulgamynyň beýleki halkara guramalary barada gysgaça maglumat

Birleşen Milletler Guramasy bilen bagly we onuň ulgamyna girýän, ýöne *ýöriteleşdirilen edaralar bolmadyk* halkara guramalaryň örän uly we sany birsyhly artýan topary hem bardyr. Şol guramalar BMG bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ylalaşyk baglaşmak ýa-da ylalaşyklaryň başga görnüşleri arkaly ýola goýdular. Şol guramalaryň käbirleri örän kiçidir we ýöriteleşdirilen edaranyň statusyna eýe bolmak üçin olaryň örän çäkli ygtyýarlyklary bardyr. BMG-niň Söwda we ösüş Maslahatynynda dürli çig mal harytlary boýunça döredilen halkara guramalar şeýle guramalara degişlidir.

*Aziýa ösüş banky, Afrika ösüş banky* ýaly ösüşiň beýleki sebitleýin banklary sebitleýin guramalardyr we şonuň üçin hem şeýle guramalar BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralary bolup bilmeýärler, sebäbi olar ýöriteleşdirilen guramalar üçin BMG-niň Düzgünnamasynyň 57--nji maddasy tarapyndan kesgitlenilen «köptaraplylyk» ölçegine laýyk gelmeýärler.

1940-njy ýyllaryň ahyrlarynda bolup geçen gepleşikleriň başynda ýöriteleşdirilen edaralar hökmünde döredilер diýlip çak edilen ençeme guramalar, şol sanda BMG-niň Düzgünnamasynyň 57-nji we 63-nji maddalarynyň talaplaryna laýyk gelýän Bütindünýä söwda guramasy, deňiz düýbi boýunça Halkara edara ýöriteleşdirilen edaralar bolmak islemediler we olar BMG bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny başga esasda ýola goýdular. Şol bir wagtyň özünde hem deňiz düýbi

boýunça Halkara edara BMG-niň zähmet şertleriniň umumy ulgamyna gatnaşýar, Bütindünýä söwda guramasy bolsa oňa gatnaşmaýar.

*Atom energiýasy boýunça Halkara agentligi, himiýa ýaragyny gadagan etmek boýunça Gurama* (HÝGEG) ýaly guramalar ýöriteleşdirilen edaralar bolup bilmeýärler, sebäbi olaryň ygtyýarlyklarynyň çägi BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň meşgul bolýan meselelerine degişli däldir. Başgaça aýdylanda, BMG-niň Düzgünnamasynyň 57-nji maddasyna laýyklykda, muny biziň ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, harby guramalar ýöriteleşdirilen edaralar bolup bilmeýärler. Halkara ýadro energetikasy meselelerinde ykrar edilen, abraýa eýe bolan Atom energiýasy boýunça Halkara agentligi barada aýdanymyzda, onda ol ençeme halkara resminamalarda ýöriteleşdirilen edaralar bilen bir hatarda ýatlanylyp geçilýän hem bolsa, onda ýöriteleşdirilen edaranyň statusy ýokdur. Şonuň üçin hem Atom energiýasy boýunça Halkara agentligi, HYGEG BMG bilen BMG-niň BA-nyň üsti bilen köp babatda ýöriteleşdirilen edaralaryňky ýaly ylalaşyklary baglaşdylar. Ýöne şol ylalaşyklara laýyklykda, AEHA-nyň, HYGEG-niň hyzmatdaşlygy amala aşyrýan we olara öz işi boýunça maglumat ugradýan BMG-niň esasy edaralary BMG-niň BA-sy we BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşidir, sebäbi olar şol guramalaryň ygtyýarlyklaryna degişli meseleler bilen meşgul bolýarlar.

Häzirlikçe hukuk statusy anyk kesgitlenilmedik halkara birleşmeler hem bardyr we olar hem BMG bilen hyzmatdaşlyk barada ylalaşyk baglaşdylar we BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralar babatdaky ylalaşyklarynyň ençeme düzgünlerinden peýdalanýarlar. Bu ýerde gürrüň 1982-nji ýylyň deňiz hukugy boýunça Konwensiýasy tarapyndan döredilen deňiz hukugy boýunça Halkara tribunal; 1998-nji ýylyň Rim statuty tarapyndan işi tertibe salynýan Halkara jenaýatçylyk kazyýeti barada barýar. Bu birleşmeleriň ikisi hem halkara kazyýet institutlarydyr we hakykatda olar halkara guramalar hökmünde seredilip bilinmez. Rim statutynyň 4-nji maddasynda Kazyýetiň halkara hukuk subýektlilige eýedigi we onuň öz borçlaryny amala aşyrmak we maksatlaryny ýerine ýetirmek üçin zerur bolan hukuk başarnygyna eýedigi görkezilýär. Statutyň 2-nji maddasyna laýyklykda Kazyýet BMG bilen hyzmatdaşlyk barada ylalaşyk baglaşmalydyr we şol ylalaşyk Statuta gatnaşyjy ýurtlaryň Assambleýasy tarapyndan

makullanylmalydyr. Statutyň güýjüne girmegi bilen şeýle ylalaşyk BMG we Halkara jenaýatçylyk kazyýeti bilen baglaşyldy.

BMG-niň we deňiz hukugy boýunça Halkara tribunalyň arasynda ylalaşyk has hem öňräk baglaşyldy we tribunal kanselýariýanyň işgärleriniň zähmet şertlerine degişli meseleler boýunça BMG-niň zähmet şertleriniň umumy ulgamyna gatnaşjakdygy barada karar kabul etdi.

Ýadro synaglaryny doly gadagan etmek baradaky Şertnama BMG--niň BA-sy tarapyndan kabul edildi we ol 1996-njy ýylyň 24-nji sentýabrynda gol çekilmek üçin açyldy. Bu şertnama ýadro ýaragynyň ýaýradylmazlygynyň we ýaragsyzlanmagyň halkara düzgüni üçin esasy resminama bolup durýar. Şertnama oňa Goşundyda sanalyp geçilen ýadro göterijilerine we enjamlaryna eýe bolan Maslahata gatnaşyjy 44 döwlet tarapyndan tassyklanandan 180 günden soň güýjüne girýär. Şertnama gatnaşmaga çagyrylan 195 döwletden 178 ýurt resminama gol çekdi, 144 ýurt, şol sanda Türkmenistan bolsa ony tassyklady.

Goşundyda görkezilen döwletleriň ençemesiniň Şertnama gatnaşyjy bolmaklyga taýýar däldigi we şol sebäpden resminamanyň ýakyn wagtlarda güýjüne girmejegi mälim boldy. Şonuň üçin 1996-njy ýylda ýadro synaglarynyň doly gadagan edilmegi baradaky Şertnama boýunça Taýýarlaýjy komissiýany döretmek barada karar kabul edildi we oňa Şertnama tarapyndan göz öňünde tutulan synaglara gözegçilik etmek bilen bagly wezipeler ýüklenildi. Taýýarlaýjy komissiýanyň we BMG-niň arasynda hyzmatdaşlyk baradaky ylalaşyga gol çekildi.

Komissiýanyň edaralary onda agza döwletleriň hemmesi bolan umumy edara (Taýýarlaýjy komissiýa) we Wagtlaýyn tehniki sekretariatdyr. Komissiýa agza döwletleriň tölegleriniň hasabyna maliýeleşdirilýär. Komissiýanyň Wagtlaýyn sekretariaty Wenada (Awstriýa) ýerleşýär.

**Soraglar:**

1. BMG-niň ulgamynyň beýleki halkara guramalary barada näme bilýärsiňiz?
2. Näme üçin sebitleýin guramalar BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralary bolup bilmeýärler?
3. Atom energiýasy boýunça Halkara agentligi ýaly guramalaryň ýöriteleşdirilen edaralar bolup bilmeýändikleriniň sebäbi näme?
4. Häzirlikçe hukuk statusy anyk kesgitlenilmedik halkara birleşmeleriň BMG bilen hyzmatdaşlygy nähili esasda guralýar?

## §2. Atom energiýasy boýunça Halkara agentligi (AEHA) (International Atomic Energy Agency – IAEA).

XX asyryň ortalaryndan başlap ýadronyň bölünmeginiň energiýasyny parahatçylykly maksatlar üçin, ozaly bilen bolsa elektroenergiýada peýdalanmak san we hil, şeýle hem geografiýa jähtden birsyhly artdy we giňeldi. Atom energiýasy boýunça Halkara agentliginiň maglumatlaryna görä, 2007-nji ýylyň başyna çenli dünýäde 70-den gowrak ýurt atom boýunça esli iş alyp bardylar, umumy kuwwaty 367 793 MWT bolan 435 atom elektrostansiýasy işledi, ýene-de 29-sy guruldy. Dünýäniň 30 ýurdunda atom elektrostansiýalar (AES) hereket etdi ýa-da guruldy. Käbir ýurtlarda elektroenergiýanyň köp ýa-da esli bölegi, hususan-da, Litwada –80,1%, Fransiýada – 78%, Belgiýada – 57,3%, Ukrainada – 45,7%, Beýik Britaniýada –22,4%, ABŞ-da -20,3%, Russiýada – 16% AES-da öndürilýär.

Ýadro energiýasyndan peýdalanmagyň giň gerimi köptaraplaýyn we ikitaraplaýyn esasda hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagyny göz öňünde tutýar. Şeýle hyzmatdaşlyk ozaly bilen ýadro ýaragynyň ýaýradylmazlygyna we parahatçylykly ýadro obýektleriň, enjamlaryň we materiallaryň harby maksatlar üçin ulanylmagyny aradan aýyrmaklyga; atom energiýasyndan peýdalanmaklygyň howpsuzlygynyň üpjün edilmegine; ýadro heläkçiligi we başga hadysalaryň bolan ýagdaýynda dessine habar we kömek bermeklige; ylmy barlaglaryň geçirilmegine; ýadro materiallar we tehnologiýalar boýunça söwdany we alyş-çalşygy tertibe salmaklyga; işlenen ýadro ýangyjy we radioaktiw galyndylaryny saklamaklyga we täzeden işlemeklige gönükdirilendir.

Şunlukda, Atom energiýasy boýunça Halkara agentligi BMG bilen aýratyn aragatnaşykda durýan köptaraply halkara guramadyr. AEHA-da ýöriteleşdirilen edaranyň statusy ýokdur. BMG bilen aragatnaşyklary şol guramalaryň we YDG-niň arasyndaky ylalaşyklarda ýüze çykýan BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralaryndan tapawutlylykda, AEHA-nyň gönüden-göni Baş Assambleýa bilen ylalaşygy bardyr, käbir ýagdaýlarda bolsa ol göni Howpsuzlyk Geňeşi bilen hyzmatdaşlyk edýär. Agentlik şeýle hem öz ygtyýarlygyna girýän ähli meseleler boýunça Howpsuzlyk Geňeşini habardar etmäge borçludyr.

AEHA 1956-njy ýylyň 3-nji dekabrynda Nýu-Ýork şäherinde döredildi. Guramanyň Düzgünnamasy 1956-njy ýylyň 26-njy oktýa-

brynda BMG-niň Nýu-Ýorkdaky merkezi edaralaryndaky halkara maslahatda kabul edildi we ol 1957-nji ýylyň 29-njy iýulynda güýjine girdi. 1957-nji ýylda AEHA BMG bilen ylalaşyk baglaşdy. Özlerinde parahatçylykly atom işi amala aşyrylýan dünýäniň 150-den hem gowrak döwleti şu günki gün AEHA-niň agzasy bolup durýar.

AEHA-nyň **iň ýokary edaralary** Guramanyň ähli agza döwletleriň wekillerinden durýan *Baş Maslahatdyr* (General Conference) we 44 döwletiň wekillerinden durýan *dolandyryjylar Geňeşidir*. Baş Maslahat Agentligiň işiniň ähli meselelerine seredýär, täze agzalary kabul edýär, maksatnamany, býujeti tassyklaýar we ş.m.

AEHA-niň amaly işine Baş Maslahata hasabat berýän dolandyryjylar Geňeşi (Board of Governors) ýolbaşçylyk edýär. Onuň düzümine girýän 44 döwletiň bir bölegi Baş Maslahat tarapyndan dünýäniň 7 sebitinden, ýagny Günbatar Ýewropadan, Gündogar Ýewropadan, Latyn Amerikasyndan, Afrikadan, Orta Gündogar we Günorta Aziýadan, Günorta – Gündogar Aziýadan we Ýuwaş ummanyndan, Uzak Gündogardan saýlanýar. Galan agzalar özünde atom energiýasynyň tehnologiýasy has ösen we Geňeş tarapyndan bellenilen döwletler bolup durýarlar. AEHA-nyň administratiw–tehniki edarasy *Sekretariatdyr*. Sekretariat AEHA-nyň gündelik işleri bilen meşgul bolýar. Oňa baş direktor ýolbaşçylyk edýär.

Agentlige şeýle hem atom energiýasy boýunça tanymal alymlaryň 15-isinden ybarat *Ylmy-geňeşçi komitet* girýär. Komitet AEHA-niň işiniň ylmy-tehniki maksatnamalary boýunça baş direktor üçin maslahatlar işläp taýýarlaýar.

AEHA-nyň Düzgünnamasyna laýyklykda Agentlik öz işini esasan hem iki sany esasy maksada ýetmek üçin amala aşyrýar. Şol maksatlaryň *birinjisi* bütin dünýäde parahatçylygy, saglygy we maddy hal-ýagdaýy saklamak maksady bilen, atom energiýasynyň has çalt we giňden peýdalanylmagyny, *ikinjisi* bolsa Agentlik tarapyndan berilýän kömegiň harby maksatlar üçin peýdalanylmazlygyny üpjün etmekdir.

Atom energiýasy çäginde ylmy-barlag işine we onuň parahatçylykly maksatlar üçin amaly taýdan peýdalanylmagyna ýardam etmek; atom energiýasyny parahatçylykly maksatlar üçin ulanmak baradaky ylmy we tehniki maglumatlaryň, ylmy işgärleriň we bilermenleriň alyş-çalşyna ýardam etmek; saglygy goramak üçin howpsuzlyk ka-

dalaryny kesgitlemek we ulanmak, ýaşaýyş üçin howpy azaltmak we şuňa meňzeş başga meseleler Agentligiň borçlary bolup durýar.

AEHA-nyň barlag çäreleriniň ulgamynyň esasynda ýadro obýektlerine we bölünýän materiallara gözegçilik ýörelgesi ýatandyr. Munuň üçin AEHA döwletler bilen kepilnamalar barada ylalaşyklar baglaşýar. Ýadro ýaragy bolmadyk döwletler şeýle ylalaşyklar boýunça ýadro tehnologiýalar peýdalanylýan özüniň ähli işine AEHA-nyň kepilnamalaryny goýmaga borçludyrlar.

Agentlik şeýle hem ýadro ýaragynyň ýaýradylmazlygy meseleleri boýunça halkara şertnamalaryň ýerine ýetirilmegine gözegçiligi amala aşyrýar.

2005-nji ýylda AEHA we onuň şol wagtky Baş direktory Muhammet al-Baradeý atom energiýasynyň harby maksatlar üçin ulanylmagynyň öňüni almakda we onuň ulanylmagynyň has hem howpsuz tärlerini üpjün etmek boýunça tagallalary üçin Nobel parahatçylyk baýragyna mynasyp boldular.

2008-nji ýylyň oktýabrynda AEHA Wenada atom elektrik stansiýalaryny we beýleki ýadro obýektleri ýeriň titremeginden goramaklygyň global tagallalaryny sazlaşdyrmak maksady bilen, täze halkara merkez açyldy. Elbetde, seýsmik howpsuzlygy boýunça bu halkara merkez AEHA-nyň düzüminiň aýrylmaz bölegi bolup durýar, onuň wezipesi bolsa bütin dünýä boýunça ýadro obýektleriň seýsmik howpsuzlygy barada maglumatlary ýygnamakdan we döwletlere tehniki kömegi bermekden ybaratdyr. Merkez ýer titremeleriň netijelerini azaltmak boýunça maslahatlar, durli çareleri işläp taýýarlaýar we tebigy betbagtçylyga baha bermek boýunça iş alyp barýar.

2005-nji ýylda Türkmenistan bilen AEHA-nyň arasynda ýadro ýaragynyň ýaýradylmazlygy baradaky şertnama bilen baglanyşykly kepillendirmeleri ulanmak hakyndaky Ylalaşyga we Goşmaça teswirnama gol çekildi. Munuň özi ählumumy parahatçylygyň we howpsuzlygyň bähbitleri üçin konstruktiw hyzmatdaşlygyň ýolunda möhüm ädim boldy. Bu resminamanyň esasynda Türkmenistan her ýyl Agentlige kepillendirmäge degişli ýadro we ionizirleýji materiallaryň, şeýle hem ýadro we ionizirleýji çeşmeler ulanylan ýokary takyklykdaky enjamlaryň hasabatyny ýöretmek boýunça maglumatlary berýär.

2007-nji ýylda taraplaryň ylalaşmagy boýunça Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Ylym we tehnika baradaky ýokary geňeşiň (häzir Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň) «Gün» ylmy-önümçilik birleşigine AEHA bilen gatnaşyk edýän milli edaranyň

statusy berildi, onuň üstüne gözegçilik etmek we hasabat resminamalaryny taýýarlamak, dahylly ministrlikleriň we pudak edaralarynyň işgärleri üçin tälim berýän seminarlary hem-de treningleri bilelikde geçirmek boýunça wezipeler ýüklenildi.

2009-njy ýylyň 18-19-njy martynda Aşgabatda «Gün» ylmy-önümçilik birleşigi we AEHA tarapyndan «Deslapky ýüze çykaryş gurallarynyň kömegi bilen ionizirleýän elementleriň ýadro materiallaryndan fiziki taýdan goranmaklygy» atly tema boýunça seminar geçirildi. Bu duşuşygyň çäklerinde deslapky ýüze çykaryş gurallarynyň häzirki zaman, iň täze görnüşleriniň tanyşdyrylyş çäresi geçirildi. AEHA-nyň türkmen tarapyna hödürlän enjamlary diňe bir howply radioaktiw maddalaryň bardygyny çalt ýüze çykarmak bilen çäklenmän, eýsem onuň koduny kesgitlemäge, olaryň çeşmesini deňeşdirip görmäge mümkinçilik berdi.

*AEHA-nyň ştab-jaýy Wena şäherinde (Awstriýa) ýerleşýär.*

**Soraglar:**

1. AEHA haçan döredildi we şu günki gün näçe döwlet onuň agzasy bolup durýar?
2. AEHA-nyň iň ýokary edaralary barada näme bilýärsiňiz?
3. Düzgünnama laýyklykda AEHA öz işinde haýsy iki sany esasy maksada ýetmäge ymtylýar?
4. Atom elektrik stansiýalaryny we beýleki ýadro obýektleri ýeriň titremeginden goramaklygyň global tagallalaryny sazlaşdyrmak bilen meşgul bolýan merkez nirede we haçan açyldy?
5. Türkmenistan bilen AEHA-nyň arasynda ýadro ýaragynyň ýaýradylmazlygy baradaky şertnama bilen baglanyşykly kepillendirmeleri ulanmak hakyndaky Ylalaşyga we Goşmaça teswirnama haçan gol çekildi?

## §3. Bütindünýä söwda guramasy (BSG) (World Trade Organization – WTO).

Halkara söwdanyň ösmeginde esasy rol halkara ykdysady guramalara degişlidir. Şeýle guramalardan iň möhümi 1995-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan bäri hereket edýän Bütindünýä söwda guramasydyr. BSG-niň döredilmezinden öň 1947-nji ýylyň oktýabrynda 23 ýurt tarapyndan kabul edilen we 1948-nji ýylyň ýanwarynda güýjüne giren nyrhlar we söwda boýunça Baş ylalaşyk (NSBY) General Agreement on Tariffs and Trade (GATT) hereket edipdi.

Wagtlaýyn ylalaşyk hökmünde kabul edilen NSBY-niň çäklerinde iş tapgyrlaýyn görnüşde alnyp barlypdy we olarda halkara söwdanyň möhüm meseleleri boýunça ylalaşyklar kabul edildi. Işiň soňky tapgyry 1986–1994-nji ýyllar aralygynda Urugwaýda bolup geçdi we Urugwaý tapgyrynyň (Uruguay Round) jemleýji resminamasyna laýyklykda Bütindünýä söwda guramasy döredildi.

Nyrhlar we söwda boýunça Baş ylalaşyk köptaraplaýyn halkara ylalaşyk bolup, ol özünde hukuk kadalarynyň toplumyny jemleýärdi. Şol kadalara bolsa gatnaşyjy ýurtlaryň arasyndaky söwda gatnaşyklar esaslanýardy. NSBY şeýle hem halkara guramady we ol söwda meseleleri boýunça maslahat berýärdi, gepleşikleri alyp barýardy.

NSBY-niň ýerine gelen *Bütindünýä söwda guramasy BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasy däldir*, soňkularyň arasynda hukuk taýdan ylalaşyk hem baglaşylan däldir. Bu guramalaryň arasyndaky özara gatnaşyklar BMG-niň we BSG-niň sekretariatlarynyň ýolbaşçylarynyň arasynda hat alyşmaklygyň esasynda gurulýar. 1995-nji ýylyň oktýabrynda alşylan hatlarda guramalaryň arasynda ýakyn hyzmatdaşlygyň zerurlygyna bolan ynam aňladyldy we BMG-niň we NSB-niň arasynda bolan özara gatnaşyklaryň esasynda ylalaşygyň tekstiniň işlenilmeginiň dowam etdirilmegine bolan isleg tassyklanyldy.

BSG-niň maksatlary doly işliligi üpjün etmekdir; önümçiligi, harytlaryň we hyzmatlaryň söwda alyş-çalşygyny ösdürmekdir; uzakmöhletli ösüşi, daşky gurşawy goramaklygy we saklamaklygy üpjün etmek maksady bilen çig mal çeşmelerinden amatly peýdalanmakdyr.

BSG şu maksatlaryna ýetmek üçin özüniň bäş sany esasy borjuny ýerine ýetirýär: BSG baradaky Ylalaşygy düzýän köptaraplaýyn söwda ylalaşyklary babatda administratiw wezipeleri amala aşyrýar we olaryň ýerine ýetirilişini guraýar; BSG-niň agzalarynyň arasynda köptaraplaýyn söwda gepleşikleri geçirmegiň forumy bolup çykyş edýär; BSG-niň agzalarynyň arasynda söwda dawalarynyň çözülmegine ýardam edýär; söwda çäginde öz agzalarynyň milli syýasatyna syn edýär; global ykdysadyýet çäginde syýasy ugry işläp taýýarlaýan beýleki halkara edaralary bilen hyzmatdaşlygy amala aşyrýar.

BSG-niň wezipeleri belli düzgünlere esaslanýan ulgamyň çäklerinde söwdany tertibe salmaklyga kömek bermekdir, hökümetleriň arasyndaky söwda dawalarynyň parahatlyk bilen çözülmegine ýar-

dam etmekdir, söwda boýunça gepleşikleri guramakdyr. Bu işiň esasynda BSG-niň 60-dan hem gowrak ylalaşyklary ýatandyr. Olar halkara söwdasynyň syýasatynyň esasy hukuk kadalarydyr. Şol ylalaşyklaryň esaslanýan ýörelgeleri-hukuklary kemsitmegiň bolmazlygyny, söwdanyň has erkin şertlerini, bäsleşigiň höweslendirilmegini, has pes ösen ýurtlar üçin goşmaça ýagdaýlary özlerinde jemleýär. BSG-niň maksatlarynyň esasylaryndan biri, ol hem proteksionizme, ýagny ýaşyrmaklyga, ýaranlyk etmeklige garşy göreşdir.

BSG halkara söwdanyň «goragçysydyr», ol aýry-aýry agzalar tarapyndan amala aşyrylýan söwda düzgünlerine wagtal-wagtal baha berýär. BSG-niň edaralary söwda dawalaryna getirip biljek guramanyň agzalarynyň we BSG-ne girmeýän döwletleriň göz öňünde tutýan çärelerine hem seredýärler. Şeýle hem BSG-niň agzalary guramany söwda çäreleri barada jikme-jik habardar etmäge we onuň giň maglumat esasynyň alnyp barylmagy üçin oňa statistika boýunça delilleri bermäge borçludyr. BSG-niň agzalarynyň arasyndaky söwda dawalarynyň ikitaraplaýyn esasda tertibe salynmadyk halatynda, olar dawalary tertibe salmak boýunça BSG-niň edarasyna geçirilýär.

Bütindünýä söwda guramasynyň kararlary, adatça, konsensus bilen kabul edilýär. BSG-niň **ýokary edarasy** ähli agza döwletleriň wekillerinden durýan *Ministrleriň Maslahatydyr* (the Ministerial Conference) we ol öz mejlislerine iki ýylda bir gezek ýygnanýar. Ministrleriň Maslahatynyň BSG-niň islendik köptaraplaýyn söwda ylalaşyklarynyň hereketiniň çägine girýän ähli meseleler boýunça kararlary kabul etmäge ygtyýarlygy bardyr.

Ministrler Maslahatynyň mejlisleriniň arasyndaky arakesmelerde onuň wezipesini *Baş geňeş* (General Council) ýerine ýetirýär. Baş geňeş harytlar boýunça Geňeşden, hyzmatlar boýunça Geňeşden, intellektual eýeçiligi boýunça Geňeşden hasabat alýar. BSG-da köp sanly komitetler we işçi toparlar döredilendir. Ähli edaralaryň işiniň tehniki üpjünçiligini Sekretariat amala aşyrýar. Sekretariata Ministrleriň Maslahaty tarapyndan bellenilýän Baş direktor ýolbaşçylyk edýär.

*BSG-niň ştab-jaýy Ženewa şäherinde (Şweýsariýa) ýerleşýär.*

BSG döredilende nyrhlar we söwda boýunça Baş ylalaşygyň agzalary bolan 135 döwletiň ählisi bada-bat täze guramanyň agzalary boldular. Häzir 150-den gowrak döwlet BSG-niň agzasydyr.

Söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk Türkmenistanyň öz ykdysady kuwwatyny berkitmäge gönükdirilen syýasatynyň möhüm ugry bolup durýar. Munuň şeýledigine 2013-nji ýylyň 24-nji ýanwarynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Türkmenistanyň Bütindünýä söwda guramasyna girmegi bilen bagly meseleleri öwrenmek boýunça Hökümet toparyny döretmek we zerur bolan degişli işleri geçirmek hakyndaky Karara gol çekmegi hem aýdyň şaýatlyk etdi. Başgaça aýdylanda, döwlet Baştutanymyz Hökümet toparynyň bilermenleriniň öňünde ýurdumyzyň BSG-ne girmegi bilen baglylykda ykdysady netijelere baha bermek, bu gurama goşulmagyň has bähbitli şertlerini işläp taýýarlamak ýaly wezipeler goýdy.

Şu ýerde ozaly bilen BSG-ne girmegiň tertibiniň köp taraplydygyny we onuň «Bütindünýä söwda guramasyny döretmek barada» Marrakeş ylalaşygynyň XII maddasyna laýyklykda kesgitlenýändigini, şeýle hem Gurama girmekligiň gidişiniň ençeme basgançaklardan durýandygyny nygtap geçeliň.

Bütindünýä söwda guramasyna girmeklik bilen bagly görülýän çäreler, elbetde, Türkmenistanyň uzakmöhletleýin bähbitlerine, ykdysadyýetiň globallaşmagynyň dünýä meýillerine laýyk gelýändigi bilen şertlendirilýär. Sebäbi Türkmenistanyň BSG-na kabul edilmegi bilen oňa halkara guramanyň ähli agzalary tarapyndan has amatly düzgün elýeterli edilýär, hemmeler tarapyndan kabul edilen ykdysady ýeňillikler berilýär. Mundan başga-da, döwletara söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň ygtybarly ykdysady-hukuk esasynyň döredilmegi milli kanunçykaryjylyk binýadyň we ony ulanmaklygyň tejribesiniň kämilleşmegine ýardam eder. Galyberse-de, BSG-niň ulgamy diňe bir söwdany däl, eýsem ylmy-tehniki ösüşi hem höweslendirmek bilen, döwrebap tehnologiýalaryň ülňülerini (standartlaryny) hem kesgitleýär. Şunlukda, öz ykdysadyýetini diwersifikasiýalaşdyrýan we döwrebaplaşdyrýan, uly möçberli durmuş-ykdysady maksatnamalary we taslamalary durmuşa geçirýän Türkmenistan üçin häzirki zaman tehnologiýalarynyň hem has-da elýeterli boljakdygy aýdyňdyr.

Şunlukda, Türkmenistanyň Bütindünýä söwda guramasyna girmegi boýunça ýurdumyzda alnyp barylýan iş geljekde dünýäde biziň ýurdumyzyň pozisiýalaryny pugtalandyrmaga global proseslere diňe bir işjeň gatnaşmaklyga bolan mümkinçiliklere däl, eýsem öz hu-

susy bäsdeşlik artykmaçlyklaryndan hem has gowy peýdalanmaklyga gönükdirilendir. Bu bolsa halkara giňişliginde döwletimiziň ykdysady statusynyň ýokarlanmagyna getirer, karz pullaryň we maýa goýumlaryň akymynyň güýçlenmegine ýardam eder.

**Soraglar:**

1. Bütindünýä söwda guramasy haýsy resminama laýyklykda haçan döredildi?
2. Bütindünýä söwda guramasy BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasymy?
3. BSG-niň maksady, esasy borjy we wezipesi nämeden ybarat?
4. BSG-niň kararlary nähili kabul edilýär?
5. BSG-niň edaralary barada näme bilýärsiňiz?
6. Türkmenistan Bütindünýä söwda guramasynyň agzasymy?

**ОРГАНИЗАЦИЯ ОБЪЕДИНЕННЫХ НАЦИЙ** **A**

**Генеральная Ассамблея**

Distr.
GENERAL

A/RES/46/229
20 July 1992

Сорок шестая сессия
Пункт 20 повестки дня

РЕЗОЛЮЦИЯ, ПРИНЯТАЯ ГЕНЕРАЛЬНОЙ АССАМБЛЕЕЙ

[без передачи в главные комитеты (A/46/L.64 и Add.l)]
46/229.

Прием Туркменистана в члены Организации Объединенных Наций

Генеральная Ассамблея,

получив рекомендацию Совета Безопасности от 7 февраля 1992 года о приеме Туркменистана в члены Организации Объединенных Наций 1/,

рассмотрев заявление Туркменистана о приеме в члены Организации 2/,

постановляет принять Туркменистан в члены Организации Объединенных Наций.

82-е пленарное заседание.
2 марта 1992 года

1/ A/46/871.
2/ A/46/856-S/23489 и Согг.1
92-34722 (R13N)479

**ОРГАНИЗАЦИЯ**
**ОБЪЕДИНЕННЫХ НАЦИЙ**

**A**

## Генеральная Ассамблея

Distr.
GENERAL

A/RES/5080
11 January 1996

Пятидесятая сессия
Пункт 81 повестки дня

РЕЗОЛЮЦИИ, ПРИНЯТЫЕ ГЕНЕРАЛЬНОЙ АССАМБЛЕЕЙ

[по докладу Первого комитета (A/50/601)]

50/80. Поддержание международной безопасности

A

Постоянный нейтралитет Туркменистана

Генеральная Ассамблея,

рассмотрев вопрос о постоянном нейтралитете Туркменистана,

подтверждая суверенное право каждого государства независимо определять свою внешнюю политику в соответствии с нормами и принципами международного права и Устава Организации Объединенных Наций,

приветствуя законодательное закрепление Туркменистаном статуса постоянного нейтралитета,

приветствуя также стремление Туркменистана к активной и позитивной роли в развитии мирных, дружественных и взаимовыгодных отношений со странами региона и государствами всего мира,

выражая надежду на то, что статус постоянного нейтралитета Туркменистана будет содействовать укреплению мира и безопасности в регионе,

принимая во внимание поддержку, оказанную Движением неприсоединившихся стран и Организацией экономического сотрудничества статусу постоянного нейтралитета Туркменистана,

признавая, что принятие Туркменистаном статуса постоянного нейтралитета не затрагивает выполнение его обязательств, вытекающих из Устава, и будет способствовать достижению целей Организации Объединенных Наций,

1. признает и поддерживает провозглашенный Туркменистаном статус постоянного нейтралитета;

2. призывает государства – члены Организации Объединенных Наций уважать и поддерживать этот статус Туркменистана, уважая также его независимость, суверенитет и территориальную целостность.

90-е пленарное заселание.
12 декабря 1995 года

96-76125

# NETIJE

1991-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda öz garaşsyzlygyna eýe bolmak bilen, Türkmenistan özüne mahsus bolan ösüş ýoluny, türkmen halkynyň pähim-paýhasyndan, onuň telim asyrlyk däp-dessurlaryndan syzylyp çykýan milli tejribesiniň esasynda turuwbaşdan bitarap daşary syýasy nusgany saýlap aldy. Halkara bileleşiginiň her bir agzasynyň syýasy, harby, ykdysady, ynsanperwer we beýleki çäklerde howpsuzlygyny üpjün etmäge borçly bolan, deňhukuklylyga, özara hormata we özarapeýdaly hyzmatdaşlyga esaslanýan halkara gatnaşyklaryň durnukly ulgamyny islän Türkmenistan, 1992-nji ýylyň 2-nji martynda halkara gatnaşyklaryny tertibe salmagyň we dünýä syýasatyny utgaşdyrmagyň merkezi, özüniň taýsyzlygyny subut eden, dünýäde iň iri halkara hökümetara, köptaraplaýyn gurama bolan Birleşen Milletler Guramasynyň doly hukukly agzasy boldy. Ýurtda dünýewi, hukuk, demokratik döwleti gurmaklygy meýilleşdiren ýaş Türkmen döwletiniň progressiw içerki we daşary syýasatynyň Birleşen Milletler Guramasynyň maksatlaryna we wezipelerine laýyk gelmegi, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy barada BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan ýörite rezolýusiýanyň kabul edilmegi ýurdumyza ählumumy abadançylygyň we gülläp ösüşiň hatyrasyna halkara giňişliginde giň konstruktiw gepleşikler nukdaýnazaryndan çykyş etmek bilen, BMG-si we onuň köpsanly esasy gurluşlary bilen köptaraplaýyn gatnaşyklary ýola goýmaga we ösdürmäge, hyzmatdaşlygyň gymmatly tejribesini toplamaga mümkinçilik berdi. BMG-niň esasy halkara resminamalaryna goşulmak bilen, Türkmenistan öz üstüne alan borçnamalaryny gyşarnyksyz ýerine ýetirýär, iş ýüzünde parahatçylyk söýüjilik, ynsanperwerlik ýörelgelerine hemişe wepalydygyny tassyklaýar.

Häzirki döwürde iki tarapdan hem strategiki häsiýet berlen Türkmenistanyň we BMG-niň hyzmatdaşlygy täze ösüşe we mazmuna eýe boldy we ozaly bilen munuň özi dünýä bileleşiginiň işlerinde Türkmenistanyň işjeň pozisiýasy, onuň häzirki zamanyň möhüm meseleleriniň çözülmegine hakyky ýardam bermek islegi bilen şertlendirildi. 2007-nji ýylyň dekabrynda Aşgabatda BMG--niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Sebit

merkeziniň açylmagy uzak möhletli gelejege gönükdirilen ikitaraplaýyn özarahereketiň hakyky netijesi boldy.

Türkmenistanyň energetika howpsuzlygyny, ählumumy ýaragsyzlanmagy üpjün etmek, daşky gurşawy goramak, halkara ulag-aragatnaşyk geçelgelerini döretmek, Owganystandaky ýagdaýy parahatçylykly ýol bilen kadalaşdyrmak babatda öňe süren başlangyçlary halkara gün tertibine girizilen möhüm meseleleri çözmeklige gönükdirilendir. Dünýä bileleşiginiň goldawyna mynasyp bolan bu başlangyçlar häzir anyk many-mazmun bilen baýlaşyp, adamzady biynjalyk edýän meseleler boýunça açyk, gyzyklanma bildirilýän gepleşiklere öwrülýär.

Şunlukda, Türkmenistanyň doly hukukly agza hökmünde BMG-na giren pursatyndan bäri geçen wagtyň içinde biziň ýurdumyz milletleriň dünýä bileleşigine goşuldy, sebitde syýasy durnuklylygy saklamak, hoşniýetli goňşuçylygy, dostlugy we hyzmatdaşlygy ösdürmek işinde BMG-niň ygtyýarly we netijeli hyzmatdaşyna öwrüldi, BMG-niň ähmiýetli ornuny pugtalandyrmak ugrunda yzygiderli çykyş etdi. Özüniň «TÜRKMENISTAN– BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASY: HYZMATDAŞLYGA 20 ÝYL» atly halkara maslahata gatnaşyjylara ýollan gutlagynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow «Garaşsyz, Bitarap döwletimiziň Birleşen Milletler Guramasyna deňhukukly we doly derejeli agza bolmagynyň 20 ýyllygyny Türkmenistanyň daşary syýasatynyň we halkara gatnaşyklarynyň taryhyna altyn harplar bilen ýazyljak şanly sene» diýip atlandyrdy.

Türkmenistan ählumumy özara hyzmatdaşlygyň bütin häzirki zaman ulgamynyň esasy guraly, dünýäde parahatçylygy pugtalandyrmagyň hem-de bähbitleriň deňeçirligini saklamagyň, bar bolan ählumumy howpsuzlyk ulgamynyň durnuklylygyny üpjün etmegiň kepili hökmünde Birleşen Milletler Guramasynyň gelejegine uly baha berýär we şunlukda, BMG bilen hyzmatdaşlygyň Guramanyň ähli agza döwletleriniň bähbitlerine laýyk gelýänliginden ugur alýar. Hut şonuň üçin hem, Türkmenistan BMG-niň merkezi we utgaşdyryjy roluny pugtalandyrmak ugrunda hemişe çykyş edýär, ähli halklar üçin durnukly, howpsuz we adalatly dünýäni gurmak boýunça Guramanyň

tagallalaryny goldaýar, ählumumy parahatçylygyň we ösüşiň hatyrasyna oňaýly halkara gepleşikleriň işjeňleşmegine gelejekde hem hemmetaraplaýyn ýardam etmäge, adamzady birahatlandyrýan möhüm meseleleriň çözülmegine işjeň gatnaşmaga özüniň taýýardygyny birsyhly tassyklaýar. Hususan-da, Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2013–2017-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynda Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlygynyň strategik häsiýete eýe bolup durýandygynyň, biziň ýurdumyzyň hemişe bu abraýly Guramanyň öz üstüne alan wezipeleriniň derejesinde boljakdygynyň nygtalyp geçilmegi, şeýle hem, 2015-nji ýyldan soňky döwür üçin BMG-niň ählumumy gün tertibiniň işlenip taýýarlanylmagyna goşant hökmünde doklad taýýarlamak maksady bilen, 2013-nji ýylyň başynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň ýanynda «Türkmenistan–BMG» Strategiki maslahatlaşyş geňeşiniň döredilmegi we onda maý aýynyň aýagyna çenli bolan döwrüň içinde Türkmenistanyň BMG, şol sanda onuň Türkmenistanda işleýän agentlikleri bilen hyzmatdaşlygynyň häzirki ýagdaýy we geljegi bilen bagly meselelere düýpli seredilmegi munuň aýdyň subutnamasy boldy.

Öz gezeginde Birleşen Milletler Guramasy Türkmenistanda özüniň ynamdar we jogapkärçilikli hyzmatdaşyny görýär. «Häzirki wagtda biziň has köp duçar bolýan meselelerimiz döwlet çäklerinden çykýar. Bu çylşyrymly meseleler we olar bilen bagly wezipeleri çözmek sabyrlylygy, aýgytlylygy we hyzmatdaşlygy, köplenç halatda bolsa netijeli gatnaşyklary saklamak maksady bilen, ählumumy möçberde toparlaýyn tagallalary talap edýär.

BMG çalt üýtgäp durýan dünýä bilen aýakdaş gider diýip umyt edýärin hem-de dünýä bileleşiginiň biziň işimiziň ähli ugurlarynda: ösüş, parahatçylyk we howpsuzlyk hem-de adam hukuklary barada düýpli, ähmiýetli netijeleri gazanjakdygyna ynanýaryn.

Ähli halklar üçin durnukly, howpsuz we adalatly dünýäni kemala getirmekde biziň tagallalarymyzda Türkmenistanyň öňbaşçylyk etjekdigine, oňa ygrarlydygyna we ony goldajakdygyna bil baglap biljekdigime şatdyryn» diýlip, BMG-niň Baş sekretary Pan Gi Munyň Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni mynasybetli 2011-nji ýylyň 2-nji noýabrynda ýollan gutlagynda aýdyldy.

Şol bir wagtyň özünde hem halkymyzyň we döwletimiziň jebisliginiň, jemgyýetimiziň agzybirliginiň Türkmenistanyň içerki we

daşary syýasatynyň üstünlikleriniň esasy şerti bolup durýandygy, şeýle hem daşary syýasatymyzyň üstünlikleriniň we ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň, tutuş içerki syýasy durmuşynyň üstünlikleriniň arasynda aýrylmaz arabaglanyşygyň bardygy aýdyňdyr. Durmuş-ykdysady ösüşiň dürli çäklerinde ýurdumyzyň her bir üstünligi onuň daşary syýasy kuwwatyny, halkara giňişliginde onuň oňaýly hereketlere bolan başarnygyny pugtalandyrýar. Şonuň üçin hem ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň barha ýokary göterilmeginden, täze tehnologiýa meselesinde onuň öňdebaryjy sepgitlere çykmagyndan, umuman Türkmenistanyň raýatlarynyň hereketlerinden, şol sanda geljekki türkmen diplomatlarynyň, ykdysadyýetçileriň, hukukçylaryň öz saýlap alan kärleri boýunça çuňňur bilim edinmeklerinden, olaryň syýasy we hukuk medeniýetinden, giň gözýetiminden biziň daşary syýasatymyzda hem köp zatlaryň bagly boljakdygy bellidir.

Şu jähtden, «Birleşen Milletler Guramasy we onuň ulgamy» atly şu okuw kitabynyň awtory diplomatiýanyň köptaraplaýyn forumy bolan BMG-niň ulgamynyň mysalynda döwletleriň arasynda bar bolan aýry-aýry meseleleri ýa-da meseleleriň toplumyny çözmegiň has täsirli serişdelerinden biri hökmünde Birleşen Milletler Guramasynyň ulgamyna doly düşündiriş berýän, BMG-niň we onuň ulgamyna girýän halkara guramalaryň diplomatik işiniň aýratynlyklaryny düşündirýän, olaryň işjeňliginiň çägini kesgitleýän, köptaraplaýyn diplomatiýany amala aşyrmagyň mehanizminden, tärlerinden we usullaryndan baş çykarmaga, onuň geçmişine baha bermäge, ýakyn geljegine göz aýlamaga, galyberse-de, BMG-niň ulgamynda işleýän adamlara bildirilýän talaplaryň häsiýetini ýüze çykarmaga kömek edýän, umuman, BMG we onuň ulgamy barada bilimleriň we tejribäniň örän möhüm çeşmesi bolup durýan şu kitabyň geljekki diplomatlar tarapyndan gowy özleşdirilmegine degerli derejede ýardam etjekdigine, onuň ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň ençeme nesline hyzmat etjekdigine berk ynam bildirýär.

## Birleşen Milletler Guramasynyň ýöriteleşdirilen agentlikleriniň, kömekçi edaralarynyň we ýöriteleşdirilen edaralarynyň sanawy

## Birleşen Milletler Guramasynyň Türkmenistanda hemişelik esasda işleýän ýöriteleşdirilen agentlikleri

| T/b | Ady, dörän wagty | Maksady | Ýokary we Ýerine ýetiriji edaralary | Guramanyň (edaranyň) işini düzgünleşdirýän konwensiýa | Ştab-jaýy | Türkmenistanyň gurama agza bolan wagty |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1. | BMG-niň Ösüş maksatnamasy (BMGÖM) 1965-nji ýyl | Ykdysady we durmuş ösüşini çaltlandyrmak boýunça ösüp barýan ýurtlaryň tagallalaryna ýardam bermek, şeýle hem degişli çäreleriň üsti bilen olara täze halkara ykdysady tertibiň berkarar edilmegi boýunça hereketleriň maksatnamasyny durmuşa geçirmekde kömek bermek. | Dolandyryjylar Geňeşi; Administrator | BMG-niň BA-nyň 1965-nji ýylyň 22-nji noýabryndaky rezolýusiýasy | Nýu - Ýork (ABŞ) | 1993-nji ýylyň 6-njy oktýabrynda Türkmenistanyň we BMG-niň ÖM-niň arasynda hyzmatdaşlyk hakyndaky Ylalaşyga gol çekildi. |
| 2. | BMG-niň Çagalar gaznasy (UNICEF) 1946-njy ýyl | Olaryň maksady jyns aýratynlygyna, dini we syýasy ynamlaryna garamazdan, çagalaryň we ýaşlaryň durmuş şertlerini gowlandyrmak bolup durýar. | Ýerine ýetiriji Geňeş; Ýerine ýetiriji direktor | BMG-niň BA-nyň 1946-njy ýylyň 11-nji dekabryndaky rezolýusiýasy; Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýa | Nýu - Ýork (ABŞ) | 1992-nji ýylyň 2-nji marty |

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 3. | BMG-niň Ilat Gaznasy (BMGIG) 1967-nji ýyl | Erkekleriň, aýallaryň we çagalaryň sagdyn durmuşa bolan birmeňzeş hukuklaryny goramak üçin birmeňzeş mümkinçilikleri üpjün etmekden ybarat bolup durýar. | Ýerine ýetiriji Geňeş; Ýerine ýetiriji direktor | BMG-niň BA-nyň 1966-njy ýylyň 17-nji dekabrynda kabul edilen rezolýusiýasy. | Nýu - Ýork (ABŞ) | 1992-nji ýylyň 2-nji marty;<br>2011-nji ýylyň 28-nji aprelinde Türkmenistan 2012-2015-nji ýyllar döwri üçin BMG-niň Ilat we ösüş boýunça Komissiýasyna saýlandy. |
| 4. | BMG-niň Bosgunlaryň işi boýunça Ýokary Komissarynyň Müdirligi (BÝKM) 1950-nji ýyl | Bosgunlaryň halkara goragyny üpjün etmek; bosgunlar babatda halkara hukuk resminamalarynda bar bolan borçlary üpjün etmek; bosgunlaryň meseleleriniň uzakmöhletleýin çözgitlerini gözlemek. | Ýokary Komissar;<br>Ýerine ýetiriji komitet | BÝKM-niň Düzgünnamasy (1951);<br>Bosgunlaryň statusy hakyndaky Konwensiýa (1951);<br>Bosgunlaryň statusy hakyndaky Protokol (1967) | Ženewa (Şweýsariýa) | 2011-nji ýylyň 28-nji aprelinde Türkmenistan 2012-2015-nji ýyllar döwri üçin BMG-niň BÝK-nyň Maksatnamasynyň Ýerine ýetiriji komitetiniň agzalygyna saýlandy. |
| 5. | BMG-niň Neşe serişdeleri we Jenaýat çylyga garşy göreş boýunça Müdirligi (BMG NSJGGM) 1997-nji ýyl | Neşe serişdelerine, halkara guramaçylykly jenaýatçylyga we korrupsiýa garşy göreşmek baradaky konwensiýalary ýerine ýetirmek, jenaýatçylyk boýunça kazyýet önümçiligini kämilleşdirmek, terrorçylygyň we adam söwdasynyň öňüni almak boýunça agza döwletlere ýardam bermek. | Ýerine ýetiriji direktor | Neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalarynyň bikanun dolanyşygyna garşy göreşmek boýunça 1961-nji, 1971-nji, 1988-nji ýyllarda kabul edilen konwensiýalar;<br>Jenaýatçylygy duýdurmak boýunça BMG-niň BA-sy tarapyndan 1991-nji ýylda kabul edilen BMG-niň Maksatnamasy | Wena (Awstriýa) | 1995-nji ýylda Türkmenistanda BMG-niň NSJGGM-niň wekilhanasy açyldy;<br>2011-nji ýylyň 28-nji aprelinde Türkmenistan 2012-2015-nji ýyllar döwri üçin BMG-niň Neşe serişdeleri baradaky komissiýasyna saýlandy. |

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 6. | Halkara migrasiýa guramasy (HMG) 1951-nji ýyl | Migrantlaryň we olaryň maşgalalarynyň, kabul edýänleriň we ugradýanlaryň durmuş-ykdysady taýdan ösmegini höweslendirmek, döwletara gatnaşyklaryny ilerletmek, zähmetkeş migrantlaryň hukuklaryny ileri tutmak we goramak, olara tutuş migrasiýa döwrüniň dowamynda kömek bermek. | Ýerine ýetiriji direktor | Halkara zähmet gutamasynyň 1962-nji, 1975-nji ýyllarda kabul edilen 118, 149 belgili konwensiýalary; Ähli zähmetkeş-migrantlaryň we olaryň maşgala agzalarynyň hukuklarynyň goragy hakyndaky 1990-njy ýylyň 18-nji dekabrynda Nýu-Ýorkda gol çekilen Halkara konwensiýasy. | Ženewa şäheri. (Şweýsariýa) | 2013-nji ýylyň 30-njy noýabry |
| 7. | BMG-niň Bütündünýä saglygy goraýyş guramasy (BSGG) 1948-nji ýyl | Ähli döwletler tarapyndan saglygyň mümkin bolan ýokary derejesiniň gazanylmagyna ýardam etmek. | Bütündünýä Assambleýa; Ýerine ýetiriji Geňeş. | BSGG-nyň Düzgünnamasy; (Konstitusiýasy) (1946 ý.) | Ženewa (Şweýsariýa | 1992- nji ýylyň maý aýy |

### Birleşen Milletler Guramasynyň kömekçi edaralary

| T/b. | Ady, dörän wagty | Maksady | Ýokary edarasy Ýerine ýetiriji edarasy | Guramanyň (edaranyň) işini düzgünleşdirýän konwensiýa | Ştab- jaýy | Türkmenistanyň gurama agza bolan wagty |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1.. | BMG-niň Ösüş maksatnamasy (BMGÖM) 1965-nji ýyl | Ykdyspady we durmuş ösüşini çaltlandyrmak boýunça ösüp barýan ýurtlaryň tagallalaryna ýardam bermek, şeýle hem degişli çäreleriň üsti bilen olara täze halkara ykdysady tertibiň berkarar edilmegi boýunça hereketleriň maksatnamasyny durmuşa geçirmekde kömek bermek. | Dolandyryjylar Geňeşi; Administrator | BMG-niň BA-nyň 1965-nji ýylyň 22-nji noýabryndaky rezolýusiýasy | Nýu - -Ýork (ABŞ) | 1993-nji ýylyň 6-njy oktýabrynda Türkmenistanyň we BMG-niň ÖM-niň arasynda hyzmatdaşlyk hakyndaky Ylalaşyga gol çekildi. |
| 2. | BMG-niň Çagalar gaznasy (UNICEF) 1946-njy ýyl | Olaryň jyns aýratynlygyna; dini we syýasy ynamlaryna garamazdan, çagalaryň we ýaşlaryň durmuş şertlerini gowulandyrmak bolup durýar. | Ýerine ýetiriji Geňeş; Ýerine ýetiriji direktor | BMG-niň BA-nyň 1946-njy ýylyň 11-nji dekabryndaky rezolýusiýasy; Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýa (1989) | Nýu - -Ýork (ABŞ) | 1992-nji ýylyň 2-nji marty |

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 3. | BMG-niň Ilat Gaznasy (BMGIG) 1967-nji ýyl | Erkekleriň, aýallaryň we çagalaryň sagdyn durmuşa bolan birmeňzeş hukuklaryny goramak üçin birmeňzeş mümkinçilikleri üpjün etmekden ybarat bolup durýar. | Ýerine ýetiriji Geňeş; Ýerine ýetiriji direktor | BMG-niň BA-nyň 1966-njy ýylyň 17-nji dekabrynda kabul edilen rezolýusiýa | Nýu - -Ýork (ABŞ) | 1992-nji ýylyň 2-nji marty |
| 4. | BMG-niň Daşky gurşaw boýunça maksatna-masy (UNEP) 1972 –nji ýyl | Daşky gurşawy seljer-mek we ekologiýanyň ýagdaýyna baha ber-mek, işiň esasy ugurlary boýunça maslahatlar ber-mek; ekologiýa howplary barada öz wagtynda duýdurmak, halkara hyzmatdaşlygyny we iň kämil ylmy-tehniki bazany ulanmak bilen işi işjeňleşdirmek we ösdürmek; durnukly ösüşiň bähbitle-ri üçin halkara ekologiýa hukugynyň ösmegini höweslendirmek we ş.m. meseleler bolup durýar. | Dolandyry-jylaryň Geňeşi. | BMG-niň daşky gurşaw we ösüş boýunça Maslahatynda kabul edilen “XXI asyr üçin gün tertibi” atly hereketleriň Mak-satnamasy (1992-nji ýylyň iýuny; UNEP-iň roly we mandaty bara-da Naýrobi Jarnamasy (1997) | Naýrobi (Keniýa) | |

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 5. | BMG-niň söwda we ösüş boýunça Maslahaty (UNCTAD) 1964 –nji ýyl | Ykdysady ösüşiň depginlerini ýokarlandyrmak maksady bilen, ýurtlaryň arasynda halkara söwdany höweslendirmek; halkara söwda we ykdysady ösüşiň meselelerine degişli ýörelgeleri we syýasaty işläp taýýarlamak, söwda boýunça hökümetleriň we halkara guramalaryň syýasatyny meýilleşdirmek bolup durýar. | Maslahat; Söwda we ösüş boýunça Geňeş | Bu Maslahaty döretmek barada BMG-niň BA-nyň19-njy sessiýasynda kabul edilen rezolýusiýa | Ženewa (Şweýsariýa) | |

## Birleşen Milletler Guramasynyň ýöriteleşdirilen edaralary

| T/b. | Ady, döränwagty | Maksady | Ýokary edarasy, Ýerine ýetiriji edarasy | Guramanyň (edaranyň) işini düzgünleşdirýän konwensiýa | Ştab-jaýy | Türkmenistanyň gurama agza bolan wagty |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1. | BMG-niň Halkara Zähmet Guramasy (HZG) 1919-njy ýyl | Sosial adalatlylygy höweslendirmek, zähmet boýunça halkara kadalaryň işlenip taýýarlanylmagyna we olaryň berjaý edilmegine gözegçilik etmek. | Zähmetiň Halkara maslahaty; Administratiw Geňeş | HZG-nyň Düzgünnamasy (1919 ý.) | Ženewa (Şweýsariýa) | 1993-nji ýylyň 24-nji sentýabry |

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 2. | BMG-niň Bütündünýä saglygy goraýyş guramasy (BSGG) 1948-nji ýyl | Ähl döwletler tarapyndan saglygyň mümkin bolan ýokary derejesiniň gazanylmagyna ýardam etmek. | Bütündünýä Assambleýa; Ýerine ýetiriji Geňeş. | BSGG-niň Düzgünnamasy (Konstitusiýasy) (1946 ý.) | Ženewa (Şweýsariýa | 1992-nji ýylyň maý aýy |
| 3. | BMG-niň bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy (UNESCO) 1946-njy ýyl | Ählumumy hormatyň, adam hukuklarynyň we ähli halklar üçin esasy azatlyklaryň üpjün edilmeginiň hatyrasyna ýurtlaryň arasynda bilim, ylym, medeniýet we maglumat çäklerinde halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek arkaly parahatçylygyň we howpsuzlygyň pugtalanmagyna ýardam etmek. | Baş Maslahat; Ýerine ýetiriji Geňeş | UNESCO-nyň Düzgünnamasy (1919 ý.) | Pariž (Fransiýa) | 1993-nji ýylyň 17-nji awgusty |
| 4. | Bütindünýä intellektual eýeçiligi guramasy (BIEG) 1967--nji ýyl | Bütündünýä intellektual eýeçiliginiň goralmagyna, bu babatda halkara ylalaşyklaryň durmuşa geçirilmegine ýardam etmek. | Baş Assambleýa; Maslahat; Utgaşdyryjy Komitet | BIEG-ni döretmek hakyndaky konwensiýa (1967);<br>BMG-niň we BIEG-iň arasyndaky Ylalaşyk (1974) | Ženewa (Şweýsariýa) | 1995 ý. |

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 5. | Bütindünýä syýahatçylyk guramasy (BSG) 1974-nji ýyl | Ykdysady ösüşe, halkara özara düşünişmeklige, parahatçylyga, gülläp ösmeklige, jynsyna, diline we dinine seretmezden, ähli adamlar üçin adam hukuklarynyň we esasy azatlyklarynyň hemmeler tarapyndan hormatlanylmagyna we berjaý edilmegine goşant goşmak maksady bilen, syýahatçylygyň ösmegine ýardam etmek. | Baş Assambleýa; Ýerine ýetiriji Geňeş | BSG-niň Düzgünnamasy (1970) | Madrid (Ispaniýa) | 1993-nji ýylyň 4-nji sentýabry. |
| 6. | BMG-niň senagat ösüşi boýunça guramasy (SÖG) 1967-nji ýyl | Ösüp barýan we geçiş ykdysadyýeti bolan ýurtlaryň senagat taýdan ösüşine, täze halkara ykdysady düzgüniň berkarar bolmagyna ýardam etmek. | Baş Maslahat; Senagat ösüş boýunça Geňeş | SÖG-niň Düzgünnamasy (1979); BMG-niň we SÖG-iň arasyndaky Ylalaşyk (1985) | Wena (Awstriýa) | |
| 7. | Halkara Pul Gaznasy (HPG) 1944-nji ýyl | Agza döwletleriň pul-maliýe syýasatyny utgaşdyrmak, olaryň töleg deňagramlylygyny tertibe salmak we puluň hümmetini saklamak üçin olara karz pul bermek. | Dolandyryjylar Geňeşi; Ýerine ýetiriji Geňeş | HPG-nyň Düzgünnamasy (1945) | Waşington (ABŞ) | 1992-nji ýylyň 22-nji sentýabry |

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 8. | Halkara abatlaýyş we ösüş banky (HAÖB) 1945-nji ýyl | Agza döwletleriň ykdysadyýetleriniň abatlaşmagyna we ösmegine ýardam etmek, hususy daşary ýurt maýa goýumlaryny höweslendirmek, önümçiligiň ösmegi üçin karz pul bermek. | Dolandyryjylar Geňeşi; Ýerine ýetiriji Geňeş | HAÖB-niň Ylalaşygynyň maddalary (1945) | Waşington (ABŞ) | 1992-nji ýylyň 31-nji sentýabry |
| 9. | Ösüşiň Halkara Assosiasiýasy (ÖHA) 1960-njy ýyl | Iň garyp ýurtlara karz pul bermek. | Dolandyryjylar Geňeşi; Ýerine ýetiriji Geňeş | ÖHA-nyň Düzgünnamasy (1960) | Waşington (ABŞ) | 1992-nji ýylyň 31-nji sentýabry |
| 10. | Halkara Maliýa Korporasiýasy (HMK) 1956-njy ýyl | Ösüp barýan ýurtlarda hususy sektory maliýeleşdirmek üçin karz pul bermek. | Dolandyryjylar Geňeşi; Direktorat | HMK-nyň Ylalaşygynyň maddalary (1956) | Waşington (ABŞ) | 992-nji ýylyň 31-nji sentýabry |
| 11. | Maýa goýumlara kepillik berýän köptaraplaýyn agentlik (MGKBKA) 1988-nji ýyl | Syýasy töwekgelçilikleriň netijesinde daşary ýurt maýadarlaryna ýetirilip bilinjek maliýe ýitgileri babatda kepilnama bermek bilen aýratyn hem ösüp barýan ýurtlarda önümçilik maksady üçin daşary ýurt maýa goýumlaryny höweslendirmek. | Dolandyryjylar Geňeşi; Direktorat | Maýa goýumlaryna kepillik berýän köptaraplaýyn agentligi döretmek hakyndaky Konwensiýa (1988) | Waşington (ABŞ) | 1992-nji ýylyň 31-nji sentýabry |

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 12. | Maýa goýum boýunça jedelleri kadalaşdyrýan halkara merkez (MBJKHM) 1965-nji ýyl | Hökümetleriň we hususy daşary ýurt maýa goýujylaryň arasynda ýaraşdyrmak boýunça hyzmatlary etmek, daşary ýurt maýa goýumlary hakyndaky kanunçylyk boýnça maslahatlary, teklipleri işläp taýýarlamak. | Administratiw Geňeş; Sekretariat | Döwletleriň we beýleki ýurtlaryň raýatlarynyň arasynda maýa goýum boýunça jedelleri kadalaşdyrmak baradaky Konwensiýa (1966) | Waşington (ABŞ) | 1992-nji ýylyň 31-nji sentýabry |
| 13. | Halkara Deňiz Guramasy (HDG) 1958-nji ýyl | Halkara söwda gämi gatnawy bilen bagly bolan dürli tehniki meseleleriň çözülmegi üçin döwletleriň arasynda hyzmatdaşlygy, deňizde ýüzmekligiň howpsuzlygyny üpjün etmek, gämilerden deňizleriň we ummanlaryň hapalanmagynyň öňüni almak. | Assambleýa; Geňeş | Hökümetara deňiz maslahat beriş guramasyny döretmek baradaky Konwensiýa (1958) | London (Beýik Britaniýa) | 1993-nji ýylyň 26-njy awgusty |
| 14. | Halkara Raýat Awiasiýasy Guramasy (HRAG) 1947-nji ýyl | Halkara aeronawigasiýanyň ýörelgelerini we usullaryny ösdürmek, uçarlar gatnaýan halkara howa ýollarynda uçuşlaryň howpsuzlygyny üpjün etmek, halkara howa ulagynyň meýilleşdirilmegine we ösmegine ýardam etmek. | Assambleýa; Geňeş | 1944-nji ýylyň Çikago Konwensiýasy | Monreal (Kanada) | 1993-nji ýylyň 2-nji iýuly. |

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 15. | Bütindüýä Poçta Birleşigi (BPB) 1874-nji ýyl | Poçta hyzmatlaryny guramaklygy we olary kämillerşdirmekligi üpjün etmek babatda halkara hyzmatdaşlygyna ýardam etmek. | Bütündünýä poçta Kongresi; Dolandyryjy Geňeş | BPB-niň 1964 -nji ýylda Wenada kabul edilen Konstitusiýasy | Bern (Şweýsariýa) | 1993-nji ýylyň 26-njy ýanwary |
| 16. | Halkara elektroaragatnaşyk Birleşigi (HEAB) 1865-nji ýyl | Hemra radio aragatnaşygyny hem goşmak bilen elektroaragatnaşygyň ähli görnüşlerini kämillerşdirmek we olardan dogry, tygşytly peýdalanmak, elektro we radio aragatnaşyklary babatda ösüp barýan ýurtlara tehniki kömek bermek, zyýanly päsgelçilikleri aradan aýyrmak üçin döwletleriň işini utgaşdyrmak. | Dolyhukukly Maslahat; Administratiw Geňeş | Halkara elektroaragatnaşyk Birleşiginiň Düzgünnamasy (1992) | Ženewa (Şweýsariýa) | 1993-nji ýylyň 7-nji maýy |

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 17. | BMG-nyň Azyk we Oba hojalyk guramasy (AOHG) 1945-nji ýyl | Halklaryň iýmitini gowulandyrmak we durmuş derejesini ýokarlandyrmak; oba hojalygynyň öndürilijigini artdyrmak; azyk we oba hojalyk harytlaryny paýlamak boýunça ulgamy kämilleşdirmek; oba ilatynyň hal-ýagdaýyny ýokary götermek we onuň durmuş şertlerini gowulandyrmak. | Maslahat; Geňeş 1993-nji ýylyň 2-nji iýuly | BMG-nyň Azyk we Oba hojalyk guramasynyň Konstitusiýasy (1945) | Rim (Italiýa) | |
| 18. | Oba hojalyk ösüşiniň halkara gaznasy (OHÖHG) 1977-nji ýyl | Oba hojalygynyň zerurlyklary üçin has garyp ösüp barýan ýurtlara bermek üçin donorlardan maliýe resurslary toplamak. | Dolandyryjylar Geňeşi; Ýerine ýetiriji Geňeş | Oba hojalyk ösüşiniň halkara gaznasyny döretmek hakynda Ylalaşyk (1976) | Rim (Italiýa) | |
| 19. | Bütindünýä meteorologik guramasy (BMG) 1950-nji ýyl | Meteorologiýa we gidrologiýa, şol sanda howa, klimatologiýa we suw resurslaryndan peýdalanmak boýunça çaklamalar baradaky habarlaryň täsirli alşylmagyny üpjün etmek;<br>Klimata we global ýylama adam işiniň täsirini öwrenmek we ş.m. | Bütindünýä Meteorologiýa kongresi; Ýerine ýetiriji Geňeş. | Bütindünýä meteorologik guramasynyň Konwensiýasy (1947) | Ženewa (Şweýsariýa) | 1993-nji ýylyň 4-nji ýanwary |

# GYSGAÇA DIPLOMATIK ADALGALARYŇ WE DAŞARY ÝURT SÖZLERINIŇ SÖZLÜGI

**Adalga** (lat. terminus – çäk, serhet) – ylymda, tehnikada, sungatda ulanylýan belli düşünjäni takyk aňladýan söz ýa-da söz düzümleri.

**Antanta** (fr. entente – razylyk) bazar ykdysadyýetli döwletleriň ençeme bileleşikleriniň, toparlanyşyklarynyň ady. Antanta 1904-1907-nji ýyllarda emele gelen Angliýanyň, Fransiýanyň we Russiýanyň bileleşigidir. Birinji jahan urşunyň gidişinde (1914–1918) Antanta Germaniýanyň we onuň ýaranlarynyň garşysyna göreşen ýurtlaryň umumy aňlatmasy boldy. Beýik Oktýabr sosialistik rewolýusiýasyndan soň Sowet döwletiniň garşysyna guralan ýaragly interwensiýanyň şowsuz tamamlanmagy netijesinde Antanta dargady.

**Assambleýa** (fr. assemblee) – halkara guramalarda käbir ýolbaşçy edaralaryň ady; Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy – BMG-niň agza döwletleriň ählisiniň wekillerinden durýan BMG-niň esasy edaralarynyň biri.

**Audiensiýa** (lat. audientia - diňlemek) ýokary derejeli adam tarapyndan resmi kabul edişlik; döwlet baştutany tarapyndan diplomatik wekiliň kabul edilmegi.

**Aziýa ösüş banky** (AÖB) – 1966-njy ýylda Aziýa we Ýuwaş umman ykdysady we durmuş komissiýasynyň (AÝUYDK) XXI mejlisiniň karary bilen döredildi. AÖB 67 sany agza ýurtdan durýar. Karz pul işine 1968-nji ýylda başlady. 2010-njy ýylda bankyň berýän karz pulunyň möçberi 11,4 milliard amerikan dollaryndan geçdi. AÝUYDK-nyň we BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralarynyň agzalary AÖB-ne gatnaşyjylar bolup bilýärler.

AÖB-niň maliýe çeşmeleri düzgünnama maýasyndan we gymmatly kagyzlardan durýar. AÖB-niň resmi maksatlary ösüp barýan Aziýa ýurtlarynyň ykdysady ösüşine we söwdasyna ýardam etmek, olara maliýe, tehniki we ykdysady kömek bermek bolup durýar.

Türkmenistan AÖB-ne 2000-nji ýylda, Merkezi-Aziýa sebitleýin ykdysady hyzmatdaşlygynyň Maksatnamasyna (MASYHM) bolsa 2010-njy ýylda goşuldy. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Edarasynyň Başlygy AÖB-niň Dolandyryjysydyr, Türkmenistanyň ykdysady we ösüş ministri bolsa MASYHM-iň milli utgaşdyryjysydyr.

**Aýratyn tabşyryklar boýunça ilçiler (ATI).** Aýratyn tabşyryklar boýunça ilçiler düşünjesi däp bolan ilçihana diplomatiýasyndan hem öň döräpdir. ATI instituty Ikinji jahan urşundan soň ösüp başlady. XX asyryň ikinji ýarymyndan başlap hemişelik ilçihanalar we ilçiler bilen birlikde döwlet ýolbaşçysynyň ýa-da premýer-ministriň, soňky onýyllyklarda bolsa daşary işler ministriniň adyndan gepleşikler geçirmek üçin ATI has işjeň peýdalanylyp başlandy.

80-nji ýyllarda ATI käbir halkara meseleler boýunça ýurduň ýolbaşçysynyň haty bilen daşary ýurtlara ýollamak tejribesi ulanyldy. ATI-iň alyp baran gepleşikleri haýsy hem bolsa bir ylalaşyk baglaşmak wezipesini maksat edinmedi: olar käbir meseleler boýunça ýurduň ýolbaşçysyny düýpli habardar etmeklige, mümkin boldugyça garaýyşlary ylalaşdyrmaklyga, käbir meseleleriň çözgüdini taýýarlamaklyga we ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ösmegine ýardam etmeklige gönükdirildi.

BMG-de ATI-iň uly bolmadyk topary (iki wezipe) 80-nji ýyllaryň aýagynda öňüni alyş diplomatiýasy çägindäki işi işjeňleşdirmek maksady bilen döredildi. ATI-iň instituty 90-njy ýyllaryň başlaryndan başlap Russiýa Federasiýasynda hem giň gerim aldy.

«Diplomatik gulluk hakynda» 2013-nji ýylyň 9-njy sentýabrynda kabul edilen Türkmenistanyň kanunynyň 6-njy maddasyna laýyklykda Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi üçin Daşary işler ministrliginiň aýratyn tabşyryklar boýunça Ilçisi wezipesi girizildi.

**Bandung maslahaty.** 1955-nji ýylyň 18–24-nji aprelinde Bandungda (Indoneziýa) Aziýa we Afrika ýurtlarynyň I Maslahaty bolup geçdi. Maslahat Indoneziýanyň, Birmanyň, Hindistanyň, Pakistanyň we Seýlonyň (1972-nji ýyldan bäri Şri-Lanka) başlangyjy bilen çagyryldy. Maslahata Aziýanyň we Afrikanyň 29 ýurdunyň wekilleri gatnaşdylar. Bandung maslahatynda esasy üns olaryň sosial, ykdysady we syýasy gurluşlaryna seretmezden Aziýa we Afrika döwletleriniň parahatçylykly hyzmatdaşlygynyň amaly maksatnamasynyň işlenip taýýarlanylmagyna berildi. Maslahatda baknalygyň islendik görnüşleriniň ýok edilmegi üçin afrika we aziýa ýurtlarynyň raýdaşlygyny pugtalandyrmak baradaky karar biragyzdan kabul edildi. Maslahat ähliumumy ýaragsyzlanmak we atom ýaragyny gadagan etmek, ähli ýurtlaryň deňhukuklylygynyň we hyzmatdaşlygynyň esasynda

halkara gatnaşyklaryny ösdürmek ugrunda çykyş etdi; dürli durmuş ulgamly döwletleriň bilelikde ýaşaşmaklygynyň we halkara dawalary parahatçylykly ýollar arkaly çözmegiň möhümdigini tassyklady.

Aziýa we Afrika ýurtlarynyň I Maslahatynyň adyna SSSR Ýokary Sowetiniň Prezidiumy we Türkmenistan SSR-niň Ýokary Sowetiniň Prezidiumy gutlag hatlaryny ýolladylar. TSSR Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň resminamasynda hususan-da şeýle diýildi: «Türkmen halkynyň adyndan Aziýa we Afrika ýurtlarynyň wekillerini – Bandung maslahatyna gatnaşyjylary tüýs ýürekden gutlaýarys! Geçmişde baknalygyň agyr zulmuny başdan geçiren parahatçylyk söýüji türkmen halky Aziýa we Afrika ýurtlarynyň milli ösüşi işinde Bandung maslahatynyň taryhy rol oýnajakdygyna ynam bildirýär».

**BMG-niň býujeti.** BMG-niň Düzgünnamasyna laýyklykda Guramanyň öz wezipesini ýerine ýetirmegi bilen bagly çykdajylary çekmeklik onuň agza döwletleriniň borjy bolup durýar. Şunlukda, BMG-niň býujeti üçin esasy çeşme agza döwletleriň agzalyk tölegleridir we şol tölegleriň göwrümi agza döwletleriň tölegleri tölemäge bolan başarnyklarynyň göz öňünde tutulmagy bilen Tölegler boýunça Komitetiň maslahaty esasynda kesgitlenýär.

BMG-niň býujetine bolan tölegleriň göwrümi soňky ýyllarda umuman yzygiderli ýokarlandy. Mysal üçin, 1946-njy ýylda BMG-niň býujeti 22 million, 1986-njy ýylda bolsa 800 million amerikan dollaryna barabar boldy. 2011-nji ýylyň dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasy 2012–2013-nji maliýe ýyly üçin BMG-niň býujetini tassyklady we ol 5.244 milliard dollara barabar boldy. BMG-niň býujetine iň köp göwrümde töleg töleýän ýurtlar ABŞ – 22%, Ýaponiýa -10.833 %, we Germaniýadyr – 7.141% .

Jan başyna düşýän girdejisi pes bolan ýurtlar üçin tölegleriň göwrümi esli derejede peseldilýär. Ösüp barýan döwletleriň aglaba köpüsi üçin töleg býujetiň 0,01 göterimini, iň garyp ýurtlar üçin bolsa 0,001 göterimini tutýar.

Ýokarda hem bellenip geçilisi ýaly, BMG-niň býujetine ýyllyk töleglerden başga-da, agza döwletler Halkara Tribunal, Guramanyň parahatçylygy saklamak boýunça operasiýalary (PSO) bilen bagly çykdajylaryny hem maliýeleşdirýärler. BMG-niň PSO-nyň ilkinjisi 1948-nji

ýylda başlandy. 1948-nji ýyldan 2009-njy ýylyň fewralyna çenli aralykda BMG-niň PSO-nyň 63-si geçirildi.

1992-nji ýylda BMG-niň PSO-na 1,4 milliard dollar, 1993-nji ýylda bolsa 3,6 milliard dollar harç edildi. 2006-njy ýylyň 30-njy iýunynda tamamlanan maliýe ýyly üçin PSO-a çykarylan çykdajylar 5.03 milliard dollar töweregi boldy.

2008-nji ýylda parahatçylygy saklamak boýunça missiýalara 113 ýurt 89 müňe golaý öz harby synçylaryny, polisiýa işgärlerini we goşunlaryny ýollady. 2011-nji ýylda PSO-a iň köp goşun ýollan 10 ýurt, şol sanda Bangladeş (10,498), Pakistan (9,333), Hindistan (8,093), Nigeriýa (5,662), Efiopiýa (5,233), Nepal (4,454), Müsür (4,116), Iordaniýa (4,008), Ruanda (3,670), Gana (2,995) boldy.

1988-nji ýylda BMG-niň parahatçylygy saklamak boýunça güýçleri bütin dünýä boýunça gapma-garşylyklary tertibe salmaklyga goşan goşandy üçin Nobel Parahatçylyk Baýragy bilen sylaglandy.

**Dewalwasiýa** – ýurduň pul birliginiň altyn gorlarynyň azalmagy ýa-da kanuny tertipde amala aşyrylýan beýleki ýurtlaryň pullary babatda onuň kursunyň peselmegi.

**Jarnama** (lat. declaratio - habar bermek) – döwletiň, hökümetiň, guramanyň adyndan habar bermek; esasy ýörelgeleriň dabaraly jar edilmegi. Mysal üçin, 1948-nji ýylda BMG-niň adam hukuklarynyň Ähliumumy jarnamasy beýan edilen resminama.

**Kworum** (lat.quorum – ýeterlik gatnaşmak) – ýygnaga ýa-da haýsy-da bolsa bir edaranyň mejlisine gatnaşýanlaryň kanun ýa-da düzgünnama tarapyndan bellenilen sany.

**Kwota** (lat.quota – her kime düşýän bölek) – paý, bölek, möçber.

**Legallaşdyrmak** (lat. legalis kanuny) – kanuny güýç bermek, kanuny ýagdaýa geçmek; halkara hukugynda – daşary ýurt döwletinde berlen resminamanyň hakykylygynyň we hukuk taýdan güýjüniň tassyklanylmagy. Legat (lat. legatus ilçi) – 1) gadymy rimlilerde – syýasy tabşyryklary ýerine ýetirýän ilçi; 2) aýratyn missiýa bilen daşary ýurt döwletlerine ýollanýan rim papasynyň wekili.

**Maksatnama** (gr. programma – bildiriş, görkezme) – 1) maksat edilýän işiň meýilnamasy; 2) hökümet, syýasy partiýa ýa-da jemgyýetçilik guramasy tarapyndan bellenilen esasy wezipeleriň we maksatlaryň beýany; 3) okuw maksatnamasy – okuw jaýynda okadylýan belli bir dersi okatmaklygyň mazmunynyň yzygiderli gysgaça beýan edilmegi.

**Missiýa** (lat. missio mittere - ýollamak) – 1) beýleki döwlete haýsy hem bolsa bir aýratyn maksat bilen ýollanan döwletiň wekilleri, mysal üçin, harby missiýa; 2) başynda ilçihanadan tapawutlylykda wekil durýan bir döwletiň başga bir döwletdäki hemişelik diplomatik wekilhanasy; 3) jogapkärçilikli wezipe, tabşyryk.

**Nazaryýet** (gr. theoria - syn etmek, barlamak) – 1) tebigatyň we jemgyýetiň ösüşiniň obýektiw kanunalaýyklyklaryny şöhlelendirýän tejribäniň, jemgyýetçilik praktikanyň umumylaşdyrylmagy; 2) haýsy hem bolsa bir ylmy ýa-da onuň bölümini emele getirýän umumylaşdyrylan düzgünleriň jemi.

**Okean** (gr. okeanos) – 1) gadymygrek mifologiýasynda, ýagny gahrymanlar, hudaýlar baradaky rowaýatlaryň toplumynda – a) suw hadysasynyň hudaýy, Uranyň we Geiniň ogly; b) bütin ýer boýunça aýlanyp akýan derýa; 2) yklymlaryň arasyndaky suw giňişligi; Dünýä okeany – gidrosferanyň bölegini düzýän we ýer ýüzüniň 70,8 göterimini (361 million kw.km.) tutýan suw giňişligi; Yklymlar tarapyndan Ýuwaş, Atlantik, Hindi we Demirgazyk Buzly okeanlar ýaly 4 bölege bölünýärler.

**Patent** (lat. patens (patentis)- açyk -1) oýlap tapyja berilýän we onuň awtorlygyna we oýlap tapan zadyna bolan doly hukugyna güwä geçýän şahadatnama; 2) konsullyk patenti – konsulyň ygtyýarlygyny kepillendirýän resminama.

**Polis** (gr. polis) – antik dünýäsindäki (Gadymy Gresiýa, Gadymy Rim) şäher – döwlet we ol şäheriň özünden we onuň töweregindäki çäkden durupdyr.

**Prosedura** (lat. procedere – öňe süýşmeklik) – 1) ara alyp maslahatlaşmakda, haýsy hem bolsa bir işi alyp barmakda hereketleriň resmi taýdan tassyklanan tertibi, düzgüni.

**Pozisiýa** (lat. positio) – 1) görnüş, duruş, ýagdaý; 2) nukdaý nazar, haýsy hem bolsa bir işe, meselä bolan garaýyş.

**Rewalwasiýa** – pul birliginiň altyn gorunyň artmasy ýa-da beýleki ýurtlaryň pullary babatda onuň ýokarlanmagy.

**Registr** (lat. registrum) – haýsy hem bolsa bir zadyň sanawy, görkezijisi.

**Reglament** (polsk. düzgün) – 1) haýsy hem bolsa bir işiň tertibiniň düzgüni; 2) halkara kongresleriniň käbir resminamalarynyň ady, mysal üçin, 1815-nji ýylyň Wena reglamenti.

**Reklama** (lat. reclamare-çagyrmak) satyn alyjylary habarly etmek we harytlara, hyzmatlara we ş.m. isleg döretmek maksady bilen harytlar, hyzmatlaryň dürli görnüşleri we ş.m. barada maglumat; 2) kimdir biriniň ýa-da bir zadyň meşhurlygyny döretmek maksady bilen şolar barada maglumatlaryň ýaýradylmagy.

**Rezolýusiýa** (lat. resolutio – karar) – kollegial edaranyň, ýygnagyň, maslahatyň we ş.m. mejlisinde haýsy hem bolsa bir meseläniň ara alnyp maslahatlaşylmagy netijesinde kabul edilen karar.

**Rezidensiýa** (lat. residens – (residentis) ýaşamak) – hökümetiň, döwletiň baştutanynyň ýa-da ýokary administratiw wezipeleri eýeleýän başga adamlaryň hemişelik bolýan ýeri.

**Syýasat** (gr. politike – döwleti dolandyrmagyň sungaty) – jemgyýetçilik synplaryň, partiýalaryň, toparlaryň işi we ol olaryň bähbitleri we maksatlary bilen kesgitlenýär, şeýle hem şol bir jemgyýetiň sosial-ykdysady tebigatyny aňladýan döwlet häkimiýetiniň we döwlet dolandyryş edaralarynyň işi. Içerki syýasat döwletiň içindäki gatnaşyklary, daşary syýasat döwletleriň we halklaryň arasyndaky gatnaşyklary öz içine alýar.

**Teokratiýa** – syýasy häkimiýet ruhanylaryň elinde bolan edara etmegiň görnüşi.

**Tezis** (gr. thesis) – 1) hakykylygy subut edilmeli düzgün; 2) tezisler – dokladyň, leksiýanyň gysgaça taýýarlanylan esasy mazmuny.

**Walýuta** (it. valuta - baha, bahasy) – 1) şol bir ýurduň pul birligi (manat, dollar, frank we ş.m.); durnukly walýuta – öz hususy nominaly, şeýle hem beýleki walýutalar babatda durnukly, altyn ýa-da beýleki gymmatlyklar bilen üpjün edilen walýuta; düşýän walýuta – öz hususy nominaly we beýleki ýurtlaryň durnukly walýutalary babatda hümmetsizlenýän walýuta; konwertirlenýän walýuta – päsgelçiliksiz başga walýuta çalşylyp bolýan walýuta; 2) daşary ýurt döwletleriň kagyz pul belligi.

**Wekiliýet** (lat. delegatio) – maslahatda, gurultaýda, halkara gepleşiklerinde, kongreslerde döwletiň, guramanyň, kollektiwiň bähbitlerine wekilçilik edýän wekilleriň topary.

## Peýdalanylan edebiýatlar

1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 65-nji sessiýasyndaky çykyşy (Nýu-Ýork, 2010-njy ýylyň 20-nji sentýabry) //«Türkmenistan» gazeti, 2010-njy ýylyň 21-nji sentýabry.

2. Выступление Президента Туркменистана Гурбангулы Бердимухамедова на 66-й сессии Генеральной Ассамблеи ООН. Нью-Йорк, 23 сентября 2011 года. //«Нейтральный Туркменистан» 24 сентября 2011 года.

3. Выступление Президента Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедова на открытии нового здания Института международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана (1 сентября 2011 года). Ашхабад, 2011.

4. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Goşulmazlyk hereketiniň duşuşygynda eden ÇYKYŞY (Tähran, 2012-nji yylyň 30-njy awgusty. //«Türkmenistan» gazeti, 2012-nji ýylyň 1-nji sentýabry.

5. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde eden ÇYKYŞY (2012-nji ýylyň 10-njy dekabry). //«Türkmenistan» gazeti, 2012-nji ýylyň 11- nji dekabry.

6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Bitaraplyk we öňüni alyş diplomatiýasy: parahatçylygyň we howpsuzlygyň esaslary» atly halkara maslahatynda eden ÇYKYŞY (Aşgabat, 2012-nji yylyň 11-nji dekabry). //«Türkmenistan» gazeti, 2012-nji ýylyň 12-nji dekabry.

7. Türkmenistanyň kanuny. Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanalarynyň statusy hakynda. 2011-njy ýylyň 13-nji awgusty.

8. Türkmenistanyň kanuny. Diplomatik gulluk hakynda. 2013-nji ýylyň 29-njy awgusty.

9. Türkmenistanyň kanuny. Diplomatik derejeler hakynda. 2013-nji ýylyň 29-njy awgusty.

10. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 68-nji maslahatynda Türkmenistanyň ileri tutulýan garaýyşlary hakynda. //«Türkmenistan» gazeti, 2013-nji ýylyň 18-nji sentýabry.

11. Выступление главы делегации Туркменистана А. Рахманова на 46-й сессии Генеральной Ассамблеи ООН. «Туркменская искра», 3 марта 1992 года.

12. «Правила процедуры в многосторонней дипломатии. – М., 1986.

13. Устав Международной организации труда 1919 г. – М., 1957.

14. Устав Организации Объединенных Наций 1945 г. – М., 1956.

15. Устав Организации Объединенных Наций по вопросам образования, науки и культуры 1945 г. Международные нормативные акты ЮНЕСКО. 1993.

16. Конвенция о Международной организации гражданской авиации 1944 г. Международное воздушное право. Кн. 1. – М., 1980.

17. Конституция Продовольственной и сельскохозяйственной организации (ФАО), 1945 г.

18. Статьи Соглашения Международного банка реконструкции и развития 1945 г. Международное частное право. – М., 1997.

19. Конвенция о привилегиях и иммунитетах Объединенных Наций 1946 г. СДД СССР. Вып. XV. – М., 1957.

20. Устав (Конституция) Всемирной организации здравоохранения 1946 г.

21. Конвенция Всемирной метеорологической организации 1947 г. СДД СССР. Вып. XIV. – М., 1957.

22. Конвенция о Международной морской организации 1948 г. Международное публичное право. Т. 1. – М., 1996.

23. Статьи Соглашения Международной финансовой корпорации 1956 г.

24. Устав Международной ассоциации развития 1960 г.

25. Устав Всемирного почтового союза 1964 г.

26. Летопись внешней политики СССР. 1917-1978 гг. – Москва, 1978.

27. Международные организации системы ООН / Отв. Ред. В.Ф. Петровский/. – М., 1990.

28. Международное право. Под. ред. А.Я. Капустина – Москва, 2008.

29. *Примаков Е.М.* ООН – вызовы времени. Россия в глобальной политике. – Москва, 2004.

30. *Rahmanow A*. Diplomatik gullugyň esaslary. – Aşgabat, 2012.

31. *Rahmanow A*. Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynda. «Nesil» gazeti, 1995-nji ýylyň 18-nji apreli.

32. *Rahmanow A*. Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak we giňeltmek –Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugrudyr. Ýöriteleşdirilen kursuň Maksatnamasy. – Aşgabat, 2009.

33. *Рахманов А*. Представляя Нейтральный Туркменистан в Организации Объединенных Наций. – Ашхабат – Пекин, 1999.

34. *Рахманов А.* Высокая честь называться туркменским дипломатом.// «Нейтральный Туркменистан», 20 февраля 2012 года.

35. *Rahmanow A.* Daşary syýasatyň taze sepgitleri. Berkararlyk bagty, – Aşgabat, 2013.

36. *Рощин А.* Так начиналась деятельность ООН// «Международная жизнь», 1986, № 9.

37. *Судариков С.А*. Право интеллектуальной собственности. – Москва, 2009.

38. «Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy» žurnaly. 2011–2013 ý.ý.

39. Туркменистан принят в члены ООН. //«Туркменская искра», 3 марта 1992 года.

40. Туркмен Совет Энциклопедиясы. – Ашгабат, 1978, т.8.

41. *Taýlyýew A.* Halkara hukuk kadalaryny Türkmenistanyň milli kanunçylygyna ornaşdyrmak: toplumlaýyn çemeleşme. //«Demokratiýa we hukuk» žurnaly, 2011, № 4.

42. *Шибаева Е. А.* Специализированные учреждения ООН. – М., 1966.

# MAZMUNY

Giriş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 7

**I bap**
**Halkara hökümetara guramalaryň döremeginiň we ösmeginiň gysgaça taryhy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 14**
§ 1. Halkara hökümetara guramalaryň döremeginiň we kämilleşmeginiň esasy döwürleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . 14
§ 2. Köptaraplaýyn diplomatiýanyň serişdeleri hökmünde Milletler Ligasynyň döredilmegi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 25

**II bap**
**Halkara maslahatlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 35**
§1. Halkara maslahatlar – köptaraplaýyn diplomatiýanyň täsirli serişdesidir . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 35
§2. Halkara maslahaty çagyrmak we oňa taýýarlyk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 37
§3. Halkara maslahatyň işiniň tertibi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 40
§4. Halkara maslahatda döwletleriň wekiliýetleri. Kararlaryň kabul edilişi we maslahatyň jemleýji resminamalary . . . . . . . . . . . . . . . . . 41

**III bap**
**Häzirki zaman halkara hökümetara guramalary. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 43**
§1.Halkara guramalar barada düşünje . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 43
§2. Häzirki zaman halkara hökümetara guramalaryň görnüşleri . . . . . . . . . . . . 49
§3. Halkara guramalary döretmekligiň tertibi. Halkara guramalara agzalyk. . . 53
§4.Halkara hökümetara guramalaryň hukuk tebigaty . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 56
§5. Halkara guramalaryň ygtyýarlyklary, borçlary we edaralary . . . . . . . . . . . 62
§6. Halkara guramalar tarapyndan kararlaryň kabul edilişi . . . . . . . . . . . . . . 64

**IV bap**
**Köptaraplaýyn diplomatiýa . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 66**
§1. Häzirki zaman şertlerinde köptaraplaýyn diplomatiýanyň rolunyň ýokarlanmagy we onda bolup geçýän oňyn özgerişlikler . . . . . . . . 67
§2. Häzirki döwrüň köptaraplaýyn diplomatiýasynyň aýratynlyklary. Köptaraplaýyn we ikitaraplaýyn diplomatiýa: umumylygy we aýratynlygy . . 73
§3. Köptaraplaýyn diplomatiýa – türkmen diplomatiýasynyň iň ileri tutýan ugurlaryndan biridir. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 78

**V bap**
**Birleşen Milletler Guramasy we onuň ulgamy – köptaraplaýyn diplomatiýanyň köptaraplaýyn forumydyr. . . . . . . . . . . . . 82**
§ 1. BMG-niň döredilmeginiň gysgaça taryhy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 82
§ 2. BMG-niň maksatlary we ýörelgeleri (Purposes and principles). . . . . . . . . 90
§3. BMG-ä agzalyk (Membership) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 91

§4. BMG-niň esasy edaralary (Principal organs of the United Nations) . . . . . . . .94
1.BMG-niň Baş Assambleýasy (General Assembly). . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .96
2.BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşi (Security Council). . . . . . . . . . . . . . . . . . . .104
3. Ykdysasy we Durmuş Geňeşi
(Economic and Social Council (ECOSOC). . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .111
4. BMG-niň Howandarlyk Geňeşi (Trusteeship Council) . . . . . . . . . . . . . . . .115
5. Halkara kazyýet (International Court of Justice). . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .117
6. BMG-niň Sekretariaty we Baş sekretary (Secretariat and Secretary-General) . . 119
§ 5. Birleşen Milletler Guramasynyň ulgamy (United Nations system) . . . . . . . . .122

**VI bap**
**Bitarap Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň doly hukukly agzasydyr. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .123**
§1. Garaşsyz Türkmenistanyň Birleşen Milletler
Guramasynyň agzalygyna kabul edilmegi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .123
§ 2. Hemişelik wekiliň bellenilmegi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .132

**VII bap**
**BMG-niň ýanynda Türkmenistanyň Hemişelik wekilhanasynyň döredilmegi we onuň wezipeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .137**
§1. Döwletleriň halkara guramalarynyň ýanyndaky hemişelik wekilhanalary . .137
§2. Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik
wekilhanasynyň ilkinji ýyllarynyň iş tejribesinden . . . . . . . . . . . . . . . . . .139
1. BMG-niň durmuş-ykdysady çäkdäki gymmatly tejribesi . . . . . . . . . . . . . .142
2. Hemişelik wekilhana we ýurdumyzyň daşary syýasy işiniň hukuk esaslary . .144
3. Daşary syýasy habar işi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .146
4. Türkmen-amerikan işewür gatnaşyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .148
5. Köptaraplaýyn diplomatiýa gatnaşmaklygyň
tejribesi barada. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .151

**VIII bap**
**Bitarap Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň esasy edaralary bilen hyzmatdaşlygy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .153**
§1. Türkmenistanyň BMG-niň Baş Assambleýasy bilen hyzmatdaşlygy. . . . . . . .153
1. BMG-niň BA-nyň mejlisiniň esasy guramaçylyk aýratynlyklaryndan biri . .153
2. BMG-niň BA-nyň mejlisiniň ikitaraplaýyn
duşuşyklar üçin döredýän mümkinçilikleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .161
3. BMG-niň BA-nyň resminamalarynyň ara alnyp maslahatlaşylmagyna
we kabul edilmegine Türkmenistanyň gatnaşmagy. . . . . . . . . . . . . . . . . . .168
4. BMG-niň sebitleýin guramalar bilen hyzmatdaşlygyna
Türkmenistanyň ýardamy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .185
§2. Türkmenistanyň BMG-niň beýleki
esasy edaralary we düzümleri bilen hyzmatdaşlygy . . . . . . . . . . . . . . . .192
§3. Türkmenistanyň BMG-niň agentlikleri bilen hyzmatdaşlygy . . . . . . . . . .201
§4. BMG-niň Merkezi Aziýada öňüni alyş diplomatiýasy
boýunça Sebit merkezi bilen Türkmenistanyň hyzmatdaşlygy . . . . . . . . .214
§5. BMG-niň ösüş tejribesi we Guramanyň özgerdilmegi
barada Türkmenistanyň nukdaýnazary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .222

**IX bap**
**BMG-niň kömekçi edaralary bilen Türkmenistanyň hyzmatdaşlygy . . .227**
1. BMG-niň kömekçi edaralary barada düşünje . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .227
2. BMG-niň Çagalar gaznasy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .228
3. BMG-niň Ösüş maksatnamasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .235
4. BMG-niň Ilat gaznasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .240
5. BMG-niň daşky gurşaw boýunça Maksatnamasy . . . . . . . . . . . . . . . . . .246
6. BMG-niň söwda we ösüş boýunça Maslahaty. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .254

**X bap**
**BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralary we olaryň dünýäde bolup geçýän ýagdaýlary dolandyrmakdaky roly. Türkmenistanyň BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralary bilen hyzmatdaşlygy**. . . . . . . . . . . . .257
§1. BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralary barada düşünje . . . . . . . . . . . . . . . . .257
§2. Durmuş häsiýetli guramalar. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .262
§3. Medeni–ynsanperwer häsiýetli edaralar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .271
§4. Halkara syýahatçylyk boýunça edara. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .281
§5. Ykdysady edara . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .287
§ 6. BMG-niň ýöriteleşdirilen maliýe guramalary. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .288
BMG-niň ýöriteleşdirilen maliýe guramalary bilen Türkmenistanyň hyzmatdaşlygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .298
§7. Oba hojalyk çägindäki guramalar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .302
§8. Ulag we aragatnaşyk boýunça edaralar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .307
BMG-niň ulag we aragatnaşyk boýunça ýöriteleşdirilen edaralary bilen Türkmenistanyň hyzmatdaşlygy . . . . . . . . . .314
§9. Meteorologiýa çägindäki edara . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .323

**XI bap**
**BMG-niň ulgamynyň beýleki hökümetara edaralary . . . . . . . . . . . . . . . .327**
§1.BMG-niň ulgamynyň beýleki halkara guramalary barada gysgaça maglumat . . .327
§2. Atom energiýasy boýunça Halkara agentligi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .330
§3. Bütindünýä söwda guramasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .333

Resminamalar. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .338

Netije . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .340

Birlesen Milletler Guramasynyň ýörileleşdirilen agentlikleriniň, kömekçi edaralarynyň we ýöriteleşdirilen edaralarynyň sanawy . . . . . . . . . .344

Gysgaça diplomatik adalgalaryň we daşary ýurt sözleriniň sözlügi . . . . . . . . . . . .356

Peýdalanylan edebiýatlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .362

**Amangeldi Rahmanow**

# BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASY WE ONUŇ ULGAMY

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

| | |
|---|---|
| Redaktor | *H.Sapargulyýew* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Neşir üçin jogapkär | *J. Gurbangeldiýew* |

Çap etmäge rugsat edildi 06.03.2014.
Ölçegi 60x90 $^{1}/_{16}$. Edebi garniturasy.
Şertli-reňkli ottiski 26,25. Hasap-neşir listi 20,95. Çap listi 23,0.
Şertli çap listi 23,0 Sargyt № 2976. Sany 700.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004. Aşgabat,1995-nji köçe, 20.